**Ç. Şallyýew**

# MAKROYKDYSADYÝET

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK 378:33
Ş 19

**Şallyýew Ç.**
Ş 19 **Makroykdysadyýet.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

Milli ykdysadyýetde makroykdysady görkezijileriň ösüşine hem-de olaryň giňişleýin öwrenilmegine aýratyn talaplar bildirilýär.

«Makroykdysadyýet» okuw kitabynda döwletiň ykdysady syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça milli önümçiligiň möçberini yzygider ýokarlandyrmak, pul-karz we salgyt-býujet syýasatlaryny alyp barmak, bahalaryň durnukly ýagdaýyny saklamagyň netijesinde hümmetsizlenmegiň pes derejesini üpjün etmek, iş bilen üpjünçiligiň amatly derejesini gazanmak hem-de töleg balansynyň oňyn ýagdaýyny saklamak üçin degişli ykdysady amallary ýerine ýetirmegiň esasy ugurlary, şeýle-de ykdysady mümkinçilikler dürli modeller arkaly düşündirilýär. Okuw kitabynda esasy makroykdysady meselelere, milli hasaplar ulgamyna, multiplikator nazaryýetine, makroykdysady durnuklylyga we AD-AS hem-de IS-LM modellerine, açyk ykdysadyýetiň nazaryýetine aýratyn orun berlip, olar anyk şekilleriň, grafikleriň, tablisalaryň ulanylmagy arkaly görkezilýär.

Bu okuw kitaby ykdysatçy talyplar, mugallymlar, aspirantlar, şeýle hem ykdysady meseleler bilen gyzyklanýan taraplar üçin niýetlenýär.

TDKP № 163, 2015 KBK 65 ýa 73

© Ç.Şallyýew, 2015



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Ösüşiň häzirki tapgyrynda ykdysadyýetiň düýpli meselelerini özleşdirmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar we makroykdysady görkezijileriň ösüşine hem-de olaryň giňişleýin öwrenilmegine aýratyn talaplar bildirilýär. Bu meseleler Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «*Bazar ulgamynyň häzirki zaman şertlerinde, aýratyn hem geçiş döwrüni başdan geçirýän ykdysadyýet şertlerinde, şol sanda türkmen ykdysadyýetinde döwletiň ykdysadyýeti sazlaşdyrmakdaky orny makroykdysady syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen baglydyr*» diýlip giňişleýin bellenýär.

Milli maksatnamalary we strategiki meýilnamalary öz wagtynda hem-de doly ýerine ýetirmek üçin ýurdumyzda makroykdysady syýasat alnyp barylýar. Ol milli ykdysadyýetiň köpugurly ösüşini hem-de halkara zähmet bölünişiginde amatly ýagdaýy üpjün etmek üçin aşakdaky ugurlary, ýagny salgyt-býujet syýasatyny, pul-karz syýasatyny, girdejiler syýasatyny we daşary ykdysady syýasaty öz içine alýar.

Makroykdysady syýasatyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça özara baglanyşykly maksatlar kesgitlenilýär we milli önümçiligi yzygider ýokarlandyrmak, bahalaryň durnukly derejesini saklamak, hümmetsizlenmegiň pes derejesini üpjün etmek, iş bilen üpjünçiligiň maksadalaýyk derejesini gazanmak hem-de daşary söwda balansynyň oňyn ýagdaýyny saklamak üçin degişli ykdysady amallar ýerine ýetirilýär.

«Makroykdysadyýet» okuw kitabynda milli hasaplar ulgamyna, esasy makroykdysady meselelere, töleg balansyna, makroykdysady durnuksyzlyga we halkara tejribesinde giňden ulanylýan AD-AS, IS-LM, girdejiler-çykdajylar modellerine hem-de multiplikator nazaryýetine aýratyn orun berlip, olaryň esasynda anyk makroykdysady modeller, şekiller düzülýär.

Kitapda deňeşdirme-ykdysady seljerme geçirmek üçin dürli statistiki maglumatlardan, halkara maliýe guramalarynyň bahalandyrmalaryndan peýdalanylýar. Bu bolsa milli ykdysadyýetiň makroykdysady görkezijilerine amatly bahanyň berilmegine, ykdysady pikirlenmäniň ösmegine, dünýäniň dürli döwletleriniň ykdysady ýagdaýy boýunça deňeşdirme-ykdysady seljerme geçirmeklige we dürli bazar şertlerinde özbaşdak dolandyryş çözgütlerini kabul etmek endikleriniň ösdürilmegine mümkinçilik berýär.

# I BAP
# MAKROYKDYSADYÝET DERSINIŇ MAZMUNY WE ESASY MAKROYKDYSADY MESELELER

## 1.1. Makroykdysadyýet dersiniň mazmuny

Döwletara ykdysady gatnaşyklaryň ösýän we bütewileşmek amallarynyň güýçlenýän şertlerinde makroykdysady meseleleriň düýpli öwrenilmegi uly ähmiýete eýe bolýar. Makroykdysadyýet (*macroeconomics*) – bu tutuş ykdysadyýetiň hereket etmeginiň kanunalaýyklyklaryny, ykdysady amallara gatnaşyjylaryň we ykdysady bazarlaryň biri-biri bilen özara baglanyşygyny öwrenýän ylym bolup, onda iri jemlenen görkezijilerden, ýagny agregatlardan (*aggregates*) peýdalanylýar.

«Makroykdysadyýet» adalgasy ilkinji gezek 1933-nji ýylda norwegiýaly alym, ykdysadyýet boýunça ilkinji Nobel baýragynyň eýesi Ragnar Friş tarapyndan ylmy dolanyşyga girizilýär. R.Friş mikroykdysady we makroykdysady seljermäni tapawutlandyrýar. Makroykdysadyýetiň aýratyn ders hökmünde ýüze çykmagyna we ösmegine 1929–1933-nji ýyllarda dünýä bazarynda emele gelen ykdysady çökgünlik, ýagny Beýik durgunlyk öz täsirini ýetirdi.

Häzirkizaman makroykdysadyýet nazaryýetiniň esaslandyryjysy hökmünde iňlis ykdysatçysy, Kembrij mekdebiniň wekili Jon Meýnard Keýns hasaplanýar. 1936-njy ýylda çap edilen «Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» (*The General Theory of Employment, Interest and Money*) atly kitabynda J. Keýns makroykdysady seljermäniň binýadyny esaslandyrdy.

Ykdysady edebiýatlarda «Keýnsiançylyk öwrülişigi» diýen adalga ýüze çykdy we keýnsiançylyk makroykdysady modeli emele geldi. Keýnsiançylyk taglymaty birnäçe ykdysady mehanizmleriň hereketini düşündirmek arkaly aşakdaky düzgünlere esaslanýar:

1) iş bilen üpjünçiligiň derejesi önümçiligiň möçberi bilen kesgitlenýär;

2) jemi hyrydarlyk elmydama töleg serişdeleriniň möçberine laýyk gelýän derejede kesgitlenmeýär, sebäbi bu serişdeleriň bir bölegi goýumlar hökmünde aýrylyp goýulýar;

3) önümçiligiň möçberi geljekki döwürlerde netijeli hyrydarlygyň derejesindäki telekeçilik garaşmalary bilen kesgitlenýär we olar kapitalyň maýa goýum hökmünde goýulmagyna ýardam edýär;

4) bankyň göterim derejesi bilen düýpli maýa goýumyň göterimleýin netijeliliginiň deňeşdirilmegini tassyklaýan maýa goýum bilen goýumyň arasyndaky deňlikde maýa goýum amallary we goýum amallary özbaşdak hasaplanýar.

1970-nji ýyllarda makroykdysadyýetiň ösüşiniň täze tapgyry başlandy we açyk ykdysadyýetiň modeli döredildi. Kolumbiýa uniwersitetiniň professory R.Mandelliň ylmy işleri netijesinde Mandell-Flemingiň açyk ykdysadyýetiň binýatlyk modeli ýüze çykdy. R.Flemingiň «Dürli walýuta düzgünleriniň şertlerinde pul-karz we salgyt-býujet syýasatlarynyň hem-de amatly walýuta zolaklarynyň seljermesi» diýen işi üçin oňa 1999-njy ýylda ykdysadyýet boýunça Nobel baýragy gowşuryldy.

J. Keýnsiň «Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» atly kitabyndaky netijeler jemlenip, ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň anyk ugurlary esaslandyryldy. Onuň taglymatyna laýyklykda, netijeli hyrydarlygyň (bazar deňagramlylygynyň saklanmagyna gönükdirilen hyrydarlyk) höweslendirilmegi ykdysady ösüş üçin wajyp hasaplanýar. Şonuň üçin ol milli girdejini we iş bilen üpjünçiligi ýokarlandyrmagyň zerurdygyny belleýär.

J.Keýns ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagy boýunça aşakdaky teklipleri hödürleýär:

– bazar ykdysadyýeti öz-özüni kadalaşdyryp bilmeýär, şonuň üçin oňa döwletiň goşulmagy zerur hasaplanýar;

– pul syýasaty boýunça – aýlanyşykda puluň ýeterlik möçberini (bir ýylda hümmetsizlenmegiň 2-3%-niň üpjün edilmegi) goldamak arkaly ykdysady ösüşi üpjün etmek. Ol öz gezeginde puluň bahasyny we göterim derejesini peseldýär, şeýle-de maýa goýumlary höweslendirýär;

– ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň guraly hökmünde býujet syýasaty çykyş edýär. Onuň wezipesi işçi güýçlerini iş orunlary bilen we önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegini üpjün etmek hasaplanýar. Hususy maýa goýumlaryň milli girdejä we iş bilen üpjünçilige amatsyz täsirini aradan aýyrmak üçin, döwletiň maýa goýumlarynyň möçberi ýokarlandyrylmaly;

– ýokary çykdajylary bolan toparlara, ýagny işçilere, gullukçylara we uly möçberli maýa goýum işini alyp barýan telekeçilere bolan gatnaşykda girdejileri gaýtadan paýlamak syýasatyny alyp barmak zerur hasaplanýar;

– Keýns proteksionizm syýasatyna (döwlet tarapyndan içerki bazarlary daşary ýurtly bäsdeşlerden goramak) gaýdyp gelmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Aýry-aýry hojalygy alyp barýan taraplaryň (sarp edijiler ýa-da haryt öndürijiler) ykdysady taýdan özüni alyp barşyny öwrenýän mikroykdysadyýetden tapawutlylykda makroykdysadyýet tutuş ykdysadyýet üçin umumy bolan meseleleri öwrenýär we jemlenen ululyklardan peýdalanýar. Olara şu jemi görkezijiler degişli: jemi içerki önüm, jemi milli önüm, milli girdeji, jemi hyrydarlyk, jemi hödürlemek, jemi sarp etmek, maýa goýumlar, bahalaryň umumy derejesi, hümmetsizlenmegiň derejesi, işsizligiň derejesi, döwlet bergileri we ş.m.

Makroykdysadyýetiň öwrenýän esasy meseleleri:

– ykdysady ösüş we onuň depginleri;
– ykdysady döwür we onuň sebäpleri;
– iş bilen üpjünçiligiň derejesi we işsizlik meselesi;
– bahalaryň umumy derejesi we hümmetsizlenmek meselesi;
– göterim derejesi we pul aýlanyşygynyň meselesi;
– döwlet býujetiniň ýagdaýy we maliýeleşdirmegiň ýetmezçilik meselesi;
– döwlet bergisi we onuň amatly derejesini saklamak bilen baglanyşykly mesele;
– töleg balansynyň ýagdaýy we walýuta hümmetiniň meselesi.

Bu görkezilen meseleleri aýry-aýry sarp edijileriň, aýratyn alnan kärhananyň we aýratyn pudagyň derejesinde, ýagny mikroykdysady seljermeleri geçirmek arkaly çözmek mümkin däl. Şonuň üçin şeýle umumy ýa-da makroykdysady meseleleriň emele gelmegi ykdysady nazaryýetiň özbaşdak bölüminiň, ýagny makroykdysadyýet dersiniň ýüze çykmagyna mümkinçilik döreýär.

Makroykdysadyýeti öwrenmegiň wajyplygy:

– ol diňe bir makroykdysady hadysalary we amallary beýan etmän, olaryň arasyndaky baglanyşygy, kanunalaýyklygy ýüze çykarýar hem-de ykdysadyýetde sebäp-netije gatnaşyklaryny öwrenýär;

– makroykdysady baglanyşyklary we gatnaşyklary öwrenmek ykdysadyýetiň ýagdaýyna baha bermek arkaly ykdysady syýasatyň ýörelgelerini işläp düzmäge mümkinçilik berýär;

– makroykdysadyýetiň düýpli özleşdirilmegi çaklamalary düzmeklige we geljekki ykdysady meseleleriň öňünden seljerilmegine mümkinçilik berýär.

Makroykdysady amallary seljermegiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) *ex post makroykdysady seljermesi* ýa-da milli hasabyň alnyp barylmagy bilen baglanyşykly statistiki görkezijileriň seljermesini aňladýar. Ol ykdysady işiň netijelerine baha bermek, meseleleri we amatsyz (negatiw) hadysalary ýüze çykarmak, ykdysady syýasaty işläp düzmek we dürli döwletleriň ykdysady mümkinçilikleriniň deňeşdirme seljermesini geçirmek üçin mümkinçilik berýär;

2) *ex ante makroykdysady seljermesi,* ýagny belli bir nazary konsepsiýalaryň esasynda hadysalaryň we ykdysady amallaryň çaklamalar arkaly modelleşdirilmegi. Ol ykdysady amallaryň ösüşiniň kanunalaýyklygynyň kesgitlenmegine we ykdysady hadysalaryň hem-de üýtgemeleriň arasyndaky sebäp-netije gatnaşyklarynyň ýüze çykarylmagyna mümkinçilik berýär. Bu makroykdysadyýetiň ylym hökmünde kesgitlenmegini aňladýar.

Makroykdysadyýetde ulanylýan *çemeleşmeleriň görnüşleri:*

1) normatiw çemeleşme;

2) pozitiw çemeleşme.

Normatiw çemeleşme jemgyýetiň baýlygyny artdyrmak üçin dürli ýagdaýlarda hökümetiň nähili amallary ýerine ýetirmelidigini, ýagny amallaryň nähili bolmalydygyny görkezýär. Mysal üçin, 2014-nji ýylda hümmetsizlenmegiň ýyllyk depginini 3% peseltmeli. Bu normatiw çemeleşme bilen baglanyşykly bolup, ýurtda talabalaýyk pul-karz syýasatynyň alnyp barylmalydygyny görkezýär.

Pozitiw çemeleşme ykdysadyýetiň nähili hereket edýändigini düşündirmek üçin ulanylýan seljerme. 2013-nji ýylda ýurtda hümmetsizlenmegiň ýyllyk depgini 2,5%-e deň boldy. Bu ýagdaý pozitiw çemeleşmäni häsiýetlendirýär we makroykdysady seljermede esasy öwrenilmeli ugur hasaplanýar.

*Ykdysady pikirleriň ösüşi we makroykdysady modeliň emele gelmegi*

***Ykdysady pikirleriň esasy ugurlary we olaryň wekilleri***

↓

***Merkantilizm – ilkinji ykdysady mekdep***
T. Man, Ž. B. Kolber, A. de Monkretýen (XV – XVI a.)

↓

***Klassyky ykdysady nazaryýetiň emele gelmegi***
W.Petti, P. Buagilber ( XVII a.)

↓

***Fiziokratlaryň mekdebi***
F. Kene, Ž. Týurgo (XVIII a.)

↓

***Klassyky ykdysady nazaryýet (syýasy ykdysadyýet)***
A. Smit, D. Rikardo, J.S. Mill (XVIII a.)

↓

***Ykdysady romantizm***
J. Sismondi, P. Ž. Prudon (XVIII–XIX a.)

↓

***XIX asyryň 20–30-njy ýyllarynda Angliýadaky we Fransiýadaky ykdysady pikirler***
T. Maltus, N. Senior, Ž. B. Seý, G.K. Çarlz (XIX a.)

↓

***Sosialist–utopistler***
R. Ouen, Ş. Furýe, Sen-Simon (XVIII–XIX a.)

↓

***K.Marksyň we F.Engelsiň ykdysady taglymaty*** (XIX a.)

↓

*Institusional-sosiologiki ugur*
T. Weblen, J.R. Kommons, W.K. Mitçell, J.A. Gobson, J.K. Gelbreýt we beýlekiler (XIX – XX asyryň başlary)

↓

*«Maržinalizm» neoklassyky ugry*
K. Menger, W.S. Jewons, F. Ejuort, A. Marşall, J.B. Klark, F. Wizer, E. Bem-Bawerk, L.Walras, B.Pareto we beýl. (XIX – XX asyryň başlary)

↓

*Keýnsiançylyk*
J.M.Keýns we beýlekiler (XX asyryň ortalaryna çenli)

↓

*Monetarizm*
M. Fridmen, F.Keýgen, A.Meltser, R.Selden we beýlekiler

↓

*Neokeýnsiançylyk* (neoklassyky sintez we ösüşiň birnäçe nazaryýetleri)
P. Samuelson, E. Hansen, E. Domar, R. Harrod, J. Robinson, R. Nurkse, E. Denison we beýl. (XX asyryň 2-nji ýarymy)

↓

*Neoliberalizm:* durmuşa gönükdirilen bazar hojalygynyň nazaryýeti
L. Erhard we beýlekiler (XX asyryň ortalary)

↓

*Neoinstitusionalizm* R. Kouz, J. Býukenen we beýlekiler (XX a.)

Makroykdysadyýetde ykdysady amallara seljerme berlende mikroykdysadyýetdäki ýörelgeler ulanylýar:

– ykdysady amallara gatnaşyjylaryň amatly özüni alyp barmak ýörelgesi. Bu ykdysady amallara gatnaşyjylaryň peýdany we çykdajylary deňeşdirmegiň esasynda amatly çözgüt kabul etmeklerini aňladýar;

– beýleki deň şertler ýörelgesi (ceteris paribus). Berlen döwürde öwrenilýän üýtgeýän ululyklardan beýlekileriniň üýtgäp bilýändigini aňladýar;

– abstragirlemek ýörelgesi, ýagny berlen amaly ýa-da faktory seljermek üçin ähmiýeti az bolan zatlardan saklanyp, has wajyp ugurlaryň saýlanyp alynmagy;

– işiň hakyky ýagdaýyny görkezýän pozitiw ykdysady nazaryýet bilen ykdysady amallaryň nähili ösmelidigini görkezýän normatiw ykdysady nazaryýetiň baglanyşdyrylmagy;

– görkezijileri jemlemeklige, belli bir ulgama getirmeklige we olary umumylaşdyrmaga mümkinçilik berýän induktiw usuly haýsy hem bolsa bir ykdy-

sady amaly düşündirmek üçin ol ýa-da beýleki çaklamalary hödürlemeklige mümkinçilik berýän deduktiw usuly baglanyşdyrmak;

– ykdysady amallary, üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky baglanyşygy düşündirmek üçin grafikleri, funksiýalary, tablisalary we şekilleri giňden peýdalanmak we ş.m.

*Makroykdysadyýetiň öz içine alýan nazaryýetleri:* ykdysady ösüşiň nazaryýeti, işewürligiň dowamlylygynyň nazaryýeti, işsizligiň nazaryýeti, hümmetsizlenmegiň nazaryýeti, puluň nazaryýeti, açyk ykdysadyýetiň nazaryýeti, makroykdysady syýasatyň nazaryýeti we ş.m.

Tutuş ykdysadyýetiň derejesinde ykdysady baglanyşyklary we kanunalaýyklyklary öwrenmek diňe iri jemlenen görkezijileri ýa-da agregatlary aýdyňlaşdyrmagyň esasynda mümkin bolýar. Makroykdysady seljermeleri geçirmek ykdysady görkezijileriň jemlenmegini talap edýär.

Makroykdysady seljermede ulanylýan *esasy usullar:*

1) jemlenen ykdysady görkezijileriň ulanylmagy we olaryň özara baglanyşygynyň ýüze çykarylmagy (*agregirlemek*);

2) makroykdysady görkezijileriň özara baglanyşygyny düşündirmek üçin modelleriň düzülmegi (*modelirlemek*).

*Ykdysady görkezijileriň jemlenmegi ýa-da agregirlenmegi* aýry-aýry bölümleriň bir bütewilige birleşdirilmegini aňladýar. Ykdysady görkezijileriň jemlenmegi aşakdaky ugurlaryň bölünmegine mümkinçilik berýär we olaryň özara baglanyşygyny öwrenmek makroykdysady seljermäniň esasy görnüşleriniň biri hasaplanýar:

– makroykdysady amallara gatnaşyjylar;
– makroykdysady bazarlar;
– makroykdysady özara baglanyşyklar;
– makroykdysady görkezijiler.

## 1.2. Makroykdysady amallara gatnaşyjylar we makroykdysady bazarlar

*Makroykdysady amallara gatnaşyjylar hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:*

– öý hojalyklary;
– kärhanalar (*telekeçilik bölümi*);
– döwlet;
– daşary ýurt bölümi.

*Öý hojalyklary (households)* – bu özbaşdak, netijeli hereket edýän makroykdysady gatnaşyjy bolup, onuň ykdysady maksady aşakdaky görkezilenleriň peýdalylygyny artdyrmak hasaplanýar.

Öý hojalyklary *ykdysady resurslaryň* (zähmet, ýer, kapital we telekeçilik ukyplylyklarynyň) eýeleri hasaplanýar.

Ykdysady resurslary satmak bilen öý hojalyklary belli bir möçberde girdeji alýar, onuň köp bölegi sarp etmek üçin harçlanýar (sarp ediş çykdajylary), galan bölegi bolsa süýşürintgiler hökmünde goýulýar, şonuň üçin olar:

– *harytlary we hyzmatlary esasy satyn alyjylar* bolup çykyş edýär;

– esasy *süýşürintgi goýujylar* hökmünde çykyş edýärler we şonuň üçin ykdysadyýetde karz serişdeleriniň (loanable funds) hödürlenmegini üpjün edýän *karz berijiler* (lenders) hasaplanýar.

Öý hojalyklarynyň girdejileriniň esasy çeşmesi – işçi güýjüniň, öý hojalyklarynyň döreden esasy serişdeleriniň ulanylandygy üçin döwlet guramalary we kärhanalary tarapyndan tölenýän zähmet haky bolup durýar. Olar döwlete kesgitlenen möçberde salgyt töleýärler we ondan zerur bolan transfertleri, ýagny pensiýalary, kömek pullaryny, talyp haklaryny we ş.m. alýarlar.

*Kärhanalar (business firms)* – bu özbaşdak, netijeli hereket edýän makroykdysady gatnaşyjylar bolup, peýdany artdyrmak olaryň ykdysady maksady hasaplanýar. Kärhanalar aşakdaky taraplar hökmünde çykyş edýär:

– ykdysadyýetde harytlary we hyzmatlary esasy *öndürijiler hasaplanýar*;

– *ykdysady resurslary satyn alyjylar hasaplanýar*. Olaryň kömegi bilen önümçilik amallary ýerine ýetirilýär.

Mundan başga-da, önümçiligi giňeltmek, kapitalyň ätiýaçlyklarynyň artmagyny we kapitalyň könelmesiniň öweziniň dolmagyny üpjün etmek üçin kärhanalara maýa goýum harytlary (ilkinji nobatda enjamlar) zerur bolýar, şonuň üçin olar maýadarlar, ýagny *maýa goýum harytlaryny we hyzmatlaryny satyn alyjylar* bolup çykyş edýärler. Düzgün boýunça kärhanalar öz maýa goýum çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin çekilen serişdeleri ulanýarlar. Şonuň üçin olar ykdysadyýetde esasy *karz alyjylar* hasaplanýar we karz serişdelerine hyrydarlyk bildirilýär.

Öý hojalygy we kärhanalar ykdysadyýetiň hususy bölegini emele getirýär. Bu başgaça *ykdysadyýetiň iki bölümli* modeli diýlip atlandyrylýar.

*Döwlet (government)* – bu ykdysady amallaryň dowam etmegine, ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagyna täsir etmegiň syýasy we ýuridiki hukugy bolan döwlet edaralarynyň hem-de guramalarynyň toplumydyr.

Döwlet – bu özbaşdak, netijeli hereket edýän makroykdysady gatnaşyjy bolup, onuň esasy wezipesi bazarda ýüze çykýan pese gaçmalary (market failure) aradan aýyrmak we jemgyýetiň agzalarynyň maddy-hal ýagdaýyny ýokarlandyrmak hasaplanýar. Şonuň üçin ol jemgyýet üçin maddy nygmatlary öndüriji, döwlet böleginiň hereket etmegi üçin harytlary we hyzmatlary satyn alyjy, milli girdejini (salgytlar we transfertler ulgamy arkaly) gaýtadan paýlaýjy hem-de döwlet býujetiniň ýag-

daýyna baglylykda maliýe bazarynda karz beriji (kreditor) ýa-da karz alyjy bolup çykyş edýär.

Mundan başga-da, döwlet bazar ykdysadyýetiniň mehanizmleriniň hereket etmegini guraýar we kadalaşdyrýar. Ol aşakdakylary öz içine alýar:

– ykdysadyýetiň hereket etmeginiň institusional esasyny emele getirýär we üpjün edýär (kanunçylyk binýat, howpsuzlyk ulgamy, ätiýaçlandyryş ulgamy, salgyt ulgamy we beýlekiler), başgaça ol ykdysady amallaryň, gurallaryň sazlaşygyny işläp düzýär;

– ýurtda puluň hödürlenmegini üpjün edýär we pul aýlanyşygyna gözegçilik edýär, sebäbi ol puluň çykarylmagy üçin (emissiýa) monopol hukuga eýe bolýar;

– makroykdysady syýasaty alyp barýar.

*Durnuklaşdyryş syýasatynyň aşakdaky esasy görnüşleri tapawutlandyrylýar:*

– fiskal (salgyt-býujet) syýasat, esasan, hökümet tarapyndan amala aşyrylýar (döwletiň girdejileri we çykdajylary);

– monetar (pul-karz) syýasat, esasan, Merkezi bank tarapyndan amala aşyrylýar we ol aýlanyşykdaky puluň möçberiniň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilýär;

– girdejileri kadalaşdyrmak syýasaty (zähmet haky-baha syýasaty);

– daşary ykdysady syýasaty (daşary ykdysady gatnaşyklaryň hasabyna jemi içerki önümiň ýokarlanmagyny üpjün etmek).




*1.1-nji şekil. Makroykdysady maksatlaryň ulgamy*

Ykdysadyýetiň hususy we döwlet bölegi *ýapyk ykdysadyýeti* (awtarkiýa) emele getirýär. Bu başgaça *ykdysadyýetiň üç bölümli modeli* diýlip atlandyrylýar.

*Daşary ýurt bölümi (foreign sector)* dünýäniň dürli ýurtlaryny ykdysady amallar arkaly baglanyşdyrýar we özbaşdak netijeli hereket edýän makroykdysady gatnaşyjy hasaplanýar. Dünýä döwletleriniň özara baglanyşygyny amala aşyrmagyň ugurlary:

– halkara söwdasy – bu harytlaryň we hyzmatlaryň satylmagyny hem-de satyn alynmagyny (harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty we importy) görkezýär;

– kapitalyň hereket etmegi, ýagny maliýe aktiwleriniň – gymmatly kagyzlaryň satylmagyny we satyn alynmagyny (kapitalyň eksporty we importy) aňladýar.

Üç bölümli modele daşary ýurt böleginiň goşulmagy *açyk ykdysadyýetiň* emele gelmegine mümkinçilik berýär. Bu başgaça *ykdysadyýetiň dört bölümli modeli* diýlip atlandyrylýar.

Ykdysadyýetiň *açyklyk derejesini* häsiýetlendirýän görkezijiler:

– daşary söwdanyň bahalandyrylmagy (jemi içerki önüme bolan gatnaşykda daşary söwda dolanyşygynyň möçberi);

– içerki önümçilikde eksportyň paýy;

– içerki sarp edişde importyň paýy;

– dünýäniň jemi içerki önüminde ýurduň paýynyň deňeşdirilýän gatnaşygy we onuň dünýä söwdasyndaky paýy;

– içerki we daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşygy;

– daşary ýurt bergisiniň we ýurduň jemi içerki önüminiň gatnaşygy.

Jemi içerki önümiň formulasy arkaly ykdysadyýetiň dürli bölümlerini tapawutlandyryp bolýar:

$$GDP = C + I + G + Nx$$




*1.2-nji şekil. Ykdysadyýetiň bölümleriniň emele gelmegi*

Makroykdysadyýet dersi makroykdysady gatnaşyjylaryň makroykdysady bazarlarda özüni alyp barşynyň kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Bazarlaryň jemlenmegi (agregirlenmegi) olaryň her biriniň hereket ediş kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen amala aşyrylýar:

– hyrydarlygyň we hödürlemegiň emele gelmeginiň aýratynlyklaryny hem-de her bir bazarda olaryň deňagramlylygynyň şertlerini öwrenmek;

– hyrydarlygyň we hödürlemegiň gatnaşygy esasynda deňagramly bahany hem-de deňagramly möçberi kesgitlemek;

– her bir bazarda deňagramlylygyň üýtgemeginiň netijelerini seljermek.

Bazarlaryň jemlenmegi (agregirlenmegi) makroykdysady bazarlaryň 4 görnüşe bölünmegine mümkinçilik berýär:

– harytlaryň we hyzmatlaryň bazary ýa-da real bazar (*goods market*);

– maliýe bazary ýa-da maliýe aktiwleriniň bazary (*financial assets market*);

– ykdysady resurslaryň bazary (*resources market*);

– walýuta bazary, başgaça *FOREX* (***for****eign* ***ex****change market*) bazary.

*Maliýe bazary* – bu maliýe aktiwleriniň (bergidarlyk borçnamalarynyň) satylýan we satyn alynýan bazary. Bu bazar iki topara bölünýär:

– pul bazary (money market) ýa-da pul maliýe aktiwleriniň bazary;

– gymmatly kagyzlaryň (bonds market) ýa-da pul däl maliýe aktiwleriniň bazary.

Pul bazarynda pul serişdelerini satmak we satyn almak boýunça amallar ýerine ýetirilmeýär (pula pul satyn almagyň manysy ýok), ýöne pul bazarynyň hereket etmeginiň kanunalaýyklaryny, pula bolan hyrydarlygyň we puluň hödürlenmegini öwrenmek makroykdysady seljerme üçin wajyp hasaplanýar. Pul bazarynda esasy araçylar hökmünde banklar çykyş edýär we olar goýumlary kabul etmek hem-de karzlary bermek boýunça amallary ýerine ýetirýärler.

Gymmatly kagyzlar bazarynda paýnamalar we obligasiýalar satylýar hem-de satyn alynýar. Öý hojalyklary, ilkinji nobatda, gymmatly kagyzlaryň satyn alyjylary hasaplanýar. Olar öz goýumlaryny girdeji almak maksady bilen harçlaýarlar we degişli girdejileri (paýnamalar boýunça diwidend we obligasiýalar boýunça göterimler) alýarlar. Paýnamalary satýan taraplar (emitentler) bolup kärhanalar, obligasiýalary satýan taraplar hökmünde bolsa kärhanalar we döwlet çykyş edýär. Kärhanalar paýnamalary we obligasiýalary öz maýa goýum harajatlaryny maliýeleşdirmek hem-de önümçiligiň möçberini giňeltmek maksady bilen çykarýarlar. Döwlet bolsa obligasiýalary döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin çykarýar.

Makroykdysady modelde resurslar bazary zähmet bazary (*labour market*) görnüşinde görkezilýär. Sebäbi onuň hereket etmeginiň kanunalaýyklygy (zähmete bolan hyrydarlygyň we zähmetiň hödürlenmeginiň emele gelmegi) makroykdysady amallaryň düşündirilmegine mümkinçilik berýär. Zähmet bazarynyň deňagramlylygy ykdysadyýetde işçi güýjüniň, zähmetiň (*labour force*) möçberiniň we «zähmetiň bahasynyň», ýagny zähmet hakynyň derejesiniň (*wage rate*) deňagramlylygynyň

2. Sargyt № 466.

kesgitlenmegine mümkinçilik berýär. Zähmet bazarynyň deňagramlylygynyň üýtgeýän ýagdaýyny seljermek işsizligiň sebäplerini we görnüşlerini ýüze çykarmaga amatly şertleri döredýär.

*Pul birlikleriniň (walýuta) bazary* – bu dürli döwletleriň milli pul birlikleriniň biri-birine çalşylýan (dollaryň manada, ýewronyň rubla we ş.m.) bazary. Bir milli pul birliginiň beýleki birine çalşylmagy netijesinde puluň alyş-çalyş hümmeti (*exchange rate*) emele gelýär. Walýuta bazaryna *gatnaşyjylar:*

– Merkezi banklar;
– täjirçilik banklary;
– daşary ýurt amallaryny ýerine ýetirýän kärhanalar;
– halkara maýa goýum kompaniýalary, pensiýa gaznasy, ätiýaçlandyryş kompaniýalary;
– walýuta biržalary;
– walýuta araçylary (brokerleri);
– şahsy taraplar.

Her bir döwlet milli ykdysadyýetde iş bilen doly üpjünçiligi, hümmetsizlenmegiň pes derejesini, daşary ykdysady deňagramlylygy we durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin gysga hem-de uzak möhletleýin maksatnamalary işläp düzýär. Germaniýaly ykdysatçylar H. Zaýdel we P. Temmen makroykdysady syýasatyň esasy ugurlaryny häsiýetlendirýän şekili işläp düzdüler we ol *maksatlaryň jadyly dörtburçlugy* diýlip atlandyrylýar. Esasy dörtburçluk, bir tarapdan, bahalaryň durnukly derejesini, daşary ykdysady deňagramlylygy, beýleki bir tarapdan, iş bilen üpjünçiligiň we ykdysady ösüşiň ýokary derejesini öz içine alýar.




*1.3-nji şekil. Maksatlaryň esasy dörtburçlugy*

↓ JIÖ-ni bir ýylda ortaça 8% artdyrmak maksat edilip goýulýar, ýöne ol 6%-e deň bolýar;

↑ hümmetsizlenmegiň derejesini 3%-den ýokary bolmadyk ýagdaýda saklamak meýilnamalaşdyrylýar, ýöne ol 5% möçberde hasaba alynýar;

← sap eksportyň jemi içerki önümdäki paýyny 2%-den az bolmadyk ýagdaýda saklamak maksat edilip goýulýar, ýöne ol 1%-e deň bolýar;

→ işsizligiň derejesini 2%-den ýokary bolmadyk ýagdaýda saklamak meýilnamalaşdyrylýar, ýöne ol 3% möçberde hasaba alynýar.

Şekilden görnüşi ýaly, meýilnamalaşdyrylan we hakyky gazanylan netijeleri deňeşdirmek arkaly ýurtda alnyp barylýan durnuklaşdyryş syýasatyna baha bermeklige mümkinçilik emele gelýär.

Ykdysady modeliň esasy görkezijileri hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– hümmetsizlenmegiň depgini (*inflation rate*);
– işsizligiň derejesi (*unemployment rate*);
– milli baýlygyň artmagy (*increment of national wealth*);
– töleg balansynyň deňagramlylygy (*equilibrium balance of payments*).

## 1.3. Makroykdysady özara baglanyşyk

Ykdysady amallara gatnaşyjylaryň özüni alyp baryşlarynyň häsiýetli alamatlaryny we ykdysady bazarlaryň hereket etmeginiň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak makroykdysady özara baglanyşyklaryň jemlenmegine mümkinçilik berýär. Bu önümleriň, çykdajylaryň we girdejileriň özara baglanyşykly hereket edýän şekili arkaly görkezilýär (*model of circular flows*). Ilkinji nobatda iki sany makroykdysady gatnaşyjydan, ýagny öý hojalygyndan we kärhanalardan, şeýle-de iki bazardan, ýagny harytlaryň we hyzmatlaryň bazaryndan hem-de ykdysady resurslaryň bazaryndan durýan ykdysadyýetiň iki bölümli modelini öwrenmek maksadalaýyk hasaplanýar. Bu yzygiderli hereketde iki sany bölüm tapawutlandyrylýar:

1) *real bölüm* (resurslar – önümler);
2) *pul bölümi* (girdejiler – çykdajylar).

Öý hojalyklary kärhanalar tarapyndan öndürilýän, şeýle-de harytlar we hyzmatlar bazaryna ugradylýan (harytlaryň we hyzmatlaryň hödürlenmegini üpjün edýärler) harytlary hem-de hyzmatlary satyn alýarlar (harytlara we hyzmatlara hyrydarlyk bildirýärler). Kärhanalar harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin ykdysady resurslary – ýer, zähmet, kapital we telekeçilik ukyplyklaryny satyn alýarlar hem-de ykdysady resurslara hyrydarlyk bildirýärler. Öý hojalyklary bolsa ykdysady resurslaryň hödürlenmegini üpjün edýärler. Maddy resurslaryň hereketiniň puluň belli bir möçberi bilen üpjün edilýändigi bilen baglanyşykly öý hojalyklary harytlary we hyzmatlary satyn almak arkaly belli bir tölegi amala aşyrýarlar.




*1.4-nji şekil. Ykdysadyýetiň iki bölümli modelinde önümleriň, çykdajylaryň we girdejileriň aýlanmagy*

Kärhanalar öz önümlerini öý hojalyklaryna satyp, girdeji alýarlar (*revenue*) we ol girdejilerden öý hojalyklaryna ykdysady resurslar üçin töleg töleýärler. Bu bolsa kärhanalar üçin çykdajy (*costs*), öý hojalyklary üçin bolsa girdeji (*income*) – zähmet haky (zähmet faktory üçin), renta (ýer faktory üçin), göterim (kapital faktory üçin) we peýda (telekeçilik ukyplyklary faktory üçin) hasaplanýar. Öý hojalyklary alnan girdejini harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin harçlaýar (sarp ediş çykdajylary).

Kärhanalar maliýe bazaryndan alan serişdelerini maýa goýum harytlaryny, ilkinji nobatda, enjamlary satyn almak üçin harçlaýarlar. Öý hojalyklarynyň sarp ediş çykdajylarynyň üsti (*consumption spending – C*), kärhanalaryň maýa goýum çykdajylary (*investment spending – I*) bilen doldurylýar. Şu ýagdaýda milli girdejiniň milli önüme deňligi saklanýar, şonuň üçin makroykdysadyýetde milli girdeji we milli önüm $Y$ (*yield*) harpy bilen belgilenýär. Şeýle deňlikde milli önümiň ululygy umumy çykdajylaryň (*expenditures*) jemine deň bolýar:

$$Y = E.$$

Ykdysadyýetiň iki bölümli modelinde jemi çykdajylar (milli önüm) öý hojalyklarynyň sarp ediş çykdajylaryndan ($C$) we kärhanalaryň maýa goýum çykdajylaryndan ($I$) durýar:

$$E = C + I.$$




*1.5-nji şekil. Ykdysadyýetiň iki bölümli modelinde maliýe bazarynyň gatnaşmagynda önümleriň, çykdajylaryň we girdejileriň aýlanmagy*

Milli girdeji bolsa sarp etmegiň ($C$) we süýşürintgileriň ($S$) jemini görkezýär:

$$Y = C + S.$$

Şeýle ýagdaýda formula aşakdaky görnüşde görkezilýär:

$$C + I = C + S.$$

Jemi çykdajylar jemi girdejilere deň bolýar. Bu öz gezeginde $I = S$, başgaça maýa goýumlaryň süýşürintgilere deňligini aňladýar.

Maýa goýum ykdysadyýete puluň goýulýan möçberini (*injections*), süýşürintgiler bolsa ykdysadyýetden puluň alynýan möçberini (*leakages*) aňladýar. Maýa goýumlaryň artmagy jemi çykdajylary (jemi hyrydarlyk) ýokarlandyrýar, haryt öndürijileriň goşmaça girdeji almagyny üpjün edýär, milli önümiň artmagy üçin höweslendiriji (*stimul – «stimulus» latyn sözi bolup, ol gadymy Rimde mallary kowmak üçin ulanylan, ujy ýiteldilen taýak diýmegi aňladýar*) bolup çykyş edýär. Süýşürintgileriň artmagy jemi çykdajylary azaldýar we önümçiligiň peselmegine getirip bilýär.

Döwletiň ýüze çykmagy makroykdysady baglanyşyklaryň täze görnüşleriniň emele gelmegine we ykdysadyýetiň iki bölümli modeliniň üç bölümli modele öwrülmegine getirýär.

*Birinjiden*, jemgyýetçilik nygmatlarynyň öndürilmegini üpjün etmegiň we ykdysadyýetiň döwlete degişli bölegini saklamak zerurlygy bilen baglanyşykly döwlet harytlary hem-de hyzmatlary satyn alýar (*government spending*). Bu ýagdaýda döwlet gullukçylarynyň zähmet haky resurslar bazarynda ykdysady resurs üçin töleg hökmünde seredilmän, ol harytlar we hyzmatlar bazarynda ýerine ýetirilýän hyzmatlar üçin töleg hökmünde kabul edilýär. Döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy milli önüme bolan jemi hyrydarlygy, ýagny jemi çykdajylary ýokarlandyrýar.

*Ikinjiden*, ähli ykdysady amallara gatnaşyjylary döwlet býujetiniň girdejileriniň esasy çeşmesi hasaplanýan salgytlary (*Tx – taxes*) tölemeklige borçlandyrýar. Ýöne döwlet milli girdejini gaýtadan paýlaýjy hökmünde çykyş edip, diňe bir salgytlary ýygnamak bilen çäklenmän, ol transfert tölegleri (*Tr – transfers*) hem amala aşyrýar.

*Transfert tölegleri* – bu döwlet tarapyndan öý hojalyklaryna we kärhanalara berilýän mugt tölegler:

– öý hojalyklaryna pensiýalar, kömek pullary, talyp haklary we ş.m. tölegler tölenýär;

– kärhanalara subsidiýalar, subwensiýalar berilýär;

– şahsy we döwlet transfertleri tapawutlandyrylýar.

*Üçünjiden,* döwlet býujetiniň ýagdaýyna görä ol maliýe bazarynda karz alyjy ýa-da karz beriji tarap hökmünde çykyş edýär. Eger döwletiň çykdajylary (döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy + transfertler) döwletiň girdejilerinden (salgytlar) ýokary bolsa, döwlet býujetiniň ýetmezçilikli ýagdaýyna laýyk gelip, ol öz çykdajylaryny tölemek üçin karz alyjy bolup çykyş edýär we maliýe bazaryndan pul serişdelerini almaly bolýar.

Ykdysadyýetiň üç bölümli modelinde çykdajylar üç bölege bölünýär: sarp etmek ($C$), maýa goýumlar ($I$) we harytlaryň, hyzmatlaryň döwlet tarapyndan satyn alynmagy ($G$):

$$E = C + I + G.$$

Jemi girdeji bolsa sarp edişe ($C$), süýşürintgilere ($S$) we salgytlara ($T$) bölünýär:

$$Y = C + S + T.$$




*1.6-njy şekil. Ykdysadyýetiň üç bölümli modelinde çykdajylaryň we girdejileriň aýlanmagy*

Sap salgytlaryň möçberi salgytlar bilen transfertleriň arasyndaky tapawut arkaly kesgitlenýär:

$$T = Tx – Tr.$$

Ygtyýarlykda galýan girdejileriň ululygyny kesgitlemek üçin milli girdejiden salgytlar aýrylyp, transfertler bolsa goşulýar:

$$Yd= Y – Tx + Tr$$

ýa-da ondan sap salgytlar aýrylýar:

$$Yd = Y – T.$$

Öý hojalyklarynyň öz ygtyýarynda galýan girdejileri sarp etmek (sarp ediş çykdajylary) we süýşürintgiler üçin ulanylýar:

$$Yd = C + S.$$

Daşary ýurt bölüminiň goşulmagy bilen ykdysadyýetiň dört bölümli modeli (*circular flow with foreign sector*) emele gelýär we ol milli ykdysadyýetiň beýleki döwletleriň ykdysadyýetleri bilen özara gatnaşyklary hasaba almagyň zerurlygyny aňladýar. Ol, ilkinji nobatda, harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasy (harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty we importy) arkaly ýüze çykýar.

Öý hojalyklary we kärhanalar daşary ýurt bölümi ykdysady gatnaşyklary amala aşyrýarlar.

Daşary ýurt bölümi bilen özara ykdysady gatnaşyklaryň alnyp barylmagynda öý hojalyklary aşakdaky amallary ýerine ýetirýär:

– ykdysady resurslaryň eýeleri hökmünde resurslary satýar ýa-da eksport edýär;

– resurslary eksport etmekden pul girdejilerini alýar;

– daşary ýurt kärhanalarynyň öndürýän harytlaryny we hyzmatlaryny satyn alýar ýa-da import edýär;

– import harytlary we hyzmatlary üçin töleg geçirmek boýunça pul çykdajylary emele gelýär.

Daşary ýurt bölümi bilen özara ykdysady gatnaşyklaryň alnyp barylmagynda kärhanalar aşakdaky amallary ýerine ýetirýär:

– daşary ýurtlulara degişli resurslary satyn alýar ýa-da import edýär;

– import resurslary üçin töleg geçirmek boýunça pul çykdajylaryny amala aşyrýar;

– öndürýän harytlaryny we hyzmatlaryny satýar ýa-da eksport edýär.

Eksport bilen importyň gatnaşygy söwda balansynda görkezilýär we onuň üç görnüşi tapawutlandyrylýar.

1. *Söwda balansynyň ýetmezçiligi:* $Im > Ex$ – bu import boýunça çykdajylaryň eksportdan alynýan girdejilerden ýokary bolmagyny aňladýar.

2. *Söwda balansynyň artykmaçlygy:* $Ex > Im$ – bu eksportdan alynýan girdejileriň import boýunça çykdajylardan ýokary bolmagyny aňladýar.

3. *Söwda balansynyň deňagramly ýagdaýy:* $Ex = Im$ – bu eksportdan alynýan girdejiler bilen import boýunça çykdajylaryň deňligini aňladýar.

Söwda balansynyň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmegini aşakdakylaryň hasabyna amala aşyrmak mümkin:

– beýleki döwletlerden daşary ýurt karzyny ýa-da Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky ýaly halkara maliýe guramalaryndan karzlary almagyň hasabyna;

– daşary ýurtlulara maliýe aktiwlerini (hususy we döwletiň gymmatly kagyzlaryny) satmagyň we olaryň tölenmegi bilen döwlete pul serişdeleriniň gelmeginiň hasabyna.

*1.1-nji tablisa*

**Söwda balansynyň ýagdaýy**

| Söwda balansynyň artykmaçlygy | Deňagramly söwda balansy | Söwda balansynyň ýetmezçiligi |
|---|---|---|
| *Eksport > Import* | *Eksport = Import* | *Eksport < Import* |
| *Sap eksport > 0* | *Sap eksport = 0* | *Sap eksport < 0* |
| $Y > C + I + G$ | $Y = C + I + G$ | $Y < C + I + G$ |
| *Süýşürintgiler > Maýa goýumlar* | *Süýşürintgiler = Maýa goýumlar* | *Süýşürintgiler < Maýa goýumlar* |

Sap eksportyň formulasy:

$$Nx = Ex - Im.$$

Jemi çykdajylaryň formulasy ähli makroykdysady gatnaşyjylaryň çykdajylarynyň jemine deň:

$$E = C + I + G + (Ex - Im).$$

Jemi girdejileriň formulasy:

$$Y = C + S + T.$$

Deňagramlylyk ýagdaýynda $E = Y$ bolsa, onda:

$$C + S + T = C + I + G + (Ex - Im).$$

Bu deňlik *makroykdysady deňlik* diýlip atlandyrylýar. Deňligiň iki tarapyndan hem $C$ harpy düşürip, deňligiň agzalaryny gaýtadan jemlemegiň esasynda üçünji deňlik alynýar:

$$(S - I) + (T - G) = (Ex - Im).$$

Ýaýyň içindäki aňlatmalar hususy bölege, döwlete we daşary ýurt bölegine tarap girdejileriň we çykdajylaryň hereketini görkezýär. Her bir bölüm girdejileriň we çykdajylaryň aýlanmagyna gelýän serişdeleri (*injection*) ýa-da ondan gidýän serişdeleri (*leakage)* görkezýär. Eger $S > I$, $T > G$, $Im > Ex$ bolsa, onda bu ýagdaý serişdeleriň aýlanyşykdan gidýändigini aňladýar. Eger $S < I$, $T < G$, $Im < Ex$ bolsa, onda bu ýagdaý serişdeleriň aýlanyşyga gelýändigini aňladýar.

Sebäp-netije gatnaşyklaryny seljermek maksady bilen makroykdysadyýet dört bölege bölünýär:

1) *real bölüm (real sector)*. Ol hususy maliýe däl bölüm diýlip atlandyrylýar we öý hojalyklaryny hem-de döwlete degişli bolmadyk maliýe däl kärhanalary öz içine alýar. Bu bölüm içerki we daşarky bazar üçin ýurtda harytlaryň öndürilmegini hem-de hödürlenmegini üpjün edýär. Ol şahsy we önümçilik sarp ediş maksady bilen harytlara hem-de hyzmatlara hyrydarlyk bildirýär;

2) *býujet bölümi (fiscal sector)*. Ol döwlet ýa-da fiskal sektor diýlip atlandyrylýar. Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmegine we girdejileriň gaýtadan paýlanmagyna hyzmat edýär. Döwlet býujetiniň çykdajylary jemlenen (agregirlenen) hyrydarlygyň düzüm bölegi hasaplanýar;

3) *pul bölümi (monetary sector)*. Ol maliýe ýa-da bank sektory diýlip atlandyrylýar. Bu bölüm Merkezi we täjirçilik banklary arkaly hereket edýän puluň hereketini görkezýär;

4) *daşary ýurt bölümi (external sector)*. Ýokarda görkezilen her bir sektoryň daşary ýurtlar bilen geçirýän amallaryny öz içine alýar we olar töleg balansynda hasaba alynýar.




*1.7-nji şekil. Ykdysadyýetiň dört bölümli modelinde çykdajylaryň we girdejileriň aýlanmagy*

Girdejileriň we çykdajylaryň hereketinde iki ugur tapawutlandyrylýar:
1) serişdeleriň gelmegi (*injection*);
2) serişdeleriň gitmegi (*leakage*).

*Serişdeleriň gelmegi (injection)* – bu ýerli sarp edijileriň ýurduň içinde öndürilen harytlary satyn almak üçin çykaran çykdajylary bilen bir hatarda goşmaça amala aşyrylýan harajatlar:

– maýa goýumlar (ýerli we daşary ýurt), *I*;

– döwlet çykdajylary, *G*;

– ýurduň eksport edýän harytlaryny satyn almak üçin daşary ýurtly sarp edijileriň çykdajylary, *Ex*.

*Serişdeleriň gitmegi (leakage)* – bu girdejileriň we çykdajylaryň aýlanmagyndan serişdeleriň bölünip alynmagyny aňladýar. Ol ýurduň içinde öndürilen sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň satyn alynmagyndan beýleki maksatlar üçin pul serişdeleriniň çykdajylary bilen baglanyşykly emele gelýär:

– süýşürintgiler, *S*;

– salgytlar, *T*;

– importdan gelýän harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin çykdajylar, *Im*.

Ykdysadyýetiň deňagramly ýagdaýynda gelýän serişdeleriň jemi gidýän serişdeleriň jemine deň bolýar:

$$S + T + Im = I + G + Ex.$$

Keýnsiň seljermesine laýyklykda aşakdaky deňlikler alynýar:

*girdejiler = sarp etmek + maýa goýumlar*

*süýşürintgiler = girdejiler – sarp etmek*

Degişli amallary ýerine ýetirmegiň esasynda şeýle deňligiň alynmagyna mümkinçilik döreýär:

*süýşürintgiler (S) = maýa goýumlar (I)*

Sarp ediş çykdajylarynyň möçberi psihologiki ýagdaýa bagly bolýar we ol garaşsyz üýtgeýän ululyk görnüşinde hereket edýär. J. Keýns bu ýagdaýy *esasy psihologiki kanun* ýa-da *sarp etmeklige meýillilik* diýip atlandyrdy. Onuň seljermesi aşakdaky nukdaýnazarlaryň esasynda öwrenilýär:

*birinjiden*, funksiýa arkaly baglanyşyk emele gelýär.

$$C = f(R)$$

Bu başgaça sarp ediş çykdajylaryň derejesiniň (*C*) girdejiniň möçberine (*R*) baglydygyny görkezýär we ol zähmet hakynyň ululygy arkaly aňladylýar.

*ikinjiden*, J.Keýns sarp etmeklige goşmaça meýillilik (mpc – *marginal propensity to consume*) diýen düşünjäni makroykdysady nazaryýete girizýär. Bu düşünje sarp ediş çykdajylarynyň ýokarlanmagy bilen girdejileriň artmagynyň arasyndaky gatnaşygy görkezýär we iki üýtgeýän ululyk hem zähmet hakynyň möçberi arkaly ölçenilýär.

$$\frac{\textit{sarp ediş çykdajylarynyň artmagy}}{\textit{girdejileriň artmagy}} = \frac{\Delta C}{\Delta R}$$

Sarp etmeklige goşmaça meýillilik şeýle esasy kanuna esaslanýar: *adamlar öz girdejileriniň ýokarlanmagyna görä däl-de, girdejileriň artmagyna görä sarp ediş çykdajylaryny ýokarlandyrmaga meýilli bolýarlar*:

$$0 < \Delta C/\Delta R < 1.$$

Girdejiniň artmagyna görä bu baglanyşygyň peselmek meýli saklanýar we ol grafiki görnüşde şeýle görkezilýär:




*1.8-nji şekil.Girdejileriň artmagy bilen süýşürintgileriň ýokarlanmak meýli*

Görnüşi ýaly, ilkinji tapgyrda girdejileriň artmagy sarp etmek üçin çykdajylary ýokarlandyrýar. Soňra sarp etmegiň möçberi peselýär we ol süýşürintgileriň paýynyň ýokarlanýandygyny aňladýar. Süýşürintgileriň emele gelmegi *B* nokatda başlanýar we onuň möçberi yzygider artýar.

Netijede, şeýle kanunalaýyklyk ýüze çykýar: *ilatyň durmuş derejesi näçe ýokarlanýan bolsa, olaryň girdejileriniň az bölegi sarp etmeklige gönükdirilýär, köp bölegi bolsa süýşürintgi hökmünde goýulýar.*

## 1.4. Makroykdysady modeller we olaryň görkezijileri

Modelleşdirmek we abstragirlemek makroykdysady seljermäniň esasy usullary hasaplanýar. Ähli makroykdysady amallar modelleri düzmegiň esasynda öwrenilýär. Makroykdysady model makroykdysady amallaryň we hadysalaryň esasy öza-

ra gatnaşygyny ýüze çykarmak maksady bilen olaryň grafiki ýa-da algebraiki (bir görnüşe getirilen) beýan edilmegini görkezýär.

Makroykdysady modeller:

1) funksiýalar;

2) grafikler;

3) şekiller;

4) tablisalar.

Makroykdysadyýetiň esasy usullarynyň biri hökmünde ykdysady modelirlemek çykyş edýär. *Model* – bu çäkli resurslary netijeli ulanmak maksady bilen ykdysady kanunalaýyklyklaryň öwrenilmegi we beýan edilmegi üçin hojalyk amallarynyň ýönekeýleşdirilen hem-de tertipleşdirilen ýagdaýynyň görkezilmegidir.

Makroykdysady meseleleri çözmek üçin aşakdaky modeller işlenip düzülýär:

– statiki we dinamiki;

– gysga möhletli we uzak möhletli;

– açyk we ýapyk;

– deňagramly we deňagramsyz.

Makroykdysadyýetde birnäçe funksiýalar tapawutlandyrylýar:

1) *özüňi alyp baryş funksiýasy* aýry-aýry ykdysady gatnaşyjylaryň özüni alyp barşyny häsiýetlendirýär (mysal üçin, sarp ediş funksiýasy):

$$C = C_o + mpcYd$$

$C_o$ – girdejileriň derejesine bagly bolmadyk sarp ediş;

$Yd$ – ygtyýarlykda galýan girdeji;

$mpc$ – sarp etmek üçin goşmaça isleg diýlip atlandyrylýan özüňi alyp baryş koeffisiýenti we ol ygtyýarlykda galýan girdejiniň bir birlige görä üýtgemegi bilen sarp edişiň möçberiniň üýtgeýändigini görkezýär.

2) *tehnologiki funksiýa* – bu önümçiligiň tehnologiýasyny häsiýetlendirýär (mysal üçin, önümçilik funksiýasy). Öndürilen jemi önümiň möçberi esasy ykdysady resurslaryň, ýagny kapitalyň we zähmetiň ätiýaçlyklary arkaly kesgitlenýär:

$$Y = F\ (K,\ L)$$

$Y$ – jemi öndürilen önümiň möçberi;

$K$ – kapitalyň ätiýaçlyklary;

$L$ – zähmetiň ätiýaçlyklary.

3) institusional funksiýa – bu makroykdysady ululyklara institusional faktorlaryň (döwlet dolandyryş ölçegleri) täsirini görkezýär (mysal üçin, salgytlaryň funksiýasy):

$$T = \underline{T} + tY$$

*T* – salgyt salmakdan alynýan serişdeleriň möçberi;

$\underline{T}$ – girdejiniň derejesine bagly bolmadyk awtonom ýa-da akkord salgytlar;

*t* – salgydyň derejesi;

*Y* – jemi girdejiniň (öndürilen önümiň) derejesi.

4) *kesgitleýiş funksiýasy* – ol ýa-da beýleki makroykdysady ululyklaryň kesgitlenmegini görkezýär (mysal üçin, kesgitleme boýunça ähli makroykdysady gatnaşyjylaryň hyrydarlygynyň jemini görkezýän jemi hyrydarlygyň funksiýasy):

$$AD = C + I + G + Nx$$

*C* – öý hojalyklarynyň hyrydarlygy (sarp ediş hyrydarlygy);

*I* – kärhanalaryň hyrydarlygy (maýa goýum hyrydarlygy);

*G* – döwletiň hyrydarlygy (döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy);

*Nx* – daşary ýurt bölegiň hyrydarlygy (sap eksport).

Ähli beýan edilen funksiýalar, grafikler we tablisalar görnüşinde görkezilip bilinýär.

*Modeller* üýtgeýän ululygyň iki görnüşini öz içine alýar:

1) *Ekzogen üýtgeýän ululyklar;*

2) *Endogen üýtgeýän ululyklar*.

Ekzogen üýtgeýän ululyklar modeliň daşynda emele gelýär (garaşsyz üýtgeýän ululyklar);

Endogen üýtgeýän ululyklar modeliň içinde emele gelýär (garaşly üýtgeýän ululyklar).




*1.9-njy şekil*

Mysal üçin, sarp edişiň funksiýasy (modeli) arkaly bu üýtgeýän ululyklaryň baglanyşygy saklanýar:

$$C = C(Yd)$$

*C* – sarp ediş çykdajylary;

*Yd* – ygtyýarlykda galýan girdeji;

*Yd* – ekzogen üýtgeýän ululyk;

*C* – endogen üýtgeýän ululyk.

Bu model öý hojalyklarynyň ygtyýarlygynda galýan girdejiniň üýtgemegi netijesinde sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Sarp ediş garaşly ululyk, ygtyýarlykda galýan girdeji bolsa garaşsyz ululyk hökmünde çykyş edýär.

Aýry-aýry modellerde şol bir ululyk ekzogen we endogen üýtgeýän ululyk bolup biler. Ýokarda görkezilen modelde sarp ediş çykdajylary endogen (garaşly) üýtgeýän ululyk hasaplanýan bolsa, onda jemi hyrydarlygyň modelinde $AD = C + I + G + Nx$ sarp ediş çykdajylary ekzogen (garaşsyz) ululyk bolup, ol jemi öndürilen önümiň we jemi girdejiniň möçberini kesgitleýär.

Makroykdysady üýtgeýän ululyklaryň esasy aýratynlygy olaryň iki topara bölünýänligi bilen düşündirilýär:

1) *hereketi aňladýan görkezijiler;*

2) *ätiýaçlyklaryň görkezijileri.*

*Hereketi aňladýan görkezijiler* (flow) – bu belli bir döwürdäki möçberi, sany görkezýär. Makroykdysadyýetde düzgün boýunça, bir ýyl wagt birligi hasaplanýar. Hereketiň görkezijileri: jemi öndürilen önüm, jemi girdeji, sarp etmek, ykdysadyýete goýulýan maýa goýumlar, iş ýerlerini tapan adamlar, döwlet býujetiniň ýetmezçiligi (artykmaçlygy), eksport, import we ş.m. Bu görkezijiler bir ýyl üçin hasaplanýar.

*Ätiýaçlyk görkezijileri* (stock) – belli bir anyk wagtdaky, ýagny anyk senedäki (mysal üçin, 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwary) möçberi, sany görkezýär.

Ätiýaçlyk görkezijileri: milli baýlyk, şahsy baýlyk, ýurtdaky işsizleriň sany, ýurduň ykdysadyýetinde işleýän adamlaryň sany; ýurduň ykdysadyýetinde jemlenen kapitalyň ätiýaçlyklary, döwlet bergileri we ş.m.

Makroykdysady görkezijileri 2 görnüşe bölmek mümkin:

1) *absolýut görkezijiler.* Bu görkezijiler pul görnüşinde ýa-da adam sanynda ölçenilýär. Mysal üçin, ýurtda öndürilen jemi içerki önümiň möçberi 125 *mlrd* manada barabar, işçi güýjüniň umumy sany 5,7 *mln* adam we ş.m.

2) *otnositel görkezijiler.* Bu görkezijiler göterimde ýa-da otnositel ululyklarda ölçenilýär (bahalaryň umumy derejesi, hümmetsizlenmegiň depgini, ykdysady ösüşiň depgini, göterim derejesi, salgytlaryň derejesi we ş.m.). Mysal üçin, jemi içerki önümiň ösüş depgini 111,7%, hümmetsizlenmegiň derejesi 4% we ş.m.

Makroykdysadyýetde deňagramly ýagdaýlary öwrenmek wajyp ugurlaryň biri hasaplanýar. Deňagramlylygyň üç sany görnüşi tapawutlandyrylýar: *durnukly, durnuksyz we aralyk ýagdaý*. Eger ulgam deňagramly ýagdaýdan çykyp, bu ýagdaýa gaýdyp gelýän bolsa, onda oňa *durnukly deňagramlylyk* diýilýär, eger öňki ýagdaýa gaýdyp gelmeýän bolsa, ol *durnuksyz deňagramlylygy* häsiýetlendirýär we ulgamyň ilkibaşdaky ýagdaýa gaýdyp geljegini ýa-da gelmejegini kesgitli aýdyp bolmasa, onda ol *aralyk ýagdaýy* görkezýär.




*1.10-njy şekil. Deňagramlylygyň görnüşleri*

Makroykdysady modellerde wagt faktory aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu faktora seljerme geçirilende makroykdysady modelleriň hasaba alnyşyna baglylykda olaryň üç görnüşi tapawutlandyrylýar: *statiki, deňeşdirme statiki we dinamiki* (ylmy barlaglar diskret, şeýle-de üznüksiz wagt görnüşinde geçirilip bilner). *Statiki modelde* belli bir wagtdaky ykdysady ýagdaý beýan edilýär. *Deňeşdirme statiki modeli* ykdysady ulgamyň bir deňagramly ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa geçmeginiň netijesini görkezýär, ýöne geçiş ýagdaýynyň nähili amala aşyrylýandygynyň barlagy geçirilmeýär. Bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçmegiň usulyýeti *dinamiki modelde* öwrenilýär.

Dinamiki modellerde *diskontirlemek ýörelgesi*, ýagny geljekde alynmaly girdejileriň häzirki ýagdaýa (*present value – PV*) getirilip hasaplanmagy aýratyn orun eýeleýär. Diskontirlemek usuly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin goýulýan serişdeleriň netijeliligini kesgitlemekde (eger geljekde alynmaly girdejileriň häzirki döwrüň ýagdaýyna görä hasaplamalarynyň möçberi ony maliýeleşdirmek üçin çykdajylaryň möçberinden pes bolsa, maýa goýum taslamasy maliýeleşdirilip bilinýär), gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagynda (gymmatly kagyzlaryň häzirki ýagdaýa görä hasaplamalary boýunça jemi girdeji ony satyn almak üçin çykdajylaryň möçberinden pes bolan ýagdaýynda maksadalaýyk hasaplanýar), sarp edilýän harytlar (hyzmatlar) saýlananda wagt çägini kesgitlemekde (geljekde sarp etmegiň ileri tutulýan ugurlary barada häzirki ýagdaýa görä çözgütleri kabul etmekde) ulanylýar. Diskontirlenen gymmat aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$PV = \frac{x_1}{1+r} + \frac{x_2}{(1+r)^2} + \ldots + \frac{x_n}{(1+r)^n}$$

$x_1, x_2, \ldots x_n$ – ykdysady amallara gatnaşyjynyň her geljekki döwürde almagy göz öňünde tutýan girdejisi (birinjiden $n$ – döwre çenli);

$r$ – diskontyň çägi.

Düzgün boýunça bu görkeziji makroykdysady modellerde göterim derejesine deň hasaplanýar. Göterim derejesiniň makroykdysady manysy puluň başga bir görnüşde ulanylmagynyň alternatiw (birnäçe ugurdan birini saýlamak) harajatlaryny görkezýär.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *aggregates* | *agregatlar ýa-da jemlenen görkezijiler* |
| *households* | *öý hojalyklary* |
| *loanable funds* | *karz serişdeleri* |
| *lenders* | *karz berijiler* |
| *business firms* | *kärhanalar, firmalar* |
| *market failure* | *bazarda emele gelýän pese gaçmalar* |
| *foreign sector* | *daşary ýurt bölümi* |
| *goods market* | *harytlaryň we hyzmatlaryň bazary ýa-da real bazar* |
| *financial assets market* | *maliýe bazary ýa-da maliýe aktiwleriniň bazary* |
| *resources market* | *ykdysady resurslaryň bazary* |
| *foreign exchange market, FOREX* | *walýuta bazary ýa-da FOREX* |
| *money market* | *pul bazary* |
| *bonds market* | *gymmatly kagyzlaryň bazary* |
| *labour market* | *zähmet bazary* |
| *labour force* | *işçi güýji* |
| *wage rate* | *zähmet hakynyň derejesi* |
| *exchange rate* | *alyş-çalyş hümmeti* |
| *inflation rate* | *hümmetsizlenmegiň derejesi* |
| *unemployment rate* | *işsizligiň derejesi* |
| *increment of national wealth* | *milli baýlygyň artmagy* |
| *equilibrium balance of payments* | *töleg balansynyň deňagramlylygy* |
| *model of circular flows* | *önümleriň, çykdajylaryň we girdejileriň özara baglanyşykly hereket edýän modeli* |
| *consumption* | *sarp etmek* |
| *revenue* | *girdeji* |

3. Sargyt № 466.

# II BAP
# MILLI HASAPLAR ULGAMY WE ESASY MAKROYKDYSADY GÖRKEZIJILER

## 2.1. Milli hasaplar ulgamy we onuň görkezijileri

Milli ykdysadyýetiň hereket etmeginiň ahyrky maksady we wezipeleri döwletiň ykdysady syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň kesgitlenmegi esasynda anyklanýar. Esasy absolýut makroykdysady görkezijiler milli hasaplar ulgamynda jemlenýär. Milli hasaplar ulgamynyň doly ady Milli önümiň we girdejiniň hasaplar ulgamy (*Systems of National Product and Income Accounts*) diýlip atlandyrylýar. Ol XX asyryň 20-nji ýyllarynda Amerikada geljekki Nobel baýragynyň eýesi Saýmon Kuznesiň ýolbaşçylygynda Ykdysady barlaglaryň milli bölüminiň alymlary tarapyndan işlenip düzüldi. 1929-njy ýylda Nýu-Ýorkuň gazna biržasynyň işiniň düýpli pese gaçmagy bilen baglanyşykly onda ýerine ýetirilýän amallar bes edildi. Bu 1929–1933-nji ýyllarda Beýik durgunlyk ady bilen belli bolan dünýä derejesindäki ykdysady çökgünligiň başlanmagynyň sebäbi boldy. Şunuň bilen baglanyşykly 1930-njy ýyllaryň başynda ABŞ-nyň Kongresi amerikan ykdysadyýetiniň ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik berýän görkezijileriň ulgamynyň işlenip düzülmelidigi barada karar kabul etdi we onda bellenilen talaplar ýerine ýetirildi. XX asyryň 50-nji ýyllarynda Birleşen Milletler Guramasynyň hödürnamasy esasynda birnäçe döwletler Milli hasaplar ulgamynyň öz içine alýan makroykdysady görkezijilerini hasaplamagyň usulyýetini ulanyp başladylar.

Milli hasaplar ulgamynyň ösüşiniň tapgyrlary:

1930 – 1950-nji ýyllar. Beýik durgunlyk döwründen soň ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň zerurlygy bilen şertlendirilen Milli hasaplar ulgamynyň emele gelmegi;

1950 – 1980-nji ýyllar. Milli hasaplar ulgamynyň işlenip düzülmegi.

1980 – 1990-njy ýyllar. Geçiş ykdysadyýetli döwletleriň köp böleginiň Milli hasaplar ulgamyna geçmegi.

Milli hasaplar ulgamynyň işlenip taýýarlanmagyna we kämilleşdirilmegine görnükli ykdysatçylar B. Kliff, R. Stoun, J.M. Keýns, Nobel baýragynyň eýeleri Ý. Tinbergen, R. Friş we W. Leontýew dagy uly goşant goşdular. Milli hasaplar ulgamynyň ilkinji nusgasy 1946-njy ýylda ulanyp başlandy. 1968-nji, 1993-nji we 2008-nji ýyllarda bu ulgama käbir üýtgetmeler we düzedişler girizildi. 2008--nji ýylda üýtgetmeler girizilen Milli hasaplar ulgamynyň halkara standartlarynyň täze görnüşiniň esasy maksady soňky 15–20 ýylyň dowamynda dünýäniň birnäçe döwletleriniň ykdysadyýetini kadalaşdyrmakda emele gelen düýpli üýtgemeleri gör-

kezmek hasaplandy. Onda, esasan, önümçilikde maglumatlar tehnologiýalarynyň ornunyň güýçlenmegi, maddy däl aktiwleriň we hyzmatlaryň ähmiýetiniň ýokarlanmagy, maliýe ulgamynda innowasiýalaryň girizilmegi hem-de bütewileşmek amallarynyň güýçlenmegi hasaba alyndy.

1993-nji ýylyň Milli hasaplar ulgamy (MHU) bilen deňeşdirilende 2008-nji ýylyň MHU-nyň usulyýetindäki düýpli tapawutlaryň biri ylmy-barlag maksatlary üçin çykarylýan çykdajylara täzeçe düşündirişiň berilmegi bilen baglanyşykly. Eger 1993-nji ýylyň MHU-da ol aralyk sarp etmeklige goşulan bolsa, onda 2008--nji ýylyň MHU-da ony esasy kapitalyň jemi toplanmagynyň düzüminde hasaba almak teklip edildi. Netijede, ylmy-barlag maksatlary üçin harçlanýan çykdajylar jemi içerki önümiň we milli baýlygyň möçberini ýokarlandyrdy. Şeýle-de maliýe we maliýe däl aktiwleriň toparlara bölünmeginde belli bir düzedişler girizildi.

Milli hasaplar ulgamy (*national account system*) milli ykdysadyýetiň ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik berýän jemi önümiň we jemi girdejiniň ululygyny häsiýetlendirýän statistiki makroykdysady görkezijileriň jemini görkezýär. Milli hasaplar ulgamy bazar ykdysadyýetinde makroykdysady amallaryň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy gurallarynyň biri hasaplanýar.

Eger kärhanalaryň ýerine ýetirýän ykdysady işleriniň netijeleri buhgalter hasaby arkaly ölçenilýän bolsa, onda tutuş ykdysadyýet üçin hasaplamalar Milli hasaplar ulgamy arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklarynyň ösüşi, bazar ykdysadyýetiniň mehanizmlerini häsiýetlendirýän dürli görkezijileriň girizilmegi netijesinde ýurdumyzda statistiki hasaba alnyşy yzygider kämilleşdirilýär. Halkara tejribesinde kabul edilen we milli hasaplary alyp barmaga esaslanýan täze usulyýete, ýagny milli hasaplar ulgamyna geçmek zerurlygy ýüze çykdy. Milli hasaplar ulgamynyň kömegi bilen ykdysady işleriň we olaryň netijeleriniň, olary hasaplamagyň nazaryýet we usulyýet esaslarynyň, hasaba alşyň we ykdysadyýetde bolup geçýän ýagdaýlar hem-de dürli üýtgemeler barada maglumat alnyşynyň usullarynyň ulanylmagy netijesinde statistiki görkezijileriň bitewiligi gazanylýar. Milli hasaplar ulgamy ähli ýurtlaryň makroykdysady görkezijilerini deňeşdirmek, olary dünýä derejesinde jemlemek mümkinçiligini, milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetinde tutýan ornunyň we ähmiýetiniň kesgitlenmegini üpjün edýär. Türkmenistanda milli hasaplar ulgamy 1994-nji ýylda ulanyp başlandy. Türkmenistanyň milli hasaplar ulgamynyň esasynda amala aşyrylýan hasaplamalaryň netijeleri boýunça her ýylda Halkara pul gaznasynyň (*IMF – International Monetary Fund*) we Bütindünýä bankynyň (*WB – World bank*) halkara ekspertizasy geçirilýär.

Milli hasaplar ulgamy bazar ykdysadyýetinde makroykdysady amallaryň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy gurallarynyň biri hasaplanýar.

Eger kärhanalaryň ýerine ýetirýän ykdysady işleriniň netijeleri *buhgalter hasaby* arkaly hasaplanýan bolsa, onda tutuş ykdysadyýet üçin hasaplamalar *Milli hasaplar ulgamy* arkaly amala aşyrylýar.

Milli hasaplar ulgamynyň *wezipeleri:*

– ykdysady syýasat;

– ykdysady çaklamalar;

– ilatyň dürli toparlarynyň ýaşaýyş derejelerine baha bermek we ony beýleki döwletleriň ýaşaýyş derejeleri bilen deňeşdirmek;

– ykdysady nazaryýetiň tejribe bilen baglanyşygyny emele getirmek.

*Milli hasaplar ulgamynyň aýratynlyklary:*

1) milli hasaplar ulgamy – bu ýörite balans tablisalary bolup, onuň bir tarapynda bar bolan serişdeler, ikinji tarapynda bolsa olaryň ulanylyşy görkezilýär. Tablisadaky görkezijiler buhgalter hasabynyň *iki gezek ýazgy etmek ýörelgesine* esaslanýar: islendik amal boýunça töleg geçirýän tarap we tölegi kabul edýän tarap görkezilýär.

2) milli hasaplar ulgamy aşakdaky esasy hasaplary öz içine alýar:

– içerki ykdysadyýetiň hasaby (harytlar we hyzmatlar, önümçilik, girdejileriň emele gelmegi, girdejileriň paýlanmagy, esasy çykdajylar; maliýe hasaby);

– daşary ykdysady gatnaşyklaryň hasaby (gündelik amallar, düýpli amallar, maliýe hasaby).

3) milli hasaplar ulgamynda ykdysady amallar üç sany esasy topara bölünýär:

– harytlar we hyzmatlar bilen geçirilýän amallar (ykdysadyýetiň pudaklarynda harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi, alyş-çalyş edilmegi we ulanylmagy);

– paýlamak boýunça amallar (haryt öndürijiler tarapyndan döredilen goşulan gymmatyň paýlanmagy we gaýtadan paýlanmagy, şeýle-de süýşürintgileriň gaýtadan paýlanmagy);

– maliýe amallary (ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda maliýe aktiwleriniň we passiwleriniň üýtgemegi).

4) ähli hojalygy alyp barýan taraplaryň ykdysadyýetde ýerine ýetirýän wezipelerine laýyklykda olar Milli hasaplar ulgamynda bäş bölege bölünýär:

– maliýe däl korporasiýalar (harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi);

– maliýe korporasiýalary (ulanylmaýan maliýe serişdeleriniň jemlenmegi we olaryň belli bir şertlerde maýadarlara berilmegi);

– döwlet dolandyrylyşy (tutuş jemgyýet, şeýle-de ilatyň aýry-aýry taraplary ýa-da toparlary üçin mugt hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi; milli girdejiniň gaýtadan paýlanmagy);

– öý hojalyklary (işçi güýji bilen üpjün edilmegi, harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilmegi);

– öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl guramalary (jemgyýetçilik, syýasy guramalar).

Milli hasaplar ulgamy (*Milli önümiň we girdejiniň hasaplar ulgamy*) önümçiligiň umumy möçberiniň üç sany esasy görnüşini we jemi girdejiniň üç sany görkezijisini öz içine alýar:




*2.1-nji şekil. Milli hasaplar ulgamynyň görkezijileri*

1991-nji ýyla çenli önümçiligiň umumy möçberini häsiýetlendirýän esasy görkeziji hökmünde jemi milli önüm hasaplandy. Häzirki wagtda ykdysady we hojalyk gatnaşyklarynyň halkara häsiýetiniň güýçlenýändigi hem-de milli faktorlaryň dünýäniň köp döwletlerinde giňden ulanylýandygy bilen baglanyşykly jemi milli önümi hasaplamakda belli bir kynçylyklaryň döreýändigi sebäpli esasy görkeziji hökmünde *jemi içerki önüm* çykyş edýär.

## 2.2. Jemi içerki önüm we ony hasaplamagyň usullary

*Jemi içerki önüm (JIÖ)* – bu bir ýylyň dowamynda önümçiligiň milli (ýurduň raýatlaryna degişli), şeýle-de daşary ýurt (daşary ýurtlulara degişli) faktorlary arkaly ýurduň çäginde öndürilen ähli ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bazar gymmatydyr. Bu kesgitleme bir ýylda ykdysadyýetiň esasy bölümleriniň işiniň netijelerini häsiýetlendirýär. Ykdysady nazaryýetde jemi içerki önüm düşünjesi ilkinji gezek 1934-nji ýylda Saýmon Kuznes tarapyndan ulanylýar. Ýöne bu görkeziji on ýyldan soň, ýagny 1944-nji ýylda geçirilen Bretton-Wudz konferensiýasynda ýurduň ykdysady ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkeziji hökmünde kabul edilýär.

Ykdysadyýetiň bölümleriniň esasy iki topary tapawutlandyrylýar. Birinji ugur boýunça olar işiň esasy görnüşlerine görä aşakdaky topara bölünýär:

– oba hojalygy (düzgün boýunça tokaý we balyk hojalygyny öz içine alýar);
– senagat (gurluşygy öz içine alýar);
– hyzmatlar ulgamy (ulagy öz içine alýar).

Bu çemeleşme önümçiligiň pudaklaýyn düzümini hasaba alýar we jemi içerki önümi seljermek üçin amatly hasaplanýar.

Ikinji ugur boýunça olaryň topara bölünmeginde tebigy serişdeleriň gaýtadan işlenmek derejesi göz öňünde tutulýar:

*Ilkinji bölüm*. Bu bölüm tebigy resurslaryň göni ulanylmagyny aňladýar;

*Ikinji bölüm*. Bu bölümde ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň önümleri gaýtadan işlenilýär (öňki tapgyrda adamlar tarapyndan işlenen tebigy serişdeler);

*Üçünji bölüm*. Bu adamlaryň göni önümçilik işini häsiýetlendirýär.

Jemi içerki önümiň aşakdaky esasy aýratynlyklary tapawutlandyrylýar:

– milli önümçiligiň möçberi pul görnüşinde aňladylýar;

– gaýtadan hasaplanmalary hasaba almaýar;

– JIÖ-niň gymmaty diňe resmi bazar geleşiklerini öz içine alýar;

– harytlaryň gaýtadan satylmagyny hasaba almaýar;

– döwlet transfertlerini hasaba almaýar;

– gymmatly kagyzlaryň satylmagyny we satyn alynmagyny hasaba almaýar.

1933-nji ýylda R.Frişiň (Ý. Tinbergen bilen bilelikde 1969-njy ýylda ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň eýesi boldy) «Dinamiki ykdysadyýetde impulsyň we ýaýramagyň meselesi» atly makalasy çap edildi we ol öz makalasynda söwda döwrüniň modelini makroykdysady adalgalar arkaly beýan etdi. Çap edilen makalada R.Friş ilkinji gezek ykdysady amallara aýry-aýry gatnaşyjylaryň özüni alyp barşyny aňladýan «mikroykdysadyýet» we bütewi milli ykdysadyýetiň çäginde alnyp barylýan işleri aňlatmak üçin «makroykdysadyýet» adalgasyny ulandy.

JIÖ-ni hasaplamagyň halkara standarty 1993-nji ýylda BMG-niň Halkara pul gaznasy, Ýewropa bileleşigi, Bütindünýä banky, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy bilen bilelikde taýýarlan Milli hasaplar ulgamynda beýan edilýär. Milli hasaplar ulgamyna laýyklykda, JIÖ-ni iki sany çemeleşme arkaly deňeşdirmek mümkin:

1) dürli döwletleriň JIÖ-ni gündelik walýuta hümmeti boýunça bir ölçeg birliginde (ABŞ-nyň dollary ýa-da ýewro) hasaplamak. Şu çemeleşme maliýe seljermesinde agdyklyk edýär.

2) dürli döwletleriň JIÖ-ni satyn alyjylyk ukybyň deňligi (*PPP – purchasing power parity*) boýunça hasaplamak. Bu çemeleşme uzak möhletleýin makroykdysady deňeşdirmelerde agdyklyk edýär.

Ykdysadyýetde öndürilýän ähli harytlar 2 görnüşe bölünýär:

1) aralyk harytlar (*intermediary goods*);

2) ahyrky harytlar (*final goods*).

*Aralyk harytlar* – bu geljekde önümçilik amallaryna goşulýan (gaýtadan işlenýän) we gaýtadan satylýan önümler.

*Ahyrky harytlar* – bu geljekde önümçilik taýdan gaýtadan işlemek we gaýtadan satmak üçin niýetlenmedik hem-de ahyrky sarp edişe degişli önümler.

*Jemi milli önüm* – bu belli bir döwürde milli faktorlar arkaly berlen ýurduň çäginde we beýleki döwletlerde öndürilen ahyrky önümleriň gymmaty.

Bu görkezijileri şertli iki topara bölmek mümkin:

*Jemi içerki önüm* – ol ýa-da beýleki ýurduň çägi, territoriýasy bilen baglanyşykly ykdysady görkeziji hasaplanýar.

*Jemi milli önüm* – ol ýa-da beýleki ýurduň çäginde hemişelik ýaşaýan taraplaryň (rezidentlik) nukdaýnazaryndan döwletlere degişlilik şertlerini göz öňünde tutýar.

Jemi içerki önüm *milli baýlygyň esasy* hasaplanýar. Milli baýlyk makroykdysady görkeziji bolup, ol jemgyýetde öndürilen we toplanan aktiwleriň jeminiň pulda aňladylmagyny görkezýär. Milli baýlyk aşakdakylary öz içine alýar:

– fiziki kapital;
– tebigy kapital;
– adam kapitaly;
– maliýe kapitaly.

Gymmatlygy bar bolan ähli zatlar *aktiwler* diýlip atlandyrylýar.

Milli baýlyk düzgün boýunça iki topara bölünýär:

1) maliýe aktiwleri;
2) maliýe däl aktiwler.

*Maliýe aktiwleri* (financial assets) – bu aktiwleriň bir bölegi bolup, olar maliýe resurslaryny, ýagny pul serişdelerini we gymmatly kagyzlary öz içine alýar (nagt pullar, walýuta we depozitler, gymmatly kagyzlar, göni daşary ýurt maýa goýumlary we ş.m.).

*Maliýe däl aktiwler* (non-financial assets) – bu aktiwleriň bir bölegi bolup, olar aşakdakylary öz içine alýar:

– esasy kapital;
– maddy aýlanma serişdeleriň ätiýaçlyklary (aýlanma kapitaly);
– gymmatlyklar – uzak wagtyň dowamynda ulanylýan gymmatbahaly zatlar (ýurduň altyn ätiýaçlygy, gymmatbahaly metallar, ýuwelir we antikwariat önümleri, sungat eserleri).

Häzirkizaman ykdysadyýetinde ýurtlaryň milli baýlyklarynyň düzüminde üýtgemeler emele gelýär we fiziki kapitalyň orny adam kapitaly bilen çalşyrylýar. XXI asyryň başlarynda jemi milli baýlygyň düzüminde adam kapitalynyň paýy 80%-e çenli ýokarlandy. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ähli maýa goýumlaryň 70%-ine golaýy adam kapitalynyň, 30%-e golaýy fiziki kapitalyň ösdürilmegi üçin gönükdirilýär.

Jemi içerki önümiň bir ýylyň dowamyndaky ösüş derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da milli baýlygyň möçberi ýokarlanýar. Jemi içerki önüm bilen milli baýlygyň arasynda göni baglanyşyk saklanýar.

Hasaplamalarda iki ululyk tapawutlandyrylýar:

– amatly ululyk;
– amatsyz ululyk.

*Amatly ululyk* – eger belli bir döwletde daşary ýurtly raýatlaryň alýan girdejileri berlen ýurduň raýatlarynyň daşary ýurtlarda alýan girdejilerinden ýokary bolsa, onda *JIÖ* > *JMÖ*;

*Amatsyz ululyk* – eger berlen ýurduň raýatlarynyň beýleki ýurtlarda gazanan girdejileri daşary ýurtlularyň berlen döwletdäki girdejilerinden ýokary bolsa, onda *JMÖ* > *JIÖ*.

Jemi içerki önümi hasaplamak üçin üç sany usuldan peýdalanylýar:

1) *çykdajylar boýunça* (ahyrky ulanyş usuly);
2) *girdejiler boýunça* (paýlaýyş usuly);
3) *goşulan gymmat boýunça* (önümçilik usuly).




*2.2-nji şekil. Jemi içerki önüm bilen jemi milli önümiň kesgitlenişi*

Jemi içerki önümiň (*Gross Domestic Product – GDP*) çykdajylar we girdejiler boýunça hasaplanmagy aşakdaky formula arkaly görkezilip bilinýär:

$$C + I + G + Nx = GDP = C + S + R + r + T + A$$

1) deňligiň çep bölegi jemi içerki önümiň çykdajylar bölegini görkezýär we ol aşakdakylary öz içine alýar:

*C* (***C****onsumption spending*) – bu öý hojalyklarynyň *sarp ediş çykdajylary – SEÇ*. Bu öý hojalyklarynyň harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin çykdajylaryny aňladýar. Ösen döwletlerde sarp etmegiň jemi içerki önümiň möçberindäki paýy, takmynan, 70%-e deň bolýar. Bu ýagdaý sarp etmegiň 1% azalmagynyň jemi içerki önümiň 0,7% peselmegine getirýändigini aňladýar. Jemi içerki önümiň möçberiniň azalmagy girdejileri we geljekde sarp etmegi peseldýär we *multiplika-*

*tiw* netije emele gelýär. Sarp etmek jemi çykdajylaryň esasy bölegi hasaplanýar we aşakdakylary öz içine alýar:

a) *gündelik sarp ediş üçin çykdajylar – GSEÇ*, ýagny gysga möhletli döwürde ulanylýan harytlaryň satyn alynmagy (bir ýyla çenli ulanylýan harytlar, ýöne egin-eşikler ulanylýan möhletine bagly bolmazdan gündelik sarp edişe degişli hasaplanýar);

b) *uzak möhletli döwürde ulanylýan harytlar üçin çykdajylar – UMUHÇ*, ýagny bir ýyldan köp möhletde ulanylýan harytlar (olara mebel, durmuş tehnikalary, awtomobil we ş.m. degişli. Ýöne *ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin çykdajylar sarp ediş çykdajylaryna degişli däl*, çünki ol öý hojalyklarynyň *maýa goýum çykdajylaryna* degişli);

ç) *hyzmatlar üçin çykdajylar – HÇ* (ösüşiň häzirki tapgyrynda hyzmatlaryň möçberi artýar we sarp ediş çykdajylarynyň umumy jeminde hyzmatlaryň paýy yzygider ýokarlanýar).

*SEÇ = GSEÇ + UMUNÇ (öý hojalyklarynyň jaýlary satyn almak üçin çykdajylaryndan başga) + HÇ*

***I*** *(**I**nvestment spending)* – kärhanalaryň maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin çykdajylary. *Maýa goýum harytlary* diýlip, kapitalyň ätiýaçlyklaryny ýokarlandyrýan harytlara düşünilýär. Ösen döwletlerde maýa goýumlaryň jemi içerki önümiň möçberindäki paýy, takmynan, 25%-e deň bolýar we aşakdaky çykdajylary öz içine alýar:

– *esasy kapitala maýa goýumlar.* Olara kärhanalaryň aşakdaky çykdajylary degişli:

a) enjamlary satyn almak üçin çykdajylar;

b) senagat gurluşygy üçin çykdajylar (senagat jaýlary we desgalary).

– *ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin maýa goýumlar* (öý hojalyklarynyň ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin çykdajylary);

– *ätiýaçlyklar üçin maýa goýumlar.* Haryt-maddy ätiýaçlyklar aşakdakylary öz içine alýar:

a) önümçiligiň üznüksizligini üpjün etmek üçin zerur bolan çig mallaryň we materiallaryň ätiýaçlyklary;

b) önümçiligiň tehnologiýasy bilen baglanyşykly gutarylmadyk önümçilik;

ç) kärhanalar tarapyndan öndürilen taýýar, ýöne entek satylmadyk harytlaryň ätiýaçlyklary.

Esasy kapitala we ýaşaýyş jaýy üçin goýulýan maýa goýumlar üýtgemeýän maýa goýumlar (*fixed investment*) hasaplanýar. Ätiýaçlyklar üçin maýa goýumlar (*inventory investment*) maýa goýumyň üýtgeýän bölegini görkezýär we jemi içerki önüm çykdajylar boýunça hasaplananda oňa haryt-maddy ätiýaçlyklaryň öz möçberi goşulman, ýylyň dowamynda *ätiýaçlyklaryň üýtgeýän* möçberi goşulýar. Eger

ätiýaçlyklaryň möçberi ýokarlansa, onda degişlilikde jemi içerki önümiň möçberi hem şol möçberde artýar, sebäbi ol berlen ýylda ätiýaçlyklary ýokarlandyrýan goşmaça maýa goýumlaryň goýlandygyny aňladýar. Eger ätiýaçlyklaryň möçberi azalýan bolsa, onda bu berlen ýylda geçen ýyldaky öndürilen we ätiýaçlyklaryň üstüni dolýan harytlaryň satylandygyny hem-de berlen ýylyň jemi içerki önüminiň ätiýaçlyklaryň azalýan möçberinde peselýändigini aňladýar. Şeýlelikde, ätiýaçlyklara goýulýan maýa goýumlar položitel, şeýle-de otrisatel ululykda bolup biler.




*2.3-nji şekil. Esasy makroykdysady görkezijiler*

Jemi içerki önüm çykdajylar boýunça hasaplananda maýa goýumlar diýlip, *jemi içerki hususy maýa goýumlara* düşünilýär. *Jemi maýa goýumlar* ($I_{gross}$ – gross investment) *dikeldiji maýa goýumlaryny, ýagny amortizasiýany* (A – depreciation), şeýle-de *sap maýa goýumlary* ($I_{net}$ – net investment) öz içine alýar:

$$I_{gross} = A + I_{net} .$$

Maýa goýumlaryň şeýle bölünmesi *esasy kapitalyň hereket ediş aýratynlygy* bilen baglanyşykly. Esasy kapitalyň ulanylmagy bilen ol könelýär we onuň dikeldilmegi talap edilýär. Maýa goýumyň esasy kapitalyň könelmeginiň öwezini dolmaga gönükdirilýän bölegine dikeldiji maýa goýumlar ýa-da amortizasiýa (depreciation) diýlip atlandyrylýar. Milli hasaplar ulgamynda olar «esasy kapitalyň amortizasiýasy» («*capital consumption allowances*») ady bilen öwrenilýär we ol ykdy-

sadyýetde «esasy kapitalyň sarp edilmegini» aňladýar. Netijede, maýa goýumlaryň sap maýa goýumlara we amortizasiýa bölünmegi diňe esasy kapitala degişli hasaplanýar. Ätiýaçlyklara goýulýan maýa goýumlar sap maýa goýumlary aňladýar.

*Sap maýa goýumlar* – bu kärhanalaryň kapitalynyň möçberini ýokarlandyrýan goşmaça maýa goýumlar. Sap maýa goýumlar önümçiligiň giňelmeginiň, öndürilýän önümiň möçberiniň artmagynyň esasy hasaplanýar.

Sap maýa goýumlar otrisatel ýa-da položitel görkeziji bolup bilýär. Olaryň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

$$1)\ I_{net} = I_{gross} - A > 0;$$

$$2)\ I_{net} = I_{gross} - A > 0;$$

$$3)\ I_{net} = I_{gross} - A > 0.$$

Eger-de ykdysadyýetde sap maýa goýumlar $I_{net} > 0$, ýagny jemi maýa goýumlar amortizasiýadan (dikeldiji maýa goýumlar) ýokary bolsa, onda bu her geljek ýylyň önümçiliginiň hakyky möçberiniň geçen ýyla garanyňda ýokary boljakdygyny aňladýar.

Eger jemi maýa goýumlar amortizasiýa deň $I_{gross} = A$, ýagny $I_{net} = 0$ bolsa, onda bu ýagdaý ykdysadyýetde her geljek ýylda önümçiligiň geçen ýyldaky ýaly möçberde öndüriljekdigini görkezýär.

Eger sap maýa goýumlar otrisatel $I_{net} < 0$, onda ykdysadyýetde kapitalyň könelmeginiň öwezini dolmak hem üpjün edilmeýär we $I_{gross} < A$ bolýar. Bu ykdysadyýetiň pese gaçýandygyny we onuň çökgünlik häsiýetini görkezýär.

*Sap maýa goýumlar* = esasy kapitala goýulýan sap maýa goýumlar + ýaşaýyş jaý gurluşygyna goýulýan sap maýa goýumlar + ätiýaçlyklara goýulýan maýa goýumlar.

*Jemi maýa goýumlar* = sap maýa goýumlar + amortizasiýa (sarp edilen kapitalyň gymmaty).

Milli hasaplar ulgamynda maýa goýum çykdajylaryna diňe *hususy maýa goýumlar* (private investment), ýagny hususy kärhanalaryň maýa goýumlary goşulýar. Oňa döwletiň maýa goýumlary goşulmaýar, sebäbi olar döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň bir bölegi hasaplanýar.

Jemi çykdajylaryň bu böleginde diňe *içerki maýa goýumlar*, ýagny berlen ýurduň ykdysadyýetinde rezident-kärhanalaryň maýa goýumlary hasaba alynýar. Daşary ýurtly rezident-kärhanalaryň maýa goýumlary (foreign investment) we berlen ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurtly kärhanalaryň maýa goýumlary sap eksport hökmünde jemi çykdajylaryň bir bölegini öz içine alýar. Eger sap eksportyň möçberi otrisatel bolsa, onda ol sap daşary ýurt maýa goýumlarynyň (net foreign investment) otrisatel ýagdaýyna laýyk gelýär. Eger sap eksport položitel bolsa, onda sap daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi hem položitel bolýar.

*G* (***G**overnment spending*) – döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy üçin çykdajylar. Ol aşakdakylary öz içine alýar:

– *döwletiň sarp etmegi* (ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagyny, howpsuzlygy we tertip-düzgüni, syýasy dolandyryşy, durmuş we önümçilik infrastrukturany üpjün edýän döwlet edaralaryny we guramalaryny saklamak, şeýle-de döwlet sektorynyň işgärleriniň zähmet haky üçin çykdajylary);

– *döwletiň maýa goýumlary* (döwlet kärhanalarynyň maýa goýum çykdajylaryny).

Şunuň bilen baglanyşykly «döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy» (*government spending*) diýen düşünjäniň «döwlet çykdajylary» (*government spendings*) diýen düşünje bilen tapawutlandyrylmagy zerur hasaplanýar. «Döwlet çykdajylary» diýen düşünje transfert tölegleri we döwlet obligasiýalary boýunça tölegleri öz içine alýar hem-de öň bellenip geçilişi ýaly, jemi içerki önümde hasaba alynmaýar.

*Nx* – (net export – *Nx*) daşary söwda balansynyň galyndysy (eksportyň we importyň aratapawudy): $Nx = Ex - Im$.

2) deňligiň sag bölegi jemi içerki önümiň girdejiler bölegini görkezýär we aşakdakylary öz içine alýar:

*C* + *S* – sarp etmek (*C*) we süýşürintgiler (*S*) üçin niýetlenýän zähmet haky görnüşindäki girdejiler;

*R* – renta ýa-da kärende tölegi görnüşindäki girdejiler;

*r* – süýşürintgiler boýunça alynýan girdejiler;

*T* – telekeçilik işine salynýan salgytlar, sebäbi bu serişdeler kärhanalardan alynýar we döwletiň girdejisi hasaplanýar;

*A* – könelme boýunça pul geçirimleri. Olar sarp edilen önümçilik serişdeleriniň öwezini dolmak üçin kärhananyň girdejilerinden önümçilige gaýdyp barýar.

*Jemi içerki önümi hasaplamagyň ikinji usulyna girdejiler ýa-da paýlaýyş usuly diýilýär*. Şeýle ýagdaýda jemi içerki önüm ykdysady resurslaryň eýeleriniň (öý hojalyklarynyň) jemi girdejileri, ýagny faktorlardan alynýan girdejileriň jemi hökmünde öwrenilýär. Aşakdakylar faktorlardan alynýan girdejiler hasaplanýar:

– «zähmet» faktoryndan alynýan girdejini görkezýän hususy kärhanalaryň işgärleriniň *zähmet haky* (wages and salaries). Zähmeti höweslendirmegiň ähli görnüşlerini, şol sanda esasy zähmet hakyny, goşmaça tölegleri, esasy iş wagtyndan artyk işlenmegi üçin tölegi we ş.m. öz içine alýar (döwlet gullukçylarynyň zähmet haklary bu görkezijä goşulmaýar, sebäbi ol döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna tölenýär we faktorlardan alynýan girdeji hasaplanman, döwlet tarapyndan satyn alynmalaryň bir bölegi hasaplanýar);

– *kärende tölegi ýa-da renta (rental payments)* – «ýer» faktoryndan alynýan girdeji we ol gozgalmaýan emlägiň eýeleriniň alýan töleglerini öz içine alýar (ýer bölekleri, ýaşaýyş we ýaşaýyş däl jaýlar). Eger öý eýesi oňa degişli jaýy kärende-

sine bermeýän bolsa, onda milli hasaplar ulgamynda jemi içerki önümiň girdejiler boýunça hasaplanmagynda öý eýesiniň jaýy kärendesine beren ýagdaýyndaky alyp biljek girdejileri hasaba alynýar. Şeýle girdejiler «*şertli hasaplanýan kärende tölegi*» diýlip atlandyrylýar we ol renta tölegleriniň umumy jemine goşulýar;

– *göterim tölegi ýa-da göterim (percent payments)* – bu «kapital» faktoryndan alynýan girdeji bolup, ol hususy kärhanalaryň kapitaly ulanandyklary üçin öý hojalyklaryna töleýän ähli tölegleri öz içine alýar. Şonuň üçin göterim tölegleriniň jemine hususy kärhanalaryň obligasiýalar boýunça töleýän göterimleri goşulýar, ýöne döwlet obligasiýalary boýunça tölenýän göterimler oňa goşulmaýar, sebäbi döwlet obligasiýalary önümçilik maksady bilen däl-de, döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek maksady bilen çykarylýar;

– *peýda* (*profit*), ýagny «telekeçilik ukyby» faktoryndan alynýan girdeji. Milli hasaplar ulgamynda kärhanalaryň guramaçyk-hukuk görnüşleri boýunça tapawutlanýandygyna görä, peýda iki bölege bölünýär:

1. Ýekebara (indiwidual) kärhanalary we hyzmatdaşlyklary öz içine alýan, ykdysadyýetiň *korporatiw däl böleginiň peýdasy*. Peýdanyň bu görnüşi «emläk eýeleriniň girdejisi» (proprietors' income) diýlip atlandyrylýar.

2. Eýeçiligiň paýdarlar görnüşine (paýdarlar kapitalyna) esaslanýan ykdysadyýetiň *korporatiw böleginiň peýdasy*. Peýdanyň bu görnüşi «korporasiýalaryň peýdasy» diýlip atlandyrylýar. Korporasiýalaryň peýdasy üç sany bölege bölünýär:

1) *korporasiýanyň peýdasyna salynýan salgyt* (döwlete tölenýär);

2) *diwidendler* (peýdanyň paýlanýan bölegi) – korporasiýanyň paýdarlara töleýän tölegi;

3) *korporasiýanyň paýlanmadyk peýdasy* – kärhananyň döwlet we paýnamalaryň eýeleri bilen hasaplaşyklary amala aşyrandan soň galýan bölegi. Ol sap maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň içerki çeşmesi bolup hyzmat edýär, bu korporasiýa üçin önümçiligiň möçberini artdyrmagyň, umumy ykdysadyýet üçin bolsa ykdysady ösüşiň esasy hasaplanýar.

Milli faktorlardan alynýan girdejileriň (zähmet haky, renta, göterim we peýda) jemi milli girdejini emele getirýär.

Milli faktorlardan alynýan girdejilerden başga-da jemi içerki önümiň girdejiler boýunça hasaplanmagyna girdeji tölegi hasaplanýan, ýöne ykdysady resurslaryň eýeleriniň girdejisi hasaplanmaýan iki sany bölüm goşulýar:

– birinji bölüm hökmünde *işewürlige salynýan gytaklaýyn salgytlar* çykyş edýär. *Salgyt* – bu öý hojalyklarynyň we kärhanalaryň döwlete puluň belli bir möçberini harytlary hem-de hyzmatlary alyş-çalyş etmän, hökmany töleýän tölegi. Salgytlar göni we gytaklaýyn görnüşlere bölünýär. Göni salgytlara girdeji, miras we emläk üçin salynýan salgytlar degişli. Şeýle ýagdaýda salgydy töleýji we salgydy hakyky töleýän tarap şol bir ykdysady amallara gatnaşyjy hasaplanýar. Gytaklaýyn

salgytlar – harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň belli bir bölegi bolup çykyş edýär. Gytaklaýyn salgytlaryň aýratynlygy, olary harytlary we hyzmatlary satyn alyjylaryň satyn alýan wagtynda töleýändigi, döwlete bolsa salgydy harydy öndürýän kärhananyň töleýändigi bilen düşündirilýär. Şeýlelikde, salgydy töleýji we salgydy hakyky töleýän taraplar dürli gatnaşyjylar hasaplanýar. Jemi içerki önümiň pul görkeziji hasaplanýandygyna görä, islendik harydyň bahasyna gytaklaýyn salgydyň goşulýandygy sebäpli, jemi içerki önüm hasaplananda olar faktorlardan alynýan girdejileriň jemine goşulýar. Salgytlar döwletiň girdejisi hasaplanýan hem bolsa, olar faktorlardan alynýan girdejileriň jemine goşulmaýar, sebäbi döwlet makroykdysady amallara gatnaşyjy hasaplanyp, ykdysady resurslaryň eýesi hasaplanmaýar;

– jemi içerki önümiň girdejiler boýunça hasaplanmagyna goşulmaly bölümleriň biri bolup amortizasiýa (sarp edilen kapitalyň gymmaty) çykyş edýär, sebäbi ol islendik harydyň bahasyna goşulýar.

Milli girdejä gytaklaýyn salgydy we sarp edilen kapitalyň gymmaty goşulanda, *jemi milli önüm* alynýar. Jemi milli önümden jemi içerki önüme geçmek üçin daşary ýurtlardan gelýän sap faktor girdejileri (*SFG*) aýrylýar ýa-da berlen döwletiň çäginde önümçiligiň daşary ýurt faktorlarynyň sap girdejisi (önümiň möçberi) goşulýar (*DÝFSG*).

$JIÖ_{girdeji}$ = *zähmet haky + kärende tölegi + göterim tölegi + emläk eýeleriniň girdejisi + korporasiýalaryň peýdasy + gytaklaýyn salgytlar + amortizasiýa – daşary ýurtlardan gelýän sap faktor girdejisi*.

$JIÖ_{girdeji}$ = *zähmet haky + kärende tölegi + göterim tölegi + emläk eýeleriniň girdejisi + korporasiýalaryň peýdasy + gytaklaýyn salgytlar + amortizasiýa + daşary ýurt faktorlarynyň sap girdejisi*.

Ahyrky önümiň bahasyny hasaplamak goşulan gymmat boýunça alnyp barylýar. *Goşulan gymmat* – bu kärhananyň girdejisi bilen onuň maddy çykdajylarynyň arasyndaky tapawut hökmünde hasaplanýar.

*2.1-nji tablisa*

**Goşulan gymmat**

| Önüm | Satmak üçin kesgitlenen baha, man. | Aralyk önümiň gymmaty, man. | Goşulan gymmat, man. |
|---|---|---|---|
| *1-nji önüm* | *7* | *0* | *7* |
| *2-nji önüm* | *10* | *7* | *3* |
| *3-nji önüm* | *15* | *10* | *5* |
| *4-nji önüm* | *25* | *15* | *10* |
| Jemi | 57 | 32 | 25 |

Birinji sütünde 57 manada deň bolan ähli satylan önümleriň gymmaty görkezilýär (ähli ykdysady amallara gatnaşyjylaryň önümleri satmakdan alýan jemi girdejisi), ikinji sütünde aralyk önüm (32 manat), üçünji sütünde bolsa goşulan gymmaty (25 manat) görkezilýär. Goşulan gymmat her bir haryt öndürijiniň (firmanyň) önümçiligiň jemi möçberine goşýan arassa goşandyny görkezýär. Goşulan gymmatyň jemi (25 man.) ahyrky önümiň gymmatyna, ýagny ahyrky sarp edijiniň tölän pulunyň jemine deň. Şonuň üçin gaýtadan hasaba alynmagy aradan aýyrmak maksady bilen jemi içerki önümiň düzümine diňe ahyrky önümiň gymmatyna deň bolan goşulan gymmat goşulýar. *Goşulan gymmat – önümleri satmakdan alynýan jemi girdeji bilen aralyk önümleriň (her bir haryt öndürijiniň beýleki firmalardan satyn alýan çig mallarynyň we materiallarynyň) gymmatynyň arasyndaky tapawut*. Biziň mysalymyzda ol 57 – 32 = 25 manada deň. Kärhananyň ähli içerki çykdajylary (zähmet haky, amortizasiýa, esasy fondlaryň kärendesi üçin tölegler), kärhananyň peýdasy *goşulan gymmatyň düzümine goşulýar*.

Haryt ýa-da hyzmat hökmünde hasaplanmaýan ähli zatlar jemi içerki önümiň düzümine goşulmaýar. Harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşy üçin amala aşyrylmaýan tölegler jemi içerki önümiň gymmatynda hasaplanmaýar. Şeýle töleglere *transfert tölegler we öndürijiliksiz (maliýe) geleşikler* degişli. *Döwlet transfertleri* – bu döwlet tarapyndan durmuş üpjünçilik ulgamy boýunça öý hojalyklaryna kömek pullary, talyp haklary, pensiýalar we kärhanalara subsidiýalar görnüşinde tölenýän töleg. Transfert tölegler aşakdaky sebäplere görä jemi içerki önümiň gymmatyna goşulmaýar:

1) transfert tölegler hiç bir haryt ýa-da hyzmat üçin tölegi aňlatmaýar, netijede, jemi içerki önümiň möçberi üýtgemeýär, başgaça täze hiç zat öndürilmeýär we jemi girdeji diňe gaýtadan paýlanýar;

2) gaýtadan hasaba almagy aradan aýyrmak maksady bilen transfert tölegler öý hojalyklarynyň sarp ediş çykdajylaryna (bu ygtyýarynda galýan girdejiniň bir bölegi) we kärhanalaryň maýa goýum (subsidiýalar görnüşinde) çykdajylaryna goşulýar.

*Maliýe geleşiklerine* gazna bazarlarynda gymmatly kagyzlaryň (paýnamalaryň, obligasiýalaryň) satylmagy we satyn alynmagy degişli. Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallaryň harytlar ýa-da hyzmatlar üçin tölegi aňlatmaýandygy sebäpli, olar jemi içerki önümiň möçberini üýtgetmeýär we ol ykdysady amallara gatnaşyjylaryň arasynda serişdeleriň gaýtadan paýlanmagyny aňladýar. Ýöne gymmatly kagyzlar boýunça tölenýän girdeji jemi içerki önümiň gymmatyna goşulýar, sebäbi ol ykdysady resurs üçin töleg, ýagny faktorlardan alynýan girdejiniň – milli girdejiniň bir bölegi hasaplanýar.

## 2.3. Milli hasaplar ulgamynda ykdysady görkezijileriň baglanyşygy

Milli hasaplar ulgamynyň esasy görkezijileri hökmünde jemi önümiň üç sany görkezijisi: jemi içerki önüm (*JIÖ*), jemi milli önüm (*JMÖ*), sap içerki önüm (*SIÖ*) we jemi girdejiniň üç görkezijisi: milli girdeji (*MG*), şahsy girdeji (*ŞG*), ygtyýarlykda galýan şahsy girdeji (*YGŞG*) çykyş edýär.

Jemi milli önümiň (*JMÖ*) möçberi jemi içerki önümiň (*JIÖ*) möçberinden daşary ýurt faktorlarynyň sap girdejisiniň (*DÝFSG*) möçberi bilen tapawutlanýar.

$$JMÖ = JIÖ - DÝFSG$$

Daşary ýurt faktorlarynyň sap girdejisiniň möçberi berlen ýurtda daşary ýurtlularyň (rezident dälleriň) olara degişli (daşary ýurt) önümçilik faktorlary arkaly gazanan girdejileri bilen beýleki döwletlerde berlen ýurduň raýatlarynyň (rezidentleri) olara degişli (milli) önümçilik faktorlary arkaly gazanan girdejileriniň arasyndaky tapawudy görkezýändigi sebäpli, bu tapawut položitel ululyk (eger berlen ýurtda daşary ýurtly raýatlaryň alýan girdejileri berlen ýurduň raýatlarynyň daşary ýurtlarda alýan girdejilerinden ýokary bolsa, onda *JIÖ* > *JMÖ*), şeýle-de otrisatel ululyk (eger berlen ýurduň raýatlarynyň beýleki ýurtlarda gazanan girdejileri daşary ýurtlularyň berlen döwletdäki girdejilerinden ýokary bolsa, onda *JMÖ* > *JIÖ*).

Sap içerki önüm (*Net Domestic Product – NDP*) önümçiligiň jemi möçberini häsiýetlendirýän jemi içerki önümden tapawutlylykda *ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçiliklerini görkezýär*, sebäbi ol diňe sap maýa goýumlary öz içine alýar we dikeldiji maýa goýumlary (amortizasiýany) öz içine almaýar. Sap içerki önümi hasaplamak üçin jemi içerki önümden amortizasiýany aýyrmaly.

$$NDP = GDP - A$$

Sap içerki önüm girdejiler, şeýle-de çykdajylar boýunça hasaplanyp bilinýär:

$$SIÖ_{çykdajy} = \text{sarp ediş çykdajylary } (C) + \text{sap maýa goýum çykdajylary } (I_{net}) +$$
$$+ \text{döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy } (G) +$$
$$+ \text{sap eksport } (Xn)$$

$$SIÖ_{girdeji} = \text{zähmet haky + kärende tölegi + göterim tölegi + emläk eýeleriniň girdejisi + korporasiýalaryň peýdasy + gytaklaýyn salgytlar + amortizasiýa +}$$
$$+ \text{daşary ýurt faktorlarynyň sap girdejisi.}$$

Milli girdeji (*National Income – NI*) – bu ykdysady resurslaryň eýeleriniň gazanan jemi girdejisi, ýagny *faktorlardan alynýan girdejileriň jemi*. Milli girdejini iki usul arkaly hasaplap bolýar:

1. Sap içerki önümden gytaklaýyn salgytlary aýyrmaly:
*MG = SIÖ – gytaklaýyn salgytlar;*
2. Ähli milli faktorlardan alynýan girdejileri goşmak:

*MG = zähmet haky + kärende tölegi + göterim tölegi + emläk eýeleriniň girdejileri + korporasiýalaryň peýdasy.*

*Şahsy girdeji* (Personal Income – PI) milli girdejiden tapawutlylykda ykdysady resurslaryň eýeleri tarapyndan alnan jemi girdejini görkezýär. Şahsy girdejini hasaplamak üçin milli girdejiden öý hojalyklarynyň ygtyýaryna gelmeýän ähli zatlar aýrylýar:

*ŞG = MG – durmuş ätiýaçlandyryşy üçin tölegler – korporasiýanyň peýdasyna salynýan salgyt – korporasiýanyň paýlanmadyk peýdasy + + transfertler + döwlet obligasiýalary boýunça göterimler*

ýa-da

*ŞG = MG – durmuş ätiýaçlandyryşy üçin tölegler – korporasiýanyň peýdasy + + diwidendler + transfertler + döwlet obligasiýalary boýunça göterimler.*

Girdejiniň üşünji görnüşi *ygtyýarlykda galýan şahsy girdeji* (Disposable Personal Income – *DPI*) – bu öý hojalyklarynyň ygtyýarynda galýan ulanylýan girdejidir. Ol şahsy girdejiden indiwidual salgytlaryň möçberinde kiçi bolýar. Olary ykdysady resurslaryň eýeleri göni (ilkinji nobatda girdeji) salgytlar (şeýle-de karzlar boýunça öý hojalyklarynyň şahsy göterim tölegleri) görnüşinde tölemeli bolýarlar:

*Yd = şahsy girdeji – indiwidual salgytlar.*

Öý hojalyklary öz ygtyýarynda galýan girdejini sarp etmek (consumption – *C*) we süýşürintgiler (savings – *S*) üçin harçlaýarlar:

$$Yd = C + S$$




*2.4-nji şekil. Ygtyýarlykda galýan girdeji, sarp etmek we süýşürintgiler*

4. Sargyt № 466.

Eger-de sarp etmek ygtyýarlykda galýan girdejiden uly bolsa, onda süýşürintgi amatsyz ýagdaýda bolýar we onuň möçberi azalýar. Eger ygtyýarlykda galýan girdeji sarp etmekden uly bolsa, onda süýşürintginiň amatly ýagdaýy emele gelýär we ol artýar.

Süýşürintgileriň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1) *şahsy süýşürintgiler* (personal savings) ýa-da öý hojalyklarynyň süýşürintgileri. Ol ygtyýarlykda galýan şahsy girdeji bilen şahsy sarp ediş üçin çykdajylaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenýär:

$$S_{\text{personal}} = DPI - C.$$

2) *işewürligiň süýşürintgileri* (savings of business) maliýeleşdirmegiň içerki çeşmesi we önümçiligi giňeltmek üçin esas bolup hyzmat edýän amortizasiýany we korporasiýanyň paýlanmadyk peýdasyny öz içine alýar;

3) *hususy süýşürintgiler* (*private savings*), ýagny öý hojalyklarynyň we kärhanalaryň süýşürintgilerinden durýan hususy bölegiň süýşürintgileri, başgaça şahsy süýşürintgiler bilen işewürligiň süýşürintgileriniň jemi:

$$S_{\text{private}} = S_{\text{personal}} + S_{\text{business}}.$$

Şeýle-de ol girdejileriň (*Y*), transfertleriň (*Tr*), döwlet bergileri boýunça tölenýän göterimleriň (*N*) jeminden salgytlaryň (*T*) we sarp etmegiň möçberiniň (*C*) aýrylmagy görnüşinde hem kesgitlenýär:

$$S_p = (Y + Tr + N - T) - C;$$

4) *döwlet süýşürintgileri* (government savings) döwlet býujetiniň girdejileriniň çykdajylaryndan ýokary bolan ýagdaýynda emele gelýär.

$$S_{\text{government}} = \textit{býujetiň girdejileri} - \textit{býujetiň çykdajylary} > 0.$$

Döwlet süýşürintgileri döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär we şeýle görnüşde ýazylýar:

$$S_g = (T - Tr - N) - G \textit{ ýa-da } S_g = T - (Tr + N + G)$$

Döwlet býujetiniň girdejileri ähli salgytlaryň tölenmeginden gelýän girdejileri, döwlet kärhanalarynyň peýdasyny, hususylaşdyrmakdan alynýan girdejileri we ş.m. öz içine alýar:

*Býujetiň girdejileri* = indiwidual salgytlar + korporasiýanyň peýdasyna salynýan salgyt + işewürlige salynýan gytaklaýyn salgytlar + durmuş ätiýaçlandyryşy üçin tölegler + döwlet kärhanalarynyň peýdasy + hususylaşdyrmakdan alynýan girdeji;

*Býujetiň çykdajylary* = döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy + transfertler + döwlet obligasiýalary boýunça tölegler.

*Býujetiň galyndysy = býujetiň girdejileri – býujetiň çykdajylary*;

5) *milli süýşürintgiler* (national savings) – hususy süýşürintgiler bilen döwlet süýşürintgileriniň jemi:

$$S_{national} = S_{private} + S_{government};$$

6) *daşary ýurt bölüminiň süýşürintgileri* (foreign sector savings) berlen döwletiň söwda balansynyň ýetmezçiligi (otrisatel galyndy) emele gelen ýagdaýynda ýüze çykýar. Bu daşary ýurt bölüminiň berlen döwletde öz harytlaryny we hyzmatlaryny satmakdan alýan girdejileriniň (berlen döwlet üçin import boýunça çykdajylary) berlen döwletiň harytlaryny hem-de hyzmatlaryny satyn almak boýunça çykdajylaryndan (berlen döwlet üçin eksportdan alynýan girdejiler) ýokarydygyny aňladýar.

$$S_{foreign} = Im - Ex > 0$$

$$S_f = -Nx.$$

Ähli bölümleriň süýşürintgileriniň jemi (hususy, döwlet we daşary ýurt) jemi maýa goýumlaryň ulylygyna deň:

$$I = S_{private} + S_{government} + S_{foreign} = S + (T - G) + (Im - Ex)$$

ýa-da

$$S_p + S_g + S_f = (Y + Tr + N - T) - C + (T - Tr - N) - G + (-Nx)$$

$$S_p + S_g + S_f = Y - C - G - Nx,$$

$$S = I.$$

Milli hasaplar ulgamynda ykdysady görkezijileriň özara baglanyşygy aşakdaky ugurlaryň öwrenilmegine mümkinçilik berýär:

– halkara deňeşdirmeleriniň geçirilmegi;

– monetar syýasatyň işlenip düzülmegi. Puluň dolanyşyk üçin zerur bolan möçberi jemi içerki önümiň derejesine bagly bolýar;

– döwletiň halkara ykdysady guramalaryna kabul edilen ýagdaýynda ilkinji tölegleriň kesgitlenmegi;

– ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň ýagdaýyna baha bermek;

– ykdysady syýasaty işläp düzmek.

## 2.4. Nominal we real jemi içerki önüm. Jemi içerki önümiň deflýatory

Milli hasaplar ulgamynda ähli esasy görkezijiler bir ýylyň dowamynda amala aşyrylan ykdysady işleriň netijesini görkezýär, ýagny berlen ýylyň bahalarynda (gündelik bahalarda) aňladylýar we şonuň üçin olar *nominal görkezijiler* hasap-

lanýar. Nominal görkezijiler döwletara deňeşdirmelerini geçirmäge, şeýle-de şol bir döwletiň dürli döwürlerde ykdysady ösüşiniň derejesini seljermäge mümkinçilik bermeýär. Şeýle deňeşdirmeler *real görkezijiler* (önümçiligiň hakyky möçberiniň we girdejileriň hakyky derejesiniň görkezijileri) arkaly amala aşyrylýar hem-de olar üýtgemeýän (deňeşdirme) bahalarda aňladylýar. Şonuň üçin nominal we real (bahalaryň derejesiniň üýtgemeleriniň täsirinden arassalanan) görkezijileri tapawutlandyrmak maksadalaýyk hasaplanýar.

*Nominal jemi içerki önüm* – bu berlen ýylyň bahalarynda, ýagny gündelik bahalarda hasaplanýan jemi içerki önüm. Nominal jemi içerki önümiň möçberine iki sany faktor täsir edýär:

1) önümçiligiň real möçberiniň üýtgemegi;

2) bahalaryň derejesiniň üýtgemegi.

*Real jemi içerki önüm* – bu deňeşdirilýän (üýtgemeýän) bahalarda, ýagny binýatlyk ýylyň bahalarynda ölçenilýän jemi içerki önüm. Binýatlyk ýyl hökmünde islendik ýyl alnyp bilner.

*Real JIÖ = nominal JIÖ/bahalaryň umumy derejesi*

$$Y^R = Y^N/P.$$

Bahalaryň umumy derejesi bahalaryň indeksi arkaly hasaplanýar. Binýatlyk ýylda nominal jemi içerki önüm real jemi içerki önüme deň bolýar. Binýatlyk ýylda bahalaryň umumy derejesi 1-e deň, bahalaryň indeksi bolsa 100-e deň bolýar.

$$Y_0^N = Y_0^R = \Sigma p_0 q_0.$$

Islendik ýylyň nominal jemi içerki önümi gündelik bahalarda hasaplanýandygy sebäpli $\Sigma p_t q_t$ deň bolar, binýatlyk ýylyň bahalarynda hasaplanýan real jemi içerki önüm $\Sigma p_0 q_t$ deň bolar.

$$Y^N = \Sigma p_t q_t \qquad Y^R = \Sigma p_0 q_t.$$

Nominal we real jemi içerki önüm pul birliklerinde (manat, ýewro, dollar we ş.m.) aňladylýar.

Berlen formulalarda $t$ indeks bilen dowam edýän (berlen) ýyl, 0 indeks binýatlyk ýyl aňladylýar. Şonuň üçin $p_t$ – dowam edýän ýylda bazar sebetine (harytlaryň toplumyna) girýän harydyň her bir görnüşiniň bahasy; $p_0$ – bu harytlaryň binýatlyk ýyldaky bahalary; $q_t$ – dowam edýän ýylda bazar sebetine girýän harydyň her bir görnüşiniň möçberi (agramy), $q_0$ bolsa bu harytlaryň binýatlyk ýyldaky möçberi.

Eger, nominal JIÖ-niň, real JIÖ-niň we bahalaryň umumy derejesiniň üýtgemeleri (bu hümmetsizlenmegiň depgini) belli bolsa, onda bu görkezijileriň arasyndaky gatnaşyk aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

*real JIÖ-niň üýtgemegi (%) = nominal JIÖ-niň üýtgemegi (%) – bahalaryň umumy derejesiniň üýtgemegi (%)*

$$\Delta Y^R(\%) = \Delta Y^N(\%) - \Delta P(\%).$$

Mysal üçin, eger nominal JIÖ 8% ýokarlansa, hümmetsizlenmegiň depgini 5%-e deň bolsa, onda real JIÖ 3% ýokarlanar. (Bu formulany üýtgemeleriň pes derejesinde we ilkinji nobatda bahalaryň umumy derejesiniň pes ýagdaýynda ulanmak maksadalaýyk hasaplanýar. Dürli mysallar çözülende nominal we real JIÖ-niň umumy görnüşdäki gatnaşygyny ulanmak dogry netijeleri almaga mümkinçilik berýär).

Bahalaryň indeksleriniň birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar we makroykdysadyýetde olaryň aşakdaky görnüşleri giňden ulanylýar:

1) sarp ediş bahalarynyň indeksi (*consumer price index*);

2) haryt öndürijileriň bahalarynyň indeksi (*producers price index*);

3) JIÖ-niň deflýatory (*GDP deflator*).

*Sarp ediş bahalarynyň indeksi* (*SEBI*) bazar sarp ediş sebetiniň (harytlaryň toplumynyň) esasynda hasaplanýar we ol bir ýylyň dowamynda adaty maşgalada sarp edilýän harytlaryň we hyzmatlaryň toplumyny öz içine alýar. (Ykdysady taýdan ösen döwletlerde sarp ediş sebeti sarp edilýän harytlaryň we hyzmatlaryň 300 – 400 görnüşini öz içine alýar);

*Haryt öndürijileriň bahalarynyň indeksi* önümçilige niýetlenen (aralyk önümler) harytlaryň sebetiniň gymmaty hökmünde kesgitlenýär;

Sarp ediş bahalarynyň indeksi (*CPI – consumer price index*) we haryt öndürijileriň bahalarynyň indeksi binýatlyk ýylyň möçberi bilen, ýagny *Laspeýresiň indeksi* hökmünde hasaplanýar. Möçberi hasaba almagyň uzak wagty talap edýändigi we onuň bahasynyň ýokary bolýandygyny göz öňünde tutup, ol bir ýylda däl-de, düzgün boýunça bäş ýyldan bir gezek geçirilýär:

$$CPI = I_L = (\Sigma p_t\, q_0 / \Sigma p_0\, q_0) \times 100\%.$$

*JIÖ-niň deflýatory* ykdysadyýetde bir ýylyň dowamynda öndürilen ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň sebetiniň gymmaty esasynda hasaplanýar. Statistikada ol Paaşeniň indeksi hökmünde çykyş edýär:

$$GDP_{\text{defl.}} = (\Sigma p_t\, q_t / \Sigma p_0\, q_t) \times 100\%.$$

Şeýlelikde,

$$GDP_{\text{defl.}} = GDP_{\text{nominal}} / GDP_{\text{real}} \times 100\%.$$

Binýatlyk ýylda JIÖ-niň deflýatory 100-e deň bolýar.

JIÖ-niň deflýatorynyň iki sany aýratynlygy tapawutlandyrylýar:

1) ýurtda öndürilýän ähli harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň üýtgemelerini hasaba alýan hümmetsizlenmegiň esasy görkezijisi;

2) JIÖ-niň deflýatorynyň möçberine bahalaryň üýtgemelerinden başga-da jemi içerki önümiň haryt düzüminiň üýtgemegi täsir edýär.

Düzgün boýunça bahalaryň umumy derejesini we hümmetsizlenmegiň depginini kesgitlemek üçin sarp ediş bahalarynyň indeksi (eger sarp ediş bazar sebetine girizilen harytlaryň sany gaty köp bolsa) we JIÖ-niň deflýatory ulanylýar.

Sarp ediş bahalarynyň indeksi bilen JIÖ-niň deflýatorynyň arasyndaky tapawut:

– sarp ediş bahalarynyň indeksi diňe sarp ediş sebetine girizilen harytlaryň bahalarynyň esasynda hasaplanýar, JIÖ-niň deflýatory bolsa milli ykdysadyýetde öndürilen ähli harytlary hasaba alýar;

– sarp ediş bahalarynyň indeksi hasaplananda importdan gelýän sarp ediş harytlary hasaba alynýar, JIÖ-niň deflýatory kesgitlenende diňe milli ykdysadyýetde öndürilen harytlar hasaba alynýar;

– bahalaryň umumy derejesini we hümmetsizlenmegiň depginini kesgitlemek üçin JIÖ-niň deflýatory we sarp ediş harytlarynyň indeksi (SEBI) ulanyp bilinýär, ýöne SEBI ýaşaýşyň gymmatynyň üýtgemeginiň depginini hasaba almak üçin esas bolup çykyş edýär we onuň esasynda durmuş üpjünçilik maksatnamalary işlenilip düzülýär.

*Hümmetsizlenmegiň depgini* (π) dowam edýän ýylyň ($GDP_{defl.t}$) we geçen ýylyň ($GDP_{defl.t-1}$) bahalarynyň derejesiniň aratapawudynyň geçen ýylyň ($GDP_{defl.t-1}$) bahalarynyň derejesine bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagyna deň:

$$\pi = \frac{GDP_{defl.t} - GDP_{defl.t-1}}{GDP_{defl.t-1}} \times 100\%.$$

Ýaşaýyş derejesiniň üýtgeme depgini ($\varphi$) sarp ediş bahalarynyň indeksi (*CPI* – consumer price index) arkaly kesgitlenýär:

$$\varphi = \frac{CPI_t - CPI_{t-1}}{CPI_{t-1}} \times 100\%$$

*t* – dowam edýän ýyl;

*t - 1* – geçen ýyl.

– makroykdysady modellerde bahalaryň umumy derejesiniň görkezijisi hökmünde JIÖ-niň deflýatory ulanylýar. Ol *P* harpy bilen belgilenýär we diňe otnositel ululyklarda ölçenilýär (mysal üçin, 1.4; 2.6; 3.7.).

– sarp ediş bahalarynyň indeksi bahalaryň umumy derejesiniň ululygyny we hümmetsizlenmegiň derejesini ýokarlandyrýar, JIÖ-niň deflýatory bolsa bu görkezijileri peseldýär.

Şonuň üçin, Fişeriň «kämil» indeksi diýlip atlandyrylýan indeks ulanylýar we ol Paaşeniň indeksiniň hem-de Laspeýresiň indeksiniň esasynda alynýan ortaça geometriki deňlemäni görkezýär:

$$I_F = \sqrt{P_P \times I_L}.$$

Binýatlyk ýyldan dowam edýän ýyla çenli geçen wagtyň dowamynda bahalaryň umumy derejesiniň (düzgün boýunça deflýatoryň kömegi arkaly kesgitlenýär) ýokarlanmagyna ýa-da peselmegine baglylykda nominal JIÖ-niň möçberi real JIÖ-niň möçberinden ýokary ýa-da pes bolup biler. Eger bu döwürde bahalaryň umumy derejesi ýokarlansa, ýagny *JIÖ*-niň deflýatory > 1 bolsa, onda *GDP* real < *GDP* nominal bolýar. Bu ýagdaýda deflirlemek amallary (dowam edýän ýylyň bahalarynyň derejesini binýatlyk ýylyň bahalarynyň derejesine çenli peseltmek, başgaça emeli deflýasiýa) geçirilýär. Eger binýatlyk ýyldan dowam edýän ýyla çenli döwürde bahalaryň umumy möçberi peselse, ýagny *JIÖ*-niň deflýatory < 1 bolsa, onda *GDP* real > *GDP* nominal bolýar. Şeýle ýagdaýda inflirlemek amallary (dowam edýän ýylyň bahalarynyň derejesini binýatlyk ýylyň bahalarynyň derejesine çenli ýokarlandyrmak, ýagny emeli hümmetsizlenmek) geçirilýär.

*Nominal jemi içerki önümiň kesgitlenişi:* $Y^N = \Sigma p_t q_t$




*Real jemi içerki önümiň kesgitlenişi:* $Y^R = \Sigma p_0 q_t$




*2.5-nji şekil*

Birnäçe ykdysady edebiýatlarda JIÖ-ni hasaplamakda geografiki faktor, JMÖ-ni hasaplamakda «rezidentlik, başgaça ol ýa-da beýleki döwletde hemişelik ýaşaýan faktory» hasaba almak ulanylýar.

JIÖ-niň deflýatory ähli sarp ediş we maýa goýum häsiýetli harytlar hem-de hyzmatlar üçin hasaplanýar. Ilat üçin *sarp ediş bahalarynyň indeksi* (*SEBI*) – (*CPI consumer price index*) has wajyp hasaplanýar, sebäbi öý hojalyklary tarapyndan

uly möçberli maşynlar, enjamlar (ýer gazyjy enjamlary – ekskawatorlary, uçarlary we ş.m.) satyn alynmaýar, olaryň alýan girdejileri, esasan, gündelik sarp edilýän harytlar hem-de jemagat hyzmatlary üçin sarp edilýär. Ykdysady nazaryýetde *SEBI Laspeýresiň indeksi görnüşinde* hasaplanýar. Laspeýresiň indeksi harytlaryň *üýtgemeýän* toplumy (standart sarp ediş sebetini hasaplamakda) üçin hasaplanýar.

*2.2-nji tablisa*

**Nominal we real jemi içerki önümi kesgitlemegiň usuly**

| Ýyl | Harytlaryň bahalary we möçberi | | | |
|---|---|---|---|---|
| | *A* harydyň bahasy, man.(*P*) | *A* harydyň möçberi (*Q*) | *B* harydyň bahasy, man.(*P*) | *B* harydyň möçberi (*Q*) |
| 2012 | 1 | 10 | 3 | 20 |
| 2013 | 2 | 20 | 4 | 30 |
| 2014 | 3 | 30 | 5 | 40 |
| | *Nominal JIÖ-niň hasaplanyşy* | | | |
| 2012 | (1 man. × 10) + (3 man. × 20) = 70 manat | | | |
| 2013 | (2 man. × 20) + (4 man. × 30) = 160 manat | | | |
| 2014 | (3 man. × 30) + (5 man. × 40) = 290 manat | | | |
| | *Real JIÖ-niň hasaplanyşy* | | | |
| 2012 | (1 man. × 10) + (3 man. × 20) = 70 manat | | | |
| 2013 | (1 man. × 20) + (3 man. × 30) = 110 manat | | | |
| 2014 | (1 man. × 30) + (3 man. × 40) = 150 manat | | | |
| | *JIÖ-niň deflýatorynyň hasaplanyşy* | | | |
| 2012 | (70 man. / 70 man.) × 100 = 100 % | | | |
| 2013 | (160 man. / 110 man.) × 100 = 145 % | | | |
| 2014 | (290 man. / 150 man.) × 100 = 193 % | | | |

Milli walýutalarda aňladylýan jemi milli girdeji görkezijisi Bütindünýä bankynyň «*ATLAS*» diýlip atlandyrylýan usulyýeti boýunça ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşykda hasaplanýar. Bu usulyýet alyş-çalyş hümmetiniň wagtlaýyn üýtgeme netijesini deňlemek maksady bilen soňky üç ýylyň dowamynda walýutalaryň ortaça ýagdaýa getirilen alyş-çalyş hümmetiniň ulanylmagyna esaslanýar.

Eger haýsy hem bolsa 2 ýylyň nominal görkezijilerini deňeşdirmeli bolsa (mysal üçin, 2007-nji we 2010-njy ýyllar), onda önümçiligiň fiziki möçberiniň we bahalaryň üýtgemeginiň garyşyk ýagdaýyny häsiýetlendirýän bir indeks alynýar. Bularyň esaslandyrylmagy aşakdaky tertipde amala aşyrylýar.

Mysal üçin, tutuş ykdysadyýetde iki sany haryt, ýagny *A* we *B* haryt öndürilýär. Başgaça 2007-nji ýylda bahasy 4 manat bolan 2 sany *A* haryt we bahasy 5 manat bolan 3 sany *B* haryt öndürilýän bolsa, onda 2007-nji ýylda nominal JIÖ-niň möçberi 23 manat bolar: (2 × 4) + (3 × 5) = 23 manat. 2010-njy ýylda bahasy 5 ma-

nat bolan 3 sany *A* haryt we bahasy 7 manat bolan *B* haryt öndürilýär. Bu ýagdaýda 2010-njy ýylda nominal JIÖ-niň möçberi 43 manat bolar. 2007-nji ýyldaky nominal JIÖ-niň möçberini 2010-njy ýyldaky JIÖ-niň möçberine bölüp, şeýle görkeziji alynýar: 43/23 = 1,86. Bu «garyşyk» indeks bolup, bir wagtda jemi önümiň fiziki möçberiniň we harytlaryň bahalarynyň üýtgemegini görkezýär.

Diňe bahalaryň derejesiniň üýtgemegini, ýagny JIÖ-niň deflýatorynyň möçberini hasaplamak talap edilýär. Munuň üçin, 2007-nji ýyl binýatlyk ýyl diýlip hasaplanýar we şeýle netijäniň alynmagyna mümkinçilik döreýär:

2010-njy ýylda real JIÖ-niň möçberi 32 manat bolar.

*(4 manat × 3 sany A haryt) + (5 manat × 4 sany B haryt) = 32 manat.*

JIÖ-niň deflýatorynyň ululygy şeýle kesgitlenýär we ol bahalaryň indeksini görkezýär.

$$43 / 32 = 1,34.$$

Ondan soň öndürilýän önümiň fiziki möçberiniň ululygy kesgitlenýär:

$$1,86 / 1,34 = 1,39.$$

Bu ululyk beýleki bir usul bilen, ýagny 2007-nji we 2010-njy ýylyň real JIÖ--ni deňeşdirmek arkaly hem ölçenilip bilinýär. Şeýlelikde, ol aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

$$32 / 23 = 1,39.$$

Umuman, hasaplamalar 2007-nji ýyldan 2010-njy ýyl aralygynda önümçiligiň fiziki möçberiniň 39% artandygyny, bahalaryň derejesiniň bolsa 34% ýokarlanandygyny görkezýär we degişli seljermeleri geçirmeklige mümkinçilik berýär.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *National account system* | *Milli hasaplar ulgamy* |
| *GDP – Gross Domestic Product* | *jemi içerki önüm* |
| *GNP – Gross National Product* | *jemi milli önüm* |
| *NDP – Net Domestic Product* | *sap içerki önüm* |
| *NI – National Income* | *milli girdeji* |
| *PI – Personal Income* | *şahsy girdeji* |
| *DPI – disposable personal income* | *ygtyýarlykda galýan şahsy girdeji* |
| *PPP – purchasing power parity* | *satyn alyjylyk ukybynyň deňligi* |
| *intermediary goods* | *aralyk harytlar* |
| *final goods* | *ahyrky harytlar* |
| *fixed investment* | *üýtgemeýän maýa goýumlar* |
| *inventory investment* | *ätiýaçlyklar üçin maýa goýumlar* |

| | |
|---|---|
| *$I_{gross}$ – gross investment* | *jemi maýa goýumlar* |
| *A – depreciation* | *amortizasiýa* |
| *$I_{net}$ – net investment* | *sap maýa goýumlar* |
| *capital consumption allowances* | *esasy kapitalyň sarp edilmegi* |
| *private investment* | *hususy maýa goýumlar* |
| *foreign investment* | *daşary ýurt maýa goýumlary* |
| *Government spending* | *döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy* |
| *Nx – net export* | *sap eksport* |
| *wages and salaries* | *zähmet haky* |
| *rental payments* | *kärende tölegi ýa-da renta* |

# III BAP
# BINÝATLYK MAKROYKDYSADY MODEL
# (AD-AS MODELI)

## 3.1. Jemi hyrydarlyk we onuň ululygy

Makroykdysady deňagramlylyk makroykdysadyýetiň esasy meseleleriniň biri hasaplanýar. Ykdysady ulgamlaryň aşakdaky ugurlary boýunça deňagramlylygyň gazanylmagyna degişli işler ýerine ýetirilýär:

– önümçilik bilen sarp etmegiň arasynda;
– jemi hyrydarlyk bilen jemi hödürlemegiň arasynda;
– harytlaryň umumy möçberi bilen onuň pul deňeçerliginiň arasynda;
– süýşürintgiler bilen maýa goýumlaryň arasynda;
– önümçilik faktorlarynyň we olaryň netijeleriniň arasynda we ş.m.

Umumy deňagramlylygy öwrenmegiň binýatlyk modeli hökmünde jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň modeli hasaplanýar.

Deňagramlylygyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) Bölekleýin deňagramlylyk – aýry-aýry haryt bazarlarynyň deňagramlylygy;

2) Umumy deňagramlylyk – bu bir wagtda ähli bazarlaryň deňagramlylygy.

Makroykdysady deňagramlylygyň modelleri:

*F. Kenäniň modeli* – XVIII asyrda Fransiýanyň ykdysadyýetiniň mysalynda ýönekeý üznüksiz önümçilik beýan edilýär. Ol «Ykdysady tablisa» atly işinde önümleriň we girdejileriň taraplaryň arasynda emele gelýändigini hem-de aýlanýandygyny görkezýär. F.Kene ilkinji ykdysady-matematiki modeli işläp düzýär.

*Ž. B. Seýiň modeli* – harytlaryň makroykdysady derejede hödürlenmegi öz hyrydarlygyny döredýär we deňagramlylygyny üpjün edýär.

*A. Smitiň «bazaryň görünmeýän güýji»* baradaky taglymaty. A. Smit ykdysadyýetiň öz-özüni kadalaşdyryş mehanizminiň hereketi netijesinde harytlary we hyzmatlary satýan we satyn alýan taraplaryň arasyndaky bäsdeşlik arkaly bazarda umumy deňagramlylygyň emele gelýändigini kesgitleýär.

*L.Walrasyň modeli* – kämil bäsdeşlik şertlerinde umumy deňagramlylygy gazanmak mümkinçilikleri görkezilýär. Eger özara baglanyşykly *n* bazarlardan durýan ykdysady ulgamda (*n-1*) bazarda deňagramlylyk gazanylýan bolsa, onda *n* bazarda elmydama deňagramlylyk üpjün ediler. Bu modeliň maksady – ykdysadyýeti bir bitewi, özara baglanyşykly bazarlaryň ulgamy hökmünde görkezmek hasaplanýar.

*K.Marksyň ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçilik şekili*. Bu modelde kapitalyň hereketi we tapgyrlaýyn çökgünlik nazaryýeti seljerilýär.

*Milli hasaplar ulgamy* – MHU (W.Kliff, R.Stoun). Milli hasaplar ulgamynyň esasy düzgüni – jemi milli çykdajylaryň jemi milli girdejä deň bolmagydyr.

*J.M. Keýnsiň gysga möhletli ykdysady deňagramlylyk modeli.*

W. Leontýew tarapyndan hödürlenen *«çykdajylar – öndürilen önüm»* ykdysady modeli. Bu modeliň esasynda Walrasyň öňe süren pikirleri, ýagny çykdajylar bilen öndürilýän önümleriň göni baglanyşygy we tehnologiki koeffisiýentleriň öndürilýän önümleriň möçberine garaşly bolmaýandygy seljerilýär.

Jemi hyrydarlyk-jemi hödürlemek (AD-AS modeli) modeli esasy, binýatlyk makroykdysady model hasaplanýar. Bu model aşakdaky ugurlaryň düşündirilmegine, ýagny:

*birinjiden*, makroykdysady deňagramlylygyň şertlerini ýüze çykarmaga, önümçiligiň deňagramly möçberiniň ululygyny we bahalaryň deňagramly derejesini kesgitlemeklige;

*ikinjiden*, ykdysadyýetde önümçiligiň möçberiniň we bahalaryň derejesiniň üýtgemegini düşündirmeklige;

*üçünjiden*, bu üýtgemeleriň sebäplerini we netijelerini açyp görkezmeklige;

*dördünjiden*, döwletiň ykdysady syýasatynyň dürli ugurlarynyň özara baglanyşygyny görkezmeklige mümkinçilik berýär.

*Jemi hyrydarlyk* (*Aggregate demand – AD*) ähli makroykdysady gatnaşyjylaryň (öý hojalyklary, kärhanalar, döwlet we daşary ýurt bölümi) ahyrky harytlara we hyzmatlara bolan jemi hyrydarlygyny görkezýär. Jemi hyrydarlygyň bölümleri hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

1) öý hojalyklarynyň hyrydarlygy, başgaça sarp ediş hyrydarlygy – *C* (*consumption demand*);

2) kärhanalaryň hyrydarlygy, başgaça maýa goýum hyrydarlygy – *I* (*investment demand*);

3) döwlet tarapyndan bildirilýän hyrydarlyk, başgaça döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmalary – *G* (*government spending*);

4) daşary ýurt bölüminiň hyrydarlygy, başgaça sap eksport – *Xn* (*demand for net export*).

Şonuň üçin jemi hyrydarlygyň formulasy aşakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$AD = C + I + G + Xn.$$

Bu formula JIÖ-niň çykdajylar boýunça hasaplanyş formulasyna meňzeş. Ýöne bularyň tapawudy JIÖ-niň formulasy ähli makroykdysady agentler tarapyndan harçlanan çykdajylary görkezýän bolsa, onda jemi hyrydarlygyň formulasy makroykdysady amallara gatnaşyjylaryň geljekde harçlamak üçin niýetlenen çykdajylaryny görkezýär. Bu jemi çykdajylaryň ululygy, ýagny jemi hyrydarlygyň möçberi, ilkinji nobatda, bahalaryň derejesine bagly bolýar. Jemi hyrydarlygyň ululygy her bir berlen bahalaryň derejesinde ähli makroykdysady amallara gatnaşyjylar tarapyndan ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň möçberine bolan hyrydarlygy görkez-

ýär. Bahalaryň umumy derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da jemi hyrydarlygyň ululygy pes bolýar, başgaça ähli makroykdysady gatnaşyjylar ahyrky harytlary we hyzmatlary satyn almaklyga az harajat etmeklige çalyşýarlar. Şeýlelikde, jemi hyrydarlygyň ululygynyň bahalaryň umumy derejesine baglylygy ters gatnaşykda bolýar we grafikde otrisatel ýapgytly çyzyk görnüşinde görkezilýär.




*3.1-nji şekil. Jemi hyrydarlygyň grafigi*

Grafikde absissanyň oky boýunça pul birliginde ölçenilýän (dollar, ýewro, manat we ş.m.) real JIÖ ýerleşdirilýär, ýagny ol pul görkeziji hasaplanýar. Ordinatanyň oky boýunça otnositel ululyklarda ölçenilýän bahalaryň umumy derejesi (*JIÖ-niň deflýatory*) ýerleşdirilýär. Bahalaryň has ýokary derejesinde ($P_1$) jemi hyrydarlygyň ululygy ($Y_1$) *A* nokada çenli pes bolýar. Bahalaryň has pes derejesine ($P_2$) jemi hyrydarlygyň ($Y_2$) ululygy *B* nokatda laýyk gelýär.




*3.2-nji şekil. Jemi hyrydarlygyň (AD) grafigi*

Jemi hyrydarlyk ykdysady ulgamda bahalaryň belli bir derejesinde ähli haryt öndürijileriň hakyky öndürýän önümleriniň möçberini görkezýär.




*3.3-nji şekil. Jemi hödürlemegiň (AS) grafigi*

Jemi hödürlemegiň grafigi üç bölege bölünýär:
1) gorizontal ýa-da keýnsiançylyk bölümi;
2) ýokarlanýan ýa-da aralyk bölüm;
3) wertikal ýa-da klassyky bölüm.




*a) keýnsiançylyk bölümi*




*b) aralyk bölüm*




*ç) klassyky bölüm*

*3.4-nji şekil. Dürli bölümlerde jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagynyň netijeleri*

Ykdysadyýetde önümçiligiň möçberi bilen bahalaryň derejesiniň deňagramlylygy *AD* we *AS* egri çyzyklarynyň kesişmesinde emele gelýär. Jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy netijesinde deňagramly nokat üýtgeýär we ol milli önümçiligiň möçberine, iş bilen üpjünçiligiň ýagdaýyna, şeýle-de bahalaryň derejesine täsir edýär (*3.4-nji şekil*).

Jemi hyrydarlygyň peselýän ýagdaýynda «*Bir ugra hereket etmegiň netijesi» (ratchet effect)* emele gelýär we ol bahalaryň öňki derejesinde önümçiligiň deňagramly möçberiniň azalýandygyny aňladýar. *AD*-niň artýan ýagdaýynda bahalaryň derejesiniň ýokarlanmak meýli saklanýar.




*3.5-nji şekil. «Bir ugra hereket etmegiň» netijesi*

Ýokarky şekilden görnüşi ýaly, jemi hyrydarlygyň $AD_0$-dan $AD_1$-e çenli peselmegi netijesinde deňagramlylyk önümçiligiň möçberiniň $Y_1$ we bahalaryň derejesiniň $P_1$-e laýyk gelýän $E_1$ nokada süýşmeli, ýöne şeýle ýagdaýda bu şert ýerine ýetirilmeýär hem-de deňagramlylyk $E_2$ nokatda emele gelýär. Baha öňki $P_0$ derejesinde saklanýar, önümçiligiň möçberi bolsa $Y_2$-ä çenli azalýar. Bahalaryň we önümçiligiň möçberiniň şeýle ýagdaýy önümi öndürmek üçin çykarylýan harajatlara bahalaryň hereketsizligi täsir edýär diýlip düşündirilýär.

*AD* egri çyzygynyň otrisatel gyşarmasy (ýapgytlygy) aşakdaky netijeler bilen düşündirilýär:

1. *Real baýlygyň netijesi* (real pul ätiýaçlyklarynyň – *real money balances effect*) ýa-da *Pigunyň netijesi* (belli iňlis ykdysatçysy, Kembrij mekdebinde J.M.Keýnsiň kärdeşi, Alfred Marşallyň okuwçysy professor Artur Pigunyň hatyrasyna şeýle atlandyrylýar. Ol «*real pul ätiýaçlyklary*» *diýen düşünjäni ylmy dolanyşyga girizdi*). Real baýlyk ýa-da real pul ätiýaçlyklary diýlip pul görnüşinde aňladylan adamyň nominal baýlygynyň (*M*) bahalaryň umumy derejesine (*P*) bolan gatnaşygyna düşünilýär:

$$real\ money\ balances = M/P.$$

Şeýlelikde, adamyň nominal baýlygynyň real satyn alyjylyk ukyby nagt pullar görnüşinde (pul maliýe aktiwleri), şeýle-de üýtgemeýän nominal gymmaty bolan gymmatly kagyzlar (pul däl maliýe aktiwleri, ýagny paýnamalar we obligasiýalar) görnüşinde görkezilip bilinýär. Bahalaryň derejesi ýokarlananda nominal baýlygyň satyn alyjylygy peselýär, ýagny nominal pul ätiýaçlyklarynyň şol bir möçberine öňkä garanyňda az harytlary we hyzmatlary satyn alyp bolýar. *Pigunyň netijesi aşakdaky ýaly häsiýetlendirilýär*: eger bahalaryň derejesi ýokarlanýan bolsa,

onda real pul ätiýaçlyklarynyň (real baýlygyň) möçberi azalýar, adamlaryň öňkä garanyňda üpjünçilik derejesi peselýär we sarp edişiň möçberi azalýar.

Sarp ediş (sarp ediş hyrydarlygy) jemi hyrydarlygyň bir bölegi hasaplanýandygy bilen baglanyşykly jemi hyrydarlygyň möçberi hem peselýär. Bu netije aşakdaky yzygiderlilikde ýazylýar:

$$P \Uparrow \rightarrow M/P \Downarrow \rightarrow C \Downarrow \rightarrow AD \Downarrow .$$

2. *Göterim derejesiniň netijesi* (interest rate effect) ýa-da *Keýnsiň netijesi*. Ol aşakdaky görnüşde häsiýetlendirilýär: eger bahalaryň derejesi ýokarlanýan bolsa, onda adamlara bahasy gymmatlaýan harytlary satyn almak üçin köp puluň talap edilýändigi sebäpli pula bolan hyrydarlyk artýar. Adamlar bank hasaplarynda goýan pullaryny alýarlar, netijede, banklaryň karz bermek mümkinçilikleri azalýar we karz resurslary gymmatlaýar, puluň «bahasy» (karzyň bahasy), ýagny göterim derejesi ýokarlanýar. Karzlaryň, ilkinji nobatda, kärhanalar tarapyndan alnyp, olaryň maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin ulanylýandygy sebäpli karzyň gymmatlamagy jemi hyrydarlygyň bir bölegi hasaplanýan maýa goýum hyrydarlygynyň peselmegine getirýär we netijede, jemi hyrydarlygyň möçberi peselýär. *Keýnsiň netijesi aşakdaky yzygiderlikde görkezilýär*:

$$P \Uparrow \rightarrow M^D \Uparrow \rightarrow r \Uparrow \rightarrow I \Downarrow \rightarrow AD \Downarrow .$$

Mundan başga-da, göterim derejesiniň ýokarlanmagy sarp ediş çykdajylaryny hem azaldýar. Bir tarapdan, karzlar diňe bir kärhanalar tarapyndan alynman, eýsem, olar öý hojalyklary tarapyndan hem (sarp ediş karzlary) alynýar we, esasan, uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlaryň satyn alynmagy artýar hem-de olaryň bahasynyň ýokarlanmagy sarp ediş hyrydarlygynyň peselmegine getirýär. *Beýleki bir tarapdan*, göterim derejeleriniň ýokarlanmagy süýşürintgiler boýunça ýokary girdejiniň tölenýändigini aňladýar we ol öý hojalyklarynyň süýşürintgileriniň artmagyny hem-de sarp ediş çykdajylarynyň peselmegini höweslendirýär. Jemi hyrydarlygyň ululygy has ýokary derejelerde peselýär.

3. *Import satyn alynmalarynyň netijesi* (sap eksportyň netijesi – net export effect) *ýa-da Mandell-Flemingiň* netijesi. Bu netije aşakdaky görnüşde häsiýetlendirilýär: eger bahalaryň derejesi ýokarlansa, onda öwrenilýän döwletiň harytlary daşary ýurtlular üçin has gymmat bolýar we şonuň üçin eksportyň möçberi azalýar. Importdan gelýän harytlar öwrenilýän döwletiň raýatlary üçin has arzan bolýar we şonuň üçin importyň möçberi artýar. Netijede, sap eksport azalýar we onuň jemi hyrydarlygyň bir bölegi hasaplanýandygy sebäpli jemi hyrydarlygyň ululygy peselýär. Ony aşakdaky yzygiderlilikde ýazmak mümkin:

$$P \Uparrow \rightarrow Ex \Downarrow \rightarrow Im \Uparrow \rightarrow Xn \Downarrow \rightarrow AD \Downarrow .$$

Üç ýagdaýda hem bahalaryň derejesi bilen jemi hyrydarlygyň ululygynyň arasyndaky baglanyşyk ters häsiýetde bolýar, şonuň üçin *AD* egri çyzygy otrisatel gyşarma degişli bolýar. Bu üç netije bahalar faktorynyň täsirini görkezýär we olar jemi hyrydarlygyň ululygyna täsir edýär.

## 3.2. Jemi hyrydarlyga täsir edýän ýagdaýlar

Bahalara degişli bolmadyk faktorlar jemi hyrydarlygyň özüne täsirini ýetirýärler, bu bolsa jemi hyrydarlygyň ululygynyň her bir mümkin bolan bahalaryň derejesinde birmeňzeş üýtgeýändigini aňladýar. Eger bahalara degişli bolmadyk ýagdaýlaryň täsiri astynda jemi hyrydarlyk ýokarlansa, *AD* egri çyzygy saga süýşýär, eger peselse, onda ol çepe tarap süýşýär. Jemi hyrydarlygyň üýtgemeginiň bahalara degişli bolmadyk ýagdaýlaryna jemi çykdajylaryň ululygyna täsir edýän ähli faktorlar degişli. Olar aşakdakylary öz içine alýar:

♦ *Jemi sarp ediş çykdajylaryna täsir edýän faktorlar:*

*maddy hal-ýagdaýyň derejesi (W – wealth)*. Maddy hal-ýagdaýyň derejesi, ýagny baýlygyň möçberi näçe ýokary bolsa, şonça-da sarp ediş harajatlary we jemi hyrydarlyk ýokary bolýar. *AD* egri çyzygy saga süýşýär, garşylyklaýyn ýagdaýda ol çepe süýşýär;

*gündelik girdejileriň derejesi (Y – yield, income)*. Girdejileriň derejesiniň artmagy sarp etmegiň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär we şonuň üçin jemi hyrydarlyk artýar (*AD* egri çyzygy saga süýşýär);

*garaşmalar (expectations)*. Olaryň jemi hyrydarlyga edýän täsiri seljerilende garaşmalaryň iki görnüşi hasaba alynýar:

1) *geljekde girdejileriň üýtgemelerine bolan garaşmalar* ($Yd^e$ – *expected disposable income*). Eger adam geljekde girdejiniň ýokarlanmagyna garaşýan bolsa, onda ol häzirki wagtda sarp edişiň möçberini ýokarlandyrýar. Bu bolsa jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyna getirýär (*AD* egri çyzygy saga süýşýär);

2) *bahalaryň derejesiniň üýtgemelerine bolan garaşmalar* ($\pi^e$ – *expected inflation*). Eger adamlar bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagyna garaşýan bolsa, onda häzirki wagtda pes bahalar boýunça («*inflýasiýa psihologiýasy*» diýlip atlandyrylýan) harytlary we hyzmatlary mümkin boldugyça köp satyn almaklyga çalşyp, olara bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýarlar. Bu bolsa jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyna getirýär.

– *salgytlar (Tx – taxes)*. Salgytlaryň ýokarlanmagy öý hojalyklaryň ygtyýarlygynda galýan girdejileriniň peselmegine getirýär we onuň bir bölegi sarp etmeklige niýetlenýär. Netijede, jemi hyrydarlyk peselýär we *AD* egri çyzygy çepe süýşýär;

– *transfertler (Tr – transfers)*. Transfertleriň ýokarlanmagy şahsy girdejileriň artmagyny, salgytlaryň üýtgemeýän derejesinde bolsa (ýagny, beýleki deň şertlerde)

öý hojalyklaryň ygtyýarlygynda galýan girdejileriň ýokarlanmagyny aňladýar. Sarp ediş harajatlary artýar we jemi hyrydarlyk ýokarlanýar;

– *öý hojalyklarynyň bergileriniň derejesi (D – debt)*. Bergileriň derejesi näçe ýokary bolsa, öý hojalyklary girdejileriniň köp bölegini häzirki wagtdaky bergileri tölemeklige gönükdirýärler ýa-da geljekde bergileri tölemek üçin süýşürintgiler görnüşinde goýýarlar. Bu bolsa sarp edişiň peselmegine we oňa laýyklykda jemi hyrydarlygyň pese gaçmagyna getirýär (*AD* egri çyzygy çepe süýşýär);

– *sarp ediş karzy boýunça göterimiň derejesi (r – interest rate)*. Öý hojalyklarynyň uzak wagtyň dowamynda ulanylýan gymmatbahaly harytlary satyn almak üçin alýan sarp ediş karzy boýunça göterimiň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da sarp ediş çykdajylary az bolýar;

– *sarp edijileriň sany (N – number of consumers)*. Bu faktor jemi hyrydarlyk bilen göni baglanyşykda bolýar.

Şeýlelikde, sarp edişiň funksiýasy şeýle görnüşe eýe bolýar:

$$C = C\,(W,\ Y,\ Yd^e,\ \pi^e,\ Tx,\ Tr,\ D,\ r,\ N)$$

$$+ \quad + \quad + \quad + \quad - \quad + \quad - \quad - \quad +$$

♦ *Jemi maýa goýum çykdajylaryna täsir edýän faktorlar:*

– *garaşmalar (expectations)*. Maýadarlaryň (kärhanalaryň) garaşmalary, ilkinji nobatda, garaşylýan içerki peýdanyň (IRR – internal rate of return) çägi bilen baglanyşykly bolýar. J.M.Keýns ony «*kapitalyň goşmaça netijeliligi*» diýip atlandyrdy. Ol maýa goýum çözgütlerini kabul etmegiň esasy bolup subýektiw faktoryň, ýagny maýadaryň ýagdaýynyň talabalaýyk bolmagy diýip hasaplady. Eger maýadar geljekki ýagdaýlara ynamly baha berýän we maýa goýumlardan girdejiniň ýokary çägine garaşýan bolsa, onda ol maýa goýum taslamasyny maliýeleşdirip bilýär. Eger ykdysadyýetde çökgünlik dowam edýän bolsa, onda maýadarlar geljekki girdejileri barada ynamsyz ýagdaýda bolýarlar we şoňa görä maýa goýum çykdajylary azalýar;

– *göterim derejesi (r – interest rate)*. Göterim derejeler näçe ýokary bolsa, ýagny karz serişdeleri näçe gymmat bolsa, maýadarlar şonça-da karzlary az möçberde alýarlar we şonça-da maýa goýum çykdajylary peselýär hem-de *AD* egri çyzygy çepe süýşýär hem-de tersine;

– *girdejiniň möçberi (Y – yield)*. Kärhanalaryň öz girdejileriniň bir bölegini önümçiligi giňeltmek maksady bilen maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin ulanýandyklary sebäpli, olaryň girdejileriniň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da jemi maýa goýum çykdajylarynyň möçberi ýokary bolýar. Maýa goýumlaryň jemi girdejiniň möçberine baglylygyna *indusirlenen maýa goýumlar (induced investment)* ýa-da höweslendirilýän maýa goýumlar diýilýär;

– *salgytlar (Tx – taxes)*. Salgytlaryň ýokarlanmagy netijesinde maýadarlaryň

girdejileri (peýdasy) azalýar. Girdejiler bolsa kärhanalary maliýeleşdirmegiň içerki çeşmesi we sap maýa goýumyň esasy hasaplanýar. Şeýlelikde, maýa goýum çykdajylary azalýar we *AD* egri çyzygy çepe süýşýär;

– *transfertler (Tr – transfers)*. Subsidiýalar, subwensiýalar we ýeňillikli salgytlar hökmünde çykyş edýän kärhanalaryň transfertleri maýa goýum hyrydarlygyny höweslendirýär;

– *tehnologiýalar* ($\tau$ – *technological progress)*. Täze has öndürijilikli tehnologiýalaryň ýüze çykmagy maýa goýum çykdajylarynyň ýokarlanmagyna getirýär we *AD* egri çyzygy saga süýşýär;

– *artykmaç önümçilik kuwwatlyklary* ($K_{excess}$). Artykmaç kuwwatlyklaryň emele gelmegi kärhanalaryň maýa goýum hyrydarlygyny peseldýär, sebäbi kärhanalarda bar bolan enjamlaryň doly ulanylmaýan ýagdaýynda kapitalyň ätiýaçlyklaryny artdyrmak maksadalaýyk hasaplanmaýar;

– *kärhanalaryň kapitalynyň ätiýaçlyklarynyň möçberi* ($K_0$). Eger kärhanalarda kapitalyň ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesi üpjün edilen bolsa, onda peýdanyň ýokary derejesi gazanylýar we olar maýa goýum amallaryny ýerine ýetirýärler. Kärhanalaryň kapitalynyň möçberi onuň amatly, ýeterlik derejesi bilen deňeşdirilende näçe pes bolsa, şonça-da maýa goýum hyrydarlygy ýokary bolýar.

Maýa goýum funksiýasy aşakdaky görnüşde görkezilýär:

$$I = I\,(IRR,\ r,\ Y,\ Tx,\ Tr,\ \tau,\ K_{excess},\ K_0)$$

$$+ \quad - \ + \quad - \ + \ + \ - \quad -$$

♦ *Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagyna täsir edýän ýagdaýlar:*

Döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagynyň möçberi ekzogen üýtgeýän ululyk hasaplanýar we ol nobatdaky ýylyň döwlet býujeti taýýarlananda döwlet kanun çykaryjy guramalary tarapyndan kesgitlenýär hem-de ol dolandyryşyň ölçegi bolup çykyş edýär.

$$G = \overline{G}.$$

Döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagynyň artmagy jemi hyrydarlygy ýokarlandyrýar (*AD* egri çyzygy saga süýşýär) we tersine.

♦ *Sap eksporta täsir edýän faktorlar:*

– *beýleki döwletlerde jemi içerki önümiň we milli girdejiniň ululygy* ($Y_{foreign}$). Daşary ýurt bölüminde JIÖ-niň we milli girdejiniň artmagy berlen ýurtda harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Eksportyň möçberi artýar we netijede, sap eksport hem-de jemi hyrydarlyk ýokarlanýar.

– *berlen ýurtlarda jemi milli önümiň we milli girdejiniň ululygy* ($Y_{domestic}$). Eger berlen ýurtda JIÖ-niň we milli girdejiniň möçberi ýokarlanýan bolsa, onda ykdysady amallara gatnaşyjylar beýleki döwletleriň (daşary ýurt bölegi) harytlary-

na we hyzmatlaryna hyrydarlyk bildirip başlaýarlar. Ol importyň ýokarlanmagyna getirýär we netijede, berlen ýurtda jemi hyrydarlyk azalýar. *AD* egri çyzygy çepe süýşýär.

– *milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti (e – exchange rate)*. Alyş-çalyş hümmeti – bu milli pul birlikleriniň beýleki ýurduň (ýa-da ýurtlaryň) pul birliklerinde aňladylan bahasy. Bu berlen ýurduň bir pul birligine satyn alyp bolýan daşary ýurt walýutasynyň möçberini görkezýär (mysal üçin, 1 ýen = 2 ýuan). Alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy (biziň mysalymyzda 1 ýen = 3 ýuan) öňki ýagdaýa görä, ýeniň şol bir möçberini we şol bir möçberde ýapon harytlaryny satyn almak üçin Hytaýyň raýatlary köp ýuan çalyşmaly bolýarlar. Hytaý üçin ýapon harytlarynyň bahasy ýokary bolýar we Ýaponiýanyň eksportynyň möçberi azalýar. Şeýle ýagdaýda ýaponlar üçin Hytaý harytlary arzan bolýar, sebäbi hytaý harytlarynyň öňki möçberini satyn almak üçin ýaponlar öz milli pul birligini, ýagny ýeni az möçberde çalyşýarlar. Ýaponiýanyň importy ýokarlanýar we onuň netijesinde sap eksportyň möçberi azalýar hem-de jemi hyrydarlyk peselýär. Şeýlelikde, milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy sap eksporty peseldýär we jemi hyrydarlygyň azalmagyna getirýär.

*Sap eksportyň funksiýasy:*

$$Xn = Xn\,(\underset{+}{Y_{foreign}},\ \underset{-}{Y_{domestic}},\ \underset{-}{e}).$$

Jemi hyrydarlyga täsir edýän we *AD* egri çyzygynyň süýşmesiniň düşündirilmegine mümkinçilik berýän *baha däl faktorlaryň* biri hökmünde *pul faktory* çykyş edýär. Sebäbi *AD* egri çyzygyny puluň möçberi nazaryýetiniň deňlemesinden alyp bolýar (şeýle-de ol *alyş-çalyş deňlemesi* ýa-da XVIII asyrda ýüze çykan, puluň möçberi nazaryýetiniň esasynda netije çykarmak üçin matematiki formulany hödürlän belli amerikan ykdysatçysy Irwing Fişeriň ady bilen baglanyşykly – *Fişeriň deňlemesi* diýlip atlandyrylýar. Ol Ýumuň, Rikardonyň, Seýiň we Marşallyň işlerinde giňden öwrenilýär). Deňligiň çep tarapy *puluň hödürlenýän möçberini*, sag tarapy bolsa *pula bolan hyrydarlygyň möçberini* görkezýär.

$$MV = PY$$

*M* – aýlanyşykdaky puluň möçberi;

*V* – puluň aýlanyşygynyň tizligi (bir ýylyň dowamynda bir pul birliginiň amala aşyrýan aýlanmasynyň sanyny ýa-da bir pul birliginiň bir ýylda ortaça hyzmat edýän geleşikleriniň möçberini görkezýän ululyk);

*P* – ykdysadyýetdäki bahalaryň derejesi (JIÖ-niň deflýatory);

*Y* – real jemi içerki önüm.

Bu deňlemeden jemi içerki önümiň möçberi bilen bahalaryň derejesiniň arasyndaky ters baglanyşygy alyp bolýar:

$$Y = MV/P.$$

Bu baha faktorlarynyň (bahalaryň derejesiniň üýtgemegi) jemi hyrydarlygyň ululygyna täsir edýändigini aňladýar.

Berlen deňlemeden jemi hyrydarlyga täsir edýän iki sany *baha däl faktorlary* alyp bolýar we olaryň üýtgemegi jemi hyrydarlygyň özüni üýtgedýär hem-de *AD* egri çyzygynyň *süýşmegine* getirýär:

– *aýlanyşykdaky puluň möçberi (puluň hödürlenmegi)*. Eger ykdysadyýetde puluň hödürlenmegi ýokarlansa, onda ähli ykdysady amallara gatnaşyjylar özleriniň ýeterlik derejede amatly ýagdaýyny üpjün edýärler we öz harajatlaryny ýokarlandyrýarlar. Jemi çykdajylaryň ýokarlanmagy jemi hyrydarlygyň artmagyna getirýär we *AD* egri çyzygy saga süýşýär. Şeýle-de ykdysadyýetde puluň hödürlenmeginiň artmagy göterim derejesini peseldýär (puluň bahasyny, ýagny karzyň bahasyny), göterim derejesi näçe pes bolsa, şonça-da sarp ediş we maýa goýum çykdajylary köp bolýar, sebäbi şonça-da jemi hyrydarlyk ýokarlanýar. Onuň beýleki tarapy, ýagny ykdysadyýetde puluň hödürlenmeginiň azalmagy jemi hyrydarlygy peseldýär we *AD* egri çyzygy çepe süýşýär. Puluň möçberiniň kadalaşdyrylmagy ýurduň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýar. Bu ýurduň pul-karz syýasatynyň esasyny düzýär we onuň kömegi bilen döwlet jemi hyrydarlyga täsir edip, durnuklaşdyryş syýasatyny alyp barýar.

– *puluň aýlanyşygynyň tizligi*. Eger aýlanyşykdaky puluň tizligi ýokarlansa, onda jemi hyrydarlyk hem ýokarlanýar. Bu eger aýlanyşykdaky her bir pul birliginiň üýtgemeýän möçberi bilen onuň köp aýlanmagy esasynda köp geleşiklere hyzmat edilmegini üpjün edýän bolsa, bu ýagdaý pul toplumynyň möçberiniň deň derejede artýandygyny aňladýar we ol jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyna getirýändigi bilen düşündirilýär.

*3.1-nji tablisa*

**Jemi hyrydarlyga täsir edýän baha bilen bagly bolmadyk ýagdaýlar**

| AD täsir edýän baha bilen bagly bolmadyk ýagdaýlar | Netijesi | *AD*-niň süýşýän ugry | Täsir edilýän *AD*-niň düzüm bölegi |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| *1) maddy hal-ýagdaýyň (baýlygyň) derejesi* | + | → | |
| *2) gündelik girdejileriň derejesi* | + | → | |
| *3) geljekde girdejileriň üýtgemelerine bolan garaşmalar* | + | → | *C* |
| *4) bahalaryň derejesiniň üýtgemelerine bolan garaşmalar* | + | → | |
| *5) salgytlar* | – | ← | |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| *6) transfertler*<br>*7) öý hojalyklarynyň bergileriniň derejesi*<br>*8) sarp ediş karzy boýunça göterim*<br>*9) sarp edijileriň sany* | +<br>–<br>–<br>+ | →<br>←<br>←<br>→ | |
| *1) garaşmalar*<br>*2) göterim derejesi*<br>*3) girdejiniň möçberi*<br>*4) salgytlar*<br>*5) transfertler*<br>*6) tehnologiýalar*<br>*7) artykmaç önümçilik kuwwatlyklary*<br>*8) kärhanalaryň kapitalynyň ätiýaçlyklarynyň möçberi* | +<br>–<br>+<br>–<br>+<br>+<br>–<br>– | →<br>←<br>→<br>←<br>→<br>→<br>←<br>← | *I* |
| *1) döwlet çykdajylary boýunça alnyp barylýan syýasat* | + | → | *G* |
| *1) beýleki döwletlerde jemi içerki önümiň we milli girdejiniň ululygy*<br>*2) berlen ýurtlarda jemi milli önümiň we milli girdejiniň ululygy*<br>*3) milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti* | +<br>–<br>– | →<br>←<br>← | *Nx* |
| *Puluň hödürlenmegi* | | | *C, I, G, Nx* |

## 3.3. Jemi hödürlemek we oňa täsir edýän ýagdaýlar

*Jemi hödürlemek (aggregate supply – AS)* – ähli haryt öndürijiler tarapyndan (hususy we döwlet kärhanalary) bazarda satmak üçin hödürlenýän ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň möçberiniň gymmatyny görkezýär.

Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň (jemi öndürilen önümiň) ululygynyň bahalaryň derejesine baglylygy göni häsiýetde bolýar. Bahalaryň derejesi näçe ýokary bolsa, ýagny haryt öndürijiler öz önümlerini näçe ýokary bahadan satyp bilýän bolsa, şonça-da jemi hödürlemegiň möçberi ýokary bolýar. Şonuň üçin jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň her bir nokady bahanyň her bir berlen derejesinde jemi hödürlemegiň möçberini görkezýär. Şeýlelikde, baha faktorlary (bahalaryň umumy derejesi) jemi hödürlemegiň ululygyna täsir edýär we *AS* egri çyzygynyň hereketini düşündirýär.

Jemi hödürlemegiň özüne täsir edýän we *AS* egri çyzygynyň süýşmegine getirýän baha däl faktorlar hökmünde önümiň bir birligine sarp edilýän harajatlary üýtgedýän ähli faktorlar çykyş edýär. Eger harajatlar ýokarlanýan bolsa, onda jemi

hödürlemek azalýar we *AS* egri çyzygy çepe ýokaryk süýşýär. Eger harajatlar peselýän bolsa, onda jemi hödürlemek ýokarlanýar we *AS* egri çyzygy çepe aşak süýşýär. Birnäçe baha däl faktorlar jemi hödürlemeklige gysga möhletli döwürde täsir edýärler, ýöne käbir faktorlar jemi hödürlemekligi uzak möhletli döwürde üýtgedip bilýärler.

Makroykdysadyýetde «gysga möhletli döwür» we «uzak möhletli döwür» düşünjeleri mikroykdysadyýetdäki degişli düşünjelerden tapawutlanýar. Mikroykdysadyýetde gysga we uzak möhletli döwürlere bölünmeginiň ölçegi hökmünde *resurslaryň möçberiniň üýtgemegi*, *resurslaryň bahalarynyň* bolsa makroykdysadyýetde üýtgemegi çykyş edýär. Gysga möhletli döwürde resurslaryň bahalary üýtgemeýär ýa-da olar bahalaryň umumy derejesiniň üýtgemesine deň gelmeýär. Uzak möhletli döwürde resurslaryň bahalary üýtgeýär, aýratyn hem, olar bahalaryň umumy derejesiniň üýtgemegine deň gelýär.

Jemi hödürlemegiň baha däl faktorlaryna aşakdakylar degişli:

– *resurslaryň bahalary* ($P_{resource}$). Resurslaryň bahalary näçe ýokary bolsa, şonça-da harajatlar köp bolup, jemi hödürlemek az bolýar. Harajatlaryň esasy bölümleri hökmünde aşakdakylar çykyş edýär: 1) çig mallaryň we materiallaryň bahalary; 2) zähmet hakynyň derejesi (zähmetiň bahasy); 3) göterim derejesi (kapital üçin töleg, ýagny kapitalyň kärendesiniň bahasy). Şeýlelikde, göterim derejesi jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň baha däl faktory hasaplanýar. Resurslaryň bahalarynyň artmagy *AS* egri çyzygynyň çepe ýokaryk, olaryň peselmegi bolsa saga aşak süýşmegine getirýär.

Resurslaryň bahalarynyň ululygyna aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär:

a) ýurtda jemlenen *resurslaryň möçberi* (zähmetiň, ýeriň, kapitalyň we telekeçilik ukyplyklarynyň möçberi). Döwletde resurslaryň ätiýaçlyklarynyň möçberi näçe köp bolsa, şonça-da resurslaryň bahalary pes bolýar;

b) *import resurslarynyň bahasy*. Resurslaryň, esasan hem, tebigy resurslaryň döwletleriň arasynda deň paýlanmandygy sebäpli, import resurslarynyň bahalarynyň üýtgemegi, resurslary import edýän döwletleriň jemi hödürlemegine has ýokary derejede täsir edip biler. Import resurslaryň bahalarynyň ýokarlanmagy harajatlary artdyrýar we jemi hödürlemegi peseldýär. *AS* egri çyzygy çepe ýokaryk süýşýär. Import resurslaryň bahalarynyň ýokarlanmagynyň jemi hödürlemeklige edýän otrisatel täsiriniň mysaly hökmünde XX asyryň 70-nji ýyllarynda nebitiň bahasynyň garaşylmaýan ýagdaýda üýtgemeleri çykyş edip biler (nebiti gazyp alýan OPEC halkara karteliniň agza döwletleri tarapyndan nebitiň bahasynyň ýokarlandyrylmagy). Onuň netijesinde birnäçe ösen döwletlerde jemi hödürlemek has pese gaçdy we *stagflýasiýa* emele geldi;

ç) *resurslar bazarynda monopol ýagdaýyň derejesi*. Resurslar bazarynda monopoliýalaşmagyň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da resurslaryň bahalary ýokarlanýar. Onuň netijesinde harajatlaryň möçberi artýar we jemi hödürlemek azalýar;

– *resurslaryň möçberi (Q)* – önümçilige resurslar näçe köp çekilýän bolsa, şonça-da jemi önümçiligiň möçberi, ýagny jemi hödürlemek ýokary bolýar. Mysal üçin, işsizligiň derejesiniň peseldilmegi jemi hödürlemegi artdyrýar, onuň ýokarlanmagy bolsa jemi önümçiligiň möçberini peseldýär;

– *resurslaryň öndürijiligi* ($\eta$). Öndürijilik diýlip, önümçiligiň umumy möçberiniň çykdajylara bolan gatnaşygyna düşünilýär. Resurslaryň öndürijiligi näçe ýokary bolsa, şonça-da harajatlar az bolýar we jemi hödürlemegiň möçberi ýokarlanýar. Öndürijilik aşakdaky ýagdaýlara görä ýokarlanýar: a) şol bir harajatlaryň ululygynda önümçiligiň möçberi artýar; b) önümçiligiň şol bir möçberinde harajatlar azalýar; ç) birinji we ikinji ýagdaý bilelikde ýerine ýetýär. Öndürijiligiň esasy sebäbi *ylmy-tehniki ösüş* hasaplanýar;

– *tehnologiki ösüş* ($\tau$). Ol önümçilikde täze, has kämil we öndürijilikli tehnologiýalaryň, has öndürijilikli enjamlaryň ýüze çykmagyny we ulanylmagyny üpjün edýär, işgärleriň ýörite taýýarlygyny hem-de hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyny talap edýär. Şonuň üçin bu faktor diňe gysga möhletli döwürde däl-de, uzak möhletli döwürde hem *AS* egri çyzygynyň uzak möhletli süýşmegine getirýär we ykdysady ösüşi üpjün etmek arkaly jemi hödürlemeklige öz täsirini ýetirýär. Tehnologiýalar ($\tau$) jemi hyrydarlyga, şeýle-de jemi hödürlemeklige öz täsirini ýetirýär;

– *işewürlige salynýan salgytlar (Tx)*. Işewürlige salynýan salgytlar (esasan, gytaklaýyn) kärhananyň çykdajylarynyň bir bölegi hasaplanýar we şonuň üçin bu salgytlaryň ýokarlanmagy jemi hödürlemekligiň peselmegine getirýär (işewürlige salynýan salgytlaryň üýtgemegi jemi hyrydarlygyň baha däl faktory hasaplanýar). Zähmet haky görnüşinde alynýan girdejilere salynýan salgytlaryň üýtgemegi jemi hyrydarlyga täsirini ýetirip, jemi hödürlemeklige göni täsirini ýetirmeýär, sebäbi ol kärhananyň harajatlaryny üýtgetmeýär;

– *kärhanalara berilýän transfertler (subsidiýalar) – (Tr)*. Kärhanalara berilýän transfertler salgytlara garşylyklaýyn häsiýetde bolup, olar jemi hödürlemeklige amatly täsirini ýetirýärler;

– *ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşy* ($G_{management}$). Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň derejesi jemi hödürlemeklige düýpli täsir edýär. Döwletiň ykdysadyýete goşulmagynyň derejesi näçe ýokary bolsa, ykdysadyýeti kadalaşdyrýan edaralaryň, guramalaryň sany näçe köp bolsa, şonça-da döwlet dolandyryş işgärlerini saklamak üçin harajatlar köpelýär. Netijede, oňa ykdysadyýetiň önümçilik böleginden köp serişde sarp edilýär we ol jemi hödürlemegiň peselmegine getirýär.

*Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň funksiýasy:*

$$AS = AS\,(\underset{+}{P},\ \underset{-}{P_{resources}},\ \underset{+}{Q},\ \underset{+}{\eta},\ \underset{+}{\tau},\ \underset{-}{Tx},\ \underset{+}{Tr},\ \underset{-}{G_{management}})$$

Jemi hödürlemek düşünjesi we oňa täsir edýän faktorlar boýunça makroykdysadyýetiň dürli mekdepleriniň wekilleriniň arasynda bir bütewi garaýyş saklanýar. Jemi hödürlemekligiň egri çyzygynyň görnüşleri düşündirilende dürli garaýyşlar beýan edilýär. Bu meseläni çözmekde iki sany çemeleşme tapawutlandyrylýar: *klassyky we keýnsiançylyk çemeleşmeler*. Olara laýyklykda, biri-birinden dürli ulgamlar, ýagny şertler, deňlemeleriň modeli, nazary netijeler, tejribe boýunça teklipler arkaly tapawutlanýan iki sany makroykdysady model öwrenilýär.

*Klassyky model*. Klassyky modeliň esaslary XVIII asyrda beýan edildi, onuň düzgünleri bolsa görnükli ykdysatçylar A. Smit, D. Rikardo, Ž. B. Seý, J.S. Mill, A. Marşall we beýlekiler tarapyndan ösdürildi. Aşakdakylar klassyky modeliň esasy düzgünleri hasaplanýar:

1) klassyky modeliň esasy şerti – ähli bazarlarda kämil bäsdeşligiň bolmagy hasaplanyp, ol XVIII asyryň ahyryndaky we tutuş XIX asyrdaky ykdysady ýagdaýlara laýyk gelýär. Ähli ykdysady gatnaşyjylar «bahalar bilen ylalaşýan taraplar» («price takers») hökmünde çykyş edýärler, ýagny bazarda emele gelen bahalardan ugur alýarlar we bazaryň ýagdaýyna täsir edip bilmeýärler;

2) ykdysadyýet iki sany garaşsyz bölege bölünýär: real we pul bölegi. Şeýle bölünmek klassyky dihotomiýa diýlip atlandyrylýar. Pul bölegi real görkezijilere öz täsirini ýetirip bilmeýär, diňe nominal görkezijileriň real görkezijilerden üýtgemelerini hasaba alýar we ol makroykdysadyýetde «aralyk pullar» ýörelgesi diýlip atlandyrylýar (bu ýörelge puluň real bölekdäki ýagdaýa täsir etmeýändigini we ähli bahalaryň otnositel ýagdaýyny görkezýär). Şonuň üçin klassyky modelde pul bazary bolmaýar, real bölek bolsa üç sany bazary öz içine alýar: a) zähmet bazary; b) kapitalyň bazary (karz serişdeler ýa-da karzlar); ç) haryt bazary;

3) ähli bazarlarda kämil bäsdeşligiň hereket edýändigi sebäpli, ähli bahalar (ýagny, nominal görkezijiler) üýtgeýän bahalar (flexible) hasaplanýar. Bu ýagdaý zähmetiň bahasyna – zähmet hakynyň nominal derejesine, kapitalyň bahasyna (karz serişdeler) – göterimiň nominal derejesine we harytlaryň bahalaryna degişli. Bahalaryň üýtgemegi olaryň bazaryň ýagdaýynyň üýtgemegine (ýagny, hyrydarlygyň we hödürlemegiň üýtgemegine) uýgunlaşmak arkaly üýtgeýändigini aňladýar we islendik bazarda bozulan deňagramlylygyň dikeldilmegini üpjün edýär;

4) bahalaryň üýtgeýändigi sebäpli, bazarlaryň deňagramlylygy öz-özünden emele gelýär we dikeldilýär. A.Smitiň esaslandyran «görünmeýän güýç» (invisible hand) ýörelgesi, bazarlaryň öz-özüni kadalaşdyryş (market-clearing) ýörelgesi hereket edýär;

5) deňagramlylygyň bazar mehanizmleri arkaly öz-özünden üpjün edilýändigi sebäpli, hiç bir daşarky güýç ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagyna, aýratyn hem, ykdysadyýetiň hereket etmegine goşulmaýar. Ykdysadyýetiň dolandyrylmagyna

*döwletiň goşulmazlygy* diýen ýörelge esaslandyrylýar we ol «laissez faire, laissez passer» diýlip atlandyrylýar;

6) ykdysadyýetiň esasy meselesi resurslaryň *çäkliligi* hasaplanýar, şonuň üçin ähli resurslar doly ulanylýar we ykdysadyýet elmydama resurslaryň doly üpjünçiligi, ýagny olaryň has netijeli ulanylýan ýagdaýynda hereket edýär (mikroykdysadyýetden belli bolşy ýaly, ähli bazar düzümleriniň arasynda resurslaryň has netijeli ulanylmagy kämil bäsdeşlik ulgamyna laýyk gelýär). Şonuň üçin, öndürilýän önümleriň möçberi elmydama özüniň talabalaýyk derejesinde saklanýar (ähli ykdysady resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýyndaky jemi içerki önüm);

7) resurslaryň çäkliligi ykdysadyýetde esasy meseläniň *önümçilik* bilen, ýagny *jemi hödürlemek* bilen baglydygyny häsiýetlendirýär. Şonuň üçin klassyky model ykdysadyýetde jemi hödürlemek bilen baglanyşykly meseleleri öwrenýän (*«supply-side»* model) modeldir. Esasy bazar hökmünde resurs bazary, ilkinji nobatda, zähmet bazary çykyş edýär. Jemi hyrydarlyk elmydama jemi hödürlemeklige laýyk gelýär. Ykdysadyýetde XIX asyryň başynda belli fransuz ykdysatçysy Žan-Batist Seýiň hödürlän «Seýiň kanuny» diýen kanun hereket edýär. Bu kanuna laýyklykda «*hödürlemek hyrydarlygy döredýär*», sebäbi her bir adam bir wagtda satyjy we satyn alyjy hökmünde çykyş edýär, onuň *çykdajylary elmydama girdejilerine deň bolýar*. Mysal üçin, işçi, bir tarapdan, ykdysady resursyň, ýagny zähmetiň eýesi hökmünde satyjy bolup çykyş edýär, beýleki bir tarapdan, zähmeti satmakdan alýan girdejisine harytlary we hyzmatlary satyn alyp, satyn alyjy hökmünde çykyş edýär. Işçiniň zähmet haky görnüşinde alýan pulunyň möçberi, onuň öndüren önüminiň gymmatyna deň bolýar. Kärhanalar hem bir wagtda satyjy (harytlary we hyzmatlary) we satyn alyjy (ykdysady resurslary) hasaplanýarlar. Kärhanalar öz önümlerini satmakdan alýan girdejilerini önümçilik faktorlaryny satyn almak üçin harçlaýarlar. Şonuň üçin jemi hyrydarlyk bilen baglanyşykly mesele ýüze çykmaýar, sebäbi ähli ykdysady amallara gatnaşyjylaryň girdejileri dolulygyna çykdajylara öwrülýär;

8) resurslaryň çäklilik meselesi (möçberiň artdyrylmagy we hiliň gowulandyrylmagy haýal çözülýär). Tehnologiki ösüş we önümçilik mümkinçilikleriniň artdyrylmagy uzak wagty, köp möhleti talap edýän amallar hasaplanýar;

9) ykdysadyýetdäki ähli bahalaryň hyrydarlyk bilen hödürlemegiň arasyndaky üýtgemelere uýgunlaşmagy hem haýal ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin klassyky model – uzak möhletli döwri («long-run» model) beýan edýän model hasaplanýar.

Ykdysadyýetde bahalaryň üýtgeýändigi sebäpli, elmydama resurslaryň doly üpjünçiligi gazanylýar we önümçiligiň möçberi JIÖ-niň talabalaýyk derejesinde saklanýar. Jemi hödürlemegiň egri çyzygy wertikal ýagdaýda bolup, ol uzak möhletli döwürde deňagramlylygy görkezýär we *LRAS* (*long-run aggregate* supply) diýlip belgilenýär.




*3.6-njy şekil. Uzak möhletli döwürdäki jemi hödürlemegiň grafigi*




*Klassyky modelde real bazar ýokardaky görnüşlerde şekillendirilýär:*

*3.7-nji şekil. Klassyky modelde real bazarlar*

*Zähmet bazary (3.7-nji a şekil)*: Kämil bäsdeşlik şertlerinde resurslaryň doly ulanylýandygy (doly üpjünçilik derejesinde) sebäpli, zähmetiň hödürlenmeginiň çyzygy ($L^S$) wertikal ýagdaýa, zähmetiň hödürlenmeginiň möçberi bolsa $L_F$ (*full employment*) deň bolýar. Zähmete bolan hyrydarlyk zähmet hakynyň derejesine bagly bolup, bu baglanyşyk garşylyklaýyn häsiýetde bolýar (zähmet hakynyň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da kärhanalaryň çykdajylarynyň möçberi ýokarlanýar hem-de işe kabul edilýän işgärleriň sany az bolýar). Şonuň üçin zähmete bolan hyrydarlygyň ($L^D$) çyzygy otrisatel gyşarma eýe bolýar.

Ilkinji deňagramlylyk zähmetiň hödürlenmeginiň ($L^S$) egri çyzygy bilen zähmete bolan hyrydarlygyň ($L^D{}_1$) egri çyzyklarynyň kesişýän nokadynda emele

gelýär we ol nominal zähmet hakynyň derejesi ($W_1$) bilen iş bilen üpjün edilen taraplaryň sanyna ($L_F$) laýyk gelýär. Zähmete hyrydarlygyň peselmegi we zähmete bolan hyrydarlygyň egri çyzygynyň $L^D{}_1$-den $L^D{}_2$-ä çenli süýşmegi netijesinde zähmet hakynyň nominal derejesinde $W_2$ telekeçiler $L^D{}_2$-ä deň bolan işçileri işe kabul ederler (olara hyrydarlyk bildirerler). $L_F$ bilen $L_2$-niň arasyndaky tapawut işsizlik hökmünde häsiýetlendirilýär.

Klassyky mekdebiň wekilleriniň pikirlerine görä, XIX asyrda işsizlik üçin kömek pullarynyň berilmändigi sebäpli, işçiler amatly ykdysady gatnaşyjylar hökmünde hiç hili girdejiniň alynmaýan ýagdaýy bilen deňeşdirilende has pes girdejiniň alynýan ýagdaýyny kabul ederler. Zähmet hakynyň nominal derejesi $W_2$-ä çenli peseler we zähmet bazarynda gaýtadan doly iş bilen üpjünçilik $L_F$ möçberde dikeldiler. Şonuň üçin klassyky modelde işsizlik *meýletin häsiýetde* bolýar, onuň sebäbi hökmünde nominal zähmet hakynyň berlen derejesinde ($W_2$) işçileriň işlemekden boýun gaçyrmagy, ýagny işsizlik ýagdaýyna işçileriň meýletin goşulýandyklary çykyş edýär.

*Kapital bazary (3.7-nji b şekil)* – bu karz serişdeleriniň bazary ýa-da karz bazary. Onda maýa goýumlaryň ($I$) we süýşürintgileriň ($S$) baglanyşygy görkezilip, göterimiň deňagramly derejesi ($r$) kesgitlenýär. Kärhanalar karz serişdelerine hyrydarlyk bildirýärler we olary maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin ulanýarlar. Öý hojalyklary bolsa öz süýşürintgileri esasynda karz resurslarynyň hödürlenmegini amala aşyrýarlar. Maýa goýumlaryň göterim derejesine baglylygy otrisatel ýagdaýda bolýar, sebäbi karz serişdeleriň bahasy näçe ýokary bolsa, şonça-da kärhanalaryň maýa goýumlary az bolýar we maýa goýumyň egri çyzygy otrisatel gyşarma eýe bolýar. Süýşürintgileriň göterim derejesine baglylygy položitel häsiýetde bolýar, sebäbi göterimiň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da öý hojalyklarynyň öz süýşürintgilerini karz bermek arkaly alýan girdejileri ýokary bolýar. Ilkinji deňagramlylyk (maýa goýumlar = süýşürintgiler, ýagny $I_1 = S_1$) $r_1$ göterim derejesiniň ululygynda kesgitlenýär. Eger süýşürintgileriň möçberi ýokarlanýan bolsa (süýşürintgileriň egri çyzygy $S_1$-den $S_2$-ä çenli saga süýşýär), onda $r_1$-iň öňki göterim derejesinde süýşürintgileriň bir böleginden girdeji alynmaýar we ol ähli ykdysady amallara gatnaşyjylaryň özlerini kadaly alyp barýan şertlerinde mümkin bolmaýar. Süýşürintgi goýýan taraplar (öý hojalyklary) göterim derejesiniň iň pes ýagdaýynda hem, öz ähli süýşürintgilerinden girdejiniň alynmagyny göz öňünde tutýarlar. Täze deňagramlylyk göterim derejesiniň $r_2$ ýagdaýynda emele gelýär. Bu ýagdaýda karz serişdeleri doly ulanylýar, sebäbi göterim derejesiniň has pes möçberde kesgitlenýän şertlerinde maýadarlar köp karz alýarlar we maýa goýumlar $I_2$-ä çenli ýokarlanýar, ýagny $I_2 = S_2$-ä deň bolýar. Resurslaryň doly üpjünçilik derejesinde deňagramlylyk dikeldilýär.

*Haryt bazary (3.7-nji ç şekil)*: Ilkinji deňagramlylyk jemi hödürlemegiň $AS$ we jemi hyrydarlygyň $AD_1$ egri çyzyklarynyň kesişýän nokadynda emele gelýär.

Ol bahalaryň $P_1$ deňagramly derejesi bilen JIÖ-niň garaşylýan – $Y^*$ derejesinde önümçiligiň deňagramly möçberine laýyk gelýär. Ähli bazarlaryň biri-biri bilen baglanyşyklydygy sebäpli, zähmet bazarynda zähmet hakynyň nominal derejesiniň peselmegi girdejileriň derejesiniň azalmagyna getirýär we kapital bazarynda süýşürintgileriň ýokarlanmagy sarp ediş harajatlarynyň azalmagyna hem-de netijede, jemi hyrydarlygyň peselmegine getirýär. $AD_1$ egri çyzygy saga $AD_2$-ä çenli süýşýär. Bahalaryň derejesi $P_2$-ä çenli peselýär. Bahalaryň öňki $P_1$ derejesinde kärhanalar ähli önümlerini satyp bilmeýärler we diňe $Y_2$-ä deň bolan bölegini satýarlar. Kärhanalaryň netijeli ykdysady gatnaşyjy hasaplanýandygy sebäpli, olar ähli öndüren önümlerini has pes bahalardan ($P_2$) hem bolsa satmagy göz öňünde tutýarlar. Netijede, garaşylýan JIÖ-niň ($Y^*$) derejesinde deňagramlylyk emele gelýär.

Şeýlelikde, bahalaryň üýtgemeleri sebäpli bazarlarda öz-özünden deňlik emele gelýär we resurslaryň doly üpjünçilik şertlerinde deňagramlylyk kesgitlenýär. Diňe nominal görkezijiler üýtgäp, real görkezijiler üýtgemän (ýagny, klassyky modelde *nominal* görkezijiler *üýtgeýän*, *real* görkezijiler bolsa *üýtgemeýän* görkezijiler hasaplanýar) galýar. Bu ýagdaý önümçiligiň real möçberine (garaşylýan JIÖ) we her bir ykdysady amallara gatnaşyjynyň alýan real girdejilerine hem degişli hasaplanýar. Ähli bazarlarda bahalaryň deň üýtgeýändigi sebäpli, $W_1/P_1 = W_2/P_2$ gatnaşyk emele gelýär we ol zähmet hakynyň real derejesini aňladýar. Nominal girdejiniň peselýändigine garamazdan, zähmet bazarynda real girdejiler üýtgemän galýar. Süýşürintgi goýan taraplaryň real girdejileri (real göterim derejesi) hem üýtgemän galýar, sebäbi nominal göterim derejesi bahalar bilen deň derejede peselýär. Bahalaryň derejesiniň peselýändigine garamazdan, telekeçileriň alýan girdejileri (satmakdan alynýan girdeji we peýda) peselmeýär, sebäbi şol derejede harajatlar (zähmete hak tölemek üçin çykdajylar, ýagny zähmet hakynyň nominal derejesi) hem azalýar. Bu ýagdaýda jemi hyrydarlygyň peselmegi önümçiligiň möçberiniň azalmagyna getirmeýär, sebäbi sarp ediş hyrydarlygynyň peselmegi (zähmet bazarynda nominal girdejileriň peselmegi we kapital bazarynda süýşürintgileriň möçberiniň ýokarlanmagy netijesinde) maýa goýum hyrydarlygynyň artmagy (kapital bazarynda göterim derejesiniň peselmegi netijesinde) bilen kadalaşdyrylýar.

Bu netijelere görä, ykdysadyýetde uzak wagtlaýyn çökgünlikler dowam etmeýär, ýöne wagtlaýyn deňagramlylygyň bozulmalary ýüze çykyp, olar hem bazar mehanizmleriniň, bahalaryň üýtgemeginiň mehanizminiň hereketi arkaly kem-kemden öz-özünden aradan aýrylyp bilýär.

1929-njy ýylyň ahyrynda Amerikada çökgünlik emele geldi we ol dünýäniň öňdebaryjy döwletlerini öz içine alyp, 1933-nji ýyla çenli dowam etdi hem-de ol Beýik durgunlyk (depressiýa) diýen ady aldy. Bu çökgünlik nobatdaky ýönekeý çökgünlik hasaplanmady we ol klassyky modeliň netijeleriniň hem-de düzgünleriniň ukypsyzlygyny, ykdysady ulgamyň öz-özüni kadalaşdyrmagy baradaky pikirleriň nätakyklygyny görkezdi:

*birinjiden*, dört ýylyň dowamynda hereket eden Beýik durgunlygy wagtlaýyn deňagramlylygyň bozulmagy, bazaryň öz-özüni kadalaşdyrmagynyň mehanizminiň hereketiniň wagtlaýyn üýtgemegi diýip ykrar edip bolmaýar;

*ikinjiden*, esasy ykdysady meseläniň, ýagny ABŞ-da işsizligiň derejesiniň 25% bolmagy, ykdysady resurslaryň çäkliligi baradaky tassyklamalara laýyk gelmeýär.

Beýik durgunlygyň sebäpleri, ondan çykmagyň ýollary we geljekde ykdysadyýetde şeýle pese gaçmalaryň öňüni almak boýunça teklipler belli iňlis ykdysatçysy Jon Meýnard Keýnsiň 1936-njy ýylda çap edilen «*Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti*» atly kitabynda düýpli seljerildi we esaslandyryldy. Bu kitabyň çap edilmegi netijesinde ykdysady nazaryýetiň özbaşdak bölümi hökmünde makroykdysadyýet emele geldi. J.Keýnsiň ykdysady nazaryýete goşan goşandynyň derejesi örän ýokary hasaplandy we keýnsiançylyk makroykdysady modeliniň, ykdysady amallary seljermegiň keýnsiançylyk çemeleşmeleriniň ýüze çykmagy «keýnsiançylyk öwrülişigi» diýen ady aldy.

Klassyky mekdebiň wekilleriniň kesgitlän düzgünleriniň ulanyp bolmaýandygynyň sebäbi hökmünde olaryň ýalňyş netijelere gelendiklerini görkezip bolmaýar. Şol döwrüň ykdysady ýagdaýyny, ýagny kämil bäsdeşligi häsiýetlendirýän klassyky modeliň düzgünleri XIX asyrda işlenilip düzüldi. Ýöne bu düzgünler we netijeler kämil däl bäsdeşligi häsiýetlendirýän XX asyryň birinji çärýeginiň ykdysadyýetine laýyk gelmeýär. J.Keýns klassyky mekdebiň netijelerini inkär edip, öz makroykdysady modelini döretdi.

*Keýnsiançylyk makroykdysady modeli.* Bu modeliň esasy düzgünleri:

1) ähli bazarlarda *kämil däl bäsdeşlik* hereket edýär;

2) real bölek bilen pul bölegi biri-biri bilen berk özara baglanyşykly we özara garaşly bolýar.

Klassyky model üçin häsiýetli bolan puluň aralyk ýörelgesi «*puluň ähmiýetiniň bolmagy*» diýen ýörelge bilen çalşyryldy we ol *puluň real görkezijilere täsir edýändigini* aňladýar. Gymmatly kagyzlar (karz serişdeleri) bilen birlikde maliýe bazarynyň bir bölümi hasaplanýan pul bazary makroykdysady bazara öwrülýär;

3) ähli bazarlarda kämil däl bäsdeşligiň hereket edýändigi sebäpli, olara üýtgemeýän, (rigid) bahalar mahsus bolýar. Mysal üçin, zähmet bazarynda zähmetiň bahasynyň (zähmet hakynyň nominal derejesi) üýtgemeýänligi aşakdakylar bilen şertlendirilýär: a) *şertnamalaýyn ulgamyň* hereket etmegi. Şertnama bir ýyldan üç ýyla çenli möhlet bilen gol çekilýär we bu döwrüň dowamynda şertnamada görkezilen zähmet hakynyň nominal derejesi üýtgemeýär; b) *kärdeşler arkalaşygy* hereket edip, olar telekeçiler bilen *toparlaýyn şertnama* gol çekýärler. Bu şertnamada zähmet hakynyň nominal derejesiniň belli bir möçberi görkezilýär we telekeçileriň bellenen möçberden az zähmet hakyny belläp, işçileri işe kabul etmek hukugy bolmaýar. Şeýlelikde, zähmet hakynyň derejesi toparlaýyn şertnama gaýtadan seredilýänçä üýtgedilip bilinmeýär; ç) döwlet *zähmet hakynyň iň pes (minimal) derejesini*

kesgitleýär we ol telekeçileriň minimal derejeden pes derejede işçileri işe kabul etmäge hukuklarynyň bolmaýandygyny aňladýar.

Şonuň üçin, zähmet bazarynyň grafiginde *(3.7-nji a şekil)* zähmete bolan hyrydarlygyň peselýän şertlerinde (egri çyzygyň $L^D{}_1$-den $L^D{}_2$-ä çenli süýşmegi) zähmetiň bahasy (zähmet hakynyň nominal derejesi) $W_2$-ä çenli süýşmeýär we ol $W_1$ derejesinde saklanýar.

Haryt bazarynda bahalaryň üýtgemezligi olarda monopoliýanyň, oligopoliýanyň ýa-da bäsdeş monopolist-kärhananyň hereket edýändigi bilen düşündirilýär we olar bahalary üýtgemeýän ýagdaýda (price-makers) saklamaga mümkinçilik alýarlar. Şonuň üçin, haryt bazarynyň grafiginde (*3.7-nji ç şekil*) harytlara bolan hyrydarlygyň peselýän şertlerinde bahalaryň derejesi $P_2$-ä çenli peselmän, ol $P_1$ derejesinde saklanýar.

Keýnsiň pikiri boýunça, göterim derejesi maýa goýumlaryň we süýşürintgileriň netijesinde *kapital bazarynda emele gelmän*, pula bolan hyrydarlygyň we puluň hödürlenmeginiň gatnaşygy boýunça pul bazarynda emele gelýär. Keýns bu düzgüni göterim derejesiniň şol bir ýagdaýynda real maýa goýumlaryň we süýşürintgileriň deň bolmaýandygy bilen esaslandyrdy. Sebäbi maýa goýumlar we süýşürintgiler dürli ykdysady gatnaşyjylar tarapyndan amala aşyrylýar we olaryň maksatlary hem-de özüňi alyp barmagyň düzgünleri dürli-dürli bolýar. Maýa goýumlar kärhanalar tarapyndan, süýşürintgiler bolsa öý hojalyklary tarapyndan amala aşyrylýar. Keýnsiň pikirine görä, maýa goýum çykdajylarynyň möçberini kesgitleýän esasy faktor hökmünde göterim derejesi däl-de, maýa goýumlardan garaşylýan içerki girdejiniň çägi hasaplanýar. Keýns ony *kapitalyň goşmaça netijeliligi* diýip atlandyrdy. Maýadar kapitalyň goşmaça netijeliliginiň möçberini göterim derejesi bilen deňeşdirip (maýadaryň subýektiw bahasy), maýa goýum çözgüdini kabul edýär. Eger birinji ululyk ikinji ululykdan ýokary bolsa, onda maýadar göterim derejesiniň absolýut ululygyna bagly bolmazdan, maýa goýum taslamasyny maliýeleşdirip (eger maýadar tarapyndan kapitalyň ahyrky netijeliligi 101%-e deň diýlip baha berilse, onda göterimiň derejesi 100%-e deň bolsa hem ol karz alar. Eger bu görkeziji 9%-e deň bolsa, onda göterim derejesi 10% bolsa hem ol karz almaz) bilýär. Süýşürintgileriň ululygyny kesgitleýän faktor hökmünde göterim derejesi däl-de, ygtyýarlykda galýan girdejiniň ululygy hasaplanýar. Keýns süýşürintgileriň göterim derejesine bagly däldigini we adamlar belli bir möhlete puluň kesgitli möçberini toplamak isleýän bolsa, onda süýşürintgiler bilen göterim derejesiniň arasynda ters baglanyşyk bolup biler diýip (ykdysady edebiýatlarda «Sarganyň netijesi» diýlip atlandyrylan, XIX asyryň fransuz ykdysatçysy Sarganyň tassyklamalaryny ulanyp) hasaplady.

Eger adam öz pensiýasyny 10 müň dollar möçberinde üpjün etmek isleýän bolsa, onda 10% derejesinde 100 müň dollar, 20% derejesinde bolsa diňe 50 müň dollar toplamaly bolýar.




*3.8-nji şekil. Keýnsiançylyk modelinde maýa goýumlar we süýşürintgiler*

Süýşürintgileriň göterim derejesine bagly däldigi sebäpli, olaryň grafigi wertikal çyzyklary görkezýär, maýa goýumlar bolsa göterim derejesine az bagly bolýar, şonuň üçin uly bolmadyk otrisatel gyşarmasy bolan egri çyzygy şekillendirip bolýar. Eger süýşürintgiler $S_1$-e çenli ýokarlanýan bolsa, onda göterimiň deňagramly möçberini kesgitlemek mümkin bolmaýar, sebäbi maýa goýumlaryň egri çyzygy *I* we süýşürintgileriň täze egri çyzygy $S_2$ ikinji kwadrantda kesişmeýärler.

Göterimiň deňagramly möçberi pul bazarynda (pula bolan hyrydarlygyň $M^D$ we puluň hödürlenmeginiň $M^S$ gatnaşygynda) seljerilýär (*3.9-njy şekil*).




*3.9-njy şekil. Pul bazary*

4) ähli bazarlarda üýtgemeýän bahalaryň hereket edýändigi sebäpli, bazar deňagramlylygy *resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýynda kesgitlenmeýär*. Zähmet

bazarynda zähmet hakynyň nominal derejesi $W_1$ ýagdaýynda saklanýar, kärhanalar $L_2$-ä deň bolan işçileriň sanyna hyrydarlyk bildirýärler. $L_F$ bilen $L_2$-niň aratapawudy işsizlik hasaplanýar. Bu ýagdaýda işsizligiň sebäbi zähmet hakynyň berlen nominal derejesinde işçileriň işlemekden boýun gaçyrmaklary däl-de, bu derejäniň üýtgemeýänligi (berkligi) hasaplanýar. *Işsizlik* meýletin ýagdaýdan *mejbury ýagdaýa öwrülýär*. Işçileriň zähmet hakynyň has pes derejesinde hem işlemäge razy bolsalar-da, telekeçileriň ony peseltmäge hukuklary bolmaýar. Işsizlik düýpli ykdysady meselä öwrülýär.

Haryt bazarynda (*3.7-nji ç şekil*) hem bahalar belli bir derejede ($P_1$) berk saklanýar. Işsizligiň dowam etmegi sebäpli (işsizlik üçin kömek pullary tölenmeýär) girdejileriň möçberiniň peselmegi netijesinde jemi hyrydarlyk peselýär we şonuň üçin sarp ediş harajatlarynyň peselmegi önümçiligiň pese gaçmagyny (resessiýany) döredip, ähli öndürilen önümleriň ($Y_2 < Y^*$) satylmagynyň mümkin bolmazlygyna getirýär. Ykdysadyýetiň pese gaçmagy maýadarlaryň ýagdaýyna täsir edýär we maýa goýumlardan geljekki girdejileriň alynmagyna bolan garaşmalarda kadaly ýagdaý bozulýar hem-de ol maýa goýum çykdajylarynyň peselmeginiň sebäbi bolup çykyş edýär. Jemi hyrydarlyk has hem peselýär;

5) hususy bölegiň çykdajylaryny (öý hojalyklarynyň sarp ediş çykdajylary we kärhanalaryň maýa goýum çykdajylary) garaşylýan JIÖ-niň möçberine laýyk gelýän jemi hyrydarlygyň ululygyny, ýagny resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýynda öndürilen önümleriň sarp edilip bilinjek möçberini üpjün edip bilmeýär. Şonuň üçin ykdysadyýetde harytlara we hyzmatlara öz hyrydarlygyny bildirýän ýa-da hususy bölegiň işini höweslendirýän hem-de onuň netijesinde jemi hyrydarlygy ýokarlandyrýan goşmaça makroykdysady gatnaşyjy ýüze çykmaly. Şeýle makroykdysady gatnaşyjy hökmünde döwlet çykyş edýär. J. Keýns *döwletiň ykdysadyýete goşulmagyny we ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň zerurlygyny* esaslandyrdy;

6) esasy ykdysady mesele (resurslaryň doly däl üpjünçilik şertlerinde) hökmünde jemi hödürlemek däl-de, *jemi hyrydarlyk* meselesi hasaplanýar. Keýnsiançylyk modeli ykdysadyýeti jemi hyrydarlyk tarapyndan öwrenýän model (*«demand-side» model*) hasaplanýar;

7) döwletiň durnuklaşdyryş syýasaty, ýagny jemi hyrydarlygyň kadalaşdyrylmagy boýunça alyp barýan syýasaty ykdysadyýete gysga möhletli döwürde täsir edýän bolsa, onda keýnsiançylyk modeli *gysga möhletli döwürde* («short-run») ykdysadyýetiň ýagdaýyny beýan edýän model hasaplanýar. J.Keýns tarapyndan ykdysadyýetiň ýagdaýynyň uzak möhletli döwürde öwrenilmeginiň zerurlygynyň ýoklugy, ýagny «Uzak möhletli döwürde biziň ählimiz jansyzdyrys» («In long run we are all dead») diýlip bellendi.

*Eger ykdysadyýetde resurslaryň üpjün edilmedik möçberi köp bolsa* (mysal üçin, Beýik durgunlyk döwründe şeýle boldy), onda gysga möhletli döwürde jemi

hödürlemegiň egri çyzygy (*SRAS* – short-run aggregate supply) *gorizontal görnüşe* eýe bolýar. Bu «ahyrky keýnsiançylyk ýagdaý» diýlip atlandyrylýar (*3.10-njy a şekil*). Eger resurslar çäklendirilmedik bolsa, onda olaryň bahalary hem üýtgemeýär, sebäbi harajatlar üýtgemän galýar we onuň netijesinde harytlaryň bahalarynyň derejesini üýtgetmek üçin zerurlyk ýüze çykmaýar.

## 3.4. Gysga we uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygy

*Häzirkizaman şertlerinde* ykdysadyýetiň hümmetsizlenme häsiýetiniň emele gelýändigi sebäpli, harytlaryň bahalarynyň ýokarlanmagy resurslaryň bahalarynyň ýokarlanmagy bilen bir wagtda ýüze çykmaýar (düzgün boýunça, wagtlaýyn gijä galmak emele gelýär, şonuň üçin resurslaryň bahalarynyň ýokarlanmagy bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagyna *deň gelmeýär*). Ykdysady gatnaşyjylaryň garaşmalary uly ähmiýete eýe bolýar we makroykdysady modellerde (neoklassyky we neokeýnsiançylyk) gysga möhletli döwürde (*SRAS*) jemi hödürlemegiň egri çyzygy položitel gyşarmasy bolan egri çyzyk hökmünde grafiki görnüşde şekillendirilýär.




*a) ahyrky keýnsiançylyk ýagdaý* *b) häzirkizaman ýagdaý*

*3.10-njy şekil. Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň grafigi*

Uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygy (*LRAS* – long-run aggregate supply) *wertikal* egri çyzyk görnüşinde şekillendirilýär, sebäbi uzak möhletli döwürde bazarlar biri-birini özara deňagramly ýagdaýa getirýärler, *harytlaryň bahalary we resurslaryň bahalary deň üýtgeýär*, ykdysady gatnaşyjylaryň garaşmalary üýtgeýär we ykdysadyýetde önümçiligiň garaşylýan möçberi boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle ýagdaýda önümçiligiň real möçberi bahalaryň dereje-

sine bagly bolmaýar we ol ýurduň önümçilik kuwwatlyklary hem-de bar bolan resurslaryň möçberi bilen kesgitlenýär. Bahalaryň derejesiniň üýtgemegi bilen jemi hödürlemegiň möçberiniň üýtgemeýändigi sebäpli, *uzak möhletleýin döwürde baha faktorlary jemi hödürlemegiň ululygyna täsir etmeýär* (uzak möhletli jemi hödürlemegiň wertikal egri çyzygynyň ugry boýunça *A* nokatdan *B* nokada çenli hereket, *3.11-nji a şekil*). Bahalaryň $P_1$-den $P_2$-ä çenli ýokarlanýan ýagdaýynda önümçiligiň möçberi öz garaşylýan derejesinde ($Y^*$) saklanýar.

Ykdysady resurslaryň hiliniň (öndürijiliginiň) we/ýa-da möçberiniň üýtgemegi *LRAS* egri çyzygynyň (*3.11-nji b şekil*) süýşmegine getirýän we uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň özüni üýtgedýän esasy baha däl faktor hasaplanýar. Ol ýurduň ykdysady mümkinçilikleriniň üýtgemeginiň esasyny düzýär we şonuň üçin bahalaryň her bir derejesinde öndürilýän önümiň garaşylýan möçberiniň ($Y_1^*$-den $Y_2^*$-ä çenli) ululygy üýtgeýär. Öndürilýän önümiň möçberiniň önümçilikde ulanylýan ykdysady resurslaryň sanyna (önümçilik faktorlarynyň çykdajylary) baglylygy *önümçilik funksiýasyny* aňladýar we ol, umuman, ykdysadyýet üçin aşakdaky görnüşe eýe bolýar.

$$Y= AF\,(L, K, H, N)$$

*Y* – öndürilýän önümiň möçberi;

*F* (...) – öndürilýän önümiň möçberiniň önümçilik faktorlarynyň çykdajylaryna baglylygynyň funksiýasy;

*A* – önümçilik tehnologiýalarynyň netijeliligine bagly bolýan we tehnologiki ösüşi häsiýetlendirýän üýtgeýän ululyk;

*L* – zähmetiň möçberi;

*K* – fiziki kapitalyň möçberi;

*N* – tebigy resurslaryň möçberi.

Ykdysady resurslaryň hiliniň kämilleşmegi we/ýa-da möçberiniň artmagy *LRAS* egri çyzygyny saga süýşürýär we ol ykdysady ösüşi aňladýar. Ykdysady resurslaryň hiliniň peselmegi we/ýa-da sanynyň azalmagy ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçiliklerini peseldýär hem-de öndürilýän önümiň garaşylýan möçberini azaldýar (*LRAS* egri çyzygy saga süýşýär). *Uzak möhletli döwürde* jemi hödürlemegiň funksiýasy şeýle ýazylýar we onuň hereketi 3.11-nji b şekilde görünýär:

$$AS = AS\,(\underset{+}{L}, \underset{+}{K}, \underset{+}{H}, \underset{+}{N}, \underset{+}{\tau})$$

*Gysga möhletli döwürde jemi* hödürlemegiň ululygy bahalaryň derejesine bagly bolýar. Bahalaryň derejesi näçe ýokary ($P_2 > P_1$) bolsa, ýagny haryt öndürijiler öz önümlerini has ýokary bahadan satyp bilseler, şonça-da jemi hödürlemegiň möçberi ýokary ($Y_2 > Y_1$) bolýar (*3.11-nji ç şekil*). Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň möçberiniň bahalaryň derejesine baglylygy göni häsiýetde bolýar we jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygy položitel gyşarma eýe bol-

ýar. Şeýlelikde, baha faktorlary (bahalaryň umumy derejesi) gysga möhletli jemi hödürlemegiň ululygyna täsir edýär we *SRAS* egri çyzygynyň ugry boýunça amala aşyrylýan hereketi (*A* nokatdan *B* nokada çenli) düşündirýär.

*Uzak möhletli döwür*




*a) baha faktorlary*




*b) baha däl faktorlar*

*Gysga möhletli döwür*




*ç) baha faktorlary*




*d) baha däl faktorlar*

*3.11-nji şekil. Baha we baha däl faktorlaryň jemi hödürlemeklige edýän täsiri*

*Gysga möhletli döwürde* jemi hödürlemegiň özüne täsir edýän we jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň süýşmegine getirýän *baha däl faktorlar* hökmünde *önümiň bir birligine harçlanýan çykdajylary üýtgedip bilýän ähli faktorlar* çykyş edýär. Eger harajatlar ýokarlanýan bolsa, onda jemi hödürlemek peselýär we jemi hödürlemegiň egri çyzygy çepe ýokaryk ($SRAS_1$-den $SRAS_2$-ä çenli) süýşýär. Eger harajatlar peselýän bolsa, onda jemi hödürlemek artýar we jemi hödürlemegiň egri çyzygy saga aşak ($SRAS_1$-den $SRAS_3$-e çenli) süýşýär (*3.11-nji d şekil*).

Keýnsiň kesişýän çyzyklar modelini emele getirmek üçin iki deňlemeden ybarat bolan ulgamy çözmeli:

$Y = C$ (grafikde 45° çyzyk arkaly görkezilýär);

$C = Ca + mpcY$ (sarp ediş funksiýasynyň grafigi).

Eger $mpc = 0,75$, awtonom sarp etmek 100 mlrd manat bolsa, onda şeýle deňlik alynýar: $C = 100 + 0,75Y$. $Y = C$ bolýandygy sebäpli $C$ belginiň ornuna $Y$ goýup, aşakdaky deňligi alyp bolýar: $Y = 100 + 0,75Y$. Bu ýagdaýda girdejiniň deňagramly derejesi 400 *mlrd* manada deň bolýar. 45° boýunça geçýän çyzyk bilen sarp etmegiň grafiginiň kesişýän *E* nokady *süýşürintginiň nol derejesini* aňladýar. *E* nokadyň çep tarapynda goýy reňk bilen belgilenen bölek süýşürintginiň amatsyz ýagdaýyny we nokadyň sag tarapy süýşürintginiň amatly ýagdaýyny görkezýär.

Girdejileriň we çykdajylaryň deň bolýan *E* (*equilibrium*) nokadynda deňagramlylyk emele gelýär. Mysal üçin, girdejiniň 700 *mlrd* manat derejesinde sarp etmegiň möçberi 625 *mlrd* manada deň bolar.

$$C = 100 + (0,75 \times 700) = 625 \text{ mlrd manat.}$$

45° çyzyk bilen sarp etmegiň grafiginiň dikligi boýunça *S* harpy bilen belgilenen bölek süýşürintginiň möçberini görkezýär we ol şeýle kesgitlenýär:

$$S = (700 - 625) = 75 \text{ mlrd manat.}$$




*3.12-nji şekil. Keýnsiň kesişýän çyzyklary: ýönekeý model*

Süýşürintgileriň funksiýasynyň grafigi süýşürintgileriň gündelik girdejileriň möçberine baglylygyny görkezýär. Bu funksiýanyň ýokarky grafigi 3.12-nji şekile meňzeş bolup, ol sarp etmek we süýşürintgiler funksiýalarynyň özara baglanyşygyny görkezmäge mümkinçilik berýär.




*3.13-nji şekil. Süýşürintgileriň funksiýasy*

Süýşürintgileriň funksiýasy aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$S = -Ca + mpcY.$$

*S* süýşürintgiler grafiginiň gyşarmasy süýşürintgilere bolan goşmaça meýillilik bilen kesgitlenýär we ol berlen mysalda 0,25-e deň. Girdejiniň möçberiniň 700 *mlrd* manada deň bolan ýagdaýynda (*3.13-nji şekil*) süýşürintginiň möçberi 75 *mlrd* manada deň bolýar.

$$S = -100 + (0,25 \times 700) = 75 \ mlrd \ manat.$$

Süýşürintginiň amatsyz ýagdaýy süýşürintgileriň grafiginiň *E* nokatda absissanyň oky bilen kesişýänçä dowam edýär. Awtonom sarp etmegiň möçberi girdejiniň nol ýagdaýynda amatsyz süýşürintgi hökmünde görkezilýär (100 *mlrd* manat).

3.14-nji a şekilde girdejiniň deňagramly derejesi kesgitlenýär we jemgyýetiň jemi çykdajylary *C + I*, ýagny sarp ediş çykdajylary bilen maýa goýum çykdajylarynyň jemini görkezýär. Berlen mysalda awtonom maýa goýumlaryň möçberi 150 *mlrd* manada deň bolýar. 3.14-nji b şekilde absissanyň ugry boýunça girdejileriň derejesi, ordinatanyň ugry boýunça süýşürintgiler hem-de maýa goýumlar görkezilýär. *I* gorizontal çyzygy girdejiniň islendik derejesinde üýtgemeýän maýa goýumyň ýa-da awtonom maýa goýumyň möçberini aňladýar. Grafikden görnüşi ýaly, *I* we *S* çyzyklary girdejiniň 1000 *mlrd* manada deň bolýan derejesinde kesişýärler. Ony aşakdaky formula arkaly kesgitläp bolýar:

$$Y = C + I \quad \text{ýa-da} \quad Y = (100 + 0,75Y) + 150.$$

Süýşürintgileriň we meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlaryň möçberi elmydama deň gelmeýär. Eger girdejiniň haýsy hem bolsa bir derejesinde süýşürintgiler (*S*) maýa goýumlardan (*I*) köp bolsa, onda bu ýagdaý jemgyýetde süýşürintgileriň möçberiniň maýa goýumlaryň möçberinden ýokarydygyny aňladýar. Bu meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlaryň süýşürintgilerden azdygyny görkezýär.

Şeýle ýagdaýda harytlaryň bir bölegi ýerlenmän galýar we haryt-maddy ätiýaçlyklaryň möçberi ýokarlanýar. *Haryt-maddy ätiýaçlyklar – bu meýilnamalaşdyrylmadyk maýa goýumlardyr*. Haryt öndürýän kärhanalar hyrydarlygyň peselmegi sebäpli önümçiligiň möçberini azaldýarlar. Bazaryň «*görünmeýän güýji*» önümçiligiň derejesiniň we oňa laýyklykda milli girdejiniň *Y = 1000*-e tarap hereket etmegine itergi berýär. Eger *S* çyzyk *I* çyzykdan pes bolsa, onda garşylyklaýyn amallar ýerine ýetirilýär. Bu ýagdaýda meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlar süýşürintgilerden ýokary bolýar. Süýşürintgileriň pes derejesi sarp etmegiň ýokary derejesini aňladýar. Netijede, haryt-maddy ätiýaçlyklaryň möçberi azalyp başlaýar we ol önümçiligiň giňeldilmegine amatly şertleri döredýär.




*a) Keýnsiň kesişýän çyzyklar modeli*




*b) Süýşürintgiler-maýa goýumlar modeli*

*3.14-nji şekil. Süýşürintgiler, maýa goýumlar we girdejiniň deňagramly derejesi*

Umuman, meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlar real maýa goýumlardan haryt-maddy ätiýaçlyklaryň möçberinde tapawutlanýar. Real maýa goýumlar süýşürintgiler hökmünde çykyş edýär ($S = I$). *Real maýa goýumlar*

*meýilnamalaşdyrylýan we meýilnamalaşdyrylmaýan maýa goýumlaryň jemini görkezýär*. Haryt-maddy ätiýaçlyklar deňagramlylygyň emele gelmeginiň bir bölümi hasaplanýar we olaryň üýtgemegi girdejiniň deňagramly derejesini üpjün edýär. Diňe girdejiniň deňagramly derejesinde süýşürintgiler bilen maýa goýumlar deň bolýar.

*Keýnsiň kesişýän çyzyklar* modelinde makroykdysady deňagramlylygyň emele gelmegi üçin döwlet çykdajylary we sap eksport hasaba alynýar. *Keýnsiň kesişýän çyzyklar* modeli başgaça *girdejiler-çykdajylar modeli* diýlip atlandyrylýar. Eger döwlet çykdajylary (*G*) 200 *mlrd* manat we sap eksportyň (*Nx*) möçberi 50 *mlrd* manat diýlip kesgitlense, onda awtonom jemi çykdajylary seljermeklige mümkinçilik döreýär.

3.15-nji şekilden görnüşi ýaly, ordinatanyň ugry boýunça awtonom çykdajylaryň ähli bölümleriniň möçberi görkezilýär:

$$Ca = 100 \text{ mlrd manat}, I = 150 \text{ mlrd manat}, G = 200 \text{ mlrd manat},$$
$$Nx = 50 \text{ mlrd manat}.$$

Awtonom çykdajylaryň umumy möçberi *A* harpy bilen belgilenýär we ol 500 *mlrd* manada deň bolýar. Iň ýokarky çyzyk ($C + I + G + Nx$) awtonom çykdajylaryň ähli bölümlerini görkezýär. 45° çyzykda ýerleşýän deňagramlylygyň islendik nokadynda jemi çykdajylar *AE* deň bolýar we ol şeýle formula arkaly hasaplanýar:

$$Y = A + mpcY.$$

Makroykdysady deňagramlylyk $E_1$, $E_2$, $E_3$ we $E_4$ nokatlar arkaly görkezilýär we ol awtonom jemi çykdajylaryň ýokarlanmagyna görä girdejileriň has ýokary derejelerini häsiýetlendirýär.




*3.15-nji şekil. Döwlet çykdajylaryny hasaba almak bilen açyk ykdysadyýet üçin Keýnsiň kesişýän çyzyklar modeli*

Grafikdäki $E$ çyzyk iş bilen doly üpjünçiligiň derejesini görkezýär we $Y^*$ girdeji 2000 *mlrd* manada deň bolýar. Sarp ediş grafigi awtonom çykdajylaryň ähli bölümleriniň jemine deň bolan derejede ýokaryk galýar we ol şeýle kesgitlenýär:

$$Ca + I + G + Nx = 100 + 150 + 200 + 50 = 500 \ mlrd \ manat.$$

Şeýlelikde, iş bilen doly üpjünçiligiň derejesinde makroykdysady deňagramlylyk 45° çyzyk bilen jemi çykdajylaryň grafiginiň kesişýän ýagdaýynda kesgitlenýär we şeýle formula ulanylýar:

$$Y = A + mpcY \quad \text{ýa-da} \quad 500 + 0{,}75\ Y.$$

$E_4$ nokatda iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýynda girdejiniň deňagramly derejesi $Y^*$ 2000 mlrd manada deň bolýar. $Y_E$ nokatda deňagramlylyk aşakdaky formula boýunça kesgitlenýär:

$$Y_E = A/(1 - mpc) = A/mps$$

$A$ – islendik awtonom çykdajylaryň möçberi.

Jemi çykdajylaryň grafiginiň ýokaryk süýşmegi awtonom jemi çykdajylaryň islendik bölümini ýokarlandyrýar. Bu awtonom çykdajylaryň sarp etmekligi, maýa goýumlary, döwlet çykdajylaryny we sap eksporty kesgitleýän bölümleriň (determinantlaryň) üýtgemegi bilen düşündirilýär. Eger döwlet karz bermek üçin has amatly şertleri döretmek arkaly awtonom sarp etmeklige täsir edýän bolsa, onda jemi çykdajylaryň çyzygy ýokaryk süýşýär. Şeýle usul bilen döwlet salgytlaryň möçberini peseltmek arkaly hususy maýa goýumlary höweslendirýär, şeýle-de harytlaryň hem-de hyzmatlaryň döwlet tarapyndan satyn alynmagy amala aşyrylýar.

Keýns ykdysadyýetde bahalaryň çeýe bolmadyk şertlerinde döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagy amala aşyrmazdan makroykdysady deňagramlylyk ýagdaýyny gazanyp bolmajakdygyny göz öňünde tutýar.

Awtonom çykdajylaryň ýokarlanmagy milli girdejini artdyrýar we iş bilen doly üpjünçiligiň gazanylmagyna ýardam edýär. Bu ykdysady nazaryýetde multiplikatoryň netijesi diýlip atlandyrylýar.

## 3.5. Multiplikatoryň netijesi

Girdejiler-çykdajylar modelinde milli girdeji jemi çykdajylaryň funksiýasynyň üýtgemelerine öz täsirini ýetirýär. Awtonom ululyklar birnäçe ekzogen sebäplere görä üýtgäp bilýär. Telekeçileriň ykdysadyýetiň geljekde ösüşine amatly baha bermegi maýa goýumlaryň möçberiniň ýokarlanmagyna mümkinçilikleri döredýär we onuň netijesinde jemi çykdajylar ýokarlanýar. Öý hojalyklarynyň girdejileriň

ýokarlanmagyna garaşmalary sarp ediş çykdajylarynyň ýokarlanmagyny höweslendirýär. Pes netijelere garaşmalar awtonom çykdajylaryň haýsy hem bolsa bir böleginiň azalmagyny we oňa laýyklykda jemi hyrydarlygyň peselmegini aňladýar.

Deňagramly girdejiniň deňlemesine laýyklykda onuň artyş derejesi şeýle kesgitlenýär:

$$\Delta Y = \Delta A/(1 - mpc).$$

*Girdejileriň artyş derejesi awtonom çykdajylaryň artmagy we sarp ediş funksiýasynyň görnüşine bagly bolan koeffisiýentiň ululygy bilen kesgitlenýär.*

Mysal üçin, eger ykdysadyýetde maýa goýumlar 1 *mlrd* manat möçberde ýokarlanýan hem-de sarp etmeklige goşmaça meýillilik 0,8-e deň bolsa, onda milli girdejiniň ýokarlanmagy aşakdaky görnüşde hasaplanýar:

$$\Delta Y = 1 \text{ mlrd manat}/(1 - 0,8) = 5 \text{ mlrd manat}.$$

Bu maýa goýumlaryň 1 *mlrd* manat möçberinde ýokarlanmagy netijesinde girdejileriň (önümçiligiň) 5 *mlrd* manat möçberde artýandygyny aňladýar.

*Çykdajylaryň multiplikatory* – bu awtonom çykdajylaryň $\Delta A$ üýtgemelerine görä önümçiligiň $\Delta Y$ üýtgemelerini görkezýän koeffisiýentdir:

$$\Delta Y/\Delta A = m$$

$m$ – çykdajylaryň multiplikatory.

Çykdajylaryň multiplikatorynyň ($m$) ululygy sarp etmeklige goşmaça meýillilige bagly bolýar:

$$m = 1/(1 - mpc).$$

Ýokardaky mysalda sarp etmeklige goşmaça meýilliligiň 0,8-e deňdigi sebäpli, çykdajylaryň multiplikatory 5-e deň bolýar:

$$m = 1/(1 - mpc) = 1/0,2 = 5.$$

Bu ýagdaýda awtonom çykdajylaryň 100 *mlrd* manat möçberinde artmagy girdejileriň 500 *mlrd* manat möçberinde ýokarlanmagyny aňladýar:

$$\Delta Y = \Delta A/(1 - mpc) = m \times \Delta A = 5 \times 100 \text{ mlrd manat} = 500 \text{ mlrd manat}.$$

Eger sarp etmeklige goşmaça meýillilik 0,5-e çenli peselse, onda multiplikatoryň möçberi 2-ä deň bolar.

Ikinji ýagdaýda awtonom çykdajylara (*mpc*-niň peselýän ýagdaýynda) görä, multiplikatiw netijäniň peselmegi şeýle düşündirilýär: sarp etmeklige bolan goşmaça meýilliligiň peselmegi bir wagtda süýşürintgilere bolan goşmaça

meýilliligiň ýokarlanýandygyny görkezýär. Bu ykdysadyýetde çykdajylaryň hereketinden gidýän serişdeleriň möçberiniň ýokarlanýandygyny aňladýar. Netijede, çykdajylaryň az möçberi ykdysadyýetiň beýleki subýektleriniň girdejilerine (soňra gaýtadan çykdajylara) öwrülýär. Çykdajylaryň umumy hereketi azalýar we ol jemi girdejiniň (önümçiligiň) az möçberde artýandygyny görkezýär. Süýşürintgilere bolan goşmaça meýilliligiň ulanylmagy esasynda multiplikator şeýle görnüşde ýazylýar:

$$m = 1/mps.$$

*3.2-nji tablisa*

| Döwrüň belgisi | Girdejiniň artmagy $\Delta Y$ | Sarp etmegiň artmagy $\Delta C$ | Süýşürintgileriň artmagy $\Delta S$ |
|---|---|---|---|
| 1 | 100 | 75 | 25,00 |
| 2 | 75 | 56,25 | 18,75 |
| 3 | 56,25 | 42,19 | 14,06 |
| 4 | 42,19 | 31,64 | 10,55 |
| 5 | 31,64 | 23,73 | 7,91 |
| 6 | 23,73 | 17,80 | 5,93 |
| Beýlekiler | 71,19 | 53,39 | 17,80 |
| Jemi | 400 | 300 | 100 |

Bu mysalyň ilkinji tapgyrynda maýa goýumlar 100 *mlrd* manat möçberinde ýokarlanýar. Birinji döwürde maýa goýumlaryň möçberinde girdejiler ýokarlanýar we ol tablisanyň birinji hatarynda görkezilýär. Öwrenilýän ykdysadyýetde sarp etmeklige bolan goşmaça meýillilik 0,75-e deň. Bu birinji tapgyrda 100 *mlrd* manat möçberinde emele (maýa goýumlar tarapyndan) gelen goşmaça girdejiniň 75%-niň sarp etmek üçin harçlanýandygyny aňladýar. Ikinji tapgyrda 75 *mlrd* manat möçberinde goşmaça (çykdajylar) sarp etmek girdejileri 75 *mlrd* manat möçberinde ýokarlandyrýar. Girdejiniň ýokarlanmagynyň 75%-i (56,25 *mlrd* manat) sarp etmek üçin harçlanýar we ş.m. Şeýle amallaryň gaýtalanmagy netijesinde jemi girdeji 400 *mlrd* manat möçberinde ýokarlanýar. Amallaryň yzygider gaýtalanmagy çykdajylaryň hereketinden gidýän serişdeleriň ykdysadyýete maýa goýumlar görnüşinde goýulýan serişdeleriň ilkibaşdaky möçberine deň bolýança dowam edýär. Çykdajylaryň multiplikatorynyň 4-e deň bolmagy 100 *mlrd* manada deň bolan goşmaça maýa goýumlaryň netijesinde jemi girdejileri 400 *mlrd* manat möçberinde ýokarlandyrýar.




*3.16-njy şekil. Multiplikatoryň grafiki modeli*

Ykdysadyýetde ilkinji deňagramlylygyň emele gelýän ýagdaýynda girdejiniň deňagramly derejesi $Y_0$-a deň bolýar. Meýilnamalaşdyrylýan awtonom çykdajylar ilkinji $A_0$ derejesinden täze $A_1$ derejesine çenli ($\Delta A$ möçberde) ýokarlanýar. Onuň netijesinde jemi çykdajylaryň *AE* funksiýasynyň 45° çyzyk boýunça täze *C* nokatda kesişýänçä süýşmegine şert döreýär we ol girdejiniň täze deňagramly $Y_1$ derejesine laýyk gelýär. Deňagramlylygyň *B* nokatdan *C* nokada geçmegi girdejiniň deňagramly derejesini ýokarlandyrýar. Grafikde awtonom çykdajylaryň $\Delta A$ möçberde ilkinji ýokarlanmagynyň girdejini $\Delta Y$ möçberde ýokarlandyrýandygy görkezilýär. 3.16-njy şekilden görnüşi ýaly, awtonom ululygyň üýtgemegi (harçlanmagy) netijesinde girdejiniň möçberi multiplikatiw ýokarlanýar.

Multiplikatiw netijäni çykdajylaryň birnäçe tapgyrlarynyň *kumulýatiw (jemleýji)* netijesi hökmünde kesgitlemek mümkin bolýar.

*Mysal üçin*, dowam edýän ýylda döwlet ýol gurluşygy we abadanlaşdyryş işleri boýunça goşmaça 50 *mln* manat harçlaýar. Bu ýol gurluşykçylaryň girdejilerini 50 *mln* manat möçberinde we netijede, jemi girdejini 50 *mln* manat ýokarlandyrýar. Gurluşykçylar girdejiniň sarp etmeklige bolan goşmaça meýillilige laýyk gelýän bölegini sarp edýärler. Ýokarda görkezilen mysalda ol 0,5-e deň boldy. Bu jemi çykdajylaryň (şeýle-de girdejileriň) döwletiň birinji tapgyrda 50 *mln* manat möçberinde çykdajylarynyň derejesinde däl-de, ikinji tapgyrda onuň goşmaça 25 *mln* manat möçberinde (gurluşykçylaryň sarp ediş çykdajylary) ýokarlanýandygyny aňladýar.

Iki tapgyrda girdejiler 75 *mln* manat möçberinde ýokarlanýar we netijede, geçirilýän amallar tamamlanmaýar. Ýol gurluşykçylarynyň çykdajylary beýleki alyş-çalşa gatnaşýanlaryň girdejileri hasaplanýar we olar 0,5 derejede girdejileriň

umumy ýokarlanmagy netijesinde sarp ediş çykdajylaryna gönükdirilýär. Eger tapgyrlaryň yzygiderliligi dowam etse, onda girdejileriň ýokarlanmagy 100 *mln* manada ýakynlaşýar. Netijede, ilkinji tapgyrda awtonom maýa goýumlaryň 50 *mln* manat möçberinde artmagy girdejileri 100 *mln* manat möçberinde ýokarlandyrýar. Girdejiniň şeýle ýokarlanmagy umumy multiplikatiw netijä laýyk gelýär we ol 2-ä deň bolýar.

Multiplikatiw amallaryň yzygiderliligi aşakdaky şekilde görkezilýär.

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| *ΔS* | *25* | *12,5* | *6,25* | *3,12* | *1,56...* | *ΔS = ΔI = = 50-ä çenli,* |
| | ↑ | ↑ | ↑ | ↑ | ↑ | |
| *ΔY* | *50* | *25* | *12,5* | *6,25* | *3,12...* | *ΔY = 50 × 2 = = 100-e çenli,* |
| | ↗ | ↗ | ↗ | ↗ | ↗ | |
| *ΔI 50* | ↓ | ↓ | ↓ | ↓ | ↓ | |
| *ΔC* | *25* | *12,5* | *6,25* | *3,12* | *1,56...* | *ΔC = 100 × 0,5 = = 50-ä çenli.* |

Bu şekil aşakdaky görkezijileri häsiýetlendirýär:

*a) jemi girdejileriň artmagy ΔY maýa goýumlaryň artmagynyň çykdajylaryň multiplikatoryna köpeldilmegine deň (ΔI × m);*

*b) maýa goýumlar ykdysadyýetde süýşürintgileri emele getirýär we multiplikatiw amallar ΔS = ΔI bolanda tamamlanýar;*

*ç) jemi sarp etmegiň artmagy ΔC girdejiniň umumy artmagynyň bir bölegi hasaplanýar we ol sarp etmeklige bolan goşmaça meýillilige, mpc-e deň bolýar.*

## 3.6. Jemi hyrydarlyk-jemi hödürlemek (AD-AS modeli) modelinde emele gelýän deňagramlylyk

AD-AS modelinde deňagramlylyk jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň egri çyzyklarynyň kesişýän nokadynda emele gelýär. Kesişýän nokatlaryň koordinatalary önümçiligiň deňagramly möçberiniň (deňagramly JIÖ-niň) we bahalaryň derejesiniň deňagramly ululygyny görkezýär. Jemi hyrydarlygyň ýa-da jemi hödürlemegiň üýtgemegi (egri çyzyklaryň süýşmegi) JIÖ-niň we bahalaryň derejeleriniň deňagramlylygynyň we deňagramly görkezijileriniň üýtgemegine getirýär.




a) b) ç)

*3.17-nji şekil. AD-AS modelinde jemi hyrydarlygyň üýtgemeginiň netijeleri*

3.17-nji şekilden görnüşi ýaly, *jemi hyrydarlygyň üýtgemeginiň* (bu ýagdaýda artmagy) *netijesi jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň görnüşine bagly bolýar*.

Eger gysga möhletli döwürde *AS* egri çyzygy gorizontal ýagdaýda bolsa, onda *AD* egri çyzygyň ýokarlanmagy bahalaryň derejesini üýtgetmän, önümçiligiň deňagramly möçberiniň ($Y_1$ $Y_2$-ä çenli ýokarlanýar) artmagyna getirýär (*3.17-nji a şekil*). Eger jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygy položitel gyşarma eýe bolsa, onda jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy öndürilen önümiň deňagramly möçberiniň ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) we bahalaryň deňagramly derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) netijesi hasaplanýar (*3.17-nji b şekil*). Uzak möhletli döwürde jemi hyrydarlygyň üýtgemegi önümçiligiň deňagramly möçberine (ykdysadyýet JIÖ-niň garaşylýan – *Y** derejesinde galýar) täsir etmeýär we diňe bahalaryň deňagramly möçberine ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) täsir edýär (*3.17-nji ç şekil*).

*Jemi hödürlemegiň üýtgemegi AS egri çyzygynyň görnüşine bagly bolmazdan birmeňzeş netijä eýe bolýar.* 3.18-nji şekilden görnüşi ýaly, jemi hödürlemegiň ýokarlanmagy üç ýagdaýda (jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň gorizontal ýagdaýy, položitel gyşarmasy, wertikal ýagdaýy) hem önümçiligiň deňagramly möçberiniň ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) artmagyna we bahalaryň deňagramly derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) peselmegine getirýär.




a) b) ç)

*3.18-nji şekil. AD-AS modelinde jemi hödürlemegiň ýokarlanmagynyň netijeleri*

Gysga möhletli döwürde (*SRAS*-iň süýşmesi) JIÖ-niň real möçberi artýar (*3.18-nji a,b şekil*), şol bir wagtyň özünde uzak möhletli döwürde (*LRAS*-iň süýşmesi) garaşylýan JIÖ-niň möçberi (Y*), ýagny ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçilikleri ýokarlanýar (*3.18-nji ç şekil*).

Gysga we uzak möhletli döwürlerde AD-AS modelinde deňagramlylygyň üýtgemeginiň ykdysady mehanizmi:




*3.19-njy şekil. Gysga möhletli deňagramlylykdan uzak möhletli deňagramlylyga geçilişi*

Ilkibaşda ykdysadyýet üç sany egri çyzygyň, ýagny *AD*, *SRAS* we *LRAS* egri çyzyklaryň kesişmesinde gysga we uzak möhletleýin deňagramlylyk (*A* nokatda) ýagdaýynda bolýar. Eger jemi hyrydarlyk ýokarlanýan bolsa, onda *AD* egri çyzygy saga $AD_2$-ä çenli süýşýär (*3.19-njy a şekil*). Jemi hyrydarlygyň artmagy netijesinde telekeçiler ätiýaçlyklary satyp, goşmaça resurslary çekmek arkaly önümçiligiň möçberini artdyryp başlaýarlar. Ykdysadyýetiň ýagdaýy önümçiligiň hakyky möçberiniň ($Y_2$) garaşylýan JIÖ-den (*Y**) ýokarlanýan *B* nokadyna laýyk gelýär. *B* nokat *gysga möhletli* döwürdäki deňagramlylygyň nokady (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň jemi hödürlemegiň *gysga möhletli* egri çyzygy bilen kesişmesi) hasaplanýar. Goşmaça resurslary çekmek goşmaça çykdajylary talap edýär, şonuň üçin kärhanalaryň harajatlary artýar we jemi hödürlemek ($SRAS_1$ kem-kemden $SRAS_2$-ä çenli süýşýär) peselýär. Onuň netijesinde bahalaryň derejesi ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) artýar we jemi hyrydarlygyň ululygy *Y**-e çenli peselýär. Ykdysadyýetiň ýagdaýy, ilkibaşdaky bahalaryň derejesi bilen deňeşdirilende, has ýokary bahalarda jemi hödürlemegiň uzak möhletleýin egri çyzygyna (*C* nokat) gaýdyp gelýär. *C* nokat (*A* nokat ýaly) *uzak möhletleýin* deňagramlylygyň nokady hasaplanýar (jemi hyrydarlygyň egri çyzygy bilen jemi hödürlemegiň *uzak möhletleýin* egri çyzygynyň kesişmesi). Şonuň üçin deňagramly JIÖ bilen garaşylýan JIÖ tapawutlandyrylmaly. Grafikde *deňagramly* JIÖ üç sany nokada, ýagny *A*, *B* we *C* nokada laýyk gelýär, ýöne *garaşylýan* JIÖ ykdysadyýetiň uzak möhletleýin deňagramlylyk ýagdaýynda diňe *A* we *C* nokatlara laýyk gelýär. *B* nokatda *real* JIÖ, ýagny gysga möhletli döwürdäki *deňagramly* JIÖ kesgitlenýär.

7. Sargyt № 466.

Öňki seljermä meňzeşlikde ykdysadyýetde *AS* egri çyzygynyň položitel gyşarma eýe bolýan ýagdaýynda uzak möhletleýin we gysga möhletleýin döwürlerde deňagramlylygyň emele gelmegi öwrenilýär (*3.19-njy b şekil*). Bu ikisiniň tapawudy şeýle düşündirilýär: ykdysadyýetiň *A* nokatdan *B* nokada geçmeginiň esaslandyrmasynda jemi hyrydarlygyň ýokarlanýan ýagdaýynda kärhanalaryň diňe bir öz ätiýaçlyklaryny satýandygyny däl-de, eýsem, olaryň öz önümleriniň bahalaryny ýokarlandyrýandygyny hem göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin ykdysadyýet ilki diňe baha faktorynyň hereket edýändigi we jemi hödürlemegiň möçberiniň artýandygy sebäpli, *SRAS* egri çyzygynyň ugry boýunça hereket edýär. Netijede, ykdysadyýetiň ýagdaýy *B* nokatda *gysga möhletli* deňagramlylyk nokadyna deň bolýar we ol *A* nokada görä diňe bir önümçiligiň has ýokary möçberine ($Y_2$) däl-de, eýsem, bahalaryň hem has ýokary derejesine ($P_2$) laýyk gelýär. Resurslaryň bahalarynyň üýtgemän, bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy sebäpli real girdejileriň (mysal üçin, real zähmet haky) möçberi peselýär ($W/P_2 < W/P_1$). Ykdysady resurslaryň eýeleri resurslaryň bahalarynyň (mysal üçin, nominal zähmet haky) ýokarlandyrylmagyny talap edip başlaýarlar we ol harajatlaryň ýokarlanmagyna (*baha däl* faktoryň täsir etmegi), *jemi hödürlemegiň* (*SRAS* egri çyzygynyň çepe ýokaryk *süýşmesi*) peselmegine hem-de bahalaryň derejesiniň ($P_2$-den $P_3$-e çenli) has hem ýokarlanmagyna getirýär. Netijede, ykdysadyýetiň ýagdaýy C nokatda *uzak möhletleýin* deňagramlylyga we garaşylýan JIÖ-niň möçberine laýyk gelýär.

## 3.7. Jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň garaşylmaýan üýtgemeleri

Garaşylmaýan üýtgemeleriň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: *AD* we *AS*-iň *pozitiw garaşylmaýan üýtgemegi* (garaşylmaýan ýagdaýda çalt ýokarlanmak) we *negatiw garaşylmaýan üýtgemegi* (garaşylmaýan ýagdaýda çalt peselmek).

*Jemi hyrydarlygyň pozitiw garaşylmaýan üýtgemeleri* (positive shocks) AD egri çyzygyny saga süýşürýär. *Jemi hödürlemegiň pozitiw garaşylmaýan üýtgemeleri AS* egri çyzygyny şeýle ýagdaýlara görä süýşürýär: *aşak*, eger ol gorizontal ýagdaýa eýe bolsa (*SRAS*); *saga aşak*, eger onuň položitel gyşarmasy bolsa (*SRAS*); *saga*, eger ol wertikal ýagdaýda bolsa (*LRAS*). Jemi *hyrydarlygyň negatiw garaşylmaýan üýtgemeleri* (adverse shocks) *AD* egri çyzygyny çepe süýşürýär, jemi *hödürlemegiň negatiw garaşylmaýan üýtgemeleri AS* egri çyzygyny onuň görnüşlerine görä, ýokaryk (*SRAS*), *çepe ýokaryk* (*SRAS*) ýa-da *çepe* (*LRAS*) süýşürýär.

*Jemi hyrydarlygyň pozitiw garaşylmaýan üýtgemeleriniň sebäpleri: puluň hödürlenmeginiň garaşylmaýan çalt ýokarlanmagy* ýa-da *jemi çykdajylaryň* (sarp ediş, maýa goýum, döwlet we daşary ýurt bölegi) *haýsy hem bolsa bir böleginiň garaşylmaýan çalt üýtgemegi*. Jemi hyrydarlygyň pozitiw garaşylmaýan

üýtgemeleriniň ykdysadyýete edýän täsiriniň netijeleri we mehanizmi barada ýokarda hem seredilip geçildi (*3.18-nji şekil*) hem-de gysga möhletli döwürde real JIÖ-niň garaşylýan JIÖ-den uly bolan ($Y_2 > Y^*$) ýagdaýynda önümçilikde *hümmetsizlenme aralygynyň* ýüze çykmagy emele gelýär we ol ahyrky netijede bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagyna, ýagny hümmetsizlenmegine getirýär.

Jemi hyrydarlygyň negatiw garaşylmaýan üýtgemesi (çalt peselmegi) garşylyklaýyn (*3.20-nji şekil*) netijäni görkezýär we onuň sebäbi *puluň hödürlenmeginiň garaşylmaýan peselmegi* (pul toplumynyň azalmagy) ýa-da *jemi çykdajylaryň çalt azalmagy* hasaplanýar. Ol gysga möhletli döwürde önümçiligiň möçberiniň azalmagyna getirýär we ykdysadyýetiň *A* nokatdan *B* nokada, ýagny gysga möhletli deňagramlylyk nokadyna (jemi hyrydarlygyň, ýagny jemi çykdajylaryň peselmegini, kärhanalaryň ätiýaçlyklarynyň artmagyny, harytlarynyň jemlenmegini, öndürilen önümleriň satyp bolmazlygyny şertlendirýär we ol önümçiligiň bes edilmeginiň sebäbi hasaplanýar) geçýändigini aňladýar. *Önümçiligiň pese gaçmak (resession) aralygy, ýagny real JIÖ-niň garaşylýan JIÖ--den pes bolýan* ($Y_2 < Y^*$) ýagdaýy ýüze çykýar. Kämil bäsdeşlik şertlerinde telekeçiler öz önümleriniň bahalaryny peseldip başlaýarlar, bahalaryň derejesi ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) peselýär. Bu ýagdaýda *deflýasiýa* emele gelýär (şonuň üçin ykdysady edebiýatlarda *deflýasiýa aralygy* diýen düşünje hem duş gelýär), jemi hyrydarlygyň möçberi ýokarlanýar (*AD* egri çyzygynyň ugry boýunça hereket) we ykdysadyýetiň ýagdaýy jemi önüm bilen garaşylýan JIÖ-niň möçberiniň deň bolýan *uzak möhletli* deňagramlylyk nokadyna – *C* nokada laýyk gelýär.




*3.20-nji şekil. Jemi hyrydarlygyň negatiw garaşylmaýan üýtgemesi*

Ýöne bu ýagdaý diňe kämil bäsdeşlik şertlerinde ýüze çykyp bilýär. Kämil däl bäsdeşlik şertlerinde *diňe bir ugra hereket etmegiň netijesi* emele gelýär. Makroykdysadyýetde *diňe bir ugra hereket etmegiň netijesi* diýlip, bahalaryň ýeňillik bilen ýokarlanýan, ýöne zähmet hakynyň nominal derejesiniň (ol harytlaryň

bahalarynyň we kärhanalaryň çykdajylarynyň köp bölegini düzýär) üýtgemeýän ýagdaýy bilen baglanyşykly olary peseltmek mümkinçiliginiň bolmaýan ýagdaýyna düşünilýär.

Jemi hödürlemegiň negatiw (*3.21-nji şekil*) garaşylmaýan üýtgemeleri (adverse shocks), adatça, *bahalar boýunça garaşylmaýan üýtgemeler* diýlip atlandyrylýar, olaryň sebäbi bolup harajatlaryň artmagyna, şeýle-de bahalaryň ýokarlanmagyna getirýän üýtgemeler hasaplanýar. Şeýle sebäplere aşakdakylar degişli:

– harajatlaryň esasy bölegi hasaplanýan *çig mal resurslarynyň bahalarynyň ýokarlanmagy*;

– zähmet hakynyň nominal derejesiniň ýokarlandyrylmagy üçin *kärdeşler arkalaşygynyň alyp barýan işi* (olaryň alyp barýan işi şowly bolup, zähmet haky ýokarlandyrylsa, onda onuň bilen baglanyşykly harajatlaryň artmagy jemi hödürlemegiň peselmegine getirýär);

– *döwletiň ekologiýa bilen baglanyşykly alyp barýan işleri* daşky gurşawy goramak baradaky kanunlar kärhanalarda arassalaýyş desgalarynyň gurulmagy, süzüji enjamlaryň ulanylmagy we ş.m. üçin çykdajylaryň ýokarlandyrylmagyny talap etmek bilen önümçiligiň möçberine öz täsirini ýetirýär;

– ykdysadyýetiň ýagdaýyna düýpli täsir edýän *tebigy betbagtçylyklar* we ş.m.

Jemi hödürlemegiň garaşylmaýan üýtgemeleri (*3.21-nji a şekil*) ykdysadyýete diňe gysga möhletli döwürde täsir edýär, sebäbi düzgün boýunça hökümet ýurduň önümçilik mümkinçilikleriniň azalmagyna, ýagny uzak möhletli döwürde JIÖ-niň peselmezligine (garaşylýan JIÖ) ýol bermezlik maksady bilen dürli çäreleri kabul edýär. Şeýle ýagdaý XX asyryň 70-nji ýyllarynda nebitiň bahasynyň garaşylmaýan üýtgemegi bilen baglanyşykly ýüze çykdy. Nebitiň we beýleki energiýa resurslarynyň bahalarynyň çalt ýokarlanmagy harajatlaryň möçberini artdyrdy we gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň peselmegine getirdi ($SRAS_1$ egri çyzygynyň $SRAS_2$-ä çenli çepe ýokaryk süýşmegi). Netijede, *bir wagtda* önümçilik düýpli pese gaçýar, ýagny resessiýa ýa-da stagnasiýa (JIÖ $Y^*$-den $Y_2$-ä çenli peseldi we şeýle ýagdaýda uzak wagtyň dowamynda saklandy) emele gelýär hem-de bahalaryň derejesi artýar ($P_1$-den $P_2$-ä çenli), ýagny hümmetsizlenmek ýokarlanýar (*3.21-nji a şekil*). Bu ýagdaý ykdysady edebiýatlarda stagflýasiýa diýlip atlandyrylýar (bu iki sany sözden «*stagnasiýa*» we «*inflýasiýadan*» alyndy). Ösen döwletleriň hökümetleri işsizligiň ýokary derejesi sebäpli ykdysady mümkinçilikleriň peselmeginiň öňüni almak maksady bilen jemi hödürlemegi ýokarlandyrmak üçin ähli zerur çäreleri amala aşyrýarlar. Eger hökümet hiç hili çäre kabul etmese, onda ol garaşylmaýan üýtgemelere uýgunlaşýar we jemi hödürlemek kem-kemden ýokarlanyp, ykdysadyýet bazar mehanizmleriniň kömegi bilen hödürlemegiň negatiw garaşylmaýan üýtgemelerini ýeňip geçýär we ol başdaky ýagdaýyna (*B* nokatdan *A* nokada) gaýdyp gelýär (*3.21-nji a şekil*) diýip pikir edýärler.




*a) Negatiw* *b) Pozitiw*

*3.21-nji şekil. Jemi hödürlemegiň garaşylmaýan üýtgemeleri.*

Hödürlemegiň pozitiw garaşylmaýan üýtgemelerine (*3.21-nji b şekil*), adatça, *tehnologiki garaşylmaýan üýtgemeler* diýilýär, sebäbi jemi hödürlemegiň çalt ýokarlanmagy düzgün boýunça ylmy-tehniki ösüş, tehnologiýalaryň kämilleşmegi bilen baglanyşykly hasaplanýar. Tehnologiki üýtgemeler resurslaryň öndürijiligini şertlendirýär we ol jemi hödürlemegi ýokarlandyrmagyň esasy faktorlarynyň biri hasaplanýar. Tehnologiki täzelikleriň ýüze çykmagy, ilkinji nobatda, *gysga möhletli* jemi hödürlemegiň artmagyna getirýär ($SRAS_1$ egri çyzygy saga aşak $SRAS_2$-ä çenli süýşýär). Gysga möhletli döwürde önümçiligiň möçberi $Y_2$-ä çenli ýokarlanýar, bahalaryň derejesi bolsa $P_2$-ä çenli peselýär. Tehnologiki üýtgemeleriň ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrýandygy sebäpli, jemi hödürlemegiň uzak möhletleýin egri çyzygy saga süýşýär. Şonuň üçin *B* nokat uzak möhletleýin deňagramlylyk nokady hasaplanýar. Garaşylýan JIÖ-niň möçberi artýar ($Y^*_1$-den $Y^*_2$-ä çenli) we ykdysadyýetde ösüş üpjün edilýär.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *aggregate demand – AD* | *jemi hyrydarlyk* |
| *consumption demand* | *sarp ediş hyrydarlygy* |
| *investment demand* | *maýa goýum hyrydarlygy* |
| *demand for net export* | *sap eksporta bolan hyrydarlyk* |
| *ratchet effect* | *bir ugra hereket etmegiň netijesi* |
| *real money balances effect* | *real pul ätiýaçlyklarynyň netijesi* |
| *interest rate effect* | *göterim derejesiniň netijesi* |
| *net export effect* | *sap eksportyň netijesi* |
| *wealth* | *maddy-hal ýagdaýyň derejesi, baýlyk* |
| *yield, income* | *girdeji* |

| | |
|---|---|
| *expectations* | *belli bir ykdysady amala garaşmalar* |
| $Yd^e$ *– expected disposable income* | *geljekde girdejileriň üýtgemelerine bolan garaşmalar* |
| $\pi^e$ *– expected inflation* | *bahalaryň derejesiniň üýtgemelerine bolan garaşmalar* |
| *Tx – taxes* | *salgytlar* |
| *Tr – transfers* | *transfertler* |
| *D – debt* | *bergileriň derejesi* |
| *r – interest rate* | *göterimiň derejesi* |
| *N – number of consumers* | *sarp edijileriň sany* |
| *induced investment* | *höweslendirilýän maýa goýumlar* |
| *τ – technological progress* | *tehnologiýalaryň ösüşi* |
| *e – exchange rate* | *alyş-çalyş hümmeti* |
| *aggregate supply – AS* | *jemi hödürlemek* |
| *LRAS – long-run aggregate supply* | *uzak möheltli döwürde jemi hödürlemek* |
| *SRAS – short-run aggregate supply* | *gysga möhletli döwürde jemi hödürlemek* |

# IV BAP
# YKDYSADY ÖSÜŞ WE YKDYSADY DÖWÜRLER

## 4.1. Ykdysady ösüş we onuň görkezijileri

Ykdysady ösüşiň we onuň depgininiň meselesi makroykdysadyýetiň esasy meseleleriniň biri hasaplanýar. Onuň öwrenilmegi aşakdaky ugurlaryň aýdyňlaşdyrylmagyna mümkinçilik berýär:

1) şol bir döwürde dürli döwletleriň arasynda (döwletara tapawutlar) we dürli döwürlerde döwletiň içinde (wagt boýunça tapawutlar) ykdysady ösüşiň depgininiň we durmuş derejeleriniň tapawutlanmagynyň sebäplerine düşünmek;

2) ykdysady ösüşiň faktorlaryny ýüze çykarmak;

3) ýokary durmuş derejelerini gazanan döwletlerde onuň saklanmagynyň şertlerini kesgitlemek;

4) ykdysady ösüşi üpjün etmek we ony çaltlandyrmak boýunça döwlet syýasatyny amala aşyrmak boýunça çäreleri işläp düzmek.

*Ykdysady ösüş real jemi içerki önümiň ýokarlanmagynyň uzak möhletleýin meýlini görkezýär*. Bu kesgitlemäniň bölümlerini aşakdaky görnüşde düşündirmek zerur hasaplanýar:

– *Meýil* – bu real JIÖ-niň her ýylda ýokarlanmagynyň hökmany şert däldigini aňladýar, ol diňe «*trend*» diýlip atlandyrylýan ykdysadyýetiň hereket etmeginiň *ýörite ugruny* görkezýär;

– *Uzak möhletleýin:* ykdysady ösüş uzak möhletleýin döwri häsiýetlendirýän görkeziji hasaplanýar, şonuň üçin garaşylýan JIÖ-niň (resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýyndaky JIÖ) ýokarlandyrylmagy we ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçilikleriniň ösüşi öwrenilýär;

– *Real JIÖ* (bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagynyň hasabyna, şeýle-de önümçiligiň real möçberiniň peselen ýagdaýynda hem ýokarlanýan nominal JIÖ däl). Şonuň üçin *ykdysady ösüşiň esasy görkezijisi* hökmünde *real JIÖ-niň ululygy* görkezijisi çykyş edýär.

Ykdysady ösüş (*economic growth*) birnäçe görkezijiler arkaly kesgitlenýär:

– real JIÖ-niň absolýut artyşy;
– real JIÖ-niň artyş depgini;
– real JIÖ-niň ilatyň adam başyna düşýän böleginiň artyş depgini;
– real JIÖ-niň bir işleýän adama düşýän böleginiň artyş depgini.

*Ykdysady ösüşiň esasy maksady* – ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we milli baýlygy artdyrmak hasaplanýar. Ýurduň ykdysady mümkinçilikleri we ykdy-

sady ösüşiň depgini näçe ýokary bolsa, şonça-da ilatyň durmuş derejesi ýokary bolýar.

Ykdysady ösüş üç sany grafiki usul arkaly görkezilip bilinýär:

*a) real JIÖ-niň grafigi arkaly;*

*b) önümçilik mümkinçilikleriniň grafigi arkaly;*

*ç) AD-AS modeliniň kömegi arkaly.*




*4.1-nji şekil. Ykdysady ösüşiň grafiki düşündirilişi*

4.1-nji a şekilde çyzyk (ýörite ugur, trend) real JIÖ-niň ýokarlanmagynyň uzak möhletleýin meýlini görkezýär. 4.1-nji b şekilde ykdysady ösüş önümçilik mümkinçilikleriniň kömegi arkaly görkezilýär. Ykdysadyýetde öndürilýän harytlaryň esasy görnüşleri maýa goýum harytlary (önümçilik ähmiýetli) we sarp ediş harytlary hasaplanýar. Önümçilik mümkinçilikleriniň grafigi (*ÖMEÇ*) belli bir döwürde ykdysadyýetde resurslaryň çäkliligini görkezýär. Egri çyzygyň her bir nokady bar bolan ykdysady resurslaryň kömegi bilen öndürilýän sarp ediş harytlarynyň we maýa goýum harytlarynyň möçberiniň baglanyşygyna laýyk gelýär. Mysal üçin, $ÖMEÇ_1$-iň *A* nokadynda bu egri çyzyga laýyk gelýän resurslar bilen $C_1$ sarp ediş harytlarynyň we $I_1$ maýa goýum harytlarynyň möçberini öndürip bolýar. Eger sarp ediş harytlarynyň möçberini $C_2$-ä çenli ýokarlandyrmak maksat edilip goýlan bolsa, onda şol bir önümçilik mümkinçilikleriniň egri çyzygynda ýerleşmek bilen (*A* nokatdan *B* nokada geçmek) bu meseläni diňe maýa goýum harytlarynyň önümçiligini $I_2$-ä çenli peseltmek arkaly çözüp bolýar, ýagny *alternatiw (ikiden birini saýlamak) çykdajylary* emele gelýär. Eger ykdysadyýet önümçilik mümkinçilikleriniň täze egri çyzygyna, ýagny *A* nokatdan *D* nokada geçse, onda sarp ediş harytlarynyň ($C_3$-e çenli) we maýa goýum harytlarynyň ($I_3$-

-e çenli) önümçiligi alternatiw harajatsyz ýokarlanýar. Bu ykdysady ösüşi, ýagny resurslaryň çäklilik meselesiniň we alternatiw harajatlaryň çözülýän önümçilik mümkinçilikleriniň täze derejesine geçilýändigini aňladýar. Şeýlelikde, ykdysady ösüş önümçilik mümkinçilikleriniň egri çyzygynyň süýşmesini (parallel süýşmesi hökman däl) görkezýär. 4.1-nji ç şekilde ykdysady ösüşiň AD-AS modeli arkaly görkezilýär. Ykdysady ösüş garaşylýan JIÖ-niň, ýagny uzak möhletli döwürde real JIÖ-iň ösüşini görkezýändigi sebäpli, ol grafiki jemi hödürlemegiň uzak möhletleýin egri çyzygynyň saga süýşmesi (*LRAS*) we önümçiligiň möçberiniň $Y^*_1$-den $Y^*_2$-ä çenli ösüşi hökmünde görkezilýär.

*Ýurduň ykdysady ösüşiniň derejesiniň ösüşine* baha bermek üçin real JIÖ-niň ululygy çykyş edýän hem bolsa, ol absolýut görkeziji hökmünde durmuş derejesini anyk görkezip bilmeýär. *Ýurduň durmuş derejesini* häsiýetlendirýän has anyk görkeziji hökmünde *real jemi içerki önümiň adam başyna düşýän paýy* hasaplanýar. Bu otnositel görkeziji bolup, ol ykdysadyýetde umuman harytlaryň we hyzmatlaryň degişli möçberde *öndürilmeginiň gymmatyny* däl-de, onuň *ortaça bir adama düşýän gymmatyny* görkezýär.

Ykdysady ösüşiň *durnukly* (iki onýyllygyň dowamynda saklanýan) ýagdaýyny we *ýokary* (her ýylda 7%-den ýokary) derejesini saklamak döwletler üçin iň çylşyrymly meseleleriň biri bolup, oňa birnäçe faktorlar täsir edýär. Durmuş derejesi ilatyň ösüş depgini bilen baglanyşykly hasaplanýar. Bir tarapdan, ýurduň ilatynyň sany işçi güýjüniň, ýagny zähmet resurslarynyň sanyny kesgitleýär. Ilaty köp sanly ýurtlar (Hytaý, Hindistan, ABŞ, Ýaponiýa) JIÖ-niň ýokary derejesine eýe bolýarlar, beýleki bir tarapdan, ilatyň sanynyň artmagy JIÖ-niň adam başyna düşýän görkezijisini peseldýär, ýagny durmuş derejesiniň peselmegine getirýär. Eger ilatyň durmuş derejesi ýokarlanýan bolsa, *ilatyň ösüşi bilen deňeşdirilende real JIÖ-niň çalt ösüşi* üpjün edilýän ýagdaýynda *hakyky ykdysady* ösüşi kesgitläp bolýar. Real JIÖ-niň adam başyna düşýän derejesi boýunça ýurtlaryň arasynda düýpli tapawutlar saklanýar.

Ýokary depginli ykdysady ösüşi gazanmak üçin aşakdaky düzgünleriň berjaý edilmegi zerur hasaplanýar:

– jemi içerki önüme bolan gatnaşykda maýa goýumlaryň paýynyň 25 – 30% we ondan ýokary derejede saklanmagy (şeýle derejäni ykdysadyýeti her ýylda 7 – 8% ösýän döwletler gazanyp bilýär);

– ykdysadyýetde döwletiň tutýan orny we onuň talabalaýyk möçberiniň üpjün edilmegi;

– içerki bazaryň ýeterlik möçberiniň bolmagy we içerki hyrydarlygyň ýokary derejesiniň emele gelmegi (bu ilkinji nobatda ilatyň girdejileri bilen kesgitlenýär);

– kiçi we orta telekeçiligiň yzygider goldanylmagy.

Ykdysady ösüş 2 usul arkaly ölçenilýär:

1) JIÖ-niň ösüş depgini;

2) Adam başyna düşýän JIÖ-niň ösüş depgini.

Real jemi içerki önümiň adam başyna düşýän bölegi ($GDP_{\text{per capita}}$) aşakdaky görnüşde kesgitlenýär.

$$GDP_{\text{per capita}} = Y/N$$

$GDP_{\text{per capita}}$ – jemi içerki önümiň adam başyna düşýän bölegi;

$Y$ – jemi içerki önüm;

$N$ – ýurduň ilatynyň sany.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» maksady aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

– depginli ykdysady ösüşi gazanmak;

– ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini diwersifikasiýalaşdyrmak;

– ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesini düýpli ýokarlandyrmak;

– bazar-ykdysady we institusional özgertmeleri çuňlaşdyrmak;

– ýurduň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmak.

Türkmenistanda alnyp barylýan makroykdysady syýasat netijesinde ýokary depginli ykdysady ösüş gazanylýar we jemi içerki önümiň adam başyna düşýän paýy yzygider ýokarlanýar. Muňa halkara maliýe guramalary, hususan-da *Halkara Pul Gaznasy* (*IMF* – International Monetary Fund) tarapyndan taýýarlanýan maglumatlar doly şaýatlyk edýär (*4.2-nji şekil*).

Ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini 2007–2014-nji ýyllaryň aralygynda Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna (*GDA*) girýän döwletlerde gazanylan netijeler bilen deňeşdirmek arkaly kesgitlemek mümkinçiligi emele gelýär (*4.1-nji tablisa*).

*4.1-nji tablisa*

**GDA döwletleri boýunça 2007–2014-nji ýyllarda jemi içerki önümiň ösüş depginleri (deňeşdirilen nyrhlarda, geçen ýyla garanyňda)**

| *Döwletler* | *2007-nji ýyl* | *2008-nji ýyl* | *2009-njy ýyl* | *2010-njy ýyl* | *2011-nji ýyl* | *2012-nji ýyl* | *2013-nji ýyl* | *2014-nji ýyl* |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Azerbaýjan | 125,0 | 110,8 | 109,3 | 105,0 | 100,1 | 102,2 | 105,8 | 102,5 |
| Ermenistan | 113,7 | 106,9 | 85,9 | 102,2 | 104,7 | 107,6 | 103,5 | 103,9 |
| Belarus | 108,6 | 110,2 | 100,2 | 107,7 | 105,3 | 101,5 | 100,9 | 101,5 |
| Gazagystan | 108,9 | 103,3 | 101,2 | 107,3 | 107,5 | 105,0 | 106,0 | 104,1 |
| Gyrgyzystan | 108,5 | 108,4 | 102,9 | 99,5 | 105,7 | 99,1 | 110,5 | 103,0 |
| Moldowa | 103,0 | 107,8 | 94,0 | 107,1 | 106,4 | 99,8 | 108,9 | 104,7 |
| Russiýa | 108,5 | 105,2 | 92,2 | 104,3 | 104,3 | 103,4 | 101,3 | 100,8 |
| Täjigistan | 107,8 | 107,9 | 103,9 | 106,5 | 107,4 | 107,5 | 107,4 | 106,9 |
| Türkmenistan | 111,0 | 114,7 | 106,1 | 109,2 | 114,7 | 111,1 | 110,2 | 110,3 |
| Özbegistan | 109,5 | 109,0 | 108,1 | 108,5 | 108,3 | 108,2 | 108,0 | 108,1 |
| Ukraina | 107,9 | 102,3 | 85,2 | 104,1 | 105,2 | 100,2 | 100,0 | 94,9 |




*4.2-nji şekil. 2000 – 2012-nji ýyllarda real JIÖ-niň we adam başyna düşýän real JIÖ-niň ösüşi*

Şekilden görnüşi ýaly, 2000–2012-nji ýyllarda Türkmenistanda real jemi içerki önümiň ortaça ýyllyk artyş depgini 14%-e, adam başyna düşýän real jemi içerki önümiň artyşy bolsa 12%-e golaý boldy. Bu görkezijiler milli ykdysadyýetde gazanylan ýokary görkezijileri häsiýetlendirýär we durnukly ykdysady ösüşiň gazanylandygyny görkezýär.

Bütindünýä bankynyň ulanýan usulyýetine laýyklykda, jemi içerki önümiň bir adama düşýän paýy boýunça döwletleriň toparlara bölünişi:

| JIÖ-niň bir adama düşýän paýy | Ösüş derejesi | |
|---|---|---|
| 700 amerikan dollaryna çenli | ykdysady ösüşi has pes döwletler | ↓ |
| 700-den 3600 amerikan dollaryna çenli | ykdysady ösüşi pes döwletler | ↘ |
| 3600-den 10 müň amerikan dollaryna çenli | ykdysadyýeti orta derejede ösen döwletler | ↖ |
| 10 müň amerikan dollaryndan ýokary | senagat taýdan ösen döwletler | ↑ |

Öz gezeginde senagat taýdan ösen döwletler hem aşakdaky toparlara bölünýär:
1. 10 müň dollardan 14 müň dollara çenli – *pes dereje*;
2. 14 müň dollardan 24 müň dollara çenli – *ortaça dereje*;
3. 24 müň dollardan ýokary – *ýokary dereje*.

Ykdysady ösüşiň depginlerini ölçemegiň esasy görkezijileri:

– *ösüşiň koeffisiýenti* – öwrenilýän döwrüň görkezijileriniň binýatlyk ýylyň görkezijilerine bolan gatnaşygy:

*(128 mlrd dollar / 115 mlrd dollar = 1,11);*

– *ösüş depgini* – ösüşiň koeffisiýentiniň 100% köpeldilmegi:

*(1,11 × 100% = 111,0%);*

– *artyş depgini* – ösüşiň depgininden 100% aýrylýar:

*(111,0 – 100% = 11%).*

Dürli döwletlerde *ykdysady ösüşiň tizliginiň* dürlüligi sebäpli real JIÖ-niň adam başyna düşýän derejesi hem wagtyň geçmegi bilen üýtgäp bilýär. Ösüşiň tizliginiň görkezijisi bolup, ykdysady ösüşiň *dinamikasy* diýen görkeziji hasaplanýar we ol haýsy döwletiň çalt ösýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ykdysady ösüşiň tizligi belli bir wagtyň dowamynda *JIÖ-niň ortaça ýyllyk artyş depgini ýa--da JIÖ-niň adam başyna düşýän böleginiň ortaça ýyllyk artyş depgini* (bu has anyk görkeziji) bilen kesgitlenýär.

JIÖ-niň adam başyna düşýän böleginiň ösüş depgini boýunça hem düýpli tapawutlar saklanýar. Ösüş depginlerinde uly bolmadyk tapawutlar saklanýan hem bolsa, birnäçe ýylyň geçmegi bilen, ol ýurtlaryň arasynda önümçiligiň we girdejiniň derejesinde uly tapawutlara getirip bilýär. Bu *toplanýan ösüşiň* (compound growth), ýagny *kumulýatiw netijäniň* esasynda amala aşyrylýar. Kumulýatiw netije öň alnan göterime göterimiň hasaplanýan ýagdaýynda, «çylşyrymly göterimiň» formulasy arkaly hasaplanýar. Eger ýurduň JIÖ-niň möçberi 100 *mlrd* dollar we JIÖ-niň artyşynyň ortaça ýyllyk depgini 10% bolsa, onda birinji ýylyň ahyryna JIÖ-niň möçberi 110 mlrd dollara (*100+100 × 0,1=110*), ikinji ýylyň ahyryna 121 *mlrd* dollara (*100+100 × 0,1+ (100+100 × 0,1) × 0,1=121*), üçünji ýylyň ahyryna 133,1 *mlrd* dollara *(100+100 × 0,1+ (100+100 × 0,1) × 0,1+ [(100+100 × 0,1) × 0,1] × × 0,1)=133,1)* we ş.m. deň bolar.

Eger JIÖ-niň artyşynyň ortaça ýyllyk depgini ($g_a$ – annual growth rate) belli bolsa, onda JIÖ-niň ilkibaşdaky ýagdaýyny ($Y_0$) öwrenip we çylşyrymly göterimiň formulasyny ulanyp, $t$ ($Y_t$ ) ýyldan soň JIÖ-niň ululygyny kesgitläp bolýar:

$$Y_t = Y_0\,(1 + g_a)^t.$$

Bu formuladan JIÖ-niň artyşynyň ortaça ýyllyk depgini hasaplanýar:

$$g_a \sqrt[t]{Y_t/Y_0} - 1.$$

Jemi içerki önümiň ortaça ýyllyk artyş depgini belli bir ýyllaryň dowamynda artyşyň depginleriniň ortaça geometriki ululygyny görkezýär.

Hasaplamalaryň ýeňilleşdirilmegi üçin «*düzgün 70*» görkezijisi ulanylýar. Ol başgaça «*7 – 10 düzgün*» diýlip atlandyrylýar. Bu görkezijä laýyklykda, eger haýsy hem bolsa bir üýtgeýän ululyk ýylda *x%* depginli artsa, onda onuň ululygy, takmy-

nan, 70/*x* ýyldan soň iki esse artar. Eger JIÖ-niň adam başyna düşýän bölegi her ýylda 1% ýokarlansa ($g_a$ = 1), onda onuň ululygy 70 ýyldan (70/1) soň iki esse artar. Eger JIÖ-niň adam başyna düşýän bölegi ýylda 4% artsa ($g_a$ =4), onda onuň ululygy, takmynan, 17,5 ýyldan (70/4) soň iki esse ýokarlanar. Geljekki nesillere JIÖ-niň iki esse möçberini geçirmek üçin ykdysadyýetiň ösüşiniň ortaça depgini, takmynan, her ýylda 3%-e golaý bolmaly.

Jemi içerki önümiň 70 ýyldan soň adam başyna düşýän möçberi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$Y_t = Y_0 \times 2^{ga}.$$

Umuman, ykdysady ösüşe baha bermek üçin şeýle görkezijiler ulanylýar: jemi içerki önümiň absolýut möçberiniň artmagy, jemi içerki önümiň bir adama düşýän böleginiň ösüş depgini, senagat önümçiliginiň ösüş depgini, jemi içerki önümiň bir ýyldaky artyş depgini, ilatyň durmuş derejesiniň we adamlaryň ýaşynyň dowamlylygynyň artmagy.

Dünýäniň aýry-aýry döwletleri birnäçe ýylyň (10 ýyl we ondan köp ýyl) dowamynda her ýylda 7-8% möçberinde ösüş gazandylar. Mysal üçin, Hytaý Halk Respublikasynda 25 ýylyň dowamynda (1978 – 2003 ý.) 109% ortaça ösüş depgini bilen jemi içerki önümiň möçberi 6 esse ýokarlandyryldy. Makroykdysady düzgüne laýyklykda, Türkmenistanda 2008 – 2014-nji ýyllaryň aralygynda jemi içerki önümiň möçberi 2,5 esse ýokarlandy.

«Düzgün 70» görkezijisinden görnüşine görä, birnäçe ýyllaryň geçmegi bilen çalt ösýän ykdysadyýet JIÖ-niň ilkibaşdaky uly möçberine görä hasaplanan ykdysady ösüşiň depgininiň göterim ululygyny ulanýar we has haýal ösýän ykdysadyýetlerde umumy önümçilik çalt ösýär. 1% depgin bilen ýokarlanýan ykdysadyýet, takmynan, 70 ýyldan soň öz JIÖ-niň möçberini 2 esse artdyrar, ösüşiniň depgini 4% bolan ykdysadyýet öz JIÖ-ni her 17,5 ýyldan soň iki esse artdyrar. 4% bilen ösýän ykdysadyýet 70 ýyldan soň ilkibaşdaky ýagdaýy ($2^4$) bilen deňeşdirilende öz JIÖ-niň 16 esse ýokarlandyrar, şol bir wagtyň özünde 1% bilen ösýän ykdysadyýet diňe JIÖ-niň ilkibaşdaky möçberini iki esse ($2^1$) artdyrar. Eger iki ykdysadyýetde hem ilkibaşdaky JIÖ-niň adam başyna düşýän derejesi birmeňzeş bolsa ($Y_0$ = 100), onda 4% depgin bilen ösýän ykdysadyýet 70 ýyldan soň kumulýatiw netijäniň esasynda öz JIÖ-ni 1% bilen ösýän ykdysadyýet bilen deňeşdirilende 8 esse ýokarlandyrar.

$$Y_{t1} = Y_0 \times 2^{ga} = 100 \times 2^4 = 1600 \qquad Y_{t2} = Y_0 \times 2^{ga} = 100 \times 2^1 = 200.$$

Bu ýagdaý ykdysady mümkinçiligi has pes bolan döwletleriň ykdysady taýdan ösen döwletlere garanyňda has çalt ösýän ýagdaýyna laýyk gelýär. Sebäbi olaryň ilkibaşdaky JIÖ-niň derejesi we önümçilik kuwwatlyklary has pes bolýar hem-de bu hadysa «*çalt hereket etmegiň netijesi*» («catch-up effect») diýlip atlandyrylýar.

## 4.2. Ykdysady ösüşiň faktorlary

Bir döwletiň beýleki döwletlerden çalt ösýändigini, ykdysady ösüşiň çaltlandyrylmagyny, JIÖ-niň artmagynyň tizliginiň kesgitlenmegini düşündirmek üçin *ykdysady ösüşiň görnüşleri we faktorlary* seljerilýär. Önümçilik mümkinçilikleriniň ýokarlanmagy we garaşylýan JIÖ-niň artmagy *resurslaryň möçberiniň* ýa-da *resurslaryň hiliniň* üýtgemegi bilen baglanyşyklydyr. *Ykdysady ösüşiň iki görnüşi* tapawutlandyrylýar:

1) ekstensiw ykdysady ösüş; 2) intensiw ykdysady ösüş.

Faktorlaryň ýönekeý goşulmagy bilen resurslaryň *möçberiniň ýokarlanmagyny* şertlendirýän ykdysady ösüş *ekstensiw* ykdysady ösüşi häsiýetlendirýär.

Ykdysady ösüşiň faktorlary:

1. *Zähmet* – ýurduň ykdysadyýetinde işleýän adamlaryň sany;
2. *Fiziki kapital* – maşynlar, enjamlar, ýaşaýyş we ýaşaýyş däl jaýlary, infrastruktura (ýollar, köprüler, turba geçirijiler we ş.m.);
3. *Adam kapitaly* – işgäriň bilimi, endikleri we hünäri;
4. *Tebigy resurslar* – ýer, suw resurslary, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar we ş.m.;
5. *Tehnologiki bilimler* ýa-da tehnologiki ösüş.




*4.3-nji şekil. Ekstensiw ykdysady ösüşiň grafigi*

Ekstensiw ösüşde önümçiligiň möçberiniň artmagy bilen önümçilik faktorlarynyň san taýdan ýokarlanmagy göni gatnaşykda bolýar. Önümçiligiň möçberi näçe ýokary bolsa, şonça-da çykdajylaryň möçberi artýar.

Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny ulanmak arkaly *resurslaryň hiliniň kämilleşdirilmegi* bilen baglanyşykly ykdysady ösüş intensiw ykdysady ösüşi häsiýetlendirýär.




*4.4-nji şekil. Intensiw ykdysady ösüşiň grafigi*

Faktorlaryň öndürijiliginiň ýokarlanmagy netijesinde önümleri öndürmek üçin harçlanýan çykdajylar peselýär. Bu, esasan, hil görkezijileriň yzygider ýokarlandyrylmagy esasynda gazanylýar.

Ykdysady ösüşiň iki görnüşine laýyklykda faktorlaryň iki topary tapawutlandyrylýar:

1) resurslaryň, ýagny zähmetiň, ýeriň, kapitalyň we telekeçilik ukyplyklarynyň *möçberine* täsir edýän faktorlar. Ykdysady *ösüşiň ekstensiw görnüşiniň faktorlaryna* aşakdakylar degişli: köp sanly işçi güýjüniň ulanylmagy; täze kärhanalaryň gurulmagy; hojalyk aýlanyşygynda goşmaça ýer bölekleriniň ulanylmagy; täze ýataklaryň açylmagy we peýdaly magdanlaryň gazylyp alnyşynyň artdyrylmagy; resurslaryň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýän daşary söwda we ş.m. Bu ýagdaýda işgärleriň hünäri, olaryň zähmet öndürijiligi, enjamlaryň we tehnologiýalaryň hili üýtgemeýär. Şonuň üçin önümiň netijesi, zähmetiň we kapitalyň bir birliginden alynýan girdeji öňki ýagdaýynda saklanýar;

2) resurslaryň hiline täsir edýän faktorlar. Ykdysady ösüşiň *intensiw görnüşiniň faktorlaryna* aşakdakylar degişli: işçi güýjüniň hünär taýýarlygynyň we hünär derejesiniň ýokarlanmagy; has kämil enjamlaryň we has öňdebaryjy (ilkinji nobatda resurslary tygşytlaýan) tehnologiýalaryň ulanylmagy; zähmetiň ylmy taýdan guralmagy; ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň has netijeli usullarynyň ulanylmagy.

Ösüşiň intensiw faktorlarynyň arasynda esasy orun ylmy-tehniki ösüşe degişli. Ol jemgyýetde bilimleriň toplanmagyna we giňeldilmegine, ylmyň täze görnüşleriniň ýüze çykmagy üçin ylmy açyşlara, ylmy açyşlaryň durmuşa geçirilmeginiň görnüşi hökmünde täzelikleriň girizilmegine esaslanýar. Ylmy-tehniki ösüş resurslaryň hiliniň kämilleşmegini üpjün edýär.

*Öndürijilik* resurslaryň hiliniň esasy ykdysady häsiýetnamasy hasaplanýar. Ýurtdaky durmuş şertleri kesgitleýän esasy faktor hökmünde ortaça zähmet öndürijiligi çykyş edýär. *Zähmet öndürijiligi (y) – iş wagtynyň bir sagadynyň dowamynda işgäriň öndürýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberi bilen kesgitlenýär*.

$$\textit{Zähmet öndürijiligi} = \frac{\textit{öndürilen önümiň möçberi}}{\textit{iş wagty / sagat sany}} = \frac{Y}{L}$$

$$y = Y/L.$$

Jemi içerki önümiň kesgitlemesinden belli bolşy ýaly, eger işgärleriň sany ilatyň sanyna deň bolup, ol $N$ harpy bilen bellenýän bolsa, onda ýurduň JIÖ-si ($Y$) şeýle formula arkaly kesgitlenýär:

$$Y = N\,(L/N)\,y.$$

Eger deňlemäniň çep we sag tarapy $N$-e bölünende aşakdaky deňlik alynýar:

$$Y/N = (L/N)\,y.$$

Deňlemäniň çep tarapy jemi içerki önümiň adam başyna düşýän bölegini görkezýär we oňa deňlemäniň sag tarapy, ýagny zähmet öndürijiligi ($y$) täsir edýär.

Eger deňleme $Y = Ly$ görnüşde ýazylsa, onda hakyky JIÖ-ni ykdysady ösüşiň esasy görkezijisi hökmünde ösüşi kesgitleýän faktorlar bilen arabaglanyşygyny görmek mümkinçiligi döreýär.

Her bir işçiniň bir sagadyň dowamynda öndürýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberi näçe köp bolsa, şonça-da zähmet öndürijiligi we real JIÖ-niň möçberi ýokary bolýar. Jemi girdeji bilen önümçiligiň jemi möçberiniň deňligi sebäpli, durmuş derejesi ýurtda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň möçberi bilen kesgitlenýär. Real JIÖ näçe ýokary bolsa, şonça-da ýurduň ilatynyň durmuş derejesi ýokary bolýar.

Zähmet öndürijiliginiň netijesinde ykdysady ösüşe we onuň depginlerine aşakdaky faktorlar täsir edýär:

– *Fiziki kapital* (ýa-da ýöne kapital) – harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi üçin ulanylýan enjamlaryň, jaýlaryň we desgalaryň ätiýaçlyklary. Fiziki kapitalyň özi önümçilik amallarynyň netijesi hasaplanýar. Ol näçe kämil, öňdebaryjy bolsa, onuň kömegi bilen şonça-da harytlaryň (şol sanda maýa goýum harytlaryny, ýagny täze enjamlary) we hyzmatlaryň köp möçberini öndürip bolýar;

– *Adam kapitaly* – bu işçiniň okuwyň (mekdepde, uniwersitetde, hünär taýýarlygy we hünäri ýokarlandyryş okuwlarynda) we zähmet işiniň dowamynda alýan bilimi hem-de zähmet endikleri. Adam kapitaly hem fiziki kapital ýaly önümçilik amallarynyň netijesi hasaplanýar we jemgyýetde täze harytlary hem-de hyzmatlary öndürmek üçin mümkinçilikleri ýokarlandyrýar;

8. Sargyt № 466.

– *Tebigy resurslar* – tebigatyň üpjün edýän faktorlary, ýagny ýer, derýalar, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar we ş.m. Tebigy resurslar üznüksiz öndürilýän (tokaý resurslary we ş.m.) we üznüksiz öndürilmeýän (nebit, kömür, demir magdanlary we ş.m.) görnüşlere bölünýär. Tebigy resurslaryň ätiýaçlyklary ykdysady mümkinçilikleri ýokarlandyrmagyň esasy faktorlarynyň biri hasaplanýar, ýöne ykdysadyýetiň ýokary netijeliliginiň, ösüşiň ýokary depginleriniň esasy şerti hasaplanmaýar. Tebigy resurslar adamlar tarapyndan öndürilmeýän ýeke-täk faktor hasaplanýar. Üznüksiz öndürilmeýän tebigy resurslaryň möçberiniň çäkliligi sebäpli dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň çäklidigi barada pikirler öňe sürülýär, ýöne bu meseleleri tehnologiýanyň gazananlary çözmäge mümkinçilik berýär;

– *Tehnologiki bilimler* – harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmeginiň iň netijeli usullaryna düşünilýär we ol adam kapitalyndan tapawutlanýar. *Tehnologiki bilimler täze harytlaryň we hyzmatlaryň işlenip taýýarlanmagyny*, iň netijeli *usullaryň talabalaýyk ulanylmagyny* (*nähili* öndürmeli diýen soraga jogap berýär) görkezýär, *adam kapitaly* bolsa ol usullaryň adamlar tarapyndan *öwrenilmegini* we *bilimleriň zähmet endiklerine öwrülmegini* görkezýär. Täze tehnologiýalar zähmetiň netijeliligini üpjün edýär we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň önümçiliginiň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär. Tehnologiki bilimler has wajyp hasaplanýar, sebäbi olar *resurslaryň çäklilik meselesini çözmäge mümkinçilik berýär* we *ykdysady ösüşiň depginlerini* çaltlandyrmagyň esasy faktory hasaplanýar. Onuň netijesinde durnukly ykdysady ösüş üpjün edilýär.




*4.5-nji şekil. Durnukly ykdysady ösüşiň görkezijileri*

Dünýä hojalygynyň milli ykdysadyýete edýän täsiri nukdaýnazaryndan – *importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen* ykdysady ösüş tapawutlandyrylýar.

Eger ykdysadyýetde kapitalyň ätiýaçlyklary artsa, onda ýurduň ykdysady mümkinçiligi ýokarlanýar we ykdysadyýet geljekde harytlaryň hem-de hyzmatlaryň köp möçberini öndürip bilýär.

Ykdysady ösüşi giňişleýin öwrenmek üçin ulanylýan çemeleşmeler:

I *çemeleşme* – jemgyýetiň islegleriniň we mümkinçilikleriniň nukdaýnazaryndan, bu, esasan, ilatyň ösüş depgini bilen şertlendirilýär;

II *çemeleşme* – önümçilik faktorlarynyň ulanylmagynyň nukdaýnazaryndan, ýagny faktorlar boýunça çemeleşme (intensiw we ekstensiw);

III *çemeleşme* – tehnika we önümçiligiň tehnologiýasy nukdaýnazaryndan – industrial döwre çenli, industrial we postindustrial;

IV *çemeleşme* – dünýä hojalygynyň milli hojalyga edýän täsiriniň nukdaýnazaryndan – importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen ykdysady ösüş.

Ykdysadyýetde ulanylýan *resurslaryň möçberi* (önümçilik faktorlarynyň çykdajylary) bilen *önümçiligiň möçberiniň* arasyndaky baglanyşygy beýan etmek üçin *önümçilik funksiýasy* ulanylýar:

$$Y = AF\,(L, K, H, N)$$

*Y* – öndürilýän önümiň möçberi; *F* (...) – öndürilýän önümiň möçberi bilen önümçilik faktorlarynyň çykdajylarynyň görkezijileriniň özara baglanyşygyny kesgitleýän funksiýa; *A* – tehnologiki ösüşi häsiýetlendirýän we önümçilik tehnologiýalarynyň netijeliligine bagly üýtgeýän ululyk; *L* – zähmetiň möçberi; *K* – fiziki kapitalyň möçberi; *H* – adam kapitalynyň möçberi; *N* – tebigy resurslaryň möçberi.

Makroykdysady modellerde, adatça, *möçberden alynýan üýtgemeýän girdejiniň* häsiýetine eýe bolýan önümçilik funksiýalary ulanylýar. Eger önümçilik funksiýasy şeýle häsiýete eýe bolsa, onda bir wagtda ähli önümçilik faktorlarynyň şol bir ululyga üýtgemegi bilen onuň özi şol möçbere laýyk üýtgeýär. Bu matematiki islendik *x* položitel sanyň şertleriniň ýerine ýetýändigini aňladýar:

$$xY = AF\,(xL, xK, xH, xN).$$

Eger $x = 2$ bolsa, onda ähli önümçilik faktorlarynyň iki esse artýan ýagdaýynda, önümçiligiň möçberi hem iki esse ýokarlanýar.

Möçberden alynýan üýtgemeýän girdejili önümçilik funksiýasyndan aşakdaky netije alynýar. Eger $x = 1/L$ deňlik göz öňünde tutulsa, onda deňleme şeýle görnüşe eýe bolýar:

$$Y/L = AF\,(1, K/L, H/L, N/L).$$

Bir tarapdan, *Y/L* ululygy bir işçiniň öndüren önüminiň möçberini görkezýär, ýagny zähmet öndürijiliginiň görkezijisi hasaplanýar. Alnan netije bolsa zähmet öndürijiliginiň bir işçä düşýän fiziki kapitalyň we adam kapitalynyň möçberine (*K/L* – kapitalyň üpjünçilik derejesi we *H/L*) we *A* tehnologiýanyň ösüş derejesine, ýagny ykdysady ösüşiň esasy dört sany faktoryna baglydygyny aňladýar. Beýleki bir tarapdan, *Y/L* (JIÖ-niň bir işgäre düşýän möçberi) durmuş derejesini häsiýetlendirýän görkeziji hasaplanýar.

## 4.3. Hiksiň tehniki ösüş modeli

Bu model iňlis ykdysatçysy, Nobel baýragynyň eýesi Jon Hiksiň ady bilen baglanyşykly bolup, ykdysady edebiýatlarda *Hiksiň tehniki ösüş modeli* diýlip atlandyrylýar. Ol öz seljermesinde ykdysady ösüşiň iki faktoryny, ýagny zähmet bilen kapitaly ulanýar we ylmy-tehniki ösüşiň üç sany görnüşini tapawutlandyrýar:

a) aralyk ösüş;
b) zähmetiň tygşytlanmagyna esaslanýan ösüş;
ç) kapitalyň tygşytlanmagyna esaslanýan ösüş.




*a) aralyk ösüş*




*ç) zähmeti tygşytlaýjy ösüş*




*b) kapitaly tygşytlaýjy ösüş*

*4.6-njy şekil*

Aralyk ösüş bir wagtda zähmeti we kapitaly tygşytlaýan tehnologiýalara esaslanýar (*6.3-nji a şekil*). Zähmetiň tygşytlanmagyna esaslanýan ösüşde zähmete garanyňda kapitalyň ýokary öndürijiligi üpjün edilýär (*6.3-nji b şekil*). Kapitalyň tygşytlanmagyna esaslanýan ösüşde kapitala garanyňda zähmetiň ýokary öndürijiligi üpjün edilýär (*6.3-nji ç şekil*).

## 4.4. Ykdysady ösüşiň artykmaçlyklary we harajatlary

Ykdysady ösüşiň ähmiýeti durmuş derejesini ýokarlandyrmak mümkinçiliginiň giňelmegi bilen baglanyşykly. Onuň esasynda durmuş maksatnamalaryny amala aşyrmak, ylmy we bilimi ösdürmek, ekologiki meseleleri çözmek üçin amatly şertler döredilýär. Ykdysady ösüş ýurduň önümçilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar we resurslaryň çäklilik meselesiniň çözülmegine mümkinçilik berýär. Onuň kömegi bilen harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiliginiň ýokarlandyrylmagyna, olaryň köpdürlüliginiň üpjün edilmegine, durmuşyň hiliniň ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik berýän, önümçilik amallarynyň täze netijeli tehnologiýalary we resurslaryň täze görnüşleri döredilýär. Ýöne onuň diňe özi birnäçe ykdysady, durmuş, ekologiki we ş.m. meseleleri çözmäge ukyply bolmaýar.

Şeýle-de ykdysady ösüşiň birnäçe harajatlary tapawutlandyrylýar:

*Alternatiw harajatlar,* ýagny ykdysady ösüşi üpjün etmek, *geljekde sarp edişi ýokarlandyrmak* mümkinçiligini döretmek üçin *häzirki wagtdaky sarp edişi azaltmagyň zerurlygy*. Kapitalyň ätiýaçlyklarynyň artmagyny üpjün edýän maýa goýumlar ykdysady ösüşiň esasy hasaplanýar. Maýa goýum meselesi – bu wagt bilen baglanyşykly, ýagny häzirki wagt bilen geljek döwrüň arasyndaky meselä degişli. Bir tarapdan, ykdysady ösüşi şertlendirýän maýa goýum harytlaryny (enjamlar, jaýlar, desgalar) öndürmek üçin maýa goýumlaryň ýokarlandyrylmagy, gündelik sarp etmekde ulanylýan harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi üçin gönükdirilýän resurslaryň azalmagyna getirýär. Beýleki bir tarapdan, ygtyýarlykda galýan girdejiniň (*YGG = C (sarp ediş) + S (süýşürintgiler)*) bir bölegi hasaplanýan süýşürintgiler maýa goýumlaryň esasyny emele getirýär. Ygtyýarlykda galýan girdejiniň berlen möçberinde maýa goýumlaryň ýokarlanmagyny üpjün etmek üçin süýşürintgileriň artmagy, onuň netijesinde geljekde sarp edişiň ýokarlanmagy häzirki wagtdaky sarp edişiň peseldilmegini talap edýär.

*Maýa goýumlardan (kapitaldan) alynýan girdejiniň peselmegi bilen baglanyşykly harajatlar.* Kapitalyň möçberiniň artmagy bilen kapitalyň goşmaça birliginiň, ýagny goşmaça maýa goýumlaryň kömegi bilen öndürilýän goşmaça önümçiligiň möçberi peselýär. Kapitaldan alynýan girdejiniň peselýändigi sebäpli, has ýokary süýşürintgiler we maýa goýumlar diňe käbir ilkibaşdaky döwrüň dowamynda ýokary ösüşe getirip biler, ýöne ykdysadyýetde kapitalyň ätiýaçlyklarynyň has ýokary

derejesiniň jemlenmegine görä, ösüş peseler. Şeýlelikde, süýşürintgileriň çäginiň artmagy ykdysady ösüşi çaltlandyrmagyň *wagtlaýyn netijesini* üpjün eder. Netijede, uzak möhletli döwürde süýşürintgileriň has ýokary çägi zähmet öndürijiliginiň has ýokary derejesiniň gazanylmagyna we has ýokary girdeji alynmagyna getirýär, ýöne bu görkezijileriň çaltlandyrylan ösüşini üpjün etmeýär. Ony diňe tehnologiki ösüş üpjün edip bilýär. Mundan başga-da, kapitaldan alynýan girdejiniň peselýän ýagdaýyny göz öňünde tutup, ýene bir netijä gelmek mümkin: ykdysady mümkinçiligi pes döwletlerde kapitalyň goşmaça artdyrylmagy, ykdysady taýdan ösen döwletlerde kapitalyň şeýle ýokarlandyrylmagyna görä ýokary ösüş gazanylýar, ýagny ösüşiň pes derejeli döwletleri has çalt ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin amatly şertlere eýe bolýarlar. Bu ýagdaý öň bellenilişi ýaly, «*çalt hereket etmegiň netijesi*» (catch up effect) diýlip atlandyrylýar. Ösen döwletlerde önümçiligiň tehnika bilen üpjünçiliginiň derejesi has ýokary. Şonuň üçin bir işçä düşýän kapitalyň az möçberde artmagy zähmet öndürijiliginiň bellibir möçberde artmagyna getirýär. JIÖ-niň maýa goýumlara gönükdirilýän möçberiniň deň şertlerinde ykdysady mümkinçiligi pes döwletler ösen döwletlere garanyňda ösüşiň ýokary depginlerini gazanýar.

*Daşky gurşawyň goralmagy bilen baglanyşykly harajatlar.* Ykdysady ösüşiň yzygider ýokary depginleri diňe oýlap tapmalara we ylmy açyşlara esaslanýan tehnologiki ösüş üpjün edip bilýär. Birnäçe oýlap tapmalaryň ulanylmagy we täzelikleriň girizilmegi (reaktiw dwigateliň, plastmassanyň, himiki süýümiň, mineral dökünleriň öndürilmegi, atom energiýasynyň alynmagy), bir tarapdan, ykdysady ösüşi çaltlandyryp, durmuş derejesini has gowulandyrsa, beýleki bir tarapdan, daşky gurşawyň hapalanmagyna getirdi. Bu meseläniň çözgüdi yzygider tehnologiki ösüşiň dowamynda tapylyp bilner.

## 4.5. Ykdysady ösüşi höweslendirmek boýunça alnyp barylýan döwlet syýasaty

Zähmet öndürijiliginiň we ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna *döwletiň ykdysady syýasaty* düýpli täsir edýär. Ilkinji nobatda döwletiň ykdysady syýasaty arkaly fiziki we adam kapitalynyň möçberine täsir edilýär. Eger ykdysadyýetde kapitalyň ätiýaçlyklary artsa, onda ýurduň ykdysady mümkinçiligi ýokarlanýar we ykdysadyýet geljekde harytlaryň hem-de hyzmatlaryň köp möçberini öndürip bilýär. Şonuň üçin döwlet öndürijiligi ýokarlandyrmak, ykdysady ösüşi çaltlandyrmak we öz raýatlarynyň durmuş derejesini gowulandyrmak üçin aşakdaky syýasaty amala aşyrýar:

*Içerki maýa goýumlary we süýşürintgileri höweslendirmek.* Ykdysadyýetde kapitalyň ätiýaçlyklarynyň artmagy ($\Delta K$) maýa goýumlaryň ($I = \Delta K$) kömegi

bilen amala aşyrylýar. Ykdysadyýetde maýa goýumlaryň paýy näçe ýokary bolsa, şonça-da ykdysady ösüşiň depgini ýokary bolýar. Kapitalyň ätiýaçlyklarynyň artmagynyň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna göni täsir edýändigi sebäpli, *maýa goýumlaryň ýokarlandyrylmagy ykdysady ösüşiň esasy şerti* hasaplanýar. Süýşürintgiler maýa goýumlaryň esasyny düzýär. Eger jemgyýet az sarp edip, süýşürintgileri köpeldýän bolsa, onda onuň maýa goýum amallaryny ýerine ýetirmek üçin köp resurs mümkinçilikleri bolýar.

*Ýurduň kapitalyny eýeçilige almak üçin çäklendirmeleri aradan aýyrmak arkaly daşary ýurtlardan gelýän maýa goýumlary höweslendirmek*. Belli bolşy ýaly, kapitalyň artmagy diňe içerki maýa goýumlaryň hasabyna däl-de, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna hem ýokarlanyp bilýär. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: *göni maýa goýumlar we portfel maýa goýumlar*. Göni daşary ýurt maýa goýumlary – bu kapitala goýulýan maýa goýumlary aňladýar, olara daşary ýurtly taraplar eýelik edýärler we dolandyrýarlar. *Portfel daşary ýurt maýa goýumlary* – kapitala goýulýan maýa goýumlary aňladýar, olary daşary ýurtly taraplar maliýeleşdirýär (mysal üçin, berlen ýurduň kärhanalarynyň paýnamalarynyň we obligasiýalarynyň daşary ýurtly taraplara satylmagyndan alynýan girdejiler), ýöne olar berlen ýurduň haryt öndürijileri (rezidentleri) tarapyndan dolandyrylýar. Daşary ýurt maýa goýumlary ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşini üpjün edýär. Kärhanalaryň daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagynda emele gelen girdejileriniň bir böleginiň daşary ýurtlara (daşary ýurt kärhanalarynyň göni maýa goýumlardan alýan peýdasy we portfel maýa goýumlardan alynýan diwidendler hem-de gymmatly kagyzlardan alynýan göterimler) gidýändigine garamazdan, maliýeleşdirmegiň daşary ýurt çeşmeleri ýurduň ykdysady mümkinçiligini artdyrýar, öndürijiligiň derejesini we zähmet hakynyň möçberini ýokarlandyrýar. Şeýle-de daşary ýurt maýa goýumlary ösýän döwletler üçin ykdysady taýdan ösen döwletlerde işlenip taýýarlanýan we ulanylýan öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

*Bilimiň höweslendirilmegi.* Bilim – bu adam kapitalyna goýulýan maýa goýumlary aňladýar. Bilim adamyň diňe bir öndürijiligini ýokarlandyrman, eýsem, onuň položitel daşary netijesi (eksternaliýa) hem bolýar. Eger bir adamyň hereketiniň beýleki adamyň ýa-da adamlaryň durmuş derejesine täsir edýän bolsa, onda *daşary netije* emele gelýär. Bilimli adam beýleki adamlar üçin peýdaly bolan pikirleri öňe sürýär we olary bilimiň položitel daşary netijesiniň ulgamyndaky her bir adam ulanmaga mümkinçilik alýar. Şunuň bilen baglanyşykly bilimiň ösüşini häsiýetlendirýän täze ugur, ýagny «*bilimleriň ykdysadyýeti*» (knowledge economy) diýlip atlandyrylýan ykdysadyýetiň täze görnüşi emele geldi.

*Ylmy barlaglary, harytlaryň we hyzmatlaryň işlenip taýýarlanmagyny höweslendirmek.* Durmuş derejesiniň ösüşiniň köp bölegi tehnologiki bilimleriň ösüş derejesine bagly bolýar we olar ylmy barlaglar hem-de harytlaryň, hyzmatlaryň

işlenip taýýarlanmagy arkaly üpjün edilýär. Wagtyň geçmegi bilen bilim *jemgyýetçilik nygmatyna* öwrülýär we ony bir wagtda ähli adamlar ulanyp bilýär. Tehnologiki bilimleriň hem, adam kapitalyna maýa goýumlar ýaly položitel daşary netijesi bolýar. Ylmy barlaglar we harytlaryň, hyzmatlaryň işlenip taýýarlanmagy dürli kömek pullary (grantlar), salgytlaryň peseldilmegi, oýlap tapmalara wagtlaýyn eýeçilik hukugyny kesgitlemek üçin patentler arkaly höweslendirilip bilinýär.

*Eýeçilik hukugyny goramak we syýasy durnuklylygy üpjün etmek.* Eýeçilik hukugy diýlip, adamlara degişli bolan resurslara erkin eýelik etmek mümkinçiligine düşünilýär. Adamlaryň işlemek, süýşürintgileri amala aşyrmak, maýa goýmak, söwda amallaryny ýerine ýetirmek, oýlap tapmak isleginiň döremegi üçin olaryň zähmetiň netijelerine, olara degişli eýeçiligiň eldegrilmesizligine we ähli ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegine ynamy bolmaly. Syýasy durnuksyzlygyň iň pes derejesi hem eýeçilik hukugyna bolan gatnaşykda belli bir kesgitsizligi emele getirýär. Syýasatyň bu ugry aşakdakylar üçin has wajyp hasaplanýar: 1) *içerki maýa goýumlary, aýratyn hem, daşary ýurt maýa goýumlaryny ýokarlandyrmak üçin institusional esas* hökmünde; 2) *intellektual eýeçiligi goramak* üçin, ol tehnologiki ösüşiň esasy bolup çykyş edýär.

*Erkin söwdany höweslendirmek.* Erkin söwda tehnologiki ösüşe meňzeş bolup, ol döwlete ähli önümleriň özünde öndürilmän, beýleki döwletlerde has netijeli öndürilýän harytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň satyn alynmagyna mümkinçilik berýär. Köplenç ösýän döwletler senagatyň täze pudaklarynyň daşary ýurt bäsdeşliginden goramagyň, halkara söwdasyny çäklendirýän ýa-da gadagan edýän proteksionistik syýasatyň alnyp barylmagynyň zerurlygyny delillendirýärler. Bu deliller esassyz hasaplanýar, sebäbi ösen döwletler bilen söwda aragatnaşyklarynyň giňelmegi ösýän döwletler üçin diňe bir önümçiligi netijesiz hasaplanýan önümleriň öndürilmezligi we harajatlaryň tygşytlanmagy däl-de, eýsem, dünýä derejesindäki täze tehniki we tehnologiki netijelerden peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

*Ilatyň ösüşine gözegçiligi amala aşyrmak.* Durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyny üpjün etmek üçin önümçiligiň ösüş depgini ilatyň ösüş depgininden ýokary bolmaly. Ilatyň çalt artmagy kapitalyň üpjünçiligini, ýagny bir adama düşýän kapitalyň möçberini peseldýär we ol zähmet öndürijiliginiň hem-de durmuş derejesiniň peselmegine getirýär. Esasan hem, adam kapitalynyň üýtgemelerine seljerme berlende, ilatyň ösüş depgininiň meselesi ýüze çykýar.

Ykdysady ösüşi üpjün edýän *faktorlar* aşakdaky toparlara bölünýär:

– hödürlemegiň faktorlary;
– hyrydarlygyň faktorlary;
– ykdysady ösüşe amatsyz täsir edýän faktorlar.

*Hödürlemegiň faktorlary* aşakdakylary öz içine alýar:

– tebigy resurslaryň möçberi we hili;

– zähmet resurslary;
– kapital;
– tehniki ösüş;
– infrastrukturanyň ösüşi;
– maýa goýumlar we innowasiýalar.

*Hyrydarlygyň faktorlary* aşakdakylary öz içine alýar:

– baha we baha bilen bagly bolmadyk faktorlaryň hasabyna jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy;

– söwdanyň (lomaý we bölek-satuw söwda) ösmegi.

Ykdysady ösüşe *amatsyz täsir edýän faktorlar*:

– kanunçylyk binýadynyň we telekeçilik işiniň kämil bolmazlygy;
– döwlet býujetiniň ýetmezçiligi;
– tebigy şertleriň oba hojalyk önümçiligine amatsyz täsir etmegi;
– hojalyk işi bilen baglanyşykly düzgünleriň bozulmagy.

## 4.6. Ykdysady döwür we onuň tapgyrlary

Umuman, ykdysadyýet ykdysady ösüşi häsiýetlendirýän *ýörite ugur* (trend) boýunça däl-de, ol ugurdan pese gaçmak we ýokary galmak esasynda yzygider üýtgemeler arkaly ösýär. Ykdysadyýet belli bir döwürler boýunça ösýär. E.Hanseniň «Ykdysady döwürler we milli girdeji» (1951 ý.) atly kitabynda döwürleriň meselesi beýan edilýär. Ol ykdysady döwri esasy makroykdysady ululyklaryň üýtgäp durmagy hökmünde kesgitleýär.

Ykdysady (ýa-da işewürlik) döwür (business cycle) ykdysadyýetiň belli bir döwürlerde pese gaçmagyny ýa-da ýokary galmagyny, ykdysady işjeňligiň üýtgemegini görkezýär. Bu üýtgemeler *kadaly, yzygider häsiýete eýe bolmaýar,* şonuň üçin döwür düşünjesi şertli adalga hasaplanýar. Ykdysady döwrüň iki sany iň ýokary we iň pes (ekstremal) nokatlary tapawutlandyrylýar:

– ykdysady işjeňligiň iň ýokary derejesine laýyk gelýän ýokary (peak) nokat;

– ykdysady işjeňligiň iň pes derejesine laýyk gelýän pes (through) nokat (maksimal pese gaçmak).

Döwür, adatça, iki sany tapgyra bölünýär (*4.7-nji a şekil*):

– *pese gaçmak ýa-da resessiýa* (recession), ol ýokarky nokatdan aşaky nokada çenli dowam edýär. Aýratyn uzak wagtyň dowamyndaky we düýpli çökgünlige depressiýa (depression) diýilýär. Mysal üçin, 1929 – 1933-nji ýyllardaky çökgünlik Beýik durgunlyk (depressiýa) diýlip atlandyrylýar;

– *ýokary galmak ýa-da talabalaýyk ýagdaýyň dikeldilmegi* (recovery), ol pes nokatdan ýokary nokada çenli dowam edýär.




*4.7-nji şekil. Ykdysady döwür we onuň tapgyrlary*

Beýleki bir çemeleşme boýunça ykdysady döwür dört sany tapgyra bölünýär (*4.7-nji b şekil*), ýöne iň pes we iň ýokary nokatlar tapawutlandyrylmaýar. Sebäbi ykdysadyýet işjeňligiň ýokary ýa-da pes derejesine ýetende, ol bu ýagdaýda belli bir wagtyň dowamynda (käwagt ýeterlik uzak wagtyň dowamynda) hereket edýär:

*I tapgyr – işjeňligiň ýokary derejesi* (boom). Şeýle ýagdaýda ykdysadyýetde iň ýokary işjeňlik gazanylýar. Bu iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesini (ykdysadyýetiň ösüşi önümçiligiň garaşylýan möçberinden ýokary ýagdaýda, ýagny trendden ýokary bolýar) we hümmetsizlenmegi häsiýetlendirýän döwür hasaplanýar. (Ykdysadyýetde real JIÖ garaşylýan JIÖ-den ýokary bolsa, hümmetsizlenme aralygy emele gelýär). Bu ýagdaýda ykdysadyýet «işjeňligiň ýokary derejesinde» (over heated economy) diýlip atlandyrylýar;

*II tapgyr – pese gaçmak* (recession ýa-da slump). Ykdysadyýet kem-kemden trende (garaşylýan JIÖ) gaýdyp gelýär, ykdysady işjeňligiň derejesi peselýär, real JIÖ özüniň garaşylýan derejesine ýetýär we ondan soň ol trendden pese gaçyp başlaýar hem-de ol ykdysadyýeti indiki tapgyra, ýagny çökgünlige getirýär;

*III tapgyr – çökgünlik* (crisis) ýa-da *stagnasiýa* (stagnation). Ykdysadyýet pese gaçmak (resession) aralygynda bolýar, sebäbi real JIÖ-niň möçberi garaşylýan JIÖ-niň möçberinden pes bolýar. Bu ykdysady resurslaryň doly ulanylmaýan, ýagny ýokary işsizlik döwrüni häsiýetlendirýär;

*IV tapgyr – talabalaýyk ýagdaýyň dikeldilmegi ýa-da ýokary galmak*. Ykdysadyýet kem-kemden çökgünlik ýagdaýyndan çykýar we real jemi içerki önüm özüniň garaşylýan derejesine golaýlaýar, ondan soňra iň ýokary derejesine barýança ondan ýokarlanýar we gaýtadan işjeňligiň ýokary derejesine gelýär.

## 4.7. Ykdysady döwrüň sebäpleri we görkezijileri

*Ykdysady döwürleriň esasy sebäbi hökmünde jemi hyrydarlygyň jemi hödürlemeklige, jemi çykdajylaryň önümçiligiň umumy möçberine laýyk gelmezligi çykyş edýär.* Şonuň üçin ykdysadyýetiň ösüşiniň döwürleýin häsiýeti şeýle düşündirilýär:

– jemi hödürlemegiň möçberiniň üýtgemeýän ýagdaýynda *jemi hyrydarlygyň üýtgemegi* (jemi çykdajylaryň artmagy ýokary galmaga getirýär, peselmegi bolsa resessiýany şertlendirýär);

– ýa-da jemi hyrydarlygyň möçberiniň üýtgemeýän ýagdaýynda *jemi hödürlemegiň üýtgemegi* (jemi hödürlemegiň peselmegi ykdysadyýetiň pese gaçmagyny, artmagy bolsa onuň ýokarlanmagyny aňladýar).

Ykdysady döwrüň sebäbi hökmünde jemi hyrydarlygyň (jemi çykdajylaryň) üýtgemeginiň çykyş edýän ýagdaýynda ykdysady döwrüň dürli tapgyrlarynda görkezijileriň özüni alyp barşy (*4.8-nji a şekil*) şeýle düşündirilýär:

Işjeňligiň ýokary derejesinde (I tapgyr) öndürilen önümiň möçberini doly satyp bolmaýar, ýagny jemi çykdajylar önümçiligiň jeminden pes bolýar. Harytlaryň toplanmagy emele gelýär we kärhanalar ilki ätiýaçlyklary ýokarlandyrmaklyga mejbur bolýar. Ätiýaçlyklaryň artmagy bolsa önümçiligiň peselmegine getirýär we kärhanalar işçileri işden boşadýarlar onuň netijesinde bolsa işsizligiň derejesi ýokarlanýar. Netijede, jemi girdejiler peselýär (sarp ediş girdejileri – işsizligiň netijesinde, maýa goýum girdejileri – jemi hyrydarlygyň peselýän şertlerinde önümçiligi giňeltmegiň netijesizligi sebäpli) we jemi çykdajylar azalýar. Öý hojalyklary, ilkinji nobatda, uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlara bolan hyrydarlygy peseldýärler. Kärhanalaryň maýa goýum harytlaryna bolan hyrydarlygynyň peselmegi, öý hojalyklarynyň uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlara bolan hyrydarlygynyň peselmegi sebäpli göterimiň gysga möhletli derejesi peselýär. Düzgün boýunça göterimiň uzak möhletleýin derejesi artýar (girdejileriň peselýän we nagt pullaryň ýetmezçilik edýän şertlerinde adamlar obligasiýalary satyp başlaýarlar, obligasiýalaryň hödürlenmegi ýokarlanýar we olaryň bahasy peselýär. Obligasiýalaryň bahalary näçe pes bolsa, göterim derejesi şonça-da ýokary bolýar). Jemi girdejileriň (salgyt salynýan binýat) azalmagy sebäpli döwlet býujetine salgyt salmakdan gelýän girdejileriň möçberi peselýär. Döwletiň transfert tölegleriniň möçberi artýar (işsizlik üçin tölenýän kömek pullary we ş.m.). Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi ýokarlanýar. Kärhanalar öz önümlerini satmak üçin olaryň bahalaryny peseldýärler, bu bolsa bahalaryň umumy derejesiniň peselmegine, ýagny deflýasiýa (*4.8-nji a şekil*): önümçilik $Y_1$-e çenli azalýar, bahalaryň derejesi $P_0$-dan $P_1$-e çenli peselýär) getirip bilýär.

Kärhanalaryň öz önümlerini iň pes bahadan hem satyp bilmeýändikleri sebäpli, olar aşakdaky hereketleri ýerine ýetirýärler:

– *has öndürijilikli enjamlary satyn alyp, az harajatlar bilen harytlaryň öňki görnüşleriniň öndürilmeginiň* dowam etdirilmegi. Bu alynýan peýdanyň möçbe-

rini azaltmazdan, harydyň bahasynyň peseldilmegine mümkinçilik berýär. Ony kärhananyň öndürýän harytlaryna hyrydarlygyň köp bolmadyk ýagdaýynda we girdejileriň pes şertlerinde bahalaryň peseldilmeginiň satyşyň möçberini ýokarlandyrmak mümkinçiliginiň üpjün edilýän ýagdaýynda amala aşyrmak maksadalaýyk hasaplanýar;

– ýa-da kärhananyň öndürýän önümlerine hyrydarlyk ýokary bolan ýagdaýynda we bahalaryň peseldilmeginiň hem satyşyň möçberiniň ýokarlanmagyna getirmeýän bolsa, onda *harytlaryň täze görnüşleriniň öndürilmegine geçilmegi*. Bu tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy, ýagny köne enjamlaryň düýbünden täze enjamlar bilen çalşyrylmagyny talap edýär.

Iki ýagdaýda hem *maýa goýum harytlaryna bolan hyrydarlyk ýokarlanýar* we ol maýa goýum harytlaryny öndürýän pudaklarda önümçiligiň giňeldilmegi üçin höweslendiriş çäresi hasaplanýar. Şol ýerde ýokary galmak başlanýar, iş bilen üpjünçilik ýokarlanýar, kärhanalaryň peýdasy artýar we jemi girdejiler ýokarlanýar. Girdejileriň artmagy sarp ediş harytlaryny öndürýän pudaklarda hyrydarlygyň ýokarlanmagyna we önümçiligiň giňelmegine getirýär. Işsizligiň peselmegi we girdejileriň ýokarlanmagy tutuş ykdysadyýeti öz içine alýar we ýokary galmak başlanýar.

Maýa goýumlara we uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlara bolan hyrydarlygyň ýokarlanmagy karzyň gymmatlamagyna, ýagny göterimiň gysga möhletli derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Göterimiň uzak möhletleýin derejesi peselýär, sebäbi obligasiýalara hyrydarlyk artýar we onuň netijesinde gymmatly kagyzlaryň bahasy (bazar hümmeti) ýokarlanýar. Bahalaryň derejesi artýar we salgyt salmakdan alynýan girdejiler ýokarlanýar.




*4.8-nji şekil. AD-AS modelinde ykdysady döwür*

Transfert tölegler azalýar we döwlet býujetiniň ýetmezçiligi peselýär. Ykdysadyýýetde iň ýokary işjeňlik gazanylýar ($Y_2$) we ondan soň nobatdaky pese gaçmak başlanýar (*4.8-nji a şekil*). Netijede, *maýa goýumlaryň üýtgemegi ykdysady döwrüň esasyny emele getirýär*. Maýa goýumlar jemi hyrydarlygyň (jemi çykdajylaryň) has durnuksyz bölegi hasaplanýar.

4.8-nji a şekilde jemi hyrydarlygyň (jemi çykdajylaryň) üýtgemegi bilen bagly ykdysady döwür, 4.8-nji b şekilde jemi hödürlemegiň (jemi önümiň) üýtgemegi bilen bagly ykdysady döwür görkezilýär.

Ykdysadyýýetde pese gaçmalaryň jemi hyrydarlygyň (jemi çykdajylaryň) peselmegi esasynda däl-de, jemi hödürlemegiň peselmegi sebäpli emele gelýän şertlerinde, köp görkezijiler özlerini ilkinji ýagdaýdaky ýaly alyp barýarlar (real JIÖ, işsizligiň derejesi, jemi girdejiniň möçberi, kärhanalaryň ätiýaçlyklary, satyşyň möçberi, kärhanalaryň peýdasy, salgyt salmakdan alynýan girdejiler, transfert tölegleriň möçberi we ş.m.). Diňe bahalaryň umumy derejesi olara degişli hasaplanmaýar we ol pese gaçmagyň artmagyna görä ýokarlanýar (*4.8--nji b şekil*). Bu bir wagtda önümçiligiň pese gaçmagyny ($Y^*$-den $Y_1$-e çenli) we bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagyny ($P_0$-dan $P_1$-e çenli) görkezýär hem-de ol *stagflýasiýa* diýlip atlandyrylýar. Maýa goýumlar şeýle pese gaçmadan çykmagyň esasy hasaplanýar, sebäbi olar ykdysadyýýetde kapitalyň ätiýaçlyklaryny ýokarlandyrýar we jemi hödürlemegiň artmagy ($SRAS_1$ egri çyzygynyň saga $SRAS_0$-a çenli süýşmesi) üçin zerur şertleri döredýär.

Ykdysady döwrüň tapgyrlarynyň esasy görkezijisi hökmünde *JIÖ-niň ösüş depgini (rate of growth – g)* çykyş edýär we ol göterimde aňladylyp, şeýle formula arkaly hasaplanýar:

$$g = [(Y_t - Y_{t-1})/Y_t - 1] \times 100\%$$

$Y_t$ *– dowam edýän ýylyň real JIÖ-si;*

$Y_{t-1}$ *– geçen ýylyň real JIÖ-si.*

Bu görkeziji geçen ýyl bilen deňeşdirilende her geljek ýylyň real JIÖ-niň göterimde üýtgemelerini häsiýetlendirýär we ol JIÖ-niň ösüşini däl-de, onuň *artyş depginini* görkezýär. Eger bu ululyk *položitel* bolsa, onda ol ykdysadyýýetiň *ýokary galýan* tapgyryny we *otrisatel* ululyk bolsa, *pese gaçýan* tapgyryny aňladýar. Bu görkeziji bir ýyl üçin hasaplanýar we ol *ykdysady ösüşiň depginini* häsiýetlendirýär. Ol *ykdysady ösüşiň tizligini*, ýagny *garaşylýan* JIÖ-niň ýokarlanmagynyň uzak möhletleýin meýlini hasaplamakda ulanylýan ösüşiň ortaça ýyllyk görkezijisinden tapawutlylykda real JIÖ-niň *gysga möhletleýin* (her ýylda) üýtgemelerini görkezýär.

$t$ ýyl bilen $t + 1$ ýylyň arasyndaky islendik $x$ üýtgeýän ululygyň ösüş depgini şeýle kesgitlenýär:

$$g = (x_{t+1}/x_t) - 1.$$

## 4.8. Ykdysadyýetiň döwürleýin we döwürleýin häsiýeti bolmadyk üýtgemeleri

Dürli tapgyrlarda ykdysady ululyklaryň özüni alyp barşyna baglylykda aşakdaky görkezijiler tapawutlandyrylýar:

– *döwür bilen ugurdaş görkezijiler*, ýagny olar ýokary galýan tapgyrda ýokarlanýar we pese gaçýan tapgyrda pese gaçýar (real JIÖ, jemi girdejileriň ululygy, satyşyň möçberi, kärhananyň peýdasy, salgyt salmakda alynýan girdejileriň möçberi, transfert tölegleriň möçberi, importyň möçberi);

– *döwre garşylyklaýyn görkezijiler*, ýagny olar pese gaçýan tapgyrda ýokarlanýarlar we ýokary galýan tapgyrda peselýärler (işsizligiň derejesi, kärhananyň ätiýaçlyklarynyň möçberi);

– *döwre degişli bolmadyk görkezijiler,* ýagny olaryň döwürleýin häsiýeti bolmaýar we olaryň ululygynyň ykdysady döwrüň tapgyrlary bilen baglanyşygy saklanmaýar (eksportyň möçberi).

*Dowamlylygy boýunça* ykdysady döwürleriň birnäçe görnüşi tapawutlandyrylýar:

– *ýüzýyllyk* döwürler, ýüz we ondan köp ýyly öz içine alýar;

– *Kondratýewiň döwürleri*, olaryň dowamlylygy 50-70 ýyla deň bolýar. Ol *ykdysady toplumyň (umumy) uzyn tolkunlary* diýen nazaryýeti işläp taýýarlan, tanymal rus ykdysatçysy Kondratýewiň hatyrasyna şeýle atlandyryldy. Kondratýew «uzyn tolkunly döwrüň» ykdysady işjeňliginiň iň pes nokady bilen klassyky döwrüň laýyk gelýän wagtynda howply çökgünligiň emele gelýändigini çaklady. Oňa 1873-nji ýylyň çökgünligi, 1929-1933-nji ýyllardaky Beýik durgunlyk we 1974-1975-nji ýyllardaky stagflýasiýa mysal bolup biler;

– *klassyky döwürler*, olar 10-12 ýyl dowam edýär. Ilkinji klassyky çökgünlik 1825-nji ýylda Angliýada ýüze çykdy we 1856-njy ýyldan başlap şeýle çökgünlikler dünýä derejesinde dowam etdi. Bu esasy kapitalyň köpçülikleýin täzelenmegi bilen baglanyşykly hereket etdi. XIX asyrda we XX asyryň birinji ýarymynda şeýle täzelenmegiň sebäbi hökmünde ortaça 10-12 ýyl hyzmat edýän esasy kapitalyň (enjamlaryň) fiziki könelmesi çykyş etdi. Häzirkizaman şertlerinde esasy kapitalyň fiziki däl könelmesiniň ähmiýetiniň ýokarlanýandygy sebäpli, şeýle döwürleriň dowamlylygy azaldy;

– *Kitçiniň döwürleri*, olar 2-4 ýyl möhletde dowam edýär. Bu döwürler öý hojalyklarynyň uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlaryny köpçülikleýin täzeleýändikleri bilen baglanyşykly.

Häzirki döwrüň ykdysadyýetinde ykdysady döwürleriň tapgyrlarynyň dowamlylygy dürli-dürli bolup bilýär. Bu, ilkinji nobatda, çökgünligiň sebäbine, şeýle-de dürli ýurtlarda ykdysadyýetiň aýratynlyklaryna, ýagny döwletiň ykdysadyýete goşulmagynyň derejesine, ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň häsiýetine, hyzmatlar

ulgamynyň ösüşiniň derejesine, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň ulanylyşyna bagly bolýar.

Döwürleýin üýtgemeler döwürleýin bolmadyk üýtgemelerden tapawutlandyrylýar. *Ykdysady döwürler ähli pudaklary* öz içine alýar we *ähli görkezijileriň* üýtgemelerini häsiýetlendirýär. *Döwürleýin bolmadyk* üýtgemeler işleriň *möwsümleýin häsiýete* (mysal üçin, oba hojalygynda güýz möwsüminde hasylyň ýygnalýan döwründe ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagy, gyş möwsüminde gurluşyk işleriniň depgininiň peselmegi) eýe bolýan *aýry-aýry pudaklardaky* ykdysady işjeňligiň üýtgemelerini, şeýle-de diňe *käbir ykdysady görkezijileriň* (mysal üçin, baýramçylyklaryň öň ýanynda bölek-satuw söwdasynyň möçberiniň çalt ýokarlanmagy) üýtgemelerini görkezýär.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *economic growth* | *ykdysady ösüş* |
| *GDP per capita* | *jemi içerki önümiň adam başyna düşýän bölegi* |
| *catch up effect* | *çalt hereket etmegiň netijesi* |
| *knowledge economy* | *bilimler ykdysadyýeti* |
| *recession* | *pese gaçmak* |
| *depression* | *uzak wagtyň dowamyndaky we düýpli çökgünlik* |
| *recovery* | *ýokary galmak ýa-da talabalaýyk ýagdaýyň dikeldilmegi* |
| *boom* | *işjeňligiň ýokary derejesi* |
| *slump* | *pese gaçmak* |
| *crisis* | *çökgünlik* |
| *stagnation* | *durgunlyk* |
| *stagflation* | *stagflýasiýa, bir wagtda önümçiligiň pese gaçmagy we bahalaryň ýokarlanmagy* |

## V BAP
## MAKROYKDYSADY DURNUKSYZLYK WE IŞSIZLIK

### 5.1. Işsizlik we onuň mazmuny

Işsizlik üýtgemeleriň döwürleýin häsiýetine eýe bolýan we makroykdysady durnuksyzlygy häsiýetlendirýän esasy hadysa hasaplanýar. Ony kesgitlemek üçin ilatyň aýry-aýry toparlary seljerilýär. Işsizlik adalgasy XX asyryň 30-njy ýyllarynda emele gelen Beýik durgunlyk döwründe ulanyp başlandy.

Ýurduň ilaty (*POP – population*) makroykdysady nukdaýnazardan iki topara bölünýär:

1) işçi güýjüniň sanyna goşulýan (*L – labour force*) topar;
2) işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan (*NL – non-labour force*) topar.

$$POP = L + NL.$$

Ilatyň işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan bölegine jemgyýetçilik önümçiliginde işlemeýän we iş tapmak üçin çalyşmaýan adamlar degişli. Bu topara aşakdakylar degişli:

1) 16 ýaşyna ýetmedik ýetginjekler;
2) psihiki keselleri bejerýän hassahanalardaky adamlar;
3) maýyplar.

Ilatyň bu toparyna institusional ilat diýilýär, sebäbi olar döwlet institutlarynyň garamagynda saklanýar. Şeýle-de ilatyň işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan bölegine dürli sebäplere görä, ýagny işlemek islemeýän ýa-da işläp bilmeýän we iş gözlemeýän adamlar degişli:

– *gündizki bölümiň talyplary* (sebäbi olar okuwlaryny dowam edýärler);
– *pensiýa çykan adamlar* (ýaşy boýunça, şeýle-de saglygy boýunça);
– *öý hojalykçylar* (jemgyýetçilik önümçiliginde däl-de, doly iş gününiň dowamynda işleýän hem bolsalar, olar öz zähmeti üçin töleg almaýarlar);
– iş gözläp tapmadyk we şonuň üçin *iş gözlemegini bes eden* adamlar.

Ilatyň işçi güýjüniň sanyna goşulýan bölegine jemgyýetçilik önümçiliginde iş ýeri bolan ýa-da iş ýeri bolmadyk, ýöne iş tapmak üçin işjeň çalyşýan adamlar degişli. Şonuň üçin işçi güýjüniň umumy sany 2 bölege bölünýär:

– *iş bilen üpjün edilen adamlar* (*E* – employed) – doly ýa-da doly bolmadyk iş gününde zähmet çekýändigine garamazdan, iş ýeri bolan adamlar. Aýry-aýry ýagdaýlarda adamlar işlemeýän hem bolsa, olar iş bilen üpjün edilen adamlar hasaplanýar:

1) dynç alyş döwründe; 2) wagtlaýyn ýarawsyzlyk; 3) tebigy betbagtçylyklar sebäpli.

– *işsizler* (*U* – unemployed) – bu iş ýeri bolmadyk, ýöne işjeň iş gözleýän ýa-da belli bir senede zähmet çekmek üçin işiň başlanmagyna garaşýan adamlar. *Işiň gözlenmegi işsiz* adamlary işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan adamlardan tapawutlandyrýan *esasy ölçeg hasaplanýar.*

Şeýlelikde, işçi güýjüniň umumy sany iş bilen üpjün edilen adamlaryň we işsizleriň jemine deň bolýar:

$$L = E + U.$$

Ilatyň zähmete ukyply topary bilen işçi güýjüniň umumy sany toparyny tapawutlandyrmak zerur hasaplanýar. Ilatyň zähmete ukyply topary işçi güýjüniň umumy sanyna degişli bolmadyk adamlaryň bir bölegini öz içine alýar.

Iş bilen üpjün edilen adamlar bilen işsizleriň sanynyň, işçi güýjüniň sany bilen işçi güýjüniň sanyna goşulmaýanlaryň üýtgemegi bilen baglanyşykly görkezijiler hereketiň görkezijileri hasaplanýar. Iş bilen üpjün edilen adamlar, işsizler we işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan toparlaryň arasynda elmydama üýtgemeler bolup geçýär. Iş bilen üpjün edilen adamlaryň bir böleginiň dürli sebäplere görä iş orunlaryny ýitirýändikleri sebäpli, olar işsizleriň toparyna degişli bolýar. Işsizleriň bir bölegi bolsa iş ýerlerini tapyp, iş bilen üpjün edilen adamlaryň hataryna goşulýar. Işleýän adamlaryň belli bir bölegi dürli sebäplere görä ykdysadyýetiň döwlet böleginden çykýarlar (mysal üçin, pensiýa çykmak, öý hojalykçy bolmak we ş.m.), işsizleriň bir bölegi bolsa iş gözlemeklerini bes edýärler we olar işçi güýjüne goşulmaýan adamlaryň sanyny ýokarlandyrýarlar. Şeýle-de bolsa jemgyýetçilik önümçiliginde işlemeýän adamlaryň bir bölegi işjeň iş gözläp başlaýarlar (mysal üçin, işlemeýän aýallar, ýokary okuw mekdebini tamamlan uçurymlar we ş.m.). Durnukly ykdysadyýet şertlerinde (deňagramlylyk ýagdaýynda) iş ýerini ýitiren adamlaryň sany bilen işi işjeň gözleýän adamlaryň sany deň bolýar.

Halkara zähmet guramasynyň (*ILO – International labour organisation*) kesgitlemesine görä, *işsiz* diýlip, işläp *bilýän*, işlemek *isleýän*, özbaşdak işjeň iş *gözleýän*, ýöne iş orunlarynyň ýa-da ýeterlik hünär taýýarlygynyň ýoklugy sebäpli *işe ýerleşip bilmeýän* adama aýdylýar.

Ýurduň zähmete ukyply bölegi üç topara bölünýär:

1) işleýän adamlar (iş bilen üpjün edilen adamlar);

2) işlemeýän, ýöne iş gözleýän adamlar (işsizler);

3) işlemeýän we iş gözlemeýän adamlar.

*Işsizligiň esasy görkezijisi bolup işsizligiň derejesi* hasaplanýar. *Işsizligiň derejesi* (rate of unemployment – *u) işsizleriň sanynyň işçi güýjüniň (işleýänleriň we işsizleriň sanynyň jemi) umumy sanyna bolan gatnaşygynyň* göterimde aňladylmagyny görkezýär:

$$u = U/L \times 100\% \quad \text{ýa-da} \quad u = U/(E + U) \times 100\%.$$




*5.1-nji şekil*

*Iş bilen üpjünçiligiň esasy görkezijisi* bolup *iş bilen üpjünçiligiň derejesi* hasaplanýar. *Iş bilen üpjünçiligiň derejesi* (rate of employment – *e*) *iş bilen üpjün edilen adamlaryň sanynyň işçi güýjüniň (işleýänleriň we işsizleriň sanynyň jemi) umumy sanyna bolan gatnaşygynyň* göterimde aňladylmagyny görkezýär:

$$e = E/L \times 100\% \quad \text{ýa-da} \quad e = E/(E + U) \times 100\%.$$

Işçi güýjüniň umumy sany $L = E + U$ formula arkaly kesgitlenýän bolsa, onda aşakdaky deňlik alynýar:

$$e + u = 1 \ \text{ýa-da} \ e = 1 - u.$$

*Ykdysady taýdan işjeň ilat* harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin gatnaşýan ähli adamlary öz içine alýar. Zähmetiň statistikasynyň esasy görkezijileriniň biri hökmünde *ykdysady işjeňligiň derejesi* (labour force participation rate) diýen görkeziji çykyş edýär. Ol işçi güýjüniň sanynyň ilatyň uly ýaşly böleginiň (16 ýaşdan ýokary) umumy sanyna bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy arkaly hasaplanýar. Ol zähmet bazaryna gatnaşýan ilatyň paýyny görkezýär.

$$\text{Ykdysady işjeňligiň derejesi} = \frac{\text{Işçi güýjüniň sany}}{\text{Ilatyň ýokary ýaşly böleginiň sany}} \times 100\%.$$

## 5.2. Işsizligiň görkezijileri we görnüşleri

Işsizligiň 3 sany esasy sebäbi tapawutlandyrylýar:

1) işi ýitirmek (işden boşamak);
2) işden meýletin gitmek;
3) zähmet bazarynda ilkinji gezek gatnaşmak.

Işsizligiň üç sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar: friksion, düzümleýin we döwürleýin.

*Işiň gözlenmegi we işe başlamak üçin garaşmalar* bilen baglanyşykly emele gelýän işsizlik *friksion işsizlik* diýlip atlandyrylýar. Işiň gözlenmegi belli bir wagty talap edýär we şonuň üçin adamlar belli bir wagt aralygynda işsiz hasaplanýar. Belli bir ugur boýunça ýokary hünär derejesi bolan taýýar hünärmenleriň iş gözleýänligi friksion işsizligiň *aýratynlygyny* görkezýär. Bu işsizligiň esasy *sebäbi maglumatlaryň kämil bolmazlygy* (boş iş ýerleri baradaky maglumatlar) hasaplanýar. Adatça, iş ýerlerini ýitiren adamlar gysga wagtyň dowamynda iş orunlaryny tapyp bilmeýärler.

Friksion işsizligiň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– kärhananyň ýolbaşçylygynyň buýrugy esasynda *işden boşadylan adamlar*;
– öz islegleri boýunça işden çykan adamlar;
– öňki işine gaýtadan dikeldilmegine *garaşýan adamlar*;
– *iş ornuny tapyp, işe başlamadyk adamlar*;
– *möwsümleýin işçiler* (möwsümden beýleki döwürde);
– *zähmet bazarynda* ykdysadyýetiň talap edýän ýokary hünär taýýarlykly *ilkinji gatnaşýan adamlar*.

Friksion işsizlik işçi güýjüniň hereketiniň kadaly meýilleri (adamlar öz ileri tutýan ugurlaryna we hünärine ýokary derejede laýyk gelýän iş orunlaryny tapmak üçin çalyşýarlar) bilen baglanyşykly bolup, ol işçi güýjüniň amatly ýerleşdirilmegine we öndürijiligiň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

*Friksion işsizligiň derejesi* friksion işsizleriň sanynyň işçi güýjüniň umumy sanyna bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy arkaly kesgitlenýär:

$$u_{\text{friks.}} = (U_{\text{friks.}}/L) \times 100\%.$$

*Düzümleýin işsizlik* ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgemeleri bilen şertlendirilýär we ol aşakdakylar bilen baglanyşykly hasaplanýar:

a) *dürli pudaklaryň önümlerine bolan hyrydarlygyň düzüminiň üýtgemegi*. Belli bir pudaklaryň önümlerine bolan hyrydarlyk ýokarlanýar, önümçiligiň möçberi artýar we ol bu pudaklarda işçi güýjüne bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar, şol bir wagtyň özünde beýleki bir pudaklaryň önümlerine bolan hyrydarlyk peselýär we ol iş bilen üpjünçiligiň peselmegine, işçileriň işden boşadylmagyna hem-de işsizligiň ýokarlanmagyna getirýär;

b) *ykdysadyýetiň pudaklarynyň düzüminiň üýtgemegi.* Ylmy-tehniki ösüş onuň sebäbi hökmünde çykyş edýär we netijede, belli bir wagtyň geçmegi bilen aýry-aýry pudaklar könelýär, ykdysady amallara gatnaşmaýar we olaryň ýerine täze pudaklar emele gelýär. Oňa laýyklykda, ykdysadyýetiň talap edýän hünärleriniň toplumy hem üýtgeýär. Adamlaryň hünärleri we hünär derejesi pudaklaryň häzirkizaman düzümine, häzirki şertlere laýyk gelmeýän bolsa, onda olaryň iş orun-

laryny tapmak boýunça alyp barýan işleri çylşyrymlaşýar. Şonuň üçin düzümleýin işsizlere zähmet bazaryna ilkinji gezek gatnaşýan adamlar degişli hasaplanýar.

*Işçi güýjüniň düzüminiň iş orunlarynyň düzümine laýyk gelmezligi* düzümleýin işsizligiň sebäbini görkezýär. Düzümleýin işsizlik friksion işsizlige görä uzak dowam edýär we ol köp serişdeleri talap edýär. Bir tarapdan, belli bir wagtyň geçmegi bilen hyrydarlygyň derejesiniň pes ýagdaýynda pudagyň önümlerine bolan hyrydarlyk ýokarlandyrylýar, beýleki bir tarapdan, ylmy-tehniki ösüşiň netijesinde emele gelen täze pudaklarda ýörite gaýtadan taýýarlyk we gaýtadan hünäri ýokarlandyryş okuwlaryny geçmezden iş orunlaryny tapmak mümkinçiligi peselýär.

*Düzümleýin işsizligiň derejesi* düzümleýin işsizleriň sanynyň işçi güýjüniň umumy sanyna bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy arkaly hasaplanýar.

$$u_{\text{düzüml.}} = (U_{\text{düzüml.}}/L) \times 100\%.$$

Friksion we düzümleýin işsizlik iş orunlarynyň ýitirilmegi we olaryň gözlenmegi ýa-da zähmet bazarynda ilkinji gezek gatnaşylmagy bilen baglanyşyklydygy sebäpli işsizligiň bu görnüşleri işiň gözlenmegi bilen baglanyşykly işsizlik diýen topara degişli hasaplanýar. Friksion we düzümleýin işsizlik ýokary derejede ösen ykdysadyýetlere hem mahsus bolýar, sebäbi olar işçi güýjüniň hereketiniň we ösüşiniň talabalaýyk ýagdaýy bilen baglanyşykly hasaplanýar. Dürli pudaklaryň önümlerine bolan hyrydarlygyň düzümi yzygider üýtgeýär, şeýle-de ylmy-tehniki ösüş bilen baglanyşykly ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi hem üýtgeýär. Şonuň üçin ykdysadyýetde bolup geçýän üýtgemeleriň netijesinde düzümleýin işsizlik emele gelýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynda M.Fridmen we E.Felps «*iş bilen doly üpjünçilik*» we «*işsizligiň durnukly derejesi*» diýen nazaryýeti hödürleýärler.

*Iş bilen doly üpjünçilik* – bu işçi güýjüniň umumy sanynda 5,5 – 6,5% möçberinde iş bilen üpjün edilmedik adamlaryň paýynyň saklanmagyny aňladýar.

Eger ykdysadyýetde diňe friksion we düzümleýin işsizlik emele gelen bolsa, onda bu işçi güýjüniň *doly üpjün edilen* ýagdaýyna laýyk gelýär hem-de ol işçi güýjüniň has netijeli ulanylýandygyny aňladýar. *Işçi güýjüniň doly üpjün edilen ýagdaýyndaky işsizligiň derejesi* (full-employment rate of unemployment) *işsizligiň talabalaýyk derejesi* (natural rate of unemployment – $u$*) diýlip atlandyrylýar. Işsizligiň talabalaýyk derejesine deň gelýän önümçiligiň hakyky möçberine (natural output) *önümçiligiň talabalaýyk derejesi* ýa-da garaşylýan önümçilik ($Y$*) diýilýär. Işçi güýjüniň doly üpjünçiliginiň ýagdaýyny diňe ykdysadyýetde emele gelen friksion we düzümleýin işsizligiň aňladýandygy sebäpli, işsizligiň talabalaýyk derejesi friksion hem-de düzümleýin işsizligiň derejeleriniň jemi hökmünde hasaplanýar.

$$u^* = u_{\text{friks.}} + u_{\text{düzüml.}} = [(U_{\text{friks.}} + U_{\text{düzüml.}})/L] \times 100\%.$$

Işsizligiň talabalaýyk derejesine başgaça *işsizligiň deňagramly derejesi* diýilýär.

Bu görkezijiniň häzirkizaman ady *işsizligiň hümmetsizlenmegi çaltlandyrmaýan derejesi – NAIRU* (non-accelerating inflation rate of unemployment) diýlip atlandyrylýar. Ykdysady ösüşiň we ykdysady döwrüň grafigine gaýtadan seljerme bermek zerur hasaplanýar. Işsizligiň derejesiniň 3–5%-den ýokary bolmadyk derejesi ykdysady howpsuzlygyň çägi hökmünde çykyş edýär.

Iş bilen *doly üpjünçiligiň* derejesi aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

*Iş bilen doly üpjünçilik = Işçi güýji × (1 – Işsizligiň talabalaýyk derejesi)*

Hyrydarlygy we iş bilen üpjünçiligi ýokarlandyrmagyň usullary:

*Eksportyň ösüşini höweslendirmek* – bu ýerli kärhanalarda öndürilýän önümiň möçberiniň atrmagyna we iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagyna mümkinçilik döredýär.

*Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen kärhanalaryň durkuny täzelemek üçin gönükdirilýän maýa goýumlary goldamak we höweslendirmek*. Şeýle ýagdaýda ýerli kärhanalaryň bazarda öz paýyny ýokarlandyrmaga, önümçiligiň möçberiniň hem-de iş bilen üpjünçiligiň artmagyna zerur şertler döreýär.

*Milli ykdysadyýetde daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek.* Onuň netijesinde täze önümçilik emele gelýär ýa-da kärhanalaryň durky täzelenýär. Netijede, önümçiligiň möçberine we iş bilen üpjünçilige amatly täsir edilýär.




*5.2-nji şekil. Ýurduň ykdysady ösüşiniň derejesine görä iş bilen üpjünçiligiň düzüminiň üýtgemegi*

Görkezilen 5.2-nji şekil arkaly ykdysady ulgamlar we olara degişli pudaklar tapawutlandyrylýar:

*I – senagat döwründen öňki tapgyr.* Bu tapgyra oba hojalygyň ösüşi mahsus bolýar;

*II – senagat döwri.* Bu tapgyra senagatyň ösüşi mahsus bolýar;

*III – senagat döwründen soňky (postindustrial) tapgyr.* Bu tapgyra hyzmatlaryň ösüşi mahsus bolýar.

Iş bilen üpjünçiligiň düzüminiň üýtgemeginiň esasy meýilleri:

1) oba hojalygynda iş bilen üpjünçiligiň peselmegi;

2) ykdysadyýetiň ylmy köp talap edýän pudaklarynda iş bilen üpjünçiligiň artmagy;

3) maddy däl we hyzmatlar ulgamynda işleýänleriň sanynyň ýokarlanmagy;

4) fiziki zähmet bilen meşgullanýanlaryň sanynyň azalmagynyň hasabyna akyl zähmeti bilen meşgullanýan işgärleriň sanynyň artmagy;

5) ilatyň ykdysady taýdan işjeň böleginiň umumy bilim we hünär derejesiniň ýokarlanmagy.




*5.3-nji şekil. Ykdysady ösüş we ykdysady döwür*

Ykdysady ösüşi görkezýän ýörite ugruň, ýagny trendiň her nokady garaşylýan JIÖ-niň möçberine ýa-da resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýyna laýyk gelýär (*B* we *C* nokatlar). Egri çyzygyň ykdysady döwri görkezýän her bir nokady real JIÖ-niň möçberine laýyk gelýär (*A* we *D* nokatlar). Eger *real JIÖ garaşylýan JIÖ-den ýokary, real işsizlik talabalaýyk işsizlikden pes bolsa,* onda bu *üpjünçiligiň has ýokary* ýagdaýyny aňladýar. *B* nokatdan *A* nokada geçilende bahalaryň derejesi ýokarlanýar, ýagny hümmetsizlenmek güýçlenýär, sebäbi jemi hyrydarlyk jemi hödürlemekden ýokary bolýar. Haçanda ykdysadyýet *garaşylýan önümçiligiň (trendde) derejesinde* bolsa, ol *işsizligiň talabalaýyk derejesine* (üpjünçiligiň doly derejesine) deň bolýar we *hümmetsizlenmek çaltlanmaýar.*

Işsizligiň talabalaýyk derejesiniň möçberi wagtyň geçmegi bilen üýtgeýär. *Işsizligiň talabalaýyk derejesiniň möçberiniň ýokarlanmagynyň sebäbi* hökmünde adamlaryň işsiz ýagdaýynda *iş gözleýän wagtynyň dowamlylygynyň ýokarlanmagy* çykyş edýär we ol aşakdakylar bilen baglanyşykly bolýar:

– işsizlik üçin tölenýän *kömek pullarynyň möçberiniň ýokarlanmagy*;

– işsizlik üçin kömek pullarynyň *tölenýän wagtynyň dowamlylygynyň ýokarlanmagy*;

– işçi güýjüniň düzüminde *aýallaryň paýynyň artmagy*;

– zähmet bazarynda *ýaşlaryň paýynyň ýokarlanmagy*.

Birinji iki faktor iş gözlemek mümkinçiligini has uzak wagtyň dowamynda üpjün edýär. Soňky iki faktor zähmet bazaryna ilkinji gezek gatnaşýan adamlaryň we iş gözleýän adamlaryň sanyny ýokarlandyrýar, onuň netijesinde işsizleriň sany ýokarlanýar, zähmet bazarynda bäsdeşlik güýçlenýär hem-de iş gözlemegiň möhleti artýar.

*Işsizligiň talabalaýyk derejesi ykdysadyýetiň kadaly durnukly ýagdaýyndaky işsizligiň* derejesini görkezýär. Ykdysady işjeňligiň ýokarlanýan döwründe (*5.3-nji şekil, A nokat*) işsizligiň hakyky derejesi özüniň kadaly derejesinden pes bolýar we pese gaçmak döwründe (*5.3-nji şekil, D nokat*) talabalaýyk derejesinden ýokary bolýar. Işsizligiň hakyky derejesi bilen işsizligiň talabalaýyk derejesiniň arasyndaky tapawuda deň bolan ululyk işsizligiň üçünji görnüşini häsiýetlendirýär we ol *döwürleýin işsizlik* diýlip atlandyrylýar.

*Döwürleýin işsizlik* ykdysady işjeňligiň gysga möhletli üýtgemeleri bilen baglanyşykly *işsizligiň talabalaýyk derejesinden üýtgemelerini* görkezýär. *Döwürleýin işsizligiň sebäbi* hökmünde hakyky JIÖ-niň garaşylýan JIÖ-den pes ýagdaýyna laýyk gelýän ykdysadyýetiň pese gaçmagy (resessiýa) çykyş edýär. Bu ykdysadyýetde resurslaryň doly bolmadyk üpjünçiligini we işsizligiň talabalaýyk derejesine garanyňda onuň hakyky derejesiniň ýokarydygyny (*5.3-nji şekil, D nokat*) aňladýar. Häzirkizaman şertlerinde döwürleýin işsizligiň ýüze çykmagy ykdysadyýetde jemi çykdajylaryň ýeterlik däldigi (jemi hyrydarlygyň pes derejesi), şeýle hem jemi hödürlemegiň peselýändigi bilen baglanyşykly öwrenilýär.

*Işsizligiň hakyky derejesi* işsizleriň umumy sanynyň (friksion + düzümleýin + döwürleýin) işçi güýjüniň umumy sanyna bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy ýa-da işsizligiň ähli görnüşleriniň derejeleriniň jemi hökmünde kesgitlenýär:

$$u_{hakyky} = (U/L)\times 100\% = [(U_{friks.} + U_{düzüml.} + U_{döwürl.})/L] \times 100\%$$

ýa-da

$$u_{hakyky} = u_{friks.} + u_{düzüml.} + u_{döwürl.}$$

Friksion we düzümleýin işsizligiň derejeleriniň jeminiň işsizligiň talabalaýyk

derejesine ($u^*$) deňdigi sebäpli, işsizligiň hakyky derejesi işsizligiň talabalaýyk derejesi bilen işsizligiň döwürleýin derejesiniň jemine deň.

$$u_{\text{hakyky}} = u^* + u_{\text{döwürl.}}$$

Döwürleýin işsizligiň derejesi *pese gaçmak döwründe položitel ululyga* eýe bolýar. Bu ýagdaýda işsizligiň hakyky derejesi onuň talabalaýyk derejesinden ýokary bolýar we *resurslaryň doly bolmadyk üpjünçiligi* saklanýar. Ol *ykdysady işjeňligiň ýokarlanýan* döwründe *otrisatel ululyga* eýe bolýar. Bu ýagdaýda işsizligiň hakyky derejesi onuň talabalaýyk derejesinden pes bolýar we *resurslaryň has ýokary üpjünçiligi* saklanýar.

## 5.3. Işsizligiň ykdysady we ykdysady häsiýeti bolmadyk netijeleri

Döwürleýin işsizligiň emele gelmegi resurslaryň doly bolmadyk üpjünçiligini häsiýetlendirýär we makroykdysady durnuksyzlygyň ýüze çykmagyna getirýär.

Işsizligiň ykdysady we ykdysady häsiýeti bolmadyk netijeleri tapawutlandyrylýar. Olar aýry-aýry taraplaryň derejesinde, şeýle hem jemgyýetiň derejesinde ýüze çykyp bilýär.

Işsizligiň ykdysady häsiýeti bolmadyk netijeleri psihologiki we durmuş faktorlary bilen baglanyşykly. *Aýry-aýry taraplaryň derejesinde* işsizligiň ykdysady häsiýeti bolmadyk netijeleri uzak wagtyň dowamynda iş orunlaryny tapmak mümkinçiliginiň bolmazlygy bilen baglanyşykly adamlarda *psihologiki dartgynlygyň we dürli keselleriň* emele gelýändigini görkezýär.

*Jemgyýetiň derejesinde* ol sosial dartgynlygyň artýandygyny aňladýar. Jemgyýetiň bilim üçin harçlaýan çykdajylary bilen baglanyşykly ýitgileri hem işsizligiň netijesi hasaplanýar, sebäbi bilimli, hünärli adamlaryň öz ukyplaryny ulanmaga mümkinçiligi bolmaýar we bilim üçin çykdajylar özüni ödemeýär.

*Aýry-aýry taraplaryň derejesinde işsizligiň ykdysady netijeleri* işgärler tarapyndan alynýan we geljekde alynmaly girdejileriň bir böleginiň ýitirilýändigini aňladýar.

*Jemgyýetiň derejesinde işsizligiň ykdysady netijesi* jemi içerki önümi doly derejede öndürmek mümkinçiligini peseldýär we real jemi içerki önümiň garaşylýan jemi içerki önümden pes bolýan ýagdaýyny görkezýär. Döwürleýin işsizligiň dowam etmegi resurslaryň doly derejede ulanylmaýandygyny aňladýar we şonuň üçin real jemi içerki önüm garaşylýan jemi içerki (resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýyndaky JIÖ) önümden pes bolýar. *Jemi içerki önümiň ösüşiniň yza galmagy* (GDP gap) real jemi içerki önüm ($Y$) bilen garaşylýan jemi içerki önümiň ($Y^*$) aratapawudynyň garaşylýan jemi içerki önümiň möçberine bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy arkaly kesgitlenýär:

$$\text{GDP gap} = \frac{Y - Y^*}{Y^*} \times 100\%.$$

Önümçiligiň real möçberiniň onuň garaşylýan möçberinden *yza galmagy bilen döwürleýin işsizligiň derejesiniň* arasyndaky baglanyşyk XX asyryň 60-njy ýyllarynda amerikan ykdysatçysy Artur Ouken (A. Okun) tarapyndan esaslandyryldy. *«Ilatyň iş bilen doly üpjünçiligi»* diýen düşünje hiç hili işsizligiň ýokdugyny aňlatmaýar. Işsizligiň friksion we düzümleýin görnüşleri islendik ykdysadyýetde ýüze çykýar. Şonuň üçin doly iş bilen üpjünçilik ýagdaýyndaky işsizlik friksion we düzümleýin işsizligiň jemine deň bolýar. Bu döwürleýin işsizligiň nola deň bolýan ýagdaýynda iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýyndaky işsizligiň gazanylýandygyny aňladýar.

Işsizligiň esasy netijesi hökmünde öndürilmedik önümiň möçberi hasaplanýar. Bu bolsa öz gezeginde ilatyň durmuş şertleriniň peselmegine sebäp bolýar. Amerikaly ykdysatçy A.Ouken işsizligiň derejesi bilen jemi içerki önümiň möçberiniň peselmeginiň arasyndaky matematiki baglanyşygy esaslandyrdy. A.Ouken doly iş bilen üpjünçilik şertlerinde işsizligiň derejesinden hakyky işsizligiň derejesiniň 1% ýokarlanmagy netijesinde JIÖ-niň real möçberiniň onuň garaşylýan möçberinden 2% yza galýandygyny hasaplady.

Ykdysadyýetiň ösüşiniň häzirkizaman şertlerinde bu koeffisiýentiň 2,5-e deň bolýandygy anyklandy. Bu hakyky işsizligiň derejesiniň 1% ýokarlanmagy netijesinde JIÖ-niň real möçberiniň jemgyýetiň öz mümkinçiliklerini ulanmagynyň esasynda ony öndürip biljek möçberinden 2,5% peselmegine getirýändigini aňladýar.

Eger ykdysadyýetde işsizligiň kadaly derejesi 7%, onuň hakyky möçberi 9%-e deň bolsa, onda JIÖ-niň öndürilmedik möçberini kesgitlemek mümkin. JIÖ-niň real möçberiniň onuň garaşylýan möçberinden yza galmagy şeýle görnüşde hasaplanýar:

$$2{,}5 \times (9 - 7) = 5\%.$$

Şol döwürde ýurtdaky JIÖ-niň möçberini (75 *mlrd* manat) bilip, JIÖ-niň öndürilmedik möçberini hasaplamak mümkin:

$$75 \times 0{,}05 = 3{,}75 \textit{ mlrd} \text{ manat}.$$

Bu baglanyşyk «Oukeniň kanuny» diýlip atlandyrylýar we ol aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\frac{Y - Y^*}{Y^*} \times 100\% = -\beta\,(u - u^*).$$

Deňlemäniň çep tarapynda JIÖ-niň ösüşiniň yza galmagynyň göterimde aňladylýan formulasy ýazylýar. Deňlemäniň sag tarapynda $u$ – işsizligiň hakyky derejesi, $u^*$ – işsizligiň talabalaýyk derejesi, şonuň üçin döwürleýin işsizligiň derejesi $(u - u^*)$, $\beta$ – *Oukeniň koeffisiýenti* $(\beta > 0)$ görkezilýär. Oukeniň koeffisiýenti eger hakyky işsizligiň derejesi 1% bölüme ýokarlanýan bolsa, onda garaşylýan JIÖ bilen deňeşdirilende real JIÖ-niň näçe göterim peselýändigini (yza galmak näçe göterim ýokarlanýar) görkezýär. Şeýlelikde, Oukeniň koeffisiýenti döwürleýin işsizligiň üýtgemegine görä JIÖ-niň ösüşiniň yza galmagyny *hasaba almagyň koeffisiýenti* hasaplanýar. Deňlemäniň sag böleginiň öňündäki «minus» belgisi real JIÖ bilen döwürleýin işsizligiň derejesiniň arasyndaky ters baglanyşygy görkezýär: işsizligiň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da garaşylýan JIÖ bilen deňeşdirilende real JIÖ-niň möçberi az bolýar.

Islendik ýylyň JIÖ-niň yza galmagyny diňe garaşylýan JIÖ-e bolan gatnaşykda däl-de, geçen ýylyň real JIÖ-ne bolan gatnaşykda hem hasaplap bolýar. Şeýle hasaplamalary geçirmegiň formulasyny hem A.Ouken aşakdaky görnüşde hödürledi:

$$\frac{Y_t - Y_{t-1}}{Y_{t-1}} \times 100\% = 3\% - 2\,(u_t - u_{t-1}).$$

Deňlemäniň çep tarapynda geçen ýylyň hakyky JIÖ-si $(Y_{t-1})$ bilen deňeşdirilende berlen ýylyň real JIÖ-niň $(Y_t)$ yza galmagyny görkezýän formula ýazylýar.

Deňlemäniň sag tarapynda $u_t$ – berlen ýylyň işsizliginiň hakyky derejesi, $u_{t-1}$ – geçen ýylyň işsizliginiň hakyky derejesi, 3% – ABŞ-nyň garaşylýan JIÖ-niň ösüşiniň ortaça ýyllyk depgini. Islendik döwletiň garaşylýan JIÖ-niň ýokarlanmagynyň faktorlary hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

a) ilatyň sanynyň artmagy;

b) kapital bilen üpjünçiligiň ösüşi;

ç) ylmy-tehniki ösüş.

Bu formulanyň esasynda önümçiligiň garaşylýan möçberiniň ösüş depginini (Ouken ABŞ-da şol döwürde garaşylýan JMÖ-niň ösüş depgininiň 3%-e deň bolan görkezijisini ulandy) we işsizligiň hakyky derejesiniň üýtgemelerine (Oukeniň formulasy boýunça ol 2-ä deň) görä JIÖ-niň üýtgemeginiň baglanyşyk koeffisiýentini bilip, işsizligiň derejesiniň artmagy esasynda diňe bir JIÖ-niň yza galmagynyň ululygyny däl-de, onuň tersine, ykdysadyýetiň pese gaçmagy esasynda emele gelýän işsizligiň hakyky derejesiniň ösüşiniň ululygyny hasaplamak bolýar:

$$(u_t - u_{t-1}) = -\tfrac{1}{2} \times \left(\frac{Y_t - Y_{t-1}}{Y_{t-1}} \times 100\% - 3\%\right).$$

## 5.4. Işsizlige garşy alnyp barylýan döwlet syýasaty

Işsizligiň esasy makroykdysady meseleleriň biri hasaplanýandygy sebäpli, döwlet onuň garşysyna degişli çäreleriň toplumyny işläp düzýär. Işsizligiň dürli sebäplere görä ýüze çykýandygy sebäpli, olaryň garşysyna ulanylýan çäreler hem dürli häsiýetde bolýar.

Işsizligiň *ähli* görnüşleri üçin alnyp barylýan *umumy* çäreler:

– işsizlik üçin *kömek pullarynyň tölenmegi*;

– *iş bilen üpjün etmek boýunça gulluklaryň döredilmegi*;

– hünäre ugrukdyrmak we *gaýtadan taýýarlamak* boýunça *okuw merkezleriniň* esaslandyrylmagy.

*Friksion işsizlige* garşy alnyp barylýan *ýörite çäreler*:

– boş iş orunlary barada *maglumatlary* jemlemegiň we olary gyzyklanýan taraplara geçirmegiň ulgamyny *kämilleşdirmek*;

– bu maksatlar üçin ýörite *gulluklaryň döredilmegi*.

*Düzümleýin işsizlige* garşy şeýle çäreler ulanylýar:

– *gaýtadan taýýarlamak* we *hünäri kämilleşdirmek* boýunça *döwlet gulluklarynyň* döredilmegi;

– şeýle işleriň toplumyny alyp barýan ykdysadyýetiň *hususy bölegine ýardam bermek*.

*Döwürleýin işsizlige* garşy alnyp barylýan esasy serişdeler:

– ykdysadyýetde emele gelýän döwürleýin üýtgemeleriň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilen *durnuklaşdyryş syýasatynyň* alnyp barylmagy;

– ykdysadyýetiň *döwlet böleginde* goşmaça *iş orunlarynyň döredilmegi.*

Işsizligiň durmuş-ykdysady netijeleri:

– ilatyň hakyky girdejisiniň we olaryň durmuş derejesiniň peselmegi;

– işgärleriň hünär endikleriniň, ukyplyklarynyň ýitirilmegi;

– ýaşaýşyň dowamlylygynyň peselmegi;

– kanunalaýyk gelmeýän hereketleriň artmagy we ş.m.

Bazar ykdysadyýetiniň nazaryýetine laýyklykda, *zähmet haky* (*W* – wage) – bu belli bir wagtyň dowamynda (sagat, gün, hepde, aý) zähmet hyzmatlarynyň ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň alýan girdejisi ýa-da zähmetiň bahasy.

Zähmet haky – bu bahanyň özboluşly görnüşi hasaplanyp, onuň möçberi ilatyň durmuş derejesi bilen berk baglanyşykly bolýar. Zähmet hakynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

*Nominal zähmet haky* (nominal wage) – bu zähmet hyzmatlarynyň ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň alýan pulunyň möçberi.

*Real zähmet haky* (real wage) – işgäriň nominal zähmet hakyna satyn alyp bilýän *harytlarynyň we hyzmatlarynyň* möçberi.

Real zähmet hakynda nominal zähmet hakynyň *satyn alyjylyk ukyby* ýüze çykýar. Bu satyn alyjylyk ukyp nominal zähmet hakynyň möçberine *göni*, sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň bahalarynyň derejesine *ters* baglanyşykda bolýar. Şeýle baglanyşyk aşakdaky görnüşde görkezilýär:

$$w = W/P$$

*w – real zähmet haky;*
*W – nominal zähmet haky;*
*P – sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň bahasy.*

Nominal zähmet hakynyň ýokarlanmagy bilen hakyky zähmet haky artýar, bahalaryň ýokarlanýan ýagdaýynda ol azalýar.

Zähmet bazarynyň *subýektleri* (gatnaşyjylary) hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– işgärler we iş hödürleýän taraplar;
– işgärleriň we iş hödürleýän taraplaryň arasyndaky araçylar (iş bilen üpjün edýän gulluklar);
– zähmet bazary bilen meşgullanýan hökümet işgärleri.

Döwlet zähmet bazaryny kadalaşdyrmaga işjeň gatnaşýar we ol aşakdaky ugurlar boýunça zähmet hakynyň derejesine täsir edýär:

– zähmet hakynyň iň pes, minimal derejesini kesgitleýär;
– işgärleriň hukuk goraglylygyny üpjün edýär we olara belli bir kepillikleri berýär;
– hümmetsizlenmege garşy alnyp barylýan çärelere laýyklykda zähmet şertnamalaryny kämilleşdirýär.

Türkmenistanda alnyp barylýan düýpli durmuş özgertmeleriň ileri tutulýan ugurlary we esasy maksatlar şulardan ybaratdyr:

– ilatyň girdejilerini artdyrmak;
– ilaty durmuş taýdan goramak;
– medeni-durmuş ulgamyny netijeli ösdürmek;
– ilatyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi;
– daşky gurşawy goramak.

Iş bilen üpjünçiligiň baş ýörelgeleri kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen, ýagny Türkmenistanyň Konstitusiýasy we «Ilatyň iş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen berkidilendir. Ilaty iş bilen üpjün etmekde öňe sürülýän *döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleri*: Türkmenistanyň ähli raýatlaryna zähmete we iş bilen üpjünçiligine bolan hukugyny amal etmekde deň mümkinçilikleriň

döredilmeginden, ilatyň netijeli, erkin ýagdaýda saýlap alan iş üpjünçiliginiň berjaý bolmagynda döwlet ýardamynyň berilmeginden hem-de *işsizligiň öňüniň alynmagyndan* ybaratdyr.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *POP – population* | *ýurduň ilaty* |
| *L – labour force* | *işçi güýjüniň sanyna goşulýan topar* |
| *NL – non-labour force* | *işçi güýjüniň sanyna goşulmaýan topar* |
| *E – employed* | *iş bilen üpjün edilen adamlar* |
| *U – unemployed* | *işsizler* |
| *u – rate of unemployment* | *işsizligiň derejesi* |
| *e – rate of employment* | *iş bilen üpjünçiligiň derejesi* |
| *labour force participation rate* | *ykdysady işjeňligiň derejesi* |
| *full-employment rate of unemployment* | *işçi güýjüniň doly üpjün edilen ýagdaýyndaky işsizligiň derejesi* |
| *u* – natural rate of unemployment* | *işsizligiň talabalaýyk derejesi* |
| *non-accelerating inflation rate of unemployment ( NAIRU):* | *işsizligiň hümmetsizlenmegi çaltlandyrmaýan derejesi* |
| *GDP gap* | *jemi içerki önümiň ösüşiniň yza galmagy* |
| *W – wage* | *zähmet haky* |
| *nominal wage* | *nominal zähmet haky* |
| *real wage* | *real zähmet haky* |

# VI BAP
# HÜMMETSIZLENMEK WE ONUŇ NETIJELERI

## 6.1. Hümmetsizlenmek we onuň görkezijileri

Bahalaryň umumy derejesi we hümmetsizlenmek meselesi esasy makroykdysady meseleleriň biri hasaplanýar. Hümmetsizlenmek (inflýasiýa) adalgasy ilkinji gezek 1861 – 1865-nji ýyllarda Demirgazyk Amerikada ulanyp başlandy. Bu adalga ykdysady edebiýatlarda XX asyryň 20-nji ýyllarynda giňden ýaýrady.

*Hümmetsizlenmek (inflýasiýa)* – bu bahalaryň umumy derejesiniň ösüşiniň durnukly meýlini görkezýär. Bu kesgitlemäniň aýry-aýry bölümlerine düşündiriş bermek zerur hasaplanýar:

*Durnuklylyk. Bahalaryň ýokarlanmagyndan* tapawutlylykda hümmetsizlenmek uzak wagtyň dowamyndaky amallary we durnukly meýli aňladýar.

*Bahalaryň umumy derejesi. Hümmetsizlenmek* ykdysadyýetde *ähli bahalaryň ýokarlanmagyny aňlatmaýar*. Dürli harytlaryň bahalary dürli-dürli ýagdaýlara baglylykda ýokarlanyp, peselip ýa-da üýtgewsiz ýagdaýda galyp biler. Bahalaryň umumy indeksiniň, ýagny JIÖ-niň deflýatorynyň ýokarlanmagy esasy öwrenilmeli bölüm hasaplanýar.

Hümmetsizlenmege garşylyklaýyn emele gelýän ýagdaýa *deflýasiýa* diýilýär we ol bahalaryň umumy derejesiniň peselmeginiň durnukly meýlini aňladýar. *Dezinflýasiýa* düşünjesi *hümmetsizlenmegiň depgininiň peselmegini* görkezýär. Şunuň bilen baglanyşykly dezinflýasiýa syýasaty alnyp barylýar.

*Dezinflýasiýa syýasaty* – bu pul-karz we salgyt-býujet syýasaty arkaly hümmetsizlenmegiň uzak möhletleýin peseldilmegine gönükdirilen makroykdysady durnuklaşdyryş maksatnamasydyr.

Hümmetsizlenmegi kesgitlemek üçin ýurtdaky bahalaryň umumy derejesini seljermek zerur hasaplanýar. Ýönekeý görnüşde *t* wagtdaky hümmetsizlenmegi harytlaryň toplumynyň gymmatynyň üýtgemegi esasynda kesgitläp bolýar:

$$P_t = f(p_t^1, p_t^2, p_t^3, \ldots p_t^n)$$

$f(p_t^1, p_t^2, p_t^3, \ldots p_t^n)$ – *t* wagtdaky aýry-aýry harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň funksiýasy.

*Hümmetsizlenmegiň esasy görkezijisi* hökmünde *hümmetsizlenmegiň depgini* ýa-da derejesi (rate of inflation – $\pi$) çykyş edýär. Ol *dowam edýän ýylyň bahalarynyň ($P_t$) umumy derejesi* (JIÖ-niň deflýatory) *bilen geçen ýylyň bahalarynyň ($P_{t-1}$) umumy derejesiniň* (JIÖ-niň deflýatory) *aratapawudynyň geçen ýylyň bahalarynyň umumy derejesine bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagy* arkaly kesgitlenýär:

$$\pi = \frac{P_t - P_{t-1}}{P_{t-1}} \times 100\% \quad \text{ýa-da} \quad \pi = \frac{\Delta P}{P_{t-1}} \times 100\%$$

$\pi$ – *hümmetsizlenmegiň depgini;*

$P_t$ – *dowam edýän ýylyň bahalarynyň umumy derejesi*;

$P_{t-1}$ – *geçen ýylyň bahalarynyň umumy derejesi.*

Hümmetsizlenmegiň depgininiň görkezijisi bahalaryň umumy derejesiniň ösüş depginini däl-de, bahalaryň umumy derejesiniň *artyş depginini* häsiýetlendirýär.

Jemi içerki önümiň derejesinde hümmetsizlenmege baha bermek üçin JIÖ-niň deflýatory (*GDP deflator*) ulanylýar we ol şeýle kesgitlenýär:

$$GDP_{deflator} = GDP_{nom.} / GDP_{real} \times 100\%$$

$GDP_{nom.}$ – gündelik bahalarda ölçenilýän nominal jemi içerki önüm;

$GDP_{real}$ – üýtgemeýän bahalarda, binýatlyk ýylyň bahalarynda kesgitlenýän real jemi içerki önüm.

## 6.2. Hümmetsizlenmegiň görnüşleri

Ulanylýan ölçeglere baglylykda hümmetsizlenmek birnäçe görnüşlere bölünýär. Eger ölçeg hökmünde hümmetsizlenmegiň depgini (derejesi) çykyş edýän bolsa, onuň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

*Hümmetsizlenmegiň pes derejesi* (creeping inflation). Ol bir ýylda 10%-e çenli möçberde hasaplanýar. Hümmetsizlenmegiň depgininiň bir ýylda 3–4% derejesinde saklanmagy häzirkizaman ykdysadyýeti üçin kadaly ýagdaý hökmünde kabul edilýär, önümçiligiň ýokarlanmagy üçin höweslendiriş faktory hasaplanýar we ol *hümmetsizlenmegiň talabalaýyk derejesi* (natural rate of inflation) diýlip atlandyrylýar.

*Çalt ösýän hümmetsizlenme* (galloping inflation). Hümmetsizlenmegiň bu görnüşi iki belgili san arkaly göterimde aňladylýar we ähli döwletler üçin düýpli ykdysady mesele hasaplanýar.

*Ýokary derejeli hümmetsizlenme.* Bu her aýda göterimde ölçenilýär we ýylda 200–300% ýa-da ondan hem ýokary ululyga (bir ýylyň hümmetsizlenmeginiň derejesi hasaplananda «çylşyrymly göterimiň» formulasy ulanylýar) deň bolup bilýär. Şeýle hümmetsizlenmek, köplenç, ösýän we geçiş ykdysadyýetli döwletlerde ýüze çykýar.

*Giperinflýasiýa* (hyperinflation). Hümmetsizlenmegiň bu görnüşi her hepdede göterimde hasaplanýar we onuň möçberi aýda 40–50%, ýylda 1000%-den ýokary bolup bilýär. Bu adalgany 1956-njy ýylda amerikan ykdysatçysy F. Keýgen kesgitledi.

Hümmetsizlenmegiň depgininiň pes derejelerinde *«70 ululygyň düzgüni»* ulanylýar. Hümmetsizlenmegiň depgini bir ýylda 5%-den az bolsa, onda bahalaryň her ýyldaky ösüş depginini 70-e bölüp, takmynan näçe ýyldan soň hümmetsizlenmegiň depgininiň iki esse ýokarlanjakdygy kesgitlenýär:

$$\varphi \approx 70/\pi.$$

Eger ölçeg hökmünde *hümmetsizlenmegiň ýüze çykmagynyň görnüşleri* çykyş edýän bolsa, onda onuň iki görnüşi, ýagny açyk we gizlin hümmetsizlenmek tapawutlandyrylýar:

1) *Açyk hümmetsizlenmek* bahalaryň umumy derejesiniň anyk ýokarlanmagy esasynda ýüze çykýar;

2) *Gizlin hümmetsizlenmek* döwletiň deňagramly bazar bahasyndan (haryt bazarynda hyrydarlygyň we hödürlemegiň gatnaşygy esasynda) pes derejede bahalary kesgitlemegi esasynda ýüze çykýar (*6.1-nji şekil*).




*6.1-nji şekil*

$P_M$ – hyrydarlygyň hödürlemäge deň gelýän deňagramly bazar bahasy;
$P_G$ – döwletiň kesgitleýän bahasy;
$Y_D$ – jemi hyrydarlygyň ululygy;
$Y_S$ – jemi hödürlemegiň ululygy.

Gizlin hümmetsizlenmegiň ýüze çykmagynyň esasy görnüşi bolup harytlaryň ýetmezçiligi çykyş edýär. $Y_D$ bilen $Y_S$-iň arasyndaky tapawut ýetmezçiligi görkezýär.

## 6.3. Hümmetsizlenmegiň sebäpleri

Eger hümmetsizlenmegiň depginini kesgitlemegiň ölçegi hökmünde *hümmetsizlenmegiň sebäpleri* çykyş edýän bolsa, onda onuň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

*Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi* (demand-pull inflation). Bu hümmetsizlenmegiň *sebäbi* bolup *jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy* hasaplanýar. Jemi hyrydarlygyň artmagy jemi çykdajylaryň (sarp ediş, maýa goýum, döwlet we sap eksport) haýsy hem bolsa bir böleginiň ýokarlanmagy ýa-da puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly bolup biler. *Hümmetsizlenmegiň esasy sebäbini*, aýratyn hem, monetarizm mekdebiniň wekilleri puluň möçberiniň nazaryýetiniň deňlemesini seljermegiň esasynda *pul toplumynyň ýokarlanmagy* diýip hasaplaýarlar. *Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini* (döwlet çykdajylarynyň onuň girdejilerinden ýokary bolmagy) *maliýeleşdirmek maksady bilen pul toplumynyň artmagynyň (puluň emissiýasy) ýokary depginleri* ýokary hümmetsizlenmegiň esasy sebäbi hasaplanýar. Ol ösýän we geçiş ykdysadyýetli döwletlerde emele gelýär. Bu döwletlerde puluň emissiýasy döwlet býujetini maliýeleşdirmegiň ýeke-täk mümkin bolan usuly hasaplanýar, sebäbi maliýeleşdirmegiň beýleki çeşmeleri, ýagny içerki we daşary karzlar çäklendirilýär ýa-da olar elýeterli bolmaýar.




*6.2-nji şekil. Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi*

Şunuň bilen baglanyşykly *puluň möçberi nazaryýetiniň deňlemesini* ulanmak zerur hasaplanýar:

$$M \times V = P \times Y$$

*M (money supply)* – puluň nominal hödürlenmegi;
*V (velocity of money)* – puluň aýlanmagynyň tizligi;
*P (price level)* – bahalaryň derejesi;
*Y (yield)* – real önümçilik (real JIÖ).

Bahalaryň derejesiniň real önümçiligiň möçberine köpeldilmegi nominal önümçiligiň (nominal JIÖ-niň) ulylygyny görkezýär. Puluň aýlanmagynyň tizligi,

köplenç, üýtgemeýär, adatça, ol hemişelik ululyk hasaplanýar, şonuň üçin puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy, ýagny deňlemäniň çep tarapynyň artmagy onuň sag tarapynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Alyş-çalşyň deňlemesini aşakdaky görnüşde görkezmek mümkin:

$$\underbrace{\frac{\Delta M}{M}\times 100\%}_{m} + \frac{\Delta V}{V}\times 100\% = \underbrace{\frac{\Delta P}{P}\times 100\%}_{\pi} + \underbrace{\frac{\Delta Y}{Y}\times 100\%}_{g}$$

($\Delta M/M \times 100\%$) – pul toplumynyň artyş depgini, adatça, *m* harpy bilen belgilenýär;

($\Delta V/V \times 100\%$) – puluň aýlanmagynyň tizliginiň artyş depgini;

($\Delta P/P \times 100\%$) – bahalaryň derejesiniň artyş depgini, ýagny hümmetsizlenmegiň depgini – $\pi$;

($\Delta Y/Y \times 100\%$) – real JIÖ-niň artyş depgini, ol *g* harpy bilen belgilenýär.

Hümmetsizlenmegiň depgini pul toplumynyň artyş depgini bilen real önümçiligiň artyş depgininiň aratapawudyna deň:

$$\pi = m - g.$$

*Monetar düzgün* diýlip atlandyrylýan netije şeýle kesgitlenýär: *ykdysadyýetde bahalaryň durnukly derejesini üpjün etmek üçin pul toplumynyň artyş depgininiň real JIÖ-niň ösüşiniň ortaça depgininiň derejesinde saklanmagy zerur hasaplanýar.*

Jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy gysga möhletli döwürde (sebäbi häzirkizaman garaýyşlara laýyklykda jemi hödürlemegiň egri çyzygy položitel gyşarma eýe bolýar) (*6.3-nji a şekil*), şeýle hem uzak möhletli döwürde (oňa jemi hödürlemegiň wertikal çyzygy laýyk gelýär) (*6.3-nji b şekil*) bahalaryň ýokarlanmagyna getirýär.




*a) gysga möletli döwür* *b) uzak möhletli döwür*

*6.3-nji şekil. Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi*

Gysga möhletli döwürde hümmetsizlenmek (bahalaryň derejesiniň $P_1$-den $P_2$-ä çenli ýokarlanmagy) real önümçiligiň artmagy ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) bilen baglanyşýar.

Uzak möhletli döwürde real önümçiligiň möçberi üýtgemeýär we ol talabalaýyk (garaşylýan) *Y** derejesinde saklanýar. Eger hyrydarlygyň ýokarlanmagy puluň hödürlenmeginiň artmagynyň hasabyna emele gelýän bolsa, onda uzak möhletli döwürde «puluň aralyk ýagdaýy» diýen ýörelge ýüze çykýar. Bu ýörelge puluň hödürlenmeginiň *üýtgemeginiň real görkezijilere* (real önümçiligiň, real girdejiniň we ş.m. möçberi) *täsir etmeýändigini, bahalaryň derejesiniň bolsa üýtgeýändigini* we şonuň üçin *nominal görkezijileriň üýtgeýändigini* aňladýar.

*Harajatlaryň hümmetsizlenmegi* (cost-push inflation). Bu hümmetsizlenmegiň *sebäbi* bolup, *harajatlaryň artmagy* netijesinde *jemi hödürlemegiň peselmegi* hasaplanýar. Harajatlaryň hümmetsizlenmegi stagflýasiýa (*6.4-nji şekil*), ýagny bir wagtda önümçiligiň peselmegine ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) we bahalaryň ýokarlanmagyna ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) getirýär.




*6.4-nji şekil. Hödürlemegiň (harajatlaryň) hümmetsizlenmegi*




*6.5-nji şekil. Hödürlemegiň (harajatlaryň) hümmetsizlenmegi*

Stagflýasiýa şertlerinde hümmetsizlenmegiň depgininiň islendik möçberinde işsizligiň derejesi ýokarlanýar ýa-da işsizligiň islendik berlen derejesinde hümmetsizlenmegiň depgini ýokarlanýar. 6.6-njy şekilden görnüşi ýaly, stagflýasiýa Fillipsiň egri çyzygynyň saga süýşmegi esasynda düşündirilýär. Ol hümmetsizlenmegiň şol bir $\pi_1$ derejesinde işsizligiň hakyky derejesini $u_1$-den $u_2$-ä çenli ýokarlandyrýar.




*6.6-njy şekil. Stagflýasiýanyň grafigi*

Bir wagtda işsizligiň derejesiniň we hümmetsizlenmegiň depgininiň ýokarlanmagyny düşündirmek üçin M.Fridmen işsizligiň talabalaýyk derejesi diýen nazaryýeti hödürledi. Bu nazaryýete laýyklykda, işsizligiň talabalaýyk derejesinde ykdysadyýetde uzak wagtyň dowamynda durnuklylyk üpjün edilýär. Döwlet tarapyndan işsizligiň kadaly derejesini peseltmek boýunça geçirilýän amallar diňe bahalaryň derejesini we hümmetsizlenmegiň depginini ýokarlandyrýar.

## 6.4. Hümmetsizlenmegiň netijeleri we harajatlary

Eger hümmetsizlenmegiň görnüşlere bölünmeginiň ölçegi hökmünde hümmetsizlenmegiň *netijeleri* çykyş edýän bolsa, onda onuň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– *garaşylýan* (expected inflation) *hümmetsizlenmek*;

– *garaşylmaýan* (unexpected inflation) *hümmetsizlenmek*.

Garaşylýan we garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň *umumy netijesi* bolup *puluň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegi* hasaplanýar.

*Puluň satyn alyjylyk ukyby* – bu bir pul birligine satyn alyp bolýan harytlaryň we hyzmatlaryň möçberi. Eger harytlaryň bahalary ýokarlanyp, puluň şol bir möçberine öňkä görä az haryt satyn alyp bolýan bolsa, onda bu ýagdaý puluň satyn alyjylyk ukybynyň peselýändigini aňladýar. Eger harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň derejesi – $P$ bolsa, onda pul birliginiň satyn alyjylyk ukyby $1/P$ deň bolar.

Puluň satyn alyjylyk ukyby şeýle kesgitlenýär:

$$D = 1/P$$

$D$ – puluň satyn alyjylyk ukyby;
$P$ – baha.

Ol harytlar we hyzmatlar arkaly aňladylan puluň gymmatyny (value) görkezýär we olary pula çalşyp bolýar. Mysal üçin, eger harytlaryň we hyzmatlaryň toplumy (sebeti) 10$ ($P$ = 10$) bolsa, onda bir dollaryň bahasy $1/P$ ýa-da harytlaryň toplumy 1/10-a deň bolar. Bu bir dollaryň harytlaryň toplumynyň 1/10 bölegine çalşyp bolýandygyny aňladýar. Eger harytlaryň toplumynyň bahasy iki esse ýokarlanyp, ol 20$-a ($P$ = 20$) deň bolsa, onda puluň gymmaty iki esse azalýar we harytlaryň sebetiniň 1/20 bölegini düzýär.

Hümmetsizlenmegiň öý hojalyklarynyň býujetine edýän ýaramaz täsirleriniň biri hem süýşürintgileriň hümmetsizlenmegi bilen baglanyşykly bolýar. Eger hümmetsizlenmegiň bir ýyldaky depgini bankdaky goýumlar boýunça göterimlerden ýokary bolsa, onda goýumyň real gymmatlygy peselýär. Bankdaky saklanýan puluň möçberine öňkä görä harytlaryň we hyzmatlaryň az möçberini satyn alyp bolýar.

Mysal üçin, eger hümmetsizlenmegiň bir ýyllyk depgini 20%, bankyň goýumlar üçin töleýän bir ýyllyk göterimi 10%-e deň bolsa, onda goýumyň gymmatlygy bir ýylda, ortaça, 8% [ 1 – (110/120) × 100%] peseler.

Şeýlelikde, bahalaryň derejesi näçe ýokary (hümmetsizlenmegiň depgini) bolsa, şonça-da puluň satyn alyjylyk ukyby pes bolýar. Puluň satyn alyjylyk ukyby näçe pes bolsa, şonça-da adamlaryň özünde nagt puluň az möçberini saklamaga islegi artýar. Bu hümmetsizlenmek döwründe *nagt pullary saklaýan adamlaryň hümmetsizlenme salgydyny töleýändikleri* bilen baglanyşykly. Hümmetsizlenme salgydy – bu puluň satyn alyjylyk ukybyna salynýan salgyt bolup, ol hümmetsizlenmegiň başlangyç döwründäki puluň satyn alyjylyk ukybynyň ululygy bilen onuň ahyrky döwründäki puluň satyn alyjylyk ukybynyň ululygynyň arasyndaky tapawudy görkezýär. Adamlar näçe nagt pullary köp saklasalar we hümmetsizlenmegiň depgini näçe ýokary bolsa, şonça-da hümmetsizlenme salgydynyň möçberi köp bolýar, sebäbi şonça-da puluň satyn alyjylyk ukyby uly möçberde peselýär. Şonuň üçin ýokary hümmetsizlenme, aýratyn hem, giperinflýasiýa döwründe *«puldan daşlaşmak»* («run from money») diýlip atlandyrylýan amallar ýerine ýetirilýär. Pullara görä real gymmatlyklaryň ähmiýeti has ýokarlanýar. Hümmetsizlenme salgydy aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$t_i = [1 - (1/1 + \pi)] \times 100\ \%$$

$t_i$ – (*inflation tax*) hümmetsizlenme salgydynyň derejesi;

$\pi$ – belli bir döwürde hümmetsizlenmegiň derejesi.

Hümmetsizlenmegiň ýokarlanýan ýagdaýynda döwlet býujetiniň girdejileriniň azalýandygy sebäpli döwletiň maliýe ulgamynyň mümkinçilikleri peselýär. Salgytlardan alynýan real girdejileriň möçberi azalýar.

Hümmetsizlenmek şertlerinde salgyt ulgamynyň kämil dälligi sebäpli döwlet býujetiniň real girdejileriniň peselmegi *Oliwer-Tanziniň netijesi* (*Oliver – Tanzi effect*) diýlip atlandyrylýar.

Hümmetsizlenmek maşgala býujetine ýaramaz täsir edýär. Bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagy we puluň satyn alyş ukybynyň peselmegi netijesinde zähmete ukyply maşgala agzalarynyň zähmet hakynyň hümmeti pese gaçýar. Hümmetsizlenmegiň netijesinde maşgalanyň *nominal* we real *girdejileriniň* arasyndaky tapawut ýokarlanýar.

*Nominal girdeji* – bu belli bir wagtyň dowamynda raýatyň ýa-da maşgalanyň alýan pulunyň möçberi.

*Real girdeji* – bu belli bir wagtyň dowamynda raýatyň ýa-da maşgalanyň nominal girdejisine satyn alyp bilýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberi.

Maşgalanyň real girdejileriniň möçberi nominal girdejiniň we bahalaryň umumy derejesiniň ösüş depgininiň gatnaşygyna bagly bolýar. Eger bir ýylda zähmet haky 15%, bahalaryň derejesi – 20% ýokarlanýan bolsa, onda real girdejiniň möçberi 95,8%-e [(115/120) × 100%] deň bolar, başgaça 4,2% peseler.

Hümmetsizlenmegiň garaşylýan ýa-da garaşylmaýan görnüşlerine bagly bolmazdan, onuň harajatlary emele gelýär. Ol *harajatlaryň ululygy hümmetsizlenmegiň depgini bilen kesgitlenýär*, ýagny hümmetsizlenmegiň depgini näçe ýokary bolsa, şonça-da hümmetsizlenmegiň harajatlary köp bolýar.

Hümmetsizlenmegiň harajatlaryna aşakdakylar degişli:

*Hümmetsizlenmegiň geleşikleriň baglaşylmagy boýunça transaksiýa harajatlary* (transaction costs). *Transaksiýa harajatlar* geleşikleriň (transaction) baglaşylmagy bilen baglanyşykly harajatlary we olaryň amatly hem-de amatsyz täsirini aňladýar. Bu ýagdaý nagt pullary almak boýunça emele gelýän harajatlary görkezýär. Hümmetsizlenmegiň nagt pullara salgyt salynmagyna getirýändigi sebäpli, bu salgydy aradan aýyrmak üçin adamlar öz ellerinde nagt puluň az möçberini saklamaga çalyşýarlar. Olar nagt pullaryny belli bir göterim bilen depozit hökmünde banka goýýarlar ýa-da girdeji getirýän gymmatly kagyzlary satyn alýarlar. Eger haýsy hem bolsa bir adamyň alýan girdejisi onuň bankdaky hasabyna geçirilýän bolsa, onda bahalaryň ýokarlanmagy bilen ol puluny nagt görnüşinde almak üçin birnäçe gezek banka gatnamaly bolýar. Eger adam puluny gymmatly kagyzla-

ra, ýagny paýnamalara ýa-da obligasiýalara goýýan bolsa, onda ol nagt pul almak maksady bilen olary satmak üçin brokeri (gymmatly kagyzlar bazarynda araçy) tapmaly hem-de olara goşmaça töleg tölemek üçin wagt ýitirmeli bolýar. Iki ýagdaýda hem adamlar nagt pullary almak üçin transaksiýa harajatlary bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirmeli bolýar. Hümmetsizlenmegiň depgini näçe ýokary bolsa, şonça-da ol şeýle geleşikleri ýygy-ýygydan amala aşyrmaly bolýar we transaksiýa harajatlarynyň möçberi artýar.

*Bahalaryň üýtgemegi bilen baglanyşykly «menýu» harajatlar (menu costs).* Harajatlaryň bu görnüşi haryt öndüriji kärhanalara degişli hasaplanýar. Bahalaryň üýtgemegi bilen olar aşakdaky amallary ýerine ýetirmeli bolýarlar:

a) olar poligrafiki harajatlary talap edýän harytlaryň we hyzmatlaryň bahalary ýazylýan resminamalary ýygy-ýygydan çalyşmaly, kataloglary gaýtadan çap etmeli bolýarlar;

b) olary ýaýratmak we täze bahalary reklama etmek boýunça poçta harajatlary artýar;

ç) täze bahalary kabul etmek boýunça çözgütleri taýýarlamak üçin harajatlar. Hümmetsizlenmegiň depgininiň ýokarlanmagy bu harajatlaryň hem möçberini artdyrýar.

*Mikroykdysady derejedäki harajatlar.* Bu harajatlar bahalaryň otnositel üýtgemegi we resurslaryň talabalaýyk paýlanmaýandygy (*relative-price variability and the misallocation of resources*) sebäpli netijeliligiň peselmegi bilen baglanyşykly. Bir tarapdan, bahalaryň üýtgemegi kärhananyň harajatlarynyň möçberini ýokarlandyrýar, beýleki bir tarapdan, bahalaryň yzygider üýtgemeginiň öz hemişelik müşderilerine ýaramaz täsirini aradan aýyrmak maksady bilen kärhanalar bahalary az üýtgetmäge çalyşýarlar. Hümmetsizlenme şertlerinde kärhanalaryň belli bir wagtyň dowamynda bahalaryny üýtgetmän saklaýan harytlarynyň bahalary otnositel baha eýe bolýar, şonuň bilen birlikde kärhananyň bahalaryny çalt üýtgedýän harytlarynyň bahalary we bahalaryň umumy derejesi boýunça otnositel bahalar peselýär. Bu resurslaryň ýerleşdirilişiniň netijeliligini peseldýär, sebäbi ykdysady çözgütler otnositel bahalara esaslanýar we resurslar has gymmat harytlary öndürýän önümçiligiň görnüşlerine gönükdirilýär. Şunuň bilen birlikde, hümmetsizlenme döwründe bahalaryň otnositel üýtgemeleri harytlaryň dürli görnüşlerini öndürmegiň netijeliliginiň hakyky tapawutlaryny görkezmeýär, ol diňe dürli kärhanalaryň dürli harytlarynyň bahalarynyň çalt üýtgemeginiň tapawudyny görkezýär. Harydyň ýylda bir gezek üýtgeýän bahasy ýylyň başynda emeli ýokarlandyrylan we ýylyň ahyrynda emeli peseldilen baha hasaplanýar.

*Hümmetsizlenmegiň netijesinde emele gelýän salgyt salynmagynda ýüze çykýan nätakyklar, ýoýulmalar bilen baglanyşykly (inflation-induced tax distortions) harajatlar.* Hümmetsizlenmek süýşürintgiler boýunça alynýan girdejilere salynýan salgytlary ýokarlandyrýar, şonuň üçin süýşürintgilere bolan isleg azalýar

we onuň netijesinde ykdysady ösüşiň şertleri hem-de mümkinçilikleri peselýär. Hümmetsizlenmek süýşürintgilerden alynýan girdejileriň iki görnüşine täsir edýär:

a) *gymmatly kagyzlary satmakdan alynýan girdejiler (capital gains).* Bu adamyň gymmatly kagyzlary satýan has ýokary bahasy bilen onuň öň satyn alan has pes bahasynyň arasyndaky tapawudy görkezýär. Bu tapawut salgyt salmagyň obýekti hasaplanýar. Mysal üçin, bir adam obligasiýany 40 dollara satyn alyp, ony 90 dollara satýar. Eger onuň obligasiýa eýelik edýän wagtynda bahalar iki esse ýokarlansa, onda onuň real girdejisi 50$ (90$–40$) däl-de, 10$-a barabar bolar. Sebäbi ol puluň satyn alyjylyk ukybynyň iki esse peselendigini hasaba alyp, obligasiýany satyn alan wagtyndaky gymmatynyň öwezini dolmak üçin ony 80$ (40$ × 2) satmaly bolýar. Şeýle-de ol salgydy 10$ (90$–80$) däl-de, nominal girdejiniň möçberinden, ýagny 50$-dan tölemeli bolýar, sebäbi salgyt salmagyň çägi nominal girdeji üçin ulanylýar we ol hümmetsizlenmegi hasaba almaýar. Netijede, ol adam salgydy töländen soň 10% real girdejini hem almaýar;

b) *göterimiň nominal derejesine edýän täsiri.* Fişeriň netijesine laýyklykda, hümmetsizlenmek göterimiň nominal derejesiniň belli bir böleginiň öwezini dolýan hem bolsa, oňa salgyt salynýar. Mysal üçin, eger haýsy hem bolsa bir adam 100$ karz berip, ondan ýyllyk 5% real girdeji (5$) almak isleýän bolsa, onda 10% hümmetsizlenmege garaşyp, ol ýylyň ahyrynda 115% almak üçin 15%-e deň bolan göterimiň nominal derejesini bellemeli bolýar. Onuň 15% nominal girdeji (hümmetsizlenmek onuň 10$-nyň öwezini dolýar, ýagny puluň satyn alyjylyk ukybynyň 10% peselmegi) we onuň 5$-ny real girdeji düzýär. Ýöne hökümet salgydy (üýtgemeýän göterim) nominal göterimiň ululygyndan, ýagny 15$-dan alýar. Netijede, ol adam salgydy töländen soň, onuň real girdejisi 5$-dan hem az bolýar. Sebäbi hümmetsizlenmegiň depgini näçe ýokarlansa, şol möçberde göterimiň nominal derejesi hem ýokarlanýar. Göterimiň nominal derejesiniň ýokarlanmagy bilen salgytlar hem artýar. Şonuň üçin hümmetsizlenmek salgyt tölenmezinden öňki real girdejä täsir etmeýär, salgyt tölenenden soň real girdeji azalýar we ol süýşürintgilere bolan islegi peseldýär;

ç) *puluň öz wezipelerini ýerine ýetirmegini bes eden ýagdaýyndaky (confusion and inconvenience) harajatlaryň düşnüksizligi we amatsyzlygy* döretmegi. Pul hasap birligi bolup, onuň kömegi bilen ähli harytlaryň we hyzmatlaryň gymmaty ölçenilýär. Islendik harydyň we hyzmatyň gymmaty pul birliklerinde (manat, dollar, ýewro we ş.m.) ölçenilýär. Hümmetsizlenmek şertlerinde puluň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegi ölçeg birliginiň möçberiniň azalýandygyny aňladýar. Mysal üçin, 1 hümmetsizlenen pul birligine öňki 0,5 pul birligine satyn alynýan harytlary we hyzmatlary satyn alyp bolýar. Ölçeg birligi iki esse peselýär. Bu bir tarapdan, geleşikleriň düşnüksizligine getirýär, beýleki bir tarapdan, kärhanalaryň peýdasyny hasaplamakda belli bir kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin, maýa goýumlar bilen baglanyşykly çözgütleri çylşyrymlaşdyrýar.

*Durnukly we çaklanylýan hümmetsizlenmek şertlerinde hem hümmetsizlenmegiň harajatlary* ýüze çykýar.

## 6.5. Garaşylýan we garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň netijeleriniň tapawudy

Hümmetsizlenmegiň netijeleri *garaşylýan* (expected) ýa-da *garaşylmaýan* (unexpected) hümmetsizlenmege bagly bolýar. Bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy diňe bir puluň satyn alyjylyk ukybynyň peselýändigini däl, *real girdejileriň azalýandygyny* hem aňladýar. *Nominal girdeji* – adamyň ykdysady resurslaryň eýesi hökmünde olary satmakdan alýan pulunyň möçberi. *Real girdeji* – bu adamyň öz nominal girdejisine (alýan pulunyň möçberine) satyn alyp bilýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberi:

$$Real\ girdeji = \frac{nominal\ girdeji}{bahalaryň\ derejesi} = \frac{nominal\ girdeji}{1+\pi}$$

π – hümmetsizlenmegiň depgini.

Harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň derejesi, ýagny hümmetsizlenmegiň depgini näçe ýokary bolsa, adamlar öz nominal girdejilerine harytlaryň we hyzmatlaryň az möçberini satyn alyp bilýärler, şonuň üçin olaryň real girdejileri hem pes bolýar. Aýratyn hem, şeýle amatsyz ýagdaýlar giperinflýasiýa bilen baglanyşykly hasaplanýar.

*Garaşylýan hümmetsizlenmek* şertlerinde ykdysady amallara gatnaşyjylar real girdejiniň pese gaçmagynyň möçberini iň pes derejä ýetirmek üçin öz hereketlerini kadalaşdyryp bilýärler. Işçiler zähmet hakynyň nominal derejesiniň ýokarlandyrylmagyny öňünden talap edip bilýärler, kärhanalar bolsa garaşylýan hümmetsizlenmegiň depginine laýyklykda öz önümleriniň bahalarynyň ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýarlar. Karz berýän taraplar (kreditorlar) göterimiň real derejesiniň ($r$) jemine (karz boýunça real girdejililik) we garaşylýan hümmetsizlenmegiň depginine ($\pi^e$) deň bolan göterimiň nominal derejesi ($R$) boýunça karzlary berýärler:

$$R = r + \pi^e.$$

Karzyň belli bir döwrüň başynda berilýändigi we karz alyjy tarapyndan döwrüň ahyrynda tölenýändigi sebäpli, hümmetsizlenmegiň *garaşylýan (expected)* depgini wajyp hasaplanýar. Eger adam bir ýyllyk 6%-e deň bolan real girdeji almak maksady bilen karz berýän bolsa, onda döwrüň ahyrynda 3% ($\pi^e$ = 3%, berginiň gaýtarylýan wagtynda karz alnan puluň möçberiniň we ol boýunça tölenýän göterim girdejisiniň satyn alyjylyk ukybynyň 3% peselýändigini aňladýar) hümmetsizlenmege garaşyp,

karz berilýän wagtynda 9%-e (6% + 3%) deň bolan göterim derejesini kesgitlemeli. Bu ululygyň 6%-i real girdejini, 3%-i bolsa hümmetsizlenme netijesinde bergidarlara tölenýän puluň möçberiniň satyn alyjylyk ukybynyň öwezini dolýar.

*Göterimiň nominal derejesiniň hümmetsizlenmegiň garaşylýan depginine baglylygy Fişeriň netijesi* (bu baglanyşygy ilkinji esaslandyran belli amerikan ykdysatçysy Irwing Fişeriň hatyrasyna şeýle atlandyrylýar) diýlip atlandyrylýar. Fişeriň netijesi şeýle kesgitlenýär: *eger hümmetsizlenmegiň garaşylýan depgini 1% ýokarlanýan bolsa, onda göterimiň nominal derejesi hem 1% artýar.* (Eger karz beriji döwrüň ahyrynda hümmetsizlenmegiň depgininiň 3% derejesine däl-de, 4% derejesine garaşýan bolsa, onda ýyllyk 6% real girdeji almak üçin göterimiň nominal derejesini 9% däl-de, 10% (6% + 4%) möçberinde kesgitlemeli).

Fişeriň netijesiniň formulasyndan göterimiň real derejesini hasaplamagyň formulasy alynýar:

$$r = R - \pi^e.$$

Bu formula hümmetsizlenmegiň pes derejesi (10%-e çenli) üçin ulanyp bilinýär, hümmetsizlenmegiň ýokary depginleri üçin aşakdaky formula ulanylýar:

$$r = \frac{R - \pi^e}{\pi^e} \times 100\%.$$




*6.7-nji şekil. Puluň, bahalaryň we göterim derejeleriň özara baglanyşygy*

Ol diňe bir girdejiniň möçberini hasaplamagyň däl-de, onuň *satyn alyjylyk ukybyna* hem baha bermegiň zerurdygyny düşündirýär. Bahalaryň derejesiniň $\pi^e$ deň bolan möçberde üýtgeýändigi sebäpli, göterimiň nominal derejesi bilen hümmetsizlenmegiň garaşylýan depgininiň arasyndaky tapawuda deň bolan jemi girdejini hümmetsizlenmegi hasaba almak $(1 + \pi^e)$ deň bolan bahalaryň täze derejesine bölmeli. Hümmetsizlenmegiň pes derejelerinde onuň jemi 1-e ýakyn bolýar, ýöne hümmetsizlenmegiň ýokary derejelerinde onuň möçberi has artýar.

Şeýlelikde, garaşylýan hümmetsizlenme şertlerinde real girdejileriň pese gaçmagynyň öňüni almak ýa-da ony pes derejelerde saklamak boýunça degişli çäreleri geçirmek mümkinçiligi emele gelýär.

*Garaşylmaýan ýa-da çaklanylmaýan hümmetsizlenme şertlerinde* ähli ykdysady amallara gatnaşyjylaryň *real girdejileriniň pese gaçmagynyň öňüni almak mümkinçiligi bolmaýar*, sebäbi garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň *netijesi* bolup *girdejileriň we baýlygyň gaýtadan paýlanmagy (arbitrary redistribution of wealth)* hasaplanýar. Garaşylmaýan hümmetsizlenmek käbir ykdysady amallara gatnaşyjylaryň ýagdaýyny gowulandyrýar, käbir gatnaşyjylaryň ýagdaýyny bolsa ýaramazlaşdyrýar.

Girdejiler we baýlyk aşakdaky yzygiderlikde hereket edýär:

– *karz berýänlerden (kreditorlardan) bergidarlara tarap.* Karz berýän tarap real girdejiniň we hümmetsizlenmegiň garaşylýan depgininiň möçberini ($R = r + \pi^e$) hasaba almak bilen, göterimiň nominal derejesi boýunça belli bir möçberde karz berýär. Biziň mysalymyzda, 6% real girdeji almak üçin hümmetsizlenmegiň depginini 3% möçberinde göz öňünde tutup, karz beriji 9% (6% + 3%) göterimiň nominal derejesini kesgitleýär. Eger hümmetsizlenmegiň real depgini 3%-iň ýerine 9% bolsa, onda karz beriji hiç hili real girdeji ($r$ = 9% – 9% = 0) almaýar. Eger hümmetsizlenmegiň depgini 10% bolsa, onda 1% ($r$ = 9% – 10% = – 1%) möçberinde girdeji karz berýänden bergidara geçýär. Şonuň üçin garaşylmaýan hümmetsizlenme döwründe karz almak we karz bermek netijesiz hasaplanýar.

*Garaşylmaýan hümmetsizlenmek geljekki girdejilere salynýan salgyt hökmünde we geljekki töleglere kömek pullary (subsidiýalary) hökmünde çykyş edýär*. Eger karz berilýän wagtynda hümmetsizlenmek garaşylýan derejeden ýokary bolsa, onda geljekki tölegleri alýan tarap (kreditor) üçin ol amatsyz bolýar, sebäbi ol öňki beren karzlaryna garanyňda pes satyn alyjylygy bolan puluň belli bir möçberini alýar. Bu ýagdaý karzy alýan tarap üçin amatly bolýar, sebäbi ol puluň has ýokary gymmaty bolan wagtynda ulanmak mümkinçiligini alýar we bergini gymmaty has pes bolan pullar arkaly gaýtaryp berýär. Hümmetsizlenmegiň garaşylýan derejeden ýokary bolýan ýagdaýynda baýlyk karz berýänlerden karz alyjylara gaýtadan paýlanýar. Hümmetsizlenmek garaşylýan derejeden pes bolsa, onda amatlyklar tersine hasaplanýar, ýagny peýda alýan taraplar bilen ýitgi çekýän taraplar ornuny çalyşýarlar.

Göterimiň real derejesiniň umumy formulasyny hümmetsizlenmegiň islendik görnüşi üçin ulanyp bolýar:

$$r_{ex_ante} = \frac{R - \pi^e}{1 + \pi^e} \times 100\%.$$

Şonuň üçin göterimiň *ex ante* real derejesi we göterimiň *ex post* real derejesi tapawutlandyrylýar. Ýokarda görkezilen formula göterimiň *ex ante* real derejesiniň formulasy. *Göterimiň ex ante real derejesi* – bu karz berijiniň karz bermek arkaly almagy *göz öňünde tutýan* real girdejisi, şonuň üçin ol hümmetsizlenmegiň

garaşylýan depgininiň ($\pi^e$) ululygy arkaly kesgitlenýär. *Ex post real derejesi* – bu karz berijiniň öz beren karzlarynyň gaýdyp gelmegi netijesinde *alýan* real girdejisi, şonuň üçin ol hümmetsizlenmegiň real depgini esasynda kesgitlenýär:

$$r_{ex_post} = \frac{R - \pi_{hakyky}}{1 + \pi_{hakyky}} \times 100\%.$$

– *işçilerden kärhanalara tarap*. Garaşylmaýan hümmetsizlenmek geljekki girdejilere salynýan salgyt hökmünde we geljekki tölеglere kömek pullary (subsidiýalary) hökmünde çykyş edýändigi baradaky tassyklama belli bir wagt çäginde dowam edýän islendik şertnama üçin ulanylýar. Hümmetsizlenmek garaşylýan derejeden ýokary bolsa, onda geljekde girdeji alýan taraplar (işçiler) ýitgi çekýärler, tölegleriň belli möçberini töleýän taraplar (kärhanalar) bolsa peýda alýarlar. Şonuň üçin hümmetsizlenmek garaşylýan derejeden ýokary bolan ýagdaýynda kärhana işgärleriň hasabyna peýda gazanýar. Hümmetsizlenmek garaşylýan derejeden pes bolsa, onda peýda alýan taraplar bilen ýitgi çekýän taraplar ornuny çalyşýarlar;

– *üýtgemeýän girdeji alýan taraplardan üýtgeýän girdeji alýan gatnaşyjylara tarap*. Üýtgemeýän girdeji alýan adamlar, ilkinji nobatda, döwlet gullukçylary we transfert tölegleriň hasabyna ýaşaýan adamlar eger girdejileriň doly indeksirlenmegi (gaýtadan hasaplanmaýan) geçirilmeýän bolsa, onda olar garaşylmaýan hümmetsizlenme döwründe öz nominal girdejilerini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri kabul edip bilmeýärler we netijede, olaryň real girdejileri çalt peselýär. Üýtgeýän girdeji alýan adamlar hümmetsizlenmegiň depginine laýyklykda öz nominal girdejilerini ýokarlandyrmak mümkinçiligini alýarlar, şonuň üçin olaryň real girdejileri peselmän, eýsem, ýokarlanyp bilýär;

– *puluň belli möçberini toplan adamlardan pul serişdelerini toplamadyk adamlara tarap*. Hümmetsizlenmegiň depgininiň ýokarlanmagyna görä toplanan pul serişdeleriniň real gymmatlygy peselýär we şonuň üçin pul görnüşindäki toplanmalary bolan adamlaryň real baýlygy peselýär;

– *ýaşy uly adamlardan ýaşlara tarap*. Garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň netijesinde ýaşy uly adamlar köp ýitgi çekýärler, sebäbi olar, bir tarapdan, üýtgemeýän girdeji (pensiýa) alýarlar, beýleki bir tarapdan, düzgün boýunça pul görnüşinde baýlyklary toplaýarlar. Pul görnüşinde baýlyklary bolmadyk we öz nominal girdejilerini ýokarlandyrmak mümkinçiligi bolan ýaşlar az ýitgi çekýärler;

– *nagt pullary bolan ähli ykdysady amallara gatnaşyjylardan döwlete tarap*. Garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň netijesinde belli bir derejede ähli ilat ýitgi çekýär. Diňe bir ykdysady gatnaşyjy, ýagny döwlet öz baýlygyny artdyrýar. Aýlanyşyga goşmaça pul serişdelerini çykaryp, döwlet *senýoraž (seigniorage)* diýlip atlandyrylýan girdeji alýar. *Senýoraž – bu döwletiň pul serişdelerini aýlanyşyga çykarmagyndan alýan girdejisi.* Döwlet harytlary we hyzmatlary satyn alýar hem-de olaryň tölegi hümmetsizlenen pullar arkaly amala aşyrylýar, ýagny puluň satyn alyjylyk ukyby näçe pes bolsa, şonça-da aýlanyşyga köp pul serişdeleri çykarylýar.

Senýoražyň hümmetsizlenme netijeleri hasaba alnyp, oňa *hümmetsizlenme salgydy* hem diýilýär. Senýoraž aşakdaky deňleme arkaly kesgitlenýär:

$$MS = \pi M$$

*MS – pul senýoražy;*
*π – hümmetsizlenmegiň derejesi;*
*M – pul binýady ýa-da M0 pul agregaty.*

Senýoraždan alynýan girdejiniň döwlet býujetine geçirilmegi fiskal *senýoraž* diýlip atlandyrylýar (*fiscal seigniorage*).

*Giperinflýasiýanyň netijeleri* has amatsyz hasaplanýar we olar aşakdaky ýagdaýlara getirip bilýär:

– *maliýe ulgamynyň kadaly işiniň bozulmagy* (satyn alyjylyk ukybynyň güýçli pese gaçýandygy sebäpli, puluň ähmiýeti peselýär, harytlaryň gymmatlygynyň ölçeg birligi wezipesini bes edýär we şonuň üçin barter, ýagny harytlaryň pula däl-de, olaryň beýleki harytlara çalşylýan ykdysadyýetine geçilýär);

– *ilatyň hal-ýagdaýynyň pese gaçmagy* (ilatyň köp böleginiň real girdejileri düýpli azalýar);

– *maýa goýum mehanizminiň bozulmagy* (önümçilige maýa goýumlaryň özüni ödemegi uzak wagty talap edýär we puluň güýçli hümmetsizlenýän şertlerinde ol netijesiz hasaplanýar);

– *sosial dartgynlygyň ýokarlanmagy* syýasy ýagdaýlara ýaramaz täsir edýär.

*Giperinflýasiýanyň netijesi* bolup senýoražyň hasabyna döwlet býujetiniň çykdajylaryny maliýeleşdirmek maksady bilen pul toplumynyň (puluň emissiýasy) uly möçberde ýokarlanmagy hasaplanýar. Ol býujetiň uly möçberdäki ýetmezçiligini beýleki usullar bilen maliýeleşdirmek mümkinçiliginiň bolmaýanlygy bilen baglanyşykly.

*Hümmetsizlenmegiň aýlawly hereketi.* Hümmetsizlenme aýlawy *hyrydarlygyň garaşylmaýan hümmetsizlenmegi* bilen *harajatlaryň hümmetsizlenmeginiň baglanyşmagy netijesinde* emele gelýär. Hümmetsizlenme aýlawynyň mehanizmi aşakdaky görnüşde düşündirilýär: eger Merkezi bank puluň hödürlenmegini garaşylmaýan ýagdaýda ýokarlandyrýan bolsa, onda ol jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyna getirýär we hyrydarlygyň hümmetsizlenmegini emele getirip, bahalaryň derejesini (mysal üçin, $P_1$-den $P_2$-ä çenli) ýokarlandyrýar. Zähmet hakynyň öňki derejesinde (mysal üçin, $W_1$) saklanýandygy sebäpli, real girdejileriň möçberi ($W_1/P_2<W_1/P_1$) peselýär. Işçiler bahalaryň derejesiniň artmagynyň deň möçberinde zähmet hakynyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyny (mysal üçin, $W_2$-ä çenli) talap edýärler. Bu kärhanalaryň harajatlaryny ýokarlandyrýar we ol jemi hödürlemegiň peselmegine sebäp bolýar. Şeýle ýagdaý harajatlaryň hümmetsizlenmegini emele getirýär we netijede, bahalaryň derejesi gaýtadan (mysal üçin, $P_3$-e çenli) ýokarlanýar. Real girdejiler has hem ($W_2/P_3 <W_2/P_2$) peselýär. Işçiler gaýtadan nominal zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagyny talap edýärler. Işçiler onuň ýokarlanmagyny

ilki real zähmet hakynyň ýokarlanmagy hökmünde kabul edýärler we hyrydarlygyň hümmetsizlenmeginiň emele gelmegine esas döredýän sarp ediş çykdajylaryny ýokarlandyrýarlar. Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi nominal zähmet hakynyň ýokarlanmagy esasynda ýüze çykýan harajatlaryň hümmetsizlenmegi bilen baglanyşýar.




*6.8-nji şekil. Hümmetsizlenmegiň aýlawly hereketi*

Bu ýagdaý bahalaryň has hem ýokarlanmagyny şertlendirýär. Real zähmet hakynyň peselmegi ýene bir gezek zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagynyň talap edilmegine getirýär we ol yzygider gaýtalanýar. Hereket aýlaw boýunça dowam edýär we her aýlaw bahalaryň ýokary derejesine, ýagny hümmetsizlenmegiň has ýokary derejesine laýyk gelýär. Şonuň üçin bu hereket *hümmetsizlenme aýlawynyň hereketi ýa-da zähmet haky-baha aýlawy* diýlip atlandyrylýar. Bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy zähmet hakynyň artmagyna getirýär, zähmet hakynyň ýokarlanmagy bolsa bahalaryň derejesiniň artmagynyň esasy bolup çykyş edýär.

*Hümmetsizlenmege garşy alnyp barylýan syýasatyň* esasy ugurlary:

– pul toplumynyň artyş depgininiň çäklendirilmegi;
– döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň azaldylmagy;
– jemi hödürlemegiň höweslendirilmegi;
– hümmetsizlenmege garaşmalaryň peseldilmegi.

## 6.6. Inflýasiýa we deflýasiýa aralygy

Meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlar bilen süýşürintgileriň arasynda deňagramlylygyň saklanmaýan ýagdaýynda ykdysadyýetiň hereketinde iki sany amatsyz netije emele gelýär:

1) inflýasiýa (hümmetsizlenme) aralygy;

2) deflýasiýa (resessiýa, pese gaçyş) aralygy.

Birinji ýagdaý $I > S$, ýagny meýilnamalaşdyrylýan maýa goýumlaryň süýşürintgilerden ýokary bolmagy netijesinde emele gelýär we ol iş bilen doly üpjünçilik derejesine laýyk gelýär. Bu süýşürintgileriň hödürlenmeginiň maýa goýum isleglerinden yza galýandygyny aňladýar. Ilatyň girdejileriniň köp bölegi sarp etmeklige gönükdirilýär. Harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlyk ýokarlanýar we multiplikatoryň netijesine laýyklykda, ýokarlanýan hyrydarlyk bahalar arkaly hümmetsizlenmege täsir edýär.

Ikinji ýagdaý $S > I$, ýagny süýşürintgiler maýa goýum isleglerinden ýokary bolmagy netijesinde emele gelýär we ol iş bilen doly üpjünçilik derejesine laýyk gelýär. Bu ýagdaýda harytlar we hyzmatlar üçin gündelik çykdajylaryň möçberi pes bolýar we adamlar girdejileriniň köp bölegini süýşürintgi hökmünde saklaýarlar. Şeýle amallar senagat önümçiliginiň azalmagyna we iş bilen üpjünçiligiň derejesiniň peselmegine getirýär. Multiplikatoryň netijesiniň hereket etmegi arkaly önümçiligiň islendik ulgamynda iş bilen üpjünçiligiň peselmegi yzygider iş orunlarynyň sanyny azaldýar we ýurduň girdejilerini peseldýär.

45° çyzyk ýa-da bissektrisa real girdejiler (*önümçilik, Y*) bilen meýilnamalaşdyrylýan jemi çykdajylaryň (*AE*) deň gelýändigini görkezýär. $E_1$ we $E_2$ nokatlar, ýagny bissektrisa bilen jemi çykdajylaryň kesişmesi milli girdejiniň deňagramly derejesini, $Y_1$ we $Y_2$-niň möçberini görkezýär. 45° çyzygyň *E* nokatda kesişýän jemi çykdajylaryň *AE** grafigi ykdysadyýetiň iň amatly ýagdaýyna laýyk gelýär. Bu ýagdaýda girdejiniň deňagramly derejesi girdejiniň garaşylýan Y* derejesine laýyk gelýär.




*6.9-njy şekil. Inflýasiýa we deflýasiýa aralygy*

Haçanda iş bilen doly üpjünçiligiň derejesinde $AE_2$ jemi çykdajylar önümçiligiň $Y^*$ möçberinden ýokary bolsa, onda ykdysadyýetde inflýasiýa (hümmetsizlenme) aralygy emele gelýär. Ordinatanyň ugry boýunça $AE_{inf}$ bilen $AE^*$-niň arasyndaky tapawut inflýasiýa aralygyna laýyk gelýär. $E$ nokadyň ýokarsyndaky ýaý hem inflýasiýa aralygyny görkezýär.

Haçanda iş bilen doly üpjünçiligiň derejesinde $AE_1$ jemi çykdajylar önümçiligiň $Y^*$ möçberinden pes bolsa, onda ykdysadyýetde *deflýasiýa (resessiýa, pese gaçyş) aralygy* emele gelýär. Ordinatanyň ugry boýunça $AE^*$ bilen $AE_{def}$ -iň arasyndaky tapawut deflýasiýa aralygyna laýyk gelýär. $E$ nokadyň aşagyndaky ýaý deflýasiýa aralygyny görkezýär.

Inflýasiýa we deflýasiýa aralygy JIÖ-niň aralygyndan tapawutlandyrylýar. *JIÖ-niň aralygy* – bu garaşylýan JIÖ-niň derejesi ($Y^*$) bilen onuň deňagramly JIÖ-niň möçberiniň arasyndaky tapawudy görkezýär. Grafiki görnüşde JIÖ-niň aralygy absissanyň ugry boýunça görkezilýär. 6.9-njy şekilden görnüşi ýaly, $Y^*$ bilen deňagramly JIÖ-niň dürli ýagdaýlarynyň ($Y_1$ we $Y_2$) arasyndaky emele gelýän aralyk JIÖ-niň aralygyny häsiýetlendirýär we ol ykdysadyýetiň pese gaçyş hem-de hümmetsizlenme şertlerine laýyk gelýär. Jemi içerki önümiň aralygy aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\Delta Y^{AS} = Y^* - Y_E.$$

Deflýasiýa aralygyny hasaplamak aşakdaky yzygiderlikde alnyp barylýar. Eger sarp etmeklige goşmaça meýillilik 0,75-e, awtonom sarp etmegiň möçberi 500 *mlrd* manada deň bolsa, şeýle-de iş bilen doly üpjünçiligiň derejesinde JIÖ-niň ($Y^*$) derejesi 3000 *mlrd* manada deň bolsa, onda JIÖ-niň we deflýasiýanyň aralygy aşakdaky görnüşde hasaplanýar.

Ilkinji nobatda, JIÖ-niň deňagramly ($Y_E$) derejesi degişli formula laýyklykda tapylýar.

$$Y_E = A/(1 - mpc) = A/mps$$

$$Y_E = A/mps = 500/0{,}25 = 2000 \text{ mlrd manat.}$$

$Y^*$ = 3000 *mlrd* manat bolsa, onda aşakdaky formula arkaly jemi çykdajynyň möçberi hasaplanýar:

$$C = Ca + mpcY$$

$$C = 500 + (0{,}75 \times 3000) = 2750 \text{ mlrd manat.}$$

Deflýasiýa aralygy 250 *mlrd* manada deň bolar:

3000 – 2750 = 250 *mlrd* manat.

JIÖ-niň aralygy $Y^*$ we $Y_E$-niň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär:

3000 – 2000 = 1000 *mlrd* manat.

## 6.7. Hümmetsizlenme şertlerinde ykdysadyýetiň dolandyrylyşy

Hümmetsizlenme şertlerinde ykdysadyýeti dolandyrmakda iki sany çemeleşme ulanylýar:

1. Hümmetsizlenmege uýgunlaşmak syýasaty (*adaptation policy*);
2. Hümmetsizlenmegiň peseldilmegi boýunça alnyp barylýan çäreler (*antiinflation measures*).

Hümmetsizlenmegiň uýgunlaşmak mehanizmi aşakdakylary öz içine alýar:

– bahalar we girdejiler syýasaty. Bu hökümetiň bahalary we nominal girdejileri üýtgemeýän ýagdaýynda saklaýandygyny ýa-da bahalaryň ýokarlanmagyny zähmet hakynyň artmagy bilen, girdejileriň möçberiniň artmagyny bolsa zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen baglanyşdyrýandygyny aňladýar;

– gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň ýokarlandyrylmagy.

Hümmetsizlenmege garşy alnyp barylýan döwlet çäreleriniň toplumy aşakdakylary öz içine alýar:

– pul toplumynyň çäklendirilmegi. Ol örän gysga wagtyň dowamynda (*garaşylmaýan terapiýa usuly – shock therapy method*) ýa-da kem-kemden (*graduirlemek usuly – gradual method*) geçirilip bilinýär. Eger bir ýylda pul toplumynyň we bahalaryň derejesiniň ösüşi 20–30%-den ýokary bolmasa, onda ikinji, ýagny graduirlemek usuly netijeli hasaplanýar;

– hökmany ätiýaçlygyň çäginiň ýokarlandyrylmagy;

– döwlet çykdajylarynyň we durmuş maksatnamalary üçin harajatlaryň peseldilmegi;

– salgyt ulgamynyň kämilleşdirilmegi we býujetde salgyt girdejileriniň ýokarlandyrylmagy.

Dünýä tejribesinde puluň satyn alyjylyk ukyby bilen baglanyşykly emele gelýän ýitgileriň öwezini dolmak üçin iki sany usul ulanylýar:

1) *göterim derejesiniň indeksirlenmegi* – hümmetsizlenmegiň möçberine görä göterim derejesiniň ýokarlandyrylmagy;

2) *maýa goýumyň ilkinji möçberiniň indeksirlenmegi* – bu esas hökmünde kabul edilen indekse laýyklykda yzygider düzedişleriň girizilmegidir.

Hümmetsizlenmegiň derejesiniň kadaly ýagdaýda saklanmagy üçin hödürlenýän çäreler:

– döwletiň kadalaşdyrylyşy boýunça geçirilýän işjeň çäreler. Ol has wajyp hasaplanýan pudaklaryň we önümçilikleriň döwlet tarapyndan goldanylmagyny öz içine alýar;

– ýokary hilli önümçilik infrastrukturasynyň emele getirilmegi;

– innowasiýa önümçiliginiň salgytlar boýunça höweslendirilmegi;

– ykdysady we durmuş taýdan has wajyp hasaplanýan harytlaryň hem-de

11. Sargyt № 466.

hyzmatlaryň bahalarynyň döwlet kadalaşdyrylyşy (energiýa resurslary, ulag tarifleri, oba hojalyk önümçiligi we ş.m.);

– döwletiň daşary ykdysady we walýuta gözegçiliginiň güýçlendirilmegi.

Umuman, hümmetsizlenmegiň derejesiniň amatly ýagdaýda saklanmagy döwlet syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri hasaplanýar.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *rate of inflation – π* | *hümmetsizlenmegiň derejesi* |
| *creeping inflation* | *hümmetsizlenmegiň pes derejesi* |
| *galloping inflation* | *çalt ösýän hümmetsizlenme* |
| *hyperinflation* | *giperinflýasiýa* |
| *demand-pull inflation* | *hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi* |
| *money supply* | *puluň nominal hödürlenmegi* |
| *velocity of money* | *puluň aýlanmagynyň tizligi* |
| *price level* | *bahalaryň derejesi* |
| *yield* | *real önümçilik (real JIÖ)* |
| *cost-push inflation* | *harajatlaryň hümmetsizlenmegi* |
| *expected inflation* | *garaşylýan hümmetsizlenmek* |
| *unexpected inflation* | *garaşylmaýan hümmetsizlenmek* |
| *transaction costs* | *geleşikleriň baglaşylmagy boýunça harajatlar* |
| *antiinflation measures* | *hümmetsizlenmegiň peseldilmegi boýunça alnyp barylýan çäreler* |
| *adaptation policy* | *hümmetsizlenmege uýgunlaşmak syýasaty* |

# VII BAP
# PUL WE PUL ULGAMY

## 7.1. Pul we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri

*Pul maliýe aktiwleri* harytlary we hyzmatlary satyn almak bilen baglanyşykly *geleşikleriň amala aşyrylmagyna hyzmat edýär*.

*Gymmatlygy bar bolan* zatlaryň ählisi *aktiw* diýlip atlandyrylýar. Aktiwleriň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) real aktiwler;

2) maliýe aktiwleri.

*Real aktiwler* – bu maddy gymmatlyklary, ýagny enjamlary, jaýlary, durmuş tehnikalaryny we ş.m. öz içine alýar.

*Maliýe aktiwleri* – bu gymmatly kagyzlary aňladýan aktiwler. Maliýe aktiwleri öz gezeginde iki topara bölünýär:

a) *pul* maliýe aktiwleri (pullar);

b) *pul däl* maliýe aktiwleri (gymmatly kagyzlar – paýnamalar, obligasiýalar). Pul däl maliýe aktiwleriň gymmatlygy girdeji hökmünde paýnamalardan – diwidendi, obligasiýalardan – göterimi üpjün edýändigi bilen baglanyşyklydyr.

Puluň gymmatlygy onuň ýokary likwidliligini, ýagny harytlara we hyzmatlara çalşylyp bilmek ukybyny aňladýar. *Likwidlilik* (liquidity) – bu aktiwiň islendik beýleki aktiwlere, ýagny real ýa-da maliýe aktiwlerine çalt we harajatsyz çalşylyp bilmek ýa-da ykdysadyýetde kabul edilen töleg serişdesine öwrülip bilmek ukybydyr. Bankyň göterim derejesi bilen düýpli maýa goýumyň göterim esasynda netijeliliginiň deňeşdirilmegini tassyklaýan maýa goýum bilen süýşürintgileriň arasyndaky deňlikde maýa goýum amallary we süýşürintgiler boýunça amallar özbaşdak hasaplanýar. Ähli aktiwler (real we maliýe) likwidlilik häsiýetine eýe bolýar, ýöne dürli aktiwleriň likwidlilik derejesi dürli-dürli bolýar. Real aktiwleriň likwidlilik derejesi pes bolýar, sebäbi olary, mysal üçin, gymmatly kagyzlara garanyňda satmak kyn bolýar. Maliýe aktiwleriniň arasynda *iň ýokary likwidlilik* häsiýetine *pul maliýe aktiwleri* eýe bolýar, sebäbi bazar ykdysadyýetinde diňe pul dürli geleşiklere hyzmat edýär we umumy kanuny töleg serişdesi hasaplanýar. Söwda merkezlerinde harytlary paýnama ýa-da obligasiýa satyn almak mümkinçiligi bolmaýar. *Nagt pullar absolýut likwidlilik* häsiýetine eýe bolýar.

Puluň mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipeleri arkaly ýüze çykýar. Pul aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1) alyş-çalyş serişdesi;

2) hasap birligi;

3) töleg serişdesi;

4) süýşürintgiler ýa-da toplamak serişdesi.

*Pul alyş-çalyş serişdesi* (medium of exchange) hökmünde harytlaryň alyş-çalyş edilmeginde, geleşikleriň baglaşylmagynda araçy hasaplanýar. Pul alyş-çalşyndan beýleki alyş-çalşyň (alternatiwa) görnüşi hökmünde barter, ýagny harydyň pula däl-de, harydyň haryda çalşylmagy çykyş edýär. Alyş-çalşyň bu görnüşi köp harajatlary talap edýär we ol bir tarapdan, belli bir wagtyň ýitirilmegini – alternatiw harajatlary, beýleki bir tarapdan, ol göni transaksiýa harajatlary – geleşikleriň baglaşylmagy boýunça harajatlary (transaction costs) görkezýär. Harydyň haryda çalşylmagy üçin belli bir şertleriň üpjün edilmegi zerur hasaplanýar we ony XIX asyryň belli iňlis ykdysatçysy, ykdysady nazaryýetde goşmaça peýdalylyk nazaryýetini we matematiki mekdebi esaslandyryjylaryň biri Wilýam Stenli Jewons *«islegleriň iki gezek laýyk gelmegi»* (double coincidence of wills) diýip atlandyrdy. Ol haýsy hem bolsa bir haryda (*A* haryt) isleg bildirýän adamyň öz öndürýän harytlaryna (*B* haryt) şol harydyň (*A* harydyň) çalşylmagyna razy bolýan adamy tapmalydygyny aňladýar. Şonuň üçin barter alyş-çalşyň iň amatsyz, netijesiz görnüşi hasaplanýar. Alyş-çalyşda araçy hökmünde puluň ýüze çykmagy bilen islegiň iki gezek laýyk gelmek meselesi aradan aýryldy we alyş-çalyş harajatlarynyň talap edilmegi bes edildi. Islendik harydy pula satyn alyp bolýar we ondan alnan puluň möçberine beýleki bir harydy satyn almak mümkinçiligi döreýär. Islendik haryda ýa-da hyzmata çalt we harajatsyz çalşylyp bilmek ukyby (likwidlilik häsiýeti) puluň gymmatlygyny kesgitleýär we puluň aýlanyşyk serişdesi wezipesiniň wajyplygyny ýüze çykarýar;

*Hasap birligi* (unit of account) wezipesi puluň ähli harytlaryň we hyzmatlaryň gymmatynyň ölçeg birligi hasaplanýandygyny aňladýar. Harydyň gymmatynyň pulda aňladylmagyna baha diýilýär. Şonuň üçin adamlar harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny kesgitlemek üçin puly hasap birligi hökmünde ulanýarlar. Hasap birligi hökmünde döwletiň pul birligi, ýagny milli walýutasy (manat, dollar, ýewro, ýen we ş.m.) çykyş edýär. Ýokary hümmetsizlenme şertlerinde puluň satyn alyjylyk ukyby peselýär we milli walýuta hümmetsizlenýär. Bu ölçeg birliginiň möçberiniň azalýandygyny aňladýar we ol ykdysady geleşikler boýunça geçirilýän hasaplaşyklary kynlaşdyrýar. Şonuň üçin goşmaça hasap birligi hökmünde beýleki bir döwletiň durnukly hasap birligi çykyş edip bilýär;

*Töleg serişdesi wezipesi (standard of deferred payment – möhleti yza süýşürilen tölegleriň ölçegi)* puluň belli bir wagta (salgytlaryň, bergileriň tölenmegi, girdejileriň alynmagy) yza süýşürilen tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylmagynda ýüze çykýar. Bu wezipäniň aýlanyşyk serişdesi wezipesinden tapawudy puluň alyş-çalyşda ulanylmagy bir wagtda harydyň we puluň hereket etmegini aňladýandygy bilen baglanyşykly. Töleg serişdesi wezipesinde aşakdaky amallar ýerine ýetirilýär:

a) *harytlaryň hereketi bilen pullaryň hereketi laýyk gelmeýär*. Mysal üçin, täjirçilik karzynda, ol haryt almak üçin karzyň berilmegini göz öňünde tutýar;

b) ýa-da *harytlar hereket etmeýär we diňe pullaryň hereketi amala aşyrylýar*. Mysal üçin, bank karzynda, zähmet hakynyň tölenmeginde, transfertleriň alynmagynda we ş.m.

*Pul gymmatlyklaryň toplanmagy* (store of value) *hasaplanýar*, sebäbi pul gymmatlygy bolan *maliýe aktiwi* hasaplanýar. Bu gymmatlyk olaryň likwidliligi, satyn alyjylyk ukyplyklary bilen baglanyşykly we olara islendik wagt islendik harydy, hyzmaty ýa-da gymmatly kagyzy satyn alyp bolýar. Hümmetsizlenmegiň iň pes derejesi saklanýan ykdysadyýetde (hümmetsizlenmesiz ykdysadyýet) puluň gymmatlygy saklanýar, wagt boýunça üýtgemeýär we ol adamlar tarapyndan häzirki wagtdaky satyn alyjylyk ukybyň geljekki döwürlere geçirilmegi üçin ulanylýar. Puluň şol bir möçberine 1 ýyldan ýa-da 7 ýyldan soň harytlaryň we hyzmatlaryň şol bir möçberini satyn alyp bolýar. Şonuň üçin pul gymmatlygy, ýagny *toplanan serişdeleri, süýşürintgileri* saklamagyň guraly hökmünde ulanylyp bilinýär. Hümmetsizlenme şertlerinde pullar öz gymmatyny ýitirýär we olaryň satyn alyjylyk ukyby peselýär. Bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanýan ýagdaýynda puluň şol bir möçberine harytlaryň we hyzmatlaryň az möçberini satyn alyp bolýar. Hümmetsizlenýän pullary toplamak zerur hasaplanmaýar. Süýşürintgiler wezipesini gymmaty peselýän milli pul birligi däl-de, beýleki döwletleriň durnukly pul birlikleri ýerine ýetirýär we olar wagt çäginde öz gymmatyny saklaýar. Şeýle-de pul has özüne çekiji maliýe aktiw hasaplanmaýar we onuň adamlaryň elinde saklanmagy olara girdeji getirmeýär. Şonuň bilen birlikde girdejili maliýe aktiwleri tapawutlandyrylýar, mysal üçin, paýnamalar diwidend görnüşinde girdeji getirýär, obligasiýalar bolsa göterim girdejisini üpjün edýär.

Adamyň eýelik edýän *ähli aktiwleriniň jemi* (real aktiwler – gozgalmaýan emläk, sungat eserleri we ş.m. hem-de maliýe aktiwleri – paýnamalary, obligasiýalary, pullary) onuň *baýlygy* hasaplanýar we *pullar* ol *baýlygyň belli bir bölegini* düzýär.

Puluň birinji wezipesi, ýagny aýlanyşyk serişdesi wezipesi has wajyp hasaplanýar, sebäbi ol pul maliýe aktiwlerini pul däl maliýe aktiwlerinden tapawutlandyrýar. Şeýle-de bolsa puluň wezipeleri biri-biri bilen özara baglanyşykly hasaplanýar.

## 7.2. Puluň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary

Puluň esasy görnüşleri hökmünde *haryt* we *simwoliki* pullar hasaplanýar. *Haryt pullarynyň häsiýetli* aýratynlygy olaryň *pul hökmünde gymmatlygy* we *haryt hökmünde gymmatlygy birmeňzeş* hasaplanýar. Haryt pullary içerki gymmatlyga eýe bolýar. Olar adaty pullaryň ulanylmaýan ýa-da ulanylyp bilinmeýän sebäplerine görä häzirkizaman şertlerinde hem döräp bilýär. Şeýle sebäplere pul mehanizminiň ukypsyzlygyna we onuň barter bilen çalşylmagyna getirýän ýokary hümmetsizlenmek ýa-da giperinflýasiýa degişli bolup bilýär.

Alyş-çalşyň ösmegi bilen *puluň gymmaty* bir harytda, ýagny *gymmatly metallarda* (altyn we kümüş) jemlendi. Şeýle ýagdaýa olaryň fiziki we himiki häsiýetleri ýardam etdi:

*a) az agramda uly gymmatlygyň jemlenmegi;*

*b) daşamak üçin amatlylyk;*

*ç) ýeňil bölünip bilinmegi;*

*d) birmeňzeşlik we deňeşdirmek mümkinçiligi;*

*e) tapawutlandyrmak, ýagny tanamak mümkinçiligi;*

*f) otnositel seýreklik;*

*g) könelmä durnuklylyk.*

Kagyz pullar we çalşylyp bilinýän monetalar simwoliki pullar (token money) hasaplanýar. *Simwoliki pullaryň aýratynlygy* olaryň haryt hökmünde gymmatlygy (has pes) bilen pul hökmünde gymmatlygynyň laýyk gelmeýändigi hasaplanýar. Simwoliki pullar *içerki gymmatlyga eýe bolmaýar*. Kagyz pullaryň we çalşylýan monetalaryň töleg serişdesi hasaplanmagy üçin olar *kanuny pullar* (fiat money) bolmaly, ýagny olar döwlet tarapyndan kanunlaşdyrylmaly we ählumumy töleg serişdesi hökmünde tassyklanmaly. Mysal üçin, Türkmenistanyň manadynyň islendik nominalynda şeýle ýazgy bar: «*Şu banknot tölegleriň ähli görnüşleri üçin ýöreýär*».

Ilkinji kagyz pullar Gadymy Hytaýda ýüze çykdy. Simwoliki pullara dekret pullardan başga-da *karz pullar* degişli hasaplanýar. Olar *«IOY-money»* diýlip atlandyrylýar (I owe you-money, *«Men size pul bergili»* diýmegi aňladýar) we bergidarlyk borçnamasyny häsiýetlendirýär. Karz pullaryň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

– weksel;

– banknota;

– çek.

Weksel (bill) – bu bir ykdysady gatnaşyjynyň (şahsy tarapyň) beýleki bir ykdysady gatnaşyja belli möhletde we belli bir göterim tölegini tölemek üçin alan karzyny tölemek boýunça bergidarlyk borçnamasyny (bergidarlyk ýazgysy) görkezýär. Weksel düzgün boýunça *täjirçilik karzynyň* esasynda berilýär. Bu ýagdaýda bir adam beýleki bir adamdan harytlary satyn alýar we belli bir wagtdan soň onuň töleginiň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýar. Weksel alyp, onuň puluny almadyk adam, wekseli üçünji tarapa geçirip bilýär we wekseliň ýüzünde onuň geçirilmegi barada ýazgy, ýagny *indossament* goýýar. Şeýlelikde, *weksel ýüz tutmasy* emele gelýär.

Banknota (banknote) – bu bankyň wekseli (bergidarlyk borçnamasy) hasaplanýar. XX asyryň başlaryna çenli kagyz pullary dolanyşyga çykarmak (puluň

emissiýasy) hukugyna täjirçilik banklary we gazna işini alyp barýan bölümler (gaznaçylyklar) eýe boldy. Şonuň üçin pullar täjirçilik banklarynyň bergidarlyk borçnamalaryny (banknotalar) we döwletiň bergidarlyk borçnamalaryny (dekret kagyz pullary ilkinji talap boýunça erkin ýagdaýda altyn pullara çalşyldy) häsiýetlendirdi. Häzirkizaman şertlerinde banknotalary dolanyşyga çykarmak hukugynyň Merkezi banka degişlidigi sebäpli, nagt pullar Merkezi bankyň borçnamalary (liabilities) hasaplanýar. Bu borçnama olary döwletiň kanuny töleg serişdesi hasaplaýandygyny we harytlaryň, hyzmatlaryň alyş-çalşynda kabul etmegiň hökmanydygyny aňladýar;

Çek (check) – bu bank goýumynyň eýesiniň goýumyň belli bir möçberini onuň özüne ýa-da beýleki bir tarapa bermek boýunça ygtyýarnamasy.

*Kredit kartoçkalar pul hasaplanmaýar*, sebäbi olar aýlanyşyk ýa-da töleg serişdesini häsiýetlendirmeýär. *Dedet kartoçkalar hem pul hasaplanmaýar*, sebäbi öň oňa goýlan pul möçberiniň çäginde bank hasabyndan pul almaga mümkinçilik göz öňünde tutulýar. Sebäbi bu pullar öň bank hasabynyň serişdeleriniň umumy jemine pul toplumynyň bölümi hökmünde goşulýar.

Taryhy nukdaýnazardan pul ulgamynyň üç sany görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) *metallizm pul ulgamy.* Bu ulgam altynyň we kümşüň pul hökmünde ulanylýan döwründe *bimetallizm* görnüşinde, ýöne kümşüň gazylyp alnyşynyň artmagy we onuň arzanlamagy netijesinde, pul hökmünde diňe altynyň ulanylyp başlan döwründe – *monometallizm* görnüşinde çykyş etdi;

2) *banknota pul ulgamy.* Ol bankyň borçnamalarynyň (banknota) altyn monetalara çalşylmagyna we dolanyşygyna esaslanýar;

3) *kagyz-pul* pul ulgamy. Bu ulgamda içerki gymmata eýe bolmadyk, diňe gymmatyň simwoly, belgisi hasaplanýan kämil däl kagyz pullar aýlanýar.

## 7.3. Pul agregatlary

Puluň ykdysadyýetde aýlanýan möçberi *pul toplumy* (massasy) diýlip atlandyrylýar we ol *puluň hödürlenmeginiň* möçberini görkezýär. Puluň hödürlenmeginiň möçberi *pul agregatlary* arkaly ölçenilýär. Dürli döwletlerde ulanylýan pul agregatlarynyň möçberi dürli-dürli bolýar, sebäbi ol, ilkinji nobatda, milli aýratynlyklar we depozitleriň dürli görnüşleriniň ähmiýetliligi bilen baglanyşykly hasaplanýar. Şeýle-de bolsa ähli döwletlerde pul agregatlarynyň ulgamy birmeňzeş ýörelgä esaslanýar, *ýagny her geljek (nobatdaky) agregat ondan öňki agregaty öz içine alýar*. Dünýä bazarynda ykdysady kuwwaty boýunça tapawutlanýan ABŞ-nyň pul agregatlar ulgamy dört sany agregaty öz içine alýar: $M_1$, $M_2$, $M_3$ we $L$.




*7.1-nji şekil. Pul agregatlarynyň ýörelgeleri*

*$M_1$ pul agregaty* nagt pullary (currency) (aýry-aýry döwletlerde nagt pullar üçin $M_0$ aýratyn agregaty ulanylýar) we çek depozitlerini ýa-da talap edilýänçä depozitleri häsiýetlendirýän gündelik hasaplardaky serişdeleri (demand deposits) öz içine alýar:

$M_1$ = *nagt pullar + çek goýumlary (ýa-da talap edilýänçä goýumlar) + ýol çekleri.*

*$M_2$ pul agregaty $M_1$* pul agregatyny we süýşürintgiler hasabyndaky (saving deposits) serişdeleri, şeýle-de gysga möhletli goýumlary (100 000 dollara çenli) öz içine alýar:

$M_2 = M_1$ + *süýşürintgi goýumlary + gysga möhletli goýumlar.*

*$M_3$ pul agregaty $M_2$* pul agregatyny we uzak möhletli goýumlaryň (100 000 dollardan ýokary) serişdelerini (time deposits) öz içine alýar:

$M_3 = M_2$ + *uly möhletli goýumlar.*

*L pul agregaty $M_3$* pul agregatyny we gysga möhletli döwletiň gymmatly kagyzlaryny (esasan, gaznaçylyk wekseli – treasury bills) öz içine alýar:

$L = M_3$ + *gysga möhletli döwletiň gymmatly kagyzlary*.

Pul agregatlarynyň likwidliligi aşakdan ýokaryk (*L*-den $M_1$-e çenli) artýar, olaryň girdejililigi bolsa ýokardan aşak ($M_1$-den *L*-e çenli) artýar.

*Pul diýlip, adatça, $M_1$ pul agregatyna düşünilýär*, sebäbi ol iň ýokary likwidlilige we iň pes girdejililige eýe bolýar. Şonuň üçin pul agregatlarynyň bölümleriniň aýry-aýry görnüşlere bölünmegini tapawutlandyrmak zerur hasaplanýar:




*7.2-nji şekil. Pul agregatlarynyň tapawutlandyrylyşy*

– *nagt we nagt däl pullar. Nagt pullara* dolanyşykdaky, ýagny bank ulgamynyň daşyndaky banknotalar we monetalar degişli hasaplanýar. Olar Merkezi bankyň boçnamalary hökmünde çykyş edýär. Pul agregatynyň galan beýleki bölümleri (ýagny, bank ulgamynda hereket edýän) *nagt däl pullary* häsiýetlendirýär. Olar täjirçilik banklarynyň bergidarlyk borçnamalary hasaplanýar.

– *pullar ýa-da «pula ýakyn pullar»* («near-money»). *Nagt pullary C (currency)* öz içine alýan diňe $M_1$ *pul agregaty pullar* hasaplanýar we olar Merkezi bankyň borçnamasy hökmünde çykyş edýär. Täjirçilik banklarynyň *gündelik hasaplaryndaky serişdeler D* (demand deposits) bu banklaryň borçnamasy hasaplanýar:

$$M = C + D.$$

Eger süýşürintgiler hasabyndaky serişdeleri gündelik hasabyna ýeňil geçirip bolýan bolsa, onda bu serişdeler hem *D* görkezijä goşulýar. $M_1$ pul agregatyna girýän, hususan-da, *süýşürintgiler hasabyndaky çek däl serişdelerden, gündelik hasapdaky serişdelerden we döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlaryndan beýleki* $M_2$, $M_3$ we *L* pul agregatlaryna goşulýan serişdeler – *«pula ýakyn pullar»* diýlip atlandyrylýar. Sebäbi olar pula öwrülip bilmeýärler, ýagny süýşürintgiler hasabyndaky ýa-da möhletli hasaplardaky serişdeleri alyp, nagt pullara öwrüp bolýar ýa-da bu hasaplardaky serişdeler gündelik hasaba geçirilmeli, ýa-da döwletiň gymmatly kagyzlary satylmaly.

Pul multiplikatory (*m*) pul toplumynyň ($C + D$) möçberiniň pul binýadynyň ($C + R$) möçberine bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär:

$$m = \frac{C+D}{C+R} = \frac{\frac{C}{D}+\frac{D}{D}}{\frac{C}{D}+\frac{R}{D}} = \frac{cr+1}{cr+rr}.$$

Eger hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi 20% ýa-da onluk drobda 0,2-ä deň bolsa we «nagt pullar-goýumlar» gatnaşygy ýa-da *goýum koeffisiýenti* 25%, başgaça 0,25-e deň bolsa, onda pul multiplikatory seýle kesgitlenýär:

$$m = (0{,}25 + 1) / (0{,}25 + 0{,}2) = 2{,}77.$$

Pul binýadynyň 1 manat möçberinde artmagy pul toplumyny 2,77 esse ýokarlandyrýar.

*Ykdysadyýetiň pul bilen üpjünçiligi ýa-da likwidliligi ileri tutmak koeffisiýenti (the coefficient of monetization of the economy)* $M_2$ *agregatyň JIÖ-ne bolan gatnaşygynyň göterimde aňladylmagyny görkezýär*. Ol $k$ harpy bilen belgilenýär. Eger pul toplumy $M$ harpy bilen, nominal jemi içerki önüm bolsa $PY$ görnüşde belgilense, onda likwidliligi ileri tutmagyň koeffisiýenti aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$k = (M/PY) \times 100\%.$$

*7.1-nji tablisa*

**Esasy monetar görkezijiler (şertli sanlar)**

| Görkezijiler | 2008-nji ýyl | 2009-njy ýyl | 2010-njy ýyl | 2011-nji ýyl | 2012-nji ýyl | 2013-nji ýyl | 2014-nji ýyl |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| $M_0$, *mlrd* manat | 21,0 | 27,7 | 39,5 | 66,2 | 88,4 | 107,7 | 122,2 |
| $M_2$, *mlrd* manat | 24,5 | 56,8 | 82,6 | 139,9 | 228,8 | 300,2 | 351,1 |
| Nominal JIÖ, *mlrd* manat | 27,8 | 89,6 | 227,3 | 721,8 | 1422,1 | 2402,2 | 2815,5 |
| $M_2$ puluň aýlanyş tizligi (JIÖ/$M_2$), esse | 1,13 | 1,58 | 2,75 | 5,16 | 6,21 | 8,00 | 8,02 |
| Ykdysadyýetiň pul bilen üpjünçilik koeffisiýenti ($M_2$/JIÖ), % | 88,1 | 63,4 | 36,3 | 19,4 | 16,1 | 12,5 | 12,5 |

*Monetar düzgüne laýyklykda, pul toplumynyň ösüş depgini real JIÖ-niň bir ýyldaky ösüşiniň ortaça depginine (3 – 5%) deň gelmeli.*

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetinde pul agregatlary $M_0$, $M_1$, $M_2$ we $M_3$ görnüşinde hereket edýär. Türkmenistanyň pul toplumy dört sany pul agregatyny öz içine alýar:

| | |
|---|---|
| $M_0$ | ilatdaky nagt pullar we edara görnüşli taraplaryň kassalaryndaky nagt pullaryň galyndysy |
| $M_1$ | $M_0$ + talap edilýänçä goýumlar, edara görnüşli taraplaryň hasaplaşyk we gündelik hasaplaryndaky serişdeler, şahsy taraplaryň täjirçilik banklaryndaky talap edilýänçä goýumlary |
| $M_2$ | $M_1$ + ilatyň täjirçilik banklaryndaky möhletli goýumlary, edara görnüşli taraplaryň möhletli goýumlary |
| $M_3$ | $M_2$ + daşary ýurt pulundaky ähli goýumlar |

## 7.4. Puluň möçberi nazaryýetiniň deňlemesi

Puluň aýlanyşykdaky (bank ulgamynyň daşyndaky) möçberi puluň möçberi nazaryýetiniň formulasy arkaly kesgitlenýär:

$$M \times V = P \times Y \quad \text{ýa-da} \quad M = PY/V$$

*M* – aýlanyşykdaky puluň möçberi;

*V* – puluň aýlanyşygynyň tizligi (bir pul birliginiň bir ýylda ortaça aýlanýan möçberi);

*P* – bahalaryň umumy derejesi (JIÖ-niň deflýatory);

*Y* – real JIÖ;

$P \times Y$ – nominal jemi içerki önümi aňladýar.

Bu deňleme bir pul birliginiň bir ýylda aýlanýan sanyny hasaba almak bilen, aýlanyşykdaky puluň möçberiniň gündelik bahalardaky JIÖ-niň (nominal JIÖ-niň) möçberine deň bolmalydygyny görkezýär. Bu berlen ýylyň bahalarynda öndürilen JIÖ-niň gymmatyny tölemek üçin ykdysadyýetde her ýylda şonça puluň bolmalydygyny aňladýar. Bu deňleme *alyş-çalşyň ýa-da Fişeriň deňlemesi* diýlip atlandyrylýar (amerikaly ykdysatçy Irwing Fişer aýlanyşykdaky puluň möçberini kesgitlemek üçin şeýle matematiki formulany hödürledi, ýöne puluň möçberi nazaryýeti ilkinji gezek XVII asyrda italýan ykdysatçylary tarapyndan hödürlendi we ol XVIII asyrda D.Ýumuň, Ş.Monteskýeniň hem-de XIX asyrda D.Rikardonyň işlerinde has ösdürildi).

Eger aýlanyşyga pul köp çykarylsa (pul toplumy artsa) ýa-da puluň aýlanmagynyň tizligi ýokarlansa, onda deňligiň çep we sag tarapynyň deňligini saklamak üçin bahalaryň derejesi ýokarlanmaly, bu bolsa hümmetsizlenmegiň emele gelmegini aňladýar. Puluň aýlanyşygynyň tizligi (aýratyn hem, uzak möhletli döwürde) ýeterlik derejede durnukly hasaplanýar. Ol bank ulgamynda amala aşyrylýan düýpli tehnologiki kämilleşmeler (mysal üçin, puluň tizliginiň ýokarlanmagy bilen bankomatlar ýüze çykdy) bilen baglanyşykly ýa-da hökümetiň bank ulgamyna goşulmagy netijesinde üýtgäp bilýär.

Bu deňlemä girýän ululyklaryň üýtgemeleriniň uly bolmadyk depginlerinde (10%-e çenli) aşakdaky deňlemäni almak mümkin:

$$\Delta M\ (\%) + \Delta V\ (\%) = \Delta P\ (\%) + \Delta Y\ (\%).$$

Pul toplumynyň möçberi ýeterlik derejede çalt üýtgäp bilýär. Bu görkezijiniň möçberini Merkezi bank kadalaşdyrýar we ol puluň emissiýasy üçin (puluň aýlanyşyga çykarylmagyna) monopol hukuga eýe bolýar. *Puluň emissiýasy – bu aýlanyşyga goşmaça puluň çykarylmagyny aňladýar*. Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy jemi hyrydarlygy höweslendirmegiň faktory we durnuklaşdyryş (hümmetsizlenmege garşy) syýasatynyň esasy guraly hasaplanýar. Grafikde puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň saga süýşmegini görkezýär. Grafikden (*7.3-nji şekil*) görnüşi ýaly, puluň möçberi nazaryýetiniň deňlemesine laýyklykda hümmetsizlenmek emissiýanyň netijesi hasaplanýar.

Eger gysga möhletli döwürde bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) önümçiligiň möçberiniň artmagy ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) bilen baglanyşýan (*7.3-nji a şekil*) bolsa hem-de jemi hyrydarlygyň peselmegi netijesinde emele gelýän ressesiýa (pese gaçma) şertlerinde bu çäre ykdysadyýetiň durnuklaşdyryjysy hökmünde ulanylyp bilinýär. Uzak möhletli döwürde bahalaryň derejesi ($P_1$--den $P_2$-ä çenli) ýokarlanýar, önümçiligiň möçberi bolsa üýtgemän ($Y^*$) galýar. Emissiýanyň (*7.3-nji b şekil*) düýpli sebäbi hökmünde, adatça, maliýeleşdirmegiň beýleki usullarynyň elýeterli bolmaýan şertlerinde döwlet býujetiniň uly möçberdäki ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň zerurlygy çykyş edýär. Bu, esasan hem, ösýän we geçiş ykdysadyýetli döwletlere mahsus bolýar.




*a) gysga möhletli döwür* *b) uzak möhletli döwür* *ç) stagflýasiýa şertlerinde*

*7.3-nji şekil. Puluň emissiýasynyň ykdysadyýete edýän täsiri.*

Pul toplumynyň artmagy real önümçilige täsir etmeýär hem-de ol ykdysadyýetiň ösüşini görkezmeýär. Ol diňe ýokary hümmetsizlenmegiň we bu döwletlerde ykdysady ýagdaýyň çylşyrymlaşmagynyň netijesi hasaplanýar.

Emissiýa, aýratyn hem, ykdysadyýetiň ýagdaýyna stagflýasiýa şertlerinde ýaramaz täsir edýär (*7.3-nji ç şekil)*. Eger ilkibaşda ykdysadyýetiň ýagdaýy *A* nokada laýyk gelse, onda jemi hödürlemek azalýar (jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygy $SRAS_1$-den $SRAS_2$-ä çenli çepe süýşýär), ol önümçiligiň möçberiniň ($Y_1$--den $Y_2$-ä çenli) peselmegine we bahalaryň derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) ýokarlanmagyna *(B* nokat) getirýär. Bu şertlerde pul toplumynyň artmagy önümçiligiň möçberiniň ýokarlanmagyna (mysal üçin, $Y_1$-e deň bolan önümçiligiň ykdysadyýetde ilkibaşdaky ýagdaýyna gaýdyp gelmegi) getirýär, ýöne şol bir wagtyň özünde hümmetsizlenmek (bahalaryň derejesiniň $P_2$-den $P_3$-e çenli artmagy) (*C* nokat) güýçlenýär. Hümmetsizlenmek stagflýasiýa ýagdaýynda esasy mesele hasaplanýar we netijede, ilkibaşdaky ýagdaý bilen deňeşdirilende, bahalaryň derejesi $P_1$-den $P_3$-e çenli ýokarlanýar.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *liquidity* | *likwidlilik* |
| *medium of exchange* | *alyş-çalyş serişdesi* |
| *double coincidence of wills* | *islegleriň iki gezek laýyk gelmegi* |
| *unit of account* | *hasap birligi* |
| *standard of deferred payment* | *möhleti yza süýşürilen tölegleriň ölçegi* |
| *store of value* | *gymmatlygyň toplanmagy* |
| *bill* | *weksel* |
| *banknote* | *banknota* |
| *liabilities* | *borçnamalar* |
| *check* | *çek* |

# VIII BAP
# BANK ULGAMY WE ONUŇ DÜZÜMI

## 8.1. Bank ulgamy we Merkezi bankyň ýerine ýetirýän wezipeleri

Banklar ykdysadyýetde maliýe araçylary hasaplanýar, sebäbi olar, bir tarapdan, goýumlary kabul edýärler, beýleki bir tarapdan, bu serişdeleri ykdysady amallara gatnaşyjylaryň zerurlyklaryna görä belli bir göterim arkaly olara hödürleýärler, ýagny karz bermek boýunça araçy hökmünde çykyş edýärler. Şonuň üçin bank ulgamy karz ulgamynyň bir bölegi hasaplanýar. *Karz ulgamy* bank we bank däl (ýöriteleşdirilen) karz guramalaryna bölünýär. *Bank däl karz guramalaryna* aşakdakylar degişli: *gaznalar* (maýa goýum, pensiýa we ş.m.), *ätiýaçlandyryş kompaniýalary, süýşürintgiler assosiasiýasy, karz birleşmeleri, lombardlar* we ş.m. ýagny karz amallarynda araçynyň wezipesini ýerine ýetirýän ähli guramalar.

Esasy maliýe araçylary hökmünde täjirçilik banklary çykyş edýär. «Bank» sözi italýan *«banco»* sözünden «pul ownadyjynyň oturgyjy» diýmegi aňladýar. Şunuň bilen baglanyşykly *«banco rotto»* sözi «döwlen oturgyç», ýagny ukyplylygyň ýitirilmegi diýen manyny aňladýar. Iki gezek ýazgy etmek ýörelgelerine esaslanýan ilkinji banklar XVI asyrda Italiýada döredi. Ilkinji ýöriteleşdirilen bank guramalary Gadymy Gündogarda emele geldi, Gadymy Gresiýada we Gadymy Rimde karz guramalaryň wezipeleri ýerine ýetirildi.

Häzirkizaman bank ulgamy – *iki derejeli* ulgam hasaplanýar:

*I dereje* – Merkezi bank;

*II dereje* – karz edaralarynyň, täjirçilik banklarynyň ulgamy.

*Merkezi bank* döwletiň iň esasy banky hasaplanýar we ol aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– *ýurduň emissiýa amallarynyň merkezi* – banknotalary aýlanyşyga çykarmakda monopol hukuga eýe bolýar we bu ýagdaý onuň hemişelik likwidliligini üpjün edýär. Merkezi bankyň pul düzümi nagt (banknotalar we monetalar) we nagt däl görnüşlere (Merkezi bankda täjirçilik banklarynyň hasaplary) bölünýär;

– *hökümetiň bank amallaryny ýerine ýetirýän tarapy* – hökümetiň maliýe amallaryna hyzmat edýär, gaznaçylyk we karzlaşdyrmak boýunça geçirilýän tölegleriň araçy bolup çykyş edýär. Gaznaçylyk erkin pul serişdelerini goýum hökmünde Merkezi bankda saklaýar, Merkezi bank öz gezeginde kesgitlenen möçberden ýokary alan öz peýdasyny gaznaçylyga berýär;

– *ýurduň esasy banky ýa-da banklaryň banky*. Täjirçilik banklary Merkezi bankyň müşderileri hasaplanýar we olaryň hökmany ätiýaçlyklary Merkezi bankda

saklanýar. Bu Merkezi banka olaryň içerki, daşary gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga we gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Täjirçilik banklarynyň alyp barýan işinde kynçylyk ýüze çykan ýagdaýynda olara puly aýlanyşyga çykarmak ýa-da gymmatly kagyzlary satmak arkaly karz goldawyny berýän *iň ýokary dereje-de karz beriji* bolup çykyş edýär;

– *bankara hasaplaşyk merkezi hasaplanýar;*

– *ýurduň altyn-pul ätiýaçlyklaryny saklaýan gurama hasaplanýar*. Halkara maliýe amallaryna hyzmat edýär, töleg balansynyň ýagdaýyna gözegçiligi amala aşyrýar we halkara walýuta bazarlarynda satyn alýan ýa-da satýan tarap hökmünde çykyş edýär;

– Merkezi bank *pul-karz* (*monetar*) *syýasatyny* kesgitleýär we amala aşyrýar.

I. Fişeriň deňlemesine laýyklykda, *puluň hödürlenmegi ýurtdaky bahalaryň derejesini kesgitleýär*. Eger puluň hödürlenmegi ýokarlanýan (peselýän) bolsa, onda bahalaryň derejesi ýokarlanýar ýa-da peselýär. XX asyryň başlarynda Kembrij mekdebiniň we neoklassyky ugruň wekilleri A. Marşall, A. Pigu, D. Robertson alyş-çalşyň deňlemesiniň kembrij görnüşini hödürlediler:

$$MV = PY$$
$$M = kPY$$

*k – puluň aýlanyşygynyň tizliginiň (V) ters gatnaşygyny görkezýän ululyk.*

Bu görkeziji ykdysady edebiýatlarda *kembrij koeffisiýenti* diýlip atlandyrylýar. Şeýle-de ol likwidliligi ileri tutmak ýa-da ykdysadyýetiň pul üpjünçilik koeffisiýenti ady bilen bellidir. Likwidliligi ileri tutmak nazaryýeti ilkinji gezek J.Keýns tarapyndan hödürlenýär.

Pul toplumyny kesgitlemek üçin ýokarky deňligiň iki tarapyny hem bahalaryň indeksine, ýagny P-e bölmeli:

$$M / P = kY.$$

Puluň aýlanyşygynyň tizligi (*V – velocity of money*) $PY / M$ görnüşde kesgitlenýär we ol ykdysadyýetiň pul üpjünçilik koeffisiýentine ters gatnaşykdaky ululygy görkezýär. ($k = 1/V$). Eger haýsy hem bolsa bir döwletde 2014-nji ýylda *k* koeffisiýent 26,8% ýa-da onluk drobda 0,268 bolsa, onda bir ýylda puluň aýlanyşygynyň tizligi 3,73 esse ýokarlanar:

$$k = 1 / 0{,}268 = 3{,}73 \text{ esse.}$$

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde Merkezi banklaryň amala aşyrýan pul-karz syýasatynyň ilkinji maksatlary (*ultimate or primary goals of monetary policy*):

– içerki bahalaryň durnuklylygy ýa-da hümmetsizlenmegiň pes derejesi (*domestic price stability*);

– milli pul birliginiň daşarky durnuklylygy ýa-da onuň alyş-çalyş hümmetiniň durnuklylygynyň üpjün edilmegi (*external stability of the value of the currency*);

– umumy maliýe durnuklylygy ýa-da maliýe ulgamynyň durnuklylygynyň üpjün edilmegi (*overall systemic stability in the financial system*).

Ýokarda görkezilen maksatlar döwlet syýasatynyň esasy maksatlary bilen laýyk gelýär we Merkezi bank aralyk maksatlary (*intermediate targets*) kesgitleýär hem-de olar aşakdakylary öz içine alýar:

– pul agregatlary (puluň hödürlenmegi);
– göterim derejesi;
– pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti.

Aralyk maksatlary gazanmak üçin Merkezi bank aşakdaky esasy gurallary ulanýar:

– açyk bazardaky amallar (*open market operations*);
– gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi (*discount rate*);
– hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi (*required reserve ratio*).

*Türkmenistanyň Merkezi banky* döwletiň iň esasy banky hasaplanýar we ol milli ykdysadyýetiň durnuklylygyny hem-de ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini gazanmak üçin aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– Milli manadyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen bitewi umumy döwlet syýasatyny işläp taýýarlamak we ony amala aşyrmak;

– Nagt pullaryň emissiýasyny we olaryň dolanyşygynyň guralyşyny amala aşyrmak;

– Bank ulgamy üçin bank amallarynyň geçirilmeginiň, buhgalter hasabynyň we hasabatynyň umumy kadalaryny işläp taýýarlamak;

– Karz guramalaryň işine bank gözegçiligini amala aşyrmak;

– Umumy walýuta syýasatyny ýöretmek we walýuta gözegçiligini guramak.

## 8.2. Täjirçilik banklary we olaryň ýerine ýetirýän amallary

Täjirçilik banklary bank ulgamynyň ikinji derejesi hasaplanýar we olaryň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. *Köpugurly täjirçilik banklary;*
2. *Ýöriteleşdirilen täjirçilik banklary.*

Bank aşakdaky ugurlara ýöriteleşip bilýär: 1) *maksady boýunça*: maýa goýum (maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrýan); innowasiýa (ylmy-tehniki ösüş üçin karz berýän); ipoteka (gozgalmaýan emläk üçin); 2) *pudaklar boýunça*: senagat, gurluşyk, oba hojalyk, daşary ykdysady; 3) *müşderiler boýunça:* diňe kärhanalara hyzmat edýän, diňe ilata hyzmat edýän we ş.m.

*Täjirçilik banklary hususy guramalar hasaplanýar we olaryň ykdysady aýlanyşykdan daşary pul serişdelerini çekmek hem-de peýda almak maksady bilen karz bermäge kanuny hukugy bolýar.* Şonuň üçin täjirçilik banklary iki sany esasy

amaly ýerine ýetirýär: *passiw amallar* – goýumlary çekmek boýunça geçirilýän amallar we *aktiw amallar* – karzlary bermek boýunça ýerine ýetirilýän amallar (*8.1-nji şekil*).




*8.1-nji şekil. Täjirçilik banklarynyň aktiw we passiw amallary*

Şeýle-de täjirçilik banklary beýleki birnäçe amallary ýerine ýetirýär: hasaplaşyk-kassa amallary; ynama esaslanýan (trast) amallar; bankara amallar (biri-birine karz bermek boýunça karz amallary we hasapdan hasaba pul geçirmek boýunça transfert amallary); gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar; daşary ýurt pul birlikleri bilen geçirilýän amallar we ş.m.

Täjirçilik banklarynyň *girdejileriniň esasy bölegini karzlar boýunça alynýan göterimler bilen (goýumlar boýunça) tölenýän göterimiň aratapawudy* düzýär. Hyzmatlaryň dürli görnüşleriniň (trast, transfert we ş.m.) ýerine ýetirilmegi boýunça alynýan goşmaça tölegler bankyň goşmaça girdejileriniň çeşmesi bolup biler. Girdejiniň bir bölegi bankyň harajatlaryny tölemek üçin ulanylýar. Bu harajatlar bankyň işgärleriniň zähmet hakyny, enjamlar üçin çykdajylary, kompýuterleriň, kassa apparatlarynyň ulanylmagy üçin çykdajylary, binanyň kärende tölegini we ş.m. öz içine alýar. Görkezilen tölegler tölenenden soň bankyň peýdasy emele gelýär we ondan bankyň paýnamalaryny saklaýan taraplara diwidend hasaplanýar hem-de onuň belli bir bölegi bankyň işini giňeltmek üçin ulanylyp bilinýär.

Taryhda banklaryň ýüze çykmagy gymmatly daşlary satýan dükanlar bilen baglanyşyklydyr. Dükanlaryň gymmatly daşlary saklamak üçin ygtybarly jaýlarynyň bolandygy sebäpli, adamlar öz gymmatlyklaryny olara saklamaga berip, onuň ýerine dükanyň eýelerinden bergidarlyk ýazgysyny alypdyrlar. Bu ýazgylar

12. Sargyt № 466.

olary ilkinji talap edilmek boýunça yzyna almaga mümkinçilik beripdir. Şonuň netijesinde bank karz pullary emele gelýär.

Ilkibaşda gymmatly daşlary işläp bejerýän ussalar berlen gymmatlyklary özlerinde saklap, karz bermändirler. Bu alnan ähli serişdeleriň *ätiýaçlyklar* hökmünde saklanandygyny aňladýar. Bu ýagdaý *doly* ýa-da 100% *ätiýaçlyk* ulgamyna laýyk gelýär. Bu ýagdaýda eger banka goýum hökmünde 1000$ (D=1000$) gelip gowşan bolsa, bankyň borçnamasy (passiwleri – liabilities) 1000$, şeýle hem onuň ätiýaçlyklary (aktiwleri) 1000$-a deň bolar, sebäbi olar karz berilmeýär (К = $0). Doly ätiýaçlyklar bilen üpjün edilen ulgamda bankyň ýönekeýleşdirilen balansynyň görnüşi:

| *Aktiwler* | *Passiwler (borçnamalar)* |
|---|---|
| Ätiýaçlyklar *R* = $1000<br>Karzlar *K* = $ 0 | Goýumlar *D* = $1000 |

Bu ýagdaýda bank özüne 100% *tölege ukyplylygy we likwidliligi* üpjün edýär. Bankyň *tölege ukyplylygy* aktiwleriň möçberiniň onuň borçnamalarynyň möçberine deň bolmagyny aňladýar we ol banka goýlan *goýumlaryň möçberini* birinji talap edilen ýagdaýynda *ähli goýum goýujylara* gaýtaryp bermäge mümkinçilik berýär. Likwidlilik – bu bankyň müşderileriniň islendik sanyna olaryň goýumlaryny *nagt pul* görnüşinde *gaýtaryp bermek* ukyby. Doly ätiýaçlyk ulgamynda bankyň karz bermeýändigi (şonuň üçin karz boýunça göterim almaýar) we ähli ätiýaçlyklaryň pul görnüşinde saklanýandygy (obligasiýadan tapawutlylykda girdeji getirmeýär) sebäpli, ol diňe bir *peýda alyp bilmän*, eýsem, öz *harajatlaryny hem tölemäge mümkinçiligi bolmaýar*. Tölege ukyplylyk (we likwidlilik) bilen peýdalylygyň arasynda ters baglanyşyk saklanýar.

*Tölege ukyplylyk* → ← *peýdalylyk*

*we likwidlilik 100 %* *100 %*

Karz bermän, 100% tölege ukyplylygy we likwidliligi saklap, bank töwekgelçiligi aradan aýyrýar hem-de özüne goýum goýujylaryň doly ynamyny üpjün edýär, ýöne peýda alyp bilmeýär. Bank öz ukyplylygyny üpjün etmek üçin töwekgelçiligiň belli möçberinde karzlary bermeli bolýar. Berilýän karzlaryň möçberi näçe ýokary bolsa, şonça-da peýda we töwekgelçilik ýokary bolýar.

Karz berlip bilinýän bank gaznalarynyň esasy çeşmesi bolup talap edilýänçä goýumlar (gündelik hasapdaky serişdeler) hasaplanýar. Dünýäniň ähli bank işgärleri tölege ukyplylygyň we likwidliligiň zerurdygyna garamazdan, bankyň gündelik likwid gaznasynyň möçberiniň onda goýlan serişdeleriň umumy jeminden, takmynan, 10% bolmalydygyny tassyklaýarlar. Ähtimallyklar nazaryýetine

laýyklykda, hasaplaryndan pullaryny almak isleýän müşderileriň sany pullaryny banka goýýan müşderileriň sanyna deň bolýar. Banklar karz berip başlanlaryndan soň *bölekleýin ätiýaçlyklar ulgamyna* geçýär. *Bölekleýin ätiýaçlyklaryň döredilmegi* goýumyň diňe belli bir böleginiň ätiýaçlyklar hökmünde saklanýandygyny, galan böleginiň bolsa karzlaryň berilmegi üçin ulanylýandygyny aňladýar.

XX asyrda *ätiýaçlyklary döretmegiň derejesi* (reserve ratio – rr), ýagny goýumlaryň karz berip bolmaýan paýy (*goýumlaryň umumy möçberinde ätiýaçlyklaryň paýy* $rr = R/D$) tejribeler arkaly kesgitlendi. XIX asyrda ätiýaçlyklary döretmegiň derejesi täjirçilik banklary tarapyndan kesgitlendi we düzgün boýunça onuň derejesi 20% möçberinde kesgitlendi. Bölekleýin ätiýaçlyklar ulgamynyň şertlerinde bankyň ýönekeýleşdirilen balansynyň görnüşi:

| *Aktiwler* | *Passiwler (borçnamalar)* |
|---|---|
| Ätiýaçlyklar $R = 200$ \$<br>Karzlar $K = 800$ \$ | Goýumlar $D = 1000$\$ |

Eger banka 1000\$ (D = \$1000) möçberinde goýum goýulýan bolsa, onda bank tarapyndan kesgitlenen 20%-e deň bolan ätiýaçlygyň derejesine laýyklykda bank 200\$ ätiýaçlyk hökmünde ($R = D \times rr$ = \$1000 × 0,2 = \$200) saklar we 800\$ karz ($K = D - R$ = \$1000 – \$200 = \$800 ýa-da $K = D - rr \times D = D\ (1 - rr)$ = \$1000 (1 – 0,2) = \$800) berip biler.

XX asyryň başlarynda bank ulgamynyň durnuksyzlygy, ýygy-ýygydan bank çökgünlikleri we batyp galmalar bilen baglanyşykly bankyň ätiýaçlygynyň derejesiniň kesgitlenmegi Merkezi banklar tarapyndan amala aşyrylyp (ABŞ-da 1914-nji ýylda) başlandy hem-de bu Merkezi banka täjirçilik banklaryň işine gözegçilik etmäge mümkinçilik berdi. Bu ululyk *hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi* (ätiýaçlyk talaplarynyň derejesi) diýlip atlandyryldy.

*Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi* (required reserve ratio) goýumlaryň umumy möçberinde göterimde aňladylan ätiýaçlyklaryň paýyny görkezýär. Täjirçilik banklarynyň ony karz bermäge hukugy bolmaýar we ol göterimsiz görnüşde Merkezi bankda saklanýar. Bankyň hökmany ätiýaçlyklarynyň möçberini (required reserves – $R_{\text{hökm.}}$) kesgitlemek üçin goýumlaryň möçberini ($D$) hökmany ätiýaçlyklaryň derejesine (rr) köpeltmeli:

$$R_{\text{hökm.}} = D \times rr.$$

Doly ätiýaçlyklar ulgamynda hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi 1-e deň, bölekleýin ätiýaçlyklar ulgamynda ol $0 < rr < 1$ deň bolýar.

Goýumlaryň umumy möçberinden hökmany ätiýaçlyklaryň ululygy aýrylanda, bankyň karz berip bilýän ululygy, ýagny karz mümkinçilikleriniň möçberi emele gelýär ($K$):

$$K = D - R_{\text{hökm.}} = D - D \times rr = D\ (1 - rr).$$

Eger bank ähli serişdelerini karz berýän bolsa, onda bu ýagdaý bankyň karz mümkinçiliklerini doly peýdalanýandygyny aňladýar. Şeýle-de bolsa bank bu amallary ýerine ýetirmeýär, sebäbi ol öz serişdeleriniň bir bölegini karz berip bilýär, beýleki bir bölegini özünde ätiýaçlyklar hökmünde saklap bilýär. Bu ululyga bankyň *artykmaç ätiýaçlygy* (excess reserves – $R_{art.}$) diýilýär. Hökmany we artykmaç ätiýaçlyklaryň jemi bankyň hakyky ätiýaçlygyny görkezýär:

$$R_{hakyky} = R_{hökm.} + R_{art.}$$

Ätiýaçlyk talaplarynyň 20%-e deň bolan ýagdaýynda 1000$ möçberinde goýumy bolan bank onuň 200$-yny (1000 × 0,2 = 200) hökmany ätiýaçlyk hökmünde saklamaly, galan 800$-yny (1000 – 200 = 800) bolsa ol dürli möhletlerde müşderilere karz berip bilýär. Şeýle-de bolsa bankyň bu möçberiň diňe bir bölegini, mysal üçin, 700$-yny karz bermek mümkinçiligi bolýar. Bu ýagdaýda 100$ (800 – 700 = 100) artykmaç ätiýaçlyk hasaplanýar. Netijede, bankyň hakyky ätiýaçlygynyň möçberi 300$-a (200$ hökmany + 100$ artykmaç = 300$) deň bolar.

Eger bank artykmaç ätiýaçlyklary (hökmany ätiýaçlykdan ýokary) jemleýän bolsa, onda *ätiýaçlyklary döretmegiň derejesi hakyky ätiýaçlyklaryň goýumlaryň möçberine* ($R_{hakyky}/D$) bolan gatnaşygyna deň bolar. Ol hökmany ätiýaçlyklaryň we artykmaç ätiýaçlyklaryň derejesini görkezýär. Bu ýagdaýda hakyky karz ($K_{hakyky}$) berlen serişdeleriň jemi karz mümkinçilikleriniň ululygyndan kiçi bolar ($K_{hakyky} < K$) we ol şeýle formula arkaly hasaplanar:

$$K_{hakyky} = D - R_{hakyky}.$$

Häzirkizaman şertlerinde täjirçilik bankynyň balansy şeýle görnüşe eýe bolýar:

| Aktiwler | Passiwler |
|---|---|
| *Nagt pullar*<br>*Ätiýaçlyklar*<br>*Karzlar*<br>*Hususy kärhanalaryň paýnamalary we obligasiýalary*<br>*Döwletiň gymmatly kagyzlary* | *Talap edilýänçä goýumlar*<br>*Süýşürintgi goýumlary*<br>*Möhletleýin goýumlar*<br>*Bankyň hususy kapitaly* |

Balansyň sag böleginde banka gelýän pul serişdeleriniň (borçnamalary) çeşmeleri we bankyň hususy kapitaly, onuň çep böleginde goýum goýujylaryň serişdelerini ulanmagyň ugurlary görkezilýär. Täjirçilik bankynyň esasy balans deňligi onuň borçnamalarynyň we hususy kapitalynyň aktiwleriň umumy möçberine deň bolmagy hasaplanýar.

Merkezi bankyň balansynyň görnüşi:

| Aktiwler | Passiwler (borçnamalar) |
|---|---|
| *Täjirçilik banklara berilýän karzlar* | *Banknotalar (nagt pullar)* |
| *Hökümete berilýän karzlar* | *Täjirçilik banklarynyň goýumlary (talap edilýänçä, süýşürintgi, möhletli)* |
| *Döwlet karzlarynyň (zaýomlary) obligasiýalary* | *Hökümetiň goýumlary* |
| *Döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlary* | |
| *Altyn we daşary ýurt walýutasy* | |

Merkezi banklar ykdysadyýetde puluň hödürlenmegine gözegçilik edýärler. Puluň möçberiniň artdyrylmagy täjirçilik banklary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

## 8.3. Bank multiplikatory

Täjirçilik banklary tarapyndan *puluň möçberiniň artdyrylmagy (emele getirilmegi) boýunça geçirilýän amallar karz mümkinçiliginiň artmagy* ýa-da *karz multiplikasiýasy* diýlip atlandyrylýar. Ol bank ulgamyna pullaryň gelmegi we täjirçilik banklarynyň goýumlaryny ýokarlandyrýan, ýagny nagt pullaryň nagt däl pullara öwrülýän ýagdaýynda ýüze çykýar. Eger goýumlaryň möçberi azalýan bolsa (müşderileriň öz hasaplaryndaky pullary almagy), onda garşylyklaýyn amallar, ýagny karz mümkinçilikleriniň peselmegi boýunça amallar emele gelýär.

Karz mümkinçilikleriniň ýokarlanmagy öwrenilende aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmaly:

– puluň möçberiniň artdyrylmagy diňe *köpugurly* banklar tarapyndan amala aşyrylýar. Bank däl karz guramalary, ýöriteleşdirilen banklar puluň möçberini artdyryp bilmeýärler;

– köpugurly täjirçilik banklary *bölekleýin ätiýaçlyk ulgamy* şertlerinde puluň möçberini artdyryp bilýärler. Eger bank karz bermek boýunça amallary ýerine ýetirmeýän bolsa, onda puluň hödürlenmegi üýtgemeýär, sebäbi goýumlara gelen nagt pullaryň möçberi bilen bankda saklanýan ätiýaçlyklaryň ululygy deň bolýar. Şonuň üçin bank ulgamynyň daşyndaky pullaryň we bank ulgamynyň içinde pul toplumynyň şol bir möçberindäki pullaryň arasynda diňe serişdeleriň gaýtadan paýlanmagy bolup geçýär. Bölekleýin ätiýaçlyk ulgamynyň kömegi arkaly *puluň hödürlenmeginiň iň ýokary derejede artmagy* aşakdaky şertlerde ýerine ýetýär:

a) täjirçilik banklary *artykmaç ätiýaçlyklary saklamaýar* we hökmany ätiýaçlykdan artyk ähli serişdeleri karz berýär. Bu banklaryň *öz ähli karz mümkinçiliklerini doly ulanýandygyny we ätiýaçlygyň derejesiniň hökmany ätiýaçlyklaryň derejesine deňdigini* aňladýar;

b) banklara gelýän *pullar* bu ulgamdan köp wagtyň dowamynda gitmeýär, müşderilere berlen karzlar hem olarda *nagt görnüşinde saklanmaýar* we gaýtadan bank ulgamyna gaýdyp gelýär (bank hasabyna geçirilýär).

Eger *1-nji banka* hökmany ätiýaçlygyň derejesi – 20% bilen 1000$-a deň bolan goýum goýulýan bolsa, onda bu ýagdaýda bank 200$ möçberinde hökmany ätiýaçlyga ($R_{hökm.} = D \times rr = 1000 \times 0{,}2 = 200$) pul geçirmeli bolýar we onuň karz mümkinçiligi 800$ ($K = D \times (1 - rr) = 1000 \times (1 - 0{,}2) = 800$) deň bolýar. Eger ol bu serişdeleriň ählisini karz berýän (öz karz mümkinçiligini doly peýdalanýar) bolsa, onda müşderi 800$ möçberinde karz (islendik ykdysady gatnaşyjy, sebäbi bank köpugurly hasaplanýar) alar.

*1-nji bankyň balansy*

| Aktiwler | Passiwler (borçnamalar) |
|---|---|
| Ätiýaçlyklar $R = 200$ \$<br>Karzlar $K = 800$ \$ | Goýumlar $D = 1000$\$ |

Müşderi alnan serişdeleri zerur bolan harytlary we hyzmatlary satyn almak (kärhanalar – maýa goýum harytlary, öý hojalyklary – sarp ediş harytlaryny ýa-da jaý satyn almak) üçin ulanýar hem-de satýan tarapyň girdejisi emele gelýär. Bu girdeji harytlary we hyzmatlary satýan tarapyň beýleki bir bankdaky (mysal üçin, 2-nji bank) hasaplaşyk hasabyna geçýär. *2-nji bank* 800$ möçberinde goýumlary kabul edip, 160$ ($800 \times 0{,}2 = 160$) hökmany ätiýaçlyga geçirýär we onuň karz mümkinçilikleri 640$ ($800 \times (1 - 0{,}2) = 640$) deň bolýar.

*2-nji bankyň balansy*

| Aktiwler | Passiwler (borçnamalar) |
|---|---|
| Ätiýaçlyklar $R = 160$ \$<br>Karzlar $K = 640$ \$ | Goýumlar $D = 800$\$ |

Bu serişdeleriň ählisini karz berip, bank öz müşderisine alan harytlarynyň tölegini amala aşyrmaga mümkinçilik berýär, ýagny satýan tarapyň girdeji almagyny üpjün edýär. Goýum görnüşinde 640$ satýan tarapyň *3-nji bankdaky* hasaplaşyk hasabyna geçýär. 3-nji bankyň hökmany ätiýaçlygynyň möçberi 128$ ($164 \times 0{,}2 = 128$), karz mümkinçilikleri bolsa 512$ ($640 \times (1 - 0{,}2) = 512$) deň bolar.

*3-nji bankyň balansy*

| Aktiwler | Passiwler (borçnamalar) |
|---|---|
| Ätiýaçlyklar $R = 128$ \$<br>Karzlar $K = 512$ \$ | Goýumlar $D = 640$\$ |

Bu möçberde karz berip, *3-nji bank 4-nji bankyň* karz mümkinçiliklerini 409,6$, *5-nji bankyň* karz mümkinçiliklerini 327,68$ we ş.m. ýokarlandyrmaga şert döredýär. Onuň netijesinde özboluşly yzygiderlilik emele gelýär:

1-nji bank $D = 1000$

↙ ↘

K R $K = D \times (1 - rr)$

2-nji bank $D = 800$ 200

↙ ↘

K R $K = [D \times (1 - rr)] \times (1 - rr)$

3-nji bank $D = 640$ 160

↙ ↘

K R $K = [D \times (1 - rr)^2] \times (1 - rr)$

4-nji bank $D = 512$ 128

↙ ↘

K R $K = [D \times (1 - rr)^3] \times (1 - rr)$

5-nji bank $D = 409{,}6$ 102,4

↙ ↘

*K* *R* $K = [D \times (1 - rr)^4] \times (1 - rr)$

we ş.m.

Bu amallar goýumlaryň artmagyny aňladýar. Täjirçilik banklary tarapyndan artdyrylan puluň umumy möçberi (1-nji, 2-nji, 3-nji, 4-nji, 5-nji we ş.m. banklaryň goýumlarynyň umumy jemi) aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$m_d = D_I + D_{II} + D_{III} + D_{IV} + D_V + \ldots = D + D \times (1 - rr) + [D \times (1 - rr)] \times (1 - rr) + [D \times (1 - rr)^2] \times (1 - rr) + [D \times (1 - rr)^3] \times (1 - rr) + [D \times (1 - rr)^4] \times (1 - rr) + \ldots = 1000 + 800 + 640 + 512 + 409{,}6 + 327{,}68 + \ldots$$

Şeýlelikde, $(1 - rr)$ alamatly tükeniksiz azalýan geometriki progressiýanyň jemi, ýagny 1-den kiçi bolan ululyk alynýar we ol *onluk drobda hasaplanýar*. Umumy görnüşde bu möçber şeýle hasaplanýar:

$$m_d = \Delta D / \Delta R$$

ýa-da

$$m_d = D \times 1/(1 - (1 - rr)) = D \times 1/rr.$$

Ýokarda ulanylan görkezijileriň esasynda $m_d = 5000$ bolýar:

$$m_d = 1000 \times 1/0{,}2 = 1000 \times 5 = 5000$$

1/*rr bank (ýa-da karz) multiplikatory* diýlip atlandyrylýar.

$$mult_{\text{bank}} = 1/\text{rr}.$$

Bu görkeziji *goýumlaryň artmagynyň multiplikatory* diýlip hem atlandyrylýar. Bu adalgalaryň ählisi şeýle kesgitlemäni aňladýar: *eger täjirçilik banklarynyň goýumlary artýan bolsa, onda pul toplumy uly möçberde ýokarlanýar:*

$$m_d = D \times mult_{\text{bank}}.$$

*Bank multiplikatory täjirçilik banklarynyň hasaplarynda goýlan her bir pul birliginden bank ulgamynyň artdyryp biljek goýumlarynyň umumy möçberini* görkezýär. Ýokarda görkezilen mysalda başdaky goýumyň her bir dollary 5 dollar möçberinde bank hasaplarynyň serişdelerini ýokarlandyrýar.

*Multiplikator* iki ugra degişlilikde hereket edýär, ýagny eger pullar bank ulgamyna gelýän (goýumlaryň möçberi artýar) bolsa, pul toplumy artýar we bank ulgamyndan pul serişdeleri gidýän (hasaplardan pullaryň alynmagy) bolsa, onda ol azalýar. Düzgün boýunça ykdysadyýetde bir wagtda banka goýumlaryň goýulýandygy we olardaky hasaplardan pullaryň alynýandygy sebäpli, *pul toplumy uly möçberde üýtgemeýär*. Şeýle üýtgemeler Merkezi bankyň hökmany ätiýaçlyklaryň derejesini üýtgeden ýagdaýynda, onuň bankyň karz mümkinçiliklerine we bank multiplikatorynyň möçberine täsir edýändigi bilen baglanyşykly ýüze çykyp biler. Şonuň üçin hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň üýtgedilmegi Merkezi bankyň monetar syýasatynyň (pul toplumyny kadalaşdyrmak boýunça syýasat) esasy gurallarynyň biri hasaplanýar.

Bank multiplikatorynyň kömegi bilen diňe bir pul toplumynyň ululygyny ($M$) däl-de, onuň üýtgemelerini ($\Delta M$) hem hasaplap bolýar. Pul toplumynyň möçberini nagt we nagt däl pullaryň (täjirçilik banklarynyň gündelik hasabyndaky serişdeler), ýagny $M = C + D$ emele getirýändigi sebäpli, 1-nji bankyň goýumlaryna 1000$ möçberinde pul serişdeleri nagt pul aýlanyşygyndan gelýär. Olar öň pul toplumynyň düzüminde hasaba alnyp, diňe $C$ bilen $D$-niň arasynda serişdeleriň gaýtadan paýlanmagyny görkezýär. Şeýlelikde, goýumlaryň artmagynyň netijesinde pul toplumy 4000$ ($\Delta M = M - D_{\text{I}} = 5000 - 1000 = 4000$) möçberinde ýokarlandy, ýagny täjirçilik banklary şu ululykda puluň möçberini artdyrdylar. Bu olaryň beren karzlarynyň netijesi hasaplanýar we şonuň üçin puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy 1-nji bankyň karz mümkinçiliklerine laýyklykda 800$ möçberinde öz müşderilerine beren karzlarynyň netijesinde 2-nji bankyň goýumlarynyň umumy möçberiniň ýokarlanmagyndan başlanýar. Netijede, puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\Delta M = D_{II} + D_{III} + D_{IV} + D_{V} + \ldots = D \times (1-rr) + [D \times (1-rr)] \times (1-rr) + [D \times (1-rr)^2] \times (1-rr) + [D \times (1-rr)^3] \times (1-rr) + [D \times (1-rr)^4] \times (1-rr) + \ldots = 800 + 640 + 512 + 409{,}6 + 327{,}68 + \ldots = 800 \times (1/0{,}2) = 800 \times 5 = 4000$$

ýa-da $\Delta M = [D \times (1-rr)] \times (1/rr) = K \times (1/rr) = K \times mult_{\text{bank}} = 800 \times (1/0{,}2) = 4000.$

Şeýlelikde, puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi iki sany faktora bagly bolýar:

– täjirçilik banklarynyň beren karzlarynyň umumy möçberi;

– bank multiplikatorynyň ululygy.

Merkezi bank bu faktorlaryň haýsy hem bolsa birine ýa-da ikisine hem täsir edip, pul-karz syýasatyny amala aşyrmak arkaly puluň hödürlenmeginiň ululygyny üýtgedip bilýär.

Häzirkizaman şertlerinde banklaryň işinde *SWIFT ulgamy* giňden ulanylýar we ol *bankara maliýe telekommunikasiýalarynyň bütindünýä guramasy* diýmegi aňladýar (*SWIFT* – ***S**ociety for **W**orld-wide **I**nterbank **F**inancial **T**elekommunications*). Ol ilkinji gezek 1973-nji ýylda Belgiýada ulanylyp başlandy. Bu ulgam bank amallary, hasaplaşyklary bilen baglanyşykly maglumatlaryň gysga wagtyň dowamynda ugradylmagyna we kabul edilmegine mümkinçilik berýär hem-de bank hyzmatlarynyň hiline täsir edýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan monetar syýasatyň esasynda milli pulumyzyň hümmetini berkitmek, sazlaşykly pul-karz we walýuta syýasatyny ýöretmek boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär. 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan başlap, milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygy boýunça ýeke-täk, ýagny üýtgemeýän çalşyk hümmetine geçildi. Munuň esasynda, ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda ilatyň we beýleki ykdysady amallara gatnaşyjylaryň daşary ýurt puluna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga doly mümkinçilik döredildi.

*Türkmenistanyň milli manady ýurduň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi hasaplanýar.*

Türkmenistanyň Prezidentiniň «*Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (gymmatyny üýtgetmek) hakyndaky*» Permanyna laýyklykda, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Türkmenistanda köne nusgadaky 5000 (bäş müň) manadyň täze nusgadaky 1 (bir) manada deň bolan gatnaşygy kesgitlendi. Geçirilen denominasiýanyň netijesinde milli puluň dolanyşygy kadalaşdyryldy, bahalaryň emele gelşi ýönekeýleşdirildi we buhgalterçilik hasaba alnyşyny hem-de statistiki hasabatlaryň ýöredilişini kämilleşdirmäge giň mümkinçilikler döredildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda iki derejeli bank ulgamy hereket edýär. Iki derejeli bank ulgamy öz içine Türkmenistanyň Merkezi bankyny (birinji dereje) we täjirçilik banklaryny (ikinji dereje), şol sanda Türkmenistanda bellige alnan daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny we wekilhanalaryny öz içine alýar.

«*Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda*» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 17-nji martynda çykaran kararyna laýyklykda, hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligi ösdürmek bilen bagly taslamalary üçin karz bermäge ygtyýarly edilen banklar tarapyndan ýylda 5 göterim bilen esasy serişdeleri satyn almak üçin 10 ýyla we dolanyşyk serişdeleri üçin 1 ýyla çenli möhlete milli pulda we daşary ýurt pulunda karzlar berilýär.

*«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny»* durmuşa geçirmek maksady bilen, gurluşyk edaralary jaýlary gurmak üçin ýeňillikli şertlerde karzlaşdyrylýar, şeýle hem gurluşygy tamamlanan jaýlardan öýleri satyn almak üçin raýatlara ýeňillikli şertlerde ýylda 1 göterim bilen 30 ýyl möhlete karzlar berilýär.

Gaýtadan maliýeleşdirmek (*refinancing*) – bu Merkezi bank tarapyndan karz guramalarynyň (banklaryň) karzlaşdyrylmagyny aňladýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky esasy görkeziji hasaplanýan banklaryň ukyplylyk ýagdaýyny sazlamak üçin täjirçilik banklary bilen birnäçe karz amallaryny ýerine ýetirýär. Şol sanda maksatlaýyn karzlar, auksionyň üsti bilen karzlar, kömekçi karzlar berilýär. Häzirki wagtda emele gelen puluň hümmetsizlenmeginiň pes derejesini nazara almak bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan *gaýtadan maliýeleşdirmegiň* göterimi 5% derejesinde saklanýar.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *ultimate or primary goals of monetary policy* | *pul-karz syýasatynyň ilkinji maksatlary* |
| *domestic price stability* | *içerki bahalaryň durnuklylygy* |
| *external stability of the value of the currency* | *milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetiniň durnuklylygy* |
| *overall systemic stability in the financial system* | *maliýe ulgamynda umumy durnuklylygyň üpjün edilmegi* |
| *intermediate targets* | *aralyk maksatlar* |
| *open market operations* | *açyk bazardaky amallar* |
| *discount rate* | *gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi* |
| *required reserve ratio* | *hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi* |
| *excess reserves* | *artykmaç ätiýaçlyklar* |
| *refinancing* | *gaýtadan maliýeleşdirmek* |

# IX BAP
# PUL-KARZ SYÝASATY WE ONUŇ MAKSATLARY

## 9.1. Pul-karz syýasatynyň mazmuny, maksatlary we gurallary

Pul-karz ýa-da monetar syýasaty (*monetary policy*) ykdysadyýetde emele gelýän döwürleýin üýtgemeleriň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilen durnuklaşdyryş syýasatynyň bir görnüşi hasaplanýar. Islendik döwletiň durnuklaşdyryş, monetar syýasatynyň maksady aşakdaky taraplaryň üpjün edilmegi hasaplanýar:

*1) Durnukly ykdysady ösüş (sustainable economic growth);*

*2) Resurslaryň doly üpjünçiligi (full employment);*

*3) Bahalaryň durnukly derejesi (stability of prices);*

*4) Töleg balansynyň deňagramlylygy (balance of payments equilibrium).*

Döwlet ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak üçin pese gaçyş döwründe höweslendiriş ykdysady syýasatyny we ykdysady işjeňligiň ýokarlanýan şertlerinde çäklendiriş ykdysady syýasatyny alyp barýar. Pul-karz syýasaty jemi hödürlemege täsir etmek arkaly ykdysady ulgama täsir edýär. Kadalaşdyrmagyň obýekti hökmünde pul bazary we ilkinji nobatda pul toplumy çykyş edýär.

Pul-karz syýasaty Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýär we amala aşyrylýar. Ykdysadyýetde puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi diňe bir Merkezi bankyň ýerine ýetirýän amallarynyň netijesinde däl, täjirçilik banklarynyň, şeýle hem bank däl bölegiň (öý hojalyklary we kärhanalar) çözgütleriniň esasynda amala aşyrylýar.

Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň maksatlary aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

*1) puluň hödürlenmegine (pul toplumyna) gözegçilik etmek;*

*2) göterim derejesiniň ýagdaýyna gözegçiligi amala aşyrmak;*

*3) milli pul birliginiň (milli walýutanyň) alyş-çalyş hümmetine gözegçilik etmek.*

Puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi Merkezi bank tarapyndan *täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyklaryna (şeýle-de olaryň karz mümkinçiliklerine) we pul multiplikatoryna täsir etmek* arkaly amala aşyrylýar. Pul toplumynyň hakyky möçberi täjirçilik banklarynyň goýumlary kabul etmek we karz bermek boýunça geçirýän amallarynyň netijesi hasaplanýar. Puluň hödürlenmeginiň artmagy – höweslendiriş syýasatyna, pul toplumynyň azalmagy – çäklendiriş pul-karz syýasatyna laýyk gelýär.

Makroykdysady nazaryýetde *pula bolan nominal we real hyrydarlyk* tapawutlandyrylýar. Pula bolan nominal hyrydarlyk bahalaryň ýokarlanmagy netijesinde

üýtgeýär. Pula bolan real hyrydarlyk puluň satyn alyjylyk ukyby esasynda hasaplanýar.

$$\frac{M^D}{P}$$

$M^D$ – pula bolan nominal hyrydarlyk;

$P$ – bahalaryň ortaça derejesi.

Merkezi bankyň pul toplumynyň möçberine gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän pul-karz syýasatynyň *gurallary*:

1) *hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi (required reserve ratio);*

2) *gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi (discount rate);*

3) *açyk bazarda geçirilýän amallar (open market operations).*

Pul-karz syýasatynyň ilkinji guraly bolup *hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň üýtgemegi* (required reserve ratio) hasaplanýar. Hökmany ätiýaçlyklar täjirçilik banklarynyň goýumlarynyň bir bölegi bolup, bu ätiýaçlyklar karz berilmeýär we olar göterimsiz goýumlar hökmünde Merkezi bankda saklanýar. Hökmany ätiýaçlyklaryň möçberi ($R_{hökm.}$) Merkezi bank tarapyndan hökmany ätiýaçlyklaryň derejesine ($rr$) laýyklykda kesgitlenýär we ol täjirçilik banklarynyň goýumlarynyň umumy möçberinden ($D$) belli bir göterimi aňladýar. Hökmany ätiýaçlyklaryň möçberi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$R_{hökm.} = D \times rr.$$

Goýumyň her bir görnüşi üçin (talap edilýänçä, süýşürintgi, möhletli) olaryň öz hökmany ätiýaçlyklarynyň derejesi kesgitlenýär we goýumyň likwidlilik derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da bu dereje ýokary bolýar. Mysal üçin, talap edilýänçä goýumlaryň hökmany ätiýaçlyklarynyň derejesi möhletli goýumlar üçin kesgitlenen derejeden ýokary bolýar.

Eger Merkezi bank hökmany ätiýaçlyklaryň derejesini ýokarlandyrýan bolsa, onda puluň hödürlenmegi iki sebäbe görä azalýar:

*Birinjiden*, täjirçilik bankynyň karz mümkinçiligi, ýagny bankyň karz berip bilýän ätiýaçlyklarynyň möçberi peselýär. Belli bolşy ýaly, bankyň karz mümkinçiligi goýumlaryň jemi bilen hökmany ätiýaçlyklaryň jeminiň aratapawudyna ($K = D - R_{hökm.}$) deň bolýar. Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň ýokarlanmagy bilen täjirçilik bankynyň karzlaşdyrmak maksady üçin ulanmaga hukugy bolmadyk hökmany ätiýaçlyklarynyň möçberi ýokarlanýar we şonuň üçin täjirçilik bankynyň karz mümkinçiligi peselýär. Mysal üçin, täjirçilik bankynda goýumlaryň umumy möçberi 1000$, hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi 10%-e ($rr_1 = 0{,}1$) deň bolsa, onda karz mümkinçiligi, ýagny onuň karz berip bilýän serişdeleriniň jemi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$K_1 = D - R_{hökm.} = D - (D \times rr_1) = 1000 - 1000 \times 0{,}1 = 900.$$

Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi 20%-e ($rr_2 = 0{,}2$) deň bolsa, aşakdaky netije alnar:

$$K_2 = D - R_{\text{hökm.}} = D - (D \times rr_2) = 1000 - 1000 \times 0{,}2 = 800.$$

*Ikinjiden*, hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi bank multiplikatorynyň möçberini kesgitleýär we ol aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$mult_{\text{bank}} = 1/rr.$$

Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň 10%-den 20%-e çenli ýokarlanmagy bank multiplikatorynyň möçberini 10-dan (1/0,1) 5-e (1/0,2) çenli peseldýär. Şeýlelikde, hökmany ätiýaçlyklaryň üýtgemegi pul toplumyna iki ugur boýunça täsir edýär:

1) täjirçilik banklarynyň karz mümkinçilikleriniň üýtgemegi arkaly;

2) multiplikatoryň möçberiniň üýtgemegi arkaly.

Netijede, hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň az möçberde üýtgemegi pul toplumynyň güýçli üýtgemegine getirip biler. Ýokarda görkezilen mysalda hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň 10%-e ($rr_1 = 0{,}1$) deň bolan ýagdaýynda puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi şeýle kesgitlenýär:

$$\Delta M_1 = K_1 \times mult_1 = 900 \times 10 = 9000.$$

Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň 20%-e ($rr_2 = 0{,}2$) deň bolan ýagdaýynda puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi aşakdaky görnüşde hasaplanýar:

$$\Delta M_2 = K_2 \times mult_2 = 800 \text{ x } 5 = 4000.$$

Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň durnuklylygy täjirçilik banklarynyň işleriniň talabalaýyk gurnalmagynyň esasy bolup çykyş edýär. Şonuň üçin bu gural düzgün boýunça ykdysady taýdan ösen döwletlerde puluň hödürlenmegine gündelik gözegçiligi amala aşyrmak maksady üçin ulanylmaýar. Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň üýtgemegi Merkezi bankyň pul toplumynyň möçberini düýpli ýokarlandyrmak ýa-da peseltmek boýunça çäreleriň toplumyny amala aşyran ýagdaýynda ýüze çykýar. XX asyryň 80-nji ýyllarynda ösen döwletlerde bu görkezijä gaýtadan seretmegiň tehniki kynçylyklary sebäpli, bu gural pul toplumyny dolandyrmagyň çeýe serişdesi hökmünde ulanylmagyny bes etdi.

*«Nagt pullar – goýumlar»* koeffisiýentiniň $cr$ = 20%, artykmaç ätiýaçlyklaryň derejesiniň $er$ = 5%-e deň bolmagy hem-de pul binýadynyň 1000 *mlrd* manat möçberinde hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň $rr_0$ = 15%-den $rr_1$ = 5%-e çenli peseldilmegi netijesinde ykdysadyýetdäki pul toplumy $M^S_0$-dan $M^S_1$-e çenli ýokarlanar:

$$M^S_0 = M^B \times (1 + cr)/(cr + rr_0 + er) = 1000 \times (1 + 0{,}2)/(0{,}2 + 0{,}15 + 0{,}05) = 1000 \times \times 3 = 3000 \textit{ mlrd manat}.$$

$$M^S_1 = M^B \times (1 + cr)/(cr + rr_1 + er) = 1000 \times (1 + 0{,}2)/(0{,}2 + 0{,}05 + 0{,}05) = 1000 \times \times 4 = 4000 \textit{ mlrd manat}.$$

Ýokardaky mysaldan görnüşi ýaly, hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň 15%--den 5%-e çenli peseldilmegi pul multiplikatoryny 3-den 4-e çenli ýokarlandyrdy we üýtgemeýän pul binýadynda puluň hödürlenmegini 1000 *mlrd* manat möçberinde artdyrdy.

Hökmany ätiýaçlyklaryň $rr_0$ = 15%-den $rr_2$ = 25%-e çenli ýokarlandyrylmagy netijesinde puluň hödürlenmegi $M^S_0$ =3000 *mlrd* manatdan $M^S_2$-ä çenli azalýar.

$$M^S_2 = M^B \times (1 + cr) / (cr + rr_2 + \text{er}) = 1000 \times (1 + 0{,}2) / (0{,}2 + 0{,}25 + 0{,}05) =$$
$$= 1000 \times 2{,}4 = 2400 \text{ } mlrd \text{ manat.}$$

Netijede, hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň 15%-den 25%-e çenli ýokarlanmagy pul multiplikatorynyň 3-den 2,4-e çenli peselmegine we üýtgemeýän pul binýadynda puluň hödürlenmeginiň 600 mlrd manat möçberinde azalmagyna getirdi.

Pul-karz syýasatynyň ikinji guraly hökmünde gaýtadan *maliýeleşdirmegiň derejesiniň (discount rate) kadalaşdyrylmagy* çykyş edýär. *Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi – bu Merkezi bankyň täjirçilik banklaryna berýän karzynyň göterim derejesi.* Täjirçilik banklary eger garaşylmaýan ýagdaýlarda ätiýaçlyklaryň üstüniň gysga wagtyň dowamynda doldurylmagy bilen baglanyşykly zerurlyk ýa-da çylşyrymly maliýe ýagdaýyndan çykmak üçin mesele ýüze çykan ýagdaýynda Merkezi banka karz almak üçin ýüz tutýarlar. Şeýle ýagdaýda Merkezi bank *iň ýokary derejede karz beriji* hökmünde çykyş edýär.

Merkezi bankdan gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi boýunça karz alnan pul serişdeleri täjirçilik banklarynyň goşmaça ätiýaçlyklaryny görkezýär we olar pul toplumynyň multiplikatiw ýokarlanmagynyň esasy bolup çykyş edýär. Şonuň üçin Merkezi bank gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini üýtgetmek arkaly puluň hödürlenmegine täsir edýär. Täjirçilik banklary gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini ätiýaçlyklaryň alynmagy bilen baglanyşykly harajatlar hökmünde kabul edýär. Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi näçe ýokary bolsa, täjirçilik banklary Merkezi bankdan az möçberde karz alýar we şonuň üçin olaryň karz berip bilýän ätiýaçlyklarynyň möçberi az bolýar. Banklaryň karz mümkinçilikleri näçe pes bolsa, şonça-da olar az möçberde karz berýärler we şonça-da pul toplumy azalýar. Eger gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi peselýän bolsa, onda bu ýagdaý täjirçilik banklarynyň öz ätiýaçlyklaryny ýokarlandyrmagy üçin Merkezi bankdan serişde almagyna itergi berýär. Olaryň ätiýaçlyklary ýokarlanýar, karz mümkinçilikleri giňelýär we pul toplumynyň multiplikatiw ýokarlanmagy başlanýar hem-de ol aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\Delta M = \Delta K \times mult_{\text{bank}} = \Delta K \times (1/rr).$$

Şeýlelikde, hökmany ätiýaçlyklaryň üýtgemeginiň puluň hödürlenmegine edýän täsirinden tapawutlylykda, *gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň üýtge-*

*megi bank multiplikatorynyň ululygyny üýtgetmän, diňe täjirçilik banklarynyň karz mümkinçilikleriniň möçberine täsir edýär*.

Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň üýtgemegi hem pul-karz syýasatynyň çeýe guraly hasaplanmaýar. Bu, ilkinji nobatda, ösen döwletlerde täjirçilik banklarynyň Merkezi bankdan alýan karzlarynyň möçberiniň köp däldigi bilen baglanyşykly. Merkezi bank täjirçilik banklarynyň ondan karz almak mümkinçiliginden zerurlyklaryň ýüze çykmaýan ýagdaýynda peýdalanmaga ýol bermeýär. Ol diňe bilermenleriň bahalary boýunça, hakykatdan hem, bankyň serişdelere zerurlygynyň emele gelen ýagdaýyny, onuň maliýe kynçylyklarynyň sebäpleriniň obýektiw häsiýetlidigini göz öňünde tutup, serişdeleri karz hökmünde täjirçilik banklaryna berýär.

Şonuň üçin gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň üýtgemegi Merkezi bankyň syýasatynyň göz öňünde tutýan ugurlary barada maglumat hökmünde kabul edilýär. Mysal üçin, Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmek derejesiniň ýokarlandyrylmagynyň göz öňünde tutulýandygy baradaky bildirişi onuň çäklendiriji pul-karz syýasatyny (düzgün boýunça hümmetsizlenmegе garşy çäre) alyp barmagy göz öňünde tutýandygy barada ykdysady gatnaşyjylara habar berýär. Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi bankara göterim derejesini (täjirçilik banklarynyň biri-birine berýän karzynyň göterim derejesi) kesgitlemek we täjirçilik banklarynyň ykdysadyýetiň bank däl bölegine (öý hojalyklary we kärhanalar) berýän karzynyň göterim derejesini kesgitlemek üçin özboluşly ölçeg hasaplanýar.




*a) pul toplumynyň azalmagy* *b) pul toplumynyň artmagy*

*9.1-nji şekil. Puluň hödürlenmeginiň üýtgemeginiň göterim derejesine edýän täsiri*

Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini ýokarlandyrýan ýagdaýynda pul toplumy azalýar (puluň hödürlenmeginiň egri çyzygynyň $M^S_1$-den $M^S_2$-ä çenli çepe süýşmesi), göterimiň bazar derejesi ($R_1$-den $R_2$-ä çenli) bolsa ýokarlanýar (*9.1-nji a şekil*).

Eger Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini ýokarlandyrmagyň mümkinçiligi barada bildiriş yglan eden ýagdaýynda, ykdysady gatnaşyjylar bu çäräniň pul toplumynyň möçberini peseltmeginiň mümkindigini bilýärler. Şonuň üçin ykdysadyýet bu ýagdaýy çalt kabul edýär we täjirçilik banklary karzlar boýunça göterim derejesini ýokarlandyrýarlar, pullar (karzlar) gymmatlaýar hem-de pul toplumy azalýar.

Berlen mysala laýyklykda, gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň peseldilmegi netijesinde pul binýady 100 *mlrd* manat möçberinde artýar we ol puluň hödürlenmegini 300 *mlrd* manat möçberinde ýokarlandyrýar.

$$\Delta M^S = \Delta M^B \times (1 + cr)/(cr + rr_0 + er) = 100 \times (1 + 0{,}2)/(0{,}2 + 0{,}15 + 0{,}05) =$$
$$100 \times 3 = 300 \; mlrd\; manat.$$

Pul toplumyna gözegçiligi amala aşyrmagyň wajyp serişdesi hökmünde *açyk bazardaky amallar* (open market operations) çykyş edýär. *Açyk bazardaky amallar* gymmatly kagyzlaryň ikinji bazarynda *Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satýandygyny we satyn alýandygyny* aňladýar. (Gymmatly kagyzlaryň ilkinji bazarynda Merkezi bankyň işi, düzgün boýunça kanun taýdan gadagan edilýär). Açyk bazardaky amallaryň obýekti hökmünde agdyklaýyn gaznaçylyk wekselleri we döwletiň gysga möhletli obligasiýalary çykyş edýär.

Döwletiň gymmatly kagyzlary täjirçilik banklaryna hem-de ilata satylýar we satyn alynýar. Merkezi bankyň döwlet obligasiýalaryny birinji we ikinji ýagdaýda satyn almagy täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyklaryny ýokarlandyrýar. Eger Merkezi bank täjirçilik bankyndan gymmatly kagyzlary satyn alýan bolsa, onda ol onuň Merkezi bankdaky ätiýaçlyklarynyň möçberini ýokarlandyrýar. Bank ulgamynyň ätiýaçlyk goýumlarynyň umumy möçberi artýar, banklaryň karz mümkinçilikleri ýokarlanýar we ol goýumlaryň multiplikatiw artmagyna getirýär. Şeýlelikde, gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň üýtgemegi ýaly, *açyk bazardaky amallar täjirçilik banklarynyň karz mümkinçilikleriniň möçberine täsirini ýetirmek arkaly puluň hödürlenmeginiň üýtgemegine täsir edýär*. Bu ýagdaýda bank multiplikatorynyň möçberi üýtgemeýär.

Eger Merkezi bank ilatdan (öý hojalyklary ýa-da kärhanalar) gymmatly kagyzlary satyn alýan bolsa, onda satýan taraplar Merkezi bankdan alýan pul serişdelerini täjirçilik banklarynda öz hasaplarynda goýýarlar we täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyklary ýokarlanýar. Puluň hödürlenmegi täjirçilik banklarynyň gymmatly kagyzlary satýan ýagdaýyndaky sebäplere görä ýokarlanýar. Olaryň tapawudy täjirçilik bankynyň satýan tarap hökmünde çykyş edýän ýagdaýynda onuň ätiýaçlyklarynyň satyn alynýan obligasiýalaryň jemine laýyklykda ýokarlanýandygy bilen düşündirilýär. Eger gymmatly kagyzlary hususy taraplar satýan bolsa, onda gündelik hasapdaky (goýumlaryň möçberi) pul serişdeleri ýokarlanýar. Şonuň üçin hökmany ätiýaçlyklaryň derejesine laýyklykda, goýumlaryň belli bir böleginiň hökmany ätiýaçlyklara geçirilýändigi sebäpli, bank ulgamynyň karz mümkinçilikleri pes bolýar.

Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi 20% ($rr$ = 20%) möçberinde kesgitlense we eger Merkezi bank täjirçilik bankyndan 1000$-a deň bolan gymmatly kagyzlary satyn alýan bolsa, onda bankyň ätiýaçlyklary, onuň karz mümkinçilikleri 1000$ möçberinde ýokarlanar. Şonuň üçin bu amallaryň netijesinde puluň hödürlenmeginiň iň ýokary derejede artmagy aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$\Delta M = \Delta K \times mult_{\text{bank}} = \Delta K \times 1/rr = 1000 \times 1/\,0{,}2 = 1000 \times 5 = 5000.$$

Şeýle ýagdaýda pul toplumy döwletiň gymmatly kagyzlarynyň satyn alnan möçberiniň ($B$) bank multiplikatoryna köpeldilmegine deň bolan ululykda üýtgeýär:

$$\Delta M = B \times mult_{\text{bank}} = B \times 1/rr.$$

Eger satyn alyjy hökmünde hususy tarap çykyş edip, Merkezi bankdan alan 1000$-ny täjirçilik bankynda öz goýum hasabynda ($\Delta D$ = 1000$) goýýan bolsa, onda täjirçilik bankynyň karz mümkinçiligi diňe 800$ ($\Delta K$ = 800$) möçberinde artar, sebäbi bank hökmany ätiýaçlygy 200$ ($\Delta R_{\text{hökm.}} = \Delta D \times rr = 1000 \times 0{,}2 =$ $= 200$) möçberinde ýokarlandyrmaly bolýar. Netijede, pul toplumynyň ýokarlanmagy Merkezi bankyň täjirçilik banklaryndan döwlet obligasiýalaryny satyn alýan ýagdaýyndakydan pes bolýar.

$$\Delta M = \Delta K \times mult_{\text{bank}} = \Delta K \times 1/rr = 800 \times 1/\,0{,}2 = 800 \times 5 = 4000.$$

Merkezi bankyň gymmatly kagyzlary satyn almagy *pese gaçma döwründe* gysga wagtyň dowamynda ykdysady ýagdaýa täsir etmegiň serişdesi hökmünde ulanylýar. Hümmetsizlenme döwründe Merkezi bank açyk bazarda üpjünçiligiň has ýokary bolan *döwletiň gymmatly kagyzlaryny satmaly bolýar*. Bu täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyklaryny peseldip, olaryň karz mümkinçiliklerini ep-esli çäklendirýär. Netijede, ol Merkezi bankyň täjirçilik banklaryna döwletiň gymmatly kagyzlaryny satýan ýagdaýynda we satyn alýan taraplar hökmünde öý hojalyklary hem-de kärhanalar (bank däl bölüm) çykyş edýän ýagdaýynda pul toplumynyň multiplikatiw azalmagyna getirýär. Bu ykdysady işjeňlige çäklendiriş täsirini ýetirýär.

Açyk bazarda amallary geçirmegiň mümkinçiligi Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satmagynyň we satyn almagynyň täjirçilik banklary hem-de ilat üçin peýdalylygy bilen şertlendirilýär. Obligasiýalaryň bahalary we göterim derejesi ters baglanyşykda bolsa, onda Merkezi bank döwlet obligasiýalaryny satyn alýar, olara hyrydarlyk ýokarlanýar we ol bahalaryň ýokarlanmagyna hem-de göterim derejesiniň peselmegine getirýär.

Döwlet obligasiýalarynyň eýeleri (täjirçilik banklary we ilat) obligasiýalaryň satyn alnan bahasy bilen satylýan bahasynyň arasyndaky tapawudyň (capital gain) hasabyna, girdeji almaga mümkinçilik berýändigi sebäpli, olary Merkezi banka satyp başlaýarlar. Merkezi bankyň gymmatly kagyzlary satýan wagtynda olaryň hödürlenmegi ýokarlanýar we bu olaryň bahalarynyň peselmegine we göterimiň ýokarlanmagyna getirýär. Şeýle ýagdaýda satyn almak amatly hasaplanýar.

13. Sargyt № 466.

Şeýlelikde, Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almagynyň netijesi hökmünde bank ätiýaçlyklaryna serişdeleriň gelmegi we olary satmagyň netijesi hökmünde serişdeleriň gitmegi pul-karz syýasatynyň beýleki gurallaryna görä bank ulgamynyň çalt hereket etmegine getirýär. Şonuň üçin *açyk bazardaky amallar puluň hödürlenmeginiň möçberine täsir etmegiň has netijeli we çeýe usuly hasaplanýar.*

Ähli döwletlerde puluň hödürlenmegi merkezi we täjirçilik banklary tarapyndan kadalaşdyrylýar. Puluň hödürlenmegi ($M^S$ – *money supply*) nagt pullaryň ($C$ – *cash*) we goýumlaryň ($D$ – *deposits*) jemini görkezýär.

$$M^S = C + D.$$

Merkezi bank, ilkinji nobatda, pul binýadyny, ýagny ýurtdaky pul toplumyna bagly bolan aktiwleriň möçberini kadalaşdyrýar.

Pul binýady ($M^B$ – *money base*) nagt pullary ($C$ – *cash*) we bankyň ätiýaçlyklaryny ($R$ – *reserves*) öz içine alýar.

$$M^B = C + R.$$

Puluň hödürlenmek modelinde üç sany üýtgeýän ululyk seljerilýär:

1) *Pul binýady* ($M^B = C + R$);

2) *Ätiýaçlyklaryň derejesi* ($rr$ – *reserve ratio*). Bu ätiýaçlyklara goýulýan bank goýumlarynyň paýyny görkezýär. Merkezi bank täjirçilik banklary üçin merkezi bankda göterimsiz goýumlar hökmünde saklanýan ätiýaçlyklaryň derejesini kesgitleýär. Ätiýaçlyklaryň derejesi täjirçilik banklarynda goýulýan goýumlaryň möçberine baglylykda göterimde kesgitlenýär. Bu göterim dürli çemeleşmeleri göz öňünde tutýar: talap edilýänçä goýumlaryň derejesi möhletli goýumlara garanyňda ýokary bolýar;

3) *Puluň ätiýaçlyklar hökmünde goýulmagynyň koeffisiýenti* ($cr$ – *coefficient of reservation*). Ol pul toplumynyň nagt pullara we goýumlara bölünmegi babatda ilatyň ileri tutmalaryny görkezýär.

Puluň hödürlenmeginiň umumy modeli pul multiplikatoryny öz içine alýar we ol puluň hödürlenmeginiň pul binýadyna bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$m = \frac{M^S}{M^B} \rightarrow M^S = m \times M^B.$$

Pul multiplikatory aşakdaky görnüşde hem hasaplanyp bilinýär:

$$m = \frac{cr + 1}{cr + rr}.$$

Pul binýadynyň puluň hödürlenmegine multiplikatiw (köpeldiji) täsirini ýetirýändigi sebäpli *netijeliligi ýokarlandyrylan pullar* diýlip atlandyrylýar.

Ýurtdaky puluň möçberiniň ýokarlanmak mümkinçiligi aşakdaky ýagdaýlara bagly bolýar:

1) pul binýadynyň ýokarlanmagy;
2) ätiýaçlyk derejesiniň peselmegi;
3) täjirçilik banklarynyň artykmaç ätiýaçlyklarynyň azalmagy;
4) ilatyň töleg serişdeleriniň umumy möçberinde nagt pullaryň paýynyň azalmagy.

## 9.2. Milli ykdysadyýetde alnyp barylýan pul-karz syýasaty

Milli ykdysadyýetde alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň gurallary:
1) Bankara bazarynda ýerine ýetirilýän amallar.
2) Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi.
3) Hökmany ätiýaçlyklar.
4) Walýuta interwensiýasy.
5) Karz auksiony.
6) Kömekçi karz puly.
7) Goýum amallary.

*Bankara bazarynda ýerine ýetirilýän amallar.* Türkmenistanyň Merkezi banky (TMB) bankara bazarynda, esasan, gysga möhletli karz amallaryň üsti bilen maliýe ulgamyndaky ukyplylygy ýokary bolan serişdeleri kadalaşdyrýar. Bankara karzlaşdyrmasy Merkezi bankyň kömekçi karzlary bilen bir hatarda aragatnaşyk hasaplary dolmagyň we maliýe bazarynyň beýleki ulgamlarynda aktiw amallary geçirmegiň möhüm çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ol Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gatnaşmagynda karz auksionlary arkaly amala aşyrylýar.

*Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi.* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň möhüm gurallarynyň biri hökmünde göterimiň möçberi çykyş edýär. Gaýtadan maliýeleşdirmegiň möçberi döwletiň göterim syýasatynyň esasy bolup, ykdysadyýetiň maliýe ulgamynda göterim derejelerini kesgitlemekde ugrukdyryjy bolup durýar. Bank ulgamyndaky göterim derejesini peseltmek arkaly ykdysady işjeňligi ýokarlandyrmak Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup, ony amala aşyrmak üçin gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterim derejesinden peýdalanylýar. Häzirki wagtda gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterim derejesi 5%-e deňdir.

*Hökmany ätiýaçlyklar.* Hökmany ätiýaçlyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň gurallarynyň biri bolup, pul multiplikatorynyň hereketi arkaly pul agregatlarynyň möçberine täsir edýär. Hökmany ätiýaçlyklar banklaryň karz mümkinçiliklerini çäklendirmek we pul toplumynyň möçberini talabalaýyk derejede saklamak maksady bilen kesgitlenilýär. Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi aşakdaky möçberlerde kesgitlendi:

– milli puldaky möhletli serişdeler boýunça 3%;
– daşary ýurt pulundaky möhletli goýumlar boýunça 5%;
– milli puldaky beýleki serişdeler boýunça 10%;
– daşary ýurt pulundaky beýleki serişdeler boýunça 8%.

Häzirki wagtda ähli täjirçilik banklary hökmany ätiýaçlyklar boýunça talaplary berjaý edýärler. Banklaryň hökmany ätiýaçlyklarynyň gözegçiligi her aýda TMB tarapyndan «Hökmany ätiýaçlyklary kadalaşdyrmaklygyň goruna» geçirilen serişdeleri deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

*Walýuta interwensiýasy.* Bu Merkezi bankyň walýuta bazarynda daşary ýurt pullaryny satmak we satyn almak amallary arkaly milli manadyň alyş-çalyş hümmetine täsir etmek maksady bilen geçirilýän işleriň toplumyny öz içine alýar. Milli manadyň alyş-çalyş hümmetini ýokarlandyrmak üçin Merkezi bank daşary ýurt puluny satýar, peseltmek üçin bolsa daşary ýurt puluny milli manada çalşyp satyn alýar. Merkezi bank walýuta interwensiýasyny milli manadyň alyş-çalyş hümmetini satyn alyjylyk ukybyna has ýakynlaşdyrmak üçin geçirýär. Şeýle-de bu amallar harytlary we hyzmatlary eksport edýän kärhanalaryň hem-de olary import edýän kärhanalaryň arasyndaky ylalaşygy tapmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Karz auksiony.* Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz auksionyny geçirmegiň maksady, banklaryň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdelerini aýlanyşyga çekip, olary banklara ýerleşdirmeklik bilen karzlaşdyrmaklyga, şeýle hem banklaryň tölege ukyplylygyny goldamaklyga gönükdirmekden ybaratdyr. Auksiona gatnaşyjylar bolup, TMB we Türkmenistanyň çäginde bellige alnan täjirçilik banklary çykyş edýär. Olaryň satyjy ýa-da alyjy hökmünde karz auksionyna gatnaşmak we beýleki banklaryň adyndan serişdeleri satyn almak hem-de satmak hukuklary bardyr. Geleşigiň esasy obýekti bolup, bazar hyrydarlygy hem-de hödürlemesi esasynda möçberi we bahasy kesgitlenilýän milli pulumyzdaky pul serişdeleri çykyş edýär.

*Kömekçi karz puly.* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň gurallarynyň biri bolup, ol gysga wagtyň dowamynda täjirçilik banklarynyň ukyplylyk (likwidlilik) ýagdaýyny kadalaşdyrmak üçin niýetlenendir. Kömekçi karz puly täjirçilik banklarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasaplaşyk merkezindäki açylan aragatnaşyk hasabynyň debet galyndysynyň emele gelmeginiň öňüni almak maksady bilen ulanylýar.

*Goýum amallary.* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň goýum amallaryny geçirmek maksady, bank ulgamynyň likwidli serişdelerini ugrukdyrmak arkaly banklaryň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdelerini goýumlara çekmekden ybaratdyr. Merkezi bank goýum amallaryny goýum auksiony görnüşinde geçirip, bellenen göterim derejesi boýunça hem-de goýumyň şertlerini kesgitleýän ylalaşygyň esasynda amala aşyrýar.

### 9.3. Pul-karz syýasatynyň görnüşleri

Pul-karz syýasatynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) höweslendiriji pul-karz syýasaty (*expansionary policy*);

2) çäklendiriji pul-karz syýasaty (*contractionary policy*).

– *höweslendiriji pul-karz syýasaty pese gaçyş döwründe* amala aşyrylýar. Onuň maksady ykdysadyýetiň ýagdaýyny gowulandyrmak, ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagyny höweslendirmek hasaplanýar we ol *işsizlige garşy göreş serişdesi* hökmünde ulanylýar. Höweslendiriji pul-karz syýasaty puluň hödürlenmegini ýokarlandyrmak boýunça Merkezi bankyň amala aşyrýan çärelerini aňladýar.

Höweslendiriji pul-karz syýasatynyň gurallary hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

*1) ätiýaçlyk talaplarynyň derejesini peseltmek;*

*2) gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini peseltmek;*

*3) Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almagy.*

Jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagy (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň $AD_1$--den $AD_2$-ä çenli saga süýşmegi) puluň hödürlenmeginiň artmagyna getirýär we ol önümçiligiň $Y_1$-den $Y^*$-a çenli ýokarlanmagyny, pese gaçmagyň öňüniň alynmagyny hem-de resurslaryň doly üpjünçilik derejesinde ulanylmagyny üpjün edýär (*9.3-nji a şekil*).

– *çäklendiriji pul-karz syýasaty* real JIÖ-niň garaşylýan JIÖ-niň möçberinden ýokary bolan ýagdaýynda, ýagny *üpjünçiligiň has ýokary ýagdaýynda we hümmetsizlenmek şertlerinde (boom)* alnyp barylýar. Ykdysadyýet ykdysady işjeňligiň peseldilmegine gönükdirilýär we ol *hümmetsizlenmege garşy göreş* serişdesi hökmünde çykyş edýär. Çäklendiriji pul-karz syýasaty Merkezi bankyň *puluň hödürlenmegini peseltmek* boýunça amala aşyrýan çäreleriniň toplumyny aňladýar. Bu çärelere aşakdakylar degişli hasaplanýar:

*1) ätiýaçlyk talaplarynyň derejesini ýokarlandyrmak;*

*2) gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesini ýokarlandyrmak;*

*3) Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satmagy.*

*9.1-nji tablisa*

**Pul-karz syýasaty we onuň gurallary**

| Ykdysady syýasatyň görnüşi | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesiniň üýtgemegi | Gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesiniň üýtgemegi | Açyk bazardaky ýerine ýetirilýän amallar |
|---|---|---|---|
| *Höweslendiriji syýasat* | *peselýär* | *peselýär* | *Döwlet obligasiýalarynyň satyn alynmagy* |
| *Çäklendiriji syýasat* | *ýokarlanýar* | *ýokarlanýar* | *Döwlet obligasiýalarynyň satylmagy* |

## 9.4. Pul-karz syýasatynyň ykdysadyýete edýän täsiri

Puluň hödürlenmeginiň azalmagy jemi hyrydarlygy peseldýär (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň $AD_1$-den $AD_2$-ä çenli çepe süýşmegi) we ol bahalaryň derejesiniň $P_1$-den $P_2$-ä çenli peselmegini (şonuň üçin ol hümmetsizlenmege garşy çäre hasaplanýar) hem-de önümçiligiň möçberiniň öz garaşylýan derejesine $Y^*$ gaýdyp gelmegini üpjün edýär (*9.2-nji b şekil*).




*a) höweslendiriji monetar syýasat* *b) çäklendiriji monetar syýasat*

*9.2-nji şekil. Pul-karz syýasatynyň ykdysadyýete edýän täsiri*

Şeýlelikde, pul-karz syýasatynyň täsiri *gysga möhletli döwürde* amala aşyrylýar we ol Merkezi bankyň puluň hödürlenmeginiň möçberini üýtgetmeginiň kömegi bilen *jemi hyrydarlyga täsir etmek* arkaly ykdysadyýetde döwürleýin üýtgemeleriň kadalaşdyrylmagyna (ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagy) gönükdirilýär.

Puluň hödürlenmeginiň ykdysadyýete edýän täsiriniň aýratyn ugurlaryny seljermek zerur hasaplanýar. *Pul bazaryndaky ýagdaýyň üýtgemeginiň harytlar we hyzmatlar bazaryndaky (real bazarda) ýagdaýyň üýtgemelerine edýän täsirini görkezýän mehanizme «pul transmissiýasynyň mehanizmi»* («money transmission mechanism») ýa-da «puluň geçirilmeginiň mehanizmi» diýilýär. Göterim derejesi pul we haryt bazarlarynyň arasyndaky baglaşdyryjy bölüm hökmünde çykyş edýär. Göterimiň deňagramly derejesi pul bazarynda pula bolan hyrydarlygyň we puluň hödürlenmeginiň arasyndaky gatnaşygyň netijesinde emele gelýär. Merkezi bank puluň hödürlenmegini üýtgetmek arkaly göterim derejesine täsir edýär. Göterim derejesi bilen puluň hödürlenmeginiň arasynda ters baglanyşyk emele gelýär. Eger puluň hödürlenmegi azalýan bolsa, onda göterim derejesi ýokarlanýar (*9.3-nji a şekil*). Eger puluň hödürlenmegi ýokarlanýan bolsa, onda göterim derejesi peselýär (*9.3-nji b şekil*). Göterim derejesi karz serişdeleriniň bahasy (karzyň bahasy) hasaplanyp, kärhanalaryň maýa goýum çykdajylaryna täsir edýär. Göterimiň derejesi näçe ýokary bolsa, kärhanalar şonça-da az karz alýarlar we şol derejede

maýa goýum harajatlarynyň umumy möçberi pes bolýar hem-de onuň netijesinde önümçiligiň möçberi azalýar.




*a)pul bazary* *b) maýa goýum bazary* *ç) harytlaryň we hyzmatlaryň bazary*

*9.3-nji şekil. Arzan pullar syýasaty*

Pese gaçyş döwründe puluň geçirilmek, ýagny transmissiýa mehanizmi 9.3-nji şekilde grafiki görnüşde düşündirilýär we ol aşakdaky yzygiderlilik boýunça beýan edilýär:

Eger ykdysadyýetde pese gaçmak emele gelen bolsa → Merkezi bank döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alýar → täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyklary ýokarlanýar → karz mümkinçilikleri artýar → banklar köp möçberde karz berýärler → puluň hödürlenmegi multiplikatiw ýokarlanýar (puluň hödürlenmeginiň egri çyzygy $M^S_1$-den $M^S_2$-ä çenli saga süýşýär (*9.3-nji a şekil*) → göterim derejesi (karzyň bahasy) peselýär ($r_1$-den $r_2$-ä çenli) → kärhanalar arzan karzlary uly möçberde alýarlar → maýa goýum çykdajylarynyň möçberi ýokarlanýar ($I_1$-den $I_2$-ä çenli (*9.3-nji b şekil*)) → jemi hyrydarlyk ýokarlanýar (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň $AD_1$--den $AD_2$-ä çenli saga süýşmegi (*9.3-nji ç şekil*)) → önümçiligiň möçberi artýar ($Y_1$--den $Y^*$-a çenli). Bu pese gaçyş ýagdaýyndan çykmak maksady bilen alnyp parylýan syýasat we ol *arzan pullar syýasaty* («easy money policy») diýlip atlandyrylýar hem-de höweslendiriji pul-karz syýasatyna laýyk gelýär.

Üpjünçiligiň has ýokary we hümmetsizlenmek (boom) şertlerinde Merkezi bankyň alyp barýan hem-de hümmetsizlenmege garşy göreşmek maksady bilen ykdysady işjeňligiň peseldilmegine gönükdirilen syýasat *gymmat pullar syýasaty* («tight money policy») diýlip atlandyrylýar we ol çäklendiriji pul-karz syýasatyna laýyk gelýär. Pul-karz syýasatynyň bu görnüşi 9.4-nji şekilde grafiki görnüşde düşündirilýär we aşakdaky yzygiderlilikde beýan edilýär. Eger ykdysadyýetde üpjünçiligiň has ýokary derejesi we hümmetsizlenmek emele gelen bolsa → Merkezi bank döwletiň gymmatly kagyzlaryny satýar → täjirçilik banklarynyň ätiýaç-

lyklary azalýar → bankyň karz mümkinçilikleri peselýär → puluň hödürlenmegi multiplikatiw azalýar (puluň hödürlenmeginiň egri çyzygynyň $M^S_1$-den $M^S_2$-ä çenli çepe süýşmegi (*9.4-nji a şekil*) → göterim derejesi (karzyň bahasy) ýokarlanýar ($r_1$--den $r_2$-ä çenli) → kärhanalaryň gymmat karzlara bolan hyrydarlygy peselýär → maýa goýum çykdajylarynyň möçberi azalýar ($I_1$-den $I_2$-ä çenli (*9.4-nji b şekil*) → jemi hyrydarlyk peselýär (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň $AD_1$-den $AD_2$-ä çenli çepe süýşmegi (*9.4-nji ç şekil*) → önümçiligiň möçberi azalýar we öňki garaşylýan derejesine $Y^*$ gaýdyp gelýär, bahalaryň derejesi bolsa ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) ýokarlanýar.




*a) pul bazary* *b) maýa goýum bazary* *ç) harytlaryň we hyzmatlaryň bazary*

*9.4-nji şekil. Gymmat pullar syýasaty*

Iki ýagdaýda hem degişli ykdysady çäreleriň geçirilmegi netijesinde ykdysadyýet durnuklaşdyrylýar.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» kanunda pul-karz syýasatynyň esasy gurallary hökmünde aşakdakylar görkezilýär:

1) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary boýunça göterim derejeleri;

2) Türkmenistanyň Merkezi bankynda saklanýan ätiýaçlyk talaplaryň möçberleri;

3) açyk bazardaky amallar;

4) karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmek;

5) pul interwensiýalary;

6) pul toplumynyň ösüşiniň gözükdirijilerini bellemek;

7) göni mukdar çäklendirmeleri;

8) pul-karz syýasatynyň beýleki gurallary.

Pul-karz syýasatynyň gurallary Merkezi banka pul toplumynyň möçberine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Ätiýaçlyk talaplaryň möçberini kesgitlemek esasy meseleleriň biri hasaplanýar. Ätiýaçlyk talaplary – bu Türkmenistanyň bank ulgamynyň umumy ukyplylygyny düzgünleşdirmek maksady bilen karz

edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda saklanýan serişdeleridir. Onuň möçberi bankyň borçnamalarynyň 20%-inden ýokary bolmaly däl.

Halkara tejribesinde pul aýlanyşygyny durnuklaşdyrmak ýa-da düzgünleşdirmek üçin aşakdaky usullar ulanylýar:

– denominasiýa (*denomination*) – ýurtda töleg amallaryny ýeňilleşdirmek we ýönekeýleşdirmek maksady bilen pul birliginiň hümmetini ýokarlandyrmak. Türkmenistanda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, köne nusgadaky 5000 (bäş müň) manadyň täze nusgadaky 1 (bir) manada deň bolan gatnaşygy kesgitlendi. Geçirilen denominasiýanyň netijesinde milli puluň dolanyşygy kadalaşdyryldy;

– deflýasiýa (*deflation*) – pul toplumynyň hümmetsizlenmek döwründe çykarylan böleginiň aýlanyşykdan alynmagy;

– nol ýagdaýa getirmek (*nullification*) – döwlet tarapyndan hümmetsizlenen kagyz pullaryň güýjüni ýitiren diýlip yglan edilmegi, hümmetsizlenme ýagdaýyndan durnukly pul aýlanyşygyna geçmek maksady bilen güýjüni ýitiren kagyz pullaryň aýlanyşykdan alynmagy;

– dewalwasiýa (*devaluation*) – milli pul birliginiň gymmatynyň we daşary ýurt pul birligine bolan gatnaşygy boýunça berlen ýurduň pul birliginiň resmi hümmetiniň peseldilmegi;

– rewalwasiýa (*revaluation*) – milli pul birliginiň gymmatynyň we daşary ýurt pul birligine bolan gatnaşygy boýunça berlen ýurduň pul birliginiň resmi hümmetiniň ýokarlandyrylmagy.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *monetary policy* | *pul-karz syýasaty* |
| *sustainable economic growth* | *durnukly ykdysady ösüş* |
| *full employment* | *resurslaryň doly üpjünçiligi* |
| *stability of prices* | *bahalaryň durnukly derejesi* |
| *balance of payments equilibrium* | *töleg balansynyň deňagramlylygy* |
| *discount rate* | *gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi* |
| *expansionary policy* | *höweslendiriji pul-karz syýasaty* |
| *contractionary policy* | *çäklendiriji pul-karz syýasaty* |
| *money transmission mechanism* | *puluň geçirilmeginiň mehanizmi* |
| *«easy money policy»* | *arzan pullar syýasaty* |
| *«tight money policy»* | *gymmat pullar syýasaty* |
| *deflation* | *deflýasiýa* |
| *denomination* | *denominasiýa* |
| *nullification* | *nol ýagdaýa getirmek* |
| *devaluation* | *dewalwasiýa* |
| *revaluation* | *rewalwasiýa* |

# X BAP
# SALGYT ULGAMY WE SALGYT SALMAGYŇ ÝÖRELGELERI

## 10.1. Salgyt ulgamy we onuň bölümleri

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde işewürlik amallarynyň netijeliligine we girdejileriň yzygider artmagyna salgyt ulgamy güýçli täsir edýär. *Salgytlar döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşy üçin däl-de, öý hojalyklaryndan hem-de kärhanalardan hökmany ýagdaýda alynýan puluň belli bir möçberini aňladýar*. Salgytlar döwletiň döremegi bilen ýüze çykýar, sebäbi olar döwletiň girdejileriniň esasy çeşmesi hasaplanýar.

Döwletiň öz wezipelerini doly ýerine ýetirmegi üçin ýeterlik möçberde serişdeler talap edilýär we ol wezipelere aşakdakylar degişli hasaplanýar:

1) ykdysady işiň amala aşyrylmagynyň düzgünini kesgitlemek (antimonopol kanunçylyk, ykdysadyýetiň hususy böleginiň ösüşini goldamak, eýeçilik hukugyny goramak, erkin bäsdeşligi goramak, sarp edijileriň hukugyny goramak we ş.m.);

2) ykdysady durnuklylygy saklamak (hümmetsizlenmege we işsizlige garşy degişli işleriň alnyp barylmagy, durnukly ykdysady ösüşiň üpjün edilmegi);

3) jemgyýetçilik nygmatlarynyň öndürilmegi (howpsuzlygyň, tertip-düzgüniň, bilimiň, saglygy goraýşyň üpjün edilmegi, düýpli ylymlaryň ösdürilmegi);

4) durmuş syýasatyny amala aşyrmak (girdejileri gaýtadan paýlamak arkaly ilatyň az girdejili bölegini durmuş taýdan üpjün etmek, pensiýalaryň, talyp haklarynyň we kömek pullarynyň tölenmegi we ş.m.);

5) daşky amatsyz netijelere garşy degişli çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmek (ekologiýa syýasaty, «ýaşyl ykdysadyýetiň» emele gelmegi we ş.m.).

Döwletiň çykdajylar üçin tölegi amala aşyrmagynyň esasy serişdesi hökmünde, ilkinji nobatda, salgytlar çykyş edýär. Döwletiň hyzmatlaryndan jemgyýetiň ähli agzalarynyň peýdalanýandygy sebäpli, döwlet ýurduň ähli raýatlaryndan bu hyzmatlar üçin belli möçberde töleg alýar. Şeýlelikde, salgytlar jemgyýetiň agzalarynyň arasynda *girdejileri gaýtadan paýlamagyň esasy guraly* hökmünde çykyş edýär we alynýan *girdejilerde deňsizligiň azaldylmagy* onuň maksady hasaplanýar.

Salgydyň ykdysady mazmuny aşakdaky bölümler arkaly düşündirilýär:

– *jemi içerki önümiň bir bölegi;*
– *önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi;*
– *peýdanyň bir bölegi;*
– *işgäriň şahsy girdejisiniň bir bölegi*.

*Salgyt ulgamy* – bu döwlet tarapyndan kesgitlenen salgyt salmagyň şertleriniň jemidir.

Salgyt ulgamy aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:
– toplaýyş (fiskal) wezipesi;
– ykdysady (kadalaşdyryş) wezipe;
– gözegçilik wezipesi.

Kadalaşdyryş wezipesi ýerine ýetirilende döwlet salgytlary ulanmak arkaly önümçilik we maýa goýum amallaryna, sarp etmegiň we süýşürintgileriň ýokarlanmagyna, girdejileriň adalatly paýlanmagyna öz täsirini ýetirýär.

*Salgyt kadalaşdyrylyşynyň gurallary:*
– salgydyň derejeleri;
– salgyt ýeňillikleri.

Salgyt ulgamy aşakdaky bölümleri öz içine alýar:
1) salgyt salmagyň *subýekti* (kimiň salgyt tölemelidigini görkezýär);
2) salgyt salmagyň *obýekti* (nämä salgyt salynýandygyny görkezýär);
3) *salgydyň derejesi* (salgydyň möçberi hasaplanýan göterim).

Salgyt ulgamyny häsiýetlendirýän ykdysady görkezijiler:
– salgytlaryň jemi içerki önümdäki paýy;
– göni we gytaklaýyn salgytlaryň gatnaşygy;
– salgyt salmagyň çeýeligi. Bu jemi içerki önümiň 1% üýtgeýän ýagdaýynda salgyt girdejileriniň näçe göterim üýtgeýändigini görkezýär;
– salgydyň derejesiniň netijeliligi. Bu salgyt töleýjiniň girdejisinde salgytlaryň paýyny görkezýär;
– goşmaça salgydyň derejesi. Bu goşmaça alnan girdejiniň näçe böleginiň salgytlary tölemeklige gidýändigini görkezýär.

Salgyt tölenýän möçber salgydyň binýady diýlip atlandyrylýar. Salgydyň möçberi ($T$) salgyt salynýan binýadyň ($B_T$) salgydyň derejesine ($t$) köpeldilmegi arkaly kesgitlenýär:

$$T = B_T \times t.$$

Salgyt salmagyň ýörelgeleri Adam Smit tarapyndan 1776-njy ýylda çap edilen «Halklaryň baýlygynyň mazmuny we sebäpleri barada barlag» atly işde beýan edilýär. Ol salgyt ulgamynyň aşakdaky häsiýetlere eýe bolmalydygyny belläp geçýär:
– *adalatlylyk* (girdejileriň paýlanmagynda deňsizligiň aradan aýrylmagy);
– *kesgitlilik* (salgydy töleýjileriň salgydyň ol ýa-da beýleki görnüşiniň tölenmegini bilmegi);
– *amatlylyk* (salgydyň salgydy ýygnaýjylar üçin däl-de, salgydy töleýjiler üçin amatly ýagdaýda alynmagy);
– *gymmat bolmazlygy* (salgyt girdejileriniň jeminiň salgyt ýygnamak boýunça çykdajylardan ýokary bolmagy).

Häzirkizaman salgyt ulgamynda adalatlylyk we netijelilik ýörelgeleri giňden ulanylýar. Salgyt ulgamy mikroderejede (aýry-aýry haryt öndürijileriň derejesinde) serişdeleriň *netijeli paýlanylmagyny we ulanylmagyny* üpjün etmeli. *Adalatlylyk*

*wertikal* (bu dürli girdejileri alýan adamlaryň dürli möçberde salgyt tölemelidigini aňladýar) we *gorizontal* (bu deň girdeji alýan adamlaryň deň salgyt tölemelidigini aňladýar) derejelerde üpjün edilýär.

## 10.2. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri

Salgytlaryň aşakdaky esasy wezipeleri tapawutlandyrylýar:
– höweslendiriş wezipesi;
– gaýtadan paýlaýyş wezipesi;
– toplaýyş (fiskal) wezipesi.

*Höweslendiriş wezipesi.* Salgytlar dürli ulgamlarda, ýagny sarp etmekde, süýşürintgileriň emele gelmeginde, zähmetde, maýa goýmakda ykdysady amallara gatnaşyjylaryň hereketini höweslendirýär. Salgytlar adamlaryň ykdysady taýdan özüni alyp baryşlaryna täsir edýär.

*Gaýtadan paýlaýyş wezipesi.* Salgytlaryň gaýtadan paýlaýyş wezipesi seljerilende iki sany özara baglanyşykly meselä, ýagny adalatlylyk we netijelilik meselesine aýratyn üns berilýär.

Makroykdysady nazaryýetde girdejileriň paýlanmagynda emele gelýän deňsizligi kesgitlemek üçin aşakdaky gurallardan peýdalanylýar:
– Lorensiň egri çyzygy;
– Jininiň koeffisiýenti;
– desil koeffisiýenti.

*Lorensiň egri çyzygy* şeýle düşündirilýär: eger ýurduň ilaty bäş sany bölege *(kwintillere)* 20% we jemgyýetiň jemi girdejileri hem 20% boýunça bölünýän bolsa, onda koordinatanyň (bissektrisanyň) okundan başlanýan çyzyk girdejileriň deň paýlanmaýandygyny görkezýär.




*10.1-nji şekil. Lorensiň egri çyzygy*

Lorensiň egri çyzygy kumulýatiw (jemlenen) paýlaryň hasaplamalaryna we oňa laýyklykda kumulýatiw egri çyzygyň düzülmegine esaslanýar. Absissanyň oky boýunça ilatyň 20%, 40%, 60% we ş.m. yzygiderligi hem-de ordinatanyň oky boýunça bolsa girdejileriň kumulýatiw görkezijileri 20%, 40%, 60% we ş.m. yzygiderlikde ýerleşdirilýär. Eger ilatyň 20%-i jemi şahsy girdejileriň 20%-ni, ilatyň 40%-i girdejileriň 40%-ni alýan bolsa, onda *absolýut deňligiň çyzygy* diýlip atlandyrylýan bissektrisany düzüp bolýar. Hakykatda paýlamak boýunça geçirilýän amallarda absolýut deňlik emele gelmeýär. Mysal üçin, ilatyň ilkinji 20%-i ähli şahsy girdejileriň (salgytlaryň tölenmeginden we transfertleriň alynmagyndan öň) 5%-ni, ilatyň 40%-i girdejileriň 15%-ni, ilatyň 60%-i girdejileriň 35%-ni, ilatyň 80%-i girdejileriň 60%-ni we ilatyň 100%-i girdejileriň 100%-ni alýar. Bu görkezijiler boýunça Lorensiň egri çyzygy düzülende ol absolýut deňligiň çyzygyna laýyk gelmeýär we üýtgemeler emele gelýär. Lorensiň egri çyzygy (grafikde 0*ABCDE*) bissektrisa görä näçe uly möçberde aýlansa, şonça-da girdejileriň paýlanmagynyň deňsizligi ýokary bolýar. Ýokarda görkezilen şekilde göni burç *(0FE)* arkaly gidýän *absolýut deňsizligiň çyzygyny* görmek bolýar.

Girdejileri paýlamakda emele gelýän deňsizligi kesgitlemek üçin ulanylýan usullaryň biri *desil koeffisiýenti* hasaplanýar. Bu usulda ähli ilat 10% boýunça 10 sany topara bölünýär we ilatyň ýokary girdeji alýan 10% topary ilatyň 10% girdeji alýan pes topary bilen deňeşdirilýär.

Girdejileriň tapawutlanma derejesini kesgitlemek we girdejileri gaýtadan paýlamak syýasatyny işläp düzmek üçin ulanylýan görkezijileriň biri hökmünde *Jininiň koeffisiýenti* (*G*) çykyş edýär. Bu koeffisiýent Lorensiň egri çyzygy bilen berk baglanyşykly bolýar. Absolýut deňligiň çyzygy bilen Lorensiň egri çyzygynyň *(0ABCDE)* arasynda ýerleşýän bölegi *T* harpy bilen bellenilse, onda Jininiň koeffisiýenti şeýle görnüşde kesgitlenýär:

$$G = T/0FE.$$

*G* ululyk nol bilen biriň aralygynda üýtgäp bilýär:

$$0 < G < 1.$$

Düzgün boýunça ykdysady taýdan ösen ýurtlarda we işjeň durmuş syýasaty alnyp barylýan döwletlerde Jininiň koeffisiýenti has pes bolýar we ol 0,3 – 0,35 aralykda üýtgeýär. Ykdysady mümkinçilikleri pes döwletlerde bu görkeziji 0,5 we ondan hem ýokary möçberlerde hasaba alynýar.

2008–2014-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanda öý hojalyklarynyň real girdejileri 2 esse ýokarlandy. Milli statistiki maglumatlara laýyklykda, 2014-nji ýylda jemi ygtyýarlykda galýan girdejiler (hökmany tölegleri we mugt hyzmatlary hasaba almazdan subsidiýalar we dotasiýalar bilen) boýunça Türkmenistanda Jininiň koeffisiýentiniň möçberi 0,25%-e deň boldy. Eger Jininiň koeffisiýenti näçe pes

bolsa, şonça-da girdejileriň deň paýlanýandygy hasaba alynsa, onda bu görekeziji Türkmenistanda girdejiler syýasatynyň maksadalaýyk alnyp barylýandygyny görkezýär.

*Fiskal wezipe.* Salgytlaryň bu wezipesi serişdeleriň toplanmagy bilen baglanyşykly bolup, ol başgaça toplaýyş wezipesi diýlip atlandyrylýar. Salgytlaryň döwlet býujetiniň girdeji tarapynyň esasy bölegini düzýändigi sebäpli, degişli guramalar salgytlaryň öz wagtynda toplanmagyny üpjün etmäge çalyşýarlar.

## 10.3. Salgytlaryň görnüşleri

Salgytlaryň iki sany esasy görnüşi, ýagny göni we gytaklaýyn salgytlar tapawutlandyrylýar.

Göni salgytlar *(direct taxes)* puluň belli bir möçberine (girdeji, miras, emlägiň pul görnüşinde bahalandyrylmagy we ş.m.) salynýan salgytlary aňladýar. Şonuň üçin göni salgytlara aşakdakylar degişli hasaplanýar:

a) girdeji salgydy;
b) peýda salynýan salgyt;
ç) miras üçin salynýan salgyt;
d) emläge salynýan salgyt;
e) ýerasty baýlyklaryň peýdalanylmagy üçin salgyt we beýlekiler.

Göni salgydyň aýratynlygy bir ykdysady gatnaşyjynyň (tarap) salgydy töleýji we *salgydy hakyky töleýän tarap* hökmünde çykyş edýändigi hasaplanýar.

Gytaklaýyn salgytlar *(indirect taxes)* harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň bir bölegi hasaplanýar. Bu salgydyň harydyň gymmatynyň içinde hasaba alynýandygy sebäpli, ol kesgitsiz häsiýete eýe bolýar. Gytaklaýyn salgyt harydyň bahasyna üýtgemeýän möçberde ýa-da bahanyň belli bir göterimi hökmünde goşulyp bilinýär. Gytaklaýyn salgytlara aşakdakylar degişli:

*a) goşulan baha salynýan salgyt (VAT – value added tax);*
*b) harytlaryň satylmagyndan alynýan salgyt (sales tax);*
*ç) goşmaça tölegler (aksizler) – (excise);*
*d) gümrük paçlary* (import harytlaryň bahalaryna goşulýar) – *(customs duty)*.

Gytaklaýyn salgydyň aýratynlygy – salgydy töleýji we salgydy hakyky töleýän tarap dürli taraplar hasaplanýar. Salgydy töleýji bolup harytlary we hyzmatlary satyn alýan taraplar çykyş edýär (ol salgydy harytlary satyn alanda töleýär). Salgydy hakyky töleýän tarap hökmünde harytlary we hyzmatlary öndürýän kärhana (ol döwlete salgyt töleýär) hasaplanýar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde salgyt girdejileriniň 2/3 bölegini göni salgytlar düzýär, ösýän we geçiş ykdysadyýetli döwletlerde salgyt girdejileriniň 2/3 bölegini gytaklaýyn salgytlar emele getirýär. Bu salgytlary ýygnamagyň ýeňildigi

we salgyt girdejileriniň möçberiniň ykdysady gatnaşyjylaryň girdejilerine däl-de, harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyna baglydygy bilen baglanyşykly hasaplanýar. Şu sebäbe görä, hümmetsizlenme döwründe döwlet üçin göni salgytlary däl-de, gytaklaýyn salgytlary ulanmak amatly bolýar. Bu puluň hümmetsizlenýän şertlerinde salgyt girdejileriniň hakyky ýitgilerini iň pes derejä ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Salgytlaryň tölenmeginde wagt faktory esasy orun eýeleýär. Hümmetsizlenmegiň ýokary derejelerinde girdejiniň alynýan we salgytlaryň tölenýän wagtynyň arasynda göni salgytlardan býujete gelýän girdejiler hümmetsizlenýär. Bu makroykdysady nazaryýetde *Oliwer-Tanziniň netijesi* diýlip atlandyrylýar.

Salgyt derejesiniň nähili ulanylýandygyna baglylykda salgyt salmagyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) proporsional salgyt *(proportional tax)*;

2) progressiw salgyt *(progressive tax)*;

3) regressiw salgyt *(regressive tax)*.

Proporsional salgytda salgydyň derejesi girdejiniň möçberine bagly bolmaýar ($t = const$). Şonuň üçin salgydyň möçberi girdejiniň möçberine deň bolýar. Göni salgytlar (girdeji salgytlary we käbir döwletlerde peýda salynýan salgytdan beýlekiler) proporsional salgytlar hasaplanýar. Salgyt derejesiniň kesgitleniş nukdaýnazaryndan gytaklaýyn salgytlar hem proporsional salgytlar hasaplanýar.

Progressiw salgytda salgydyň derejesi girdejiniň möçberiniň artmagyna görä ýokarlanýar we girdejiniň möçberiniň peselmegine görä azalýar. Progressiw salgyda girdeji salgydy mysal bolup biler. Salgyt salmagyň şeýle ulgamy girdejileriň gaýtadan paýlanmagyna ýokary derejede ýardam edýär $[t = t(\underset{+}{Y})]$.

Regressiw salgytda girdejiniň peselmegine görä salgyt derejesi ýokarlanýar we girdejiniň ýokarlanmagyna görä ol peselýär $[t = t(\underset{-}{Y})]$.

*10.1-nji tablisa*

**Proporsional, progressiw we regressiw salgytlar**

| Girdeji | Progressiw salgyt (↑) | | Proporsional salgyt (=) | | Regressiw salgyt (↓) | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Salgydyň derejesi | Salgydyň möçberi | Salgydyň derejesi | Salgydyň möçberi | Salgydyň derejesi | Salgydyň möçberi |
| 100$ | 10% | 10$ | 10% | 10$ | 15% | 15$ |
| 200$ | 12% | 24$ | 10% | 20$ | 12% | 24$ |
| 300$ | 15% | 45$ | 10% | 30$ | 10% | 30$ |




*10.2-nji şekil. Progressiw, proporsional we regressiw salgytlaryň grafiki görnüşi*

a) *Progressiw salgytlar* – girdejiniň artmagyna görä salgytlaryň paýy ýokarlanýar. Salgydyň $\Delta T_1T_2$ möçberde artmagy girdejiniň $\Delta Y_1Y_2$ möçberde artyşyndan ýokary bolýar;

b) *Proporsional salgytlar* – girdejiniň artmagyna görä salgytlaryň paýy üýtgemän galýar. Salgydyň $\Delta T_3T_4$ möçberde artmagy girdejiniň $\Delta Y_1Y_2$ möçberde artyşyna deň bolýar;

ç) *Regressiw salgytlar* – girdejiniň artmagyna görä salgytlaryň paýy peselýär. Salgydyň $\Delta T_5T_6$ möçberde artmagy girdejiniň $\Delta Y_1Y_2$ möçberde artyşyndan pes bolýar.

Häzirkizaman şertlerinde salgyt salmagyň regressiw ulgamynda göni regressiw salgyt ulanylmaýar. Şeýle-de bolsa satyn alyjynyň girdejisinde (salgyt derejesiniň kesgitlenmegi nukdaýnazaryndan däl) eýeleýän paýy nukdaýnazaryndan ähli gytaklaýyn salgytlar regressiw salgytlar hasaplanýar. Salgyt derejesi näçe ýokary bolsa, ol şonça-da regressiw hasaplanýar. Goşmaça tölegler (aksizler) has regressiw häsiýete eýe bolýar. Gytaklaýyn salgytlaryň bahalaryň bir bölegi hökmünde çykyş edýändigi sebäpli, satyn alyjynyň girdejisiniň möçberine baglylykda girdeji näçe pes bolsa, onuň girdejisinde bu salgydyň paýy ýokary bolýar we girdeji näçe ýokary bolsa, şonça-da bu salgydyň paýy az bolýar. Mysal üçin, haýsy hem bolsa bir goşmaça töleg (aksiz) salynýan harydyň goşmaça tölegi 10 manada deň bolsa, onda girdejisi 1000 manat bolan satyn alyjynyň býujetinde bu salgydyň paýy 0,1%-e deň bolar, eger girdejisi 5000 manat bolan satyn alyjynyň býujetinde onuň paýy 0,05%-e deň bolar.

Makroykdysadyýetde salgytlar iki topara, ýagny awtonom we girdeji salgytlara bölünýär.

*Awtonom (ýa-da akkord) salgytlar – bu girdejiniň derejesine bagly bolmadyk* salgytlary aňladýar we ol $\overline{T}$ harp bilen belgilenýär.

*Girdeji salgytlary girdejiniň derejesine bagly* salgytlary häsiýetlendirýär we ol şeýle formula arkaly kesgitlenýär:

$$T = t \times Y$$

*t – salgydyň derejesi;*

*Y – jemi girdeji* (milli girdeji ýa-da jemi içerki önüm).

Salgyt girdejileriniň jemi – $T_G$ (salgyt funksiýasy) aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$T_G = \overline{T} + (t \times Y).$$

Şeýle-de ortaça salgydyň derejesi we goşmaça salgydyň derejesi tapawutlandyrylýar:

– ortaça salgydyň derejesi *(average tax rate)* – bu salgydyň jeminiň girdejileriň ululygyna bolan gatnaşygyny görkezýär:

$$t_{\text{ortaça}} = (T/Y) \times 100\%;$$

– goşmaça salgydyň derejesi *(marginal tax rate)* – bu girdejiniň ýokarlanmagynyň her goşmaça birligine salgydyň jeminiň artýan möçberini görkezýär (girdejiniň bir birlige artmagy bilen salgydyň jeminiň näçe ýokarlanýandygyny aňladýar):

$$t_{\text{goşmaça}} = (\Delta T/\Delta Y) \times 100\%.$$

Ykdysadyýetde salgyt salmagyň progressiw ulgamynyň hereket etmegi bilen iki şert seljerilýär:

| *Girdeji* | *Salgydyň derejesi* |
|---|---|
| 50 000 dollara çenli | 20% |
| 50000 dollardan ýokary | 50% |

Eger haýsy hem bolsa bir adam 60 müň dollar girdeji alýan bolsa, onda onuň töleýän salgydynyň möçberi 15 müň dollara deň bolar (50 × 0,2 + 10 × 0,5 =10 + 5= 15). Bu 50 müň dollardan 10 müň dollar we 50 müň dollardan ýokary möçberden, ýagny 10 müň dollardan 5 müň dollar salgyt tölenýändigini aňladýar.

*Ortaça salgydyň derejesi:* 15 / 60 = 0,25 ýa-da 25%.

*Goşmaça salgydyň derejesi:* 5 / 10 = 0,5 ýa-da 50%.

Ortaça we goşmaça salgydyň derejeleriniň gatnaşygy salgyt salmak ulgamynyň kesgitlenmegine mümkinçilik berýär:

– salgyt salmagyň progressiw ulgamynda goşmaça salgydyň derejesi ortaça salgydyň derejesinden uly bolýar;

– salgyt salmagyň proporsional ulgamynda ortaça we goşmaça salgyt derejeleri deň bolýar;

– salgyt salmagyň regressiw ulgamynda goşmaça salgydyň derejesi ortaça salgyt derejesinden kiçi bolýar.

14. Sargyt № 466.

Makroykdysadyýetde salgydyň funksiýasynyň formulasynda ulanylýan salgyt derejesi ($t$) goşmaça salgyt derejesini görkezýär we salgydyň möçberiniň ululygy jemi içerki önümiň ýa-da milli girdejiniň möçberiniň artmagyna bolan gatnaşykda hasaplanýar.

## 10.4. Salgytlaryň jemi hyrydarlyga we jemi hödürlemeklige edýän täsiri

Salgytlar jemi hyrydarlyga, şeýle hem jemi hödürlemeklige täsir edýär. Salgytlar jemi hyrydarlygyň iki sany bölümine öz täsirini ýetirýär:

– sarp ediş çykdajylary;
– maýa goýum çykdajylary.

Şonuň üçin salgytlaryň jemi hyrydarlyga gytaklaýyn täsir edýändigi hasaba alynýar.

*Salgytlaryň ýokarlanmagy* sarp ediş çykdajylarynyň (sebäbi ygtyýarlykda galýan girdeji azalýar) we maýa goýum çykdajylarynyň azalmagyna (sebäbi salgytlar tölenenden soň kärhanalaryň peýdasynyň möçberi azalýar, onuň bir bölegi bolsa sap maýa goýumlaryň çeşmesi bolup hyzmat edýär) getirýär hem-de netijede, *jemi hyrydarlyk peselýär* (*10.3-nji b şekil*).

$$Tx \Uparrow \to C \Downarrow \to I \Downarrow \to AD \Downarrow .$$




*a) salgytlaryň peselmegi* *b) salgytlaryň ýokarlanmagy*

*10.3-nji şekil. Salgytlaryň üýtgemeginiň jemi hyrydarlyga edýän täsiri.*

*Salgytlaryň peselmegi jemi hyrydarlygy ýokarlandyrýar* (*10.3-nji a şekil*). Salgytlaryň peselmegi *AD* egri çyzygynyň saga ($AD_1$-den $AD_2$-ä çenli) süýşmegine getirýär we ol real JIÖ-niň ýokarlanmagyna ($Y_1$-den $Y^*$-a çenli) täsir edýär. Bu çäre pese gaçyş döwründe ykdysady işjeňligi we iş bilen üpjünçiligi höweslendirip,

ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagy we döwürleýin işsizlige garşy çäre hökmünde ulanyp bilinýär. Şeýle-de bolsa JIÖ-niň artmagy bilen bir wagtda salgytlaryň peselmegi bahalaryň derejesini ýokarlandyrýar ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) we şonuň üçin ol hümmetsizlenmegi emele getirýän çäre hasaplanýar. Hümmetsizlenme aralygynyň emele gelen döwründe hümmetsizlenmege garşy çäre hökmünde, şeýle-de ykdysady işjeňligi peseltmegiň guraly hökmünde we ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak üçin salgytlaryň ýokarlandyrylmagy ulanyp bilner (*10.3-nji b şekil*).

*Salgytlaryň jemi hödürlemege edýän täsiri*. Kärhanalaryň salgytlary harajatlar hökmünde kabul edýändikleri sebäpli, salgytlaryň ýokarlanmagy jemi hödürlemegiň peselmegine getirýär, salgytlaryň peselmegi ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagyny we önümçiligiň möçberiniň artmagyny üpjün edýär. Salgytlaryň jemi hödürlemege edýän şeýle täsiriniň öwrenilmegi amerikan ykdysatçysy, «Hödürlemegiň ykdysady nazaryýeti» (*«supply-side economics»*) konsepsiýasyny esaslandyryjylaryň biri Artur Laffere degişli hasaplanýar. Laffer gipotetiki (statistiki görkezijileriň seljerilmegine esaslanmadyk, logiki pikirlenmelere görä netije) grafigi düzüp, salgydyň derejesiniň üýtgemeginiň döwlet býujetiniň salgyt girdejileriniň umumy möçberine edýän täsirini görkezdi. Laffer öz seljermesinde aşakdaky salgyt funksiýasyny ulandy:

$$T = tY$$

$T$ – býujetiň salgyt girdejileriniň jemi;

$t$ – salgydyň derejesi;

$Y$ – ykdysady işjeňligiň derejesi (jemi girdejiniň möçberi).

Laffer girdeji salgydynyň derejesiniň üýtgemeginiň ykdysady işjeňligiň derejesine we salgyt girdejileriniň möçberine edýän täsirini seljerdi.




*10.4-nji şekil. Lafferiň grafigi*

Ol salgytlaryň iň amatly (optimal) derejesinde ($t_{opt.}$) salgyt girdejileriniň iň ýokary möçberini ($T_{max.}$) alnyp bolýandygyny belleýär. Eger salgydyň derejesi (mysal üçin, $t_1$-e çenli) ýokarlansa, onda salgyt salynýan binýadyň azalýandygy ($Y$ – jemi önümçiligiň möçberi) sebäpli ykdysady işjeňligiň derejesi peselýär we salgyt girdejileriniň möçberi ($T_1$-e çenli) azalýar. Şonuň üçin stagflýasiýa (hümmetsizlenmek bilen bir wagtda önümçiligiň pese gaçmagy) garşy çäreleri amala aşyrmak maksady bilen, A. Laffer XX asyryň 80-nji ýyllarynda salgytlaryň derejesiniň (ykdysady gatnaşyjylaryň girdejilerine, şeýle-de korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgytlary) peseldilmegini teklip etdi. Ol amerikan ykdysadyýetinde hereket eden girdeji salgytlarynyň derejesiniň onuň iň amatly (optimal) möçberinden ýokarydygyny anyklady we şonuň üçin ykdysadyýet egri çyzygyň «amatsyz tarapyna» («bad side») degişli hasaplandy. Onuň pikirine görä, girdeji salgytlarynyň ($t_1$-den $t_{opt.}$-a çenli) peselmegi ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagynyň (ýagny, jemi hödürlemegiň ýokarlanmagy) höweslendirijisi hökmünde çykyş etmeli. Ol bir wagtda iki meseläniň çözülmegine mümkinçilik berýär:

1) stagflýasiýanyň hereketiniň bes edilmegi;

2) býujetiň salgyt girdejileriniň (salgyt salynýan binýadyň ýokarlanmagy netijesinde) ýokarlanmagy.

Laffer belli bir ugra, ýagny önümçiligiň möçberiniň ýokarlanmagyny, ýöne hümmetsizlenmegiň emele gelmegini (*10.3-nji a şekil*) üpjün edýän salgytlaryň peselmeginiň jemi hyrydarlyga edýän täsirinden tapawutlylykda, *salgytlaryň jemi hödürlemege edýän täsiriniň hümmetsizlenmege garşy gönükdirilmegine* ünsi güýçlendirdi. Bu ýagdaýda önümçiligiň möçberiniň ýokarlanmagy ($Y_1$-den $Y^*$-a çenli) bahalaryň derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) peselmegi (*10.5-nji şekil*) bilen baglanyşýar we şonuň üçin stagflýasiýa garşy serişde hökmünde çykyş edýär.




*10.5-nji şekil. Salgytlaryň peselmeginiň jemi hödürlemege edýän täsiri*

Şeýlelikde, *salgytlar* diňe bir döwletiň girdejileriniň esasy çeşmesi bolman, ol *ykdysadyýeti durnuklaşdyrmagyň wajyp guraly* hasaplanýar.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *direct taxes* | *göni salgytlar* |
| *indirect taxes* | *gytaklaýyn salgytlar* |
| *VAT – value added tax* | *goşulan baha salynýan salgyt* |
| *sales tax* | *harytlaryň satylmagyndan alynýan salgyt* |
| *excise* | *goşmaça tölegler* |
| *customs duty* | *gümrük paçlary* |
| *proportional tax* | *proporsional (deň) salgyt* |
| *progressive tax* | *progressiw (artýan) salgyt* |
| *regressive tax* | *regressiw (peselýän) salgyt* |
| *average tax rate* | *ortaça salgydyň derejesi* |
| *marginal tax rate* | *goşmaça salgydyň derejesi* |
| *«supply-side economics»* | *hödürlemegiň ykdysady nazaryýeti* |

## XI BAP
## DÖWLET BÝUJETI WE ONUŇ GURALLARY

### 11.1. Döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň esasy görnüşleri

Döwlet býujeti – bu döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy, ýurduň esasy maliýe meýilnamasy hökmünde çykyş edip, hökümetiň kanun çykaryjy guramasy (Mejlis, parlament we ş.m.) tarapyndan kabul edilenden soň kanuny güýje girýär hem-de ol hökmany ýerine ýetirmeklige degişli hasaplanýar.

Döwlet býujetiniň maddy we durmuş-ykdysady mazmuny tapawutlandyrylýar:

1) *maddy mazmuny* boýunça ol pul serişdeleriniň merkezleşdirilen gaznasy;

2) *durmuş-ykdysady mazmuny* boýunça – milli girdejini gaýtadan paýlamagyň guraly.

J. Keýns döwlet býujetini ulanmak arkaly ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň nazaryýetini we tejribesini esaslandyryjy hasaplanýar.

Döwlet býujetiniň esasy wezipeleri:

– milli girdejini gaýtadan paýlamak;

– ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylmagy we höweslendirilmegi;

– ylmy-tehniki ösüşiň höweslendirilmegi;

– durmuş syýasatynyň maliýe üpjünçiligi;

– pul serişdeleriniň merkezleşdirilen gaznasynyň emele gelmegine we ulanylmagyna gözegçiligi amala aşyrmak.

Döwlet öz wezipelerini ýerine ýetirýän ýagdaýynda köpsanly çykdajylary amala aşyrýar. Döwletiň çykdajylary *maksatlary* boýunça aşakdaky görnüşlere bölünýär:

*Syýasy maksatlar üçin çykdajylar:*

– milli goranmagy we howpsuzlygy üpjün etmek, ýagny goşuny, polisiýany, kazyýeti we ş.m. saklamak üçin çykdajylar;

– döwlet dolandyryş edaralaryny saklamak üçin çykdajylar.

*Ykdysady maksatlar üçin çykdajylar:*

– ykdysadyýetiň döwlete degişli bölegini saklamak we onuň hereket etmegini üpjün etmek üçin çykdajylar;

– ykdysadyýetiň hususy bölegini goldamak (subsidiýalar, subwensiýalar) üçin çykdajylar.

*Durmuş maksatlary üçin çykdajylar:*

– durmuş üpjünçiligi üçin çykdajylar (pensiýalaryň, talyp haklarynyň, kömek pullarynyň tölenmegi);

– bilim, saglygy goraýyş, düýpli ylymlary ösdürmek, daşky gurşawy goramak üçin çykdajylar.

Makroykdysady nukdaýnazardan ähli *döwlet çykdajylary* aşakdaky toparlara bölünýär:

– *Harytlaryň we hyzmatlaryň döwlet tarapyndan satyn alynmagy* (olaryň gymmaty jemi içerki önüme goşulýar);

– *transfertler* (milli girdejini gaýtadan paýlamagyň netijesi hasaplanýandygy sebäpli, olaryň gymmaty JIÖ-niň düzümine goşulmaýar);

– *döwlet obligasiýalary boýunça göterimleriň tölenmegi* (ýagny, döwlet bergisine hyzmat etmek).

Döwlet girdejileriniň esasy görnüşleri hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– *salgytlar* (durmuş üpjünçiligi üçin tölegleri öz içine almak bilen);
– *döwlet kärhanalarynyň peýdasy;*
– *seniýoraž* (puluň emissiýasyndan alynýan girdeji);
– *hususylaşdyrmakdan alynýan girdejiler*;
– *býujetden daşary girdejiler*.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň iki derejesi tapawutlandyrylýar.

*Girdejiler boýunça:*

Býujetiň I derejesiniň girdejileri – bu salgytlardan gelýän girdejilerdir. Ol aşakdaky bölümleri öz içine alýar:

– ilatdan alynýan salgytlar;
– peýdadan alynýan salgyt;
– emläk üçin salgyt;
– goşulan baha üçin salgyt;
– ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt;
– goşmaça tölegler (aksizler);
– döwlet durmuş atiýaçlandyrmasyna geçirmeler;
– beýleki girdejiler.

Býujetiň II derejesiniň girdejileri – toplumlaryň we Döwlet gaznalarynyň serişdeleri.

*Çykdajylar boýunça:*

Býujetiň I derejesiniň çykdajylary býujet ulgamynyň çykdajylarydyr. Ol aşakdaky bölümleri öz içine alýar:

– durmuş we jemgyýetçilik hyzmatlary (bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, döwlet durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý jemagat hojalygy);
– umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary;
– halk hojalygyna çykdajylar.

Býujetiň II derejesiniň çykdajylary toplumlaryň we Döwlet gaznalarynyň çykdajylarydyr.

## 11.2. Döwlet býujetiniň ýagdaýy we onuň görnüşleri

Döwletiň girdejileri bilen çykdajylarynyň arasyndaky tapawut döwlet býujetiniň galyndysyny ($\delta$) emele getirýär. Girdejileriň we çykdajylaryň gatnaşygyna baglylykda döwlet býujetiniň üç sany ýagdaýy tapawutlandyrylýar:

1) býujetiň girdejileriniň çykdajylaryndan ýokary bolmagy. Bu býujetiň galyndysynyň amatly ýagdaýyny ($\delta = T > G$) häsiýetlendirip, býujetiň artykmaçlygyny (*BS – budget surplus*) görkezýär:

$$T - G = BS;$$

2) girdejileriň çykdajylar bilen deň bolmagy. Bu ýagdaýda býujetiň galyndysy nola deň ($\delta = 0$) bolýar we şeýle býujet deňagramly býujet (*budget equilibrium*) diýlip atlandyrylýar:

$$G = T;$$

3) býujetiň girdejileri çykdajylardan az bolýar. Bu býujetiň amatsyz ýagdaýyny ($\delta = T < G$) aňladýar we döwlet býujetiniň ýetmezçiligini görkezýär (*BD – budget deficit*):

$$T - G = BD.$$

Ykdysady döwrüň dürli tapgyrlarynda döwlet býujeti dürli ýagdaýlara eýe bolýar. Pese gaçyş döwründe döwlet býujetiniň girdejileri (ykdysady işjeňlik we salgyt salynýan binýat peselýär) azalýar we şonuň üçin býujet ýetmezçiligi ýokarlanýar, býujetiň artykmaçlygy peselýär. Ýokary üpjünçilik tapgyrynda (boom) býujetiň ýetmezçiligi azalýar (salgyt girdejileri, ýagny býujetiň girdejileri ýokarlanýar) we býujetiň artykmaçlygy ýokarlanýar.

Döwlet çykdajylarynyň multiplikatory:

$$M_G = \Delta Y/\Delta G$$

$M_G$ – döwlet çykdajylarynyň multiplikatory;
$\Delta Y$ – girdejileriň artmagy;
$\Delta G$ – döwlet çykdajylarynyň artmagy.

Býujet syýasatynyň esasy maksady durnukly ykdysady ösüşiň gazanylmagyna, döwlet býujetiniň deňagramlylygynyň üpjün edilmegine, ykdysadyýetiň düzümleýin we durmuş meseleleriniň oňyn çözülmegine ýardam etmekden ybaratdyr.

Ykdysady çökgünligiň öňüni almak boýunça kesgitlenen çäreleriň maliýe üpjünçiligini we ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmegiň ileri tutulýan ugur-

laryny amala aşyrmak maksady bilen 2008-nji ýylda Döwlet býujetinde emele gelen artykmaçlygyň hasabyna *Durnuklaşdyryş gaznasy* döredildi. Bu Gaznanyň serişdeleri durmuş-ykdysady ösüşiň durnuklylygyny we döwletiň maliýe aktiwleriniň toplanmagyny üpjün etmek üçin ulanylýar.

Milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek we çökgünligiň öňüni almak boýunça taýýarlanan maksatnama aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

– çökgünlik şertlerinde makroykdysady syýasatyň netijeliligi;
– kadalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň salgyt-býujet gurallary;
– pul-karz ulgamy, onuň durnuklylygy we üpjünçiligi;
– milli ykdysadyýetiň durnuklylygynyň binýady hökmünde durmuş syýasatynyň amala aşyrylmagy;
– durnukly maýa goýum işjeňliginiň saklanmagy;
– daşary-ykdysady işiň monitoringiniň geçirilmegi;
– ykdysadyýetiň hususy bölegini goldamak;
– milli ykdysadyýetiň köpugurly ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary;
– agrosenagat toplumynyň infrastrukturasyny ösdürmek;
– dokma toplumynyň ösmegine ýardam bermek;
– gurluşyk ulgamyny yzygider kämilleşdirmek;
– içerki söwdanyň durnukly ösmegi;
– senagat toplumynyň, ýagny klasterleriň ösmegi üçin şertleriň döredilmegi.

## 11.3. Döwlet býujetiniň konsepsiýalary

Taryhy nukdaýnazardan döwlet býujetiniň ýagdaýyny häsiýetlendirýän üç sany esasy ugur (konsepsiýa) tapawutlandyrylýar:

1) *her ýylda deňagramly býujetiň üpjün edilmegi;*

2) *ykdysady döwrüň tapgyrlary boýunça býujetiň deňagramlylygy;*

3) *býujetiň deňagramlylygy däl-de, ykdysadyýetiň deňagramlylygynyň üpjün edilmegi («funksional maliýe» konsepsiýasy).*

Her ýylda deňagramly býujetiň üpjün edilmegi baradaky konsepsiýa laýyklykda, ykdysady döwrüň tapgyrlaryna bagly bolmazdan, her ýyl býujetiň çykdajylary onuň girdejilerine deň bolmaly. Bu mysal üçin, pese gaçyş döwründe býujetiň girdejileriniň pes (minimal) ýagdaýynda döwletiň býujet deňagramlylygyny üpjün etmek üçin döwlet çykdajylaryny (döwlet tarapyndan satyn alynmalary we transfertleri) azaldýandygyny aňladýar. Döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagynyň hem-de transfertleriň azalmagy jemi hyrydarlygyň, şeýle hem önümçiligiň möçberiniň peselmegine getirýär we netijede, bu çäre düýpli pese gaçmaklyga getirýär. Eger ykdysadyýetde işjeňlik ýokarlanyp, salgyt girdejileriniň möçberi ýokary derejede artýan bolsa, onda býujetiň çykdajylary bilen girdejileriniň

deňagramlylygyny saklamak üçin hökümet döwlet çykdajylaryny ýokarlandyrmaly bolýar. Bu bolsa ýokary hümmetsizlenmegiň emele gelmegine şert döredýär. Şeýlelikde, býujeti kadalaşdyrmagyň bu çemeleşmesi talabalaýyk gelmeýär;

Döwlet býujetiniň döwürleýin esasda deňagramlylyk konsepsiýasyna laýyklykda býujetiň her ýylda deňagramlylyk ýagdaýynda saklanmagy hökman däl diýlip hasaplanýar. Umuman, ykdysady döwrüň dowamynda býujetiň deňagramlylygyny saklamak wajyp hasaplanýar: ykdysady işjeňligiň has ýokary derejesinde artýan býujet artykmaçlygy we býujetiň ýokary girdejileri pese gaçyş döwründe emele gelýän býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin ulanylmaly. Bu konsepsiýanyň hem düýpli ýetmezçiligi hasaba alynýar. Ykdysady işjeňligiň ýokary galýan we pese gaçyş tapgyrlary öz dowamlylygy boýunça biri-birinden tapawutlanýar. Düzgün boýunça pese gaçyş uzak wagtyň dowamynda saklanýar, şonuň üçin ykdysady işjeňligiň ýokarlanýan döwründe jemlenen býujet artykmaçlygynyň möçberi pese gaçyş döwründe jemlenen ýetmezçiligiň möçberi bilen, adatça, laýyk gelmeýär. Netijede, býujetiň deňagramlylygyny üpjün edip bolmaýar;

*«Funksional maliýe» konsepsiýasyna laýyklykda döwletiň maksady* deňagramly býujetiň üpjün edilmegi däl-de, *ykdysadyýetiň durnuklylygynyň* saklanmagy wajyp hasaplanýar. Bu pikir J. Keýns tarapyndan onuň «Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» (1936-njy ýyl) atly kitabynda hödürlendi we ol XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli ykdysady taýdan ösen döwletlerde giňden ulanyldy. Keýnsiň tassyklamalaryna görä, döwlet býujetiniň gurallary (döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy, salgytlar we transfertler) ykdysady döwrüň dürli tapgyrlarynda ykdysadyýeti durnuklaşdyrýan döwürleýin üýtgemelere garşy kadalaşdyryjylar hökmünde ulanylmaly. Eger ykdysadyýetde pese gaçyş emele gelse, onda döwlet ykdysady işjeňligi höweslendirmek we ykdysady ösüşi üpjün etmek maksady bilen öz çykdajylaryny (döwlet satyn alynmalary we transfertler) azaldyp, salgytlary hem peseltmeli bolýar, bu bolsa jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyna getirýär. Eger ykdysadyýetde işjeňligiň ýokary derejesi (boom) emele gelen bolsa, onda döwlet çykdajylary azaldyp, salgytlary ýokarlandyrmaly bolýar, bu bolsa işjeňligiň çäklendirilmegine we ykdysadyýetiň durnuklaşmagyna getirýär. Keýnsiň nazaryýetiniň ykdysadyýetde pese gaçmalara garşy serişdeleriň, ilkinji nobatda, býujet kadalaşdyrylyşynyň gurallarynyň (döwlet satyn alynmalarynyň we transfertleriň, ýagny býujetiň çykdajylarynyň ýokarlanmagy, salgytlaryň peselmegi, ýagny býujetiň girdejileriniň artmagy) ulanylmagyna gönükdirilendigi sebäpli, bu nazaryýet «ýetmezçilikli maliýeleşdirmek» ýörelgesine esaslanýar. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň keýnsiançylyk tekliplerininiň ulanylmagy netijesinde XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda birnäçe ösen döwletlerde döwlet býujetiniň ýetmezçilik meselesi emele geldi we ol 70-nji ýyllaryň ortalarynda esasy makroykdysady meseleleriň biri hasaplandy. Bu bolsa hümmetsizlenmek amallarynyň ýüze çykmagynyň bir sebäbi hökmünde çykyş etdi.

## 11.4. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we ony maliýeleşdirmegiň usullary

Döwlet býujetiniň ýagdaýy we maliýeleşdirmegiň ýetmezçilik meselesi esasy makroykdysady meseleleriň biri hasaplanýar. Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary elmydama deň gelmeýär. Eger çykdajylar girdejilerden ýokary bolsa býujet ýetmezçiligi, girdejileriň çykdajylardan ýokary bolan ýagdaýynda býujet artykmaçlygy emele gelýär. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi iki görnüşe bölünýär: a) ilkinji ýetmezçilik; b) umumy ýetmezçilik.

Ilkinji ýetmezçilik *(primary deficit)* – bu döwlet býujetiniň umumy ýetmezçiliginden döwlet bergisi boýunça tölenýän göterimiň möçberi aýrylandan soň galýan ýetmezçiligi aňladýar. Şunuň bilen baglanyşykly ilkinji artykmaçlygy kesgitlemek mümkinçiligi hem emele gelýär.

Makroykdysadyýetde döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

– hakyky ýetmezçilik (*actual deficit*);
– düzümleýin ýetmezçilik (*structural deficit*);
– döwürleýin ýetmezçilik (*cyclical deficit*).




*11.1-nji şekil. Hakyky, düzümleýin we döwürleýin býujet ýetmezçiligi*

Iş bilen doly üpjünçilik şertlerinde jemi içerki önüm $Y_F$-e deň bolýar. Salgyt salmagyň hereket edýän ulgamynda we döwlet çykdajylarynyň berlen derejesinde býujet ýetmezçiligi *ab*-e deň bolýar. Önümçiligiň $Y_L$ derejesinde, salgyt salmagyň we döwlet çykdajylarynyň öňki möçberinde hakyky býujet ýetmezçiligi *ce*, şol sanda *cd* düzümleýin ýetmezçiligi we *de* döwürleýin ýetmezçiligi aňladýar.

*Hakyky ýetmezçilik* – bu döwlet býujetiniň hakyky girdejileriniň we çykdajylarynyň arasyndaky otrisatel tapawudy görkezýär.

*Düzümleýin ýetmezçilik* – bu iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýyna laýyk gelýän jemi içerki önümiň derejesi üçin hasaplanýan döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň arasyndaky tapawut. Başgaça bu ýetmezçilik salgyt salmagyň hereket edýän ulgamynda iş bilen doly üpjünçilik şertlerinde býujete gelip biljek döwlet çykdajylarynyň we girdejileriniň arasyndaky tapawut hökmünde hasaplanýar:

$$B_{düz.} = G - t \times Y_f$$

$B_{düz.}$ – döwlet býujetiniň düzümleýin ýetmezçiligi;
$G$ – döwlet çykdajylary;
$t$ – girdeji salgydyň derejesi;
$Y_f$ – iş bilen doly üpjünçilik şertlerindäki JIÖ.

*Döwürleýin ýetmezçilik* – bu döwlet býujetiniň hakyky ýetmezçiligi bilen düzümleýin ýetmezçiliginiň arasyndaky tapawudy görkezýär.

$$B_{döwürl.} = t\,(Y_f - Y)$$

$B_{döwürl.}$ – döwlet býujetiniň döwürleýin ýetmezçiligi;
$Y$ – berlen ýylyň real jemi içerki önümi.




*11.2-nji şekil. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we artykmaçlygy*

$G$ – döwlet çykdajylary;
$T$ – salgyt girdejileri;
$Y$ – girdeji (real JIÖ).

Şekilden görnüşi ýaly, $E$ nokatda deňagramly býujet emele gelýär, ýagny salgyt girdejileri döwlet çykdajylaryna deň bolýar ($T = G$). $E$ nokadyň çep tarapy býujet ýetmezçiligini, sag tarapy bolsa býujet artykmaçlygyny görkezýär.

Eger ýurtda proporsional salgyt ulgamy hereket edip, girdeji salgydynyň goşmaça derejesi ($t$) 20% ýa-da 0,2 bolsa, onda iş bilen doly üpjünçilige laýyk gel-

ýän girdejiniň derejesi 1200 *mlrd* manada deň bolar. $Y = 0$ bolsa, onda $T = 0$ bolýar. Eger $Y = 1000$ *mlrd* manat bolsa, onda salgyt girdejileri, ýagny $T = 200$ *mlrd* manat bolar:

$$T = Y \times 0{,}2 = 1000 \text{ mlrd manat} \times 0{,}2 = 200 \text{ mlrd manat.}$$

Eger real jemi içerki önümiň möçberi 1500 *mlrd* manat bolsa, onda salgyt girdejileri 300 *mlrd* manada deň bolar we ş.m.:

$$T = Y \times 0{,}2 = 1500 \text{ mlrd manat} \times 0{,}2 = 300 \text{ mlrd manat.}$$

Real JIÖ 600 *mlrd* manada deň bolsa, onda $T = 600$ *mlrd* manat × 0,2 = 120 *mlrd* manat bolar. $G = 200$ *mlrd* manada deň bolan ýagdaýynda hakyky býujet ýetmezçiligi şeýle hasaplanýar:

$$T - G = 120 \text{ mlrd manat} - 200 \text{ mlrd manat} = -80 \text{ mlrd manat.}$$

Salgydyň derejesiniň we döwlet çykdajylarynyň şol bir derejesinde girdejileriň möçberi 1200 *mlrd* manada deň bolýar, ýagny ol iş bilen doly üpjünçilik şertlerine laýyk gelýär hem-de döwlet býujetiniň ýetmezçiligi emele gelmeýär.

$$T = 1200 \times 0{,}2 = 240 \text{ mlrd manat} \qquad G = 200 \text{ mlrd manat.}$$

$T - G = 240 - 200 = 40$ *mlrd* manada deň bolýar we bu býujetiň artykmaçlygyny häsiýetlendirýär.

Döwürleýin ýetmezçiligiň kesgitlemesine laýyklykda aşakdaky hasaplama geçirilýär:

$$-80 - (+40) = -120.$$

Býujet ýetmezçiligi üznüksiz önümçiligiň belli bir ýagdaýyny görkezýär we ýüze çykmagynyň sebäpleri boýunça iki görnüşe bölünýär:

1. *Aktiw býujet ýetmezçiligi* – düzümleýin özgertmeleri geçirmek we ykdysady ösüşi höweslendirmek maksady bilen döwlet çykdajylary ýokarlandyrylýar hem-de salgytlar peseldilýär. Şeýle ykdysady syýasat «*ykdysadyýeti ýetmezçilikli maliýeleşdirmek*» diýlip atlandyryldy we ol J. M. Keýns tarapyndan işlenip düzüldi. Býujetiň ýetmezçiliginiň bu görnüşi düzümleýin ýetmezçiligiň ýagdaýyny häsiýetlendirýär;

2. *Passiw býujet ýetmezçiligi* – bu toplanýan salgyt girdejileriniň ýokarlanýan çykdajylardan yza galmagy netijesinde emele gelýär. Şeýle ýetmezçiligiň sebäpleri: ykdysadyýetdäki çökgünlik ýagdaýlar, ýurduň maliýe ulgamynyň netijesizligi, hereket edýän hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy. Şeýle-de passiw ýetmezçiligiň emele gelmegine adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmagy sebäp bolup biler.

Býujet ýetmezçiliginiň jemi içerki önümiň 3 – 5 % möçberinde hasaba alynmagy ýaramaz netijelere getirmeýär, ýöne onuň möçberiniň jemi içerki önümiň 10%-den ýokarlanmagy netijesinde ykdysadyýet üçin amatsyz ýagdaýlar emele gelýär.

Býujetiň ýetmezçiligi üç usul boýunça maliýeleşdirilýär:

1) puluň emissiýasynyň hasabyna;

2) ýurduň öz ilatynyň karzlarynyň hasabyna (içerki bergi);

3) beýleki döwletleriň ýa-da halkara maliýe guramalarynyň karzlarynyň hasabyna (daşarky bergi).

Birinji usul *emissiýa* ýa-da pul usuly, ikinji we üçünji usullar – döwlet býujetini maliýeleşdirmegiň *bergilere esaslanýan* usuly diýlip atlandyrylýar.

Her bir usulyň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri tapawutlandyrylýar:

*Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň emissiýa ýa-da pul usuly.* Bu usulda Merkezi bank pul toplumyny ýokarlandyrýar, ýagny aýlanyşyga goşmaça pul çykarýar we onuň kömegi bilen hökümet öz çykdajylarynyň girdejilerinden ýokarlanmagyny düzgünleşdirýär.

Maliýeleşdirmegiň bu usulynyň *artykmaçlyklary*:

1) pul toplumynyň artmagy jemi hyrydarlygyň we onuň netijesinde önümçiligiň möçberiniň ýokarlanmagynyň faktory hasaplanýar. Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy pul bazarynda göterim derejesiniň peselmegine (karzyň bahasynyň arzanlamagy) şert döredýär. Ol maýa goýumlary höweslendirýär we jemi çykdajylaryň ýokarlanmagyny hem-de jemi önümçiligiň artmagyny üpjün edýär;

2) bu çäräni gysga wagtyň dowamynda amala aşyryp bolýar. Merkezi bank döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alýar we olaryň gymmatyny satýan taraplara tölemek üçin aýlanyşyga goşmaça pul çykarýan ýagdaýynda pul toplumy ýokarlanýar. Şeýle görnüşde satyn almagy islendik wagt we islendik zerur möçberde amala aşyryp bolýar.

Maliýeleşdirmegiň bu usulynyň *ýetmezçiligi*: maliýeleşdirmegiň emission usulynyň esasy ýetmezçiligi uzak möhletli döwürde pul toplumynyň ýokarlanmagynyň *hümmetsizlenmege* getirýändigi bilen düşündirilýär we ol maliýeleşdirmegiň hümmetsizlenme usuly hasaplanýar.

*Içerki bergileriň hasabyna döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek usuly.* Bu usulda döwlet gymmatly kagyzlary (döwlet obligasiýalary we gaznaçylyk wekselleri) çykarýar we olary ilata (öý hojalyklaryna we kärhanalara) satýar hem-de alnan serişdeleri döwletiň çykdajylarynyň girdejilerinden ýokarlanmagyny maliýeleşdirmek üçin ulanýar.

Maliýeleşdirmegiň bu usulynyň *artykmaçlyklary*:

1) pul toplumynyň üýtgemeýändigi sebäpli ol hümmetsizlenmegi emele getirmeýär we şonuň üçin ol gysga möhletli döwürde maliýeleşdirmegiň hümmetsizlenme häsiýeti bolmadyk usuly hasaplanýar;

2) bu usulda döwletiň gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny we olaryň satylmagyny gysga wagtyň dowamynda amala aşyryp bolýar. Ösen döwletlerde ilat döwletiň gymmatly kagyzlaryny çalt satyn alýar, sebäbi olar ýokary likwidli

(olary ýeňil we çalt satyp bolýar, sebäbi olar «pula ýakyn pullar»), ýokary ygtybarly (döwlet tarapyndan kepillendirilýär we oňa ynam bildirilýär) we ýokary girdejili (olar boýunça göterim tölenýär) hasaplanýar.

Maliýeleşdirmegiň bu usulynyň ýetmezçilikleri:

*1) bergiler boýunça töleg amala aşyrylmaly*. Eger-de döwlet obligasiýalary boýunça göterim tölenmän, olar girdeji getirmeýän bolsa, onda ilat olary satyn almaýar. Döwlet obligasiýalary boýunça göterimiň tölenmegi *«döwlet bergisine hyzmat etmek»* diýlip atlandyrylýar. Döwlet bergisi näçe köp bolsa (ýagny, döwlet obligasiýalary näçe köp çykarylsa), şonça-da bergä hyzmat etmek üçin gönükdirilýän serişdeleriň möçberi ýokary bolýar. Döwlet obligasiýalary boýunça göterimleriň tölenmegi döwlet býujetiniň çykdajylarynyň bir bölegi hasaplanýar we ol näçe köp bolsa, şonça-da býujetiň ýetmezçiligi ýokary bolýar. Şunuň bilen baglanyşykly *aýratyn ýagdaý* emele gelýär: döwlet obligasiýalary döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin çykarýar we olar boýunça göterimiň tölenmegi býujetiň ýetmezçiligini has köpeldýär. Amerikan ykdysatçylary Tomas Sarjent bilen Neýl Wolles uzak möhletli döwürde döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň bergilere esaslanýan maliýeleşdirilmeginiň emissiýa usulyna garanyňda has ýokary hümmetsizlenmege getirip bilýändigini subut etdiler. Bu nazaryýet ykdysady edebiýatlarda «Sarjent-Wollesiň nazaryýeti» diýlip atlandyryldy. Içerki bergileriň hasabyna býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirip, döwlet düzgün boýunça maliýe amallarynyň *baglanyşygynyň yzygiderligini (piramidasy)* emele getirýär. Ol geljekki karzlaryň hasabyna geçen bergileriň tölegini amala aşyrýar we alan karzlarynyň geljekde gaýtarylyp berilmegi diňe bir bienginiň öz möçberini däl-de, onuň üçin tölenmeli göterimi hem öz içine alýar.

Şeýlelikde, döwlet bergini *gaýtadan maliýeleşdirýär*. Eger döwlet býujetiň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmegi üçin diňe şu usuly ulanýan bolsa, onda geljekde ýetmezçiligiň has uly möçberiniň emele gelmegi mümkin (döwlet obligasiýalarynyň köp möçberiniň çykarylmagy we döwlet bergilerine hyzmat etmek üçin çykdajylaryň artmagy) we şonuň üçin ýetmezçiligi bergidarlyk usuly arkaly maliýeleşdirmek mümkin bolmaýar hem-de döwlet emissiýa usulyny ulanmaly bolýar. Eger puluň emissiýasy her ýylda talabalaýyk möçberde amala aşyrylmasa, onda onuň möçberi zerur hasaplanýan möçberden köp çykarylar we ol geljekde hümmetsizlenmegiň ýokary depginlerine getirip biler. Şeýlelikde, Sarjent bilen Wolles aşakdaky nazaryýeti tassykladylar:

a) döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň bergileriň esasynda maliýeleşdirilmeginiň gysga möhletli döwürde hümmetsizlenme häsiýeti bolmaýar, uzak möhletli döwürde bolsa hümmetsizlenmegiň ýokary derejelerini emele getirip biler. Ýokary hümmetsizlenmegiň emele gelmezligi üçin maliýeleşdirmegiň emission usuly bilen bergilere esaslanýan usulynyň biri-biri bilen baglanyşykda ulanylmagy maksadalaýyk hasaplanýar.

b) maliýeleşdirmegiň bergilere esaslanýan usulynyň esasy ýetmezçiligi hususy maýa goýumlaryň «mümkinçilikleriniň azalmagynyň netijesi» hasaplanýar. *«Mümkinçilikleriň azalmagynyň netijesiniň»* ykdysady manysy şeýle düşündirilýär: gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet obligasiýalarynyň möçberiniň artmagy netijesinde öý hojalyklary öz süýşürintgileriniň bir bölegini hususy kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryny däl-de, döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak (döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmegini üpjün edýär, ýagny önümçilik däl maksatlar üçin sarp edilýär) üçin harçlaýarlar. Bu hususy kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň azalmagyna getirýär we onuň netijesinde maýa goýumlaryň möçberi peselýär. Netijede bolsa, önümçiligiň möçberi azalýar. *«Mümkinçilikleriň azalmagynyň netijesiniň»* ykdysady mehanizmi şeýle esaslandyrylýar: döwlet obligasiýalarynyň möçberiniň ýokarlanmagy gymmatly kagyzlar bazarynda obligasiýalaryň hödürlenmeginiň artmagyna getirýär. Obligasiýalaryň hödürlenmeginiň artmagy olaryň bazar bahalarynyň peselmegine getirýär. Obligasiýanyň bahasy bolsa göterim derejesi bilen ters baglanyşykda bolýar, şonuň üçin göterim dereje ýokarlanýar. Göterim derejesiniň ýokarlanmagy hususy maýa goýumlaryň şeýle hem önümçiligiň möçberiniň peselmegine getirýär.

*Daşarky bergileriň kömegi bilen döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek.* Bu ýagdaýda býujetiň ýetmezçiligi beýleki döwletlerden ýa-da halkara maliýe guramalaryndan (Halkara pul gaznasy: *IMF – International Monetary Fund*, Dünýä banky: *WB – World bank*, London kluby – *London club*, Pariž kluby – *Paris club* we ş.m.) alnan karzyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bu daşky karzlaryň kömegi bilen bergilere esaslanýan maliýeleşdirmek hasaplanýar.

Bu usulyň *artykmaçlyklary* aşakdaky görnüşde häsiýetlendirilýär:

1) uly möçberde karz almak mümkinçiligi;

2) hümmetsizlenme häsiýetiniň bolmazlygy.

Bu usulyň *ýetmezçilikleri* aşakdaky yzygiderlikde görkezilýär:

1) bergini gaýtaryp bermegiň we bergä hyzmat etmegiň zerurlygy;

2) daşky bergini tölemek üçin maliýe amallarynyň baglanyşygynyň yzygiderligini (piramidasy) emele getirmek mümkinçiliginiň ýoklugy;

3) ýurduň ykdysadyýetinden daşky bergini tölemek we oňa hyzmat etmek üçin serişdeleriň bölünip aýrylmagy. Bu ýagdaý içerki önümçiligiň möçberiniň azalmagyna we ykdysadyýetiň pese gaçmagyna getirýär;

4) töleg balansynyň ýetmezçiliginiň emele gelen ýagdaýynda ýurduň altyn pul ätiýaçlyklarynyň peselmek mümkinçiligi;

Şeýlelikde, döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň üç usulynyň hem artykmaçlyklaryny we ýetmezçiliklerini seljermek wajyp hasaplanýar.

Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň ikinji we üçünji usullarynyň netijesinde döwlet bergisi emele gelýär.

## 11.5. Deňagramly býujetiň multiplikatory

Eger býujetiň deňagramly ýagdaýy emele gelýän bolsa we döwlet çykdajylarynyň ýokarlanmagy girdejileriň artmagynyň hasabyna düzgünleşdirilýän bolsa, onda şeýle býujetiň jemi girdejilere bolan gatnaşykda multiplikatiw netijesi 1-e deň bolýar. Başgaça, deňagramly býujetiň emele gelýän ýagdaýynda girdejiler döwlet çykdajylarynyň möçberine görä ýokarlanýar. Şeýle baglanyşyk Haawelmonyň teoremasy diýlip atlandyrylýar.

Haawelmonyň teoremasy aşakdaky görnüşde subut edilýär.

Milli girdejiniň deňlemesi: $Y = C + I + G$.

Döwlet syýasatyny hasaba almak bilen milli girdejiniň deňlemesi:

$$Y = C_a + mpc\ (Y - T_a - tY) + I + G.$$

Býujet deňagramlylygy emele gelýär, sebäbi $T_a - tY = G$ bolýar.

Bu ýerde $T_a$ şeýle tapylýar: $T_a = G - tY$.

Milli girdejiniň deňlemesinde $T_a$-nyň ýerini çalşyp, aşakdaky deňlik alynýar:

$$Y = C_a + mpc\ (Y - G + tY - tY) + I + G.$$

Gysgaltmalar ýerine ýetirilende, $Y$ deňleme çözülýär:

$$Y(1 - mpc) = C_a + \mathrm{G}(1 - mpc) + I.$$

Milli girdejiniň deňlemesi artyş depginler arkaly (awtonom sarp etmegiň we maýa goýumlaryň üýtgemeýän ýagdaýynda) aşakdaky görnüşde ýazylýar:

$$\Delta Y(1 - mpc) = \Delta G(1 - mpc).$$

Deňagramly býujetiň multiplikatory 1-e deň bolýar:

$$\Delta Y/\Delta G = (1 - mpc)/(1 - mpc) = 1.$$

## 11.6. Döwlet bergisi we onuň görnüşleri

*Döwlet bergisi (government debt) – bu belli bir döwürde býujet ýetmezçiliginiň jemlenen we tölenmedik möçberini görkezýär*. Belli bir *anyk wagta* görä hasaplanýandygy sebäpli döwlet bergisi ätiýaçlyk görkezijisi hökmünde çykyş edýär (mysal üçin, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwarynyň ýagdaýyna görä). Döwlet býujeti möçber görkezijisine degişli, sebäbi ol belli wagtyň dowamynda (ýylyň dowamynda, ýagny 2012-nji ýylyň döwlet býujeti) hasaplanýar.

15. Sargyt № 466.

Döwlet bergisiniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) *içerki bergi (internal debt).* Ol döwletiň öz rezidentlerine, ýagny kärhanalara we raýatlara bergilerini görkezýär;

2) *daşarky bergi (external debt).* Ol beýleki döwletlerden ýa-da halkara maliýe guramalaryndan alnan karzyň netijesinde emele gelýär hem-de rezident däl taraplara bergini aňladýar.

Döwlet bergisiniň ykdysadyýete edýän täsiri berginiň absolýut ululygynyň ($D$) jemi içerki önümiň möçberine ($Y$) bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär (berginiň jemi içerki önümdäki paýy):

$$d = \frac{D}{Y}.$$

Has anyk görkeziji hökmünde berginiň ösüş depgininiň ($g_D$ – *debt growth*) jemi içerki önümiň ösüş depginine ($g_Y$ – *GDP growth*) bolan gatnaşygy hasaplanýar:

$$\xi = \frac{g_D}{g_Y}.$$

JIÖ-niň we ykdysady ösüşiň pes depginlerinde döwlet bergisi esasy makroykdysady meselä öwrülýär.

Içerki döwlet bergileriniň möçberiniň ýokary derejesi aşakdaky ýagdaýlaryň emele gelmegine getirýär:

– ykdysadyýetiň netijeliliginiň peselmegi, sebäbi bergini tölemek we oňa hyzmat etmek üçin önümçilik böleginden serişdeler bölünip aýrylýar;

– girdejiler hususy bölekden döwlet bölegine gaýtadan paýlanýar;

– gysga möhletli döwürde maýa goýumlaryň peselmegine getirýär we ol uzak möhletli döwürde kapitalyň ätiýaçlyklarynyň azalmagyna hem-de ýurduň önümçilik kuwwatlyklarynyň peselmegine getirip bilýär;

– geljekde ýokary hümmetsizlenmegiň ýokarlanmak töwekgelçiligi emele gelýär;

– bergiler boýunça göterimiň tölenmegi salgytlary ýokarlandyryp bilýär we bu ýagdaý ykdysady höweslendirmeleri peseldýär;

– girdejiler boýunça deňsizlik güýçlenýär;

– bir wagtda iki ýetmezçilik *(twin – debt)*, ýagny döwlet býujetiniň ýetmezçiligi bilen söwda balansynyň ýetmezçiligi ýüze çykyp bilýär. Bu ýetmezçilikler biri-biri bilen özara baglanyşykly hasaplanýar. Ykdysadyýete serişdeleriň gelmegini *(injection)* we gitmegini *(leakage)* görkezýän deňlige laýyklykda aşakdaky yzygiderlik emele gelýär:

$$I + G + Ex = S + T + Im$$
$$(G - T) = (S - I) + (Im - Ex).$$

Içerki süýşürintgileriň hasabyna döwlet býujetiniň artýan ýetmezçiligini maliýeleşdirmek mümkinçiligi bolmasa, onda ol daşary ýurt karzlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bu ýagdaýda söwda (töleg) balansynyň ýetmezçiligi ýokarlanýar.

Döwletiň daşary bergisiniň uly möçberde emele gelmeginiň amatsyz netijeleri bergini gaýtarmak we oňa hyzmat etmek zerurlygy bilen baglanyşykly bolup, ol aşakdakylary öz içine alýar:

– daşary ýurtlulara berginiň esasy böleginiň we göterimiň tölenmegi jemi içerki önümiň belli bir möçberiniň daşary ýurtlara geçirilmegini aňladýar. Milli ykdysadyýetiň netijeliligi we önümçilik mümkinçilikleri peselýär;

– berginiň bir bölegini geljekki nesillere geçirýär we ol ilatyň durmuş derejesini peseldip bilýär;

– uzak wagtyň dowamynda söwda (töleg) balansynyň ýetmezçiliginiň emele gelmegi netijesinde ýurduň altyn-pul ätiýaçlyklary azalýar we walýuta çökgünliginiň ýüze çykmagynyň töwekgelçiligi ýüze çykýar;

– bergiler bilen baglanyşykly töwekgelçilikler emele gelýär.

Makroykdysadyýetde «ýurduň jemi bergisi» ýa-da «jemi milli bergi» düşünjeleri ulanylýar. Jemi milli bergi *jemgyýetçilik bergileri* (döwlet dolandyryş edaralarynyň we döwlet kärhanalarynyň bergileri) we *hususy bergileri* (maliýe we maliýe däl bölegiň bergileri) öz içine alýar.

Döwlet bergileriniň *ykdysady çäkleri* aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirilýär:

– *jemi milli bergi (içerki we daşarky döwlet bergileri, korporatiw içerki we daşarky bergi)/JIÖ* – 120%-den ýokary bolmaly däl;

– *daşarky bergi/harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty* – 200%-den ýokary bolmaly däl;

– *daşarky bergilere hyzmat etmek (göterimiň tölenmegi)/býujet çykdajylary* – 25%-den ýokary bolmaly däl;

– *döwlet bergileri/JIÖ* – 60%-den ýokary bolmaly däl, şol sanda daşarky bergi 30-35%-den geçmeli däl.

Daşary berginiň otnositel görkezijilerini, ýagny halkara deňeşdirmelerinde ulanylýan *bergini tölemeklige ukyplylyk koeffisiýentini* öwrenmek wajyp hasaplanýar. Ol aşakdakylary öz içine alýar:

– jemi içerki önüme bolan gatnaşyk boýunça berginiň möçberi;

– eksporta bolan gatnaşyk boýunça berginiň möçberi;

– eksporta bolan gatnaşyk boýunça bergilere hyzmat edilmegi (göterimiň tölenmegi).

Döwlet derejesinde geçirilýän islendik seljerme ýurduň jemi içerki önümi bilen baglanyşdyrylýar. 1992-nji ýylda kabul edilen Maastriht şertnamasyna ýa-

-da Maastriht standartyna laýyklykda, döwletiň jemi bergileri (içerki we daşarky) jemi içerki önümiň 60% derejesinde, döwlet býujetiniň ýetmezçiligi jemi içerki önümiň 3% derejesinde kesgitlendi.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *budget surplus* | *býujetiň artykmaçlygy* |
| *budget equilibrium* | *býujetiň deňagramlylygy* |
| *budget deficit* | *býujetiň ýetmezçiligi* |
| *primary deficit* | *ilkinji ýetmezçilik* |
| *actual deficit* | *hakyky ýetmezçilik* |
| *cyclical deficit* | *düzümleýin ýetmezçilik* |
| *structural deficit* | *döwürleýin ýetmezçilik* |
| *government debt* | *döwlet bergisi* |
| *internal debt* | *içerki bergi* |
| *external debt* | *daşarky bergi* |

# XII BAP
# SALGYT-BÝUJET SYÝASATY WE ONUŇ MAKSATLARY

## 12.1. Salgyt-býujet syýasatynyň maksatlary we onuň gurallary

Salgyt-býujet syýasaty pul-karz syýasaty ýaly durnuklaşdyryş syýasatynyň bir görnüşi hasaplanýar we ol ykdysadyýetde emele gelýän döwürleýin üýtgemeleri düzgünleşdirmeklige mümkinçilik berýär hem-de ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagyna gönükdirilýär.

Makroykdysady nazaryýetde salgyt-býujet syýasaty fiskal syýasat *(fiscal policy)* diýlip atlandyrylýar. Ol latyn *fiskus* sözünden gelip çykyp, Gadymy Rimde pul toplamak üçin ulanylan sebet diýmegi aňladýar.

*«Fiskal syýasat»* diýen düşünje makroykdysadyýet nazaryýetine ilkinji gezek XX asyryň başlarynda Kolumbiýa uniwersitetiniň döwlet maliýesi boýunça professory E. Seligmen tarapyndan girizilýär. Ol bu düşünjäni hökümete býujet amallary arkaly milli girdejiniň gaýtadan paýlanmagyny teklip eden nemes ykdysatçysy A. Wagneriň pikirlerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäginde ulanýar. Berlen teklibiň esasynda Wagneriň kanuny (*Wagner's law*) emele gelýär we oňa laýyklykda, senagat taýdan ösen ykdysadyýetiň geljekki ösüş depginleriniň jemi içerki önümde döwlet çykdajylarynyň paýynyň ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydygy beýan edilýär.

Belli amerikan ykdysatçysy P.Masgrýew özüniň «Döwlet maliýesiniň nazaryýeti» (1959 ý.) işinde «fiskal syýasat» diýen düşünjäni has-da kämilleşdirýär. Ol bu işinde «fiskal» adalgasyny ulanyp, döwlet býujeti arkaly girdejileri gaýtadan paýlamagyň mümkinçiliklerini beýan edýär.

Keýnsiançylyk çemeleşmesiniň esasynda «fiskal syýasatyň» ähmiýeti üýtgeýär. Bu çemeleşmede onuň salgytlaryň ýygnalmagyna, ýagny býujetiň girdejileriniň emele gelmegine edýän täsiri üýtgedilip, ol döwlet çykdajylaryna ýakynlaşdyrylýar. Keýnsiň başlangyçlaryny dowam eden ykdysatçylar üçin «fiskal syýasat» jemi hyrydarlyga täsir edýän döwlet çykdajylarynyň we döwlet girdejileriniň dolandyrylmagyny aňladýar.

Salgyt-býujet syýasatynyň aşakdaky maksatlary tapawutlandyrylýar:
– durnukly ykdysady ösüş;
– iş bilen doly üpjünçilik (döwürleýin işsizligiň bolmazlygy);
– bahalaryň durnukly derejesi (hümmetsizlenmegiň amatly derejesi).

Pul-karz syýasaty Merkezi bank tarapyndan alnyp barylýan bolsa, onda salgyt-býujet syýasaty hökümet, esasan, maliýe ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Salgyt-býujet syýasatynyň gurallary *jemi hyrydarlyga* (jemi çykdajylaryň möçberi), şeýle hem *jemi hödürlemeklige* (kärhanalaryň harajatlarynyň möçberi) täsir edýär. Salgyt-býujet syýasatynyň *gurallary* hökmünde döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary çykyş edýär hem-de olar aşakdakylary öz içine alýar:

– *döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy;*
– *salgytlar;*
– *transfertler.*

Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy hem-de transfertler *döwlet býujetiniň çykdajylary*, salgytlar bolsa *býujetiň girdejileriniň* esasy çeşmesi hasaplanýar. Şonuň üçin fiskal syýasat salgyt-býujet syýasaty diýlip atlandyrylýar. Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň möçberiniň üýtgemegi diňe jemi hyrydarlyga täsir edýär, salgytlaryň we transfertleriň möçberiniň üýtgemegi jemi hyrydarlyga, şeýle hem jemi hödürlemeklige täsir edýär. Salgytlaryň peselmegi jemi hödürlemegi ýokarlandyrýar, ykdysady işjeňligi höweslendirýär, olaryň ýokarlanmagy bolsa önümçiligiň ösüşini peseldýär. Transfertleriň peselmegi tersine, jemi hödürlemegiň möçberini azaldýar, onuň ýokarlanmagy bolsa önümiň bir birligini öndürmek üçin kärhanalaryň harajatlaryny peseldýär we jemi hödürlemegiň ýokarlanmagyna getirýär.

## 12.2. Salgyt-býujet syýasatynyň gurallarynyň jemi hyrydarlyga (AD) edýän täsiri

Salgyt-býujet syýasatynyň gurallarynyň jemi hyrydarlygy kadalaşdyrmak üçin ulanylmagy olaryň jemi çykdajylara täsir etmegini aňladýar. Bu gurallaryň jemi hyrydarlyga edýän täsiri dürli-dürli bolýar. Jemi hyrydarlygyň formulasy:

$$AD = C + I + G + Xn.$$

Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy jemi çykdajylaryň bir bölegi hasaplanýar, şonuň üçin olaryň üýtgemegi jemi hyrydarlyga *göni täsir* edýär, salgytlar we transfertler bolsa sarp ediş çykdajylarynyň ($C$) hem-de maýa goýum çykdajylarynyň ($I$) möçberini üýtgedip, jemi hyrydarlyga *gytaklaýyn* täsir edýär. Salgyt-býujet syýasatynyň gurallarynyň jemi hyrydarlyga edýän täsiriniň öwrenilmegi J. M. Keýnse we onuň pikirdeşlerine degişli hasaplanýar. Olar ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagy, ilkinji nobatda ykdysadyýetiň pese gaçmagynyň öňüni almak üçin pul-karz syýasaty bilen deňeşdirilende salgyt-býujet syýasatynyň has ýokary netijeliligini esaslandyrmaga synanyşdylar. Olaryň garaýyşlary salgyt-býujet syýasatynyň ähli gurallarynyň ykdysadyýete *multiplikatoryň netijesi* boýunça täsir edýändigi baradaky nazaryýete esaslandylar.

Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň ykdysadyýete edýän täsiri

şeýle yzygiderlilikde seljerilýär. Eger döwlet goşmaça 100$ , ýagny $\Delta G$ = 100$-a deň bolan harytlary we hyzmatlary satyn alýan bolsa, onda harytlary we hyzmatlary satýan tarap şol möçberde goşmaça girdeji alýar. Bu onuň ygtyýarlygynda galýan girdejisiniň ýokarlanýandygyny aňladýar, sebäbi ygtyýarlykda galýan girdeji iki bölege, ýagny sarp edişe (*C*) we süýşürintgilere (*S*) bölünýär. Tygşytlylyk düzgünine laýyklykda, hereket edýän ykdysady gatnaşyjy öz ähli goşmaça girdejisini sarp etmek üçin harçlamaýar we artýan girdejiniň bir bölegini süýşürintgini ýokarlandyrmak üçin ulanýar. Keýns bu nazaryýeti «*esasy psihologiki kanun*» diýip atlandyrdy we ony şeýle görnüşde esaslandyrdy: «Esasy psihologiki kanun düzgün boýunça adamlaryň girdejiniň möçberine deň möçberde däl-de, girdejiniň artmagy bilen öz sarp etmeklerini ýokarlandyrmaga meýillidigini aňladýar». J. Keýns sarp etmegiň artmagynyň girdejiniň artmagyna bolan gatnaşygyny «*sarp etmeklige goşmaça meýillilik*» (*mpc* – «marginal propensity to consume») diýip atlandyrdy:

$$mpc = \Delta C/\Delta Y \qquad 0 < mpc < 1.$$

Sarp etmeklige goşmaça meýillilik bilen *sarp etmeklige ortaça meýillilik* (*apc* – «average propensity to consume») tapawutlandyrylýar we ol sarp ediş çykdajylarynyň girdejileriň möçberine bolan gatnaşygy arkaly hasaplanýar:

$$apc = C/Y.$$

J. Keýns süýşürintgileriň artmagynyň girdejiniň artmagyna bolan gatnaşygyny «süýşürintgilere goşmaça meýillilik» («marginal propensity to save» – *mps*) diýip atlandyrdy.

$$mps = \Delta S/\Delta Y \qquad\qquad 0 < mps < 1$$

Süýşürintgilere goşmaça meýillilik bilen *süýşürintgilere ortaça meýillilik* (*APS* – «average propensity to save») tapawutlandyrylýar we ol süýşürintgileriň girdejileriň möçberine bolan gatnaşygy arkaly hasaplanýar:

$$aps = S/Y$$

$$apc + aps = 1$$

(Sarp etmeklige goşmaça meýillilik bilen süýşürintgilere goşmaça meýilliligiň matematiki manysy olaryň biri-birine baglanyşykly üýtgeýän ululyklardygyny aňladýar)

$$mpc + mps = 1$$

$$mpc + mps = \Delta C/\Delta Y + \Delta S/\Delta Y = (\Delta C + \Delta S)/\Delta Y = \Delta Y/\Delta Y = 1.$$

Her bir döwlet üçin *mpc bilen mps* durnukly (üýtgemeýän ýagdaýda) bolýar,

sebäbi ol ýurduň milli, taryhy we medeni aýratynlyklary bilen baglanyşykly hasaplanýar.

Eger ykdysady amallara gatnaşyjylar öz artýan girdejileriniň 80%-ni sarp etmek üçin harçlap, 20%-ni bolsa süýşürintgi hökmünde goýýan bolsa, onda bu ýagdaý *mpc* = 0,8, *mps* = 0,2 deňdigini aňladýar.

Eger döwlet harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagyny 100$ ýokarlandyryp, onuň netijesinde bir ykdysady amallara gatnaşyjynyň goşmaça girdejisini 100$ artdyrýan bolsa, onda ol girdejiniň 80%-ni sarp etmek üçin çykdajy eder we 20%-ni süýşürintgiler hökmünde goýar. 80$ harçlap, ol beýleki bir ykdysady amallara gatnaşyjynyň goşmaça girdejisini artdyrar we ol 64$ (80 × 0,8 = 64) sarp etmek üçin çykdajy edip, 16$ (80 × 0,2=16) süýşürintginiň artmagy üçin goýar. Harytlary satýan tarap (satyjy) öz alan goşmaça 64$-nyň belli bir bölegini (51,2$) goşmaça sarp etmek üçin harçlap, onuň galan bölegini (12,8$) süýşürintgi hökmünde goýar. Bu amallar öňki düzgün esasynda dowam edýär we özara baglanyşyk aşakdaky görnüşde beýan edilýär:

$\Delta Y_1$ $\qquad \Delta G = 100$

$\swarrow \quad \searrow$

$\Delta G \quad \Delta S$

$\Delta Y_2$ $\qquad 80 \quad 20$

$\swarrow \quad \searrow$

$\Delta C \quad \Delta S$

$\Delta Y_3$ $\qquad 64 \quad 16$

$\swarrow \quad \searrow$

$\Delta C \quad \Delta S$

$\Delta Y_4$ $\qquad 51{,}2 \quad 12{,}8.$

Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň ýokarlanmagy netijesinde jemi girdejileriň umumy artmagy ($\Delta Y$) ähli ykdysady gatnaşyjylaryň girdejileriniň artmagynyň jemine deň bolar:

$$\Delta Y = \Delta Y_1 + \Delta Y_2 + \Delta Y_3 + \Delta Y_4 + \ldots$$

Her bir geljekki (nobatdaky) ykdysady gatnaşyjynyň girdejisiniň artmagy geçen ykdysady gatnaşyjynyň goşmaça girdejisiniň sarp etmeklige goşmaça meýilliliginiň (*mpc*) ululygyna köpeldilmegine deňdigi sebäpli, jemi girdejiniň üýtgemegi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\Delta Y = \Delta G + \Delta G \times mpc + (\Delta G \times mpc) \times mpc + (\Delta G \times mpc^2) \times mpc +$$
$$+ (\Delta G \times mpc^3) \times mpc + \ldots = \Delta G\ (1 + mpc + mpc^2 + mpc^3 + mpc^4 + \ldots).$$

Ýaýyň içinde birden kiçi belgili ($mpc < 1$) üznüksiz peselýän geometriki progressiýa (bu multiplikatoryň matematiki manysyny aňladýar) alynýar we onuň jemi $1/(1 - mpc)$ deň bolýar. Netijede, aşakdaky formula alynýar:

$$\Delta Y = \Delta G \times 1/(1 - mpc).$$

Formula san belgilerini goýmak arkaly şeýle netije alynýar:

$$\Delta Y = 100 + 80 + 64 + 51{,}2 + \ldots = 100 \times 1/(1 - 0{,}8) = 100 \times 5 = 500.$$

Şeýlelikde, döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň 100$ artmagy jemi girdejini bäş esse ýokarlandyrýar. $1/(1 - mpc)$ ululyk awtonom çykdajylaryň multiplikatory diýlip atlandyrylýar:

$$mult_G = 1/(1 - mpc).$$

Eger döwlet çykdajylary $\Delta G$ möçberde ýokarlanýan bolsa, onda meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň çyzygy $\Delta G$ ýokaryk süýşýär. Ykdysadyýetiň deňagramlylygy *A* nokatdan *B* nokada geçýär.




*12.1-nji şekil. Döwlet çykdajylarynyň multiplikatorynyň grafigi*

Girdejiniň $\Delta Y$ artyş derejesi döwlet çykdajylarynyň $\Delta G$ ösüşinden ýokary bolýar. Şeýlelikde, býujet syýasaty girdejilere multiplikatiw netije arkaly täsir edýär.

Awtonom çykdajylaryň multiplikatory bir birlik üçin awtonom çykdajylaryň artmagy bilen jemi girdejileriň näçe esse ýokarlanýandygyny (peselýändigini) görkezýän koeffisiýent. Multiplikator iki tarapa hem hereket edýär, ýagny awtonom çykdajylaryň ýokarlanmagy (berlen mysalda döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy) bilen jemi girdejiler multiplikatiw ýokarlanýar we awtonom çykdajylaryň peselmegi bilen jemi girdeji multiplikatiw peselýär.

Salgytlar hem jemi hyrydarlyga multiplikatoryň netijesi boýunça täsir edýär. Şeýle-de bolsa salgytlaryň multiplikatiw netijesi döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň multiplikatiw netijesinden pes bolýar. Bu döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň üýtgemeginiň jemi hyrydarlyga göni, salgytlaryň bolsa sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegi arkaly gytaklaýyn täsir edýändigi bilen düşündirilýär.




*12.2-nji şekil. Salgyt multiplikatorynyň grafigi*

Salgytlaryň möçberiniň üýtgemegi bilen ygtyýarlykda galýan girdejiniň möçberi hem üýtgeýär: salgytlaryň ýokarlanmagy ygtyýarlykda galýan girdejini azaldýar, salgytlaryň peselmegi bolsa ony ýokarlandyrýar.

Salgytlaryň *ΔT* möçberde peselmegi netijesinde ygtyýarlykda galýan ($Y - T$) girdeji *ΔT* möçberde ýokarlanýar. Şeýle-de sarp etmek *mpc* × *ΔT* möçberde artýar. Girdejiniň *Y* islendik berlen derejesinde meýilnamalaşdyrylýan çykdajylar ýokarlanýar. Oňa laýyklykda, sarp ediş çykdajylary *ΔT* × *mpc* möçberde artýar we meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň çyzygyny ýokaryk süýşürýär hem-de önümçiligiň deňagramly *Y* möçberini $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlandyrýar. Ykdysadyýetde deňagramlylyk *A* nokatdan *B* nokada süýşýär.

Girdejileriň derejesine bagly bolmadyk awtonom (akkord) salgytlaryň jemi hyrydarlyga edýän täsiri şeýle yzygiderlilikde seljerilýär. Salgytlaryň üýtgemegi ygtyýarlykda galýan girdejileriň ($Yd = PI - \overline{T}x$) üýtgemegine getirýär. Awtonom salgytlaryň ýokarlanmagy ygtyýarlykda galýan girdejiň möçberini peseldýär, salgytlaryň peselmegi bolsa ygtyýarlykda galýan girdejini ýokarlandyrýar. Mysal üçin, eger awtonom salgytlar 100$ möçberinde peselýän bolsa, onda ygtyýarlykda galýan girdeji 100$ köpelýär. Ygtyýarlykda galýan girdeji iki bölege, ýagny sarp edişe (*C*) we süýşürintgilere (*S*) bölünýär. Eger *mpc* = 0,8 bolsa, onda ygtyýarlykda

galýan girdejiniň 100$ köpelmegi bilen sarp ediş 80$ ($100 \times 0{,}8 = 80$) ýokarlanar, sebäbi bu ýagdaýda çykdajylaryň multiplikatory 5-e ($1/(1 - 0{,}8) = 1/0{,}2 = 5$) deň bolýar. Salgytlaryň üýtgemegi netijesinde jemi girdejiniň artmagy 500$ däl-de, 400$-a ($\Delta Y = \Delta C \times 1/(1 - mpc) = 80 \times 5 = 400$) deň bolýar. Bu multiplikatiw netijäniň pes bolýandygyny aňladýar. Şeýle ýagdaý multiplikatoryň ikinji derejeden (geometriki progressiýanyň ilkinji bölümi 100 däl-de, 80 bolýar) hereket edip başlaýandygy bilen düşündirilýär.

Awtonom salgytlaryň multiplikatory şeýle yzygiderlikde kesgitlenýär. Salgytlar jemi çykdajylara sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegi arkaly täsir edýär, sebäbi:

$$\Delta Y = \Delta C \times 1/(1 - mpc) \qquad (1)$$

Şeýle ýagdaýda sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegi şeýle kesgitlener:

$$\Delta C = mpc \times (\Delta Yd).$$

Bu deňlikden ygtyýarlykda galýan girdejiniň (*Yd)* üýtgemegi aşakdaky görnüşe eýe bolar:

$$\Delta Yd = -\Delta \overline{T}x.$$

Sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegini gaýtadan şeýle görnüşe getirmek mümkin:

$$\Delta C = mpc \times (-\Delta \overline{T}x) \qquad (2)$$

(2) formulany (1) formula goýup, käbir gaýtadan toparlamalary ýerine ýetirmek arkaly şeýle formula alynýar:

$$\Delta Y = mpc \times (-\Delta \overline{T}x) \times 1/(1 - mpc) = [-mpc/(1 - mpc)] \times (-\Delta \overline{T}x).$$

$[-mpc/(1 - mpc)]$ ululyk awtonom salgytlaryň multiplikatory hasaplanýar. $(1 - mpc)$ öz gezeginde *mps* (süýşürintgilere goşmaça meýillilik) aňladýandygy sebäpli, awtonom salgytlaryň multiplikatoryny şeýle görnüşe getirmek mümkin:

$$(-mpc/mps)$$

$$mult_{\overline{T}x} = -mpc/(1 - mpc) = -mpc/mps.$$

Berlen mysalda bu görkeziji (– 4) deň, ýagny:

$$(-0{,}8/(1 - 0{,}8) = -0{,}8/0{,}2 = -4).$$

Salgytlaryň multiplikatory – bu bir birlik üçin salgytlaryň ýokarlanmagynyň (peselmeginiň) jemi girdejini näçe esse ýokarlandyrýandygyny (peseldýändigini) görkezýän koeffisiýent.

Iki sany ýagdaýa üns bermek zerur hasaplanýar:

1) *multiplikatoryň ululygy elmydama otrisatel ululyk hasaplanýar*. Bu jemi

girdeji bilen ters baglanyşygyň bardygyny aňladýar. Salgytlaryň ýokarlanmagy jemi girdejiniň peselmegine we tersine, salgytlaryň peselmegi jemi girdejiniň ýokarlanmagyna getirýär. Berlen mysalda salgytlaryň 100$ ($\Delta \overline{T}x = -100$) peselmegi jemi girdejiniň 400$ ýokarlanmagyna getirýär:

$$\Delta Y = -mpc/(1 - mpc) \times (\Delta \overline{T}x) = -0{,}8/(1 - 0{,}2) \times 100 = -4 \times (-100) = 400;$$

2) salgytlaryň multiplikatory özüniň absolýut ululygy boýunça elmydama çykdajylaryň multiplikatoryndan az bolýar. *Eger döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy bilen awtonom salgytlar şol bir möçberde ýokarlanýan bolsa, onda jemi girdeji ýokarlanýar hem-de bu üýtgeme döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň üýtgemeginiň möçberine deň bolýar*. Mysal üçin, eger $mpc = 0{,}8$ ýagdaýynda döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy bilen awtonom salgytlar 100$ ýokarlanýan bolsa, onda döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň artmagy jemi girdejini 500$ ýokarlandyrýar:

$$\Delta Y = \Delta G \times 1/(1 - mpc) = 100 \times 5 = 500.$$

Salgytlaryň ýokarlanmagy bolsa, jemi girdejini 400$ peseldýär:

$$\Delta Y = \Delta \overline{T}x \times [-mpc/(1 - mpc)] = -100 \times (-4) = 400.$$

Netijede, jemi girdeji döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy bilen awtonom salgytlaryň üýtgemeginiň möçberinde, ýagny 100% ýokarlanýar. Bu deňagramly býujetiň multiplikatorynyň 1-e deň bolýandygyny aňladýar.

Transfertleriň hem multiplikatiw netijesi ýüze çykýar. Olar hem salgytlar ýaly sarp ediş çykdajylary arkaly jemi hyrydarlyga gytaklaýyn täsir edýärler. Transfertleriň ýokarlanmagy ygtyýarlykda galýan girdejini ýokarlandyrýar we transfertleriň peselmegi ygtyýarlykda galýan girdejiniň peselmegine (transfertler şahsy girdejiniň möçberini üýtgedýär we salgytlaryň möçberiniň üýtgemeýän ýagdaýynda ol ygtyýarlykda galýan girdejiniň üýtgeýändigini aňladýar) getirýär. Eger transfertler 100$ ýokarlanýan bolsa, onda ygtyýarlykda galýan girdeji hem 100$ artýar. Sarp etmeklige goşmaça meýillilik 0,8-e deň bolsa, onda sarp etmek 80$ ýokarlanar:

$$\Delta C = \Delta Yd \times mpc = 100 \times 0{,}8 = 80.$$

Bu ýagdaýda çykdajylaryň multiplikatorynyň 5-e deň bolýandygy sebäpli, jemi girdeji 400$ ýokarlanýar:

$$1/(1 - mpc) = 1/(1 - 0{,}8) = 5$$

$$\Delta Y = \Delta C \times 1/(1 - mpc) = 80 \times 5 = 400.$$

Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň ýokarlanmagyndaky ýagdaý bilen deňeşdirilende, multiplikator ýene-de ikinji derejeden, ýagny 100$-dan däl-de, 80$-dan hereket edip başlaýar.

Transfertleriň multiplikatorynyň formulasy aşakdaky görnüşde kesgitlenýär. Transfertleriň üýtgemegi ygtyýarlykda galýan girdejiniň üýtgemegini aňladýar:

$$Tr = \Delta Yd.$$

Ygtyýarlykda galýan girdejiniň üýtgemegi sarp etmekligiň goşmaça meýilliliginiň möçberine laýyklykda sarp etmekligiň üýtgemegine getirýär:

$$\Delta C = \Delta Yd \times mpc = \Delta Tr \times mpc.$$

Sarp etmekligiň üýtgemegi jemi girdejini multiplikatiw üýtgedýär:

$$\Delta Y = \Delta C \times 1/(1 - mpc) = \Delta Tr \times mpc \times 1/(1 - mpc) = [mpc/(1 - mpc)] \times \Delta Tr.$$

Şeýlelikde, transfertleriň multiplikatorynyň möçberi aşakdaky ýagdaýa deň bolýar:

$$mult_{Tr} = mpc/(1 - mpc) \quad \text{ýa-da} \quad mult_{Tr} = mpc/mps.$$

*Transfertleriň multiplikatory* – bu transfertleriň bir birlige ýokarlanmagy (peselmegi) bilen jemi girdejiniň näçe esse ýokarlanýandygyny (peselýändigini) görkezýän koeffisiýent. Transfertleriň multiplikatory özüniň absolýut ululygy boýunça awtonom salgytlaryň multiplikatoryna deň bolýar. Transfertleriň multiplikatorynyň ululygy çykdajylaryň multiplikatorynyň ululygyndan kiçi bolýar, sebäbi transfertler jemi girdejilere gytaklaýyn, çykdajylar (sarp ediş, maýa goýum, döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy) bolsa göni täsir edýär.

## 12.3. Salgyt-býujet syýasatynyň görnüşleri

Ykdysadyýetiň ykdysady döwrüň haýsy tapgyrynda hereket edýändigi bilen baglanyşykly salgyt-býujet syýasatynyň gurallary dürli görnüşlerde ulanylýar we fiskal syýasatyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) höweslendiriji fiskal syýasat (*expansionary fiscal policy*);
2) çäklendiriji fiskal syýasat (*contractionary fiscal policy*).

*Höweslendiriji fiskal syýasat* pese gaçyş döwründe amala aşyrylýar (*12.3-nji a şekil*), ol ykdysady işjeňligiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilýär we işsizlige garşy göreşmegiň serişdesi hökmünde ulanylýar. Höweslendiriji fiskal syýasatyň gurallary hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň ýokarlanmagy;
– salgytlaryň peselmegi;
– transfertleriň ýokarlanmagy.

Salgytlaryň peselmegi we transfertleriň ýokarlanmagy diňe bir jemi hyrydarlygyň ýokarlanmagyny däl-de, jemi hödürlemegiň ýokarlanmagyny hem üpjün edýär. Bu ýagdaýda jemi önümçiligiň möçberi ($Y_1$-den $Y^*$ çenli) ýokarlanýar we bahalaryň derejesi ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) peselýär (*12.3-nji ç şekil*). Şonuň üçin bu

gurallar bir wagtda işsizlige we hümmetsizlenmege garşy göreş serişdesi hökmünde ulanylyp bilinýär.

*Çäklendiriji fiskal syýasat* üpjünçiligiň has ýokary we hümmetsizlenmek (boom) şertlerinde ulanylýar hem-de ol hümmetsizlenmege garşy göreşmegiň çäresi hökmünde ykdysady işjeňligiň çäklendirilmegine gönükdirilýär (*12.3-nji b şekil*).

Çäklendiriji fiskal syýasatyň *gurallary* hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň peselmegi;
– salgytlaryň ýokarlanmagy;
– transfertleriň peselmegi.




*Jemi hyrydarlyga* *Jemi hödürlemege*

*a) höweslendiriji* *b) çäklendiriji* *ç) höweslendiriji*

*12.3-nji şekil. Fiskal syýasatyň ykdysadyýete edýän täsiri*

*12.1-nji tablisa*

**Fiskal syýasatyň gurallary**

| Ykdysadyýetiň ýagdaýy | Fiskal syýasatyň görnüşleri | Döwletiň satyn alýan harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberiniň üýtgemegi | Girdejä salynýan salgydyň möçberiniň üýtgemegi | Transfertleriň möçberiniň üýtgemegi |
|---|---|---|---|---|
| Ykdysadyýetiň pese gaçmagy | Höweslendiriji | Ýokarlanýar | Peselýär | Ýokarlanýar |
| Ykdysadyýetiň ýokary galmagy | Çäklendiriji | Peselýär | Ýokarlanýar | Peselýär |

Şeýle-de salgyt-býujet syýasatynyň gurallarynyň ykdysadyýete edýän täsirine baglylykda bu syýasatyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

a) aktiw (diskresion) fiskal syýasat;

b) passiw (diskresion däl, awtomatiki) fiskal syýasat.

*Aktiw fiskal syýasat (discretionary fiscal policy)* ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak maksady bilen hökümetiň salgytlaryň, döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň hem-de transfertleriň möçberiniň kanun esasynda üýtgetmegini aňladýar. Bu üýtgetmeler ýurduň esasy maliýe meýilnamasynda, ýagny döwlet býujetinde görkezilýär.

*Passiw ýa-da awtomatiki fiskal syýasat (non-discretionary fiscal policy)* awtomatiki durnuklaşdyryjylaryň hereketine esaslanýar. Awtomatiki durnuklaşdyryjylar hökmünde möçberi üýtgemeýän gurallary, ýöne olaryň hereketi pese gaçyş döwründe ykdysady işjeňligi höweslendirip, ykdysadyýeti öz-özünden durnuklaşdyrýandygyny görkezýär. Awtomatiki durnuklaşdyryjylara aşakdakylar degişli hasaplanýar:

– *girdeji salgytlary* (girdejilere salynýan ähli salgydy, şol sanda korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgydy öz içine alýar). Progressiw girdeji salgydynyň has güýçli durnuklaşdyryş täsiri hasaba alynýar;

– *gytaklaýyn salgytlar* (ilkinji nobatda goşulan baha salynýan salgyt);

– *işsizlik üçin tölenýän kömek pullary we ş.m.* Bu, esasan, durmuş üpjünçiliginiň doly ýerine ýetirilmeýän we girdejileriň deň paýlanylmaýan döwletlerinde ulanylýar.

Awtomatiki durnuklaşdyryjylaryň ykdysadyýete edýän täsiriniň mehanizmini seljermek zerur hasaplanýar. Girdeji salgydy şeýle yzygiderlikde hereket edýär: ykdysadyýetiň pese gaçýan şertlerinde ykdysady işjeňlik peselýär, sebäbi salgyt girdejileriniň möçberi azalýar we ykdysadyýetde işjeňligiň ýokary derejelerinde, ýagny real JIÖ-niň ýokary möçberiniň üpjün edilýän ýagdaýynda salgyt girdejileri ýokarlanýar. Salgyt derejesi öňki möçberde saklanýar, ýöne salgytlaryň ykdysadyýetden pul serişdeleriniň alynmagy hasaplanýandygy sebäpli çykdajylaryň möçberi peselýär we onuň netijesinde girdejiler hem azalýar. Ykdysadyýetiň pese gaçýan ýagdaýynda pul serişdeleriniň alynmagy pes (minimal) derejede, işjeňligiň ýokarlanýan şertlerinde alynýan pul serişdeleriniň möçberi ýokary (maksimal) derejede diýlip hasaplanýar.

Şeýle-de goşulan baha salynýan salgyt awtomatiki durnuklaşmagy üpjün edýär. Ykdysadyýetiň pese gaçýan şertlerinde satyşyň möçberi peselýär, sebäbi goşulan baha salynýan salgyt harydyň bahasynyň bir bölegini aňladyp, gytaklaýyn salgyt hasaplanýar. Satyşyň möçberiniň peselmegi netijesinde gytaklaýyn salgytlardan alynýan salgyt girdejileri peselýär. Ykdysady işjeňligiň ýokarlanýan ýagdaýynda jemi girdejileriň artýandygy sebäpli satyşyň möçberi artýar we ol gytaklaýyn salgytlardan alynýan girdejileri ýokarlandyrýar.

Işsizlik boýunça tölenýän (durmuş üpjünçiliginiň doly ýerine ýetirilmeýän we girdejileriň deň paýlanylmaýan döwletlerinde ulanylýar) kömek pullary

ykdysadyýetiň pese gaçýan döwründe ýokarlanýar (iş orunlaryny ýitirýän işçileriň sanynyň artmagy), ýokary işjeňlik şertlerinde ol azalýar, sebäbi üpjünçiligiň ýokary derejesi emele gelýär we girdejiler ýokarlanýar. Kömek pullarynyň bu görnüşi transfertler hasaplanýar. Olaryň tölenmegi girdejileriň, şeýle-de çykdajylaryň ýokarlanmagyny üpjün edýär we netijede, ykdysadyýetiň pese gaçýan ýagdaýynda onuň ýokarlanmagyny höweslendirýär. Ykdysadyýetiň ýokary galýan ýagdaýynda pul tölegleriň möçberiniň azalmagy ykdysadyýete çäklendiriji täsirini ýetirýär.

Ösen döwletleriň ykdysadyýetiniň 2/3 bölegi aktiw (diskresion) fiskal syýasatyň, 1/3 bölegi passiw fiskal syýasatyň, ýagny awtomatiki durnuklaşdyryjylaryň kömegi arkaly kadalaşdyrylýar.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *marginal propensity to consume – mpc* | *sarp etmeklige goşmaça meýillilik* |
| *average propensity to consume – apc* | *sarp etmeklige ortaça meýillilik* |
| *marginal propensity to save – mps* | *süýşürintgilere goşmaça meýillilik* |
| *average propensity to save – aps* | *süýşürintgilere ortaça meýillilik* |
| *expansionary fiscal policy* | *höweslendiriji fiskal syýasat* |
| *contractionary fiscal policy* | *çäklendiriji fiskal syýasat* |
| *discretionary fiscal policy* | *aktiw fiskal syýasat* |
| *non-discretionary fiscal policy* | *passiw fiskal syýasat* |

# XIII BAP
# IS-LM MODELI

## 13.1. IS-LM modeli we onuň ähmiýeti

IS-LM modeli haryt we pul bazarlarynyň bilelikdäki deňagramlylygyny görkezýän model hasaplanýar. Ol keýnsiançylyk görnüşindäki model (demand-side) hasaplanyp, gysga möhletli döwürde ykdysadyýetiň ýagdaýyny beýan edýär we jemi hyrydarlygyň häzirkizaman nazaryýetiniň esasy hökmünde çykyş edýär.

IS-LM modeli iňlis ykdysadyýetçisi Jon Hiksiň 1937-nji ýylda çap edilen «Keýns we neoklassyklar» atly makalasynda işlenip düzüldi we ol 1949-njy ýylda amerikan ykdysatçysy Elwin Hanseniň «Monetar nazaryýet we fiskal syýasat» atly kitaby çap edilenden soň meşhurlyga eýe boldy. Şonuň üçin bu model *Hiks--Hanseniň modeli* diýlip atlandyrylýar.

*IS* egri çyzygy (maýa goýum – süýşürintgiler) haryt bazaryndaky deňagramlylygy beýan edýär we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň bazarynda emele gelýän göterimiň bazar derejesi *r* bilen girdejiniň derejesiniň *Y* arasyndaky özara baglanyşygy görkezýär. *IS* egri çyzygy ýönekeý keýnsiançylyk modelinden (jemi çykdajylaryň deňagramlylygynyň modeli ýa-da Keýnsiň kesişýän çyzyklarynyň modeli) alynýar, ýöne ol jemi girdejileriň bir böleginiň, ilkinji nobatda, maýa goýum çykdajylarynyň göterim derejesine baglydygy bilen tapawutlanýar. Göterim derejesi ekzogen ululyk bolmagyny bes edýär we pul bazaryndaky, ýagny modeliň öz içindäki ýagdaý bilen kesgitlenýän endogen ululyga öwrülýär. Jemi çykdajylaryň bir böleginiň göterim derejesine baglylygynyň netijesi bolup göterimiň her bir derejesi üçin deňagramly girdejiniň möçberiniň anyk görkezijisiniň bolýandygy hasaplanýar we şonuň bilen baglanyşykly haryt bazary üçin deňagramly girdejiniň egri çyzygyny, ýagny *IS* egri çyzygyny şekillendirmek mümkinçiligi emele gelýär. Bu egri çyzygyň ähli nokatlarynda maýa goýumlaryň we süýşürintgileriň deňligi saklanýar hem-de bu ýagdaý egri çyzygyň adyny (Investment = Savings) doly düşündirýär.

*LM* egri çyzygy (likwidlilik-pul) pula bolan hyrydarlygyň (ilkinji nobatda nagt pullaryň absolýut likwidlilik häsiýeti bilen bagly) puluň hödürlenmegine deň bolýan pul bazarynyň deňagramlylygyny häsiýetlendirýär. Pula bolan hyrydarlygyň göterim derejesine baglydygy sebäpli, pul bazarynda deňagramlylygyň egri çyzygy, ýagny LM (Liquidity preference = Money supply) egri çyzygy emele gelýär. Bu egri çyzygyň her bir nokady monetar deňagramlylygy üpjün edýän girdejiniň möçberi bilen göterim derejesiniň baglanyşygyny görkezýär.

Haryt (*IS*) we pul bazarynyň (*LM*) deňagramlylygynyň egri çyzyklarynyň kesişmesi göterim derejesiniň möçberiniň *r* (deňagramly göterim derejesi) we

16. Sargyt № 466.

girdejiniň derejesiniň *Y* (girdejiniň deňagramly derejesi) bilelikde bu iki bazarda bir wagtda deňagramlylygy üpjün edýän diňe bir görkezijisiniň emele gelýändigini görkezýär.

IS-LM modeli aşakdaky ugurlaryň ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berýär:

1) haryt we pul bazarlarynyň özara gatnaşygyny hem-de özara baglanyşygyny görkezmek;

2) bu bazarlaryň her birinde aýratynlykda deňagramlylygyň emele gelmegi üçin, şeýle hem olaryň bir wagtdaky deňagramlylygynyň şertlerine täsir edýän faktorlaryň ýüze çykarylmagy;

3) bu bazarlarda deňagramlylygyň üýtgemeginiň ykdysadyýete edýän täsirini öwrenmek;

4) fiskal we monetar syýasatlaryň netijeliligini seljermek;

5) jemi hyrydarlygyň funksiýasyny hasaplamak we jemi hyrydarlyga täsir edýän faktorlary kesgitlemek;

6) ykdysady döwrüň dürli tapgyrlarynda durnuklaşdyryş syýasatynyň ugurlaryny seljermek.

IS-LM modelinde ýönekeý keýnsiançylyk modeliniň ähli şertleri saklanýar:

1) bahalaryň derejesi üýtgemeýär ($P$ = const) we olar ekzogen ululyk hasaplanýar. Şonuň üçin ähli üýtgeýän ululyklaryň nominal we real görkezijileri deň bolýar;

2) jemi hödürlemek (önümçiligiň möçberi) has çeýe hasaplanýar we ol jemi hyrydarlygyň islendik möçberini kanagatlandyrmaga ukyply bolýar;

3) girdeji ($Y$), sarp etmek ($C$), maýa goýumlar ($I$), sap eksport ($X$) endogen üýtgeýän ululyklar hasaplanýar we olar modeliň içinde kesgitlenýär;

4) döwlet çykdajylary ($G$), puluň hödürlenmegi ($M$), salgytlaryň derejesi ($t$) ekzogen üýtgeýän ululyklar hasaplanýar we olar modeliň daşynda emele gelýär;

5) *JIÖ* = *SIÖ* = *MG*, sebäbi salgytlary diňe öý hojalyklary töleýär we işewürlige salynýan salgytlar bolmaýar.

Göterim derejesiniň üýtgemeýändigi baradaky şert aýratyn ýagdaý hasaplanýar. Eger Keýnsiň kesişýän çyzyklar modelinde göterim derejesi üýtgemeýän bolsa we ekzogen ölçeg hökmünde çykyş edýän bolsa, onda ol IS-LM modelinde endogen hasaplanýar we modeliň içinde emele gelýär. Onuň derejesi pul bazarynyň ýagdaýynyň (deňagramlylygynyň) üýtgemegi bilen üýtgeýär we kesgitlenýär.

## 13.2. Haryt bazarlarynda deňagramlylygyň şertleri: IS modeli

Ykdysatçy-klassyklar süýşürintgiler bilen maýa goýumlaryň arasyndaky deňagramlylygyň *diňe bir nokatda*, ýagny *I* we *S* egri çyzyklarynyň kesişýän no-

kadynda emele gelýändigi baradaky garaýyşlary öňe sürýärler. Deňagramlylygyň keýnsiançylyk şertlerinde haryt bazarlarynda *birnäçe (köpsanly) deňagramlylyk ýagdaýlary* göz öňünde tutulýar. Şeýle köpsanly deňagramlylygyň kesgitlenmegi üçin *maýa goýumlar – süýşürintgiler (IS – investment-savings)* modeli ulanylýar. Bu model maýa goýumlar bilen süýşürintgileriň arasyndaky deňagramlylygyň emele gelýän ýagdaýlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Eger *I(r) = S(Y)* bolsa, onda göterim derejesi *r* bilen girdejiniň *Y* derejesiniň arasynda haýsy hem bolsa bir baglanyşygyň emele gelýändigi görünýär.

Bu modeli düzmek üçin dört sany kwadrantdan peýdalanylýar we ugurlar boýunça *r, I, S, Y* üýtgeýän ululyklar ýerleşdirilýär. II kwadrantda maýa goýum funksiýasyny *I = I (r)* häsiýetlendirýän egri çyzyk görkezilýär. III kwadrantda maýa goýumlar bilen süýşürintgileriň deňligini *(I = S)* görkezýän goşmaça çyzyk ulanylýar. Bu çyzyk koordinatanyň burçuny 45° burç arkaly ikä bölýär. IV kwadrantda süýşürintgileriň egri çyzygy *S = S (Y)* görkezilýär. I kwadrantda bolsa grafik arkaly deňagramlylygyň şertleri, ýagny *I (r) = S (Y)* tapylýar.




*13.1-nji şekil. Haryt bazarlarynyň deňagramlylyk modeli – IS modeli (Hiksiň modeli)*

Eger pul bazarynda $r_0$ derejede deňagramlylyk emele gelýän bolsa, onda haryt bazarynda göterimiň bu derejesine maýa goýum hyrydarlygynyň $I_0$ möçberi laýyk gelýär. Göterimiň $r_1$ derejesinde maýa goýum hyrydarlygynyň möçberi $I_1$ bolar we ş.m. Maýa goýumlaryň şeýle möçberlerini üpjün etmek üçin süýşürintgileriň $S_0$, $S_1$ we ş.m. möçberleri zerur bolýar hem-de yzygiderlilikde harytlaryň we hyzmatlaryň $Y_0$, $Y_1$ möçberlerini öndürmeli bolýar. Netijede, $r_0$ we $r_1$ göterim derejelerinde hem--de girdejileriň $Y_0$, $Y_1$ möçberlerinde haryt bazaryndaky deňagramly ýagdaý $E_0$ we $E_1$ nokatlarynda emele geler.

Bu modeli ilkinji gezek ylmy seljermeklige iňlis ykdysatçysy J. Hiksiň girizendigi sebäpli, *IS modeli* başgaça *Hiksiň grafigi* diýlip atlandyrylýar. Ol süýşürintgiler bilen maýa goýumlaryň arasyndaky emele gelen deňagramlylyk ýagdaýynda *r* göterim derejesi bilen *Y* milli girdejiniň arasyndaky baglanyşygy görkezýär. Hususanda haryt bazarynda deňagramlylygy saklamak üçin milli önümçiligiň möçberiniň üýtgeýän ýagdaýynda göterim derejesiniň näçe möçberde üýtgedilmelidigini görkezýär. Mysal üçin, eger girdeji ýokarlanýan bolsa, onda ol süýşürintgileriň möçberini artdyrýar we şunuň bilen baglanyşykly göterim derejesiniň peselýän ýagdaýynda maýa goýumlar ýokarlanýar. IS egri çyzygynyň otrisatel gyşarmasy göterim derejesiniň peselmegi netijesinde maýa goýumlaryň, önümçiligiň, girdejiniň we süýşürintgileriň ýokarlanýandygy bilen düşündirilýär. Göterim derejesiniň ýokarlanmagy bolsa bu üýtgeýän ululyklaryň möçberini azaldýar.

Düzgün boýunça real ykdysadyýetde süýşürintgiler bilen maýa goýumlaryň möçberi deň gelmeýär. Şeýle *deň gelmeýän ýagdaýyň iki görnüşi* tapawutlandyrylýar:

*Birinji görnüşde (S < I)* ykdysadyýet üçin iki sany amatsyz ýagdaý emele gelýär:

– süýşürintgileriň ýetmezçiligi maýa goýumlary, önümçiligiň ösüşini we hödürlemekligi çäklendirýär;

– jemgyýetde süýşürintgiler näçe az bolsa, şonça-da gündelik bazar hyrydarlygy ýokary bolýar.

Netijede, jemi hyrydarlyk jemi hödürlemekden ýokary bolýar. Bu ýagdaýda bahalaryň derejesi ýokarlanýar we hümmetsizlenmek güýçlenýär.

*Ikinji görnüşde (S > I)* ykdysadyýetde maýa goýum hyrydarlygy doly kanagatlandyrylýar we pul serişdeleriniň ýeterlik möçberi üpjün edilýär. J. Keýns bu ýagdaýy *«maýa goýum hyrydarlygynda süýşürintgileriň aralygy»* diýip atlandyrdy. Süýşürintgileriň maýa goýumlardan ýokarlanýan ýagdaýynda ykdysadyýetde iki sany netije emele gelýär:

– gündelik hyrydarlygyň pes derejesi. Adamlaryň sarp edýän çykdajylary bilen deňeşdirilende olaryň goýýan süýşürintgileriniň möçberi köp bolýar;

– maýa goýumlaryň ýokary derejesi. Onuň netijesinde önümçilik çalt depginler bilen ösýär we hödürlemek ýokarlanýar.

## 13.3. IS egri çyzygy

IS egri çyzygyny şekillendirmek üçin aşakdakylar esas bolup çykyş edýär:

1) jemi çykdajylaryň modeli (Keýnsiň kesişýän çyzyklar modeli). Ol ykdysadyýetde meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň (ýagny, awtonom çykdajylaryň meýilnamalaşdyrylýan derejesiniň üýtgemeýän şertinden ugur alýar) berlen derejesindäki girdejileri kesgitleýär;

2) awtonom meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň göterim derejesine baglylyk funksiýasy.

Modele täze endogen üýtgeýän ululygyň, ýagny göterim derejesiniň goşulýandygy sebäpli bu ýagdaýy seljermek zerur hasaplanýar.

*Göterim derejesi we awtonom çykdajylar.* Süýşürintgileri goýýan taraplar üçin göterim derejesi geljekde sarp etmeklige garaşmagyň hasabyna häzirki wagtdaky sarp etmekden saklanmak üçin tölenýän töleg hökmünde çykyş edýär. Karz alyjylar üçin göterim derejesi maýadarlaryň maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin, öý hojalyklarynyň uzak wagtyň dowamynda ulanylýan sarp ediş harytlaryny satyn almak üçin ulanylýan karz serişdeleriň bahasyny görkezýär. Ykdysadyýetde göterim derejeleriniň birnäçe anyk görnüşleri hereket edýär we olar boýunça aşakdaky taraplar göterim derejesiniň tölegini amala aşyrýarlar:

– banklaryň çek, süýşürintgiler we möhletli hasaplary boýunça;

– hökümetiň alýan serişdeleri boýunça (döwlet obligasiýalary boýunça göterim);

– işewürligiň töleýän göterimi (täjirçilik gymmatly kagyzlary we korporasiýanyň obligasiýalary boýunça göterim);

– täjirçilik banklarynyň Merkezi banka (gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejesi);

– öý hojalyklarynyň tölegi (girew, ipoteka we sarp ediş karzlary boýunça göterimler).

Ykdysady nazaryýetde dürli göterim derejeleriniň arasyndaky tapawudyň seljerilmegi esasynda göterimiň bazar derejesi diýlip, ähli göterim derejeler boýunça alynýan ortaça dereje düşünilýär.

*Awtonom meýilnamalaşdyrylýan çykdajylar bilen göterim derejesiniň arasyndaky baglanyşyk*. Göterim derejesiniň üýtgemegi awtonom çykdajylaryň aşakdaky bölümlerine täsir edýär:

*Maýa goýum çykdajylary.* Kärhanalar maýa goýum harytlaryny satyn almak üçin karz serişdelerini alyp, belli möçberde peýda almaga çalyşýarlar. Şonuň üçin kapitalyň goşmaça birliginden alynýan girdejiniň derejesiniň bu birligi satyn almak üçin alnan karz serişdeleriň gymmatyndan (göterim derejesinden) ýokarlanýança, olar enjamlar we senagat desgalary (real kapitaly satyn alýarlar) üçin maýa goýýarlar. Göterim derejesiniň islendik möçberde ýokarlanmagy maýa goýum taslamalarynyň netijeliligini peseldýär. Eger göterim derejesi has ýokary bolup, peýdanyň garaşylýan möçberi bu derejeden pes bolsa, onda kärhana şeýle maýa goýum taslamasynyň amala aşyrylmagyndan saklanýar we maýa goýum çykdajylarynyň möçberi peselýär. Şeýlelikde, maýa goýum çykdajylarynyň möçberi bilen göterim derejesiniň arasynda ters baglanyşyk saklanýar. Göterim derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da maýa goýum amallaryny ýerine ýetirmäge isleg bildirýän kärhanalaryň sany az bolýar. Maýa goýum funksiýasy aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$I = I\,(r)$$

ýa-da eger baglanyşyk çyzykly häsiýetde bolsa:

$$I = I - dr$$

$I$ – awtonom maýa goýumlar;

$r$ – göterim derejesi;

$d$ – göterim derejesiniň üýtgemelerine görä maýa goýum çykdajylarynyň üýtgemeleriniň hilini görkezýän koeffisiýent. Ol göterim derejesiniň bir göterim üýtgemegi bilen maýa goýum çykdajylarynyň möçberiniň üýtgemelerini görkezýär. Koeffisiýent $d > 0$, formulada onuň öňünde «minus» belgisiniň goýlandygy sebäpli, egri çyzyk otrisatel gyşarma eýe bolýar.

Jemi maýa goýum hyrydarlygynyň egri çyzygy maýa goýum hyrydarlygynyň möçberiniň göterim derejesine ters baglanyşygyny görkezýär (*13.2-nji a şekil*).




*a)* *b)*

*13.2-nji şekil. Maýa goýumlaryň funksiýasy*

Awtonom maýa goýumlaryň ($I$) möçberiniň üýtgemegi bilen jemi maýa goýum çykdajylarynyň egri çyzygynyň süýşmesi emele gelýär: olaryň ýokarlanmagy egri çyzygy saga süýşürýär, peselmegi bolsa çepe süýşmegini üpjün edýär. Bu üýtgemeleri düzgün boýunça keýnsiançylyk ugrunyň wekilleri maýadarlaryň maýa goýum çykdajylarynyň garaşylýan peýdalylygyna berýän amatly ýa-da amatsyz bahalary bilen baglanyşdyrýarlar. Awtonom maýa goýumlaryň derejesiniň ýokarlanmagynyň netijesi 13.2-nji b şekilde görkezilýär we egri çyzyk $I$-den $I'$-e çenli saga süýşýär.

Jemi maýa goýum çykdajylarynyň egri çyzygynyň gyşarmasynyň ýagdaýy $d$ koeffisiýentiň ululygy bilen baglanyşykly. Ol näçe ýokary bolsa, ýagny göterim derejesiniň üýtgemelerine görä maýa goýumlaryň üýtgeme derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da $I$ egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar: göterim derejesiniň

iň az möçberde üýtgemegi hem maýa goýum hyrydarlygynyň möçberiniň düýpli üýtgemegine getirip bilýär;

*Sarp ediş çykdajylary.* Öý hojalyklary hem belli möçberde karz serişdelerini ulanýarlar. Bu serişdeler, aýratyn hem, uzak wagtyň dowamynda peýdalanylýan harytlar satyn alnanda köp ulanylýar. Sarp edijiler harytlary satyn almak (mysal üçin, awtomobil we ş.m.) barada çözgüt kabul edenlerinde bergiler boýunça göterim töleglerini (sarp ediş karzy) deňeşdirýärler. Ýokary göterim derejeleri sebäpli aýry-aýry sarp edijiler satyn almak meýillerini geljekki döwürlere goýýarlar we awtonom sarp ediş çykdajylary peselýär. Jemi awtonom sarp ediş çykdajylary bilen göterim derejesiniň arasynda ters baglanyşyk emele gelýär we ol maýa goýum çykdajylary boýunça gelnen netije bilen meňzeş hasaplanýar.

Şeýlelikde, awtonom sarp ediş çykdajylary diňe bir ygtyýarlykda galýan girdejä däl-de, göterim derejesine hem bagly bolýar. *Sarp ediş funksiýasy* aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$C = C\ (Y,\ T,\ t,\ r)$$

ýa-da çyzykly baglylykda şeýle görnüşe eýe bolýar:

$$C = C + mpc\ (Y - T - tY) - ar$$

*C* – awtonom sarp ediş çykdajylary;

*Y* – girdeji;

*T* – awtonom sap salgytlar ($Tx - Tr$);

*mpc* – sarp etmeklige goşmaça meýillilik ($0 < mpc < 1$), bir birlige ygtyýarlykda galýan girdejiniň üýtgemegi ($mpc = \Delta C/\Delta Yd$) bilen sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegini görkezýär;

*t* – salgytlaryň goşmaça derejesi ($t = \Delta T/\Delta Y$). Ol jemi girdejiniň bir birlige üýtgemegi bilen salgyt girdejileriniň möçberiniň üýtgemegini görkezýär;

*a* – göterim derejesine baglylykda awtonom sarp ediş çykdajylarynyň üýtgeme derejesi ($a > 0$). Ol göterim derejesiniň bir göterim üýtgemegi bilen sarp ediş çykdajylarynyň üýtgemegini ($a = \Delta C/\Delta r$) görkezýär.

*Sap eksport üçin çykdajylar.* Göterim derejeleriniň üýtgemegi sap eksportyň möçberine hem öz täsirini ýetirýär. Ýurtda göterim derejesiniň ýokarlanmagy goýulýan kapitalyň girdejililigini artdyrýar we daşary ýurt kapitalynyň gelmegi üçin şert döredýär. Netijede, pul bazarynda berlen ýurduň milli pul birligine bolan hyrydarlyk artýar we milli pul birliginiň gymmaty ýokarlanýar. Bu berlen ýurduň harytlarynyň otnositel gymmatlamagyna we import harytlaryň otnositel arzanlamagyna getirýär. Daşary ýurtlular tarapyndan milli harytlara hyrydarlyk peselýär, bu bolsa eksportyň möçberini azaldýar we daşary ýurt harytlaryna hyrydarlyk ýokarlanýar hem-de ol importyň möçberini ýokarlandyrýar. Sap eksportyň möçberi azalýar we onuň netijesinde jemi çykdajylar peselýär. Şeýlelikde, sap eksport bilen

göterim derejesiniň arasynda ters baglanyşyk emele gelýär. Şonuň üçin eksportyň formulasyny aşakdaky görnüşde ýazmak mümkin:

$$Xn = Xn\ (Y, e)$$

ýa-da çyzykly baglylyk boýunça formulasy:

$$Xn = Ex - (Im + mpm\ Y) - er = Xn - mpm\ Y - er$$

*Ex* – awtonom eksport;

*Im* – awtonom import;

*Xn* – awtonom sap eksport;

*mpm* – importa bolan goşmaça meýillilik ($0 < mpm < 1$). Ol bir birlige girdejiniň üýtgemegi bilen import harytlaryny satyn almak üçin çykdajylaryň möçberiniň üýtgeýändigini ($mpm = \Delta Im/\Delta Y$) görkezýär;

*e* – göterim derejesine görä sap eksportyň üýtgemegi ($e > 0$). Ol göterim derejesiniň bir göterim üýtgemegi bilen sap eksportyň möçberiniň üýtgemegini ($\Delta Xn/\Delta r$) görkezýär.

*IS* egri çyzygynyň grafik arkaly düşündirilişi. Meýilnamalaşdyrylýan awtonom çykdajylaryň möçberiniň göterim derejesine baglylygy, real önümçiligiň umumy möçberiniň we real girdejiniň awtonom meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň möçberine baglydygy sebäpli, bu iki baglanyşygyň birleşdirilmegi netijesinde şeýle netijä gelmek mümkin: real girdeji göterimiň derejesine bagly hasaplanýar. Bu gatnaşygy grafiki görnüşde aňlatmak arkaly *IS* egri çyzygy alynýar. *IS* egri çyzygynyň grafigi iki usul boýunça beýan edilýär. 13.3-nji a şekilde *IS* egri çyzygy «Keýnsiň kesişýän çyzyklaryndan» we maýa goýumyň funksiýasyndan alynýar. Göterim derejesiniň $r_1$ möçberinde maýa goýum çykdajylarynyň ululygy $I_1$-e deň bolýar we ol meýilnamalaşdyrylýan $Ep_1$ çykdajylarynyň möçberine laýyk gelýär. Bu ýagdaýda jemi girdejileriň (önümçiligiň) möçberi $Y_1$-e deň bolýar. Göterim derejesi $r_2$-ä çenli peselýär we maýa goýum çykdajylarynyň möçberi $I_2$-ä çenli ýokarlanýar.

Şonuň üçin «Keýnsiň kesişýän çyzyklaryny» häsiýetlendirýän grafikde meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryň egri çyzygy ýokaryk $Ep_2$-ä çenli süýşýär we oňa jemi girdejileriň (önümçiligiň) $Y_2$ möçberi deň gelýär. Şeýlelikde, göterimiň has ýokary $r_1$ derejesine jemi önümçiligiň has pes derejesi $Y_1$ laýyk gelýär we göterimiň has pes $r_2$ derejesine önümçiligiň has ýokary $Y_2$ derejesi deň gelýär. Iki ýagdaýda hem haryt bazary deňagramlylyk ýagdaýyna eýe bolýar we bu girdejileriň çykdajylara deň ($Ep_1=Y_1$ we $Ep_2=Y_2$) bolýandygyny aňladýar. Bu *IS* egri çyzygyny görkezýär we onuň her bir nokady göterim derejesiniň we girdejileriň derejesiniň bilelikdäki baglanyşygyny häsiýetlendirýär hem-de bu ýagdaýda haryt bazary deňagramly ýagdaýa laýyk gelýär.




*a) Keýnsiň kesişýän çyzyklary   b) maýa goýum funksiýasy   ç) IS egri çyzygy*

*13.3-nji şekil. IS egri çyzygynyň grafigi*

13.3-nji b şekilde *IS* egri çyzygy maýa goýumlaryň (injection) we süýşürintgileriň (leakage) deňligi ýörelgesinden (bu haryt bazarynyň deňagramlylygynyň şerti hasaplanýar) hasaplanyp çykarylýar we ol esasy makroykdysady deňlige esaslanýar:

$$C + I + G + Ex = C + S + T + Im.$$

Deňligiň iki tarapyndan hem sarp ediş çykdajylary (*C*) aýrylandan soň, şeýle deňleme alynýar:

$$I + G + Ex = S + T + Im.$$

Deňligiň sag tarapynda gelýän pul serişdeleri (injections) görkezilýär we ol girdejileriň akymyny (hereketini) ýokarlandyrýan çykdajylary häsiýetlendirýär. Deňligiň çep tarapynda ykdysadyýetden alynýan pul serişdeleri (leakages), ýagny girdejileri peseldýän üýtgeýän ululyklar görkezilýär. Deňagramly ykdysadyýetde girdejiler bilen çykdajylar deň bolýar we bu ýagdaý ykdysadyýetden alynýan (leakages) hem-de oňa gelýän (injections) pul serişdeleriniň deňligini aňladýar. Ykdysadyýetiň deňagramlylygy şeýle kesgitlenýär:

$$T = G \longrightarrow I = S.$$

Maýa goýumlar (injections) göterim derejesine otrisatel bagly bolýar, süýşürintgiler (leakages) bolsa girdejiniň derejesine položitel bagly bolýar. Bu baglanyşygy hasaba almak bilen, şeýle formula alynýar:

$$I\,(r) + G + Ex\,(r) = S\,(Y) + T\,(Y) + Im\,(Y).$$

–   –   +   +   +   –




*Maýa goýumlaryň grafigi* — *IS egri çyzygy*

*13.4-nji şekil. IS egri çyzygynyň grafigi*

13.4-nji şekilde 4 sany grafik şekillendirilýär. *I* grafikde haryt bazarynyň deňagramlylygy, ýagny berlen maýa goýumlaryň berlen süýşürintgileriň deňagramlylygy görkezilýär. Ol burçuň bissektrisasyny grafiki ýagdaýda häsiýetlendirýär (45° burç). II grafikde süýşürintgileriň girdejilere göni baglanyşygy görkezilýär. III grafikde bolsa maýa goýumlaryň göterim derejesine ters baglanyşygy görkezilýär. IV grafigiň netijesinde *IS* egri çyzygy alynýar. Göterimiň $r_1$ derejesinde maýa goýumlar $I_1$-e deň bolýar we süýşürintgileriň $S_1$ möçberine laýyk gelýär, $S_1$-iň şeýle möçberi $Y_1$ derejede hem alynýar. Göterimiň $r_2$ derejesinde maýa goýumlar $I_2$-ä deň bolýar. Bu ýagdaýda süýşürintgileriň möçberi $S_2$-ä deň bolýar hem-de ol girdejiniň $Y_2$ möçberine laýyk gelýändigini görkezýär. IV grafikdäki alnan nokatlary göni çyzyk bilen birleşdirip, *IS* egri çyzygy alynýar.

*IS egri çyzygy göterim derejesiniň (r) we real girdejiniň (Y) derejeleriniň ähli mümkin bolan üýtgemelerini görkezýär.* Bu haryt bazarynyň deňagramly ýagdaýyny häsiýetlendirýär, ýagny harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlyk olaryň hödürlenmegine deň bolýar. Şeýle deňlik diňe girdejileriň meýilnamalaşdyrylýan çykdajylara we maýa goýumlaryň süýşürintgilere deň bolan ýagdaýynda ýüze çykýar.

IS egri çyzygynyň daşyndaky nokatlar. *IS* egri çyzygynyň daşynda ýerleşýän islendik nokatda ykdysadyýetiň deňagramsyzlygy emele gelýär. Mysal üçin, *IS* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän *A* nokatda (*13.4-nji b şekil*) girdejiniň möçberi $Y_2$-ä deň bolýar we ol süýşürintgileriň $S_2$ möçberine laýyk gelýär. Göterimiň $R_1$ derejesinde bolsa maýa goýumyň möçberi $I_1$-e deň bolýar. Bu ýagdaýda süýşürintgiler maýa goýumlardan uly ($S_2 > I_1$) bolýar we ol haryt bazarynda girdejileriň (önümçiligiň) çykdajylardan ýokarydygyny, ýagny harytlaryň hödürlenmeginiň olara bolan hyrydarlykdan ýokarydygyny aňladýar. Netijede, *IS egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän ähli nokatlarda harytlaryň artykmaç hödürlenmegi* (excess supply of goods – *ESG*) emele gelýär. *IS* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän *B* nokatda girdejiniň möçberi $Y_1$-e deň bolýar we ol süýşürintgileriň $S_1$ derejesine laýyk gelýär. Göterimiň derejesi bolsa $R_2$-ä deň bolýar we ol maýa goýumlaryň $I_2$ möçberine laýyk gelýär. $I_2 > S_1$ sebäpli ol çykdajylaryň girdejilerden (önümçilikden) ýokarydygyny aňladýar, ýagny hyrydarlyk hödürlemekden ýokary bolýar. Netijede, *IS egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän ähli nokatlarda harytlara bolan artykmaç hyrydarlyk* (excess demand for goods – *EDG*) emele gelýär.

*IS egri çyzygynyň gyşarmasy. IS* egri çyzygy otrisatel gyşarma eýe bolýar, sebäbi göterimiň has ýokary derejesinde maýa goýum, sarp ediş çykdajylary, şeýle hem sap eksport bilen baglanyşykly çykdajylar peselýär. Onuň netijesinde jemi hyrydarlyk (jemi çykdajylar) azalýar we ol deňagramly girdejiniň has pes derejesine getirýär. Tersine, göterim derejesiniň has pes derejesi awtonom meýilnamalaşdyrylýan çykdajylary ýokarlandyrýar. Awtonom çykdajylaryň ýokary derejesi bolsa girdejileri $k_A$ esse ýokarlandyrýar.

$k_A$ *– çykdajylaryň doly multiplikatory ýa-da supermultiplikator.* Girdejiniň derejesi bilen göterim derejesiniň arasyndaky baglanyşygyň we *IS* egri çyzygynyň aýratynlyklarynyň doly beýanyny algebraiki seljerme arkaly görkezip bolýar.

*IS egri çyzygynyň algebraiki seljermesi.* Girdejiniň derejesiniň deňagramlylygy önümçiligiň möçberiniň (*Y*) meýilnamalaşdyrylýan jemi çykdajylaryna ($E = C + I + G + Xn$) bolan deňliginde üpjün edilýär. Sarp etmegiň funksiýasy, maýa goýumyň funksiýasy we sap eksportyň funksiýasy çyzykly hasaplanýar hem-de olar göterim derejesine bagly bolýar:

$$C = C + \underline{mpc}\,(Y - T - tY) - ar$$

$$I = I - dr$$

$$Xn = \underline{Ex} - (\underline{Im} + mpmY) - er = \underline{Xn} - mpm\,Y - er.$$

Deňagramly girdeji aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$Y = (C - mpcT + I + G + Xn - br)/(1 - mpc\ (1 - t) + mpm).$$

$b = (a+d+e)$ we ol göterimiň derejesine görä awtonom çykdajylaryň üýtgemeginiň koeffisiýenti hasaplanýar. Ol göterim derejesiniň bir göterim üýtgemegi bilen awtonom çykdajylaryň nähili üýtgeýändigini görkezýär.

Awtonom çykdajylaryň jemi (*A*) we çykdajylaryň doly multiplikatoryň ($k_A$) aşakdaky ýaly kesgitlenýändigi sebäpli:

$$- mpcT + I + G + Xn = A$$

$$[1/(1- mpc\ (1 - t) + mpm)] = k_A.$$

*IS egri çyzygynyň deňlemesi* şeýle görnüşde kesgitlenip bilner:

$$Y = k_A\ (A - br).$$

Göterim derejesi üçin şeýle formula ulanylýar:

$$r = A/b - (1/k_A b)Y.$$

Koeffisiýentiň $b > 0$ we onuň öňünde «minus» belgisiniň bolmagy netijesinde *IS* egri çyzygy otrisatel gyşarma eýe bolýar.

*IS egri çyzygynyň süýşmesi. IS* egri çyzygynyň süýşmesi awtonom çykdajylaryň (*C*, *I*, *G* ýa-da *Xn*) we awtonom sap salgytlaryň (*Tx* ýa-da *Tr*) haýsy hem bolsa bir bölüminiň üýtgemegi bilen baglanyşyklydyr. Awtonom çykdajylary ýokarlandyrýan ähli faktorlar (telekeçileriň we sarp edijileriň işjeňligi ýokarlandyrmaga höwesi, göterimiň islendik derejesinde olaryň çykdajylary artdyrmak isleginiň güýçlenmegi sarp ediş we maýa goýum çykdajylarynyň artmagyna; döwlet çykdajylarynyň ýokarlanmagyna; awtonom (akkord) salgytlaryň peselmegine; transfert tölegleriň artmagyna; sap eksportyň ýokarlanmagyna getirýär) *IS* egri çyzygyny saga süýşürýär. Eger awtonom çykdajylaryň haýsy hem bolsa bir sebäbe görä peselýän ýagdaýynda *IS* egri çyzygy çepe süýşýär. Iki ýagdaýda hem egri çyzygyň süýşmesi parallel häsiýetde bolýar we ol $k_A \Delta A$ (sebäbi $\Delta Y = k_A \Delta A$) deň bolan aralykda emele gelýär.

Üýtgemeýän göterim derejesinde süýşmegiň aralygy awtonom çykdajylaryň üýtgemeginiň möçberi we çykdajylaryň multiplikatorynyň ululygy bilen kesgitlenýär. Awtonom çykdajylar näçe köp möçberde üýtgeýän bolsa we/ýa-da multiplikatoryň möçberi näçe ýokary bolsa, şonça-da egri çyzyk köp aralyga süýşýär.

*IS egri çyzygynyň gyşarmasy. IS* egri çyzygynyň gyşarmasy (ýapgytlygy) $1/(k_A b)$ ýa-da *MLR/b*-e deň. Şu ýerde *MLR* – süýşürintgileriň goşmaça (iň ýokarky) derejesi:

$$MLR = 1 - mpc\ (1 - t) + mpm = mpc\ (1 - t) + t + mpm.$$

Süýşürintgileriň goşmaça derejesi çykdajylaryň multiplikatoryna ters ululyk, ýagny $MLR = 1/k_A$ hasaplanýar. Şeýlelikde, *IS* egri çyzygynyň gyşarmasy aşakdaky ýagdaýlar bilen kegitlenýär:

1) awtonom çykdajylaryň göterim derejesine (*b*) görä üýtgemegi;

2) multiplikatoryň ululygy. Ol sarp etmeklige goşmaça meýillilige (*mpc*), salgydyň derejesine (*t*) we importa bolan goşmaça (iň ýokary) meýillilige (*mpm*) bagly bolýar.

*IS* egri çyzygynyň gyşarmasy peselýär (ol sagat okunyň ugry boýunça aýlanýar we ýapgytlygy ýokary bolýar). *IS* egri çyzygynyň aşakdaky ýagdaýlarda *ýapgytlygy pes* bolýar:

– göterim derejesine (*b*) görä awtonom çykdajylaryň üýtgemeginiň ýokary derejesi şeýle häsiýetlendirilýär:

1) göterim derejesiniň az möçberde üýtgemegi awtonom çykdajylaryň uly möçberde üýtgemegine we onuň netijesinde girdejiniň üýtgemegine getirip bilýär;

2) çykdajylaryň multiplikatorynyň ($k_A$) möçberiniň ýokary we süýşürintgileriň möçberiniň (*MLR*) pes derejesi aşakdaky şertlerde emele gelip bilýär:

a) sarp etmeklige goşmaça meýillilik ýokary bolsa;

b) salgydyň goşmaça derejesi pes bolsa;

ç) importa bolan goşmaça meýillilik pes bolsa.

Eger multiplikatoryň möçberi ýokary bolsa, onda bu awtonom çykdajylaryň az möçberde üýtgemegi girdejileriň uly möçberde multiplikatiw üýtgemegine (multiplikatoryň möçberine *IS* egri çyzygynyň süýşmegi, şeýle-de gyşarmasy täsir edip bilýär) getirip bilýär.

Şeýlelikde, *b*-niň we *mpc*-niň ýokarlanmagy, *t* bilen *mpm*-iň azalmagy *IS* egri çyzygynyň gyşarmasyny peseldýär. *b* we/ýa-da $k_A$-nyň möçberiniň peselmegi *IS* egri çyzygynyň gyşarmasyny ýokarlandyrýar (ol sagat okunyň garşysyna aýlanýar we ýapgytlygy has pes bolýar).

Şeýle-de bolsa *IS* egri çyzygy girdejiniň derejesiniň *Y* anyk möçberini, şeýle hem deňagramly göterim derejesiniň *r*-iň diňe bir görkezijisini kesgitlemeýär, ol diňe *Y* bilen *r*-iň ähli mümkin bolan üýtgemelerini görkezýär we şeýle şertlerde harytlaryň hem-de hyzmatlaryň bazary deňagramly ýagdaýda bolýar. Şonuň üçin olaryň görkezijilerini kesgitlemek üçin şu üýtgeýän ululyklaryň gatnaşmagynda ýene bir deňleme talap edilýär. Ol görkezijileriň seljerilmegine pul bazary mümkinçilik berýär.

## 13.4. *LM* egri çyzygy

Pul bazarynyň deňagramlylygy *LM* (liquidity preference – money supply) egri çyzygyny kesgitleýär we ol *Y* bilen *r*-iň ähli mümkin bolan gatnaşyklaryny görkez-

ýär, şeýle şertlerde pula bolan hyrydarlyk bilen puluň hödürlenmegi deň bolýar. Düzgün boýunça pul diýlip, nagt pullary we gündelik hasaplardaky serişdeleri (demand deposits – çek hasaplaryndaky ýa-da talap edilýänçä hasaplardaky), öz içine alýan $M_1$ pul agregatyna düşünilýär hem-de olary islendik wagt nagt pula ýeňil öwrüp bolýar.

*LM* egri çyzygynyň emele gelmeginiň esasy ýörelgesi likwidliligiň ileri tutulmagy baradaky keýnsiançylyk nazaryýeti bilen baglanyşyklydyr. Ol pul serişdeleriniň real ätiýaçlyklaryna (real money balances) bolan hyrydarlygyň we olaryň hödürlenmeginiň arasyndaky gatnaşygyň göterim derejesini kesgitleýändigini düşündirýär. Pul serişdeleriniň real ätiýaçlyklary bahalaryň üýtgemelerine düzedişler girizilen nominal ätiýaçlyklary görkezýär we ol $M/P$-e deň bolýar.

Likwidliligi ileri tutmak nazaryýetine laýyklykda, real pul serişdeleriniň hödürlenmegi $(M/P)^S$ nagt pullaryň ($C$) we ätiýaçlyklaryň ($R$) möçberine, ýagny pul binýadyna ($H$ – high powered money; $H = C + R$) gözegçiligi amala aşyrýan Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýär. Puluň hödürlenmeginiň ekzogen ululyk hasaplanýandygy we göterim derejesine bagly bolmaýandygy sebäpli, ol grafiki usulda wertikal egri çyzyk hökmünde görkezilip bilinýär.

Real pul ätiýaçlyklaryna $(M/P)^D$ bolan hyrydarlyk pula bolan ähli hyrydarlygy öz içine alýar we olara aşakdakylar degişli:

1) harytlaryň we hyzmatlaryň satyn alynmagy (geleşikleriň amala aşyrylmagy üçin pula bolan hyrydarlyk) üçin pula hyrydarlygy görkezýän pula bolan transaksiýa hyrydarlyk. Ol aýlanyşyk serişdesi hökmünde puluň funksiýasyndan gelip çykýar. Olar absolýut likwidlilik häsiýetine eýe bolup, girdejileriň derejesine $(M/P)^D_T = (M/P)^D(Y)$ položitel bagly bolýar;

2) ygtybarlyk ýörelgelerine esaslanýan pula bolan hyrydarlyk. Hyrydarlygyň bu görnüşi hem girdejiniň derejesine položitel bagly bolýar;

3) gymmatlyklaryň ätiýaçlygy, ýagny göterim derejesine otrisatel bagly bolýan maliýe aktiwi hökmünde puluň wezipesinden gelip çykýan pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk. Ol keýnsiançylyk modelinde girdejili gymmatly kagyzlary (obligasiýalary) satyn alman, ähli maliýe aktiwlerini nagt pul görnüşinde saklaýan adamyň öz girdejilerini ýitirýändigini görkezýän nagt pullary saklamagyň alternatiw harajatlaryny $(M/P)^D_A = (M/P)^D(R)$ aňladýar. Göterim derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da nagt pullaryň az möçberiniň saklanmagy maksadalaýyk hasaplanýar. Göterim derejesi näçe pes bolsa, şonça-da likwidlilik häsiýeti has özüne çekiji ýagdaýa eýe bolýar we adamlar öz obligasiýalaryny satyp, nagt pullarynyň möçberini ýokarlandyrýarlar. Şonuň üçin Keýnsiň pul nazaryýeti *«likwidliligi ileri tutmak nazaryýeti»* diýlip atlandyrylýar. Şeýlelikde, adamlar nagt pullary we gymmatly kagyzlary öz içine alýan maliýe serişdeleriniň «portfeli» diýlip atlandyrylýan serişdeleriň toplanmagyny ileri tutýarlar. Portfeliň düzümi, ýagny ondaky pul we pul däl maliýe aktiwleriniň gatnaşygy göterim derejesiniň üýtgemegine baglylykda

üýtgeýär. Ol töwekgelçiligiň iň pes (minimal) derejesinde iň ýokary (maksimal) girdeji alynýan ýagdaýynda amatly (optimal) hasaplanýar.

Netijede, eger pula hyrydarlygyň funksiýasy çyzykly bolsa, onda pula bolan umumy hyrydarlygyň funksiýasyny şeýle görnüşde görkezmek bolar:

$$(M/P)^D = (M/P)^D_T + (M/P)^D_A = kY - hr$$

$(M/P)^D_T$ – pula bolan real transaksiýa hyrydarlyk;

$(M/P)^D_A$ – pula bolan real töwekgelçilikli hyrydarlyk;

$Y$ – real girdeji;

$k$ – girdejileriň möçberine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi ýa-da likwidlilik koeffisiýenti. Ol položitel koeffisiýent hasaplanyp, bir birlige girdejiniň derejesiniň üýtgemegi bilen pula bolan real hyrydarlygyň näçe üýtgeýändigini görkezýär;

$r$ – göterim derejesi;

$h$ – göterim derejesiniň üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi ýa-da göterim derejesiniň bir göterim üýtgemegi bilen pula bolan real hyrydarlygyň üýtgemegini görkezýän položitel koeffisiýent $h$-niň öňündäki «minus» belgisi ters baglanyşygy, ýagny göterim derejesiniň ýokarlanmagynyň (peselmeginiň) pula bolan hyrydarlygy peseldýändigini (ýokarlandyrýandygy) aňladýar.

Netijede, göterim derejesine ters baglanyşygyň emele gelýändigi sebäpli, pula bolan umumy hyrydarlygyň egri çyzygy otrisatel gyşarma eýe bolýar.

Puluň hödürlenmeginiň ($M$) Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýändigi sebäpli, ol ekzogen we üýtgemeýän ululyk hasaplanýar hem-de grafikde wertikal egri çyzygy görkezýär.

*Pul bazarynda deňagramlylyk* pula bolan hyrydarlygyň egri çyzygy bilen puluň hödürlenmeginiň egri çyzygynyň kesişýän nokadynda emele gelýär. Bu deňagramlylygyň emele gelmeginiň ykdysady mehanizmini hem likwidliligi ileri tutmagyň keýnsiançylyk nazaryýetini düşündirýär we ol göterim derejesi bilen obligasiýanyň bahasynyň arasynda otrisatel baglanyşygyň saklanýandygy baradaky düzgüne esaslanýar. Deňagramly göterim derejesinde portfeldäki pul we pul däl aktiwleriň gatnaşygy amatly hasaplanýar.

Pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi, şeýle hem puluň hödürlenmeginiň üýtgemegi göterim derejesiniň üýtgemegine getirip bilýär. Eger pula bolan hyrydarlyk ýokarlanyp, onuň hödürlenmegi üýtgemän galsa, onda göterim derejesi ýokarlanýar we onuň netijesinde adamlar obligasiýalaryny satýarlar. Obligasiýalar bazarynda hödürlemek hyrydarlykdan ýokarlanyp başlaýar we obligasiýanyň bahasy peselýär. Obligasiýanyň bahasy bilen göterim derejesiniň arasynda ters baglanyşygyň emele gelýändigi sebäpli göterim derejesi ýokarlanýar.

Merkezi bankyň puluň hödürlenmegini peselden ýagdaýynda göterim derejesi ýokarlanýar. Pul toplumynyň azalmagy sebäpli adamlar obligasiýalaryny satýarlar.

Pula bolan hyrydarlygyň peselýän ýa-da Merkezi bankyň puluň hödürlenmegini ýokarlandyrýan ýagdaýynda göterim derejesi peselýär.

Şeýle-de bolsa real pul ätiýaçlyklaryna bolan hyrydarlyga pul bazarynda deňagramlylygyň emele gelmegine ýardam edýän diňe göterim derejesiniň (*r*) möçberi täsir etmeýär. Pula bolan hyrydarlyga girdejileriň derejesi (*Y*) hem täsir edýär. Girdejileriň we çykdajylaryň ýokary derejesinde adamlar harytlaryň we hyzmatlaryň köp möçberini satyn alyp hem-de pula bolan transaksiýa hyrydarlygy ýokarlandyryp, köp sanly geleşiklere gatnaşýarlar.

Bu baglanyşyklary ulanmak arkaly pul bazarynyň deňagramlylygynyň egri çyzygyny, ýagny göterim derejesi (*r*) bilen girdejiniň derejesiniň (*Y*) arasyndaky baglanyşygy görkezýän *LM* egri çyzygyny emele getirmek mümkin.

*LM egri çyzygynyň emele gelmegi. LM* egri çyzygy girdejiniň derejesi (*Y*) bilen göterim derejesiniň (R) ähli üýtgemelerini görkezýär. Bu ýagdaýlarda pul bazarynyň deňagramlylygy emele gelýär, ýagny pula bolan real hyrydarlyk bilen puluň real hödürlenmegi deň bolýar: $(M/P)^D=(M/P)^S$.

*LM* egri çyzygynyň emele gelmeginiň iki usuly tapawutlandyrylýar:




*Pul bazary* *LM egri çyzygy*

*13.5-nji şekil. LM egri çyzygynyň emele gelmegi (birinji usul)*

13.5-nji şekilde *LM* egri çyzygy deňagramly pul bazarynyň (puluň likwidliligini ileri tutmagyň keýnsiançylyk nazaryýetinden alynýar) grafigi esasynda emele getirilýär. Girdejiniň derejesiniň ýokarlanmagy ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) pula bolan hyrydarlygy artdyrýar. Ol $M^D$ egri çyzygyny saga süýşürýär we göterim derejesini $r_1$-den $r_2$-ä çenli ýokarlandyrýar. Bu deňagramly pul bazarynyň girdejiniň has ýokary derejesini üpjün etmek üçin göterimiň has ýokary derejesine laýyk gelmegini görkezýän *LM* egri çyzygyny emele getirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin *LM* egri çyzygynyň gyşarmasy položitel ýagdaýa eýe bolýar.

13.6-njy şekilde *LM* egri çyzygy (IV grafik) hyrydarlygyň we puluň deňligi ýörelgesinden alynýar we aşakdakylary öz içine alýar:




*Pul bazarynyň deňagramlylygy* *Pula bolan transaksiýa hyrydarlyk*




*Pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk* *LM egri çyzygy*

*13.6-njy şekil. LM egri çyzygynyň emele gelmegi (ikinji usul)*

1) girdejiniň derejesine bagly bolýan pula bolan transaksiýa hyrydarlyk. Ol II grafikde $(M/P)^D_T$ egri çyzygyny görkezýär; 2) göterim derejä bagly pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk. Ol III grafikde puluň hödürlenmeginiň $(M/P)^D_A$ egri çyzygyny görkezýär. I grafigiň III kwadrantynda görkezilen $(M/P)^S$ egri çyzygy ykdysadyýetde puluň üýtgemeýän möçberine býujet çäklendirmesini görkezýär. Girdejiniň $Y_1$ derejesinde pula bolan transaksiýa hyrydarlyk $[(M/P)^D_T]_1$-e deň bolýar. Ykdysadyýetde puluň hödürlenmeginiň emele gelen möçberinde pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk $[(M/P)^D_A]_1$-e deň bolar we ol $r_1$ göterim derejesine laýyk gelýär. Eger girdejiniň derejesi $Y_2$-ä çenli ýokarlansa, onda pula bolan transaksiýa

hyrydarlyk $[(M/P)^D{}_T]_2$-ä deň bolan ýagdaýynda pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk $[(M/P)^D{}_A]_2$-ä deň bolar we ol $r_2$ göterim derejesine laýyk gelýär. Şeýlelikde, girdejiniň has ýokary möçberine göterimiň has ýokary derejesi laýyk gelýär.

*LM egri çyzygynyň daşyndaky nokatlar.* *LM* egri çyzygynyň daşynda ýerleşýän ähli nokatlar pul bazarynyň deňagramsyz ýagdaýyna laýyk gelýär. *LM* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän *A* nokatda (*13.6-njy şekil*) girdejiniň $Y_1$-e deň bolan derejesi pula bolan transaksiýa hyrydarlygyň $[(M/P)^D{}_T]_1$ möçberine laýyk gelýär, göterimiň $r_2$ derejesi pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlygyň $[(M/P)^D{}_A]_2$ möçberine deň bolýar. Pula bolan bu hyrydarlyklaryň jemi *A'* nokat bilen häsiýetlendirilýän puluň hödürlenmeginiň möçberine laýyk gelýär. Ol ykdysadyýetde hödürlenilýän puluň möçberinden ($(M/P)S$ egri çyzygy) az möçberi görkezýän egri çyzykda ýerleşýär.

Şeýlelikde, *LM egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän ähli nokatlarda* puluň hödürlenmegi pula bolan umumy hyrydarlykdan ýokary bolýar we ol puluň artykmaç hödürlenmegini (excess supply of money – *ESM*) aňladýar. *LM* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän *B* nokatda pula bolan transaksiýa hyrydarlyk $[(M/P)^D{}_T]_2$-ä deň bolýar. Sebäbi girdejiniň derejesi $Y_2$-ä deň, göterimiň derejesiniň $r_1$-e deň bolýan ýagdaýynda pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk $[(M/P)^D{}_A]_1$-e deň bolar. Pula bolan hyrydarlyklaryň jemi *B'* nokatda puluň hödürlenmeginiň möçberine laýyk gelýär we ol ykdysadyýetdäki möçberden az bolýar. Bu ýagdaýda pula bolan hyrydarlyk puluň hödürlenmeginden ýokary bolýar. Şeýlelikde, *LM egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän ähli nokatlarda pula bolan artykmaç hyrydarlyk* (excess demand for money – *EDM*) emele gelýär. Bu nokatlarda deňagramlylygyň üpjün edilmegi üçin girdejiniň möçberi ýa-da göterimiň derejesi üýtgemeli, ýa-da ikisi hem bilelikde üýtgemeli. Eger göterim derejesi peselýän bolsa, onda pula bolan hyrydarlyk ýokarlanýar, eger girdejiniň derejesi peselýän bolsa, onda pula bolan hyrydarlyk peselýär.

*LM egri çyzygynyň algebraiki seljermesi.* Pula bolan hyrydarlygyň funksiýasyny çyzykly hasaplap, *LM* egri çyzygy üçin şeýle algebraiki aňlatmany alyp bolýar:

$$(M/P)^S = kY - hr$$

$(M/P)^S$ – puluň hödürlenmegi;

$kY$ – pula bolan transaksiýa hyrydarlyk;

$(-hr)$ – pula bolan töwekgelçilikli hyrydarlyk.

Bu deňlemeden deňagramly girdejiniň derejesiniň görkezijisi (1) we deňagramly göterim derejesiniň (2) görkezijisi alynýar:

$$Y = (1/k)(M/P)^S + (h/k)R \quad (1)$$

$$r = (k/h)Y - (1/h)(M/P)^S \quad (2)$$

Deňagramly girdejiniň deňlemesinden göterimiň islendik derejesinde we puluň real hödürlenmeginiň islendik möçberinde pul bazarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän girdejiniň möçberi alynýar. Göterimiň deňagramly derejesiniň deňlemesinden girdejiniň islendik derejesinde we puluň real hödürlenmeginiň islendik möçberinde pul bazarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän göterimiň derejesi alynýar. *LM* egri çyzygynyň ugry boýunça puluň real hödürlenmeginiň möçberi üýtgemeýär.

(2) deňlemede *Y* ýagdaýda koeffisiýentiň položitel ($k/h > 0$, sebäbi $k > 0$ we $h > 0$) bolmagy sebäpli, *LM* egri çyzygy položitel gyşarma eýe bolýar we ol girdejiniň derejesi bilen göterim derejesiniň göni özara baglanyşygyny görkezýär. Girdejiniň has ýokary derejesi pula bolan has ýokary hyrydarlygy kesgitleýär we ol göterimiň has ýokary derejesine getirýär.

*LM egri çyzygynyň süýşmesi. LM* egri çyzygynyň süýşmeleri puluň nominal hödürlenmeginiň ($M^S$) üýtgemeleri bilen kesgitlenýär. Bahalaryň derejesiniň üýtgemeýändigi ($P$ = const) sebäpli, Merkezi bankyň aýlanyşykdaky puluň möçberini üýtgetmegi puluň real hödürlenmegini $(M/P)^S$ üýtgedýär. (1) deňlemede $(M/P^S$ ýagdaýdaky koeffisiýentiň položitel bolmagy sebäpli, puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy egri çyzygy saga $\Delta M(1/k)$ aralyga süýşürýär. Puluň hödürlenmeginiň peselmegi bolsa egri çyzygy şol aralyga deň möçberde çepe süýşürýär.

*LM egri çyzygynyň gyşarmasy. LM* egri çyzygynyň gyşarmasy (2) deňlemede Y-nyň öňünde duran ($k/h$) – koeffisiýente deň bolýar we ol iki sany ölçege bagly hasaplanýar:

1) girdejiniň derejesine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi ($k$);

2) göterimiň derejesine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi ($h$).

Göterim derejesiniň üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemeginiň ($h$) peselmegi *LM* egri çyzygynyň gyşarmasyny ýokarlandyrýar (ýapgytlygy has pes bolýar), $h = 0$ ýagdaýda egri çyzyk wertikal görnüşe eýe bolýar. $h$-iň ýokarlanmagynda *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar. Girdejileriň möçberine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemeginiň ($k$) peselmegi netijesinde *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary, onuň ýokarlanmagy bilen ýapgytlygy has pes bolýar.

Şeýlelikde, *LM* egri çyzygy aşakdaky ýagdaýlarda has ýapgyt bolýar:

– göterim derejesiniň ($h$) üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň möçberiniň üýtgemeginiň ýokary bolmagy. Bu göterim derejesiniň az möçberde üýtgemeginiň pula bolan hyrydarlygyň uly möçberde üýtgemegine getirip bilýändigini aňladýar;

– girdejiniň ($k$) üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň möçberiniň üýtgemeginiň ýokary bolmazlygy. Girdejiniň uly möçberde üýtgemegi pula bolan hyrydarlygyň pes derejelerde üýtgemegine getirýär.

## 13.5. Haryt we pul bazarlarynyň bilelikdäki deňagramlylygy

*IS* egri çyzygy ýa-da *LM* egri çyzygy aýratynlykda deňagramly girdejiniň möçberini *Ye* we deňagramly göterim derejesini $r_e$ kesgitläp bilmeýär. Ykdysadyýetde deňagramlylyk *IS* we *LM* egri çyzyklarynyň bilelikdäki kesişýän nokadynda kesgitlenýär (*13.7-nji a şekil*).

Haryt we pul bazarlarynda bir wagtdaky deňagramlylyk girdejiniň derejesiniň (*Ye*) we göterim derejesiniň ($r_e$) ýeke-täk görkezijilerinde emele gelýär (*13.7-nji a şekil*). Göterim derejesiniň we girdejiniň derejesiniň beýleki möçberleri bir ýa-da iki bazarda hem deňagramlylygyň bozulmagyny aňladýar. Mysal üçin, göterimiň $r_1$ derejesinde pul bazaryndaky deňagramlylyk girdejiniň $Y_1$ ($r_1$ çyzygynyň *LM* egri çyzygy bilen kesişmesi) derejesinde emele gelýär, ýöne haryt bazarynda şeýle göterim derejesinde deňagramlylyk girdejiniň $Y_2$ derejesinde kesgitlenýär ($r_1$ çyzygy bilen *IS* egri çyzygynyň kesişmesi).

Iki bazaryň deňagramly ýagdaýy *IS* we *LM* egri çyzyklarynyň deňlemeleriniň bilelikde çözülmegi esasynda kesgitlenip bilner. Mysal üçin, 13.7-nji b şekiliň *A* we *B* nokatlarynda haryt bazarynyň deňagramlylygy (harytlara bolan hyrydarlyk = harytlaryň hödürlenmegi) emele gelýär, sebäbi olar *IS* egri çyzygynda ýerleşýärler, *C* we *D* nokatlarda deňagramlylyk bozulýar. Tersine, *C* we *D* nokatlarda pul bazarynda deňagramlylyk (pula bolan hyrydarlyk = puluň hödürlenmegi) emele gelýär, sebäbi olar *LM* egri çyzygynda ýerleşýärler, *A* we *B* nokatlarda deňagramlylyk bozulýar. Umumy deňagramlylyk – bu ykdysadyýetiň haryt we pul bazarlarynda bir wagtda deňagramlylygyň emele gelmegi hem-de ol *E* (equilibrium) nokatda kesgitlenýär (*13.7-nji a we b şekil*). J. Keýns haryt we pul bazarlaryndaky (gymmatly kagyzlar bazarynda, ýagny tutuş maliýe bazarynda) deňagramlylyga laýyk gelýän deňagramly girdejiniň $Y_e$ (*13.7-nji a şekil*) möçberini *«netijeli hyrydarlygyň möçberi»* diýip atlandyrdy.




*a)* *b)* *ç)*

*13.7-nji şekil. Haryt we pul bazarlarynyň bilelikdäki deňagramlylygy*

Ulgamda deňagramlylygyň bozulan ýagdaýyndan umumy deňagramlylyga gelinmeginiň mehanizmini öwrenmek zerur hasaplanýar. Eger harytlar we hyzmatlar bazarynda deňagramlylyk bozulan bolsa, onda ätiýaçlyklaryň garaşylmaýan üýtgemeleri bolup geçýär we kärhanalar ykdysadyýeti *E* nokada tarap hereketlendirip, önümçiligiň möçberini peseldýärler ýa-da ýokarlandyrýarlar. Eger pul bazarynda deňagramlylyk bozulan bolsa, onda göterim derejesine talap güýçlenýär we pula bolan artykmaç hyrydarlykda onuň derejesi ýokarlanýar, sebäbi adamlar pula bolan hyrydarlygy beýleki ýollar bilen kanagatlandyryp bilmeseler, onda obligasiýalary satyp başlaýarlar ýa-da eger puluň hödürlenmegi pula bolan hyrydarlykdan ýokarlanyp, ykdysadyýet *E* nokada hereket edip başlan bolsa, onda obligasiýalary satyn alýarlar.

*IS* we *LM* egri çyzyklarynyň kesişmesi netijesinde 4 sany bölüm emele gelýär we olaryň hersinde deňagramlylygyň bozulmagy (*13.7-nji b şekil*) ýüze çykýar. I we III bölümlerde puluň artykmaç hödürlenmegi hasaba alynýar, sebäbi olar *LM* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýärler. *LM* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän III we IV bölümlerde pula bolan artykmaç hyrydarlyk emele gelýär. I we IV bölümler *IS* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýändigi sebäpli, harytlaryň we hyzmatlaryň artykmaç hödürlenmegine laýyk gelýär. II we III bölümlerde harytlara we hyzmatlara artykmaç hyrydarlyk emele gelýär. Ykdysadyýetiň durnuklylyga tarap hereketi ugur görkeziji belgi bilen görkezilýär. Eger haryt bazarynda harytlaryň artykmaç hödürlenmegi emele gelen bolsa, onda kärhanalaryň ätiýaçlyklary ýokarlanýar, önümçiligiň (girdeji) möçberi bolsa *Y* peselýär (*IS* egri çyzygynyň ugry boýunça I we IV bölümlerde gorizontal ugur görkeziji belgiler çepe). Artykmaç hyrydarlyk şertlerinde kärhanalaryň haryt ätiýaçlyklary azalýar we önümçiligiň möçberi ýokarlanýar (*IS* egri çyzygynyň ugry boýunça II we III bölümlerde gorizontal ugur görkeziji belgiler saga).

Pul bazarynda puluň artykmaç hödürlenmegi emele gelen bolsa, adamlar obligasiýalary satyn alýarlar. Obligasiýalara hyrydarlyk artýar, sebäbi olaryň bahasy ýokarlanýar (likwidliligi ileri tutmak nazaryýetine laýyklykda obligasiýalaryň bahasy bilen göterim derejesiniň arasyndaky ters baglanyşyga görä) we bu ýagdaý göterim derejesiniň peselmegine (*LM* egri çyzygyna tarap ugur boýunça I we II bölümlerde wertikal ugur görkezijiler aşak) getirýär. Pula bolan artykmaç hyrydarlykda, tersine, puluň ýetmezçilik edýän şertlerinde obligasiýalaryň ýerine nagt pullary almak üçin öz obligasiýalaryny satyp başlaýarlar. Bu ýagdaý obligasiýalaryň hödürlenmeginiň ýokarlanmagyna, olaryň bahalarynyň peselmegine we şoňa laýyklykda göterim derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär (*LM* egri çyzygyna tarap ugur boýunça III we IV bölümlerde wertikal ugur görkezijiler ýokaryk).

Pul bazarynda deňagramlylygyň dikeldilmegi çalt amala aşyrylýar, sebäbi onuň üçin aktiwleriň portfeliniň düzümini üýtgetmek ýeterlik hasaplanýar we ol uzak wagty talap etmeýär, şonuň bilen birlikde önümçiligiň möçberini üýtgetmek üçin köp wagt talap edilýär.

Bu ýagdaýy hasaba almak bilen deňagramlylygy gazanmagyň ykdysady mehanizmi seljerilýär. Eger ykdysadyýetiň deňagramlylygynyň bozulan şertlerinde, mysal üçin, *A* nokatda (*13.7-nji b şekil*) ýerleşýän ýagdaýy şeýle yzygiderlikde öwrenilýär. Bu nokat II bölümde ýerleşýär we onda puluň artykmaç hödürlenmegi, şeýle-de harytlara we hyzmatlara artykmaç hyrydarlyk emele gelýär. Puluň hödürlenmeginiň pula bolan hyrydarlykdan ýokary bolmagy netijesinde obligasiýalaryň bahalary ýokarlanýar we olara hyrydarlyk artýar. Bu ýagdaý adamlaryň öz pullaryny gymmatly kagyzlara çalyşmagy netijesinde göterim derejesiniň peselmegine getirýär. Pul bazarynda deňagramlylyk *LM* egri çyzygynyň *B* nokadynda kesgitlenýär. Bu bölümde emele gelen harytlara we hyzmatlara artykmaç hyrydarlyk kärhanalaryň ätiýaçlyklarynyň peselmegine hem-de önümçiligiň (girdejiniň) ýokarlanmagyna getirýär. Bu ýagdaýda pul bazarynyň deňagramlylygy bozulýar we ykdysadyýet III bölüme (*C* nokat) süýşýär. Ol pula bolan artykmaç hyrydarlyga laýyk gelýär we göterim derejesini ýokarlandyryp, *LM* egri çyzygyna gaýdyp gelýär. Şeýle-de bolsa, haryt bazarynda saklanýan artykmaç hyrydarlyk, göterim derejesiniň ýokarlanmagy netijesinde maýa goýum çykdajylarynyň peselmek mümkinçiligine garamazdan, ätiýaçlyklaryň peselmegini we önümçiligiň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Pul bazarynda deňagramlylyk bozulýar we bu ýagdaý göterim derejesini ýokarlandyrýar hem-de ykdysadyýet *LM* çyzygynyň *D* nokadyna gaýdyp gelýär. Bu nokat *IS* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýär we ol harytlara hem-de hyzmatlara bolan artykmaç hyrydarlygyň ýokary möçberine deň gelýär. Ätiýaçlyklaryň yzygider peselmegi we önümçiligiň ýokarlanmagy netijesinde ykdysadyýet *F* nokada süýşýär hem-de pul bazarynyň deňagramlylygynyň bozulmagyna getirýär. Pul bazary deňagramly




$I = Y - C$ we $S = Y - C$ bolsa, onda $I = S$

*13.8-nji şekil. Süýşürintgiler-maýa goýumlar modelinde önümçiligiň deňagramly möçberini kesgitlemek*

*E* nokada çenli gelýänçä onuň deňagramlylygy bozulýar. Şeýlelikde, ykdysadyýet pul we haryt bazarlarynyň bir wagtdaky deňagramly nokadyna, ýagny *IS* we *LM* egri çyzyklarynyň kesişýän nokadyna gelýänçä, dürli ýagdaýlarda hereket edýär.

$$I = Y - C \text{ we } S = Y - C \text{ bolsa, onda } I = S.$$

Önümçiligiň $Y_3$ möçberi deňagramly $Y_1$ möçberden uly bolýar we haryt öndürijileriň garaşýan süýşürintgileriniň derejesinden ýokary bolup, sarp etmekligiň azalýandygyny aňladýar. Onuň netijesinde kärhanalaryň öndürýän önüminiň möçberi azalýar. Garşylyklaýyn ýagdaýda süýşürintgileriň azalmagy öndürilýän önümiň möçberiniň artmagyna getirýär.




*13.9-njy şekil. IS-LM modelinde deňagramlylyk*

IS-LM modelinde ykdysady deňagramlylyk *E* nokatda emele gelýär we ol $r_E$ göterim derejesini we $Y_E$ girdejiniň derejesini kesgitleýär. *E* nokatda ykdysady ulgamyň hakyky çykdajylary onuň meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryna, real pul serişdelerine bolan hyrydarlyk bolsa olaryň hödürlenmegine deň bolýar.

# XIV BAP
# IS-LM MODELINDE MONETAR WE FISKAL SYÝASAT

## 14.1. Monetar we fiskal syýasatyň netijeleri

IS-LM modeli ykdysadyýetiň bir deňagramly ýagdaýyndan beýleki bir deňagramly ýagdaýa geçmeginde girdejileriň derejesi bilen göterim derejesiniň üýtgemelerini görkezýär. Şonuň üçin *IS-LM* modeli monetar we fiskal syýasatyň ykdysadyýete edýän täsirini hem-de olaryň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik berýär. Monetar we fiskal syýasatlaryň islendik gurallarynyň täsiri *IS-LM* egri çyzyklarynyň süýşmegine getirýär. Şonuň üçin haryt we pul bazarlarynyň döwletiň ykdysady syýasatyna edýän täsiriniň seljermesini *IS-LM* egri çyzyklarynyň kesişme nokatlarynyň süýşmesini öwrenmegiň esasynda amala aşyrmak mümkinçiligi emele gelýär. *IS* egri çyzygy haryt bazarynyň deňagramlylygyny häsiýetlendirýär we awtonom çykdajylaryň möçberiniň üýtgemelerine görä belli bir ugra süýşýär. *LM* egri çyzygy pul bazarynyň deňagramlylygyny häsiýetlendirýär we puluň hödürlenmeginiň möçberiniň üýtgemelerine görä belli bir ugra süýşýär. Awtonom çykdajylaryň ululygyna fiskal syýasatyň ähli gurallary täsir edýär:

a) döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň möçberiniň üýtgemegi;

b) salgytlaryň üýtgemegi;

ç) transfertleriň üýtgemegi (döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň möçberi jemi awtonom çykdajylara göni täsir edýär, salgytlaryň we transfertleriň üýtgemegi sarp ediş hem-de maýa goýum çykdajylarynyň möçberiniň üýtgemegi arkaly gytaklaýyn täsir edýär). Pula bolan hyrydarlygyň möçberiniň üýtgemegi monetar syýasatyň esasy guraly hasaplanýar.

Şeýlelikde, *fiskal syýasat IS egri çyzygynyň süýşmegine, monetar syýasat bolsa LM egri çyzygynyň süýşmegine täsir edýär.* Fiskal we monetar syýasat höweslendiriji, şeýle hem çäklendiriji ýagdaýlarda bolup biler. Olaryň ykdysadyýete edýän täsiri grafiki görnüşde 14.1-nji we 14.2-nji şekillerde görkezilýär.

IS-LM modeliniň keýnsiançylyk görnüşindäki model hasaplanýandygy sebäpli, seljermede bahalaryň derejesiniň üýtgemeýän şertinden we puluň nominal hödürlenmeginiň üýtgemeginiň onuň real hödürlenmegini üýtgedýän ýagdaýyndan ugur alynýar.

Grafikden görnüşi ýaly, *fiskal syýasat IS egri çyzygynyň süýşmegine, monetar syýasat bolsa LM egri çyzygynyň süýşmegine täsir edýär*. Onuň gurallary hökmünde döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň ýokarlanmagy, salgytlaryň peselmegi we transfertleriň ýokarlanmagy hasaplanýar hem-de olar girdejiniň derejesini $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli artdyrýar, göterim derejesini $r_1$-den $r_2$-ä çenli ýokarlandyrýar (*14.1-nji a şekil*).




*a) fiskal syýasat* *b) monetar syýasat*

*14.1-nji şekil. IS-LM modelinde höweslendiriji syýasat*

Çäklendiriji fiskal syýasat (döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň peselmegi, salgytlaryň ýokarlanmagy we transfertleriň azalmagy) *IS* egri çyzygyny çepe süýşürýär we bu ýagdaýda girdejiler azalýar hem-de göterim derejesi peselýär (*14.2-nji a şekil*). Höweslendiriji monetar syýasatyň guraly hökmünde puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy (*LM* egri çyzygynyň saga süýşmegi) çykyş edýär we ol girdejiniň derejesini $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlandyrýar hem-de göterim derejesini $r_1$-den $r_2$-ä çenli peseldýär (*14.1-nji b şekil*). Puluň hödürlenmeginiň peselmegine esaslanýan çäklendiriji monetar syýasatyň (*LM* egri çyzygynyň çepe süýşmegi) netijesi bolup girdejileriň peselmegi we göterim derejesiniň ýokarlanmagy hasaplanýar (*14.2-nji b şekil*).




*a) fiskal syýasat* *b) monetar syýasat*

*14.2-nji şekil. IS-LM modelinde çäklendiriji syýasat*

## 14.2. Fiskal syýasatyň täsiri

Höweslendiriji fiskal syýasatyň täsir etmeginiň ykdysady mehanizmi we netijeleri 14.3-nji a şekilde görkezilýär. Ilkibaşda ykdysadyýetiň *A* nokatdaky ýagdaýy öwrenilýär. Hökümetiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň $\Delta G$ möçberde ýokarlandyrmagy netijesinde $IS_1$ egri çyzygy $IS_2$-ä çenli $k_A \Delta G$ aralyga saga süýşýär. Göterimiň $r_1$ derejesi girdejiniň $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlanmagyna getirýär we ol höweslendiriji fiskal syýasatyň (*C* nokat) multiplikatorynyň doly netijesine laýyk gelýär (girdejiniň multiplikatiw ýokarlanmagy höweslendiriji fiskal syýasatyň beýleki gurallarynyň ulanylmagy arkaly, ýagny salgytlaryň peselmeginde we transfertleriň ýokarlanmagynda gazanyp bolýar, ýöne bu ýagdaýda girdejiniň artmagynyň möçberi az bolýar, sebäbi *IS* egri çyzygynyň süýşmeginiň aralygy salgytlar üçin $k_T \Delta T$ we transfertler üçin $k_{TR} \Delta Tr$ deň bolýandygyny hasaba almaly). Ýöne *C* nokatda pul bazary deňagramly ýagdaýda bolmaýar, sebäbi bu nokat *LM* egri çyzygynyň daşynda (aşagynda) ýerleşýär. Haryt bazarynda girdejiniň iň ýokary ($Y_3$) derejesi pul bazarynda pula bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Puluň hödürlenmeginiň üýtgemeýändigi sebäpli, pula bolan hyrydarlygyň puluň hödürlenmeginden ýokary bolmagy *LM* egri çyzygynyň ugry boýunça hereketi emele getirýär we ol göterim derejesini $r_1$-den $r_2$-ä çenli ýokarlandyrýar.

Bu hereketiň ykdysady mehanizmi iki usul arkaly düşündirilýär:

1) likwidliligiň ileri tutulmagynyň keýnsiançylyk nazaryýetiniň kömegi bilen;

2) döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň ýörelgelerinden ugur almak arkaly.

Likwidliligi ileri tutmak nazaryýetine laýyklykda, puluň hödürlenmeginiň üýtgemeýän ýagdaýynda, eger pula bolan hyrydarlyk ($M^D$) ýokarlansa, ýagny eger adamlara köp nagt pul zerur bolsa, olar öz maliýe portfeliniň düzümini üýtgedýärler we obligasiýalary satyp başlaýarlar. Bu ýagdaý obligasiýalaryň hödürlenmegini ($B^S$) ýokarlandyrýar, şeýle-de olaryň bahalaryny ($P_B$) peseldýär, sebäbi obligasiýalaryň bahasy göterim derejesi bilen ters baglanyşykda bolýar we netijede, göterim derejesi ýokarlanýar.

$$M^D \Uparrow \Rightarrow B^S \Uparrow \Rightarrow P_B \Uparrow \Rightarrow r \Uparrow .$$




a) b)




*ç)*

*14.3-nji şekil. IS-LM modelinde höweslendiriji fiskal syýasat we onuň netijeliligine baha bermek*

Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň ýörelgelerine laýyklykda, ýetmezçilik aşakdaky sebäplere görä, ýagny:

a) býujetiň girdejileriniň (salgytlar) üýtgemeýän şertlerinde býujetiň çykdajylarynyň (döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy hem-de transfertler) ýokarlanmagy;

b) býujetiň çykdajylarynyň üýtgemeýän ýagdaýynda býujetiň girdejileriniň (salgytlar) peselmegi netijesinde emele gelýär.

Ösen döwletlerde döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmegi döwlet obligasiýalaryny çykarmagyň (içerki karzlar) we olary açyk bazarda satmagyň hasabyna amala aşyrylýar. Döwlet obligasiýalarynyň ilata (Merkezi banka däl) satylmagy puluň hödürlenmegini üýtgetmeýär, ýöne gymmatly kagyzlar bazarynda obligasiýalaryň hödürlenmegini ýokarlandyrýar. Bu ýagdaý obligasiýalaryň bahalaryny peseldýär we göterim derejesini ($B^s \Uparrow \Rightarrow P_B \Downarrow \Rightarrow r \Uparrow$) ýokarlandyrýar.

Göterim derejesiniň ýokarlanmagy meýilnamalaşdyrylýan jemi awtonom çykdajylaryň (sarp ediş, maýa goýum we sap eksport) (*A*) peselmegine, şeýle-de jemi girdejileriň azalmagyna sebäp bolýar ($r \Uparrow \Rightarrow A \Downarrow \Rightarrow Y \Downarrow$). Göterim derejesiniň ýokarlanmagy (*LM* egri çyzygynyň ugry boýunça *C* nokatdan *B* nokada tarap hereket) haryt we pul bazarlarynda girdejiniň $Y_2$ hem-de göterimiň $r_2$ (*B* nokat) derejesine ýetýänçä dowam edýär.

Şeýlelikde, höweslendiriji fiskal syýasatyň netijesinde girdejiniň derejesi multiplikatoryň doly möçberine däl-de, belli bir möçberde ýokarlanýar. Bu göterim derejesiniň $r_1$-den $r_2$-ä çenli ýokarlanmagynyň netijesinde emele gelýär we bir tarapdan pul bazarynyň deňagramlylygyny üpjün edýär. Ol göterimiň üýtgemelerine görä meýilnamalaşdyrylýan awtonom çykdajylaryň üýtgeýän bölegini azaldýar we

şonuň üçin fiskal syýasatyň höweslendiriji netijesi peselýär. Fiskal täsir etmegiň netijesinde girdeji $Y_3$-e çenli däl-de, diňe $Y_2$-ä çenli ýokarlanýar (*14.3-nji a şekil*).

Girdejiniň $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlanmagy höweslendiriji fiskal syýasatyň *girdejileriniň netijesi* (income effect) diýlip atlandyrylýar.

Göterim derejesiniň ýokarlanmagy sebäpli girdejiniň alynmadyk möçberi ($Y_2 - Y_3$) *alynmaýan girdejiniň netijesi* (crowding-out effect) diýlip atlandyrylýar.

*Alynmaýan girdejiniň netijesi* höweslendiriji fiskal syýasatyň çäreleriniň hususy bölegiň awtonom meýilnamalaşdyrylýan çykdajylarynyň möçberini peseldýän täsirini we şeýle peselmegiň netijesinde alynmaýan girdejiniň möçberini görkezýär.

Şeýlelikde, höweslendiriji fiskal syýasatyň girdejileriniň netijesi multiplikatoryň netijesi bilen alynmaýan girdejiniň netijesiniň arasyndaky tapawuda deň bolýar.

Eger *LM* egri çyzygy höweslendiriji fiskal syýasatyň alnyp barylmagy esasynda süýşýän bolsa, ol göterim derejesini ýokarlandyrmaýar, ýagny *LM* egri çyzygy gorizontal ýagdaýa eýe bolanda we diňe multiplikatoryň netijesi hereket edende *alynmaýan girdeji bolmaýar*.

Alynmaýan girdejiniň bölekleýin ýa-da doly görnüşi bolup bilýär. Eger höweslendiriji syýasatyň netijesinde girdejileriň derejesi ýokarlanýan bolsa, onda ol *bölekleýin alynmaýan girdejini* (multiplikatoryň netijesi alynmaýan girdejiniň netijesinden ýokary bolýar) aňladýar. Eger girdejiniň möçberi üýtgemeýän bolsa, onda ol doly alynmaýan girdejini (multiplikatoryň netijesi alynmaýan girdejiniň netijesine deň bolýar) aňladýar we *LM* egri çyzygy wertikal ýagdaýda bolýar.

Alynmaýan girdejiniň netijesi fiskal ösüşiň esasy ýetmezçiligi hasaplanýar. Alynmaýan girdejiniň möçberi näçe ýokary bolsa, fiskal täsiriň netijesinde girdejiniň artýan möçberi (girdejiniň netijesi pes) şonça-da az bolýar, ýöne muňa garamazdan fiskal syýasat netijeli hasaplanýar.

Açyk ykdysadyýetde içerki alynmaýan girdejiniň netijesi daşarky alynmaýan girdejiniň netijesi arkaly düzgünleşdirilýär we ol *sap eksportyň netijesi* diýlip atlandyrylýar. Ýurtda göterim derejesiniň (*r*) ýokarlanmagy ykdysadyýete goýulýan kapitalyň girdejililigini artdyrýar we ol döwlete daşary ýurt kapitalynyň gelmegine ýardam edýär, şonuň üçin milli pul birligine (*D*) hyrydarlyk ýokarlanýar. Bu ýagdaý milli pul birliginiň hümmetini (*e*) ýokarlandyrýar we onuň netijesinde milli harytlar otnositel gymmatlaýar, daşary ýurt harytlary bolsa otnositel arzan bolýar. Netijede, eksportyň möçberi (*Ex*) azalýar we importyň möçberi (*Im*) ýokarlanýar. Bu ýagdaý jemi awtonom çykdajylaryň (*A*) bir bölegi hasaplanýan sap eksportyň (*Xn*) azalýandygyny aňladýar. Girdejiniň möçberi multiplikatiw azalýar:

$$(r \Uparrow \Rightarrow \textit{kapitalyň gelmegi} \Uparrow \Rightarrow D \Uparrow \Rightarrow e \Uparrow \Rightarrow Ex \Downarrow \Rightarrow Im \Uparrow \Rightarrow Xn \Downarrow \Rightarrow A \Downarrow \Rightarrow Y \Downarrow).$$

Höweslendiriji fiskal syýasatyň netijeliligini, ýagny bu syýasatyň ykdysadyýete edýän täsiriniň derejesini kesgitleýän girdejiniň netijesiniň möçberi *IS* we *LM* egri çyzyklarynyň gyşarmalaryna bagly bolýar (*14.3-nji şekil*). Üç grafikde hem döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagynyň möçberiniň üýtgemegi $\Delta G$

we çykdajylaryň multiplikatorynyň möçberiniň $k_A$ birmeňzeşligi sebäpli, ähli üç ýagdaýda hem *IS* egri çyzygynyň süýşýän aralygy meňzeş bolýar we ol $k_A \Delta G$ görnüşde häsiýetlendirilýär. 14.3-nji a we 14.3-nji b şekillerde *LM* egri çyzygynyň gyşarmalary birmeňzeş, *IS* egri çyzygynyň gyşarmalary bolsa dürli görnüşlere eýe bolýar. 14.3-nji a şekilde girdejiniň netijesi ($Y_1 - Y_2$) alynmaýan girdejiniň netijesinden ($Y_2 - Y_3$) ýokary bolýar, ýagny *IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar. 14.3-nji a we ç şekillerde *IS* egri çyzygynyň gyşarmasy birmeňzeş, *LM* egri çyzygynyň gyşarmalary bolsa dürli görnüşlerde bolýar. 14.3-nji ç şekilde girdejiniň netijesi ($Y_1 - Y_2$) ýokary we alynmaýan girdejiniň netijesi ($Y_2 - Y_3$) bolsa pes möçberi görkezýär, ýagny *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar. Şeýlelikde, fiskal syýasat näçe netijeli bolsa, *IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy şonça-da pes, *LM* egri çyzygy ýapgytlygy şonça-da ýokary bolýar.

*IS* egri çyzygynyň gyşarmasy çykdajylaryň multiplikatorynyň möçberi ($k_A$) we göterim derejesiniň (*b*) üýtgemegine görä awtonom çykdajylaryň üýtgeme derejesi (bu koeffisiýentleriň derejesi näçe pes bolsa, şonça-da *IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar) bilen kesgitlenýär. *LM* egri çyzygynyň gyşarmasy girdejileriň üýtgemegi (*k*) bilen pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi we göterim derejesiniň (*h*) üýtgemegi bilen pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi arkaly kesgitlenýär (*k* näçe az bolup, *h* näçe köp bolsa, şonça-da *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar).

Şeýlelikde, *fiskal syýasatyň netijeliliginiň üpjün edilmegi* üçin aşakdaky şertler berjaý edilýär:

1) çykdajylaryň multiplikatorynyň möçberi pes bolmaly ($k_A \to 0$), (onuň üçin sarp etmeklige bolan goşmaça meýillilik *mpc* we maýa goýum üçin goşmaça meýillilik *mpI* pes bolmaly, goşmaça salgyt derejesiniň *t* we importa bolan goşmaça meýillilik *mpm* ýokary bolmaly);

2) göterim derejesiniň üýtgemegine görä awtonom çykdajylaryň üýtgeme derejesi pes bolmaly ($b \to 0$), ýagny awtonom çykdajylaryň üýtgemegi üçin göterim derejesiniň uly möçberde üýtgemeleriniň talap edilmegi;

3) girdejiniň üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi pes bolmaly ($k \to 0$), ýagny pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi üçin girdejiniň möçberiniň ýokary derejelerde üýtgemeginiň talap edilmegi;

4) göterim derejesiniň üýtgemegine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgeme derejesi has ýokary ($h \to \infty$) bolmaly, ýagny göterim derejesiniň az möçberde üýtgemegi pula bolan hyrydarlygyň uly möçberde üýtgemegine getirmegi.

## 14.3. Monetar syýasatyň täsiri

Merkezi bankyň puluň hödürlenmegini üýtgetmegi monetar syýasatyň guraly hasaplanýar we ol *LM* egri çyzygynyň süýşmegini üpjün edýär. Monetar syýasat ykdysadyýete iki netije arkaly täsir edýär:

1) likwidliligiň netijesi (liquidity effect);

2) girdejiniň netijesi (income effect).

Eger Merkezi bank puluň hödürlenmegini ýokarlandyrmak maksady bilen höweslendiriji monetar syýasaty amala aşyrýan bolsa, onda ol açyk bazarda amallary geçirip, döwletiň gymmatly kagyzlaryny (obligasiýalary) satyn alýar. Bu täjirçilik banklaryň ätiýaçlyklaryny we pul binýadyny ýokarlandyrýar hem-de onuň esasynda pul multiplikatorynyň netijesi arkaly puluň hödürlenmegini artdyrýar. Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy göterim derejesini peseldýär we bu ýagdaý likwidliligi ileri tutmagyň keýnsiançylyk nazaryýetiniň esasynda düşündirilýär. Girdejiniň berlen derejesinde puluň hödürlenmeginiň ($M^S$) ýokarlanmagy netijesinde adamlarda harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin zerur bolan puluň möçberinden köp pul emele gelýär. Şonuň üçin nagt pullaryň bir bölegi gymmatly kagyzlary satyn almak üçin ulanylýar. Obligasiýalara bolan hyrydarlyk ($B^D$) artýar we ol bahalary ýokarlandyrýar, sebäbi obligasiýalaryň bahasy göterim derejesi bilen ters baglanyşykda bolýar we netijede, göterim derejesi peselýär:

$$M^S \Uparrow \Rightarrow B^D \Uparrow \Rightarrow P_B \Uparrow \Rightarrow r \Downarrow.$$

Eger ilkibaşda ykdysadyýetiň ýagdaýyny A nokat häsiýetlendirýän bolsa, onda puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy *LM* egri çyzygyny $LM_1$-den $LM_2$-ä çenli $\Delta M$ (1/*k*) aralyga saga süýşürýär (*14.4-nji a şekil*). Girdejileriň üýtgemeýän ($Y_1$) derejesinde puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy göterim derejesini $r_1$-den $r_3$-e çenli peseldýär (*B* nokat). *Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy netijesinde göterim derejesiniň peselmegi* ykdysady nazaryýetde höweslendiriji monetar syýasatyň *«likwidlilik netijesi»* diýlip atlandyrylýar.




*a)* *b)*




ç)

*14.4-nji şekil. IS-LM modelinde höweslendiriji monetar syýasat we onuň netijeliligine baha bermek*

Şeýle-de bolsa, girdejiniň $Y_1$ derejesinde we göterimiň $r_2$ derejesinde haryt bazarynda harytlara bolan artykmaç hyrydarlyk (*B* nokat *IS* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýär) emele gelýär. Göterimiň pes derejesi awtonom sarp etmegiň, maýa goýumlaryň we sap eksportyň derejesini ýokarlandyrýar. Bu ýagdaý önümçiligi multiplikatiw ösdürýär we girdejini $Y_3$-e çenli (*C* nokat) ýokarlandyrýar. *C* nokadyň *IS* egri çyzygynyň üstünde ýerleşýändigi sebäpli haryt bazarynda deňagramlylyk üpjün edilýär. Pul bazarynda hem *C* nokadyň $LM_2$ egri çyzygynda ýerleşýändigine görä deňagramlylyk emele gelýär. Haryt bazarynda jemi girdejileriň $Y_1$-den $Y_3$-e çenli multiplikatiw artmagy pula bolan transaksiýa hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Ol göterim derejesiniň ýokarlanmagyna täsir edýär we şonuň üçin $LM_2$ egri çyzygynyň ugry boýunça *C* nokatdan *D* nokada tarap ýokaryk hereket başlanýar. Pul bazarynda göterim derejesiniň $r_3$-den $r_2$-ä çenli ýokarlanmagy sebäpli haryt bazarynda awtonom çykdajylaryň möçberi azalyp başlaýar we jemi girdeji ($Y_3$-den $Y_2$-ä çenli) peselýär. Höweslendiriji monetar syýasatyň netijesinde jemi girdeji $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlanýar. *Göterim derejesiniň peselmegi netijesinde girdejiniň $Y_1$-den $Y_2$-ä çenli ýokarlanmagy* «höweslendiriji monetar syýasatyň *girdeji boýunça netijesi*» diýlip atlandyrylýar.

Höweslendiriji monetar syýasatyň «likwidlilik netijesi» bilen «girdeji boýunça netijesiniň» täsiri göterim derejesini peseldýär we girdejini ýokarlandyrýar. Ol göterimiň $r_2$ derejesinde we girdejiniň $Y_2$ derejesinde pul hem-de haryt bazarlarynda bir wagtda deňagramlylygy üpjün edýär.

Monetar syýasatyň ykdysadyýete edýän täsiriniň derejesi likwidliligiň we girdejiniň netijesiniň *IS* we *LM* egri çyzyklarynyň gyşarmasy bilen bagly bolan göterim derejesine (*R*) hem-de girdejiniň derejesine (*Y*) täsir ediş möçberi bilen kesgitlenýär.

*IS* egri çyzygynyň gyşarmasy göterim derejesine görä awtonom çykdajylaryň üýtgemegi (*IS* egri çyzygynyň deňlemesinde *b* koeffisiýent) we awtonom çykdajylaryň multiplikatorynyň ($k_A$ koeffisiýent) möçberi bilen kesgitlenýär.

Eger *b* we $k_A$ koeffisiýentleriň derejesi kiçi bolsa, *IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar, ýagny awtonom çykdajylaryň ýokarlanmagy üçin göterim derejesini uly möçberde peseltmek zerurlygy ýüze çykýar.

*IS* egri çyzygynyň gyşarmasy göterim derejesine (*LM* egri çyzygynyň deňlemesinde *h* koeffisiýent) görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegine we girdejiniň derejesine (*LM* egri çyzygynyň deňlemesinde *k* koeffisiýent) görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegine bagly bolýar. Eger *h* koeffisiýent kiçi, *k* koeffisiýent ýokary bolsa, *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar, ýagny pula bolan hyrydarlygyň peselmegi üçin göterim derejesiniň uly möçberde ýokarlandyrylmagy talap edilýär, ýöne onuň ýokarlanmagy üçin girdejiniň az möçberde artmagy ýeterlik bolýar.

Höweslendiriji monetar syýasatyň netijeliligi *girdejiniň netijesi* bilen kesgitlenýär (ol näçe ýokary bolsa, şonça-da monetar syýasat netijeli hasaplanýar).

*IS* we *LM* egri çyzyklarynyň gyşarmalaryna görä monetar syýasatyň netijeliligi (*14.4-nji şekil*) deňeşdirilýär. Üç ýagdaýda hem puluň hödürlenmegi birmeňzeş $\Delta M$ möçberde ýokarlanýar we ähli üç grafikde *LM* egri çyzygy $\Delta M(1/k)$ deň bolan birmeňzeş aralyga süýşýär.

14.4-nji a we 14.4-nji b şekillerde *IS* egri çyzygynyň gyşarmalary meňzeş, *LM* egri çyzygynyň gyşarmalary bolsa biri-birinden tapawutlanýar, ýagny dürli gyşarmalara eýe bolýar. 14.4-nji a şekilde *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar we bu ýagdaý girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine görä pula bolan hyrydarlygyň ýokary üýtgeme derejesini we göterim derejesiniň üýtgemelerine görä pes üýtgeme derejesini aňladýar. 14.4-nji b şekilde *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar, ýagny göterim derejesiniň üýtgemelerine (*h* koeffisiýent uly) görä ýokary üýtgeme derejesini we girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine (*k* koeffisiýent kiçi) görä pes derejesini görkezýär. Birinji ýagdaýda girdejiniň netijesiniň ýokarydygy sebäpli monetar syýasatyň netijeliligi has ýokary hasaplanýar. Bu ýagdaý puluň hödürlenmeginiň birmeňzeş möçberde üýtgemeleri bilen baglanyşykly *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe pes bolsa, şonça-da likwidliligiň netijesiniň (göterim derejesiniň $r_1$-den $r_3$-e çenli peselmegi) ýokary bolýandygy bilen düşündirilýär. Bu göterim derejesiniň üýtgemelerine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemeleriniň derejesi näçe pes bolsa, şonça-da göterim derejesiniň uly möçberde peselýändigini görkezýär. Göterim derejesi näçe köp möçberde peselse, şonça-da awtonom çykdajylar, şeýle-de girdejiler uly möçberde ýokarlanýar.

Şeýlelikde, *monetar syýasat näçe netijeli bolsa, şonça-da LM egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar*.

14.4-nji a we 14.4-nji ç şekillerde *LM* egri çyzygynyň gyşarmalary meňzeş, *IS* egri çyzygynyň gyşarmalary bolsa biri-birinden tapawutlanýar. 14.4-nji ç şekilde

*IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar we bu göterim derejesiniň üýtgemelerine görä awtonom çykdajylaryň ýokary derejelerde üýtgemelerini (*b* koeffisiýent uly) we çykdajylaryň multiplikatorynyň ($k_A$) ýokary görkezijisini aňladýar. Ikinji ýagdaýda girdejiniň netijesi ýokary bolýar, sebäbi girdejini multiplikatiw ýokarlandyryp, awtonom çykdajylaryň uly möçberde ýokarlanmagy üçin göterim derejesiniň has az möçberde peselmegi ýeterlik hasaplanýar.

Iki ýagdaýda hem likwidliligiň netijesi (göterim derejesiniň $r_1$-den $r_3$-e çenli peselmegi) birmeňzeş bolýar, ýöne göterim derejesiniň üýtgemelerine görä awtonom çykdajylarynyň üýtgemeleriniň tapawudy *LM* egri çyzygynyň birmeňzeş gyşarmasynda girdejiniň dürli netijeleri berýändigini görkezýär. Şeýlelikde, *IS egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe ýokary bolsa, şonça-da monetar syýasatyň netijeliligi ýokary bolýar*.

Netijede, *LM* egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe pes we *IS* egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe ýokary bolsa, şonça-da monetar syýasatyň netijeliligi ýokary bolýar we ol aşakdaky şertleriň ýerine ýetirilmeginde üpjün edilýär:

1) girdejiniň üýtgemelerine ($K \rightarrow \infty$) görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi ýokary bolýar, ýagny pula bolan hyrydarlygyň möçberiniň ýokary derejelerde üýtgemegi üçin girdejiniň möçberiniň pes derejelerde üýtgemegi;

2) göterim derejesiniň üýtgemelerine görä pula bolan hyrydarlygyň üýtgemeleriniň pes derejesi ($h \rightarrow \infty$), ýagny pula bolan hyrydarlygyň üýtgemegi üçin göterim derejesiniň uly möçberde üýtgemegi talap edilýär;

3) göterim derejesiniň üýtgemelerine görä awtonom çykdajylaryň üýtgemeleriniň ýokary derejesi ($b \rightarrow \infty$), ýagny göterim derejesiniň az möçberde üýtgemeleri awtonom çykdajylarynyň möçberini uly derejelerde üýtgedýär;

4) çykdajylaryň multiplikatorynyň derejesi ýokary bolýar ($k_A \rightarrow \infty$), bu ýagdaý sarp etmeklige bolan goşmaça meýilliligiň (*mpc*) we maýa goýmaklyga bolan goşmaça meýilliligiň (*mpI*) ýokary derejelerini, salgydyň goşmaça derejesiniň (*t*) we importa bolan goşmaça meýilligiň (*mpm*) pes möçberini aňladýar.

## 14.4. IS-LM modelinde aýratyn ýagdaýlar

IS-LM modelinde fiskal we monetar syýasatyň haýsy hem bolsa biriniň ykdysadyýete hiç hili täsir etmeýän üç sany aýratyn ýagdaýy tapawutlandyrylýar. Olar aşakdaky şertlerde emele gelýär:

1) *LM* egri çyzygynyň gorizontal görnüşi we bu likwidliligi saklamak ýagdaýyna laýyk gelýär (*14.5-nji a şekil*);

2) *IS* egri çyzygynyň wertikal görnüşi we bu maýa goýumy saklamak ýagdaýyna laýyk gelýär (*14.5-nji b şekil*);

3) *LM* egri çyzygynyň wertikal ýa-da klassyky ýagdaý diýlip atlandyrylýan şerti (*14.5-nji ç şekil*).




*a) likwidliligiň saklanmagy*




*b) maýa goýumlaryň saklanmagy*




*ç) klassyky ýagdaý*

*14.5-nji şekil. IS-LM modelinde aýratyn ýagdaýlar*




*14.6-njy şekil. IS-LM modelinde garyşyk syýasat*




*a) AD-niň emele gelmegi* *b) Höweslendiriji fiskal syýasat* *ç) Höweslendiriji monetar syýasat*

*14.7-nji şekil. AD egri çyzygy*

*AD-AS* egri çyzygynyň emele gelmegi we onuň höweslendiriji fiskal hem-de höweslendiriji monetar syýasatlarynyň özara baglanyşygy 14.7-nji şekilde görkezilýär.

# XV BAP
# ZÄHMET BAZARY WE JEMI HÖDÜRLEMEK

## 15.1. Önümçilik funksiýasy

Jemi hödürlemek (ykdysadyýetde öndürilen önümleriň möçberi) jemlenen resurslaryň hili we möçberi bilen kesgitlenýär. Esasy ykdysady resurslar hökmünde zähmet (işgäriň işiň dowamynda sarp edýän wagtynyň möçberi) we kapital (işgärleriň ulanýan önümçilik serişdeleri) çykyş edýär. Önümçiligiň möçberine tehnologiýalar güýçli täsir edýär. Ulanylýan tehnologiýalaryň we önümçilik faktorlarynyň ätiýaçlyklarynyň (önümçiligiň garaşylýan ýa-da tebigy möçberi) jemlenen şertlerinde ykdysadyýetde önümçiligiň iň ýokary möçberiniň öndürilmegi önümçilik funksiýasy şeýle görkezilýär:

$$Y = F(K, L, \tau) \text{ ýa-da } Y = AF(K, L)$$

$Y$ – önümçiligiň möçberi;

$K$ – kapitalyň ätiýaçlyklary;

$L$ – zähmetiň ätiýaçlyklary;

$\tau$ ýa-da $A$ – ulanylýan tehnologiýa.

Önümçilik funksiýasynyň aşakdaky aýratynlyklary tapawutlandyrylýar:

– önümçilik faktorlarynyň haýsy hem bolsa biri ulanylmaýan bolsa, onda önümçiligiň möçberi 0-a deň bolýar;

– eger önümçiligiň bir faktory ýokarlanýan bolsa, onda önümçilik ýokarlanýar;

– önümçiligiň bir faktorynyň beýleki faktoryň üýtgemeýän möçberinde ulanylmagynyň artmagy birinji faktoryň netijeliliginiň peselmegine getirýär, ýagny faktorlaryň goşmaça öndürijiliginiň peselmek kanuny hereket edýär;

– faktorlaryň haýsy hem bolsa biriniň ulanylmagynyň ýokarlanýan ýagdaýynda önümçilikde ikinji faktoryň ulanylmagy netijesinde alynýan girdeji ýokarlanýar;

– önümçiligiň ähli faktorlarynyň möçberiniň $x$ gezek ýokarlanýan ýagdaýynda önümçiligiň möçberi hem $x$ gezek ýokarlanýar we bu ýagdaý önümçilik funksiýasy arkaly möçberden üýtgemeýän girdejiniň alynýandygyny aňladýar.

Bu ähli aýratynlyklary Kobb-Duglasyň funksiýasy özünde jemleýär we ol makroykdysadyýetde jemi önümçiligiň möçberini kesgitlemek üçin giňden ulanylýar. 1927-nji ýylda amerikaly ykdysatçy Pol Duglas milli girdejiniň kapitalyň we zähmetiň arasynda paýlanmagynyň birnäçe ýylyň dowamynda üýtgemeýändigini hem-de ykdysadyýetiň ösüşi netijesinde emele gelýän amatlyklardan kapitalyň eýeleriniň we işçileriň deň derejede peýdalanýandygyny seljerýär. Duglas bu emele

gelen ýagdaýy (milli girdejide önümçilik faktorlarynyň üýtgemeýän paýy) beýan etmek boýunça anyk funksiýany tapmak üçin matematik Çarlz Kobba ýüz tutýar. Ç. Kobb ykdysady baglanyşyklary seljermegiň esasynda aşakdaky funksiýany hödürleýär:

Kobb-Duglasyň önümçilik funksiýasy:

$$Y = AK^{\alpha}L^{\beta}$$

$$\alpha + \beta = 1$$

$\alpha$ we $\beta$ ölçegler kapitalyň we zähmetiň çykdajylaryna görä girdejiniň çeýelik koeffisiýentini görkezýär. Eger $\alpha + \beta = 1$ (mysal üçin, 0,25 + 0,75) bolsa, onda kapitalyň ($K$) çykdajylarynyň 1% ýokarlanmagy önümçiligiň ($Y$) möçberini 0,25% ýokarlandyrýar, öz gezeginde zähmetiň çykdajylarynyň ($L$) ýokarlanmagy önümçiligiň ($Y$) möçberini 0,75% ýokarlandyrýar.

*A* belgi *önümçilik faktorlarynyň jemi öndürijiligini* ýa-da *tehnologiki ösüşiň derejesini* görkezýär. Eger önümçiligiň $K$ we $L$ faktorlarynyň möçberiniň üýtgemeýän ýagdaýynda önümçiligiň möçberi ýokarlanýan bolsa, onda ol faktorlaryň jemi öndürijiliginiň ösüşiniň, ýagny tehnologiýanyň has ýokary derejesiniň hasabyna gazanylýandygyny aňladýar.

Eger deňleme önümçiligiň artyş depgini görnüşinde ýazylsa, onda aşakdaky ýaly ýazylýar:

$$\Delta Y/Y = \alpha\Delta K/K + \beta\Delta L/L + \Delta A/A$$

$\Delta A/A$ – $K$ we $L$ faktorlaryň jemi öndürijiliginiň artyşyny görkezýär.

Eger ykdysadyýetde kapitalyň çykdajylary bir ýylda 4%, zähmetiň çykdajylary 1,5% ýokarlanan bolsa, onda faktorlaryň jemi öndürijiligi 1,2%-e deň bolar. Görkezilen formula laýyklykda, önümçiligiň artyşy aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$(0,25 \times 4) + (0,75 \times 1,5) + 1,2 = 3,325\%.$$




*15.1-nji şekil. Önümçilik funksiýasy we onuň süýşmegi*

Önümçilik funksiýasy kapitalyň möçberiniň ýa-da tehnologiýanyň üýtgeýän ýagdaýynda süýşýär. Eger ykdysadyýetde kapitalyň ätiýaçlygy ($K_1$-den $K_2$-ä çenli) ýokarlanýan bolsa, onda önümçilik funksiýasy ýokaryk süýşýär we zähmetiň şol bir ulanylýan möçberinde ($L_1$) önümçiligiň umumy möçberi ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) ýokarlanýar. Şeýle ýagdaý has kämil tehnologiýanyň ulanylýan ýagdaýynda hem ýüze çykýar.

Gysga möhletli döwürde kapitalyň ätiýaçlygynyň üýtgemeýän ululyk, zähmetiň bolsa üýtgeýän faktor hasaplanýandygy sebäpli, önümçiligiň ähli üýtgemeleri ykdysadyýetde zähmetiň ätiýaçlyklarynyň üýtgemeleri bilen baglanyşykly hasaplanýar.

## 15.2. Zähmete bolan hyrydarlyk we zähmetiň hödürlenmegi

Zähmet bazarynda kärhanalar zähmet resurslaryna hyrydarlyk bildirýärler. Kärhanalaryň has ýokary peýda almagynyň şerti hökmünde goşmaça girdejileriň goşmaça çykdajylara deň bolmagy ($MR = MC$) hasaplanýar. Goşmaça işçi güýjüni çekmegiň esasynda kärhananyň alýan goşmaça girdejisi hökmünde harytlary we hyzmatlary satmakdan alynýan girdeji çykyş edýär. Ol harytlaryň bahasynyň ($P$) zähmetiň goşmaça önümine ($MP_L$) köpeldilmegi arkaly hasaplanýar. Işçiniň nominal (pul) zähmet haky kärhananyň goşmaça harajatlaryny görkezýär. Kärhananyň ýokary peýda almagy üçin aşakdaky deňlik ýerine ýetirilýär:

$$P \times MP_L = W.$$

Işçileriň önümçilik amallaryna gatnaşyp, önüm öndürmekleri üçin kärhana işçileri işe kabul edýär, ýagny zähmete hyrydarlyk bildirýär. Şonuň üçin kärhanalaryň zähmete bolan hyrydarlygy zähmetiň goşmaça önümi ýa-da goşmaça zähmet öndürijiligi bilen kesgitlenýär. Kärhanalaryň zähmete bolan hyrydarlygynyň grafigi zähmetiň goşmaça önüminiň (zähmet öndürijiliginiň) grafigini aňladýar. Zähmetiň goşmaça öndürijiliginiň peselmek kanunynyň hereket edýändigi sebäpli, egri çyzygyň gyşarmasy otrisatel häsiýete eýe bolýar.

Şeýlelikde, zähmete bolan hyrydarlyk zähmetiň goşmaça önüminiň funksiýasy hasaplanýar:

$$L^D = L^D (MP_L).$$

Peýdany ýokarlandyrmagyň şertlerine $P \times MP_L = W$ laýyklykda aşakdaky deňlikler alynýar:

$$MP_L = W/P, \text{ sebäbi } L^D = L^D (MP_L).$$

Formulada ýerine goýmak arkaly aşakdaky deňlik emele gelýär:

$$L^D = L^D (W/P).$$

Bu deňlige görä zähmete bolan hyrydarlyk real zähmet hakynyň funksiýasy hasaplanýar we baglanyşyk otrisatel ýagdaýda bolýar. Real zähmet haky näçe ýokary bolsa, şonça-da zähmete bolan hyrydarlygyň möçberi az bolýar. Real zähmet hakynyň üýtgemegi zähmete bolan hyrydarlygyň egri çyzygynyň ugry boýunça hereketiň başlanmagyna we zähmete bolan hyrydarlygyň möçberiniň üýtgemegine getirýär.

Zähmetiň hödürlenmegi öý hojalyklary tarapyndan amala aşyrylýar. Işçiler nominal (pul) zähmet haky ($W$) bilen real zähmet hakyny ($w$) tapawutlandyrýarlar. Belli bolşy ýaly, real zähmet hakynyň satyn alyjylyk ukyby nominal zähmet hakynyň bahalaryň derejesine bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär:

$$w = W/P.$$

Şonuň üçin klassyky modelde zähmetiň hödürlenmegi real zähmet hakynyň derejesiniň funksiýasyny görkezýär:

$$L^S = L^S\ (W/P).$$

Zähmetiň hödürlenmeginiň möçberi bilen real zähmet hakynyň arasynda göni baglanyşyk saklanýar. Nominal zähmet hakynyň üýtgemegi zähmetiň hödürlenmeginiň egri çyzygynyň süýşmegine getirýär (nominal zähmet hakynyň ýokarlanýan ýagdaýynda egri çyzyk saga süýşýär, onuň peselýän ýagdaýynda çepe süýşýär). Zähmet bazaryndaky deňagramlylyk zähmete bolan hyrydarlygyň egri çyzygy $L^D$ bilen zähmetiň hödürlenmeginiň egri çyzygynyň $L^S$ kesişýän nokadynda emele gelýär (*15.2-nji şekil*).




*15.2-nji şekil. Zähmet bazarynyň deňagramlylygy*

Zähmet bazaryndaky deňagramlylyk ýagdaýyna real zähmet hakynyň deňagramlylygy $W/P_e$ we iş bilen üpjünçiligiň deňagramly derejesi $L_e$ laýyk gelýär.

## 15.3. Uzak möhletli döwürde jemi hödürlemek

Gysga we uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň emele gelmeginiň şertleri biri-birinden tapawutlanýar. Uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň möçberi ykdysadyýetde jemlenen resurslaryň we hereket edýän tehnologiýalaryň sany we hili bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin önümçiligiň möçberi bahalaryň derejesiniň we beýleki nominal üýtgeýän ululyklaryň üýtgemelerine bagly bolmaýar. Ähli bahalar çeýe hasaplanýar we resurslaryň bahalary harytlaryň bahalaryna görä deň üýtgeýär hem-de jemi hödürlemegiň egri çyzygy wertikal ýagdaýda bolýar. Jemi hyrydarlygyň üýtgemegi netijesinde diňe bahalaryň derejesi üýtgeýär, real önümçiligiň möçberi bolsa (önümçiligiň kadaly derejesinde, ýagny ähli resurslaryň doly üpjün edilen ýagdaýyndaky önümçilik *Y** – *natural output*) üýtgemän galýar. Jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň ýagdaýy klassyky makroykdysady modele laýyk gelýär we uzak möhletli döwürde ykdysadyýetiň ýagdaýyny görkezýär.




*a) önümçilik funksiýasy* *b) kömekçi grafik*

*ç) zähmet bazary* *d) jemi hödürlemegiň egri çyzygy*

*15.3-nji şekil. Jemi hödürlemegiň uzak möhletli egri çyzygy*

Klassyky modelde iş bilen üpjünçiligiň derejesi özüniň tebigy derejesinde saklanýar we ol ähli zähmet resurslarynyň ($L_F$) doly üpjün edilen derejesini görkezýär. Bu bazaryň üýtgeýän ýagdaýlara uýgunlaşýandygy, resurslaryň bahalarynyň harytlaryň bahalarynyň (bahalaryň umumy derejesi) üýtgemegi bilen deň üýtgeýändigi we deňagramlylygyň gaýtadan iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýynda emele gelýändigi bilen düşündirilýär.

Mysal üçin, eger bahalaryň derejesi $P_1$-den $P_2$-ä çenli peselýän bolsa, onda nominal zähmet hakynyň ($W_1$) öňki derejesinde real zähmet haky $W_1/P_1$-e çenli ýokarlanýar. Real zähmet hakynyň ýokarlanmagy netijesinde kärhanalar $L^D$-e çenli zähmete bolan hyrydarlygyň möçberini peseldýärler, işçiler bolsa $L^S$-e çenli zähmetiň hödürlenmegini ýokarlandyrýarlar. Işçileriň arasynda emele gelen bäsdeşligiň netijesinde kärhanalar nominal zähmet hakynyň möçberini peseldip başlaýarlar. Netijede, real zähmet haky peselýär we kärhanalar zähmete bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýarlar, işçiler bolsa zähmetiň hödürlenmegini peseldýärler. Bu ýagdaý nominal zähmet hakynyň bahalaryň umumy derejesi bilen deň derejede peselip, $W_2$ derejä barýança dowam edýär. Nominal zähmet hakynyň bu derejesinde real zähmet haky özüniň ilkinji derejesine gaýdyp gelýär:

$$W_1/P_1 = W_2/P_2.$$

Iş bilen üpjünçiligiň derejesi onuň kadaly derejesine $L_F$-e deň bolýar. Zähmet bazarynyň elmydama deňagramly ýagdaýda (nominal zähmet hakynyň çeýeligi sebäpli) saklanýandygy sebäpli, iş bilen doly üpjünçiligiň derejesinde önümçiligiň möçberi onuň $Y^*$ tebigy derejesine deň bolar (*15.3-nji a şekil*). Jemi hödürlemegiň egri çyzygy wertikal ýagdaýda bolýar we ol bahalaryň derejesine bagly bolmaýar (*15.3-nji d şekil*). Şeýle ýagdaý uzak möhletli döwre mahsus bolýar, sebäbi diňe uzak möhletli döwürde bazaryň doly uýgunlaşmagy we ähli bahalaryň deň üýtgemeleri emele gelýär. Şonuň üçin jemi hödürlemegiň çyzygy wertikal ýagdaýda bolup, ol uzak möhletli döwürde emele gelýän jemi hödürlemegi (*LRAS – long-run aggregate supply curve*) häsiýetlendirýär.

## 15.4 . Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemek

Gysga möhletli döwürde bahalar çeýe bolmaýar we resurslaryň çäkli bolmaýan ýagdaýynda hem jemi hödürlemegiň çyzygy gorizontal ýagdaýda bolýar (*15.4-nji a şekil*). Bu *«goşmaça keýnsiançylyk ýagdaý»* diýlip atlandyrylýar. J.Keýns jemi hödürlemegiň çyzygynyň şeýle görnüşini 1929–1933-nji ýyllardaky Beýik durgunlyk döwrüni öwrenmek arkaly esaslandyrdy. Kärhanalaryň peýdany ýokarlandyrmagynyň şerti hökmünde goşmaça girdejiniň goşmaça harajatlara deň bolmagynyň (*MR = MC*) çykyş edýändigi sebäpli, zähmet bazarynyň seljerilmegi

kärhanalar üçin goşmaça harajatlar hökmünde nominal zähmet hakynyň derejesiniň ($W$) çykyş edýändigini görkezýär. Goşmaça girdeji hökmünde bolsa zähmetiň goşmaça önümini satmakdan alynýan girdeji, ýagny $P \times MPL$ çykyş edýär we kärhana $W = P \times MPL$ ýagdaýda ýokary peýda alyp bilýär. Eger bahalar we zähmet haky çeýe bolmasa, onda $MPL = const$, ýagny üýtgemeýän ululyk bolýar we ol düzgüne laýyk gelmeýär, sebäbi goşmaça öndürijiligiň peselmek kanuny ýa-da faktoryň goşmaça önüminiň peselmek kanuny hereket edýär. (Muňa garamazdan, Keýnsiň modelinde pes, aram hümmetsizlenmek öwrenilýär. Onda nominal zähmet hakynyň derejesiniň çeýeligi, ýöne harytlaryň bahalarynyň çeýe däldigi göz öňünde tutulýar. Bu ýagdaýda jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň položitel gyşarmasy hasaba alynýar).

Şonuň üçin häzirkizaman garaýyşlara laýyklykda jemi hödürlemegiň gysga möhletli çyzygy položitel gyşarma eýe bolýar (*15.4-nji b şekil*).




*a)* *b)*

*15.4-nji şekil. Gysga möhletli jemi hödürlemegiň egri çyzygy*

Jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygynyň şeýle görnüşini neoklassyk we neokeýnsiançylyk ugrunyň wekilleri ykrar edýärler hem-de olar jemi hödürlemegiň gysga möhletli döwürdäki möçberiniň bahalaryň derejesine baglylygyny göz öňünde tutýarlar we ol amerikaly ykdysatçy Robert Lukasyň hödürlän formulasy arkaly görkezilýär:

$$Y = Y^* + \alpha (P - P^e)$$

$Y$ – önümçiligiň hakyky möçberi;

$Y^*$ – önümçiligiň talabalaýyk derejesi;

$P$ – bahalaryň hakyky derejesi;

$P^e$ – bahalaryň garaşylýan derejesi;

$\alpha$ – bahalaryň hakyky derejesiniň ($P$) bahalaryň garaşylýan derejesinden ($P^e$) üýtgän ýagdaýynda önümçiligiň hakyky möçberiniň ($Y$) önümçiligiň talabalaýyk derejesinden ($Y^*$) näçe möçberde üýtgeýändigini görkezýän koeffisiýent.

Şeýlelikde, bu deňleme bahalaryň hakyky derejesiniň bahalaryň garaşylýan derejesinden üýtgän ýagdaýynda real JIÖ-niň önümçiligiň talabalaýyk derejesinden üýtgeýändigini görkezýär. $\alpha$ koeffisiýent önümçiligiň bahalaryň derejesiniň garaşylmaýan üýtgemelerine bolan baglylygyny görkezýär. Eger bahalaryň hakyky derejesi garaşylýan derejeden ýokary ($P_1 > P^e$) bolsa, onda önümçiligiň möçberi ýokarlanýandygy we real JIÖ-niň onuň tebigy derejesinden ($Y_1 > Y^*$) uly bolýandygy sebäpli $\alpha > 0$ bolýar (*15.5-nji a şekil, A* nokat). Eger bahalaryň hakyky derejesi garaşylýan derejeden kiçi ($P_2 < P^e$) bolsa, önümçiligiň möçberi peselýär we önümçiligiň hakyky möçberi onuň talabalaýyk derejesinden ($Y_2 < Y^*$) az bolýar (*15.5-nji a şekil, B* nokat). Jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygynyň gyşarmasy $1/\alpha$ deň bolýar. $\alpha$ koeffisiýentiň möçberi näçe uly, ýagny önümçiligiň üýtgemeleriniň bahalaryň derejesiniň garaşylmaýan üýtgemelerine bolan baglylygy näçe ýokary bolsa, şonça-da jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygynyň gyşarmasynyň ýapgytlygy ýokary bolýar ($1/\alpha$-nyň möçberi az bolýar). Bu bahalaryň hakyky derejesiniň onuň garaşylýan derejesinden az möçberde üýtgemeginiň hem real JIÖ-niň onuň talabalaýyk derejesinden uly möçberde üýtgeýändigini aňladýar (*15.5-nji b şekil*). Şeýle ýagdaý ösen döwletlere hem mahsus bolýar.




*15.5-nji şekil. Gysga möhletli jemi hödürlemegiň egri çyzygy we onuň gyşarmasy*

Eger $\alpha$ koeffisiýentiň möçberi az bolsa, jemi hödürlemegiň gysga möhletli egri çyzygynyň ýapgytlygy ($1/\alpha$ möçberi) pes bolýar. Bu önümçiligiň bahalaryň derejesiniň garaşylmaýan üýtgemelerine pes derejede baglylygyny aňladýar we şonuň bilen baglanyşykly hakyky önümçiligiň üýtgemegi üçin bahalaryň uly möçberde (bahalaryň derejesiniň $P_1$-den $P_2$-ä çenli ýokarlanmagy) üýtgemegi talap edilýär (*15.5-nji ç şekil*). R. Lukas dürli döwletlerde önümçiligiň bahalaryň derejesiniň garaşylmaýan üýtgemelerine baglylygynyň ýörite barlagyny geçirdi. Barlaglara laýyklykda, bu ýagdaýyň ösýän we geçiş häsiýetli ykdysadyýetlere mahsusdygy görkezildi.

Makroykdysady modellerde gysga möhletli jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň položitel gyşarmasy dürli görnüşde düşündirilýär. Gysga möhletli jemi hödürlemegiň dört sany düşündirilişi tapawutlandyrylýar: çeýe däl nominal zähmet hakynyň modeli, işgärleriň nätakyk pikirlenme modeli, kämil däl maglumatlaryň modeli we çeýe däl bahalaryň modeli.

## 15.5. Jemi hödürlemegiň gysga möhletli döwürdäki modeli

*Çeýe däl nominal zähmet hakynyň modeli.* Çeýe däl nominal zähmet hakynyň modeliniň esaslary J.M. Keýns tarapyndan esaslandyryldy. Bu model belli amerikaly ykdysatçy, makroykdysadyýet boýunça birnäçe kitaplary ýazan, Halkara pul gaznasynyň öňki direktory Stenli Fişer tarapyndan ösdürildi.

Çeýe däl nominal zähmet hakynyň ýagdaýy häzirkizaman ykdysadyýetiniň institusional aýratynlyklary we zähmet bazarynyň hereket etmegi bilen düşündirilýär:

– zähmet şertnamalary (şertnamanyň hereket edýän döwründe, ýagny 1-3 ýylyň dowamynda nominal zähmet hakynyň derejesi gaýtadan seredilip bilinmeýär);

– kärdeşler arkalaşygynyň işi we işgärler topary bilen baglaşylýan şertnamalar (kärdeşler arkalaşygy bilen telekeçileriň arasynda baglaşylýan şertnamalarda nominal zähmet hakynyň derejesi kesgitlenýär we ondan pes möçber boýunça kärhanalar işgärleri işe kabul edip bilmeýärler);

– zähmet hakynyň iň pes möçberi boýunça döwlet kanunlary (döwlet tarapyndan kesgitlenen iň pes zähmet hakyndan az möçberde kärhanalaryň işgärleri işe kabul etmäge hukugy bolmaýar);

– netijeli zähmet hakynyň nazaryýeti (zähmet hakynyň zähmete höweslendirmegiň we onuň öndürijiligini ýokarlandyrmagyň guraly hasaplanýandygy sebäpli, pes zähmet hakyny tölemek, aýratyn hem onuň nominal derejesini peseltmek kärhanalar üçin peýdaly bolmaýar).

Eger ykdysadyýet başlangyç tapgyrda iş bilen doly üpjünçilik, ýagny $L_1 = L_F$ we $Y_1 = Y^*$ ýagdaýynda hereket edýän bolsa hem-de nominal zähmet hakynyň ($W$) üýtgemeýän şertlerinde bahalaryň derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) ýokarlanmagy netijesinde real zähmet ($W/P$) haky peselýär ($W/P_2 > W/P_1$). Ol öz gezeginde kärhanalaryň zähmete bolan hyrydarlygyny kesgitleýär we zähmetiň arzanlamagyna şert döredýär. Real zähmet hakynyň has pes derejesi kärhanalaryň zähmet bazarynda köp işgärleriň işe kabul edilmegine (*15.6-njy ç şekil*) we zähmete bolan hyrydarlygyň möçberiniň ($L_1$-den $L_2$-ä çenli) ýokarlanmagyna ýardam edýär. Önümçilik funksiýasyna laýyklykda (*15.6-njy a şekil*) önümçilikde ulanylýan zähmetiň uly möçberi kärhanalaryň öndürýän önümlerine amatly täsir edýär we

önümçiligiň umumy möçberini ($Y_1$-den $Y_2$-ä çenli) ýokarlandyrýar. Şeýlelikde, bahalaryň derejesiniň ($P_1$-den $P_2$-ä çenli) ýokarlanmagy önümçiligiň möçberini ($Y_1$--den $Y_2$-ä çenli) ýokarlandyrdy. Bahalaryň derejesi bilen önümçiligiň möçberiniň arasynda göni baglanyşyk saklanýar we netijede, nominal zähmet hakynyň üýtgemeýän şertlerinde gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygy položitel gyşarma eýe bolýar (*15.6-njy d şekil*). Bahalaryň derejesiniň işgärler, şeýle-de kärhanalar üçin garaşylmaýan ýagdaýda üýtgändigi sebäpli bu egri çyzygyň deňlemesi şeýle görnüşde öwrenilýär:

$$Y = Y^* + \alpha\,(P - P^e).$$




*15.6-njy şekil. Çeýe däl nominal zähmet hakynyň modeli*

Bahalaryň derejesiniň garaşylmaýan ýagdaýda üýtgeýändigi sebäpli önümçiligiň hakyky möçberi onuň tebigy derejesinden ýokary bolýar.

*Işgärleriň nätakyk pikirlenme modeli.* Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň položitel gyşarma eýe bolýandygyny düşündirmek

üçin işgärleriň nätakyk pikirlenme modeli XX asyryň 60-njy ýyllarynda uýgunlaşýan garaşmalar nazaryýetiniň esaslandyryjysy, amerikaly ykdysatçy M. Fridmen we onuň kärdeşi Edmund Felps tarapyndan hödürlendi. Bu modeliň esasy manysy bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly nominal zähmet hakynyň derejesiniň ýokarlanmagyny işgärleriň real zähmet hakynyň ýokarlanmagy hökmünde kabul edýändikleri bilen düşündirilýär. Onuň netijesinde nominal zähmet hakynyň derejesi bilen real zähmet hakynyň derejesi wagtlaýyn çalşyrylýar. Şonuň üçin zähmetiň hödürlenmegi ýokarlanýar we gysga möhletli döwürde işgärleriň öz pikirlenmeleriniň nädogrudygyna düşünýänçäler önümçiligiň möçberi ýokarlanýar. Bu ýagdaýda bahalaryň derejesiniň nominal zähmet hakynyň ösüş depgininden ýokarydygy sebäpli real zähmet hakynyň möçberi peselýär. Şeýle hereketler diňe işgärleriň nätakyk pikirlenmelerini aňladýar. Kärhanalar bolsa bahalaryň nominal zähmet hakynyň möçberinden çalt ösýän ýagdaýynda hem bahalaryň derejesiniň we nominal zähmet hakynyň ösüş depginlerine dogry düşünýärler. Bu bolsa real zähmet hakynyň peselmegi we zähmete hyrydarlygyň artmagy netijesinde önümçiligiň möçberiniň ýokarlanmagyny aňladýar.




*15.7-nji şekil. Işgärleriň nätakyk pikirlenme modeli*

Nominal zähmet hakynyň $W_1$-den $W_2$-ä çenli ýokarlanýandygy sebäpli zähmetiň hödürlenmegi artýar (zähmetiň hödürlenmeginiň $L^S(W_1)$ egri çyzygy $L^S(W_2)$ çenli saga süýşýär). Netijede, iş bilen üpjünçilik $L_1$-den $L_2$-ä çenli artýar we ol jemi önümçiligi (*15.7-nji şekil*) ýokarlandyrýar, real zähmet hakyny bolsa ($W_1/P_1$-den $W_2/P_2$-ä çenli) peseldýär. Şeýle ýagdaýda işgärler öz zähmetlerini hödürläp (monetaristik modeliň şertlerine laýyklykda), real zähmet hakyna garaşýarlar. Olar şertnama baglaşylan ýagdaýynda ykdysadyýetde hereket edýän bahalaryň derejesinden ugur alýarlar we olaryň üýtgemelerini hasaba almaýarlar. Işgärler nominal zähmet haky real zähmet hakyna laýyk gelýär diýip pikir edýärler we şonuň üçin olar zähmetiň hödürlenmegini ýokarlandyrýarlar. Eger bahalar

işgärler üçin garaşylmaýan ýagdaýda $P_2$-ä çenli ýokarlanýan bolsa, onda bu bahalaryň hakyky derejesiniň garaşylýan derejeden ýokarydygyny aňladýar. Eger şeýle ýagdaýda bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy ($\Delta P$) nominal zähmet hakynyň ýokarlanmagyndan ($\Delta W$) uly bolsa, onda real zähmet hakynyň möçberi peselýär ($W_2/P_2 < W_1/P_1$), ýöne işgärler ony belli bir wagt geçenden soň ýüze çykarýarlar. Kärhanalarda bahalaryň derejeleriniň we nominal zähmet hakynyň ösüş depginleriniň gatnaşygy barada ýeterlik maglumatlaryň jemlenýändigi sebäpli, olar işe köp işgär kabul edýärler (zähmete hyrydarlyk artýar we ol grafikde zähmete hyrydarlygyň egri çyzygynyň ugry boýunça herekete laýyk gelýär) we önümçiligiň möçberini ýokarlandyrýarlar. Netijede, zähmetiň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy we zähmete bolan hyrydarlygyň möçberiniň artmagy gysga möhletli döwürde önümçiligiň möçberini ýokarlandyrýar. Eger ilkinji tapgyrda ykdysadyýet iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýyna laýyk gelýän bolsa, onda önümçiligiň hakyky möçberi bilen onuň garaşylýan möçberiniň arasyndaky üýtgemeler bahalaryň hakyky derejesi bilen oňa işgärleriň garaşýan derejesiniň laýyk gelmeýändigi sebäpli ýüze çykýar. Ol aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$Y = Y^* + \alpha\,(P - P^e).$$

*Kämil däl maglumatlaryň modeli.* Bu model amerikaly ykdysatçy, Nobel baýragynyň eýesi Robert Lukasa degişli bolup, ol gysga möhletli döwürde kärhanalaryň ýalňyşlyklary sebäpli önümçiligiň möçberiniň onuň garaşylýan möçberinden üýtgemeleriniň mümkinçiliklerini düşündirdi. Kämil däl maglumatlaryň modeli ykdysadyýetde her bir haryt öndürijiniň diňe bir harydy öndürýändiginden we sarp edijileriň köpsanlylygyndan ugur alýar. Haryt öndürijiler diňe öz harytlarynyň bahalarynyň üýtgemegini gözegçilikde saklamaga ukyply bolýarlar. Şonuň üçin harytlaryň bahalarynyň ýokarlanýan ýagdaýynda haryt öndürijiler öz harytlarynyň bahalarynyň ýokarlanmagyny bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagy hökmünde däl-de, olaryň harytlarynyň bahalarynyň beýleki harytlaryň bahalaryna bolan gatnaşyk boýunça ýokarlanýandygyny, ýagny bahalaryň otnositel ýokarlanmagy hökmünde kabul edýärler. Kärhananyň öndürýän harytlarynyň bahalarynyň ýokarlanýandygy sebäpli, olaryň harytlarynyň bahalary otnositel ýokarlanýar diýen çaklama bilen önümçiligi ýokarlandyrýarlar. Bu ýagdaý önümçiligiň umumy möçberini artdyrýar.

Şeýlelikde, maglumatlaryň doly we kämil däldigi sebäpli kärhanalar bahalaryň umumy derejesiniň üýtgemegi bilen bahalaryň otnositel üýtgemegini çalşyrýarlar. Netijede, kärhanalar öz ýalňyşlaryny ýüze çykarýançalar we ýokarlanan bahalar boýunça önümçilik üçin zerur bolan ähli harytlary satyn almak boýunça kynçylyklara duş gelýänçä, olar gysga möhletli döwürde önümçiligi ýokarlandyrýarlar. Bahalaryň ýokarlanmagy önümçiligiň möçberini artdyrýar. Harytlaryň bahalarynyň, şol sanda kärhananyň öndürýän harytlarynyň bahalarynyň ýokarlanmagynyň garaşylmaýan ýagdaýda (hakyky bahalaryň kärhananyň garaşýan bahalaryndan ýo-

kary bolmagy) ýüze çykýandygy sebäpli, ol gysga möhletli döwürde önümçiligiň hakyky möçberiniň onuň garaşylýan derejesinden wagtlaýyn ýokary bolmagynyň sebäbi hasaplanýar. Ol aşakdaky formula esasynda aňladylýar:

$$Y = Y^* + \alpha (P - P^e).$$

*Çeýe däl bahalaryň modeli.* Bu modeli ykdysady nazaryýetiň neokeýnsiançylyk ugrunyň wekilleri hödürlediler we esaslandyrdylar. Çeýe däl bahalaryň modeli hyrydarlygyň üýtgemelerine görä kärhanalar öz harytlarynyň bahalaryny çalt üýtgetmeýär diýen garaýyşlara esaslanýar. Ol aşakdaky ýagdaýlar bilen baglanyşykly:

– bahalar kärhanalar bilen müşderileriň arasynda baglaşylýan şertnamalarda görkezilip bilinýär;

– kärhanalar bahalaryň yzygider üýtgemeleri bilen baglanyşykly uzak wagtyň dowamynda gatnaşyk saklaýan müşderileriniň saklanmagy üçin alada edýärler;

– kärhana bahalaryň üýtgemeleri, zerur bolan resminamalaryň gaýtadan çap edilmegi we täze bahalaryň reklama edilmegi bilen baglanyşykly ýokary «menýu» harajatlary barada aladalanýarlar.

Şonuň üçin jemi hyrydarlygyň ýokarlanýan ýagdaýynda kärhanalar bir tarapdan önümçiligiň möçberini artdyrýarlar, beýleki bir tarapdan bolsa belli wagtyň dowamynda öz harytlarynyň bahalaryny ýokarlandyrýarlar. Şunuň bilen baglanyşykly bahalaryň umumy derejesi ýokarlanyp başlaýar. Bu ýagdaý kärhanalaryň harajatlaryny ýokarlandyrýar we olaryň öz harytlaryna has ýokary bahanyň kesgitlenmegini talap edýär. Netijede, bahalaryň hakyky derejesi çeýe däl bahalary kesgitleýän kärhanalaryň garaşýan derejesinden ýokary bolýar, önümçiligiň möçberi bolsa onuň garaşylýan derejesinden ýokarlanýar. Bu ýagdaýda hem gysga möhletli döwürde önümçiligiň möçberiniň (jemi hödürlemegiň) formulasy ulanylýar:

$$Y = Y^* + \alpha (P - P^e).$$

Ýokarda görkezilen dört ýagdaýda hem gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň umumy netijesi we jemleýji formulasy alynýar. Deňlemeden görnüşi ýaly, gysga möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygynyň položitel gyşarmasy emele gelýär we önümçiligiň hakyky möçberiniň onuň garaşylýan derejesinden üýtgemeleri bahalaryň hakyky derejesiniň onuň garaşylýan möçberinden üýtgeýändigi bilen düşündirilýär.

## 15.6. Gysga möhletli deňagramlykdan uzak möhletli deňagramlyga geçilmegi

Ykdysadyýetde jemi hyrydarlygyň garaşylmaýan üýtgemelerini seljermek wajyp hasaplanýar (*15.8-nji şekil*). AD-AS modeline laýyklykda gysga möhletli döwürde ykdysadyýetiň deňagramlylygy *A* nokatdan *B* nokada süýşýär. Jemi

hyrydarlygyň ýokarlanmagy (jemi hyrydarlygyň egri çyzygynyň $AD_1$-den $AD_2$-ä çenli süýşmegi) bahalaryň derejesini onuň garaşylýan möçberinden ($P_2 > P_1$) ýokarlandyrýar we onuň netijesinde önümçiligiň möçberi onuň garaşylýan derejesinden ($Y_1 > Y^*$) ýokary bolýar.




*15.8-nji şekil. Gysga möhletli deňagramlykdan uzak möhletli deňagramlyga geçilmegi*

Uzak möhletli döwürde bahalaryň garaşylýan derejesi ýokarlanýar (işgärleriň we kärhanalaryň garaşmalary kadalaşdyrylýar) we gysga möhletli jemi hödürlemegiň egri çyzygy ýokaryk ($SRAS_1$-den $SRAS_2$-ä çenli) süýşýär. Deňagramlylyk *B* nokatdan (gysga möhletli deňagramlylyk nokady) *C* nokada (uzak möhletli deňagramlylyk nokady) süýşýär. Ykdysadyýet has ýokary bahalarda ($P_3 > P_2$) önümçiligiň garaşylýan möçberine gaýdyp gelýär.

Şeýlelikde, garaşmalara düzedişleriň girizilmegi esasynda gysga möhletli deňagramlylyk ýagdaýyndan uzak möhletli deňagramlylyk ýagdaýyna geçilýär. Bahalaryň hakyky derejesi bahalaryň garaşylýan derejesine deň bolan ýagdaýynda önümçiligiň hakyky möçberi onuň garaşylýan derejesine deň bolýar we jemi hödürlemegiň uzak möhletli egri çyzygynda ýerleşýär. Bu bolsa Lukasyň deňlemesine laýyk gelýär:

$$Y = Y^* + \alpha (P - P^e), \text{ ýagny eger } P = P^e \text{ bolsa, onda } Y=Y^*.$$

# XVI BAP
# MAÝA GOÝUMLAR WE MAÝA GOÝUM IŞJEŇLIGINIŇ GÜÝÇLENMEGI

## 16.1. Maýa goýumlar we olaryň görnüşleri

*Maýa goýumlar* – bu pul kapitalyna we real kapitala goýulýan goýumlardyr. Olar pul serişdeleri, karzlar, gymmatly kagyzlar, şeýle-de gozgalýan we gozgalmaýan emläge, intellektual eýeçilige, emläk hukugyna hem-de beýleki gymmatlyklara goýumlar görnüşinde amala aşyrylýar. Maýa goýumyň şeýle kesgitlemesi *buhgalterçilik nukdaýnazaryndan* kesgitleme diýlip atlandyrylýar we ol kärhananyň aktiwleriniň (fondunyň) ähli görnüşlerine, ýagny pul hem-de real kapitala goýumlary öz içine alýar.

*Real kapitala maýa goýumlar* esasy kapitalyň üznüksiz öndürilmegine we täzelenmegine mümkinçilik berýär. Bu maýa goýumlar *kapitaly emele getiriji* ýa-da *maliýe däl aktiwlere* maýa goýumlar diýlip atlandyrylýar. Maýa goýumlara umumy kesgitleme berlende şu kesgitlemeden ugur alynýar. Maýa goýumlaryň bu kesgitlemesine *ykdysady* kesgitleme diýilýär.

*Pul kapitalyna maýa goýumlaryň* (karz we gymmatly kagyzlar görnüşinde maliýe serişdeleriň goýulmagy) bir bölegi gysga wagtyň dowamynda, beýleki bir bölegi önümçiligiň soňky tapgyrlarynda real kapitala öwrülýär. Başgaça, pul kapitalyna maýa goýumlar *geljekde* ýurduň real kapitalyna goýulmaly serişdeleri aňladýar. Pul kapitalyna maýa goýumlar *maliýe maýa goýumlary* diýlip atlandyrylýar.

Maliýe we maliýe däl maýa goýumlaryň amala aşyrylmagy boýunça alnyp barylýan işleriň jemine *maýa goýum işi*, maýa goýumy amala aşyrýan tarapa *maýadar* diýilýär. Esasy fonduň işe girizilmegi, durkunyň täzelenmegi we döwrebaplaşdyrylmagy *düýpli goýumlar* diýlip atlandyrylýar.

Jemi we sap maýa goýumlar tapawutlandyrylýar:

*Jemi maýa goýumlar (JMG)* – bu kapitalyň ätiýaçlyklarynyň umumy ýokarlanmagy. Jemi maýa goýumlar çykdajylaryň öweziniň dolunmagy bilen deňeşdirilýär. Jemi maýa goýumlar başgaça *brutto maýa goýumlar* diýlip atlandyrylýar. *Öwezini dolmak (ÖD)* – bu könelen esasy kapitalyň çalşylmagy boýunça amallary öz içine alýar.

*Sap maýa goýumlar (SMG)* – bu jemi maýa goýumlardan öwezini dolmak üçin niýetlenen serişdeleriň aýrylmagy. Sap maýa goýumlar başgaça *netto maýa goýumlar* diýlip atlandyrylýar.

Maýa goýum işiniň üç ýagdaýy seljerilýär:

1) *JMG* > *ÖD*, kapitalyň ätiýaçlygy artýar, önümçiligiň möçberi ýokarlanýar;

2) *JMG* < *ÖD*, amatsyz ýagdaý;

3) *JMG* = *ÖD*, kapitalyň ätiýaçlygy öňki derejesinde saklanýar we önümçilik öňki möçberde gaýtalanýar (ýönekeý üznüksiz önümçilik).

Maýa goýum çykdajylary düzgün boýunça jemi hyrydarlygyň 20%-e golaý möçberini eýeleýär we ol sarp ediş çykdajylaryndan has az bolýar.

Maýa goýumlar – bu süýşürintgileriň täze önümçilik kuwwatlyklaryny we beýleki kapital aktiwleri emele getirmek üçin ulanylmagydyr.

Telekeçilik işinde maýa goýumlaryň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– fiziki aktiwlere maýa goýumlar;
– maliýe aktiwlerine maýa goýumlar;
– maddy däl aktiwlere maýa goýumlar;
– portfel maýa goýumlar.

*Fiziki aktiwlere maýa goýumlar* – bu maddy önümçilik pudaklaryna serişdeleriň uzak möhletleýin goýulmagyny aňladýar we ol hakyky (real) maýa goýumlar diýlip atlandyrylýar.

*Maliýe aktiwlerine maýa goýumlar* – bu edara we şahsy taraplardan ýa-da halkara karz-maliýe işinden pul serişdelerini almaga bolan hukugy görkezýär.

Fiziki aktiwlere maýa goýumlar aşakdaky maýa goýumlaryň görnüşlerini öz içine alýar:

– täze önümçilige maýa goýumlar;
– önümçiligiň giňeldilmegine maýa goýumlar;
– tehnologiýanyň döwrebaplaşdyrylmagy we kämilleşdirilmegi;
– netijeliligiň ýokarlandyrylmagyna maýa goýumlar;
– döwlet dolandyryş guramalarynyň isleglerini kanagatlandyrmak.

*Täze önümçilige maýa goýumlar* – bu täze önümçiligiň, hyzmatlaryň döredilmegini ýa-da täze bazarlara çykmagy göz öňünde tutýar.

*Önümçiligiň giňeldilmegine maýa goýumlar* – bu önümçiligiň möçberini artdyrmak maksady bilen hereket edýän önümçilige serişdeleriň goýulmagy we harytlaryň, hyzmatlaryň ýerlenýän bazarlaryny giňeltmek.

*Netijeliligiň ýokarlandyrylmagyna maýa goýumlar* resurslary tygşytlaýan tehnologiýalaryň (maddy, zähmet we maliýe) ösdürilmegine gönükdirilýär.

*Döwlet dolandyryş guramalarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga maýa goýumlar* tehniki we ykdysady standartlary hem-de ähli ölçegleri berjaý etmek arkaly döwlet sargytlarynyň ýerine ýetirilmegine gönükdirilýär.

Mundan başga-da, maýa goýumlar iki topara bölünýär:

1) aktiw maýa goýumlar;

2) passiw maýa goýumlar.

*Aktiw maýa goýumlar* köpugurly maýa goýumlar bolup, olar täze bazarlaryň eýelenmegine gönükdirilýär. Aktiw maýa goýumlar ýokary töwekgelçilikli hasaplanýar.

*Passiw maýa goýumlar* aktiw maýa goýumlardan tapawutlylykda pes töwekgelçilikli hasaplanýar we olar könelen enjamlary, tehnologiýalary çalşyrmagyň hasabyna kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilýär.

Maýa goýum işiniň ösüşi aşakdaky ýagdaýlara bagly bolýar:

– kapitala kesgitlenýän göterim derejeler;
– kärhanalaryň we ilatyň satyn alyjylyk ukyby;
– ykdysady şertler;
– kapitala bolan hyrydarlyk we onuň hödürlenmegi.

Maýa goýum işi seljerilende onuň obýektlerini kesgitlemek wajyp hasaplanýar:

– täzeden gurulýan obýektler we toplumlar;
– hereket edýän kärhanalaryň abatlanmagy, giňeldilmegi we döwrebaplaşdyrylmagy;
– täze harytlaryň, hyzmatlaryň öndürilmegi üçin täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy;
– täze tehnologiýalaryň işlenip düzülmegi;
– täze tehnikalaryň ornaşdyrylmagy we olaryň köneleriniň çalşyrylmagy.

Jemi içerki önümiň möçberinde maýa goýumlaryň tutýan paýy *maýa goýum işjeňliginiň esasy görkezijisi* hasaplanýar. Dünýä ykdysadyýetinde ykdysady ösüşiň derejesi bilen jemi içerki önümiň möçberinde maýa goýumlaryň paýynyň arasynda göni baglanyşygyň bardygy ýüze çykaryldy. 1960–1985-nji ýyllaryň aralygynda Ýaponiýada iň ýokary görkeziji, ýagny 40%-e golaý netije gazanyldy we ol *«ýapon täsinligi»* diýlip atlandyryldy. Dünýä tejribesinde jemi içerki önüme bolan gatnaşykda maýa goýumlaryň paýynyň 25 – 30% we ondan ýokary derejede saklanmagy talabalaýyk ýagdaý hasaplanýar we şeýle derejäni ykdysadyýeti her ýylda 7–8% ösýän döwletler gazanyp bilýär.

Gymmatly kagyzlaryň satylmagy we satyn alynmagy maýa goýumlara gönüden-göni degişli bolmaýar, ol diňe öň hereket edýän aktiwlere bolan eýeçiligiň bir tarapdan beýleki bir tarapa geçirilýändigini aňladýar. Maýa goýumlaryň ýerine ýetirilmegi *haryt bazarlary* bilen, gymmatly kagyzlaryň satylmagy we satyn alynmagy *gazna bazary* bilen gönüden-göni baglanyşykly bolýar.

Keýnsiançylyk, şeýle-de klassyky modele laýyklykda maýa goýum – bu göterim derejesine görä peselýän funksiýadyr:

$$I = I(r).$$




*16.1-nji şekil. Maýa goýumlaryň keýnsiançylyk modeli*

Maýa goýumlar iki görnüşe bölünýär:

– awtonom maýa goýumlar – $I^a$;

– höweslendirilýän (indusirlenen) maýa goýumlar - $I^i$.

*Awtonom maýa goýumlar* milli girdejiniň üýtgemelerine bagly bolmadyk täze kapitalyň emele getirilmegi üçin harçlanýan çykdajylardyr. Keýnsiançylyk modelinde awtonom maýa goýumlar gorizontal çyzyk görnüşinde ýerleşýär.

*Indusirlenen maýa goýumlar* awtonom maýa goýumlardan tapawutlylykda milli girdejiniň artmagyna bagly bolýar:

$$I^i = f(\Delta Y).$$




*16.2-nji şekil. Awtonom, indusirlenen we jemi maýa goýumlaryň grafigi*

Maýa goýum işini *maliýeleşdirmegiň çeşmeleri:*

– maýadarlaryň hususy serişdeleri (peýda, pul toplanmalary we ş.m.);

– karz serişdeleri (bank karzy, beýleki guramalaryň karz serişdeleri);

– çekilen serişdeler (paýnamalaryň we beýleki gymmatly kagyzlaryň satylmagyndan);

– býujet we býujetden daşary gaznalaryň serişdeleri.

Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty durnukly, köpugurly ösýän ykdysadyýetiň döredilmegine, döwlet maksatnamalarynyň maýa goýum taslamalary bilen baglanyşdyrmaga we bähbitleriň utgaşdyrylmagyna gönükdirilýär. Esasy kapitala goýulýan maýa goýumlaryň köp möçberi ykdysadyýetiň döwlet bölegine degişli, sebäbi döwlet geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeleriň kepili hökmünde çykyş edýär.

Maýa goýum işjeňligi ýurdumyzyň gurluşyk toplumynyň ýokary depginler bilen ösmegine amatly şertleri döredýär. Häzirki wagtda gurluşyk pudagy ýurdumyzyň JIÖ-niň düzüminde senagatdan soň ikinji orny eýeleýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen Milli maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň dürli sebitlerinde önümçilik tehniki maksatly binalaryň gurluşygy dowam edýär.

## 16.2. Maýa goýumlara täsir edýän faktorlar

Sarp ediş çykdajylary özüniň durnuklylygy (aýratyn hem, uzak möhletli döwürde) bilen tapawutlanýar. Sarp ediş çykdajylary bilen deňeşdirilende maýa goýumlaryň üýtgemek meýli ýokary bolýar we ol maýa goýumlara birnäçe faktorlaryň täsir edýändigi bilen düşündirilýär.

Maýa goýumlaryň möçberi iki sany faktora bagly bolýar:

*Obýektiw faktorlar* (girdeji, göterim derejesi, önümçiligiň möçberiniň üýtgeme derejesi, peýda, kapitalyň ätiýaçlyklary);

*Subýektiw faktor:* maýa goýumlara bolan goşmaça meýillilik.

Maýa goýumlara bolan goşmaça meýillilik (*MPI – marginal propensity to invest*) maýa goýumlaryň üýtgemeleriniň girdejileriň üýtgemelerine bolan gatnaşygyny aňladýar:

$$MPI = \frac{\Delta I}{\Delta Y}.$$

Maýa goýum hyrydarlygynyň funksiýasy maýa goýumyň möçberiniň göterim derejesine baglydygyny görkezýär we ony maýadarlar peýdanyň garaşylýan çägi bilen deňeşdirýärler. Maýa goýumyň egri çyzygy göterim derejesiniň üýtgemegine görä maýa goýumyň möçberiniň ösüşini görkezýär.




*16.3-nji şekil. Maýa goýum hyrydarlygynyň üýtgemegi*

16.3-nji şekilden görnüşi ýaly, göterim derejesi bilen maýa goýumyň möçberiniň arasynda ters baglanyşyk saklanýar. Real göterim derejesi bilen garaşylýan peýdanyň çägi maýa goýumyň möçberine täsir edýän esasy faktorlar hasaplanýar. Bu faktorlaryň üýtgemeleri grafiki görnüşde maýa goýum hyrydarlygynyň egri çyzygynyň ugry boýunça (sag ýa-da çep tarapa) hereketi aňladýar.

Aşakdaky görkezijiler maýa goýumyň ösüşine täsir edýän faktorlar hasaplanýar:

– haryda bolan garaşylýan hyrydarlyk;
– telekeçilik işine salynýan salgytlar;
– önümçiligiň tehnologiýasyndaky üýtgemeler;
– jemi girdejiniň ösüşi;
– hümmetsizlenmege garaşmalar;
– döwlet syýasaty.

## 16.3. Gazna bazary we onuň wezipeleri

*Gazna bazary* – gymmatly kagyzlaryň çykarylmagy arkaly ykdysady amallara gatnaşyjylaryň arasynda pul serişdeleriniň paýlanmagyny üpjün edýär. Gymmatly kagyzlaryň öz bahasy bolup, olar satyn alnyp we satylyp bilinýär.

Gazna bazarynyň *esasy wezipeleri*:

– ykdysadyýeti maliýeleşdirmek üçin süýşürintgileri we aýlanyşykdan daşary, wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini merkezleşdirmek;

– ykdysady taýdan ösen pudaklarda we geljekde mümkinçiligi ýokary bolmagyna garaşylýan sebitlerde kapitalyň jemlenmegi;

– döwlet býujetiniň ýetmezçiligini aradan aýyrmak we gelýän salgyt töleglerini kadalaşdyrmak;

– gymmatly kagyzlar bazarynyň ýagdaýy barada maglumat üpjünçiligi.

Gazna bazary *ilkinji* we *ikinji* bazarlaryň jemi hökmünde çykyş edýär.

*Ilkinji bazar* gymmatly kagyzlaryň emissiýasy (çykarylýan) wagtynda emele gelýär we onda maliýe serişdeleri jemlenýär. Bu bazaryň *esasy emitentleri* hökmünde hususy kompaniýalar we döwlet guramalary, geleşikleriň obýekti hökmünde gymmatly kagyzlar çykyş edýär.

*Ikinji bazar* bu serişdeler birnäçe gezek gaýtadan paýlanýar. Öz gezeginde ikinji bazar *birža* we *biržadan daşary* bazarlara bölünýär. Biržadan daşary bazarda haýsy hem bolsa bir sebäbe görä biržada çalşylmaýan (mysal üçin, banklar arkaly) gymmatly kagyzlar satylýar we satyn alynýar. Gymmatly kagyzlaryň, goýumlaryň, karzlaryň dürli görnüşleri ykdysady edebiýatlarda *maliýe gurallary* diýlip atlandyrylýar.

Gymmatly kagyzlar bazary ösen bazar ykdysadyýetiniň we maliýe bazarynyň esasy bölegi hasaplanýar. Gazna bazarynyň ýagdaýy boýunça tutuş ykdysadyýetiň maliýe ýagdaýyna baha berilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň *esasy subýektleri* hökmünde maýadarlar, karz alýan taraplar, karz berýän taraplar, bazaryň ýöriteleşen (professional) we ýöriteleşmedik (professional däl) gatnaşyjylary çykyş edýär. Gymmatly kagyzlar bazarynyň *ýöriteleşen* (professional) gatnaşyjylaryna araçy hökmünde brokerlik, dilerlik, depozitar, kliring işini, şeýle-de gymmatly kagyzlary dolandyrmak we bazarda olaryň söwdasyny guramak boýunça işleri alyp barýan guramalar degişlidir. Gymmatly kagyzlar bazarynyň *ýöriteleşmedik* (professional däl) gatnaşyjylary – bu özbaşdak, araçylaryň hyzmatyndan peýdalanman, öz gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirýän ýa-da bazaryň ýöriteleşen gatnaşyjylary hasaplanmaýan beýleki guramalardan gymmatly kagyzlary satyn alýan guramadyr.

Türkmen Lideriniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda bellenilişi ýaly, «Ýurduň gymmatly kagyzlarynyň bazarynyň kemala gelmeginiň başlangyç döwründe kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretmek we üpjünçilik ulgamyny institusional ösdürmegiň meseleleri esasy wezipeleri bolar. Soňra bolsa kem-kemden gymmatly kagyzlaryň bazaryna ýörite ussat hünärmen gatnaşyjylaryň we institusional maýadarlaryň ulgamy, maýa goýum we ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pensiýa gaznalary dörär».

Gymmatly kagyzlar bazarynyň *obýektleri*: paýnamalar, obligasiýalar, wekseller, depozit (süýşürintgi) sertifikatlary we beýleki maliýe gurallary.

*Paýnamalaryň çykarylmagy* iri kompaniýalar üçin maliýe resurslaryny çekmegiň esasy çeşmesi hasaplanýar. Paýnamalar gymmatly kagyzlaryň bazarynda satylýar we satyn alynýar. Iri kompaniýalaryň paýnamalary *gazna biržasynda* satyn alynýar we satylýar. Paýnamada görkezilen puluň möçberine onuň *nominal gymmaty*, paýnamanyň bazarda satylýan bahasyna onuň *hümmeti* diýilýär.

Paýnamanyň eýesine *paýdar* diýilýär we ol kärhananyň eýeleriniň biri hasaplanýar. Paýdaryň eýelik edýän paýnamalarynyň sany onuň esaslyk kapitala goýumynyň möçberini häsiýetlendirýär we kärhananyň emläginde onuň paýyny görkezýär.

Paýnamalaryň arasynda has ýaýran görnüşleri:

1) Adaty paýnama;

2) Artykmaç hukukly paýnama.

*Adaty paýnamalaryň* berýän hukugy:

– paýdarlaryň ýygnagynda ses bermek arkaly paýdarlar jemgyýetiniň dolandyrylmagyna gatnaşmak;

– diwidend almak;

– paýdarlar jemgyýetiniň işi ýatyrylan ýagdaýynda ýeňillikli paýnamalaryň eýeleriniň talaplary kanagatlandyrylandan soň, onuň emläginiň bir bölegini almak.

*Artykmaç hukukly paýnamalaryň* berýän hukugy:

– adaty paýnamalaryň eýeleri bilen deňeşdirilende girdejiniň alynmagynda artykmaçlyk;

– diwidend almak;

– esaslyk kapitalda paýynyň bolmagy;

– emläkde paýnamalarynyň möçberine deň derejede paýynyň bolmagy.

Artykmaç hukukly paýnamalar kärhanany dolandyrmakda ses bermek hukugyny bermeýär.

Gazna (fond) biržasynyň işini maliýeleşdirmek aşakdakylaryň hasabyna amala aşyrylyp bilner:

– gazna biržasynyň agzalarynyň giriş we yzygiderli agzalyk tölegleriniň hasabyna;

– gazna biržasynda amala aşyrylýan birža ýygymlarynyň we birža amallarynyň hasabyna;

– paýnamalary satmagyň hasabyna;

– birža geleşikleriniň bellige alynmagy üçin güwanama berilmeginiň¸ maslahatlar¸ dellalçylyk¸ maglumatlar¸ hukuk we hyzmatyň beýleki görnüşleri¸ biržanyň tehniki serişdelerinden peýdalanylandygy üçin alynýan tölegleriň hasabyna;

– birža söwdasyny geçirmekde goýberilen düzgün bozulmalary üçin salynýan jerimäniň hasabyna;

– biržanyň işinden alynýan beýleki girdejileriň hasabyna.

Biržanyň girdejileri onuň işini giňeltmek we kämilleşdirmek bilen baglanyşykly edýän çykdajylarynyň öwezini dolmak üçin doly möçberinde gönükdirilýär.

### 16.4. Maýa goýum multiplikatory

Multiplikator konsepsiýasy ykdysady nazaryýetde esasy orny eýeleýär. Multiplikator ýokarlandyryjy ýa-da alnyp barylýan işiň artmagyny häsiýetlendirýän ko-

effisiýent hasaplanýar. Maýa goýum multiplikatory maýa goýumlaryň netijesinde girdejilere täsir etmek arkaly hyrydarlygy ýokarlandyrýar.

Maýa goýum multiplikatory girdejileriň üýtgemeleriniň awtonom maýa goýumlaryň möçberiniň üýtgemelerine baglydygyny görkezýän san koeffisiýentini aňladýar. Eger maýa goýumlaryň möçberi artýan bolsa, onda girdejileriň ýokarlanmagy maýa goýumlaryň artmagyna görä *M* esse ýokary bolýar:

$$\Delta Y = M_I \times \Delta I$$

$\Delta Y$ – girdejiniň artmagy;

$\Delta I$ – maýa goýumlaryň artmagy;

$M_I$ – multiplikator.

Ýokarky deňligiň esasynda multiplikator şeýle görnüşde kesgitlenýär:

$$M_I = \Delta Y/\Delta I.$$

Multiplikator maýa goýumlaryň artmagynyň önümiň öndürilmeginiň (girdejiniň) artmagyna edýän täsirini görkezýär. Multiplikator döwlet tarapyndan höweslendirmegiň netijesini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Bu, birinjiden, pudaklaryň arasyndaky baglanyşygyň saklanýandygy esasynda amal edilýär. Maýa goýumlaryň ýokarlanmagy bilen girdejileriň artmagy pudagara özara gatnaşyklaryň yzygiderliligini emele getirýär we netijede, önümçiligiň möçberi hem-de girdeji artýar. Ikinjiden, maýa goýumlaryň möçberiniň ýokarlanmagy arkaly artýan girdeji şahsy sarp edişe we süýşürintgilere bölünýär. Sarp edişiň paýy näçe ýokary bolsa, şonça-da multiplikatoryň hereketi güýçli bolýar. Multiplikator we sarp edişiň artmagy (sarp etmeklige goşmaça meýillilik – *mpc*) göni proporsional gatnaşykda bolýar. Multiplikator we süýşürintgileriň artmagy (süýşürintgilere goşmaça meýillilik – *mps*) ters proporsional gatnaşykda bolýar.

Multiplikatoryň formulasyna laýyklykda, girdeji (*Y*) sarp edişiň (*C*) we süýşürintgileriň (*S*) jemine deň bolýar. Eger $Y = 1$ diýip kabul edilse, onda $C + S = 1$ bolar. Multiplikatoryň koeffisiýenti ($K_m$) aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

$$K_m - \frac{1}{\Delta S}$$

$\Delta S$ – süýşürintgilere goşmaça meýillilik.

Bu baglanyşygyň beýleki bir görnüşde aňladylyşy:

$$K_m = \frac{1}{1 - \Delta C}$$

$\Delta C$ – sarp etmeklige goşmaça meýillilik.

Multiplikatoryň netijeliligi birnäçe şertleriň ýerine ýetirilmegini, ýagny ulanylmaýan kuwwatlyklaryň we erkin işçi güýjüni talap edýär. Multiplikatoryň ne-

tijesi ykdysady taýdan ýokary sepgitleriň gazanylýan şertlerinde has talabalaýyk ýüze çykýar. Umuman, multiplikator milli girdejini ýokarlandyrýar, şeýle-de ykdysady pese gaçmalar ýagdaýynda onuň möçberini peseldip bilýär.

Multiplikatoryň höweslendiriji netijesi birnäçe ýagdaýlara bagly bolýar. Eger salgytlaryň möçberi ýokarlansa, onda real ýa-da hakyky multiplikatoryň möçberi hem peselýär. Eger importyň paýy ýokarlansa, onda täze girdejileriň bir bölegi daşary ýurtlara geçirilýär we töleg balansynyň ýetmezçiliginiň ähtimallygy ýokarlanýar.

Sarp ediş bilen deňeşdirilende maýa goýum işine daşky ýagdaýlar ýokary derejede täsir edýär. Multiplikasiýa gatnaşyklaryň hereketiniň hasaba alynmagy bilen ykdysady syýasat alnyp barylýar we ykdysady durmuşy kadalaşdyrmak boýunça çözgütler kabul edilýär. Multiplikasiýa özara baglanyşyklara düşünmek ykdysadyýetiň ösýän şetlerinde has hem wajyp hasaplanýar. Multiplikator düşünjesi ykdysady amallaryň üç sany esasy aýratynlygyna baha bermäge mümkinçilik berýär.

Birinjiden, $K_m > 1$ bolsa, ykdysady işi höweslendirmek boýunça alnyp barylýan maksatnamalar bölekleýin öz-özüňi maliýeleşdirmeklige esaslanmaly bolýar: alynýan girdeji täze girdeji almaga mümkinçilik berýär, onuň bir bölegi süýşürintgi görnüşinde jemlenýär we täze maýa goýumlaryň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Ikinjiden, $K_m < 1$ bolsa, onda girdejiniň artmagy uzak dowam etmeýär we onuň möçberi azalyp başlaýar: soňky maýa goýumlaryň möçberi kem-kemden nola çenli pese gaçýar we iş bilen üpjünçiligiň derejesi peselýär.

Üçünjiden, süýşürintgiler bilen maýa goýumlaryň deňligi $K_m = 1$ girdejileriň derejesiniň üýtgemek derejesine bagly bolýar. Eger maýa goýumlaryň ululygy süýşürintgileriň möçberinden ýokary bolsa, girdejileriň ýokarlanmagyna laýyk gelýän täze deňagramlylygyň emele gelmegine mümkinçilik berýär.

Bu ululyklar iş bilen üpjünçiligiň derejesi bilen hem baglanyşykly. Multiplikatoryň möçberi bilen girdejileriň deňagramly derejesiniň üýtgemeginiň arasyndaky baglanyşyk multiplikatoryň modeli arkaly görkezilýär:

$$\Delta Y_E - \frac{\Delta I}{(1 - \Delta C)}$$

$\Delta Y_E$ – deňagramly girdejileriň üýtgemegi;

$\Delta I$ – maýa goýumlaryň möçberiniň üýtgemegi.

Başgaça, maýa goýum üçin harçlanýan her bir manadyň jemi girdejiniň möçberinde belli bir derejede artýandygyny aňladýar.

### 16.5. Multiplikator-akseleratoryň netijesi

Multiplikator-akseleratoryň netijesi we onuň öwrenilmegi makroykdysady nazaryýetde esasy orun eýeleýär. *Esasy kapitala goýulýan maýa goýumlar jemi hyrydarlygyň iň bir durnuksyz bölümleriniň biri hasaplanýar*. Olaryň durnuksyzlygy jemi hyrydarlygyň beýleki bölümlerinden, ýagny sarp ediş we döwlet çykdajylaryndan ýokary bolýar.

Maýa goýumlaryň jemi hyrydarlyga (milli girdejä) edýän täsiri multiplikatoryň we akseleratoryň nazaryýetleri esasynda öwrenilýär.

Multiplikator nazaryýeti 1929–1933-nji ýyllarda emele gelen Beýik durgunlyk döwründe ýüze çykdy.

Multiplikator milli girdejiniň we iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagynda maýa goýumyň tutýan ornuny görkezýär. Multiplikatoryň hereketi aşakdaky yzygiderlikde görkezilýär:

$$I\uparrow \Rightarrow N\uparrow \Rightarrow Y\uparrow \Rightarrow C\uparrow.$$

Bu baglanyşyk maýa goýumlaryň ýokarlanmagy bilen iş bilen üpjünçiligiň artýandygyny we girdejileriň hem-de sarp etmegiň ýokarlanýandygyny görkezýär.

Multiplikatoryň *statiki modeli* 1931-nji ýylda P.F. Kan tarapyndan hödürlenýär we ol J.M. Keýns tarapyndan has kämilleşdirilýär. Wagt faktoryny hasaba almak bilen multiplikatoryň dinamiki modeli P. Samuelson, F. Maklup, J. Robinson, A. Hansen we beýlekiler tarapyndan anyk öwrenilýär.

Akseleratoryň (höweslendirilýän, indusirlenen maýa goýumlaryň) modeli J. Klark tarapyndan hödürlenýär.

Akseleratoryň ýörelgesi sarp ediş çykdajylarynyň ýokarlanmagynyň ýa-da peselmeginiň netijesinde kapitalyň toplanmagynyň üýtgeýändigini görkezýär. Harytlara bolan sarp ediş çykdajylarynyň artmagy önümçilik kuwwatlyklaryny ýokarlandyrýar. Sarp ediş çykdajylarynyň azalmagy peýdanyň möçberini azaldýar we maýa goýumlaryň möçberiniň peselmegine getirýär.

*Akseleratoryň (accelerator) netijesi* real jemi içerki önümiň we goşmaça maýa goýumlaryň üýtgemeleriniň arasyndaky baglanyşygy görkezýär. Akseleratoryň netijesini düşündirmek üçin *kapitaly talap edijilik koeffisiýentinden* (kapital koeffisiýenti) peýdalanylýar. Telekeçiler *kapital taýýar önüm* gatnaşygyny amatly ýagdaýda saklamaga çalyşýarlar. Makroykdysady derejede kapitaly talap edijilik koeffisiýenti *kapital girdeji* gatnaşygy, ýagny $K/Y$ boýunça seljerilýär. Taýýar önümi ýerlemegiň möçberiniň üýtgemegi netijesinde kapitaly talap edijilik koeffisiýentiniň amatly ýagdaýda saklanmagy üçin esasy kapitala goýulýan maýa goýumlaryň möçberiniň üýtgedilmegi zerur hasaplanýar.

Eger kapitaly talap edijilik koeffisiýenti 2-ä deň bolsa ($K/Y = 2$), onda satyşyň möçberiniň we sap maýa goýumlaryň üýtgemelerini görkezip bolýar.

*16.1-nji tablisa*

**Kapitaly talap edijilik koeffisiýenti we akseleratoryň netijesi**

| Ýyl, döwür | Ahyrky önümiň bir ýyldaky satylyşynyň möçberi (*Y*), mln manat | Esasy kapital (*K*), mln manat | Sap maýa goýumlar, mln manat | Jemi maýa goýumlar (sap maýa goýumlar + amortizasiýa), mln manat |
|---|---|---|---|---|
| *1-nji ýyl* | 20 | 40 | 0 | 4 |
| *2-nji ýyl* | 20 | 40 | 0 | 4 |
| *3-nji ýyl* | 20 | 40 | 0 | 4 |
| *4-nji ýyl* | 30 | 60 | 20 | 20 + 6 = 26 |
| *5-nji ýyl* | 50 | 100 | 40 | 40 + 10 = 50 |
| *6-njy ýyl* | 50 | 100 | 0 | 0 + 10 = 10 |
| *7-nji ýyl* | 49 | 98 | –2 | (–2 + 9,8) = 7,8 |

Tablisadan görnüşi ýaly, jemi maýa goýumlar aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

*Jemi maýa goýumlar = sap maýa goýumlar + amortizasiýa*

ýa-da

$$I_{gross} = I_{net} + A$$

$I_{gross}$ – jemi maýa goýumlar;
$I_{net}$ – sap maýa goýumlar;
$A$ – amortizasiýa.

Eger amortizasiýanyň derejesi 10% bolup, her ýylda amortizasiýa boýunça pul geçirimleri esasy kapitalyň 10/1 möçberinde kesgitlenýän bolsa, onda 1-nji ýylyň sap maýa goýumlary 0-a, amortizasiýanyň möçberi 4 *mln* manada deň bolýar hem-de netijede, jemi maýa goýumlar aşakdaky ýaly hasaplanýar:

0 + 4 = 4 mln manat.

Akselerasiýanyň ýörelgeleri öwrenilende sap maýa goýumlara esasy orun degişli bolýar. Tablisadan görnüşi ýaly, 7-nji ýylda sap maýa goýumlar otrisatel häsiýete eýe bolýar, ýöne islendik san bolup bilmeýär. Milli ykdysadyýetiň möçberinde sap maýa goýumlaryň otrisatel görkeziji bolup bilmeýändigi (bu maşynlaryň, enjamlaryň gurnalan ýerlerinden aýrylyp, daşary ýurtlara satylmagyny aňladýar) sebäpli, amortizasiýanyň möçberi sap maýa goýumlaryň otrisatel görkezijisiniň iň ýokary derejesi hasaplanýar.

1–3-nji ýyllaryň dowamynda satyşyň üýtgemeýän derejesi sap maýa goýumlaryň möçberini üýtgetmeýär we ol 0-a deň bolýar. Jemi maýa goýum-

lar diňe amortizasiýa boýunça pul geçirimleri arkaly görkezilýär. 4-nji ýylda satyşyň möçberi 10 *mln* manat ýokarlanýar we ol kapital talap edijiligiň koeffisiýentiniň 2-ä deň bolup, *kapital-girdeji* gatnaşygynyň garaşylýan möçberini almak üçin 0-dan 20 *mln* manada çenli ýokarlandyrylmagynyň talap edilýändigi bilen baglanyşykly bolýar. Satyşyň möçberiniň artmagy sap maýa goýumyň ýokarlanmagyna bagly hasaplanýar. Satyşyň möçberiniň üýtgemän galýan ýagdaýynda (5-nji ýyldan 6-njy ýyla geçilende) sap maýa goýumlaryň 40 *mln* manatdan 0-a çenli peselýändigi görünýär. 7-nji ýylda satyşyň möçberiniň azalmagy netijesinde sap maýa goýumlaryň otrisatel ýagdaýy ýa-da dezinflýasiýa emele gelýär.

Şeýlelikde, satyşyň möçberiniň ýokarlanmagy ýa-da azalmagy sap maýa goýumlary uly möçberde ýokarlandyrýar ýa-da peseldýär. Bu akselerasiýanyň (çaltlandyrmagyň) netijesi hasaplanýar. Ýokardaky berlen mysalda sap maýa goýumlary almak üçin satyşyň möçberiniň üýtgemegine köpeldilýän *akselerator (v)* ýa-da koeffisiýent 2-ä deň bolýar. Ol kapital talap edijilik koeffisiýentine laýyk gelýär we bu koeffisiýent akseleratoryň ululygyny görkezýär.

Telekeçiler tarapyndan maýa goýum taslamalary ýerine ýetirilende geçen ýyllardaky satyşyň we peýdanyň möçberinden ugur alynýar. Eger geçen döwürlerde satyşyň möçberi peselen bolsa, onda olar dowam edýän ýylda maýa goýumlaryň möçberini azaldýarlar.

Şeýlelikde, akseleratoryň matematiki düşündirilişi: *akselerator t* döwürdäki maýa goýumyň möçberiniň geçen ýyllardaky sarp ediş hyrydarlygynyň ýa-da real jemi içerki önümiň üýtgemelerine bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär:

$$v = I_t / Y_{t-1} - Y_{t-2}$$

$v$ – akselerator;

$I_t$ – $t$ ýylda sap maýa goýumlar;

$Y$ – sarp ediş hyrydarlygy, girdeji ýa-da real jemi içerki önüm;

$t$-1 we $t$-2 – geçen ýyllar.

Eger 2010-njy ýyl bilen 2011-nji ýylyň aralygynda real jemi içerki önümiň ($Y$) möçberi ýokarlanan bolsa, onda onuň netijesinde maýa goýumyň artmagy diňe 2012-nji ýylda amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglanyşykly iki sany ýagdaý öwrenilýär:

1) Jemi içerki önüm her ýylda şol bir möçberde ýokarlanýar. Eger akselerator ($v$) 3-e deň bolsa, onda real jemi içerki önümiň ($Y$) artmagy geljekde sap maýa goýumyň ýokarlanmagy bilen deňeşdirilende üç esse artar. 2008-nji ýyldan öňki (2006 we 2007-nji ýyllar) döwürlerde girdejiniň ýa-da real jemi içerki önümiň möçberi şol bir ululykda, ýagny 1000 *mlrd* manat möçberde hasaba alynýar.

*16.2-nji tablisa*

| *Ýyllar (t)* | *Girdeji (Y)* | *Maýa goýumlar (I)* |
|---|---|---|
| 2008 | 1000 | 0 |
| 2009 | 1200 | 0 |
| 2010 | 1400 | 600 |
| 2011 | 1600 | 600 |
| 2012 | 1800 | 600 |
| 2013 | 2000 | 600 |

Akseleratoryň formulasyna laýyklykda, 2010-njy ýyldaky maýa goýumlara 2008-nji we 2009-njy ýyllardaky girdejileriň üýtgemelerine görä, ýagny akseleratory (1200 – 1000) × 3 = 600 hasaba almak bilen seljerme geçirilýär. Girdejileriň deň derejede artýandygy sebäpli, soňky ýyllardaky maýa goýumlar üýtgemeýän möçberde saklanýar. Maýa goýumlaryň 2008-nji we 2009-njy ýyllardaky derejesiniň nola deň bolmagy 2006-njy we 2007-nji ýyllarda girdejileriň möçberiniň üýtgemeýän ululygy, ýagny 1000 manat möçberde bolandygy bilen düşündirilýär.

2) Girdejileriň üýtgemeginiň deň derejede bolmaýandygy sebäpli, akseleratoryň öňki möçberinde aşakdaky görkezijiler alynýar:

*16.3-nji tablisa*

| *Ýyllar (t)* | *Girdeji (Y)* | *Maýa goýumlar (I)* |
|---|---|---|
| 2008 | 1000 | 0 |
| 2009 | 1200 | 0 |
| 2010 | 1450 | 600 |
| 2011 | 1850 | 750 |
| 2012 | 1400 | 1200 |
| 2013 | 4000 | 1350 |

Bu ýagdaýda maýa goýumlaryň ösüşiniň üýtgemegi girdejileriň üýtgemelerinden ýokary bolýar. 2008-nji ýyldan 2012-nji ýyla çenli girdejileriň üýtgemeginiň aralygy 850-ä, maýa goýumlaryň (2013-nji ýyly hasaba almak bilen) üýtgemeginiň aralygy 600-den 1350-ä çenli derejede hasaplanýar, ýagny onuň absolýut görkezijide aňladylyşy 1950 *mlrd* manada deň bolýar.

Şeýle-de akseleratoryň netijesi bilen multiplikatoryň netijesiniň baglanyşygy *multiplikator-akseleratoryň netijesini* emele getirýär. Bu model alym-ykdysatçylar P. Samuelson we J. Hiks tarapyndan esaslandyryldy. *Multiplikator-akseleratoryň netijesi ykdysady ulgamlaryň özara baglanyşykly döwürleýin üýtgemelerini görkezýär.*

*Multiplikatoryň netijesiniň* täsiri arkaly maýa goýumlaryň belli bir möçberde artmagy real jemi içerki önümi has uly möçberlerde ýokarlandyryp bilýär.

*Akseleratoryň hereketi netijesinde* artýan girdeji hem geljekde maýa goýumlaryň ýokary depginler bilen ösmegine getirip bilýär. Bu goşmaça maýa goýumlar jemi hyrydarlygyň düzüm bölegi hasaplanýar we nobatdaky multiplikasiýa netijesini üpjün edýär. Netijede, girdejileriň gaýtadan ýokarlanmagy telekeçileriň täze maýa goýum amallaryny ýerine ýetirmäge şertleri döredýär. Aýry-aýry ýagdaýlarda multiplikatoryň netijesiniň «garşylyklaýyn hereketi» hem bolup biler. Şeýle ýagdaýda multiplikator-akseleratoryň netijesiniň real jemi içerki önümiň üýtgemelerine garanyňda maýa goýumlary uly möçberde peseldip bilýär.

Multiplikatoryň we akseleratoryň hereketi bilen girdejileriň üýtgemeleriniň arasyndaky matematiki baglanyşyk aşakdaky görnüşde ýazylýar. Belli bir wagt aralygyny hasaba almak bilen sarp etmegiň funksiýasy:

$$C_t = C_a + mpc\, Y_{t-1}$$

$C_a$ – awtonom sarp etmek.

Maýa goýumlaryň funksiýasy:

$$I_t = I_a + v(Y_{t-1} - Y_{t-2})$$

$I_a$ – awtonom maýa goýumlar.

$Y = C + I$ formulany hasaba almak bilen aşakdaky deňlik alynýar:

$$Y_t = A + mpc\, Y_{t-1} + v(Y_{t-1} - Y_{t-2})$$

$A$ – awtonom çykdajylaryň jemi (awtonom sarp etmek we awtonom maýa goýumlar).

Multiplikator bilen akseleratoryň aratapawudy aşakdaky görnüşde düşündirilýär: *eger multiplikator dowam edýän ýylda öz täsirini ýetirýän bolsa, onda akseleratoryň täsiri, esasan, geljek ýyllarda amala aşyrylýar*.

Multiplikatoryň we akseleratoryň netijeleriniň baglanyşygy orta möhletli döwürleriň mehanizmini düşündirýär. Mysal üçin, daşky ýa-da ekzogen sebäplere (täze ýerleriň açylmagy, tehniki täzelikleriň girizilmegi) görä awtonom maýa goýumlar ýokarlanyp bilýär. Bu ýagdaýda real jemi içerki önüm ($Y$) artýar we onuň möçberi multiplikatora (ol *mpc*-e, ýagny sarp etmeklige goşmaça meýillilige bagly) bolýar. Öz gezeginde real jemi içerki önümiň ($Y$) artmagy akseleratoryň netijesini hasaba almak bilen goşmaça maýa goýumlaryň emele gelmegini üpjün edýär.

Girdejiniň artmagy diskriminantyň ($D$) öwrenilmegi bilen bagly bolýar we ol aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$D = (mpc + v)^2 - 4v.$$

Eger $D > 0$ bolsa, onda $Y$ ululyk bir görnüşde üýtgeýär; eger $D < 0$ bolsa, onda $Y$ ululyk dürli derejelerde üýtgeýär. Üýtgemeleriň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

a) peselýän üýtgeme;

b) çalt ýokarlanýan üýtgeme;

ç) deň aralyk boýunça üýtgeme.

Bu *mpc* bilen *v*-niň özara baglanyşygynyň dürli ýagdaýlaryna bagly bolýar. Belli bolşy ýaly, $0 < mpc < 1$.

1-nji ýagdaý. Eger $mpc \times v < 1$ bolsa, onda ulgamda peselýän üýtgeme emele gelýär (*16.4-nji a şekil*). *Y* görkeziji daşky garaşylmaýan üýtgemelerden soň kem--kemden *Y*-nyň deňagramly derejesine ýakynlaşýar. $Y_E$-niň deňagramly möçberi aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$Y_E = A/(1 - mpc)$$

*A* – awtonom çykdajylaryň möçberi.

2-nji ýagdaý. Eger $mpc \times v > 1$ bolsa, onda ulgamda çalt ýokarlanýan üýtgeme emele gelýär (*16.4-nji b şekil*).

3-nji ýagdaý. Eger $v = 1$ bolsa, onda ulgamda *mpc*-niň islendik derejesinde deň aralyk boýunça üýtgeme emele gelýär (*16.4-nji ç şekil*).




*a) çalt ýokarlanýan üýtgeme*




*b) peselýän üýtgeme*




*ç) deň aralyk boýunça üýtgeme*

*16.4-nji şekil. Multiplikator bilen akseleratoryň baglanyşygynyň dürli ýagdaýlarynda real jemi içerki önümiň (Y) ösüşi*

20. Sargyt № 466.

Ykdysadyýetde *mpc* bilen *v*-niň ölçegleri 2-nji ýagdaýa laýyk gelýär: *mpc*-niň derejesi 0,7 – 0,9 aralykda, akseleratoryň derejesi bolsa 2 – 2,5 aralykda üýtgeýär. Şeýle ýagdaýda girdejiniň üýtgemeginiň baglanyşygynda çalt ýokarlanýan üýtgeme emele gelýär. Bu ýagdaýyň tejribä laýyk gelmeýändigi şeýle düşündirilýär:

– Birinjiden, girdejiniň ýa-da real jemi içerki önümiň möçberi garaşylýan jemi içerki önümiň derejesinde çäklendirilýär. Bu jemi hödürlemegiň üýtgeme aralygynyň çäklendirilmegini aňladýar;

– Ikinjiden, real jemi içerki önümiň peselmegi amortizasiýanyň möçberine deň bolan otrisatel sap maýa goýumlar bilen çäklendirilýär (*16.1-nji tablisadaky 7-nji ýyl*).

Multiplikator-akselerator modeliniň düşündirilmeginde dürli garaýyşlar dowam edýär, ýöne muňa garamazdan, häzirki wagtda hem ykdysady ulgama daşary täsirleriň, ýagny işjeňligiň ýa-da *impulslaryň ýaýramagynyň mehanizminiň* öwrenilmegi wajyp hasaplanýar.

# XVII BAP
# DÖWLETIŇ YKDYSADY SYÝASATYNYŇ ESASY UGURLARY

## 17.1. Döwletiň ýerine ýetirýän esasy wezipeleri

Döwlet bazar ykdysadyýetiniň mehanizmleriniň hereket etmegini guraýar we kadalaşdyrýar. Ol aşakdakylary öz içine alýar:

– ykdysadyýetiň hereket etmeginiň institusional esasyny döredýär we üpjün edýär (kanunçylyk binýat, howpsuzlyk ulgamy, ätiýaçlandyryş ulgamy, salgyt ulgamy we beýl.), başgaça ol ykdysady amallaryň, gurallaryň sazlaşygyny işläp düzýär;

– ýurtda puluň hödürlenmegini üpjün edýär we pul aýlanyşygyna gözegçilik edýär, sebäbi ol puluň çykarylmagy üçin (emissiýa) monopol hukuga eýe bolýar;

– makroykdysady syýasaty alyp barýar.

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazary esaslary XX asyryň 30-njy ýyllarynda Jon Meýnard Keýns tarapyndan esaslandyryldy we makroykdysadyýetiň aýratyn ders hökmünde hereket etmeginiň binýady goýuldy. Şonuň üçin ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşyna başgaça ykdysadyýetiň *makroykdysady kadalaşdyrylyşy* hem diýilýär. Munuň sebäbi döwlet makroykdysady aýlanyşykda esasy ykdysady gatnaşyjy bolmak bilen beýleki ykdysady gatnaşyjylaryň ýerine ýetirýän işlerini netijeli utgaşdyrýar we maksatlaryň özara baglanyşygyny kesgitleýär (*17.1-nji şekil*).

Bir ykdysady ulgamdan beýleki bir ykdysady ulgama geçilende döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri:

1. *Ulgamy emele getirmek wezipesi:*

a) bazar infrastrukturasynyň emele gelmegi;

b) döwlet monopoliýasynyň aradan aýrylmagy we hususylaşdyrmak.

ç) bazar ykdysadyýetiniň hereket etmegi üçin hukuk binýadyň döredilmegi;

d) täze bazarlaryň döredilmegi (ýer bazary, gymmatly kagyzlaryň bazary, maglumatlar bazary, bilim hem-de saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bazary we ş.m.).

2. *Ulgamy goldamak wezipesi:*

a) milli ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzüminiň bazar ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyk getirilmegi (bazarda isleg bildirilýän harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi hem-de ýerlenmeýän harytlaryň önümçiliginiň bes edilmegi);

b) telekeçiligiň we kiçi işewürligiň goldanylmagy;

ç) haryt öndürijileriň we sarp edijileriň ykdysady bähbitleriniň hasaba alynmagy (höweslendiriş çäreleriniň toplumy).

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, ykdysadyýetde düýpli özgertmeleriň amala aşyrylýan döwründe döwlet strategiýanyň işlenip düzülmegi bilen baglanyşykly dört sany esasy wezipäni ýerine ýetirýär: goraglylyk wezipesi, ykdysady amallara gatnaşyjylary belli bir ugra gönükdirmek wezipesi, başlangyçlar wezipesi, utgaşdyrmak wezipesi.




*17.1-nji şekil. Esasy maksatlaryň özara baglanyşygy*

Döwletiň öz wezipelerini doly ýerine ýetirmegi üçin ýeterlik möçberde serişdeler talap edilýär we ol wezipelere aşakdakylar degişli hasaplanýar:

1) ykdysady işiň amala aşyrylmagynyň düzgünini kesgitlemek (antimonopol kanunçylyk, ykdysadyýetiň hususy bölegininiň ösüşini goldamak, eýeçilik hukugyny goramak, erkin bäsdeşligi goramak, sarp edijileriň hukugyny goramak we ş.m.);

2) ykdysady durnuklylygy saklamak (hümmetsizlenmege we işsizlige garşy degişli işleriň alnyp barylmagy, durnukly ykdysady ösüşiň üpjün edilmegi);

3) jemgyýetçilik nygmatlarynyň öndürilmegi (howpsuzlygyň, tertip-düzgüniň, bilimiň, saglygy goraýşyň üpjün edilmegi, düýpli ylymlaryň ösdürilmegi);

4) durmuş syýasatyny amala aşyrmak (girdejileri gaýtadan paýlamak arkaly ilatyň az girdejili bölegini durmuş taýdan üpjün etmek, pensiýalaryň, talyp haklarynyň we kömek pullarynyň tölenmegi we ş.m.);

5) daşky amatsyz netijelere garşy degişli çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmek (ekologiýa syýasaty, «ýaşyl ykdysadyýetiň» üpjün edilmegi we ş.m.).




*17.2-nji şekil. Döwletiň kadalaşdyryjy orny*

Bazar ykdysadyýetinde döwletiň wezipeleri *kadalaşdyrmagyň dürli görnüşleri* arkaly amala aşyrylýar:

1. *Ykdysadyýetiň döwlete degişli bölegini dolandyrmak*. Bu bölege esaslyk maýada, paýnamalaryň toplumynda döwletiň gatnaşmagynyň 50%-den ýokary paýy bolan döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň, guramalaryň, hojalyk jemgyýetleriň gozgalmaýan emläkleriniň obýektleri degişli.

Ykdysadyýetde döwlet böleginiň ornuny we möçberini kesgitlemek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar:

a) jemi içerki önümde döwlet çykdajylarynyň paýy;

b) jemi içerki önümde döwletiň sarp etmeginiň paýy;

ç) ykdysadyýetde işleýän adamlaryň umumy möçberinde döwlet gullukçylarynyň paýy.

2. *Döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy (döwletiň sarp etmegi)*. Jemi içerki önümde döwletiň sarp etmeginiň paýy döwlet kadalaşdyrylyşynyň bu görnüşini häsiýetlendirýän ykdysady görkeziji hasaplanýar. Düzgün boýunça, döwlet tarapyndan sarp edilýän jemi içerki önümiň paýy näçe ýokary bolsa, şonça-da ykdysady ösüşiň depgini pes bolýar we tersine döwlet tarapyndan sarp edilýän jemi içerki önümiň paýy näçe az bolsa, şonça-da ykdysady ösüşiň depgini ýokary bolýar. Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, döwletiň sarp etmeginiň pes derejelerinde (jemi içerki önümiň 12%-den az) ykdysady ösüşiň ýokary depginleri (ýylda 1,8 – 2,5%-den ýokary) gazanylýar. Döwlet tarapyndan sarp edilýän jemi içerki önümiň paýy 20%-den ýokary bolsa, onda ykdysady ösüşiň depgini iň pes derejede ýa-da otrisatel ýagdaýda bolýar.

3. *Ykdysadyýete hususy maýa goýumlaryň döwlet kadalaşdyrylyşy.*

4. *Ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan sarp ediş hyrydarlygynyň döwlet kadalaşdyrylyşy.*

5. *Ykdysadyýeti ösdürmek üçin maksatnamalaryň düzülmegi.* Meýilnamalar we dürli maksatlara gönükdirilen maksatnamalar uzak möhletleýin strategiki meýilnamalaşdyrmagyň mazmunyny düzýär.

6. *Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk.* «Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk» adalgasy ilkinji gezek ABŞ-da ulanylyp başlandy.

*Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk* ýurduň ýokary depginli ykdysady ösüşini üpjün etmegiň esasy strategiki ugurlarynyň biri hasaplanýar.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk (*PPP– public–private partnership*) – bu özara bähbitlilik esasynda jemgyýetçilik ähmiýetli wezipeleri çözmek üçin döwlet bilen işewürligiň arasyndaky özara hereketleriň jemidir.

Döwlet bilen kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyk, esasan, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda hereket edýän kärhanalaryň döwlete salgyt tölemegi we döwlet tarapyndan kärhanalaryň işini goldamak boýunça kömek pullarynyň, ýagny subsidiýalaryň hem-de subwensiýalaryň berilmegi bilen baglanyşykly gatnaşyklary aňladýar.

Ykdysadyýetde we döwlet dolandyryşynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň esasy görnüşleri:

– döwlet bilen hususy bölegiň arasynda baglaşylýan şertnamalar;
– kärende gatnaşyklary;
– lizing (maliýe kärendesi);
– önümi paýlamak hakynda ylalaşyk;
– konsession ylalaşyklar.

Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» kanunynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň strategiki ugurlary kesgitlendi. Bu kanuna laýyklykda, Türkmenistanda şertnamalaryň aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

– önümi paýlaşmak hakyndaky şertnama;
– roýalti we salgyt şertlerindäki konsessiýa barada şertnama;
– bilelikde iş alyp barmak hakyndaky şertnama;
– töwekgelçilikli serwis hyzmatlary üçin şertnama.
– şertnamalaryň beýleki görnüşleri.

Döwlet bilen ykdysadyýetiň hususy böleginiň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň netijeli usuly hökmünde *kärende gatnaşyklary* çykyş edýär. Olar döwlet eýeçiligindäki emläkleriň, ýagny binalaryň, desgalaryň, önümçilik enjamlarynyň belli bir möhletiň dowamynda hususy eýeçilige kärendesine berilmegi esasynda ýüze çykýar. Bu gatnaşyklaryň esasynda hususy kompaniýalar döwlet gaznasyna kesgitlenen möçberde kärende tölegini töleýärler.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy ugurlary hökmünde ýeňillikli şertlerde karzlaşdyrmak, täze önümleriň, tehnikanyň we tehnologiýanyň özleşdirilýän döwründe salgyt hem-de gümrük ýeňilliklerinden peýdalanmak maksadalaýyk hasaplanýar.

Döwletiň we hususy ulgamyň deňagramly hyzmatdaşlyk etmek ýörelgesi işjeň hem-de netijeli iş alyp barmagy talap edýär. Hususy telekeçiligiň sazlaşykly ösmegi üçin döredilýän amatlyklar sagdyn bazar gatnaşyklarynyň pugtalanmagyna getir-

ýär. Şeýle ýagdaýda emläk eýeleriniň hukugyny goramak we sagdyn bäsdeşligi üpjün etmegiň kämil mehanizmini işläp taýýarlamak zerur hasaplanýar.

Döwlet hojalyk işiniň esasy subýekti hökmünde durmuş-ykdysady amallaryň esasy utgaşdyryjysy bolup çykyş edýär. Bu şertlerde bazara gatnaşyjy agzalaryň ählisiniň *bähbitlerine* deň derejede garamaga, jemgyýetiň ösüşiniň anyk maksatlaryny we meýilnamalaryny dogry kesgitlemäge, olary amala aşyrmagyň amatly ýollaryny hem-de usullaryny saýlap almaga mümkinçilikler döreýär.

*Ykdysady gatnaşyklar, ilkinji nobatda, bähbitler hökmünde ýüze çykýar.*

Döwlet dolandyrylyşy islendik durmuş-ykdysady ulgamda ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň esasy bölegi hasaplanýar.

## 17.2. Ykdysady syýasatyň esasy ugurlary

*Ykdysady syýasat* – bu döwletiň durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek we ilatyň durmuş şertlerini yzygider gowulandyrmak boýunça alyp barýan syýasaty.

Häzirki wagtda *ykdysady syýasatyň esasy düzümleýin ugurlary* tapawutlandyrylýar:

– *Maliýe syýasaty* (pul-karz, salgyt-býujet, bahalar, maýa goýum, gümrük syýasatlary);

– *Daşary ykdysady syýasat* (daşary söwda syýasaty, halkara maýa goýum hyzmatdaşlygy boýunça syýasat, walýuta syýasaty, halkara ykdysady guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmek boýunça syýasat);

– *Durmuş syýasaty* (ilatyň durmuş üpjünçiligi we durmuş goraglylygy, sarp edijileriň hukugyny goramak, ýaşaýyş jaý syýasaty, ilatyň girdejiler syýasaty, saglygy goraýyş we bilim syýasaty, ekologiki syýasat);

– *Düzümleýin syýasat*;

– *Sebitleýin syýasat*.

Ykdysady syýasatyň netijesinde durnukly ösüşi gazanmagyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde döwlet we hususy maýa goýumlaryň işjeňligini ýokarlandyrmak hasaplanýar. Şu maksatlar bilen döwlet aşakdaky çäreleriň toplumyny amala aşyrýar:

– býujet we býujetden daşary ätiýaçlyklary ulanmagyň esasynda maýa goýum çykdajylaryny ýokarlandyrmak;

– ileri tutulýan ugurlary hasaba almak bilen býujet meýilnamasyna düzedişleriň girizilmegi;

– goşmaça salgyt ýeňillikleri girizmek arkaly hususy maýa goýumlaryň ösüşini goldamak;

– şahsy we edara görnüşli taraplaryň girdejilerine salynýan salgytlaryň derejesini peseltmek;

– ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda işçi güýjüniň hereketini ýokarlandyrmak maksady bilen hususy bölege goşmaça maliýe serişdeleriniň berilmegi.




*17.3-nji şekil. Ykdysady syýasatda maliýe çemeleşmesiniň ulanylyşy*

## 17.3. Düzümleýin we sebitleýin syýasat

Düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmak boýunça geçirilýän ykdysady syýasat ykdysadyýetde pudaklaryň arasyndaky we pudaklaryň içindäki deňagramlylygyň üýtgemelerine täsir etmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan çäreleriň toplumydyr. Bu syýasatyň esasy maksady ylmy tehniki ösüşiň höweslendirilmegi, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagy we durmuş meseleleriniň öz wagtynda doly çözülmegi hasaplanýar. Ýurduň ykdysady mümkinçilikleriniň giňeldilmegi we talabalaýyk bazar infrastrukturanyň döredilmegi boýunça alnyp barylýan döwlet çäreleri *«düzümleýin syýasat»* diýlip atlandyrylýar.

Düzümleýin syýasatyň aşakdaky usullary tapawutlandyrylýar:

– *göni usul* (önümlere bolan döwlet sargytlary, döwlet tarapyndan harytlaryň we hyzmatlaryň ugradylmagy, býujet maýa goýumlary, aýry-aýry harytlaryň öndürilmegine çäklendirmeleriň girizilmegi);

– *gytaklaýyn usul* (salgytlar we salgyt ýeňillikleri, ýeňillikli karzlar, goşmaça kömek pullary).

Düzümleýin syýasat jemgyýetde ykdysady deňagramlylygyň saklanmagyna, milli maksatnamalarda göz öňünde tutulan çäreleriň amala aşyrylmagyna we makroykdysady meseleleriň oňyn çözülmegine gönükdirilýär. Türkmenistanda milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ykdysady ulgamyň

sazlaşykly ösüşini üpjün etmek boýunça alnyp barylýan düzümleýin syýasat aşakdaky esasy ugurlary öz içine alýar:

– milli ykdysadyýetiň köpugurly ösüşini üpjün etmek, gaýtadan işleýän pudaklarda täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, umumy ykdysady ösüşde ekologiýa taýdan arassa we howpsuz tehnologiýalaryň paýyny artdyrmak;

– senagatyň depginli ösüşine ýardam berýän umumy ykdysady çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmek;

– senagatyň ösdürilmeginde ileri tutulýan ugurlary kesgitlemek;

– dünýä bazaryna bäsdeşlige ukyply harytlary çykarýan önümçilikleriň yzygider goldanylmagy;

– ykdysadyýetiň pudaklarynda hususy telekeçiligiň aýry-aýry görnüşlerini ösdürmek;

– senagatda we infrastruktura ulgamynda hususy işewürler tarapyndan taýýarlanýan anyk taslamalaryň amala aşyrylmagyna ýardam bermek.

Sebitleýin syýasatyň esasy ýörelgeleri:

1) önümçilik pudaklarynyň ösüşiniň höweslendirilmegi arkaly sebitleriň ösüşini goldamak. Bu bölümiň ösdürilmegi täze iş orunlarynyň döredilmegini üpjün edýär;

2) sebitleriň ösüşiniň deňeçerlik derejesiniň saklanmagy. Deňeçerligi üpjün etmegiň esasy serişdesi hökmünde zähmet öndürijiligi çykyş edýär;

3) hukuk we durmuş kadalarynyň berjaý edilişi;

4) ykdysady howpsuzlygyň we durnuklylygyň saklanmagy.

Ykdysady syýasatyň aşakdaky häsiýetnamalary tapawutlandyrylýar:

– höweslendiriji, çäklendiriji we durnuklaşdyryş syýasaty;
– mikroykdysady we makroykdysady syýasat;
– gysga, orta we uzak möhletli syýasat;
– içeri we daşary syýasat.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» hökümetiň sebitleriň ösüşine täsir edýän çäreleriň esasy böleginiň umumy makroykdysady, daşary ykdysady, durmuş syýasatynyň, düýpli özgertmeleri geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylmaly ugurlary kesgitlendi.

Döwletiň sebitler babatdaky syýasaty geografiki faktorlary we her bir welaýatyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen işlenip taýýarlanylýar.

*Salgyt-býujet syýasaty* hem pul-karz syýasaty ýaly durnuklaşdyryş syýasatynyň bir görnüşi hasaplanýar we ol ykdysadyýetde döwürleýin üýtgemeleri düzgünleşdirmeklige, ýagny ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagyna gönükdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda bellenilişi ýaly, «Salgyt-býujet syýasatynyň esasy wezipeleri soňky ýyllarda şu aşakdakylardan ybarat: döwlet

maliýe ulgamynda makroykdysady balanslylygy we durnuklylygy üpjün etmek, bäsleşige ukyply ykdysadyýetiň ösüşini höweslendirmek, salgyt girdejilerini artdyrmagyň hasabyna sebitleriň býujet üpjünçiligini ýokarlandyrmak».

Salgyt-býujet syýasatynyň aşakdaky maksatlary tapawutlandyrylýar:

– durnukly ykdysady ösüş;
– iş bilen doly üpjünçilik;
– bahalaryň durnukly derejesi (hümmetsizlenmegiň amatly derejesi).

## 17.4. Durmuş syýasaty we onuň ähmiýeti

Ýurduň ykdysadyýetiniň durmuşa gönükdirilişiniň derejesi: ýurduň jemi içerki önüminde (JIÖ) sarp edişiň we süýşürintgileriň gatnaşygy, maýa goýumlaryň umumy möçberinde önümçilik däl ulgamyň paýy, ýurduň Döwlet býujetiniň umumy çykdajylarynda jemgyýetçilik we durmuş maksatlary üçin çykdajylaryň paýy we ş.m.

Döwlet ýurduň býujetiniň emele gelmegini we çykdajy edilmegini, döwletiň maliýe serişdeleriniň hereketini dolandyrýar hem-de durmuş dolandyryş wezipesini ýerine ýetirip, ylmy-tehniki meseleleriň çözülmegine ýardam edýär.

Türkmenistanda garyşyk ykdysadyýetiň durmuşa gönükdirilen milli nusgasy döredildi. Saýlanyp alnan bazar nusgasy jemgyýetde düýpli durmuş özgertmeleriniň geçirilmegini we milli ykdysadyýetiň ýokary depginli ösüşini üpjün edýär. Ykdysady ösüşiň ýokary derejelerini saklamak üçin orta möhletli we uzak möhletli milli maksatnamalar kabul edildi hem-de ýerine ýetirilmeli işleriň toplumy kesgitlendi. Olar «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny» öz içine alýar.

Türkmen Lideriniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda bellenilişi ýaly, «Türkmenistanda başy başlanan düýpli durmuş özgertmeleriniň ileri tutulýan ugurlary we bu işde bellenilen esasy maksatlar şulardan ybaratdyr:

– ilatyň girdejilerini artdyrmak;
– ilaty durmuş taýdan goramak;
– medeni-durmuş ulgamyny netijeli ösdürmek;

– ilatyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi;
– daşky gurşawy goramak».

Bu maksatnamalarda ykdysadyýetiň pudaklarynyň infrastrukturasyny döretmegiň, ony köpugurly ösdürmegiň, bazar özgertmelerini amala aşyrmagyň esasy ugurlary bellenip, halkara bazarlarynda ýurduň eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagy göz öňünde tutulýar. Döwlet emlägini dolandyrmagyň görnüşleri we usullary düýpli kämilleşdirilýär. Häzirki wagtda bu ulgam birnäçe gurallary öz içine alýar: hususylaşdyrmak, kärende, ynanylan dolandyryş, konsessiýa we beýlekiler. Bazar gatnaşyklarynyň ösmeginde döwlet-hususy hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişli.

Türkmenistanda alnyp barylýan durmuş-medeni ulgamyň desgalarynyň we inženerçilik amatlyklarynyň gurulmagy milletiň saglygyny pugtalandyrmaga ýardam edýär we jemgyýetiň intellektual, medeni mümkinçiliklerini ösdürmek hem-de üznüksiz öndürmek üçin amatly şertleri döredýär.

Häzirki wagtda döwletiň ykdysady ösüşine, onuň saglygy goraýyş we bilim ulgamyny ösdürmek boýunça alyp barýan işleriniň toplumyna 1990-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (*UNDP – United Nations Development Program*) tarapyndan işlenip düzülen *Adam ösüşiniň indeksi* boýunça baha berilýär.

*Adam ösüşiniň indeksi (HDI – Human Development Index)* üç sany görkezijini öz içine alýar:

1) Jemi içerki önümiň adam başyna düşýän paýy (*GDP per capita*);
2) Sowatlylyk derejesi (*Literacy*);
3) Ýaşaýşyň dowamlylygy (*Life expectancy*).

Döwletiň girdejiler we durmuş syýasatynyň möhüm jähtleriniň biri hem adamyň intellektual we ählitaraplaýyn ösmegi, ýokary netijeli *«adam kapitalyny»* emele getirmek üçin ýokary hilli özgertmeleri amala aşyrmak bolup durýar (*17.4-nji şekil*). Adam kapitalyny hil taýdan kämilleşdirmek arkaly maddy önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak öý hojalyklarynyň girdejilerini artdyrmaga we olaryň býujetiniň kadaly ýagdaýda saklanmagyna mümkinçilik berýär.

*«Adam kapitaly»* diýen adalga ilkinji gezek amerikaly ykdysatçy, Nobel baýragynyň eýesi Teodor Şults tarapyndan 1961-nji ýylda ylmy dolanyşyga girizildi. Ol adamyň saglygynyň, biliminiň, başarnygynyň we ukyplyklarynyň talabalaýyk ulanylmagy arkaly önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna hem-de adamlaryň girdejileriniň artmagyna itergi berýär. Bilime goýulýan maýa goýumyň möçberiniň yzygider ýokarlanmagy adam kapitalynyň gaznasynyň artmagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Bilim häzirkizaman jemgyýetiň esasy baýlygy hasaplanýar.




*17.4-nji şekil. Intellektual kapitalyň düzümi*

Adam kapitalynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) köpugurly adam kapitaly;

2) ýöriteleşdirilen adam kapitaly.

*Ýöriteleşdirilen adam kapitaly diýlip*, haýsy hem bolsa bir anyk kärhanada ykdysady amallary ýerine ýetirýän adamyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýan bilimleriň we endikleriň jemine düşünilýär.

*Köpugurly adam kapitalynyň jemlenmegi* belli bir pudakda hereket edýän islendik kompaniýanyň alyp barýan işinde adamyň ykdysady amallarynyň netijeliliginiň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Jemgyýetde adamyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak üçin dürli ugurlar boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle ugurlaryň biri hem raýatlara berilýän sarp ediş karzydyr.

*Sarp ediş karzy* (consumer credit) – raýatlara (öý hojalyklaryna) sarp ediş harytlaryny satyn almak üçin berilýän karzdyr. Karz gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagy sarp edijileriň ykdysady amallara işjeň gatnaşmagy üçin amatly şertleri döredýär. Karz ulgamynda adam kapitalynyň ösmegi, kämilleşmegi üçin bilim karzynyň ähmiýeti has hem ýokarlanýar.

Dünýä tejribesinde iş bilen üpjünçiligiň derejesine täsir etmegiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

– aktiw döwlet syýasaty;

– passiw döwlet syýasaty.

Zähmet bazarynda alnyp barylýan *aktiw syýasat* ýurtda işsizligiň derejesini peseltmek maksady bilen döwlet tarapyndan amala aşyrylýan hukuk, guramaçylyk we ykdysady çäreleriň toplumyny göz öňünde tutýar. Ol aşakdakylary öz içine alýar:

– täze iş orunlarynyň döredilmegi boýunça çäreleriň amala aşyrylmagy;

– iş bilen üpjün edilmedik adamlaryň okadylmagy, gaýtadan taýýarlanylmagy we hünärleriniň ýokarlandyrylmagy;

– iş bilen üpjün edilmedik adamlar üçin degişli wezipeleriň işjeň gözlenmegi we saýlanmagy;

– täze iş orunlarynyň döredilmegi üçin goşmaça kömek pullarynyň berilmegi.

Zähmet bazarynda alnyp barylýan *passiw syýasat* aşakdakylary öz içine alýar:

– işsizlik boýunça kömek pullarynyň tölenmegi;

– iş bilen üpjün edilmedik adamlara maddy kömegiň berilmegi;

– eklençdäki adamlara goşmaça tölegiň amala aşyrylmagy.

# XVIII BAP
# HALKARA YKDYSADYÝETIŇ NAZARY ESASLARY

## 18.1. Daşary ykdysady syýasatyň maksatlary

Daşary ykdysady syýasat döwletiň içerki ykdysady syýasaty bilen berk baglanyşykly bolup, ol bir tarapdan, döwletiň geçirýän durmuş-ykdysady syýasatyny, beýleki tarapdan, ykdysady ösüşiň wezipelerini aňladýar.

Daşary ykdysady syýasatyň aşakdaky *maksatlary* tapawutlandyrylýar:

– beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy üpjün etmek;

– dünýä bazarynda ýurduň haryt öndürijileriniň bäsdeşlige ukyplylygyny goldamak;

– ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurduň söwda we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek.

Dünýä hojalyk ulgamynyň maddy esasy bolup *halkara zähmet bölünişigi* çykyş edýär we ol iki sany amalyň bütewiligini görkezýär:

1) önümçilik amallarynyň bölünmegi, ýagny halkara ýöriteleşmesi;

2) önümçilik amallarynyň birleşmegi, ýagny halkara derejesinde önümçiligiň bilelikde alnyp barylmagy.

Bu amallar ylmyň we tehnikanyň gazananlary netijesinde ösüşiň täze tapgyryna geçmeklige mümkinçilik berýär we ol yzygider täzelikleriň önümçilige ornaşdyrylmagy, täze tehnologiýalaryň özleşdirilmegi bilen tapawutlanýar hem-de ylym-bilim, adam kapitaly ösüşiň esasy serişdesine öwrülýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň düzümi:

– milli ykdysadyýetler;

– transmilli korporasiýalar;

– goşulyşan ykdysady birleşmeler;

– halkara ykdysady guramalar.

Dünýä ykdysadyýetinde milli we halkara işewürlik tapawutlandyrylýar. Milli işewürlik – bu aýry-aýry döwletleriň çäginde alnyp barylýan işewürlik amallaryny häsiýetlendirýär. Halkara işewürligi özara baglanyşykly milli işewürlik amallarynyň jemi hökmünde çykyş edýär.

Işewürlik amallary bilen meşgullanýan taraplaryň sanynyň artmagy tutuş ykdysady gurşawyň üýtgemegine täsir edýär. Eýeçilik gatnaşyklary we telekeçiligiň görnüşleri bilen baglanyşykly düýpli özgerişler amala aşyrylýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi bilen özara hereket etmekligiň täze ulgamy emele geldi we ol aşakdaky yzygiderlilikde görkezilýär:

*döwlet – işewürlik – jemgyýet.*

Döwletiň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan maksatlary hökmünde ýurduň, pudaklaryň we aýry-aýry kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak çykyş edýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi üçin amatly şertleri döretmek arkaly döwlet milli işewürligiň halkara işewürligi bilen özara baglanyşygyny güýçlendirýär. Döwlet jemgyýetiň dürli toparlarynyň we gatlaklarynyň bähbitleriniň sazlaşygyny gazanmak hem-de durmuş ýeňilliklerini döretmek boýunça degişli işleri ýerine ýetirýär.

Öňdebaryjy ýa-da senagat taýdan ösen döwletler ykdysady ösüşiň ýokary derejesi we ykdysady mümkinçlikleriň giňelmegine amatly şertleri döredýän köp pudakly ykdysadyýeti bilen tapawutlanýar. Bu döwletleriň ykdysadyýetinde *ylmy köp talap edýän* pudaklar we ösen *hyzmatlar ulgamy* esasy orun eýeleýär. Olarda tehnologiýalaryň, önümleriň we ilatyň durmuş derejesiniň ýokary hilini üpjün etmeklige aýratyn ähmiýet berilýär.

Ösüş depginine baglylykda bazar hojalygy milli çäklerden çykýar we hojalyk durmuşynyň halkara häsiýetine eýe bolýar. Ol dünýäniň dürli döwletleriniň we sebitleriniň özara baglanyşygynyň, halkara ykdysady gatnaşyklarynyň yzygider giňelmegini aňladýar. XX asyryň ahyrynda hojalyk durmuşynyň halkara häsiýetiniň güýçlenmegi netijesinde täze tapgyr, ýagny *bütewileşmek* (globallaşmak) tapgyry emele geldi. Bütewileşmegiň hereketlendiriji güýji hökmünde ýokary tehnologiýalara esaslanýan ahyrky önümleriň we ýarym önümleriň öndürilmeginiň esasynda halkara zähmet bölünişiniň giňelmegi, halkara ulag we aragatnaşyk infrastrukturasynyň ýokary depginler bilen ösmegi hem-de halkara telekeçiliginiň ýaýbaňlanmagy çykyş edýär.




*18.1-nji şekil. Dünýä hojalygynyň düzümi*

Bütewileşmegiň ösmegi netijesinde umumadamzat meseleleri hem ýiti häsiýete eýe bolýar. Olara daşky gurşawy goramak, yzygider artýan dünýä ilatyny energiýa serişdeleri we azyk önümleri bilen ygtybarly üpjün etmek, ýurtlaryň yzagalaklygyny aradan aýyrmak, garyplyk boýunça iş alyp barmak hem-de dürli keselleriň öňüni almak degişli.

Dünýä ykdysadyýetiniň anyk pudaklary boýunça seljermeleri, gözegçiligi amala aşyrýan we ykdysady amallary kadalaşdyrýan halkara ykdysady guramalar:

1) Halkara pul gaznasy (IMF);
2) Bütindünýä banky (WB);
3) Halkara abatlaýyş we ösüş banky (IBRD);
4) Bütindünýä söwda guramasy (WTO);
5) BMG-niň ykdysady we durmuş meseleleri boýunça geňeşi (ECOSOC);
6) BMG-niň söwda we ösüş konferensiýasy (UNCTAD);
7) Halkara zähmet guramasy (ILO);
8) Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (OECD).

Ähli ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň özara baglanyşygynyň artmagy, ilkinji nobatda, maşynlaryň we enjamlaryň söwdasynyň giňelmegi bilen baglanyşykly. Oňa dünýä söwdasynyň 40%-den gowragy degişli. Kärhanalaryň gurluşygy üçin enjamlaryň ugradylmagy esasy orny eýeleýär. Elektrotehniki we elektron enjamlaryň, aerokosmiki tehnikalar, telekommunikasiýa enjamlary, şeýle-de himiýa we derman önümleriniň eksporty çalt depginlerde ösýär.

Türkmenistandaky daşary ykdysady işiň esasy ýörelgeleri aşakdakylary öz içine alýar:

1) daşary ykdysady işiň subýektleriniň, ýurduň haryt öndürijileriniň we sarp edijileriniň hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi;
2) daşary ykdysady iş amala aşyrylanda özara bähbitlilik;
3) daşary ykdysady işiň subýektleriniň telekeçilik işiniň erkinligi we ykdysady özbaşdaklygy;
4) daşary ykdysady işiň subýektleriniň deňligi;
5) Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygynyň üpjün edilmegi.

## 18.2. Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesi we oňa baha bermek

Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesine baha bermek üçin aşakdaky ykdysady görkezijiler ulanylýar:

1. Eksportyň çägi (kwotasy):

$$X_Q = X/Y$$

$X_Q$ – *(export quota) eksportyň çägi;*
$X$ – *ýurduň eksportynyň bir ýyldaky möçberi, pul birliginde;*
$Y$ – *jemi içerki önümiň bir ýyldaky möçberi, pul birliginde.*

2. Importyň çägi (kwotasy):

$$M_Q = M/Y$$

$M_Q$ – *(import quota) importyň çägi;*
$M$ – *ýurduň importynyň bir ýyldaky möçberi, pul birliginde.*

3. Sap eksport:

$$X_N = X - M$$

$X_N$ – *(net export) sap eksport.*

4. Daşary söwdanyň çägi (kwotasy):

$$FT_Q = (X + M)/Y$$

$FT_Q$ – *(foreign trade quota) daşary söwdanyň çägi;*
$(X + M)$ – ýurduň bir ýyldaky daşary söwda dolanyşygy. Ol pul görnüşinde aňladylýan eksportyň we importyň jemi hökmünde hasaplanýar.

5. Daşary söwda dolanyşygynyň çeýeliginiň koeffisiýenti:

$$E = \Delta(X + M)/\Delta Y$$

$\Delta(X + M)$ – belli bir döwürde daşary söwda dolanyşygynyň artmagy;
$\Delta Y$ – şol döwürde jemi içerki önümiň artmagy.

Halkara söwdasynyň zerurlygyny şertlendirýän faktorlar:
- ýurduň eýeleýän çäginiň (meýdanynyň) aýratynlygy;
- tebigy howa şertleri boýunça tapawutlar;
- ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň gyradeň ösmeýändigi;
- daşarky bazarlarda harytlary we hyzmatlary ýerlemegiň mümkinçilikleri.

Häzirkizaman ykdysadyýetiniň esasy aýratynlyklarynyň biri ylmy-tehniki bilimleriň halkara bazarynyň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Ösüşiň häzirki tapgyrynda dünýä bazarynda tehnologiýalaryň 2 görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Maddy görnüş (iň täze pudaklar, gurallar, tehnologiki toplumlar, enjamlar we materiallar);
2. Maddy däl görnüş (bilim, tejribe, ylmy-tehniki maglumatlar).

Maddy däl görnüşdäki tehnologiki alyş-çalşyň esasyny çalt ösýän *ygtyýarnamalaýyn* söwda düzýär.

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň görnüşleri:
- harytlaryň halkara söwdasy;
- hyzmatlaryň söwdasy;
- kapitalyň daşary ýurtlara çykarylmagy;
- işçi güýjüniň halkara migrasiýasy;

21. Sargyt № 466.

– Ykdysady goşulyşmak;
– Halkara pul-karz gatnaşyklary.




*a* *b* *ç*

*18.2-nji şekil. Dünýä bazarynda hyrydarlygyň we hödürlemegiň deňagramlylygy: a – A döwlet; b – dünýä bazary; ç – B döwlet*

Seljerilýän modelde *A* ýurduň deňagramly bahasynyň ($P_{EA}$) *B* ýurduň deňagramly bahasyndan ($P_{EB}$) pesdigi sebäpli, berlen harydyň *A* ýurtdan *B* ýurda eksport edilmegi ykdysady taýdan maksadalaýyk hasaplanýar. Bu döwletleriň arasyndaky söwda dünýä bahasy $P_{EW}$ boýunça amala aşyrylýar.

Iki döwletiň arasyndaky amala aşyrylýan söwdada emele gelýän deňagramlylygy aşakdaky görnüşde ýazmak mümkin:

$$\underbrace{S_A - D_A} = \underbrace{D_B - S_B}$$

ýa-da

$$D_A + D_B = S_A + S_B$$

$$D_W = S_W.$$

Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlary bolup Russiýa, Eýran, Hytaý, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Gazagystan, Ukraina, Italiýa, ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Şweýsariýa, Fransiýa we beýleki döwletler çykyş edýär. Türkmenistanyň dünýä bazarlaryna eksport edýän harytlary – tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, elektroenergiýa, polipropilen, suwuklandyrylan gaz, pagta süýümi, nah matalar we ş.m.

Çig mal şertleriniň döredilmegi Türkmenistanyň senagat böleginde ösen ýangyç-energetiki toplumyň emele gelmegine mümkinçilik berdi.

## 18.3. Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy we daşary ykdysady işiň esasy wezipeleri

Ýurduň ykdysadyýetini *diwersifikasiýalaşdyrmagyň (köpugurly ösdürmegiň) üç ugry tapawutlandyrylýar:*

1) ykdysadyýetiň pudaklarynyň we önümleriniň düzümini özgertmek, ýagny uly mümkinçilikleri bar bolan pudaklaryň, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny hem-de täze tehnologiýalar bilen üpjün edilen önümçilikleriň ýokary depginler bilen ösdürilmegi – agrosenagat toplumy, himiýa we nebit himiýasy, gurluşyk materiallary we ş.m.;

2) ýurduň eksport kuwwatyny dürli ugurlara gönükdirmek, ýagny eksportyň düzüminde nebitgaz serişdelerinden beýleki önümleriň paýyny artdyrmak;

3) tebigy gazyň dünýä bazarlaryna çykarylmagyny diwersifikasiýalaşdyrmak.

Görkezilen ugurlar uglewodorod serişdelerini dünýä bazarlarynda amatly bahalardan ýerlemeklige we eksport amallarynyň ýerine ýetirilmeginde ýüze çykýan päsgelçilikleriň öňüni almaga hem-de töwekgelçiligi peseltmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda daşary ykdysady işiň esasy ugurlary:

1) halkara ykdysady we maliýe hyzmatdaşlygy;

2) daşary söwda işi;

3) daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi;

4) Türkmenistanyň çäginden daşardaky maýa goýum işi.

Daşary söwda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin goşmaça serişdeleri almagy üpjün edýär we ýurduň haryt öndürijileriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ösdürmäge ýardam edýär. Daşary ykdysady syýasat ykdysady ösüşiň esasy wezipelerini we olaryň özara baglanyşygyny kesgitleýär.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň *esasy wezipeleri*:

1) dünýä ykdysadyýetiniň bütewileşýän şertlerinde Türkmenistanyň dünýä bazarlaryna çykmagynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak;

2) halkara zähmet bölünişiginde ýurduň tutýan ornuny berkitmek;

3) dünýä ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmagy güýçlendirmek.

Şeýle-de Türkmenistanda daşary ykdysady işiň guramaçylyk-institusional esasy emele geldi, ýagny onuň düzgünleşdirilmegi we ösdürilmegi üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edildi. Milletiň Lideriniň häzirkizaman daşary ykdysady syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin Türkmenistanda hyzmatdaşlyk boýunça ýöriteleşdirilen *hökümetara toparlar* döredilýär, olaryň işi ykdysadyýet, söwda, maýa goýumlar, ylym we tehnika, bilim, medeniýet ugurlaryny öz içine alýar. Toparlarda netijeli ykdysady, işewürlik aragatnaşyklaryny ýola goýmak we ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Döredilen hökümetara toparlaryň köpüsi söwda gatnaşyklaryny ösdürmekde we

maýa goýum hyzmatdaşlary bilen aragatnaşyklary ýola goýmakda Türkmenistanyň ileri tutýan ugurlaryny görkezýär. Türkmenistan bilen hökümetara toparlary döredilen ýurtlaryň paýyna ýurduň daşary söwda dolanyşygynyň 90%-e golaýy düşýär we bu olaryň esasy hyzmatdaşlar bolup çykyş edýändigini häsiýetlendirýär.

Hökümetara toparlar Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde möhüm gurallarynyň biri bolmak bilen, ikitaraplaýyn gatnaşyklary guramagyň netijeli guraly hasaplanýar. Hökümetara toparlar ýurduň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagy we ösüşiň häzirki tapgyrynda täze daşary ykdysady syýasaty durmuşa geçirmek nukdaýnazaryndan möhüm, geljegi nazarlaýan taslamalaryň işlenip taýýarlanmagyny üpjün edýär.

Bazar şertlerinde kompaniýalar halkara işewürligini alyp barmakda hojalyk amallarynyň belli bir görnüşini saýlap alýarlar. Halkara amallaryny alyp barmagyň aşakdaky esasy görnüşleri tapawutlandyrylýar.

1. Harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty hem-de importy;
2. Maýa goýumlar;
3. Transmilli kompaniýalar.

Harytlaryň eksporty we importy her bir döwletiň halkara geleşikleriniň esasy maddalary hasaplanýar. Şonuň bilen birlikde ol her bir kompaniýanyň halkara amallarynyň ilkinji derejesi bolup çykyş edýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerinde dürli ugurlar boýunça işi alyp barýan bäsdeşlik artykmaçlygyny gazanmak bilen köpugurly ösüşleriň aýry-aýry taraplaryny tapmaga çalyşýarlar.

*Proteksionizm* – daşarky bäsdeşlikden ýerli haryt öndürijileri goramak boýunça alnyp barylýan döwlet syýasaty. Ol daşary ýurtlardan getirilýän harytlara *gümrük tarifleriniň* ýokary derejesiniň kesgitlenmegi arkaly alnyp barylýar, başgaça oňa *import üçin kesgitlenýän tarif* diýilýär.

*Demping* – ýokary bazar paýyny eýelemek maksady bilen iň pes bahalar boýunça harytlaryň we hyzmatlaryň ýerlenmegi. Ol talabalaýyk gelmeýän bäsdeşlik hasaplanýar.

Dünýäniň birnäçe döwletlerinde hyzmatlardan alynýan girdejileriň derejesi has ýokary bolýar we ol halkara işewürliginiň ýöriteleşen görnüşini öz içine alýar.

Bu amallaryň esasyny XX asyryň ahyrynda täze önümçilik usulyna, ýagny senagat döwründen soňky tapgyra, postindustrial jemgyýete geçmek arkaly ylmy tehniki progresiň çuňlaşdyrylmagy düzýär. Onuň häsiýetli aýratynlyklary:

1. Innowasiýanyň yzygider ösdürilmegi;
2. Täze tehnologiýalary özleşdirmek;
3. Ösüşiň esasy resurslary bolup, ylym, bilim, adam kapitaly çykyş edýär.

Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri hökmünde ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmagyň netijesinde pudaklary ýokary depginler bilen ösdürmek we dünýä bazaryna ýokary hilli önümleriň yzygider eksport edilmegini artdyrmak hasaplanýar.

# XIX BAP
# HALKARA SÖWDASYNYŇ YKDYSADY ESASLARY

## 19.1. Halkara söwdasy we onuň görnüşleri

Daşary söwda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin goşmaça serişdeleri almagy üpjün edýär we ýurduň haryt öndürijileriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ösdürmäge ýardam edýär. *Halkara söwda* dünýäniň ähli döwletleriniň daşary söwda amallarynyň jemini görkezýär.

Halkara söwdasynyň *görnüşleri*:

1. Eksport geleşikleri;
2. Import geleşikleri;
3. Reeksport geleşikleri;
4. Reimport geleşikleri.

Ýurduň ykdysadyýetiniň açyklyk derejesi *daşary söwda dolanyşygynyň (eksportyň we importyň jemi) jemi içerki önümiň möçberine bolan gatnaşygynyň göterimde* aňladylmagy arkaly hasaplanýar:

$$Y_{op.} = F_{TT}/GDP \times 100\%$$

$Y_{op.}$ – ýurduň ykdysadyýetiniň açyklyk derejesi;

$F_{TT}$ – *(foreign trade turnover)* daşary söwda dolanyşygy;

*GDP – (gross domestic product)* ýurduň jemi içerki önüminiň möçberi.

Bu görkeziji näçe ýokary bolsa, şonça-da ykdysadyýet açyk hasaplanýar.

*Bütindünýä söwda guramasy* (*WTO* – ***W**orld **T**rade **O**rganisation*) – bu erkinlik ýörelgelerine laýyklykda halkara söwdasynyň düzgünlerini kadalaşdyrýan halkara ykdysady guramadyr. Bu gurama 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda hereket edip başlady. Resmi ýagdaýda Bütindünýä söwda guramasy 1994-nji ýylda Marrakeşde (Marokko) geçen konferensiýada döredildi. Şonuň üçin Bütindünýä söwda guramasyny döretmek baradaky Ylalaşyga *Marrakeş Ylalaşygy* hem diýilýär. Dünýä söwda dolanyşygynyň 97%-ine golaýy Bütindünýä söwda guramasyna girýän döwletleriň paýyna düşýär.

*Bütindünýä ykdysady forumy* – bu halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen halkara işidir. Forum her ýylda Şweýsariýanyň Dawos şäherinde geçirilýär. Bütindünýä ykdysady forumyň hünärmenleri tarapyndan her ýylda *«Bütindünýä bäsdeşlige ukyplylyk»* barada maglumat taýýarlanýar.

Milli ykdysadyýetleriň bäsdeşlige ukyplylyk görkezijisi ilkinji gezek 1986-njy ýylda belli halkara gurama hasaplanýan Bütindünýä ykdysady forumy tarapyndan işlenip düzülýär. Döwletleriň bäsdeşlige ukyplylygy boýunça her ýylda jemlenýän

maglumat Bütindünýä ykdysady forumynyň ýolbaşçylygynda Menejmentiň we ösüşiň halkara instituty (Lozanna) tarapyndan taýýarlanýar.

Bäsdeşlige ukyplylyga baha bermegiň görkezijileri 8 sany jemlenen faktor arkaly toparlara bölünýär:

1. Içerki ykdysady mümkinçilikler;
2. Daşary ykdysady aragatnaşyklar;
3. Döwlet kadalaşdyrylyşy;
4. Karz-maliýe ulgamy;
5. Infrastruktura;
6. Dolandyryş ulgamy;
7. Ylmy-tehniki mümkinçilikler;
8. Zähmet resurslary.

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň *görnüşleri*:

1. Harytlaryň halkara söwdasy;
2. Hyzmatlaryň söwdasy;
3. Kapitalyň daşary ýurda çykarylmagy;
4. Işçi güýjüniň halkara migrasiýasy;
5. Ykdysady goşulyşmak;
6. Halkara pul-karz gatnaşyklary.

*Harytlaryň halkara söwdasy* – bu halkara haryt-pul gatnaşyklarynyň ulgamy ýa-da dünýäniň ähli döwletleriniň daşary söwda amallarynyň jemidir. Ol öz gezeginde aşakdaky görnüşlere bölünýär:

a) çig mallaryň söwdasy;
b) maşynlaryň we enjamlaryň söwdasy;
ç) sarp ediş harytlarynyň söwdasy.

*Hyzmatlaryň söwdasy* aşakdakylary öz içine alýar:

– ulag hyzmatlary;
– ygtyýarnamalaryň söwdasy;
– syýahatçylyk;
– halkara söwdasynda araçyllyk hyzmatlary;
– maliýe hyzmatlary;
– maglumat, reklama we beýleki hyzmatlar.

*Kapitalyň daşary ýurtlara çykarylmagy* – milli çäkler arkaly kapitalyň hereket etmegi. Ol hususy, döwlet we halkara guramalarynyň kapitaly görnüşinde bolup bilýär. Bu ulgamda transmilli korporasiýalar we banklar esasy orun eýeleýär.

*Işçi güýjüniň halkara migrasiýasy* – bu ykdysady sebäplere görä zähmete ukyply ilatyň bir ýerden başga bir ýerlere göçmegidir. Migrasiýanyň esasy *ugurlary*:

– pes hünärli işçi güýji ösýän döwletlerden göçýärler;
– ýokary hünärli işçi güýji ösen döwletlere we käbir ösýän döwletlere göçýärler.

Halkara pul gaznasynyň maglumatlaryna laýyklykda, aşakdaky ugurlar boýunça peýdanyň ortaça derejesi tapawutlandyrylýar:

– harytlaryň eksporty – 20%;
– hyzmatlaryň eksporty – 40%;
– işçi güýjüniň eksporty – 100%.

Her bir döwlet özüniň tebigy baýlyklaryndan, geosyýasy ýerleşişinden, hünärmenler bilen üpjünçiliginden, ylmyň we tehnikanyň ösüşinden peýdalanmak bilen hem-de halkara zähmet bölünişiginde öz ornuny tapmak bilen özara bähbitli daşary ykdysady hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitleýär.

Halkara söwdasynyň ösmeginde halkara banklaryna aýratyn orun degişlidir. Halkara banklarynyň ýerine ýetirýän amallarynyň we hyzmatlarynyň esasy görnüşleri: halkara hasaplaşyklar, karzlaşdyrmak we depozitleriň jemlenmegi, walýuta bilen geçirilýän amallar, dünýä gymmatly kagyzlar bazarlarynda geçirilýän amallar, ynama esaslanýan (trast) amallar, söwdanyň maliýeleşdirilmegi boýunça amallar we beýleki hyzmatlar.

Halkara bank işinde ýüze çykýan esasy töwekgelçilikler:

1) *karz töwekgelçiligi* – karz boýunça göterimleriň ýa-da berginiň esasy böleginiň bellenen möhletde gaýtarylmazlygy boýunça töwekgelçilik;

2) *göterim töwekgelçiligi* – göterim derejeleriniň amatsyz üýtgemegi bilen baglanyşykly töwekgelçilik;

3) *walýuta töwekgelçiligi* – möhletli bank amallarynyň walýuta hümmetiniň üýtgemegi, şeýle-de ýurtda walýuta gözegçiliginiň girizilmegi we walýuta düzgünleşdirmesiniň berkemegi bilen baglanyşykly töwekgelçilik;

4) *bazar töwekgelçiligi* – bank amallarynyň beýleki makroykdysady şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly töwekgelçilik, mysal üçin, bank karzlaryny eksport edýän döwletde hümmetsizlenmegiň ýokarlanmagy, süýşürintgileriň we maýa goýumlaryň möçberiniň peselmegi.

*Töwekgelçiligiň derejesiniň modeli* grafik arkaly aşakdaky görnüşde görkezilýär.




*19.1-nji şekil. Töwekgelçiligiň derejesiniň modeli*

Grafigiň bölümleri aşakdaky derejelere görä düşündirilýär:

– *kadaly durnuklylyk bölümi* – iň pes töwekgelçilik ýagdaýyny kesgitleýär (0 – 25%);

– *durnuksyz ýagdaýy görkezýän bölüm* – ýokary töwekgelçilik ýagdaýyna laýyk gelýär ( 25 – 50%);

– *durnuksyzlygyň ýokary derejesini görkezýän bölüm* – ýokary töwekgelçiligiň amatly çägini görkezýär (50 – 75%);

– *çökgünlik ýagdaýy görkezýän bölüm* – ýokary töwekgelçiligiň amatsyz çägini görkezýär (75 – 100%).

## 19.2. Daşary söwdanyň ykdysady esaslary

Häzirkizaman dünýä söwdasynda şeýle esasy meýiller ýüze çykýar:

– söwdanyň absolýut möçberiniň artmagy;

– jemi içerki önümde eksportyň we importyň paýynyň ýokarlanmagy;

– daşary söwda dolanyşygynyň artyş depgininiň jemi içerki önümiň artyş depgininden ýokary bolmagy.

Otnositel artykmaçlyklar halkara söwdasynyň we ýöriteleşmegiň esasyny düzýär. Olar taryhy, geografiki, tehnologiki we ş.m. görnüşlerde bolup bilýär.

Ykdysady nazaryýetde ýöriteleşmekden we alyş-çalyşdan alynýan peýdany seljermegiň umumy modeli işlenip düzüldi. Şeýle modelleriň arasynda Rikardonyň modeliniň öwrenilmegi wajyp hasaplanýar.

Bu modeli anyk mysalyň üsti bilen düşündirmek üçin iki ýa-da birnäçe döwletiň deňeşdirmesi geçirilýär. Mysal üçin, *A* we *B* döwlet pagta hem-de bugdaý öndürýär. Ilkibaşda iki döwlet hem ýapyk ykdysadyýet (awtarkiýa) şertlerinde hojalygy alyp barýarlar. *A* döwlet 1,4 *mln* tonna pagta we 1,6 *mln* tonna bugdaý öndürýär. *B* döwlet bolsa 0,4 *mln* tonna pagta we 0,8 *mln* tonna bugdaý öndürýär. *A* döwletiň önümçilik mümkinçilikleri 3,0 *mln* tonna pagta ýa-da 3,0 *mln* tonna bugdaý, ýa-da olaryň ornunyň çalşylmagy esasynda görkezilen harytlary öndürmäge şert döredýär. *B* döwlet öz resurslaryny ulanyp, 2 *mln* tonna pagta ýa-da 1 *mln* tonna bugdaý, ýa-da önümçilik mümkinçilikleriniň çäginde olaryň ornunyň çalşylmagyna görä harytlary öndürip bilýär. Ýokarda görkezilen harytlaryň san taýdan baglanyşygyny aňladýan önümçilik münkinçilikleriniň ugry islendik nokady saýlamaga mümkinçilik berýär.

Meseläni doly açyp görkezmek üçin birnäçe soraglar ýüze çykýar we olaryň amatly çözgüdini tapmak wajyp hasaplanýar:

– ýöriteleşmek we alyş-çalyş üçin ykdysady esasyň bolmagy, başgaça, döwletleriň haýsy hem bolsa bir harydy öndürmegiň we alyş-çalyş etmegiň peýdalylygyny ýüze çykarmagy, şeýle-de öz-özüni üpjün edýän ykdysadyýeti saklamagyň amatly taraplarynyň esaslandyrylmagy;

– haýsy önümleriň öndürilmegine ýöriteleşmegiň zerurlygyny beýan edip, onuň sebäpleriniň düşündirilmegi;

– her bir döwlet üçin ýöriteleşmekden we alyş-çalyşdan alynýan peýdanyň kesgitlenmegi;

– ýöriteleşmekden we alyş-çalyşdan alynýan peýdanyň çäginiň esaslandyrylmagy.

Eger önümçilik mümkinçilikleriniň ýapgytlyk burçlary dürli bolsa, onda birinji soraga dogry jogap berip bolýar, ýöne ol ykdysady esaslandyrmalary talap edýär. *A* döwletiň *B* döwletden önümçiliginiň möçberiniň ýokarydygy sebäpli, ilkinji garaýyşlara görä *A* döwlet üçin ýöriteleşmegiň zerurlygynyň ýokdugy bellenýär.




*19.2-nji şekil. Ýöriteleşmäge çenli önümçilik mümkinçilikleri*

Ýöriteleşmekden we alyş-çalyşdan alynýan peýdany ykdysady taýdan esaslandyrmak üçin alternatiw (ikiden birini saýlamak) harajatlaryň kesgitlemesinden peýdalanmak zerur hasaplanýar. *Önümçilik mümkinçilikleriň çyzygynyň ýapgytlygyna görä alternatiw harajatlary tapawutlandyryp bolýar*.

*A* döwlet üçin bir tonna pagta öndürmegiň alternatiw harajatlary bir tonna bugdaýa deň bolýar:

$$\text{1 tonna pagtanyň alternatiw harajady} = \frac{\text{3,0 mln tonna bugdaý}}{\text{3,0 mln tonna pagta}} = \text{1 tonna bugdaý.}$$

Bu ýagdaýda bir tonna bugdaýyň alternatiw harajatlary bir tonna pagta deň bolýar. Ol *A* döwletde 1 tonna pagtany öndürmek üçin sarp edilen resurslaryň zerur bolan ýagdaýda bugdaýyň öndürilmegine gönükdirilmeginiň netijesinde 1 tonna bugdaý öndürip boljakdygyny aňladýar. Bugdaýyň goşmaça öndürilmegi şol möçberde pagtanyň öndürilmeginiň azaldylmagyny talap edýär, sebäbi önümçilik

mümkinçilikleriniň ugruny kesgitlemek bilen resurslaryň çäkliligi we olaryň doly ulanylýandygy hasaba alynýar. Önümçilik mümkinçilikleriniň ugry boýunça ýokardan aşak tarap ýerine ýetirilýän hereket bugdaýyň önümçiliginiň artmagyny, şol bir wagtda pagtanyň önümçiliginiň azalmagyny aňladýar. Eger-de aşakdan ýokaryk hereket amala aşyrylsa, onda ol pagtanyň önümçiliginiň ýokarlanýandygyny we bugdaýyň önümçiliginiň azalýandygyny görkezýär.

*A* döwletde 1 tonna pagtanyň alternatiw harajatlary 3 *mln* tonna pagtany 3 *mln* tonna bugdaýa bölmek arkaly tapylýar. Olar 1-e deň bolýar, ýagny 1 tonna bugdaýyň 1 tonna pagta deňligi hasaba alynýar.

*B* döwletde 1 tonna pagtanyň alternatiw harajatlary 1 tonna bugdaýyň 2 tonna pagta bölmek arkaly tapylýar. Bu 1 tonna pagtanyň önümçiligini bes edip, ½ tonna bugdaýy öndürip bolýandygyny görkezýär. Öz gezeginde 1 tonna bugdaýyň önümçiligi bes edilip, döwletde 2 tonna pagtanyň öndürip bolýandygy hasaba alynýar.

Iki döwletiň alternatiw harajatlary tablisa arkaly şeýle görkezilýär:

| | A döwlet | B döwlet |
|---|---|---|
| *Pagtanyň alternatiw harajatlary, t* | *1* | *1/2* |
| *Bugdaýyň alternatiw harajatlary, t* | *1* | *2* |

Ýöriteleşmegiň we alyş-çalşyň peýdalylygyny seljermek üçin iki döwletiň alternatiw harajatlaryna çatryk usuly esasynda seljerme geçirmek zerur hasaplanýar. *A* döwlete garanyňda *B* döwletde pagtanyň alternatiw harajatlary 2 esse az bolýar. Beýleki bir tarapdan, *B* döwletde bugdaýyň alternatiw harajatlary *A* döwlete garanyňda 2 esse ýokary bolýar. Netijede, *B* döwletiň pagtany öndürmeklige ýöriteleşmegi amatly hasaplanýar. *A* döwletde bugdaýy öndürip, ony *B* döwletde öndürilýän pagta çalyşmak göz öňünde tutulýar.

Seljermede bahanyň derejesini hasaba almak zerur ugurlaryň biri bolup çykyş edýär.

Ilkinji çäklendirme şeýle kesgitlenýär:

*A döwletiň 1 tonna bugdaýy > B döwletiň 1 tonna pagtasy.*

Ikinji çäklendirme:

*B döwlet üçin 1 tonna bugdaýy alyp, 2 tonna pagta bilen deňeşdirilende az töleg geçirmegi peýdaly bolýar.*

Iki döwlet üçin özara bähbitli alyş-çalşy amala aşyrmagyň baha boýunça çägi şeýle kesgitlenýär:

*1 tonna pagta < 1 tonna bugdaý < 2 tonna pagta.*

Ol ýa-da beýleki haryda bolan hyrydarlygyň agdyklyk etmegi harytlaryň alyş-çalşyna öz täsirini ýetirýär. Eger halkara bazarynda bugdaýa hyrydarlyk ýokarlanýan bolsa, onda baha 2 tonna pagtanyň derejesine ýakynlaşar.

Hasaplamalary ýeňilleşdirmek üçin bahanyň alyş-çalşyň deňliginiň çäginde kesgitlenmegi göz öňünde tutulýar:

*A döwletiň 1 tonna bugdaýy = B döwletiň 1,5 tonna pagtasy.*

Döwletleriň arasyndaky alyş-çalşy seljermekde bu ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň dürli möçberi hasaba alynýar. *B* döwlet öz ähli resurslaryny ulanyp, 2 *mln* tonna pagta öndürip bilýär. Ol pagtanyň ähli möçberini bugdaýa çalşyp bilmeýär. Bu döwletde pagtany sarp etmegiň adaty möçberi 0,40 *mln* tonna we galan 1,60 *mln* tonnasyny satmak üçin hödürlenýän bolsa, ony *A* döwlet 1 tonna bugdaýa deň bolan 1,50 tonna pagtanyň bahasy boýunça alyş-çalyş edip, satyn alar. *B* döwlet 1,07 *mln* tonna bugdaý (1,60 *mln* tonna pagta/1,5) alyp biler. Netijede, alyş-çalyş amala aşyrylyp, taraplaryň peýdasyny kesgitlemeklige mümkinçilik döreýär.

Ýöriteleşmäge çenli iki döwletiň artykmaçlyklary hasaba alnyp, jemi 1,80 *mln* tonna pagta öndürilýärdi (*A* döwletde 1,40 *mln* tonna + *B* döwletde 0,40 tonna). Öndürilen bugdaýyň umumy möçberi 2,40 *mln* tonna deň bolýar (1,60 + 0,80). Ýöriteleşmekden soň pagtanyň umumy önümçiligi 2 *mln* tonna we bugdaýyň möçberi 3 *mln* tonna deň möçberde hasaba alynýar. Pagtanyň jemi önümçiligi 0,20 (2 – 1,80) *mln* tonna, jemi öndürilen bugdaý 0,60 (3 – 2,40) tonna möçberde ýokarlanýar. Netijede, iki döwlet üçin pagta 0,20 *mln* tonna we bugdaý 0,60 tonna möçberde artýar.

Her bir döwletiň peýdasyny kesgitlemek üçin aşakdaky tablisa düzülýär:

| | | Ýöriteleşmäge çenli | Ýöriteleşmekden soň | Alyş-çalyşdan soň | Söwdadan alynýan peýda |
|---|---|---|---|---|---|
| *A döwlet* | *pagta* | 1,40 | 0 | 1,60 | +0,20 |
| | *bugdaý* | 1,60 | 3 | 1,93 | +0,33 |
| *B döwlet* | *pagta* | 0,40 | 2 | 0,40 | 0 |
| | *bugdaý* | 0,80 | 0 | 1,07 | +0,27 |

*B* döwlet pagtanyň şol bir möçberinde goşmaça 0,27 *mln* tonna bugdaý alýar. *A* döwlet üçin ýöriteleşmekden we alyş-çalyşdan soň goşmaça 0,20 *mln* tonna pagta hem-de 0,33 *mln* tonna bugdaý almaga şert döreýär.

1 tonna bugdaý = 1,5 tonna pagta ölçegden ugur alyp, döwletleriň söwda artykmaçlyklaryny kesgitläp bolýar.

*A döwletiň* söwda artykmaçlygy:

3,0 *mln tonna bugdaý* × 1,5 = 4,5 *mln tonna pagta.*

*B döwletiň* söwda artykmaçlygy:

2,0 *mln tonna pagta* × 1,5 = 13,3 *mln tonna bugdaý*.

Halkara söwdasynyň ykdysady esaslary Hekşer-Oliniň, W. Leontýewiň, Rybçinskiniň modelleri, şeýle-de Krugmanyň halkara söwdasynyň täze nazaryýeti arkaly ösdürildi.

## 19.3. Daşary söwdanyň multiplikatory

Daşary söwdanyň multiplikatory (*foreign trade multiplier*) – bu harytlaryň we hyzmatlaryň goşmaça eksportynyň girdejä edýän täsirini häsiýetlendirýän koeffisiýentdir. Şeýle ýagdaýda girdeji harytlaryň, hyzmatlaryň we kapitalyň eksportyna garanyňda ýokary derejelerde artýar. Onuň ýokarlanmagy awtonom (döwlet) maýa goýumlary ýaly ykdysadyýete öz täsirini ýetirýär. Eksportyň artmagy daşary söwdanyň multiplikatoryny herekete getirýär we iş bilen üpjünçiligiň hem-de girdejiniň möçberi multiplikatiw ýokarlanýar.

Daşary söwdanyň multiplikatory ($M_{for.trade}$ – *foreign trade multiplier*) aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$M_{for.trade} = \frac{1}{1-(mpc+MPEx)}$$

ýa-da

$$M_{for.trade} = \frac{1}{mps+MPIm}$$

*MPEx (marginal propensity to export)* – eksporta bolan goşmaça meýillilik;

*MPIm (marginal propensity to import)* – importa bolan goşmaça meýillilik.

Importy hasaba almak bilen eksportyň möçberiniň üýtgemegi jemi içerki önümiň üýtgemegine täsir edýär:

$$\Delta GDP = \frac{1}{(mps+MPIm)\Delta Ex}.$$

Daşary söwdanyň eksporty, şeýle-de importy öz içine alýandygy sebäpli onuň belli bir çägi kesgitlenýär. Esasy görkeziji hökmünde importa bolan goşmaça meýillilik (*MPIm*) çykyş edýär. Import bu eksport amallarynyň netijesinde alnan girdejileriň bir böleginiň daşyna gidýändigini aňladýar.

$M_{for.trade}$ töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmekde esasy orun eýeleýär. Eksportyň möçberiniň artmagy töleg balansynyň ýagdaýyny gowulandyrýar. Multiplikator girdejini näçe ýokarlandyrýan bolsa, şonça-da ol importy höweslendirýär. Beýleki bir tarapdan, goşmaça import harytlaryny alýan döwletlerde girdejiler azalýar we ol importyň peseldilmegini talap edýär. Bu töleg balansynyň amatly ýagdaýyny üpjün etmek üçin ikitaraplaýyn meýilleriň emele gelýändigini görkezýär. Şeýle-de $K_{for.trade}$ ykdysady ösüşiň we pese gaçmalaryň bir döwletden beýleki döwlete geçirilýändigini aňladýar. Import harytlaryny satyn alýan esasy döwletleriň

birinde girdejileriň peselmegi importyň möçberini azaldýar we ol öz gezeginde beýleki bir döwletiň eksporty hasaplanýar. Öwrenilýän döwletde girdejileriň peselmegi netijesinde importyň möçberiniň azalmagy sebäpli aragatnaşyk saklanýan döwletlere öz täsirini ýetirýär.

Uly açyk ykdysadyýetde multiplikasiýa mehanizmi arkaly emele gelýän islendik garaşylmaýan ýagdaý beýleki döwletlere öz täsirini ýetirip bilýär. Ýurtda girdejileriň ýokarlanmagy importyň möçberini artdyrýar we ol beýleki döwletleriň eksporty hasaplanýar hem-de olaryň girdejilerini ýokarlandyrýar. Multiplikatoryň hereketi netijesinde eksportyň möçberiniň ýokarlanmagy iş bilen üpjünçilige amatly täsir edýär we girdejileri artdyrýar.

## 19.4. Tarifler we olaryň aýratynlyklary

Açyk ykdysadyýet şertlerinde harytlar döwletleriň arasynda erkin hereket edýärler. Şeýle ýagdaýda haýsy hem bolsa bir harydyň deňagramlylygyny kesgitleýän ýurduň içindäki hyrydarlyk we hödürlemek dünýä derejesindäki hyrydarlyk hem-de hödürlemekden, şeýle-de şol bir haryda dünýä derejesinde kesgitlenen deňagramly bahadan düýpli tapawutlanyp bilýär (*19.3-nji şekil*).




*a)* *b)* *ç)*

*19.3-nji şekil. Import harytlaryny satyn alýan ýurduň (a), eksporta harytlary ugradýan döwletiň (ç) harytlarynyň içerki bahalary we dünýä bahalary (b).*

19.3-nji a şekilde *A* döwletde awtomobile bolan içerki hyrydarlygyň we hödürlemegiň egri çyzygy, 19.3-nji ç şekilde *Ç* döwletde awtomobile bolan hyrydarlygyň hem-de onuň hödürlenmeginiň egri çyzygy görkezilýär. Dünýä bahasynyň deňagramly $P_W$ derejesi dünýä hyrydarlygynyň $D_W$ we dünýä hödürlenmeginiň $S_W$ egri çyzyklarynyň kesişýän nokadynda emele gelýär. Birinji ýagdaýda dünýä $P_W$ bahasy *A* döwletiň içerki hyrydarlygy we hödürlenmegi arkaly kesgitlenýän $P_A$ deňagramly bahasyndan pes bolýar. *A* döwletde awtomobili has

arzan dünýä bahasyndan satyn alyp, onuň import edilmegi amatly bolýar. *C* döwletde deňagramly içerki $P_C$ bahanyň dünýä bahasyndan ýokary derejesi görünýär. Bu ýagdaýda *B* döwlet üçin içerki baha garanyňda has ýokary dünýä bahasyndan awtomobili eksport etmek amatly bolýar.

Tarifleriň nazaryýeti import harytlaryny satyn alýan döwletiň mysalynda aşakdaky grafik arkaly düşündirilýär.




*19.4-nji şekil. Import tarifiniň girizilmeginiň netijeleri*

Şeýlelikde, erkin söwda şertlerinde *A* döwlet dünýä $P_W$ bahasy boýunça awtomobilleri import edýär. Bu baha boýunça ýerli haryt öndürijiler $Q_S$ möçberde awtomobil öndürýärler, sarp edijiler olary $Q_D$ möçberde sarp edýärler. *A* döwletde hyrydarlyk bilen hödürlemegiň arasyndaky tapawut $Q_D - Q_S$ möçberde import arkaly kadalaşdyrylýar.

Eger haýsy hem bolsa bir sebäbe görä import tarifi girizilýän bolsa, onda bu ýagdaý üýtgäp bilýär.

*Tarif* – bu gümrük paçlaryny aňladýar. Tarifiň derejesi harydyň bahasyna görä kesgitlenýän göterimi görkezýär. Mysal üçin, harydyň bahasy 7000 dollar, tarifiň derejesi 10% bolsa, onda gümrük pajynyň möçberi 700 dollara deň bolar:

$$7000 \times 0{,}1 = 700 \text{ dollar.}$$

Gümrük pajy hasaba alnanda import edilýän harydyň bahasy 7700 dollar bolar:

$$7000 + 700 = 7700 \text{ dollar.}$$

Grafikde tarif girizilenden soň awtomobiliň içerki bahasynyň ($P_D$) dünýä bahasynyň ($P_W$) we gümrük pajynyň ($T$) jemi hökmünde emele gelýändigi görkezilýär:

$$P_D = P_W + T.$$

Tarifiň girizilmegi netijesinde şeýle hereketler ýerine ýetirilýär. Sarp edijiler $P_D$ baha boýunça $Q_{D1}$ möçberde awtomobilleri satyn alyp bilýärler, ýerli haryt öndürijiler önümçiligi giňeltmäge we $Q_{S1}$ möçberde awtomobil öndürmäge çalyşýarlar.

Tarifiň girizilmegi ykdysady amallara gatnaşyjylaryň dürli toparlary üçin amatly we amatsyz taraplary seljermäge mümkinçilik berýär. $a + b + c + d$ bölümleri öz içine alýan goýy reňk bilen belgilenen bölek jemgyýetde sarp edijiniň artykmaçlygynyň näçe azalandygyny görkezýär. Sarp edijiniň artykmaçlygy bu sarp edijiniň harydy satyn almaga taýýar bolýan bahasy bilen onuň hakykatdan satyn almak üçin töleýän bahasynyň arasyndaky tapawut. $a + b + c + d$ bölümler aýry-aýry ykdysady subýektler üçin amatly we amatsyz taraplary häsiýetlendirýär. $a$ bölüm haryt öndürijileriň artykmaçlygynyň ýokarlanýandygyny görkezýär. Olar ýerli awtomobilleriň önümçiligini $Q_{S1} – Q_S$ möçberde ýokarlandyrýarlar. Import tarifleri girizilenden soň ýerli awtomobil öndürijiler dünýä bahasyndan ýokary goşmaça harajatlar bilen önümçiligi dowam edýärler. Bu olaryň pes netijelilik esasynda işleýändiklerini aňladýar. $a$ bölüm üçin ýerli sarp edjiler goşmaça töleg tölemeli bolýarlar.

$c$ bölüm tarifiň girizilmegi netijesinde döwletiň alýan girdejisini görkezýär. Ol importyň möçberiniň tarifiň derejesine köpeldilmegi arkaly kesgitlenýär. Şeýlelikde, döwletiň alýan girdejisini harçlamagyň ugurlaryna baglylykda girdejiniň hususy bölekden döwlete geçýändigini görmek bolýar. Islendik ýagdaýda döwletiň girdejisi *(c)* ýurduň sarp edijileri tarapyndan üpjün edilýär.

Grafikdäki $b$ bölüm ýerli önümçiligiň goşmaça harajatlaryny görkezýär ýa-da tarifiň girizilmegi boýunça *önümçilik netijesini* aňladýar. $b$ bölüm dünýä bahasyndan ýokarlanýan ýerli goşmaça harajatlaryň jemi artykmaç möçberini görkezýär. Bu tarifiň durmuş harajatlaryny ýa-da jemgyýetiň sap ýitgilerini aňladýar we olar sarp edijiler tarapyndan tölenýär.

Grafikdäki $d$ bölüm sarp edijileriň artykmaçlyklarynyň azalýandygyny ýa-da olaryň ýitgilerini görkezýär. Ol tarifiň girizilmegi boýunça *sarp edişiň netijesini* aňladýar. Bahalaryň ýokarlanmagy sebäpli awtomobilleriň satyn alynmagynyň mejbury ýagdaýda azalmagy netijesinde sarp edijiler belli bir möçberde ýitgi çekýärler. Bu jemgyýetiň sap ýitgisini ýa-da netijesizligiň esasynda emele gelýän ýitgileri aňladýar.

Tarifiň girizilmegi netijesinde $a + b + c + d$ bölümler sarp edijileriň artykmaçlyklarynyň azalýandygyny; $a + c$ bölüm haryt öndürijileriň we döwletiň girdejisini, ony sarp edijileriň töleýändigini; $b + d$ bölüm jemgyýetiň sap ýitgilerini görkezýär.

*Tarif däl çäklendirmeleriň görnüşleri.* Tarif däl çäklendirmeler aşakdaky görnüşlerde ulanylýar:

*Kwotalar.* Import kwotalary – bu belli wagtyň dowamynda döwlete getirilýän daşary ýurt harytlarynyň möçberiniň san taýdan çäklendirilmegidir. Importyň çäklendirilmegi harytlaryň hödürlenmegini azaldýar we netijede, ýerli bahalar dünýä derejesinde kesgitlenen bahalardan ýokarlanýar. Bu ýagdaýda kwotalar tarife meňzeş hasaplanýar.

*Eksportyň meýletin çäklendirilmegi.* Ol daşary ýurtlaryň öz harytlaryny meýletin eksport etmekden saklaýandyklaryny aňladýar.

*Administratiw kadalaşdyrmak.* Tarif däl çäklendirmeleriň bu görnüşi dürli standartlaryň (importdan alynýan tehnikalaryň daşky gurşawyň kadaly ýagdaýyna ýetirýän zyýanynyň çägi) kesgitlenmegi, importdan gelýän azyk we oba hojalyk önümlerine sanitar kadalaryň girizilmegi bilen baglanyşykly. Çäklendirmegiň bu görnüşi ýerli haryt öndürijiler üçin amatly hasaplanýar.

# XX BAP
# TÖLEG BALANSY WE ONUŇ DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI

## 20.1. Töleg balansy we onuň düzümi

Açyk ykdysadyýetiň makroykdysady modellerinde milli ykdysadyýetiň aýratynlygyny kesgitleýän esasy faktor hökmünde töleg balansynyň ýagdaýy (galyndysy) we milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti çykyş edýär.

Töleg balansy (*BP – balance of payment*) – bu belli bir döwürde (bir ýyl) rezidentleriň we rezident däl taraplaryň arasynda amala aşyrylýan söwda we maliýe geleşikleri baradaky statistiki hasabatdyr. Töleg balansy ýurduň fiskal, monetar, walýuta we daşary ykdysady syýasatlaryny işläp düzmegiň we döwlet bergilerini dolandyrmagyň esasy hasaplanýar. Töleg balansyndaky görkezijiler, adatça, bir dünýä pul birliginde (ABŞ-nyň dollarynda) aňladylýar.

Töleg balansy buhgalter hasabynyň ýörelgesine, ýagny *iki gezek ýazgy etmek* ýörelgesine esaslanýar. Bu amala aşyrylýan islendik geleşigiň balansyň *kredit* we *debet* taraplarynda hasaba alynýandygyny görkezýär. *Kredit* – bu gymmatlyklaryň daşary ýurtlara gidýändigini we olar üçin döwletiň belli bir möçberde pul serişdelerini (daşary ýurt walýutasy) alýandygyny, *debet* bolsa ýurda gymmatlyklaryň gelýändigini hem-de onuň netijesinde pul serişdeleriniň (daşary ýurt walýutasy) daşary ýurtlara gidýändigini aňladýar.

*20.1-nji tablisa*

**Töleg balansynyň düzümi**

| Hasabyň ady | Kredit (+) | Debet (-) |
|---|---|---|
| 1. Gündelik amallaryň hasaby<br>Töleg balansy<br>Hyzmatlaryň balansy<br>Zähmet üçin tölegiň balansy<br>Maýa goýum girdejileriniň balansy (göterimler, diwidendler)<br>Gündelik transfertleriň balansy | Harytlaryň eksporty<br>Hyzmatlaryň eksporty<br>Rezident däl taraplardan gelýän girdejiler<br>Alnan girdejiler<br><br>Serişdeleriň alynmagy | Harytlaryň importy<br>Hyzmatlaryň importy<br>Rezident däl taraplara tölenýän tölegler<br>Tölenen girdejiler<br><br>Serişdeleriň geçirilmegi |
| 2. Kapital we maliýe gurallary bilen geçirilýän amallaryň hasaby | Rezident däl taraplaryň borçnamalarynyň ýokarlanmagy ýa-da rezident däl taraplara bildirilýän talaplaryň peselmegi | Rezident däl taraplara bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy ýa-da rezident däl taraplaryň borçnamalarynyň peselmegi |
| 3. Pul ätiýaçlyklarynyň üýtgemegi | (+) peselmek | (–) ýokarlanmak |
| 4. Sap ýalňyşlyklar we säwlikler | | |

22. Sargyt № 466.

Kredit bilen debetiň arasyndaky tapawut hasabyň galyndysy diýlip atlandyrylýar.

Söwda balansynyň krediti harytlaryň we hyzmatlaryň eksport edilmeginden alynýan girdejini, debeti bolsa importdan gelýän harytlaryň we hyzmatlaryň tölegi boýunça beýleki ýurtlara gidýän daşary ýurt puluny görkezýär. Hyzmatlaryň balansynda faktor hasaplanmaýan hyzmatlaryň eksporty we importy görkezilýär (maliýe we ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň, syýahatçylyk hyzmatlarynyň we ş.m. tölegi).

Zähmet üçin tölegiň we maýa goýum girdejileriniň balansy faktorlar arkaly hyzmatlaryň (zähmet, kapital) ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly walýutalaryň tölenýändigini hem-de olaryň beýleki döwletlere gidýändigini görkezýär.

Gündelik transfertleriň hasaby birtaraplaýyn ýerine ýetirilýän maliýe serişdeleriniň we harytlaryň hereketini görkezýär. Oňa hökümetiň ynsanperwerlik kömekleri mysal bolup bilýär. Şeýle amallar hususy taraplaryň bir döwletden (eger haýsy hem bolsa bir döwletde işleýän ýagdaýynda) öz döwletine pul geçirimleri görnüşinde amala aşyrylyp bilner.

Daşary ýurtlarda *A döwlete degişli hasaplarda* pul ätiýaçlyklarynyň ýokarlanmagy *A* ýurda puluň gelýändigini aňladýar we ol kredit boýunça (+) belgi bilen görkezilýär. *A* ýurduň pul ätiýaçlyklarynyň *daşary ýurtlara degişli hasaplar arkaly* ýokarlanmagy puluň beýleki döwletlere gidýändigini aňladýar we ol debet boýunça (–) belgi bilen görkezilýär.

Töleg balansynyň ähli hasaplarynyň arasyndaky özara baglanyşygy ýüze çykarmak üçin makroykdysady deňagramlylygyň formulasyndan peýdalanylýar:

$$Y = C + I + G + Nx.$$

Deňligiň çep we sag taraplaryndan öý hojalyklarynyň sarp ediş çykdajylarynyň (*C*) we döwlet çykdajylarynyň (*G*) aýrylan ýagdaýynda aşakdaky deňlik alynýar:

$$Y - (C + G) = C + I + G + Nx - (C + G)$$

$$S = I + Nx$$

$Y - C - G = S$ milli süýşürintgileriň möçberini görkezýär.

$S = I + Nx$ deňlik üýtgedilip, şeýle deňlik alynýar:

$$Nx = S - I$$

$Nx$ – *daşarky balans*, $S - I$ bolsa ykdysadyýetiň *içerki balansy* hasaplanýar. Şunuň bilen baglanyşykly esasy makroykdysady deňligi aşakdaky ýaly görkezip bolýar:

$$Nx + (I - S) = 0.$$

Makroykdysady nazaryýetde gündelik amallaryň hasaby $Nx$, kapitalyň

hereketiniň hasaby $I - S$ görnüşinde belgilenýär. Şeýlelikde, töleg balansynyň *kreditiniň we debetiniň ähli maddalarynyň jemi nola deň* bolýar.

Eger $Nx + (I - S) < 0$ bolsa, onda bu ýagdaý döwletiň daşary ýurtlara bergilidigini aňladýar. Ol gündelik amallaryň hasaby bilen kapitalyň hereketiniň hasabynyň jeminiň deň gelmeýändigini we töleg balansynyň ýetmezçiligini *(balance of payments deficit)* görkezýär.

Töleg balansynyň ýetmezçiligi, ýagny $Nx + (I - S) < 0$ şertlerinde Merkezi bank içerki bazarda öz altyn-pul ätiýaçlyklaryndan dollarlaryň belli bir möçberini satýar, ýagny walýuta interwensiýasyny amala aşyrýar. Pul bazarynda daşary ýurt pulunyň hödürlenmegi *ýokarlanýar* we ol Merkezi bankyň resmi ätiýaçlyklary *azalýan* hem bolsa *kredit boýunça (+) belgi* bilen belgilenýär.

Eger $Nx + (I - S) > 0$ bolsa, onda bu ýagdaýda ýurduň daşary döwletlere karz bermek mümkinçiligi emele gelýär we ol töleg balansynyň artykmaçlygyny *(balance of payments surplus)* görkezýär. Merkezi bank daşary ýurt puluny satyn alyp, içerki bazarda onuň hödürlenmeginiň möçberini peseltmäge çalyşýar, ýagny gaýtadan walýuta interwensiýasyny amala aşyrýar. Merkezi bank tarapyndan manada dollaryň satyn alynmagy netijesinde içerki bazarda daşary ýurt pulunyň hödürlenmegi azalýar we bu amal Merkezi bankyň resmi ätiýaçlyklary *artýan* hem bolsa *debet boýunça (–) belgi bilen belgilenýär*.

Makroykdysady nazaryýetde Merkezi bankyň resmi ätiýaçlyklarynyň hasabynyň galyndysy $\Delta R$ belgi bilen aňladylýar. Şeýlelikde, Merkezi bankyň ýerine ýetirýän amallarynyň netijesinde altyn-pul ätiýaçlyklarynyň möçberiniň üýtgemegi kredit we debet boýunça ähli maddalaryň jeminiň nola deňlenmegine mümkinçilik berýär:

$$Nx + (I - S) + \Delta R = 0.$$

Töleg balansyny kadalaşdyrmagyň maddy esasy hökmünde aşakdakylar çykyş edýär:

– döwlet eýeçiligi, şol sanda altyn-pul ätiýaçlyklary;

– döwlet býujeti arkaly gaýtadan paýlanýan milli girdejiniň möçberi (40 – 50%);

– halkara ykdysady gatnaşyklarynda döwletiň gönüden-göni kapitaly eksport ediji, karz beriji we karz alyjy hökmünde çykyş etmegi;

– döwlet guramalarynyň gözegçiligi we kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly daşary ykdysady amallaryň düzgünleşdirilmegi.

## 20.2. Töleg balansynyň grafigi we onuň bölümleri

Ýurduň töleg balansyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär we olar töleg balansynyň grafigini düzmek arkaly düşündirilýär.




*20.1-nji şekil. Töleg balansynyň grafigi*

Töleg balansynyň (*BP*) grafiginiň koordinatalaryndaky *Y* we *r* (*I kwadrant*) sap eksportyň (*net export – Nx*) hem-de kapitalyň hereketiniň (*capital flow – CF*) grafiklerini düzmegiň esasynda alynýar.

Ikinji kwadrantda kapitalyň hereketiniň grafigi görkezilýär. *CF* çyzygy (kapitalyň sap eksportynyň çyzygy) otrisatel gyşarma eýe bolýar, sebäbi ýurtda göterim derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da ol ýurda uly möçberlerde kapital gelýär (*capital inflow*). Ýurduň maliýe aktiwleri maýadarlar üçin ýokary girdejili we özüne çekiji hasaplanýar hem-de gymmatly kagyzlara bolan hyrydarlygyň ýokarlanmagy netijesinde ýurda belli bir möçberde kapital gelýär. Eger ýurtda göterim derejeleri peselýän bolsa, onda maliýe aktiwleri maýadarlar üçin az girdejili we pes derejede özüne çekiji hasaplanýar. Şol sanda ýerli maýadarlar hem gymmatly kagyzlary daşary ýurtlardan satyn almaga çalyşýarlar we netijede, kapital daşary ýurtlara gidýär (*capital outflow*). Şeýlelikde, ýurduň içindäki göterim derejeleri näçe pes bolsa, şonça-da kapitalyň daşary ýurtlara gidýän möçberi ýokary bolýar. *CF* çyzygynyň gyşarmasy *c koeffisiýent*, ýagny kapitalyň hereketiniň içerki we daşarky göterim derejeleriniň arasyndaky tapawudyň üýtgemelerine bolan baglylygy bilen kesgitlenýär. *CF* çyzygynyň gyşarmagynyň tangens burçy *c* koeffisiýente deň bolýar *c* koeffisiýentiň ululygy näçe ýokary bolsa, şonça-da *CF* çyzygynyň ýapgytlyk

derejesi has ýokary bolýar. *CF* çyzygynyň ýapgytlyk derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da kapitalyň hereketiniň göterim derejeleriniň üýtgemelerine bolan baglylygy pes bolýar. Şeýlelikde, *c koeffisiýentiň* ululygy ýokary bolsa we *CF* çyzygy ýapgyt bolsa, onda kapitalyň hereketi peselýär. Netijede, *c koeffisiýent* kapitalyň hereket etmeginiň derejesini häsiýetlendirýär we ol näçe ýokary bolsa, şonça-da kapitalyň hereket etmeginiň derejesi pes bolýar.

Üçünji kwadrantda töleg balansynyň deňagramlylygynyň ($BP = Nx + CF = 0$) grafigi görkezilýär. Töleg balansynyň galyndysynyň 0-a deň bolmagy üçin gündelik amallar boýunça geçirilýän hasabyň (*Nx*) galyndysynyň « – » belgi bilen kapitalyň hereketine degişli hasabyň (–*CF*) galyndysynyň deň bolmagy zerur hasaplanýar.

Dördünji kwadrantda sap eksportyň grafigi görkezilýär. Ýurduň jemi girdejileriniň möçberi näçe ýokary bolsa, şonça-da harytlaryň importy ýokary bolýar we netijede, sap eksport azalýar. *Nx* egri çyzygynyň otrisatel gyşarmasy emele gelýär we ol *mpm (marginal propensity to import)* koeffisiýenti, ýagny importa bolan goşmaça meýillilik bilen kesgitlenýär. *mpm* näçe uly bolsa, şonça-da *Nx*-iň ýapgytlygy ýokary bolýar. Eger sap eksportyň göterim derejeleriniň üýtgemelerine baglylygy ýokary bolsa, onda ol girdejiniň az möçberde üýtgemeginiň hem importyň, şeýle-de sap eksportyň uly möçberde üýtgemelere getirýändigini aňladýar.

$r_1$ göterim derejesinde kapitalyň daşary ýurtlara gitmegi (kapitalyň hereketiniň hasabynyň galyndysy) $CF_1$-e deň gelýär. Töleg balansynyň galyndysynyň 0-a deň bolmagy üçin sap eksportyň möçberi (gündelik amallaryň hasabynyň položitel galyndysy) $Nx_1$-e deň bolmaly we ol girdejiniň $Y_1$ möçberine laýyk gelýär. *A* nokatda girdejiniň möçberi $Y_1$-e, göterim derejesi bolsa $r_1$-e deň bolýar. $r_2$ göterim derejesinde kapitalyň daşary ýurtlara gitmegi $CF_2$-ä deň gelýär, netijede, sap eksportyň möçberi $Nx_2$-ä deň bolmaly we ol girdejiniň $Y_2$ derejesine laýyk gelýär. *B* nokatda girdejiniň möçberi $Y_2$-ä, göterim derejesi bolsa $r_2$ -ä deň bolýar. Iki ýagdaý hem töleg balansynyň galyndysynyň 0 ýagdaýyna laýyk gelýär. Bu nokatlary birleşdirmegiň netijesinde *BP* egri çyzygy alynýar we onuň her bir nokadynda içerki girdeji (*Y*) bilen içerki göterim derejesiniň (*r*) möçberiniň özara baglanyşygy töleg balansynyň galyndysynyň 0 ýagdaýyny emele getirýär.

*BP* egri çyzygynyň gyşarmasy *CF* we *Nx* egri çyzyklarynyň gyşarmasy bilen kesgitlenýär we ol *c koeffisiýentiň* hem-de *mpm*-iň ululygyna bagly bolýar. Olar näçe ýokary bolsa, ýagny *CF* we *Nx* egri çyzyklarynyň ýapgytlygy näçe ýokary bolsa, şonça-da *BP* egri çyzygy has ýapgyt bolýar. Eger içerki girdejileriň (*Y*) we içerki göterim derejesiniň (*R*) möçberi üýtgeýän bolsa, onda *BP* egri çyzygynyň bir nokadyndan beýleki nokadyna geçilýär, ýagny çyzygyň ugry boýunça hereket başlanýar. Eger *CF* we/ýa-da *Nx* egri çyzyklary süýşýän bolsa, onda *BP* egri çyzygy hem şol ugur boýunça hereket edýär.

*CF* egri çyzygynyň süýşmegi aşakdaky üýtgemeleriň emele gelýän ýagdaýynda ýüze çykýar:

– pul birliginiň hümmetiniň üýtgemegi;
– beýleki döwletlerde göterim derejesiniň üýtgemegi.

Pul birliginiň hümmetiniň ýokarlanmagy berlen döwletde maliýe aktiwleriniň gymmatlamagyna getirýär we daşary ýurtly gatnaşyjylar gymmatly kagyzlaryň şol möçberini satyn almak üçin öz pul birligini öňki ýagdaýa görä köp möçberde çalyşmaly bolýarlar. Daşary ýurtlarda maliýe aktiwleriniň bahalarynyň otnositel peselýän ýagdaýlarynda berlen ýurduň maýadarlary gymmatly kagyzlaryň şol möçberini satyn almak üçin öz pul birligini öňkä görä az möçberde çalyşmaly bolýarlar. Bu ýagdaýlara görä içerki göterim derejesiniň her bir görkezijisinde kapitalyň daşary ýurtlara gidýän möçberi ýokarlanýar we şonuň üçin *CF* egri çyzygy çepe süýşýär. Daşary ýurtlarda göterim derejesiniň ýokarlanmagy bolsa beýleki daşary döwletleriň gymmatly kagyzlarynyň girdejililigini artdyrýar we olara bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar, şeýle-de ýurtdan kapitalyň daşary ýurtlara gitmegine getirýär hem-de *CF* egri çyzygy çepe süýşýär.

*Nx* egri çyzygynyň süýşmegi aşakdaky üýtgemeleriň emele gelýän ýagdaýynda ýüze çykýar:

– beýleki döwletlerde girdejiniň üýtgemegi;
– real alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegi.

Beýleki döwletlerde girdejiniň artmagy berlen ýurduň harytlaryna daşary ýurtly taraplaryň hyrydarlygyny ýokarlandyrýar we eksportyň möçberiniň artmagyna getirýär. Sap eksportyň möçberi ýokarlanýar we *Nx* egri çyzygy saga süýşýär. Real alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy berlen ýurduň harytlarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny peseldýär we söwda şertleriniň amatsyz ýagdaýy emele gelýär. Sap eksportyň möçberi peselýär we *Nx* egri çyzygy çepe süýşýär.

Şeýlelikde, aşakdaky ýagdaýlarda *BP* egri çyzygy çepe süýşýär:

– puluň nominal hümmetiniň ýokarlanmagy;
– real alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy;
– beýleki döwletlerde göterim derejesiniň ýokarlanmagy;
– beýleki döwletlerde girdejiniň azalmagy.

*BP egri çyzygynyň daşyndaky nokatlar* hem töleg balansynyň ýagdaýyna täsir edýärler. *BP* egri çyzygynyň her bir nokadynyň töleg balansynyň 0 *galyndysyna* deň bolýandygy sebäpli, *BP* egri çyzygynyň daşyndaky (egri çyzygyň ýokarsyndaky ýa-da aşagyndaky) nokatlar töleg balansynyň *deňagramly däl* ýagdaýyna, ýagny töleg balansynyň otrisatel galyndysyna (ýetmezçilik) ýa-da onuň položitel galyndysyna (artykmaçlyk) laýyk gelýär.

*BP* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän *C* nokatda girdejiniň möçberi $Y_2$-ä deň bolýar we ol sap eksportyň $Nx_2$-i möçberine laýyk gelýär. Göterim derejesi bolsa $r_1$-e deň bolup, ol kapitalyň daşary ýurtlara gidýän $CF_1$ möçberine laýyk gelýär. $Nx_2$--niň (gündelik amallaryň hasabynyň položitel galyndysy) möçberi $CF_1$-iň (kapitalyň hereketiniň hasabynyň otrisatel galyndysy) möçberinden uly bolýar we netijede,

töleg balansynyň položitel galyndysy emele gelýär hem-de ol töleg balansynyň artykmaçlygyny görkezýär. Şeýlelikde, *BP* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýän ähli nokatda töleg balansynyň artykmaçlyk ýagdaýy emele gelýär.

*BP* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän D nokatda girdejiniň möçberi $Y_1$-e deň bolýar we ol sap eksportyň $Nx_1$ möçberine laýyk gelýär. Göterim derejesi bolsa $r_2$-ä deň bolup, ol kapitalyň daşary ýurtlara gidýän $CF_2$ möçberine laýyk gelýär. $Nx_1$-iň (gündelik amallaryň hasabynyň položitel galyndysy) möçberi $CF_1$-iň (kapitalyň hereketiniň hasabynyň otrisatel galyndysy) möçberinden pes bolýar we netijede, töleg balansynyň otrisatel galyndysy emele gelýär hem-de ol töleg balansynyň ýetmezçiligini görkezýär. Şeýlelikde, *BP* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän ähli nokatda töleg balansynyň ýetmezçilik ýagdaýy emele gelýär.

## 20.3. Nominal we real alyş-çalyş hümmeti

Töleg balansy pul birliginiň alyş-çalyş hümmetine öz täsirini ýetirýär. Pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti (*exchange rate*) – bu dürli döwletleriň pul birlikleriniň gatnaşygyny görkezýär.

Daşary ýurt pul birliginiň *göni we garşylyklaýyn (ters gatnaşykda) çalşylmagy* tapawutlandyrylýar.

Daşary ýurt pul birliginiň *göni çalşylmagy:* daşary ýurt pulunyň 1 birliginiň bahasy milli pul birliginiň belli bir möçberinde aňladylýar:

*1 USD = 3,49 TMT*.

Daşary ýurt pul birliginiň *garşylyklaýyn çalşylmagy*: milli puluň 1 birliginiň bahasy daşary ýurt pul birliginiň belli bir möçberinde aňladylýar:

*1 TMT = 0,28 USD.*

Ýokarda görkezilen düzgüne laýyklykda, milli pul birliginiň çalşylmagy şeýle görnüşde alnyp barylýar:

Milli pul birliginiň *göni çalşylmagy*: *1 TMT = 0,28 USD*;

Milli pul birliginiň *garşylyklaýyn çalşylmagy*: *1 USD = 3,49 TMT.*

Umuman, alyş-çalyş hümmeti pul bazarynda pula bolan hyrydarlygyň we hödürlemegiň möçberi arkaly kesgitlenýär. Pul bazarynda (*FOREX – foreign exchange market*) dürli döwletleriň pul birlikleriniň söwdasy alnyp barylýar.

Milli pul birligi (*national currency*) – bu beýleki döwletler bilen halkara hasaplaşyklarda we daşary ykdysady gatnaşyklarda ulanylýan belli bir döwletiň pul birligidir. Milli pul birliginiň daşary ýurt pul birligine çalşylmagy onuň esasy häsiýetnamalarynyň biri hasaplanýar. *Beýleki pul birliklerine çalşylyp bilinmek (convertibility)* – bu hereket edýän alyş-çalyş hümmeti boýunça milli pul birliginiň daşary ýurt pul birligine erkin çalşylmak, şeýle-de daşary ýurt harytlary we hyzmat-

lary üçin tölegiň geçirilmeginde (ýurduň içinde, şeýle-de onuň çäginden daşarda) milli pul birligini ulanmak mümkinçiligidir.

Çalşylmagyň derejesi boýunça pul birlikleri aşakdaky görnüşlere bölünýär:

– erkin çalşylýan *(liberally converted currency)* pul birligi;
– bölekleýin çalşylýan *(partly converted currency)* pul birligi;
– çalşylmaýan, ýapyk *(closed, unconvertible currency)* pul birligi.

*Pul birliginiň erkin çalşylmagy* milli ykdysadyýetiň durnuklylygyny, ykdysady ösüşiň giň mümkinçiliklerini, daşary söwda artykmaçlyklaryny we onuň netijesinde daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň milli pul birligine bolan ýokary ynamyny görkezýär. Erkin çalşylýan pul birliginiň bir bölegi ätiýaçlyk pul birligi hasaplanýar.

Ätiýaçlyk pul birligi *(reserve currency)* halkara hasaplaşyklary üçin ätiýaçlyk serişdesi bolup çykyş edýär we beýleki ýurtlaryň Merkezi banklarynda saklanýar. Ätiýaçlyk pul birlikleriniň kesgitlenmegi üçin aşakdaky dört sany esasy şert ulanylýar:

– durnukly gymmatynyň saklanmagy;
– halkara söwdasynda walýutanyň degişli döwletiniň tutýan esasy orny;
– daşary ýurt pul bazarynyň bolmagy we onuň talabalaýyk hereket etmegi;
– pul birliginiň erkin çalşylmagy.

Häzirki wagtda aşakdaky pul birlikleri ätiýaçlyk pul birlikleri hasaplanýar:

– ABŞ-nyň dollary;
– ýewro;
– funt sterling;
– Şweýsariýanyň franky;
– Ýaponiýanyň ýeni.

Alyş-çalyş hümmetiniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

– nominal alyş-çalyş hümmeti;
– real alyş-çalyş hümmeti.

*Nominal alyş-çalyş hümmeti* iki döwletiň pul birlikleriniň otnositel bahasyny görkezýär.

*Real alyş-çalyş hümmeti* – bu iki döwletde öndürilen harytlaryň otnositel bahalaryny görkezýär. Mysal üçin, milli bazarda öndürilen mebeliň bahasy 8725 manat. Hytaýda öndürilen (hili boýunça deň) şeýle mebeliň bahasy 5000 dollar. Iki harydyň bahasyny bir pul birliginde kesgitlemek zerur hasaplanýar. Bu ýagdaýda Hytaýda öndürilen harydyň bahasyny manatda hasaplamak üçin nominal alyş-çalyş hümmeti ulanylýar (*3,49 manat/1 USD*). Real alyş-çalyş hümmeti aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

$$\varepsilon = P/eP^*$$

$\varepsilon$ – real alyş-çalyş hümmeti;
$P$ – milli bazarda öndürilen harydyň bahasy;

$P^*$ – daşary ýurt harydynyň bahasy;

$e$ – daşary ýurt pul birliginiň göni çalşylmagynyň nominal alyş-çalyş hümmeti.

Bu formula arkaly aşakdaky hasaplamalar geçirilýär:

$$\varepsilon = 8725 \text{ man.}/(3{,}49 \text{ man.}/1 \text{ doll.}) \times 5000 \text{ doll.} = 8725/17450 = 0{,}5$$

0,5 – bu iki harydyň alyş-çalşynyň deňligini görkezýän real alyş-çalyş hümmeti.

Bu ýagdaýda milli bazarda öndürilen 1 mebeliň ýerine 0,5 hytaý mebelini, ýa-da 1 hytaý mebeliniň ýerine 2 sany milli bazarda öndürilen mebeli alyp bolýandygy görkezilýär.

Eger milli pul birliginiň real alyş-çalyş hümmeti 1-den kiçi bolsa, onda milli bazarda öndürilen harytlar daşary ýurt harytlaryna görä otnositel arzan bolýar. Bu baglanyşyk aşakdaky ýaly görkezilýär:

$$\varepsilon\ TMT < 1.$$

Milli bazarda haryt öndürijiler eksportyň möçberini artdyrmaga çalşarlar we daşary ýurtlularyň ýerli bazardaky arzan harytlara hyrydarlygy ýokarlanar. Netijede, Türkmenistanyň sap eksportynyň $Nx\ (Ex - Im)$ möçberini artdyrmaga mümkinçilik dörär.

Eger milli pul birliginiň real alyş-çalyş hümmeti 1-den uly bolsa, onda milli bazarda öndürilen harytlar daşary ýurt harytlaryna görä otnositel gymmat bolýar. Bu baglanyşyk aşakdaky görnüşde seljerilýär:

$$\varepsilon\ TMT > 1.$$

Bu ýagdaýda ýurduň ilaty daşary ýurt harytlaryny köp möçberde satyn alýar we ýerli haryt öndürijiler eksportyň möçberini azaldýar. Ýurduň import boýunça hyzmatdaşlary getirilýän daşary ýurt harytlarynyň möçberini artdyrýar. Netijede, sap eksportyň möçberi azalýar.

Şeýlelikde, real alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegine görä harytlaryň we hyzmatlaryň hereketi, şeýle-de umumy töleg balansynyň ýagdaýy üýtgeýär.

Sap eksport real alyş-çalyş hümmetiniň funksiýasy hasaplanýar:

$$Nx = f(\varepsilon).$$

Deňlikden görnüşi ýaly, real alyş-çalyş hümmeti iki ýurtdaky bahalaryň derejesine we nominal alyş-çalyş hümmetine bagly bolýar.

Häzirki wagtda dürli ýurtlaryň arasyndaky söwda amallarynyň ösmegi we halkara hasaplaşyklarynda dollaryň, şeýle-de ýewronyň ulanylýandygy sebäpli netijeli alyş-çalyş hümmetine aýratyn üns berilýär. *Netijeli alyş-çalyş hümmeti* – bu esasy söwda hyzmatdaşlarynyň pul birlikleri bilen deňeşdirilende belli bir döwletiň pul birliginiň ýagdaýyny häsiýetlendirýän indeks ýa-da utgaşdyrylan görkezijidir. Bu görkezijiniň hil tarapyna baha bermek üçin daşary söwdanyň möçberi ulanylýar.

Netijeli alyş-çalyş hümmetiniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

– netijeli nominal alyş-çalyş hümmeti;
– netijeli real alyş-çalyş hümmeti.

*Netijeli nominal alyş-çalyş hümmeti (NEER, nominal effective exchange rate)* – bu esasy söwda hyzmatdaşlary hasaplanýan döwletleriň pul birliklerine bolan gatnaşykda milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetiniň ortaça derejesini görkezýär.

*Netijeli real alyş-çalyş hümmeti (REER, real effective exchange rate)* – bu esasy söwda hyzmatdaşlary hasaplanýan döwletlerdäki hümmetsizlenmegiň derejesine we ýurduň içindäki bahalaryň ösüş depginine görä düzedişler girizilen nominal alyş-çalyş hümmetini görkezýär:

$$\varepsilon = P_f / eP^*$$

$P_f$ – ýurtlaryň topary üçin bahalaryň indeksiniň ortaça derejesi.

## 20.4. Satyn alyş ukyplyklarynyň deňliginiň nazaryýeti

Satyn alyş ukyplyklar ykdysady nazaryýetde belli bolan *bir baha kanuny (law of one price)* bilen berk baglanyşyklydyr. Bu kanun şeýle düşündirilýär: *erkin bäsdeşlik şertlerinde şol bir haryt bir wagtda dürli ýerlerde we dürli bahalar boýunça satylyp bilinmeýär*. Eger *A* welaýata garanyňda *B* welaýatda almanyň bir tonnasynyň bahasy gymmat bolsa, onda araçy satyn alyjylar *A* welaýatdan almanyň belli bir möçberini satyn alyp, ony *B* welaýatda ýerlemegiň netijesinde peýda alyp bilýär. Şeýle hereketleriň esasynda almanyň bahasy deňlenýär, ýagny araçy satyn alyjylar *A* welaýatda hyrydarlygyň möçberini ýokarlandyrýarlar we *B* welaýatda hyrydarlygy peseldýärler.

Halkara bazarlarynda ulanylýan bitewi bahalar kanuny *satyn alyş ukyplyklaryň deňligi (PPP – purchasing power parity)* diýlip atlandyrylýar. Satyn alyş ukyplyklaryň deňligi baradaky pikir ilkinji gezek D. Rikardo tarapyndan öňe sürülýär, ýöne ol XX asyryň başlarynda şwesiýaly ykdysatçy G. Kasseliň makalasy çap edilenden soň has meşhurlyga eýe bolýar. Oňa şeýle düşündiriş berilýär: *eger halkara bazarlarynda araçy satyn alyjylaryň hereket etmegi üçin mümkinçilikler emele gelýän bolsa, onda ähli ýurtlarda pul birligi (dollar, ýewro we ş.m.) birmeňzeş satyn alyjylyk ukybyna eýe bolmaly.*

Satyn alyş ukyplyklarynyň deňligi nazaryýetinde iki sany ugur tapawutlandyrylýar:

– absolýut satyn alyş ukyplyklarynyň deňligi;
– otnositel satyn alyş ukyplyklarynyň deňligi.

*Absolýut satyn alyş ukyplyklarynyň deňligi* nominal alyş-çalyş hümmetiň iki döwletde bahalaryň derejeleriniň gatnaşygyna deňdigini aňladýar. Eger milli ykdysadyýetde standart sarp ediş harytlarynyň toplumy («sebedi») bir aý hasabynda 349

manada, şol bir görkeziji Hytaýda 100 dollara deň bolsa, onda nominal alyş-çalyş hümmeti 349 manat/100 dollara ýa-da 3,49 manat/1 dollara deň bolar.

*Absolýut satyn alyş ukyplyklarynyň nazaryýeti* nominal alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegi netijesinde real alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemän galýandygyny we onuň 1-e deň bolýandygyny aňladýar:

$$\varepsilon = P/eP^* = 1.$$

Eger milli bazarda öndürilen mebeliň bahasy 8725 manat we Hytaýda öndürilen şol bir harydyň bahasy 5000 dollar bolsa, onda nominal alyş-çalyş hümmeti 1,74 manat/1 dollar bolar. Bu ýagdaýda real alyş-çalyş hümmeti aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$\varepsilon = 8725 \text{ man.}/(1{,}74 \text{ man.}/1 \text{ dollar}) \times 5000 \text{ dollar} = 8725/8700 = 1$$

Eger milli ykdysadyýetde öndürilýän mebeliň bahasy hümmetsizlenme netijesinde 2 esse ýokarlanyp, onuň möçberi 17450 manat bolsa, onda manadyň nominal alyş-çalyş hümmeti bahalaryň gatnaşygynyň 1-e deň bolar ýaly möçberinde peselýär. Hümmetsizlenme netijesinde milli ykdysadyýetde manada bolan hyrydarlyk peselip, dollara bolan hyrydarlyk ýokarlanýar. Bu ýagdaýda pul birlikleriniň bazarynda 1 dollar üçin 3,49 manat alynýar:

$$\varepsilon = 17450 \text{ man.}/(3{,}49 \text{ man.}/1 \text{ dollar}) \times 5000 \text{ dollar} = 17450/17450 = 1.$$

Şeýlelikde, eger $P$ ýokarlansa, onda $e$ nominal alyş-çalyş hümmeti (milli pul birliginiň garşylyklaýyn çalşylmagynda) $\varepsilon$ real alyş-çalyş hümmetiniň möçberiniň 1-e deň bolýan ýagdaýyna çenli peselmeli.

*Otnositel satyn alyş ukyplyklarynyň nazaryýeti* pul birlikleriniň nominal alyş-çalyş hümmetleriniň üýtgemeginiň bu döwletlerdäki bahalaryň derejesiniň üýtgemegine laýyk gelýändigini aňladýar. Nominal alyş-çalyş hümmetleriniň üýtgemelerini hasaplamak üçin aşakdaky deňlik ulanylýar:

$$(e_{t+1} - e_t)/e_t = \pi - \pi^*$$

$t$ we $t+1$ döwürlerde daşary ýurt pul birliginiň göni çalşylmagynyň nominal alyş-çalyş hümmeti;

$\pi$ – bir ýylyň dowamynda ýurtdaky hümmetsizlenmegiň depgini;

$\pi^*$– bir ýylyň dowamynda daşary ýurtlardaky hümmetsizlenmegiň depgini.

## 20.5. Üýtgeýän we üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti

*Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti (fixed exchange rate)* Merkezi bankyň döwletleriň arasynda pul birlikleriniň resmi gatnaşygyny (mysal üçin, *3,49 manat /1 dollar*) kesgitleýändigini we ony saklamak üçin degişli amallary ýerine ýetirýändigini aňladýar.

Daşary ýurt pul birligine bolan hyrydarlyk we ony hödürlemek birnäçe ýagdaýlar arkaly kesgitlenýär:

– ykdysady amallara gatnaşyjylaryň hümmetsizlenmege garaşmalary. Eger Hytaýda hümmetsizlenmegiň derejesi Türkmenistan bilen deňeşdirilende ýokary bolsa, onda dollara bolan hyrydarlyk peselip, manada bolan hyrydarlyk ýokarlanýar;

– otnositel real göterim derejeleri (hümmetsizlenmegiň depgini aýrylandan soň galýan nominal dereje). Eger daşary ýurtlarda göterim derejeleri milli bazar bilen deňeşdirilende ýokary bolsa, onda ykdysady amallara gatnaşyjylar öz maliýe aktiwlerini ýokary göterim girdejisini almak maksady bilen daşary ýurt pul birligindäki goýumlara bolan islegleri artar;

– eksportyň we importyň möçberiniň üýtgemegi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Hytaýdan import harytlaryny almagy netijesinde dollara bolan hyrydarlyk ýokarlanýar, sebäbi hytaý haryt ugradyjylary bilen hasaplaşmak üçin dollaryň belli möçberi gerek bolýar. Türkmenistandan Hytaýa eksport harytlarynyň ugradylmagy netijesinde dollaryň hödürlenmegi artýar, sebäbi eksport amallaryny ýerine ýetirýän ýerli taraplar daşary ýurtlarda öz harytlaryny ýerleýärler hem-de daşary ýurt pul birligini alýarlar.

Şeýlelikde, ýokarda görkezilen ýagdaýlary hasaba almak bilen, üýtgemeýän alyş-çalyş hümmetiniň belli bir derejede saklanmagy *walýuta interwensiýasynyň* ulanylmagy arkaly mümkin bolýar. *Ol walýuta bazarynda alyş-çalyş hümmetiniň onuň üýtgemeýän derejesinden ýokarlanmagy ýa-da peselmegi netijesinde Merkezi bankyň öz halkara ätiýaçlyklaryndan daşary ýurt puluny satýandygyny ýa-da satyn alýandygyny aňladýar.*




*20.2-nji şekil. Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti we walýuta interwensiýasy*

$D_\$$ çyzygy harytlaryň we hyzmatlaryň importy bilen baglanyşykly dollara bolan hyrydarlygy görkezýär hem-de ol töleg balansynyň debeti boýunça ýazylýar. $D_\$$ çyzygynyň otrisatel gyşarmasy şeýle düşündirilýär: alyş-çalyş hümmeti näçe ýokary bolsa, şonça-da dollara bolan hyrydarlyk pes bolýar.

$S_\$$ çyzygy harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty bilen baglanyşykly dollaryň hödürlenmegini görkezýär hem-de ol töleg balansynyň krediti boýunça ýazylýar. $S_\$$ çyzygynyň položitel gyşarmasy dollaryň hödürlenmeginiň alyş-çalyş hümmetine göni baglydygyny aňladýar.

1-nji nokatda töleg balansynyň deňagramlylygy emele gelýär. 1-nji we 3-nji nokatlaryň aralygy dollara bolan hyrydarlygyň onuň hödürlenmeginden ýokary bolýan ýagdaýyny görkezýär. Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmetini saklamak üçin bu aralygyň düzgünleşdirilmegi Merkezi bankyň öz ätiýaçlyk dollarlaryny satmagynyň esasynda amala aşyrylýar. Daşary ýurt puluna bolan hyrydarlygyň onuň hödürlenmeginden ýokary bolmagy töleg balansynyň deňagramlylygynyň bozulandygyny aňladýar we ol $Nx + (I - S) < 0$ görnüşde ýazylyp, döwletiň daşary ýurtlara bergilidigini aňladýar hem-de töleg balansynyň ýetmezçiligini görkezýär. Bu ýagdaýda Merkezi bank içerki bazarda altyn-pul ätiýaçlyklaryndan dollaryň belli bir möçberini satýar, ýagny ol üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamak üçin walýuta interwensiýasyny amala aşyrýar.

Üýtgemeýän hümmetler ulgamy 1944-nji ýylda Bretton-Wudsda işlenip düzüldi we kabul edildi. Bu ulgama laýyklykda, halkara hasaplaşyklarynda ätiýaçlyk pul hökmünde amerikan dollary kesgitlendi.

*Dewalwasiýa (devaluation)* milli pul birliginiň gymmatynyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygy boýunça berlen ýurduň pul birliginiň resmi hümmetiniň peseldilmegini aňladýar. Dewalwasiýa şertlerinde eksport harytlary arzan bolup, import harytlarynyň bahasy ýokary bolýar.

Mysal üçin, Türkmenistan Hytaýdan bahasy 5000 dollara deň bolan mebeli import edýär. Puluň öňki, ýagny *2,84 manat/1 dollar* hümmetinde import harytlaryny alýan ykdysady gatnaşyja walýuta bazarynda dollary satyn almak üçin 14200 manat gerek bolýar. Dewalwasiýa boýunça çäreleriň geçirilmegi esasynda täze üýtgemeýän hümmetiň *3,49 manat/1 dollar* gatnaşygynda kesgitlenmegi netijesinde, import amallaryny ýerine ýetirmek üçin 17450 manat gerek bolar.

Eksport amallaryny geçirmek üçin bu ýagdaý has amatly bolýar. Eger ýerli haryt öndürijiler içerki bazarda 1 tonnasynyň bahasy 50 manat bolan bugdaýy daşary ýurtlarda ýerleýän bolsa, onda şeýle amallar ýerine ýetirilýär. Alyş-çalyş hümmetiniň *2,84 manat/1 dollar* gatnaşykda kesgitlenen ýagdaýynda, bugdaýyň her tonnasyndan 17,60 dollar girdeji alnar. Dewalwasiýanyň geçirilmegi netijesinde täze üýtgemeýän alyş-çalyş hümmetiň *3,49 manat/1 dollar* gatnaşykda kesgitlenmegi eksport edýän taraplara bugdaýyň 1 tonnasy üçin 61,42 manat möçberinde girdeji almaga mümkinçilik berer.

Şeýlelikde, milli pul birliginiň dewalwasiýasy import harytlaryny satyn alýan taraplar üçin amatsyz, eksporta haryt ugradýan taraplar üçin amatly hasaplanýar.

*Rewalwasiýa (revaluation)* – milli pul birliginiň gymmatynyň we daşary ýurt pul birligine bolan gatnaşygy boýunça berlen ýurduň pul birliginiň resmi hümmetiniň ýokarlandyrylmagydyr. Rewalwasiýa import harytlaryny satyn alýan taraplar üçin amatly bolup, harytlary eksport edýän taraplar üçin amatsyz hasaplanýar.

*20.2-nji tablisa*

**Milli pul birliginiň rewalwasiýasynyň we dewalwasiýasynyň töleg balansynyň ýagdaýyna edýän täsiri**

| Pul birliginiň ýagdaýy | Söwda balansy | | Kapitalyň hereketiniň balansy | | Töleg balansy |
|---|---|---|---|---|---|
| *Rewalwasiýa* | *Harytlaryň eksporty* | ↓ | *Kapitalyň eksporty* | ↑ | ↓ |
| | *Harytlaryň importy* | ↑ | *Kapitalyň importy* | ↓ | |
| | *Netije* | ↓ | *Netije* | ↓ | |
| *Dewalwasiýa* | *Harytlaryň eksporty* | ↑ | *Kapitalyň eksporty* | ↓ | ↑ |
| | *Harytlaryň importy* | ↓ | *Kapitalyň importy* | ↑ | |
| | *Netije* | ↑ | *Netije* | ↑ | |

*Üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti (floating exchange rate)* – bu Merkezi bankyň pul bazarynda hyrydarlygyň we hödürlemegiň täsiri astynda alyş-çalyş hümmetiniň erkin üýtgemegine mümkinçilik berýändigini aňladýar.

Pul birliginiň hümmetiniň üýtgeýän ulgamy 1973-nji ýylda hereket edip başlady.

Üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde Merkezi bank walýuta interwensiýasyny amala aşyrmaýar we netijede, onuň altyn-pul ätiýaçlyklarynyň möçberi üýtgemeýär, ýagny $\Delta R = 0$ bolýar. Puluň alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegi netijesinde töleg balansy deňagramly ýagdaýa eýe bolýar.




*20.3-nji şekil. Üýtgeýän alyş-çalyş hümmetiniň grafigi*

Dollara bolan hyrydarlygyň we onuň hödürlenmeginiň ilkinji deňagramlylygy $e_0$ alyş-çalyş hümmetinde emele gelýär. Belli bolşy ýaly, dollara bolan hyrydarlygyň egri çyzygy import bilen, onuň hödürlenmeginiň egri çyzygy bolsa eksport bilen baglanyşykly bolýar. $e_0$ alyş-çalyş hümmetinde (mysal üçin, 2,84 manat/1 dollar) töleg balansynyň deňagramlylygy emele gelýär we ol walýuta bolan hyrydarlygyň we ony hödürlemegiň egri çyzyklarynyň 1-nji nokatda kesişýändigini görkezýär. Eger dollara bolan hyrydarlyk ýokarlansa, onda $D_\$$ egri çyzygy $D_{\$1}$-e çenli süýşýär. Bu ýagdaýda deňagramly alyş-çalyş hümmeti $e_1$ derejede emele gelýär (mysal üçin, 3,49 manat/1 dollar) we töleg balansynyň täze deňagramlylygy 2-nji nokatda hasaba alynýar. Alyş--çalyş hümmetiniň bazar hyrydarlygyna we hödürlemegine görä üýtgemegi Merkezi bank tarapyndan walýuta interwensiýasyny geçirmegiň zerurlygynyň ýokdugyny görkezýär. Pul bazarynda hyrydarlygyň we hödürlemegiň üýtgemegi netijesinde alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegine pul birliginiň *arzanlamagy* ýa-da *gymmatlamagy* diýilýär. Eger daşary ýurt pul birliginiň alyş-çalyş hümmetiniň 2,84 manatdan 3,49 manadyň/1 dollara bolan gatnaşykda ýokarlanmagy *pul birliginiň gymmatlamagyny* (ýerli pul birliginiň arzanlamagy) aňladýar. Beýleki tarapdan, daşary ýurt pul birliginiň alyş--çalyş hümmetiniň 3,49 manatdan 2,84 manadyň/1 dollara bolan gatnaşykda peselmegi pul birliginiň arzanlamagyny (ýerli pul birliginiň gymmatlamagy) aňladýar.

Milli pul birligine bolan hyrydarlygyň kesgitlenişi:

– döwletiň çäginde öndürilen harytlara we hyzmatlara daşary ýurtlaryň hyrydarlygy;

– döwletiň çägindäki maliýe aktiwlere (paýnamalara we obligasiýalara) daşary ýurtlaryň hyrydarlygy.

Satyn alynýan harytlar we maliýe aktiwleri boýunça töleg geçirmek üçin daşary döwletler milli pul birligini satyn almaly bolýarlar. Daşary ýurtlularyň belli bir döwletiň çäginde öndürilen harytlary we maliýe aktiwlerini satyn almaga islegleri näçe ýokary bolsa, şonça-da milli pul birligine hyrydarlyk ýokary bolýar.

Milli pul birliginiň *hödürlenmeginiň* kesgitlenişi:

– belli bir döwletiň beýleki döwletlerde öndürilen, ýagny import harytlara bolan hyrydarlygy;

– belli bir döwletiň beýleki döwletleriň maliýe aktiwlerine bolan hyrydarlygy.

Belli bir döwletiň beýleki döwletleriň maliýe aktiwlerini we harytlaryny satyn almaga islegi näçe ýokary bolsa, şonça-da milli pul birliginiň hödürlenmegi ýokary bolýar.

*Deflýasiýa (hümmetsizlenmege garşy) syýasaty* içerki hyrydarlygyň peseldilmegine gönükdirilýär we ol döwlet (býujet) çykdajylarynyň çäklendirilmegini, bahalaryň we zähmet hakynyň durnukly ýagdaýyny öz içine alýar. Onuň amala aşyrylmagy üçin birnäçe maliýe we pul-karz gurallary ulanylýar:

– Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmek derejesiniň üýtgemegi;

– pul toplumynyň ösüşiniň çäginiň kesgitlenmegi;

– karz çäklendirmeleri.

Şeýle çäklendiriji syýasat alnyp barlanda jemi girdeji azalýar, milli harytlaryň sarp edilişi peselýär we ol import harytlarynyň sarp edilmeginiň möçberiniň azalmagyna getirýär.




*20.4-nji şekil. Söwda balansynyň grafigi*

Importyň möçberiniň azalmagy netijesinde daşary ýurt pul birligine bolan hyrydarlygyň peselýändigi sebäpli ol töleg balansyna amatly täsir edýär.

*Ulanylan ykdysady düşünjeler*

| | |
|---|---|
| *balance of payment* | *töleg balansy* |
| *balance of payments deficit* | *töleg balansynyň ýetmezçiligi* |
| *balance of payments surplus* | *töleg balansynyň artykmaçlygy* |
| *capital flow* | *kapitalyň hereketi* |
| *capital inflow* | *kapitalyň ýurda gelmegi* |
| *capital outflow* | *kapitalyň daşary ýurtlara gitmegi* |
| *marginal propensity to import* | *importa bolan goşmaça meýillilik* |
| *exchange rate* | *pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti* |
| *national currency* | *milli pul birligi* |
| *convertibility* | *beýleki walýutalara çalşylyp bilinmek* |
| *liberally converted currency* | *erkin çalşylýan walýuta* |
| *partly converted currency* | *bölekleýin çalşylýan walýuta* |
| *closed, unconvertible currency* | *çalşylmaýan, ýapyk walýuta* |
| *reserve currency* | *ätiýaçlyk pullary* |
| *nominal effective exchange rate* | *netijeli nominal alyş-çalyş hümmeti* |
| *real effective exchange rate* | *netijeli real alyş-çalyş hümmeti* |
| *law of one price* | *bir baha kanuny* |
| *purchasing power parity* | *satyn alyş ukyplyklarynyň deňligi* |
| *fixed exchange rate* | *üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti* |
| *floating exchange rate* | *üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti* |

# XXI BAP
# AÇYK YKDYSADYÝETDE ALNYP BARYLÝAN DURNUKLAŞDYRYŞ SYÝASATY

## 21.1. Açyk ykdysadyýet we onuň görnüşleri

Açyk ykdysadyýetde durnuklaşdyryş syýasaty iki sany deňagramlylygy üpjün etmek üçin döwletiň alyp barýan syýasatyny (döwletiň ykdysadyýete täsir etmegi boýunça çäreleriň toplumy) aňladýar:

1) içerki deňagramlylyk;

2) daşarky deňagramlylyk.

*Içerki deňagramlylyk* – bu resurslaryň doly üpjünçilik ýagdaýynda, ýagny jemi içerki önümiň garaşylýan derejesinde önümçiligiň umumy möçberiniň üpjün edilmegi.

*Daşarky deňagramlylyk* – bu töleg balansynyň deňagramlylygynyň üpjün edilmegi.

Durnuklaşdyryş syýasatynyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– fiskal syýasat;
– monetar syýasat;
– daşary ykdysady syýasaty;
– walýuta syýasaty.

Açyk ykdysadyýet iki görnüşe bölünýär:

– kiçi açyk ykdysadyýet;
– uly açyk ykdysadyýet.

*Kiçi açyk ykdysadyýet* – bu ýurduň ykdysadyýetine beýleki döwletleriň ykdysadyýetleriniň güýçli täsir edýändigini, ýöne onuň beýleki döwletleriň ykdysadyýetlerine hiç hili täsir edip bilmeýändigini aňladýar. Bu ýagdaýda ýurduň göterim derejesiniň (*R*) ululygy dünýä göterim derejesiniň (*R*)* ululygy bilen kesgitlenýär. Içerki göterim derejesiniň üýtgemeleri (ýurduň dünýä maliýe bazarlarynda amala aşyrýan maliýe amallarynyň möçberine bagly bolmazdan) dünýä göterim derejesine täsir etmeýär. Dünýä göterim derejesi bilen içerki göterim derejesiniň (*differensial göterim derejesi – interest rate differential*) arasyndaky tapawut kapitalyň hereketiniň ugruny görkezýän ýeke-täk faktor hasaplanýar.

*Uly açyk ykdysadyýet* – bu beýleki döwletleriň ykdysadyýetlerine düýpli täsir edýän, dünýä göterim derejesini kesgitleýän, halkara söwda we maliýe amallarynda ýeterlik paýyny üpjün edýän ykdysadyýeti görkezýär.

23. Sargyt № 466.

## 21.2. Kiçi açyk ykdysadyýetde durnuklaşdyryş syýasaty

Kiçi açyk ykdysadyýetde iki sany deňagramlylygy üpjün etmegiň netijeli ugurlaryny seljermek üçin *Mandell-Flemingiň modeli* ulanylýar. Bu model XX asyryň 60-njy ýyllarynda Kolumbiýa uniwersitetiniň professory (ABŞ) Robert Mandell we Halkara pul gaznasynyň hünärmeni Markus Fleming tarapyndan hödürlendi. Şeýle model üýtgemeýän pul birliginiň hümmetiniň düzgünleri üçin işlenip düzüldi, ýöne ol üýtgeýän pul birliginiň hümmetiniň düzgünleri üçin hem doly ulanylyp bilinýär.

Mandell-Flemingiň modeli keýnsiançylyk görnüşindäki modele degişli bolup, ol IS-LM modeliniň esasynda işlenip düzüldi hem-de bu modelde gysga möhletli döwürde iki sany deňagramlylygyň emele gelýän şertleri öwrenildi. IS-LM modeli ýapyk ykdysadyýetde syýasatyň dürli görnüşleriniň netijeliligine baha bermäge we içerki deňagramlylygyň emele gelmeginiň şertlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän bolsa, Mandell-Flemingiň modeli açyk ykdysadyýet şertlerinde monetar, fiskal we daşary söwda syýasatlarynyň netijelerine baha bermek üçin ulanylýar. Şonuň üçin IS-LM modeli töleg balansynyň deňagramlylygynyň (*BP – balance of payments*) egri çyzygy bilen baglanyşdyrylýar. Eger gündelik amallaryň hasabynyň galyndysynyň jemi *(Nx – net export)* we kapitalyň hereketiniň hasabynyň galyndysy *(CF – capital flows)* nola deň bolsa, onda töleg balansynyň deňagramly ýagdaýy emele gelýär:

$$BP = Nx + CF = 0.$$

Girdejiniň importyň möçberini ýokarlandyrýandygy we gündelik amallaryň hasabynyň ýetmezçiligini (otrisatel sap eksport) emele getirýändigi sebäpli töleg balansynyň egri çyzygy položitel gyşarma eýe bolýar. Importyň funksiýasy aşakdaky görnüşde seljerilýär:

$$Im = Im + mY$$

*Im* – awtonom importyň möçberi;

*Y* – jemi girdejiniň möçberi;

*m* – importa bolan goşmaça meýillilik. Ol bir birlige girdejiniň ýokarlanýan (peselýän) ýagdaýynda importyň näçe ýokarlanýandygyny (peselýändigini) görkezýär.

Töleg balansynyň deňagramlylygyny (nola deň bolýan galyndy) üpjün etmek üçin gündelik amallaryň hasabynyň ýetmezçiligi kapitalyň hereketiniň hasabynyň deň möçberde položitel galyndysy bilen kadalaşdyrylýar. Içerki göterim derejesiniň ýokarlanýan ýagdaýynda ýurda kapitalyň gelmegi üpjün edilýär. Içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden ýokary bolmagy öwrenilýän döwletiň maliýe aktiwleriniň girdejililiginiň beýleki ýurtlar bilen deňeşdirilende ýokarydygyny aňladýar we onuň daşary ýurtly maýadarlary özüne çekijiligi has ýokarlanýar. Şeýlelikde, girdejiniň has ýokary derejesine ýokary göterim derejesi laýyk gelmeli.

*BP* egri çyzygynyň gyşarmasy sap eksportyň *(Nx)* we kapitalyň hereketiniň

*(CF)* egri çyzyklarynyň gyşarmasyna bagly bolýar. *Nx* egri çyzygynyň deňlemesi aşakdaky görnüşde öwrenilýär:

$$Nx = Ex - Im - mY$$

*Ex* – awtonom eksport;

*Im* – awtonom import;

*m* – importa bolan goşmaça meýillilik. Ol importyň üýtgemeleriniň girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine baglylygyny görkezýär;

*Y* – jemi girdejiniň möçberi.

*Nx* egri çyzygynyň gyşarmasy importyň üýtgemeleriniň girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine bolan baglylyk koeffisiýentiniň möçberi *(m)* boýunça kesgitlenýär. Eger m görkezijiniň möçberi uly bolmasa, ýagny importyň girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine bolan baglylygy ýokary bolmasa, onda *Nx* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar. Şeýle-de importyň girdejiniň derejesiniň üýtgemelerine bolan baglylygy ýokary bolan ýagdaýynda *Nx* egri çyzygynyň ýapgytlygy has pes bolýar. *CF* egri çyzygynyň deňlemesi aşakdaky görnüşde seljerilýär:

$$CF = CF + c\,(r - r^*)$$

*CF* – kapitalyň awtonom hereketi;

*r* – içerki göterim dereje;

*r** – dünýä göterim derejesi;

*c* – kapitalyň hereketiniň möçberiniň üýtgemeleriniň içerki we dünýä göterim derejeleriniň aratapawudynyň üýtgemelerine bolan baglylyk derejesi.

*CF* egri çyzygynyň gyşarmasy *c* koeffisiýentiň möçberi bilen kesgitlenýär. Eger kapitalyň hereketiniň üýtgeýän möçberiniň içerki we dünýä göterim derejeleriniň aratapawudynyň üýtgemelerine görä ýokary bolsa, onda *CF* egri çyzygynyň ýapgytlygy has ýokary bolýar. Eger bu görkeziji pes bolsa, onda onuň ýapgytlygy has pes bolýar. *BP* egri çyzygynyň deňlemesi aşakdaky görnüşde seljerilýär:

$$BP = Ex - Im - mY + CF + c\,(r - r^*) = 0.$$

Şeýlelikde, *BP* egri çyzygynyň gyşarmasy *m/c*-e deň bolýar. *Nx* egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe ýokary (*m* koeffisiýent näçe pes bolsa) we *CF* egri çyzygynyň ýapgytlygy näçe ýokary (*c* koeffisiýent näçe ýokary) bolsa, onda şonça-da *BP* egri çyzygynyň ýapgytlygy ýokary bolýar. *c* koeffisiýent bilen häsiýetlendirilýän kapitalyň halkara hereketiniň derejesi *BP* egri çyzygynyň gyşarmasyny kesgitleýän esasy faktor hökmünde çykyş edýär. Kapitalyň halkara hereketiniň derejesi näçe ýokary (*c* koeffisiýent uly) bolsa, şonça-da *BP* egri çyzygynyň ýapgytlygy ýokary bolýar. Bu kapitalyň hereketiniň üýtgeýän möçberiniň içerki we dünýä göterim derejeleriniň aratapawudynyň üýtgemelerine ýokary derejede baglydygyny

aňladýar. Bu ýagdaýda içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden az möçberde ýokarlanmagy hem ýurda daşary ýurt kapitalynyň uly möçberleriniň gelmegini üpjün edip bilýär. Eger kapitalyň hereketiniň absolýut ýagdaýy emele gelýän bolsa, onda ol öwrenilýän ýurduň maliýe aktiwleriniň beýleki döwletleriň maliýe aktiwleriniň absolýut substituty (ornuny tutýan) hasaplanýandygyny aňladýar we *BP* egri çyzygy gorizontal ýagdaýa eýe bolýar (*c* koeffisiyent tükeniksizlige deň). Eger kapitalyň hereketi pes bolsa, ýagny kapitalyň hereketi içerki we dünýä göterim derejeleriniň aratapawudynyň üýtgemelerine az möçberde bagly bolsa, onda *BP* egri çyzygynyň ýapgytlygy pes bolýar. Bu ýagdaýda *c* koeffisiýentiň derejesi pes bolýar we döwlete daşary ýurt kapitalynyň gelmegini üpjün etmek üçin içerki göterim derejesini uly möçberde ýokarlandyrmaly bolýar. Eger kapitalyň halkara hereketi ýüze çykmaýan (kapitalyň halkara hereketiniň derejesi 0-a deň) bolsa, onda *BP* egri çyzygy wertikal ýagdaýa eýe bolýar (*koeffisiýent c* = 0).

Açyk ykdysadyýetde kapitalyň halkara hereketiniň derejesi monetar syýasatyň netijeliligine düýpli täsir edýär. Bu ýagdaýda pul birliginiň hümmetiniň düzgüni esasy faktor hökmünde çykyş edýär we iki sany düzgün tapawutlandyrylýar:

1) pul birliginiň hümmetiniň üýtgemeýän düzgüni;

2) pul birliginiň hümmetiniň üýtgeýän düzgüni.

Açyk ykdysadyýetde monetar syýasatyň netijeliligine baha bermek üçin pul birliginiň hümmetiniň dürli düzgünlerinde we kapitalyň hereketiniň dürli derejelerinde höweslendiriji monetar syýasatyň täsiri öwrenilýär. Bu şertlerde IS-LM modeli ulanylýar we içerki ykdysady deňagramlylyk ýagdaýynda *IS* we *LM* egri çyzyklaryň kesişýän nokady, ýagny bir wagtda haryt hem-de maliýe bazarlaryndaky deňagramlylyk göz öňünde tutulýar. Daşarky deňagramlylygy seljermek üçin bu iki egri çyzyga üçünji egri çyzygy, ýagny *BP* töleg balansynyň deňagramlylygynyň egri çyzygyny goşmak zerur hasaplanýar. Eger ilkinji tapgyrda ykdysadyýetde içerki we daşarky deňagramly ýagdaý emele gelýän bolsa, onda üç egri çyzyk bir nokatda kesişýär.

## 21.3. Pul birliginiň hümmetiniň üýtgemeýän düzgüninde kiçi açyk ykdysadyýetde monetar syýasat

*Kapitalyň hereketiniň pes (BP egri çyzygynyň ýapgytlygy pes)* şertlerinde (*21.1-nji a şekil*) ykdysadyýetiň ýagdaýy *A* nokatda ýerleşýär. Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy netijesinde *LM* egri çyzygy saga süýşýär. Bu ýagdaýda göterim derejesiniň peselmegi girdejiniň möçberini ýokarlandyrýar we ol emele gelýän içerki deňagramlylygyň *B* nokadyna laýyk gelýär. Girdejileriň derejesiniň ýokarlanmagy importyň möçberiniň artýandygyny we söwda balansynyň ýetmezçiliginiň emele gelýändigini aňladýar. Göterim derejesiniň peselmegi bolsa ýurtdan kapitalyň

daşary döwletlere gitmegine şert döredýär, sebäbi onuň maliýe aktiwleri az girdejili hem-de maýadarlary özüne çekijiligiň derejesi pes bolýar. Şeýle ýagdaýda kapitalyň hereketiniň hasabynyň ýetmezçiligi emele gelýär. Onuň netijesinde töleg balansynyň galyndysy otrisatel ýagdaýda bolýar we milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti peselýär. Pul birliginiň hümmetiniň üýtgemeýän düzgüninde Merkezi bankyň interwensiýasy arkaly töleg balansynyň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmegi ýurduň pul ätiýaçlygyny azaldýar. Şonuň üçin Merkezi bank üýtgemeýän alyş-çalyş hümmetini saklamak maksady bilen milli pul birliginiň hödürlenmegini azaldýar we daşary ýurt pul birligine hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Bu çäre netijesinde *LM* egri çyzygy ilkinji ýagdaýyna süýşýär. Puluň hödürlenmeginiň azalmagy göterim derejesini ýokarlandyrýar we ol jemi çykdajylaryň göterim derejesiniň üýtgemelerine bolan baglylygyň derejesini peseldýär hem-de jemi girdejiniň derejesini multiplikatiw azaldýar. Girdejiniň möçberiniň üýtgemeýändigi sebäpli ykdysadyýet ilkinji ýagdaýyna gaýdyp gelýär we monetar impuls ýa-da täsir (girdejiniň möçberine täsir edilmeýär) netije bermeýär.

*Kapitalyň hereketiniň ýokary derejesi (BP egri çyzygynyň ýapgytlygy ýokary)* (*21.1-nji b şekil*). Kapitalyň hereketiniň pes derejesinde *BP* egri çyzygynyň *LM* egri çyzygyna garanyňda ýapgytlygy has pes bolsa, onda kapitalyň hereketiniň ýokary derejesinde *BP* egri çyzygynyň *LM* egri çyzygyna garanyňda ýapgytlygy has ýokary bolýar. Puluň hödürlenmeginiň artmagy *LM* egri çyzygyny saga süýşürýär we ol girdejiniň derejesini ýokarlandyrýar hem-de göterim derejesini peseldýär. Jemi girdejiniň ýokarlanýan derejesi importa bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar we söwda balansynyň ýetmezçiligi emele gelýär. Göterimiň has pes derejesi ýurtdan kapitalyň daşary döwletlere gitmegine şert döredýär we kapitalyň hereketiniň hasabynyň ýetmezçiligi ýüze çykýar. Töleg balansynyň galyndysynyň otrisatel ýagdaýy emele gelýär we ol milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetini peseldýär. Milli pul birliginiň üýtgemeýän hümmetini saklamak üçin Merkezi bankyň interwensiýasy zerur hasaplanýar we ol milli pul birliginiň hödürlenmegini azaldyp, daşary ýurt pul birliginiň hödürlenmegini bolsa ýokarlandyrmaly bolýar. *LM* egri çyzygy çepe süýşýär we ol ilkinji ýagdaýyna gelýär. Kapitalyň hereketiniň pes derejesinden tapawutlylykda bu süýşme çalt ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da, kapitalyň hereketiniň üýtgemeleriniň differensial göterim derejesiniň möçberiniň üýtgemelerine bolan baglylygynyň ýokarydygy sebäpli, içerki we dünýä göterim derejeleriniň aratapawudy kapitalyň beýleki döwletlere uly möçberde gitmegine şert döredýär. Başgaça *c* koeffisiýentiň uly bolýandygy (kapitalyň hereketi ýokary) sebäpli, pul ätiýaçlyklarynyň azalmak depgini ýokary bolýar.

*Kapitalyň kämil hereketi (BP egri çyzygy gorizontal ýagdaýda) (21.1-nji ç şekil)*.

Bu ýagdaýda içerki we dünýä göterim derejeleri deň bolýar we ol öwrenilýän ýurduň maliýe aktiwleriniň beýleki döwletleriň maliýe aktiwleriniň absolýut substitutlary (ornuny tutýan) hasaplanýandygyny aňladýar. Halkara kapitalyň absol-




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*a) kapitalyň pes hereketi*




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*b) kapitalyň ýokary hereketi*




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*ç) kapitalyň kämil hereketi*

*21.1-nji şekil. Pul birliginiň üýtgemeýän hümmeti*

ýut hereketliligi sebäpli, içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden az möçberde ýokarlanmagy hem bu ýurduň beýleki döwletleriň maliýe aktiwlerini uly möçberde çekmäge mümkinçiligini ýokarlandyrýar.

Kapitalyň absolýut hereketi şertlerinde höweslendiriji monetar syýasatyň kapitalyň pes we ýokary hereketi şertlerindäki ýaly netijeler gazanylýar we olar netijesiz hasaplanýar. Pul toplumynyň artdyrylmagy girdejini ýokarlandyrýar we göterim derejesini bolsa peseldýär. Netijede, töleg balansynyň ýetmezçiligi emele gelýär we milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti peselýär. Bu ýagdaýda Merkezi bank öz pul birliginiň alyş-çalyş hümmetini onuň ilkinji üýtgemeýän derejesine çenli ýokarlandyrmak üçin milli pul birligine satyn almaly bolýar. Bu *LM* egri çyzygyny onuň ilkinji ýagdaýyna çenli süýşürýär we girdejä hiç hili monetar täsir (impuls) ýüze çykmaýar.

Bu ýagdaýda monetar syýasatyň täsir ediş mehanizminiň aýratynlygy onuň gipotetiki (çaklanylýan) hasaplanýandygy bilen düşündirilýär. Kapitalyň absolýut hereketi şertlerinde içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden ýokarlanýandygy sebäpli ykdysadyýet *B* nokada baryp bilmeýär. Töleg balansynyň ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň zerurlygyny hasaba almak bilen Merkezi bankyň bir wagtda milli pul birliginiň üýtgemeýän hümmetini saklamak we puluň täze möçberini hödürlemek boýunça synanyşyklary pul ätiýaçlyklarynyň çalt azalmagyna getirýär.

## 21.4. Pul hümmetiniň üýtgeýän düzgüninde kiçi açyk ykdysadyýetde monetar syýasat

Üýtgemeýän hümmetler düzgüninde Merkezi bank töleg balansynyň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek we milli pul birliginiň üýtgemeýän hümmetini saklamak maksady bilen pul ätiýaçlyklaryny hem-de pul toplumyny azaldýar. *Üýtgeýän hümmetler düzgüni* bolsa milli pul birligine bolan hyrydarlygyň we onuň hödürlenmeginiň gatnaşygynyň bazar mehanizmi boýunça pul birliginiň hümmetiniň kesgitlenmegini aňladýar. Bu şertlerde töleg balansynyň deňagramsyz ýagdaýy öz-özünden aradan aýrylýar, sebäbi töleg balansynyň galyndysy elmydama nola deň bolýar we ykdysadyýet yzygider *BP* egri çyzygynda ýerleşýär. Bu ýagdaý pul birliginiň hümmetiniň kadaly üýtgemegi esasynda emele gelýär we ol *BP* egri çyzygyny süýşürýär hem-de ykdysadyýetde daşarky deňagramlylyk ýagdaýyny üpjün edýär. Milli pul birliginiň gymmatlamagy (appreciation), ýagny beýleki pul birliklerine bolan gatnaşykda onuň alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy *BP* egri çyzygyny çepe süýşürýär, onuň arzanlamagy (depreciation), ýagny alyş-çalyş hümmetiniň peselmegi *BP* egri çyzygyny saga süýşürýär.

Eger ykdysadyýetde *BP* egri çyzygynyň aşagynda ýerleşýän içerki

deňagramlylyk nokadyna laýyk gelýän söwda balansynyň ýetmezçiligi we onuň netijesinde içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden pes görkeziji emele gelen ýagdaýynda töleg balansynyň deňagramlylygy üpjün edilýär. Göterimiň pes derejesi ýurtdan kapitalyň daşary döwletlere gidip başlaýandygyny aňladýar we ol milli pul birligine bolan hyrydarlygy azaldýar hem-de milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetini peseldýär. Bu öwrenilýän ýurduň harytlarynyň daşary ýurtlular üçin otnositel has arzan bolmagyny we eksportyň ýokarlanmagyny görkezýär. Bu ýagdaýda import harytlar otnositel gymmatlaýar we öwrenilýän ýurduň raýatlary harytlaryň şol bir möçberini satyn almak üçin milli pul birligini daşary ýurt pul birligine uly möçberde çalyşýarlar we ol importy azaldýar. Netijede, sap eksport ýokarlanýar we söwda balansynyň ýetmezçiligi aradan aýrylýar.

Eger söwda balansynyň galyndysy položitel ýagdaýda bolsa, onda deňagramly nokat *BP* egri çyzygynyň ýokarsynda ýerleşýär we ol içerki göterim derejesiniň dünýä göterim derejesine görä has ýokary şertlerine laýyk gelýär. Öwrenilýän ýurduň maliýe aktiwleri beýleki döwletleriň maliýe aktiwlerine garanyňda has ýokary girdejili bolýar. Ýurda kapital gelip başlaýar we ol milli pul birligine bolan hyrydarlygy hem-de onuň alyş-çalyş hümmetini ýokarlandyrýar. Alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy öwrenilýän ýurduň harytlarynyň otnositel has gymmatlamagyny we eksportyň azalmagyny görkezýär, import harytlar otnositel has arzan bolýar hem-de importyň möçberi artýar. Netijede, sap eksport azalýar we söwda balansynyň artykmaçlygy aradan aýrylýar.

*Kapitalyň pes hereketi (21.2-nji a şekil).* Puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy *LM* egri çyzygyny saga süýşürýär we ol girdejiniň has ýokary derejesini üpjün edýär. Şonuň üçin importyň möçberi ýokarlanýar we ol söwda balansynyň ýetmezçiligini emele getirýär. Monetar täsiriň güýçlenmegi (ekspansiýa) netijesinde milli göterim derejesiniň dünýä göterim derejesinden peselmegi ýurtdan kapitalyň daşary döwletlere gitmegine şert döredýär we töleg balansynyň ýetmezçiligi emele gelýär. Üýtgeýän hümmetler düzgüninde töleg balansynyň ýetmezçiliginiň aýrylmagy pul hümmetini peseltmegiň hasabyna amala aşyrylýar we şonuň üçin *BP* egri çyzygy saga süýşýär. Milli pul birliginiň hümmetsizlenmegi sap eksporty ýokarlandyrýar we ol *IS* egri çyzygyny *LM* hem-de *BP* egri çyzyklarynyň kesişýän ýerine çenli süýşürýär. Şeýlelikde, üýtgeýän hümmetler düzgüninde monetar syýasat netijeli hasaplanýar. Monetar täsiriň güýçlenmegi netijesinde milli göterim derejesiniň peselmegi jemi hyrydarlygyň diňe bir içerki bölümlerine höweslendiriş täsirini ýetirmän, milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetini peseldip, daşarky hyrydarlygy ýokarlandyrýar.

*Kapitalyň ýokary hereketi (21.2-nji b şekil).* Bu ýagdaýda monetar syýasatyň netijeliligi ýokarlanýar. Içerki göterim derejesiniň peselmegi kapitala güýçli täsir edýär we şonuň üçin kapitalyň pes hereketindäki şertlere garanyňda kapitalyň

daşary ýurtlara gidýän möçberi köp bolýar. Netijede, töleg balansynyň uly ýetmezçiligi emele gelýär we milli pul birliginiň gymmatyny has peseltmek zerurlygy ýüze çykýar. Eksport uly möçberde artýar we şonuň üçin girdeji has ýokarlanýar.

*Kapitalyň kämil hereketi (21.2-nji ç şekil).* Kapitalyň kämil hereketi şertlerinde monetar syýasatyň netijeliligi iň ýokary (maksimal) derejä eýe bolýar. *LM* egri çyzygynyň süýşmegi netijesinde milli göterim derejesiniň peselmegi kapitalyň daşary ýurtlara gitmegine şert döredýär, girdejiniň artmagy bolsa importy ýokarlandyrýar we ol töleg balansynyň ýetmezçiligini emele getirýär. Milli pul birliginiň hümmetsizlenmegi sap eksporty höweslendirýär we *IS* egri çyzygy milli hem-de dünýä göterim derejeleriniň deňligi dikeldilýänçä saga süýşýär. Girdeji iň ýokary derejede artýar. Aşakdakylar bu ýagdaýyň kapitalyň pes we ýokary hereketiniň şertlerinden tapawutlanýandygyny görkezýär:

1) *BP* egri çyzygy süýşmeýär;

2) monetar impuls (höweslendiriji) diňe sap eksporta täsir edýär we ol jemi hyrydarlygyň içerki bölümlerine täsir etmeýär.

Monetar täsiriň güýçlenmegi netijesinde milli pul birliginiň hümmetsizlenmegi, sap eksportyň artmagy, önümçiligiň möçberiniň we iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy bir wagtda beýleki döwletleriň söwda balanslarynyň ýaramazlaşýandygyny aňladýar. Milli pul birliginiň hümmetsizlenmegi ýerli harytlaryň otnositel has arzan bolmagyna, import harytlarynyň bolsa otnositel gymmat bolmagyna şert döredýär we ol hyrydarlygyň daşary ýurt harytlaryndan ýerli harytlara geçýändigini görkezýär. Netijede, import azalýar we beýleki döwletlerde önümçiligiň möçberi hem-de iş bilen üpjünçiligiň derejesi peselýär.

Şeýlelikde, kiçi açyk ykdysadyýetde monetar syýasatyň netijeliligi pul birliginiň hümmetiniň düzgünine we kapitalyň hereketiniň derejesine bagly bolýar. Üýtgemeýän pul birliginiň hümmeti şertlerinde höweslendiriji monetar syýasat kapitalyň hereketiniň derejesine bagly bolmazdan, girdejiniň derejesine we göterim derejesine täsir etmeýär, ýagny ol netijesiz hasaplanýar. Puluň hödürlenmegi endogen ululyk hasaplanýar we ol üýtgemeýän pul birliginiň hümmetini üpjün etmegiň wezipelerine bagly bolýar. Merkezi bank pul toplumyna gözegçiligi edip bilmeýär, ýagny ol garaşsyz monetar syýasaty amala aşyryp bilmeýär. Onuň işi göterim derejesiniň peselmegi esasynda emele gelýän milli pul birliginiň hümmetsizlenmegini saklamak üçin pul birliginiň üýtgemeýän hümmetini üpjün etmeklige gönükdirilýär.

Pul birliginiň üýtgeýän hümmeti şertlerinde kiçi açyk ykdysadyýetde alnyp barylýan monetar syýasat netijeli hasaplanýar. Kapitalyň hereketiniň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da girdejiniň artmak derejesi ýokary bolýar, ýagny monetar syýasatyň netijeliligi şonça-da ýokary bolýar. Şeýle şertlerde Merkezi bank garaşsyz monetar syýasaty amala aşyrmaga mümkinçilik alýar, pul toplumynyň möçberine gözegçilik etmäge mümkinçilikler emele gelýär we puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy ekzogen ululyk hasaplanýar.




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*a) kapitalyň pes hereketi*




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*b) kapitalyň pes hereketi*




*fiskal syýasat*




*monetar syýasat*

*ç) kapitalyň kämil hereketi*

*21.2-nji şekil. Pul birliginiň üýtgeýän hümmeti*

Aşakdaky tablisada salgyt-býujet, pul-karz we daşary söwda syýasatyny girdejiniň derejesine (*Y*), alyş-çalyş hümmetine (*r*) we söwda balansynyň gündelik hasabynyň (*Xn*) ýagdaýyna edýän täsiri görkezilýär.

*21.1-nji tablisa*

Açyk ykdysadyýet şertlerinde alnyp barylýan makroykdysady syýasat

| *Ykdysady syýasat* | *Alyş-çalyş hümmetiniň görnüşi* | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | *Üýtgeýän* | | | *Üýtgemeýän* | | |
| | *Görkezijiler* | | | | | |
| | *Y* | *r* | *Xn* | *Y* | *r* | *Xn* |
| *Höweslendiriji salgyt-býujet syýasaty* | 0 | ↑ | ↓ | ↑ | 0 | 0 |
| *Höweslendiriji pul-karz syýasaty* | ↑ | ↓ | ↑ | 0 | 0 | 0 |
| *Proteksionizme esaslanýan daşary söwda syýasaty* | 0 | ↑ | 0 | ↑ | 0 | ↑ |

(↑) – görkezijiniň ýokarlanmagy;
(↓) – görkezijiniň peselmegi;
(0) – görkezijiniň üýtgemeýän ýagdaýy.

Tablisadan görnüşi ýaly, üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde girdejiniň möçberine diňe pul-karz syýasaty täsir edýär. Bu pul toplumynyň artmagy esasynda göterim derejesiniň peselmegi we milli pul birliginiň alyş-çalyş hümmetiniň peselmegi görnüşinde goşmaça höweslendiriji netijäniň emele gelmegi bilen baglaşyklydyr. Üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde milli pul birliginiň hümmetiniň ýokarlanmagy höweslendiriji salgyt-býujet syýasatyna düýpli täsirini ýetirýär.

Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde girdejiniň möçberine diňe salgyt-býujet syýasaty täsir edýär. Onuň netijesinde göterim derejesi, şeýle-de ykdysadyýete gelýän we ondan gidýän kapitalyň möçberi üýtgeýär. Emele gelýän aktiw galyndy ýa-da töleg balansynyň ýetmezçiligi walýuta interwensiýasynyň mehanizmi arkaly pul toplumynyň möçberini üýtgedýär we ol öz gezeginde salgyt-býujet syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde pul-karz syýasatynyň mehanizmi hereket etmeýär, sebäbi bu ýagdaýda Merkezi bankyň pul toplumynyň möçberini kadalaşdyrmak boýunça özbaşdak syýasaty alyp barmak mümkinçiligi bolmaýar. Pul toplumynyň möçberini üýtgetmek boýunça geçirilýän islendik synanyşyklar göterim derejesine täsir edýär we ol kapitalyň hereketiniň üýtgemegine, şeýle-de töleg

balansynyň deňagramlylygynyň bozulmagyna getirýär. Daşarky deňagramlylygy dikeltmek üçin Merkezi bank pul toplumynyň möçberine garşylyklaýyn ugur boýunça täsir etmeli bolýar we onuň esasynda pul-karz syýasatynyň netijeleri kadalaşdyrylýar.

*Üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde* daşarky deňagramlylygy (töleg balansy) saklamak üçin döwlet monetar syýasaty, içerki deňagramlylygy kadalaşdyrmak üçin fiskal syýasaty ulanmaly bolýar.

*Üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde* söwda we töleg balansyny kadalaşdyrmak üçin, esasan, salgyt-býujet syýasatynyň ähmiýeti ýokary bolýar. Içerki deňagramlylyk, esasan, pul-karz syýasaty arkaly kadalaşdyrylýar.

## 21.5. Uly açyk ykdysadyýetiň modeli

Kiçi açyk ykdysadyýetiň modeli seljerilende ýurduň alyp barýan ykdysady syýasatynyň dünýä göterim derejesine täsir etmeýändigi we ykdysadyýetiň dünýä göterim derejesi boýunça çäksiz möçberde kapitaly çekmek we karzlary bermek mümkinçilikleriniň emele gelýändigi göz öňünde tutulýar.

Açyk ykdysadyýetiň modeli kiçi açyk ykdysadyýetiň modeliniň käbir häsiýetlerini we ýapyk ykdysadyýetiň aýry-aýry bölümlerini öz içine alýar. Uly açyk ykdysadyýetiň hereket edýän şertlerinde dünýä göterim derejesi endogen häsiýete eýe bolýar. Dünýä göterim derejesi dünýä maliýe bazarlary bilen däl-de, uly açyk ykdysady ulgamyň ykdysady syýasaty arkaly kesgitlenýär. Hususan-da, ykdysadyýetiň dünýä maliýe bazaryndan karz almak islegi näçe ýokary bolsa, şonça-da ol ýokary göterim derejesini tölemeli bolýar.

Ykdysady ulgamlaryň dürli görnüşlerinde ýurda beýleki döwletlerden kapitalyň gelmeginiň (*KA*) içerki göterim derejesine (*r*) baglylygy aşakdaky şekilde görkezilýär *(21.3-nji şekil)*.




*a)* *b)* *ç)*

*21.3-nji şekil. Ýurda daşary döwletlerden kapitalyň gelmeginiň göterim derejesine baglylygy*

Ýapyk ykdysadyýet şertlerinde (*21.3-nji a şekil*) halkara karzlaşdyrylmasy amala aşyrylmaýar we şonuň üçin göterim derejesiniň möçberine bagly bolmazdan $KA = 0$ deňlik alynýar.

Kiçi açyk ykdysady ulgamda (*21.3-nji b şekil*) kapitalyň absolýut hereketi emele gelýär we ol dünýä göterim derejesi boýunça dünýä döwletleriniň arasynda erkin hereket edýär. $r = r^*$ ýagdaýynda $KA$-nyň funksiýasy hyrydarlygyň (hödürlemegiň) absolýut çeýeligine eýe bolýar.

Üçünji ýagdaýda *(21.3-nji ç şekil)* uly ykdysadyýete kapitalyň gelmegi bilen içerki göterim derejesiniň arasyndaky položitel baglanyşyk görkezilýär. Ýurtda göterim derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da daşary ýurt maýadarlary üçin öwrenilýän ýurduň aktiwleriniň özüne çekijiligi has ýokary bolýar. Netijede, kapitalyň toplanmagy üçin bu ýurda daşary döwletlerden uly möçberde serişdeleriň gelmegi üpjün edilýär:

$$KA = KA\,(r).$$

Bu deňleme ýurda daşary döwletlerden kapitalyň gelýändigini, ýagny ýurduň töleg balansyndaky kapitalyň hereketiniň hasabynyň galyndysyny görkezýär we içerki göterim derejesiniň funksiýasy hasaplanýar.

Uly açyk ykdysadyýetiň modeli aşakdaky bölümleri öz içine alýar:

1) $Y = \bar{Y} = F(K, L)$

2) $Y = C + I + G + Nx$

3) $C = C(Y - T)$

4) $I = I(r)$

5) $Nx = Nx(r^*)$

6) $KA = KA(r)$

7) $Nx + KA = 0$

Bu deňlemeler aşakdaky düzgünleri häsiýetlendirýär:

1) önümçiligiň möçberiniň (milli girdejiniň) önümçilik funksiýasynyň, zähmetiň möçberiniň ($L$) we kapitalyň ($K$) häsiýetine baglylygy;

2) milli hasaplaryň esasy makroykdysady deňligi.

3) sarp etmegiň möçberiniň ygtyýarlykda galýan girdejiniň ululygyna baglylygy;

4) maýa goýumlaryň möçberiniň real göterim derejesine baglylygy;

5) pul birliginiň real alyş-çalyş hümmeti bilen şertlendirilen töleg balansynyň gündelik amallarynyň ýagdaýy;

6) kapitalyň hereketiniň hasabynyň içerki göterim derejesiniň möçberine baglylygy;

7) kapitalyň hereketiniň hasabynyň we gündelik amallaryň hasabynyň biri-biriniň deňagramlylygyny üpjün etmeginiň zerurlygy.

Ýokarda görkezilen düzgünlere laýyklykda, uly açyk ykdysadyýet üçin *IS-LM-BP* modeliniň umumy ýagdaýy aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

$$IS: Y = C(Y - T) + I(r) + G + Nx(Y,r)$$
$$LM: M / P = L(Y,r)$$
$$BP: Nx(Y,r) = -KA(r).$$

Üçünji deňlemede gündelik hasabyň (*Nx*) yzygider ýagdaýda kapitalyň hereketiniň hasabynyň (*KA*) deňagramlylygyny üpjün edýändigi tassyklanýar we ol öz gezeginde içerki göterim derejesine (*r*) bagly bolýar.

Bu modeli düşündirmek üçin onuň üçünji deňlemesi birinji deňlemede ýerine goýulýar. Şeýle ýagdaýda uly açyk ykdysadyýet aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

$$IS: Y = C(Y - T) + I(r) + G - KA(r)$$
$$LM: M/P = LD(Y,r).$$




*21.4-nji şekil. Uly açyk ykdysadyýetiň modeli*

Bu modeliň kömegi bilen üýtgeýän alyş-çalyş hümmeti şertlerinde anyk ykdysady syýasatyň uly açyk ykdysadyýete edýän täsiri öwrenilýär. Gysga möhletli döwürde uly açyk ykdysadyýetiň grafiki modeli aşakdaky görnüşde düşündirilýär.

*21.4-nji a şekil*: *IS* deňlemä täze ölçegiň (kapitalyň hereketi «*–KA(r)*») girizilmegi netijesinde *IS* egri çyzygy ýapyk ykdysadyýetiň degişli modeline garanyňda has çeýe häsiýete eýe bolýar. Kapitalyň hereketiniň göterim derejesine baglylygy näçe ýokary bolsa, şonça-da *IS* egri çyzygy çeýe bolýar.

*21.4-nji b şekil*: Bu şekilde deňagramly $r_1$ göterim derejesiniň kapitalyň *KA* hereketini kesgitleýändigi görkezilýär. Göterim derejesiniň ýokarlanmagynyň daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini höweslendirýändigi sebäpli, egri çyzyk ýokarlanýan ýagdaýa eýe bolýar.

*21.4-nji ç şekil*: Pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti harytlaryň we hyzmatlaryň sap eksportynyň möçberiniň ýurda gelýän kapitalyň möçberine deň gelýänçä üýtgeýär. Bu gündelik hasaplar bilen kapitalyň hereketiniň hasabynyň arasyndaky deňagramlylygy kesgitlemegiň esasy serişdesi hasaplanýandygyny aňladýar.

*Uly açyk ykdysadyýetde salgyt-býujet syýasaty.* Öwrenilýän ykdysady ulgama höweslendiriji salgyt-býujet syýasatynyň edýän täsiri aşakdaky ugurlar, ýagny döwlet çykdajylarynyň ýokarlandyrylmagy ýa-da/we salgytlaryň peseldilmegi bilen baglanyşyklydyr.




a) b)

*21.5-nji şekil. Uly ykdysady ulgamda salgyt-býujet syýasatynyň netijeleri*

Döwletiň satyn alýan harytlarynyň we hyzmatlarynyň möçberiniň ýokarlanmagy ýa-da (we) salgytlaryň peselmegi *IS* egri çyzygyny saga (ýokaryk) süýşürýär. 21.5-nji a şekilde şeýle süýşmegiň milli girdejiniň (*Y*) we göterim derejesiniň (*r*) ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydygy görkezilýär. Göterim derejesiniň ýokarlanmagy öz gezeginde maýa goýumlaryň möçberini peseldýär we ýurda daşary döwletlerden gelýän kapitalyň möçberini artdyrýar (*21.5-nji b şekil*).

Gündelik *Nx* hasabyň we kapitalyň hereketiniň *KA* hasabynyň biri-biriniň deňagramly ýagdaýyny üpjün edýändigi sebäpli, *KA* görkezijiniň ýokarlanmagy *Nx* görkezijiniň peselmegini aňladýar. *Nx* görkezijiniň ululygy bilen real alyş-çalyş hümmetiniň arasynda ters baglanyşygyň saklanýandygy sebäpli, real *r** alyş-çalyş hümmeti ýokarlanýar.

Bu modelde salgyt-býujet syýasatynyň jemleýji täsiri onuň ýapyk ykdysadyýet we kiçi açyk ykdysady ulgam üçin emele gelýän netijeleriniň utgaşdyrylmagy hasaplanýar. Ýapyk ykdysadyýetdäki ýaly, uly açyk ykdysadyýetde alnyp barylýan höweslendiriji salgyt-býujet syýasaty hem göterim derejesini ýokarlandyrýar we onuň netijesinde içerki maýa goýumlar üçin mümkinçilikler azalýar. Kapitalyň kämil hereketini öz içine alýan kiçi açyk ykdysadyýetde bolşy ýaly, höweslendiriji salgyt-býujet syýasaty ýurda kapitalyň gelmegi, töleg balansynyň gündelik hasabynyň ýetmezçiliginiň emele gelmegi üçin şertleri döredýär we milli pul birliginiň real alyş-çalyş hümmetini ýokarlandyrýar.

*Uly açyk ykdysadyýetde pul-karz syýasaty.* Höweslendiriji pul-karz syýasatynyň netijeleri grafiki model arkaly seljerilýär (*21.6-njy şekil*). Bu syýasatyň netijesinde puluň hödürlenmeginiň ýokarlanmagy *LM* egri çyzygy saga süýşýär (*21.6-njy a şekil*). Bu ýagdaýda girdejileriň möçberi ýokarlanýar we göterim derejesi peselýär.




*21.6-njy şekil. Uly açyk ykdysadyýetde höweslendiriji pul-karz syýasaty*

21.6-njy b şekilde ýurda daşary döwletlerden gelýän kapitalyň möçberiniň (içerki göterim derejesiniň peselýändigi sebäpli) azalýandygy görkezilýär.

Netijede, daşary döwletlerden gelýän kapitalyň hereketiniň peselmegi gündelik hasabyň we kapitalyň hereketiniň hasabynyň arasyndaky deňagramlylygy saklamak üçin sap eksporty ýokarlandyrýar. Alyş-çalyş hümmetiniň peselmegi netijesinde sap eksportyň möçberi ýokarlanýar (halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrmak üçin milli pul birliginiň hödürlenmegi ýokarlanýar we alyş-çalyş hümmeti peselýär).

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. Aşgabat, 2011.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. Aşgabat, 2012.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. Aşgabat, 2013.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. Aşgabat, 2014.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
11. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (Täze redaksiýa). Aşgabat, 2008.
12. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2011.
13. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ykdysady şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2015.
14. «Türkmenistany 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasy». Aşgabat, 2011.
15. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy». Aşgabat, 2011.
16. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2011.
17. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat, 2009.
18. «Türkmenistanyň pul birligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 08.10.1993 ý. 02.07.2009 ý. Girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.

24. Sargyt № 466.

19. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2014 ý.
20. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi, 2012 ý.
21. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2004.
22. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011.
23. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011
24. *A.Sopyýew* we beýlekiler. Ykdysady nazaryýet. Aşgabat, 2010.
25. «Altyn Asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2010–2015 ý.ý.
26. *Агапова Т.А., Серегина С.Ф.* Макроэкономика: учебник/ под общей ред. д.э.н., проф.А.В.Сидоровича. – М.: Издательство «Дело и Сервис», 2005.
27. *Анисимов А.А.* Макроэкономика: учебное пособие. – М.: ЮНИТИ–ДАНА, 2010.
28. Антипина О.Н., Миклашевская Н.А., Никифоров А.А. Макроэкономика. – М.: Дело и Сервис, 2012.
29. *Базелер А.И.* Основы экономической теории. СПб, 2000
30. *Базылев Н.И.* Курс макроэкономики в таблицах и схемах: учебное пособие – Минск: Современная школа, 2010.
31. *Борисов А.Б.* Большой экономический словарь. М.: Книжный мир, 2007.
32. *Вечканов Г.С., Вечканова Г.Р.* Макроэкономика. 2-е изд. – СПб.: Питер, 2004.
33. *Ивашковский С.Н.* Экономика для менеджеров. М.: Дело, 2008.
34. *Замков О.* и др. Математические методы в экономике. М., 2001.
35. *Киселева Е.А.* Макроэкономика: Курс лекций, – М.: Эксмо, 2007.
36. Макроэкономика: учебник/ под общ. ред. А.А. Абишева, К.А. Хубиева. –Алматы: Экономика, 2007.
37. *Матвеева Т.Ю.* Введение в макроэкономику: учеб. Пособие. М.: ГУ ВШЭ, 2008.
38. *Михайлушкин А.И., Шимко П.Д.* Международная экономика. Учебник для вузов. – СПб.: Питер, 2008.
39. *Моисеев С.Р.* Макроэкономика. – М.: КНОРУС, 2008.
40. *Носова С.С.* Макроэкономика в вопросах и ответах: учебное пособие. – М.: КНОРУС, 2012.
41. *Нурсеит Н.А.* Основы экономики: учебное пособие. – Алматы: LEM, 2011.
42. Обучение рынку. /Под. ред. Глазьева С.Ю.–М.: Издательство Экономика, 2004.
43. *Океанова З.К.* Основы экономической теории. М.: Форум, 2009.
44. *Румянцева Е.Е.* Новая экономическая энциклопедия. М.: ИНФРА–М, 2011.
45. *Пиндайк П.* Микроэкономика. М., 2000.
46. *Тарасевич Л.С., Гребенников П.И., Леусский А.И.* Макроэкономика: Учебник. – 6-е изд., испр и доп. – М.: Высшее образование, 2006.
47. *Тарасевич Л.С.* и др. Макроэкономика. М., 2000.
48. *Туманова Е.А., Шагас Н.Л.* Макроэкономика: элементы продвинутого подхода. – М.: Инфра, 2010.
49. Экономическая теория. Экспресс курс: учебное пособие/ кол.авторов: под ред. А.Г. Грязновой, Н.Н. Думной, А.Ю. Юданова. – 5-е изд. – М.: КНОРУС, 2010.
50. Macroeconomics. N.Gregory Mankiw, Worth Publishers, 2009
51. Principles of Economics. N.Gregory Mankiw, 2009.
52. Study Guide, Principles of Economics, 5th Edition, N.Gregory Mankiw, 2009.

# MAZMUNY

Giriş.....7

I BAP. MAKROYKDYSADYÝET DERSINIŇ MAZMUNY WE ESASY MAKROYKDYSADY MESELELER

1.1. Makroykdysadyýet dersiniň mazmuny.....8
1.2. Makroykdysady amallara gatnaşyjylar we makroykdysady bazarlar.....13
1.3. Makroykdysady özara baglanyşyk.....19
1.4. Makroykdysady modeller we olaryň görkezijileri.....28

II BAP. MILLI HASAPLAR ULGAMY WE ESASY MAKROYKDYSADY GÖRKEZIJILER

2.1. Milli hasaplar ulgamy we onuň görkezijileri.....34
2.2. Jemi içerki önüm we ony hasaplamagyň usullary.....37
2.3. Milli hasaplar ulgamynda ykdysady görkezijileriň baglanyşygy.....48
2.4. Nominal we real jemi içerki önüm. Jemi içerki önümiň deflýatory.....51

III BAP. BINÝATLYK MAKROYKDYSADY MODEL (AD-AS MODELI)

3.1. Jemi hyrydarlyk we onuň ululygy.....59
3.2. Jemi hyrydarlyga täsir edýän ýagdaýlar.....66
3.3. Jemi hödürlemek we oňa täsir edýän ýagdaýlar.....71
3.4. Gysga we uzak möhletli döwürde jemi hödürlemegiň egri çyzygy.....83
3.5. Multiplikatoryň netijesi.....91
3.6. Jemi hyrydarlyk-jemi hödürlemek (AD-AS modeli) modelinde emele gelýän deňagramlylyk.....95
3.7. Jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň garaşylmaýan üýtgemeleri.....98

IV BAP. YKDYSADY ÖSÜŞ WE YKDYSADY DÖWÜRLER

4.1. Ykdysady ösüş we onuň görkezijileri.....103
4.2. Ykdysady ösüşiň faktorlary.....111
4.3. Hiksiň tehniki ösüş modeli.....116
4.4. Ykdysady ösüşiň artykmaçlyklary we harajatlary.....117
4.5. Ykdysady ösüşi höweslendirmek boýunça alnyp barylýan döwlet syýasaty.....118
4.6. Ykdysady döwür we onuň tapgyrlary.....121
4.7. Ykdysady döwrüň sebäpleri we görkezijileri.....123
4.8. Ykdysadyýetiň döwürleýin we döwürleýin häsiýeti bolmadyk üýtgemeleri.....126

## V BAP. MAKROYKDYSADY DURNUKSYZLYK WE IŞSIZLIK


5.1. Işsizlik we onuň mazmuny....128
5.2. Işsizligiň görkezijileri we görnüşleri ....130
5.3. Işsizligiň ykdysady we ykdysady häsiýeti bolmadyk netijeleri....136
5.4. Işsizlige garşy alnyp barylýan döwlet syýasaty....139


## VI BAP. HÜMMETSIZLENMEK WE ONUŇ NETIJELERI


6.1. Hümmetsizlenmek we onuň görkezijileri....142
6.2. Hümmetsizlenmegiň görnüşleri....143
6.3. Hümmetsizlenmegiň sebäpleri....144
6.4. Hümmetsizlenmegiň netijeleri we harajatlary....148
6.5. Garaşylýan we garaşylmaýan hümmetsizlenmegiň netijeleriniň tapawudy....153
6.6. Inflýasiýa we deflýasiýa aralygy....158
6.7. Hümmetsizlenme şertlerinde ykdysadyýetiň dolandyrylyşy....161


## VII BAP. PUL WE PUL ULGAMY


7.1. Pul we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri....163
7.2. Puluň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary....165
7.3. Pul agregatlary....167
7.4. Puluň möçberi nazaryýetiniň deňlemesi....171


## VIII BAP. BANK ULGAMY WE ONUŇ DÜZÜMI


8.1. Bank ulgamy we Merkezi bankyň ýerine ýetirýän wezipeleri....174
8.2. Täjirçilik banklary we olaryň ýerine ýetirýän amallary....176
8.3. Bank multiplikatory....181


## IX BAP. PUL-KARZ SYÝASATY WE ONUŇ MAKSATLARY


9.1. Pul-karz syýasatynyň mazmuny, maksatlary we gurallary....187
9.2. Milli ykdysadyýetde alnyp barylýan pul-karz syýasaty....195
9.3. Pul-karz syýasatynyň görnüşleri....196
9.4. Pul-karz syýasatynyň ykdysadyýete edýän täsiri....198


## X BAP. SALGYT ULGAMY WE SALGYT SALMAGYŇ ÝÖRELGELERI


10.1. Salgyt ulgamy we onuň bölümleri....202
10.2. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri....204
10.3. Salgytlaryň görnüşleri....206
10.4. Salgytlaryň jemi hyrydarlyga we jemi hödürlemeklige edýän täsiri....210

## XI BAP. DÖWLET BÝUJETI WE ONUŇ GURALLARY


11.1. Döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň esasy görnüşleri ................214
11.2. Döwlet býujetiniň ýagdaýy we onuň görnüşleri ................................................216
11.3. Döwlet býujetiniň konsepsiýalary...............................................................217
11.4. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we ony maliýeleşdirmegiň usullary...................219
11.5. Deňagramly býujetiň multiplikatory ..........................................................225
11.6. Döwlet bergisi we onuň görnüşleri ...........................................................225


## XII BAP. SALGYT-BÝUJET SYÝASATY WE ONUŇ MAKSATLARY


12.1. Salgyt-býujet syýasatynyň maksatlary we onuň gurallary..................................229
12.2. Salgyt-býujet syýasatynyň gurallarynyň jemi hyrydarlyga (AD) edýän täsiri .....230
12.3. Salgyt-býujet syýasatynyň görnüşleri.........................................................237


## XIII BAP. IS-LM MODELI


13.1. IS-LM modeli we onuň ähmiýeti..................................................................241
13.2. Haryt bazarlarynda deňagramlylygyň şertleri: IS modeli...................................242
13.3. *IS* egri çyzygy .......................................................................................244
13.4. *LM* egri çyzygy .....................................................................................253
13.5. Haryt we pul bazarlarynyň bilelikdäki deňagramlylygy.....................................260


## XIV BAP. IS-LM MODELINDE MONETAR WE FISKAL SYÝASAT


14.1. Monetar we fiskal syýasatyň netijeleri.........................................................264
14.2. Fiskal syýasatyň täsiri...............................................................................266
14.3. Monetar syýasatyň täsiri ............................................................................269
14.4. IS-LM modelinde aýratyn ýagdaýlar............................................................273


## XV BAP. ZÄHMET BAZARY WE JEMI HÖDÜRLEMEK


15.1. Önümçilik funksiýasy ...............................................................................276
15.2. Zähmete bolan hyrydarlyk we zähmetiň hödürlenmegi.......................................278
15.3. Uzak möhletli döwürde jemi hödürlemek......................................................280
15.4. Gysga möhletli döwürde jemi hödürlemek.....................................................281
15.5. Jemi hödürlemegiň gysga möhletli döwürdäki modeli.......................................284
15.6. Gysga möhletli deňagramlykdan uzak möhletli deňagramlyga geçilmegi ...........288


## XVI BAP. MAÝA GOÝUMLAR WE MAÝA GOÝUM IŞJEŇLIGINIŇ GÜÝÇLENMEGI


16.1. Maýa goýumlar we olaryň görnüşleri...........................................................290
16.2. Maýa goýumlara täsir edýän faktorlar .........................................................294
16.3. Gazna bazary we onuň wezipeleri ..............................................................295

16.4. Maýa goýum multiplikatory ....................................................................297
16.5. Multiplikator-akseleratoryň netijesi ..........................................................300

## XVII BAP. DÖWLETIŇ YKDYSADY SYÝASATYNYŇ ESASY UGURLARY

17.1. Döwletiň ýerine ýetirýän esasy wezipeleri ....................................................307
17.2. Ykdysady syýasatyň esasy ugurlary ............................................................311
17.3. Düzümleýin we sebitleýin syýasat..............................................................312
17.4. Durmuş syýasaty we onuň ähmiýeti ............................................................314

## XVIII BAP. HALKARA YKDYSADYÝETIŇ NAZARY ESASLARY

18.1. Daşary ykdysady syýasatyň maksatlary..........................................................318
18.2. Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesi we oňa baha bermek .......................................320
18.3. Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy
we daşary ykdysady işiň esasy wezipeleri .......................................................323

## XIX BAP. HALKARA SÖWDASYNYŇ YKDYSADY ESASLARY

19.1. Halkara söwdasy we onuň görnüşleri ............................................................325
19.2. Daşary söwdanyň ykdysady esaslary ............................................................328
19.3. Daşary söwdanyň multiplikatory ...............................................................332
19.4. Tarifler we olaryň aýratynlyklary.............................................................333

## XX BAP. TÖLEG BALANSY WE ONUŇ DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI

20.1. Töleg balansy we onuň düzümi ..................................................................337
20.2. Töleg balansynyň grafigi we onuň bölümleri ...................................................339
20.3. Nominal we real alyş-çalyş hümmeti............................................................343
20.4. Satyn alyş ukyplyklarynyň deňliginiň nazaryýeti...............................................346
20.5. Üýtgeýän we üýtgemeýän alyş-çalyş hümmeti.....................................................347

## XXI BAP. AÇYK YKDYSADYÝETDE ALNYP BARYLÝAN DURNUKLAŞDYRYŞ SYÝASATY

21.1. Açyk ykdysadyýet we onuň görnüşleri ...........................................................353
21.2. Kiçi açyk ykdysadyýetde durnuklaşdyryş syýasaty................................................354
21.3. Pul birliginiň hümmetiniň üýtgemeýän düzgüninde kiçi açyk
ykdysadyýetde monetar syýasat....................................................................356
21.4. Pul birliginiň hümmetiniň üýtgeýän düzgüninde kiçi açyk
ykdysadyýetde monetar syýasat....................................................................359
21.5. Uly açyk ykdysadyýetiň modeli.................................................................364

Peýdalanylan edebiýatlar ..............................................................................369

*Çarymuhammet Şallyýew*

# MAKROYKDYSADYÝET

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Halymowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Korrektor | *A. Kiçiýewa* |
| Neşir üçin jogapkärler | *A. Garaýew, B. Iwanow, M. Saparow* |

Çap etmäge rugsat edildi 01.07.2015. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$. Çap listi 23,5.
Şertli çap listi 30,32. Hasap-neşir listi 26,13. Şertli reňkli ottiski 121,51.
Sargyt 466. Sany 2500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.